AGAGELDI ALLANAZAROW



# OJAK

(roman)

4-nji kitap



Aşgabat
TDKP - 2009

UOK 894.361
A.48

A.Allanazarow. Ojak. Roman. 4-nji kitap. TDKP - 2009

Türkmen halkynyň Beýik Garaşsyzlyk zamanasy ençeme zehinli ýazylan edebi eserleriň döremegine badalga boldy.

Ussat ýazyjy Agageldi Allanazarowyň “Ojak” roman-epopeýasy hem hut şu döwürde türkmeniň Garaşsyzlyk eýýamyna ýazyjynyň buýsanç bilen Watan mertebe mynasybetine dokunyp döreden eseridir.

Ýazyjynyň bu romanynyň 4-nji kitaby hem romanyň öňki kitaplarynyň gönden-göni dowamy bolmak bilen, munda halkymyzyň geçmiş-ykbalynyň pajygaly döwürleri (1930-1937) taryhy maglumatlaryň, dartgynly wakalaryň üsti bilen beýan edilýär. Ýazyjynyň bu kitaby hem romanyň öňki kitaplary ýaly okyjylar tarapyndan gyzgyn garşylanar diýip umyt edýäris.

TDKP №32 КБК 84.Tür 7
© Allanazarow. 2009

**AGAGELDI ALLANAZAROW**

# OJAK

## (roman)

## 4-nji kitap



## S Ü R G Ü N D E

## SEKIZINJI BÖLÜM

Duýdansyz şatlyga üstüni basdyran adam şol pursatda diňe bir özüni däl, dünýäni hem göz açyp-ýumasy salym bolsa-da unudýan borly. Allanazar ýol üstünde agasy Balla duşup, begenip, ony gujaklap durşuna häzir hut şeýle ýakymlydan joşgunly pursady başdan geçirýärdi. Garaşylmadyk bu duşuşyk oglany juda begendiripdi.

Golaýdaky barakçylykdan çykyp, kolhoz kontoryna tarap barýan Beki Seýitmyrat hol beýlede, ýolda oýnap ýören oglanlaryň biriniň seleň telpekli bir adam bilen gujaklaşyp duranyny gören mahaly geňirenme bilen aýak çekdi. «Beh, biziň ilden kimdir biri gelen ýaly-la?» diýip, onuň bilen gyzyklandy. Ýat ýerde telpegini seleňlendirip, öz iliniň adamsynyň peýda bolmagy onuň bilesigelijiligini artdyryp, göwnüni göterdi. Bu ýagdaýyň habaryny almak üçin, şol ýerden dolanyp, olara tarap gaýtdy. Haçanda Beki aňyrdan ardynjyrap gelen wagty Allanazar begenip durşuna höwes bilen oňa agasyny görkezdi:

– Bally akgam gelipdir!.. Türkmenistandan gelipdir!.. Biziň yzymyzdan gelipdir – diýip, tolgunmadan ýaňa demi demine ýetmän durşuna buýsanç bilen oňa buşlady.

Beki myhman bilen, hamala, köne tanşy ýaly, iki elini uzadyp, gadyrly salamlaşdy. Ballyny ol öň tanamasa-da, Watan bilen bagly bu duşuşyk ony-da juda begendirdi.

Kalbyny birden duýdansyz şatlyga aldyran Allanazar şu pursatda haýran galdyryjy pursady başdan geçirýärdi. Ballynyň, Bekiniň, töwerekdäki ýoldaşlarynyň ýüzüne birsyhly ýaltaklap ýylgyrjaklaýardy. Beki aýak üstünde myhman bilen gysgaça hal-ahwal soraşyp, biraz duransoň, deň-duşlary bilen özleriniň daşyny gallap duran Allanazara ýüzlendi:

– Akgaňy göreniňden tanapsyň-da onda?

– Tanadym – diýip, Allanazar buýsanç bilen pert jogap berdi. Beki soňra oňa:

– Tanan bolsaň, hany, onda myhmany beýdip, ýol üstünde saklap durman, äkit-de öýüňizem görkez-dä oňa! – diýip, meýdanda durlanyny ýatladyp, duýduryşly maslahat berdi.

Allanazaryň diňe şundan soň alys ýoldan aryp gelen agasyny ýol üstünde saklap duranyna aň etdi. Ol: “Getir men göterişeýin!” diýip, agasynyň elindäki düwünçegini aldy-da: “Ýörüň onda!” diýip, onuň öňüne düşdi. Myhman bilen gürleşilip, barakçylyga ýetiberenlerinde Beki: «Agşam duşuşarys, ildeş» diýdi-de, onuň bilen hoşlaşyp, öwrülip öz işiniň ugruna gitdi.

Allanazar aňyrdan gelşine barakçylygy golaý gelenlerinde topardan biraz ozup, öz şatlygyny tizräk öýdäkiler bilen paýlaşmak üçin howlugyp, kürsäp içerik girdi. Gelşine-de begenip, demi-demine ýetmän, tolgunyp durşuna ejesine:

– Ene, Türkmenistandan biziň yzymyzdan Bally akgam gelipdir-dä! – diýip buşlady.

Içerden biraz dymyşlykdan soň, üzlem-saplam geň galyjylykly ses eşidildi:

– Ol nähili... nädip gelipdir?

Duýdansyz şatlykly habara ýüregi joşgun alan Oguljuma munuň nähili beýle bolup biljegine birbada aň edip bilmän, oturan ýerinden laňňa galanyny hem duýman galdy.

Bally gapynyň öňünde peýda bolan mahaly Allanazaryň habaryny tassyklaýan äheňde ol ýeňiljek ardynjyrady. Gapynyň öňünde özüniň gelenligini mälim edip, salam berip, aýgytlady:

– Gelneje, salawmaleýkim!

– Waý, Bally, sen nireden çykdyň, oglan? – diýip, henizem gözüniň görenine, gulagynyň eşidenine oňly ynanyp bilmän duran Oguljuma ony görüp, muňa hasam begendi. Ballynyň egnindäki horjunyny düşürenine mähetdelem bir egnine gollaryny goýup, onuň bilen garyndaşlarça gadyrly görüşdi.

Olar soňra myhmany höwes bilen töre geçirdiler. Bally töre ötüp, ornaşykly oturansoň, zordan egnine göterip gelen ýükli haly horjunyny öz öňrägine süýşürip, ilki onuň bir gözünden uly düwünçegi çykaryp:

– Muny Gully emin agalar iberdiler – diýip, bir gapdalrak süýşürensoň, agasynyň maşgalasyna niýetläp getiren zatlaryny ýeňňesiniň öňüne horjuny bilen süýşürdi, şol oturyşyna-da

gelnejesiniň obany, dogan-garyndaşlary ýatlap berýän soraglaryna jogap berdi. Bally obadan bir goýnuň gowrulyp, garynlara dykylan etinden başga-da külçe-de, gawun kakdyr sökem, kişdedir gurdam ep-ýesli edip getiripdi.

Oguljuma myhman bilen oglunyň yzyna düşüp, gapydan gelen deň-duşlaryna hem getirilen zatlardan: "Alyň, agzyňyzy süýjediň!" diýip paý berensoň, alys ýoldan aryp gelen ýüwürjisini naharlamak üçin, Allanazara ol-bi ýumuş buýrup, höwes bilen nahar-çaýyň ugruna çykdy. Bally olar özüni naharlamagyň ugrunda bolup ýörkäler myhman bilesigelijiligi bilen öýüň içini synlady.

Gapydan giren ýeriňde, çep tarapda depesi ýaýrawly orus peji jaýyň ep-esli bölegini tutup otyr. Peç şeýdip esli ýeri tutup, keserip durmagy bilen öýe bir hili oňaýsyz daryşganlyk berýäne meňzeýär. Pejiň çep gapdalynda iki gatly ýatylýan agaç krowat-naralaryň ikisi ýanaşyk goýlup, umumy giňişlik, mümkin boldugyndan, tygşytlanypdyr. Jaýda dykynyşybrak, öwrümliräk oturylsa, on-on bäş adam bolsa-da sygyşjak.

Bally öň olar oba ýazan hatlarynda "Baraklarda ýaşaýarys" diýip ýazsalar, ençeme maşgala niýetlenen baraklarda, gysylyp, gynanyp çudamsyz kyn ýagdaýda ýaşaýandyrlar öýdüp, alada galyp gynanyp gelýärdi.

Häzir bolsa ol agasynyň maşgalasynyň barak diýilýän jaýlar toplumynyň hersi bir maşgala niýetlenen aýratyn otaglarynyň birinde ýaşaýanyny görüp ynjaldy.

Orazgeldi ýakynlaryndan kimdir biriniň özlerini sorap, Türkmenistandan gelenini giçlik Reşetnikow bilen polewoýystandan kontora gaýdyp gelende eşitdi. Dessine-de: "...Bäh, ol kim bolup bilerkän, janym, hökümetden-zatdan heder etmän, biziň dagy söwdamyza baş goşup ýören?.. Men bir öýden habar alaýyn» diýip, ol başlykdan rugsat alyp, öýüne howlugypdy. Arabasyny gyssabrak, barak obaçylygynyň arasyndaky ýol bilen sürüp gelşine obalaryny göz öňüne getirip, ol ýerdäki garyndaşlaryndan kimiň bu alys ýere özleriniň yzyndan

gelip biljegi barada aladalanyp oýlandy. Şu güne çenli haýsydyr bir ýerden kimdir biriniň beýdip, öz sürgündäki garyndaşynyň yzyndan gelmesi henize çenli 31-nji barakda görlüp-eşidilen zat däldi. Elbetde, Orazgeldiniň: «Kimdir bir garyndaşyňyz siziň yzyňyzdan gelipdir» diýilse, Ahmediň özleri sürgüne gaýdaly bäri sowetleriň guran duzagyna çörňeşip-gerňeşip ýöreninden habarsyz bolansoň, ilki muny şoldur öýtdi, soňam ol ýene-de birde bolsa Ballymyka diýibem garyndaşlarynyň arasyndan ýene-de bir dogumlylarynyň birini ýatlady. Ol gelip inisi Ballyny görüp, öz çeniniň belli bir derejede dogry bolup çykanlygyna begendi. Inisi bilen garsa gujaklaşdy. Olar tolgunyşyp gujaklaşan mahaly kalby joşgun alan Allanazaram hem durup bilmän turup baryp: «Menem siziň bilen...» diýýän ýaly, gapdaldan olaryň ikisinem bilelikde gujaklady. Kymyşlar şeýdip jaýyň ortasynda bir pursat bir-birlerine söýenişip, sütün bolşup durdular.

Oguljuma bu wagta çenli eýýäm alys ýoldan janköýerlik edip, aryp gelen ýüwürjisinden minnetdar bolup, oňa bir çaý, ýürekse edinere nahar-şor bilen naharlamaga-da, ondan gaýynatasydyr gaýynenesiniň, gyzlary Akjagüldür Ogulbikäniň, ýeneki käbir dogan-garyndaşlarynyňam hersiniň ýagdaýlary barada aýratynlykda soraşdyrmaga-da ýetişipdi.

Agasy Ballynyň gelenine hemmelerden beter begenen Allanazar saçaga ejesiniň demlän çaýyny alyp berip, orus peje ot salmaga kömekleşip ýörşüne myhmandan ýadyrgap, kemşerip aglarly bolup, ejesiniň arkasyna dykylyp duran jigisine henek atyp, ýeňil gopup, begenjine bir ýerde duranokdy. Her gezegem buýrulan ýumuşlary gutaryp, gelibem, ýene-de agasynyň dyzyny ýaplanyp, ony eýemsirenip, gysmyljyrap oturýardy. Oguljumanyň ogludyr ýüwürjisiniň yzysüre gapydan hümerlenişip gelen oglanlara Ballynyň getiren kak-sökünden, erik kişdesinden berip, agyzlaryny süýjedenine köp wagt geçmänkä, olar Ballynyň geldi habaryny şol günüň özünde bütin oba dolduran ekenler.

Orazgeldi işden gelip, inisi bilen biraz gürleşip-gürleşmänkä, garaşylmadyk myhmanyň gelenini eşidip, onuň öýüne

töwerekdäki goňşy-golamlar görme-görşe gelşip ugradylar. Ony görmäge ilki bolubam bu habara juda begenen maşgalanyň duldegşir goňşusy Gully emin öz ogullary Seýitmyratdyr Kämiran bilen geldi. Olaryň yzysüre-de Seýitmyrat aga inisi Agajan murt, Bekidir peşeneliden gelen daýaw saryýagyz, Orazgeldiniň dosty Reýim ärsary, Täjilidir Tätän ahally dagy hem bir toplum bolşup, ony görmäge geldiler. Soňam eşidişip Ballyny görmäge bu öýe ikiden-ýekeden 31-nji barakdaky türkmenleriň ählisi diýen ýaly gelşip ugradylar. Öý darlyk etdi.

Her kimem öz yzlary barada ondan sorajakdan, Watanyň hal-ýagdaýy barada eşitjekden-de, biljekden. Alysda galan Watany bolsa bu wagta çenli sürgünleriň ulusy-kiçisi däl, hemmeleriň diýseň göresi gelipdi. Ballyny görmäge gelýänleriň arasynda aýallaram bardy, çagalaram. Ýüwürjisiniň alys ýerden özlerini derekläp gelenine göwni biten Oguljuma bolsa häzir, öz golaýragynda orus pejiň gapdalynda gelen aýal-gyzlar üçin aýratyn saçak ýazyp, onuň Watandan getiren ir-iýmişlerinden, saçak üstünde üýşüp duran kişdedir kak-sökden höwes bilen hödür edýärdi: «Alyň, öz ilimizden gelen zatdyr, agzyňyzy süýjediň!» diýip, hödür-mylakatda bolup, öz şatlygyny gelenler bilen göwünjeň paýlaşýardy.

Bally töweregindäki sürgüne berlip, göwünlerine deglen, Watandan jyda düşmeklerini ýüreklerine sygdyryp bilmän ýören ahmyrly ildeşleriniň ýürek derdini duýmak bilen, mümkin boldugyndan, ýagşy niýet-päl bilen göwünlik berijilikli gepläp, olarda ertirki güne bolan ynam-tamalary artdyrmaga çalşyp, tap bilenlik bilen gürleýärdi. Syýasatyň çäginden çykmazdan, mümkin boldugyndan, olar bilen göwündeş bolmaga çalyşýardy. Ol wagtal-wagtal töweregindäki ildeşleriniň ýüzlerine nazar aýlap goýberme bilen gürrüňçilige gerim berip, dile alynmasa-da, olaryň aýralyk derdi-halyna düşünme bilen göwündeşlik edip otyrdy. Gowy gürrüňçiligiňem hemişe gowy kitap okalanda bolşy ýaly, ynsan kalbyny gurbatlandyrmak, ýagtylandyryp, ynam bilen, onuň ukybyny taplamak häsiýeti bar. Edilýän gürrüňleriň

ählisi diýen ýaly häzir sürgün ýeri bilen birlikde alysda galan Türkmenistan bilen baglydy. Söhbetiň barha gyzykmagyna esasanam adamlaryň berýän bilesigelijikli soraglary sebäp bolýardy. Şeýle-de bolsa köplenç goja kişiler gepleýärdiler. Bu gürrüňçilik adamlarda tamaly, çen-çaklary bilen hä diýmän edilen arzuw-hyýallar hakykat bolup, öňden çykaýjak ýaly ýakymly duýgular döredýärdi. Gürrüňçilik mahalynda agyr döwür apadynyň adamlaryň badyny ýagşy alanlygy hem mese-mälim duýulýardy. Adamlar diýesi gelen gepi däl-de, onuň golaýyndaky diýip bolaýjak sözleri seljerip, saýlap aýtmaga çalyşýardylar. Şol bir wagtda hem bu edilýän gürrüňler agyryly damarlar sypalanýan ýaly ýakymlydy.

Sebäbi gelenleriň hemmesi – aýralyk bilen bagly hökümet tarapyndan şol bir ýanamalaryň jebrini çekýän, bir-birlerine gowy düşünişýän dertdeş adamlardy.

Häzirki pursatda hemmeleriň pikiri indi bir eýýämden bäri Watan topragynyň depesinde ýagarman ýaz bulutlaryna öwrülişip, sallam-sajak bolşup, sürlenişip, aýlanyşyp ýördüler.

Orazgeldi gürrüňçiligiň bir gapdalynda adamlaryň öňüne Ballynyň gadyr edip getiren harsaň çaýyndan demledip goýup, ondan öz sorasy gelen zatlaryny soňa, Bally bilen ýeke galan wagtyna goýup, sabyr saklap otyrdy. Inisiniň gözläp gelmegi häzir onuňam depesini gök diredipdi. Ol ekezlenip, ýüzüni asyp, sussupes oý-pikirde gezýän adamdan açyk ýüzli, ruhubelent bir adama öwrülipdi.

Biraz mundan ozal haçan-da Orazgeldi Allanazaryň agasynyň dyzyny ýassanyp ýatan ýerinden alyp, ony naradaky öz ýatýan ýerine geçirmekçi bolanda, Bally Allanazaryň gara başyny buýsançly sypalap, obada-da onuň şeýdip, Aganazar bilen babalarynyň dyzlaryny ýassanyşyp, uklap galýandyklaryny ýatlady. Agasyna:

– Orazgeldi akga, oňa degmäň, ol häzir ukuda, özüni obada babasynyň dyzyny ýassanyp ýatandyryn öýdýändir... Onuň obany, mama-babasyny diýseň göresi gelipdir – diýdi.

Orazgeldi hem şundan soň ýene bir gezek Allanazary dikanlansoň, onuň bilen ylalaşdy.

– Geleniň bäri seni sypdyrasy gelenok özün-ä.

Bally soňam şol pursatda Allanazaryň obada hem şeýdip babasy ulular bilen gürrüň-maslahatda bolnup oturylýarka, onuň Aganazar bilen hersiniň babasynyň bir dyzyna ýassanyşyp, uklap galýandyklaryny ýene bir gezek buýsanç bilen göz öňüne getirdi. Şol ýerde-de ony göterip alyp, düşege geçirmekçi bolýan tapylardy. Emma Kymyş duzçy olaryň ululuaryň gepi-gürrüňlerinden çetde galmaklaryny islemezdi. Gozgamakçy bolanlara:

– Goý, ýatybersinler! Olar ukuda bolsalaram, öz gereklerini eşidýändirler. Goç boljak guzy gidip, goçlaryň arasynda ýatmaýarmy eýsem?.. – diýip, Kymyş duzçy taýy gyratlyga seýisleýän Jygalybeg ýaly, agtyklarynyň geljegini ýatlap, tamaly buýsanýardy. Olaryň bimaza edilmegini islemezdi.

Gürrüň näçe süýjem bolsa, Ballynyň gelenini eşidip gelenler gijäniň bir gaýry mahaly wagtyňam geçip barýanlygyny, ertirem işdigini ýatlaşyp, gozgalaň tapyşyp, iki-ýekeden turmak bilen boldular. Ýogsam, gürrüňçilikden, onda-da ýitirilen Watan baradaky gürrüňlerden doýma barmydy!?

Bally agasynyňka geleni bäri, hamala, kimdir birini görmek isleýän ýaly, mahal-mahal göz astyndan töweregini synlaýardy. Ol, elbetde, mähirli çaga hereketleri bilen buýsanç bolup, öz gözünde galan Rahmannazarjygy gözleýärdi. Bally aňyrdan gelşine-de Rahmannazaryň hem özüni görüp, juda begenişini hyýalynda göz öňüne getirip, onuň öz çaga dilinde bir gowy bolup, hemişekisi ýaly höwesli jedirdäp: “Bally akga, ýene meni atyňa mündürjekmi?” diýip, sorajagyny aňyrdan ýol boýy pikir edibem gelýärdi. Emma kimler gelse-de, Rahmannazar welin onuň ýanynda gara bermändi. Bu bolsa Ballynyň: «Oňa näme boldukan?!» diýip, böwrüni diňläp oýa batmagyna sebäp bolupdy. Bir bolmasy işiň bolanlygyny aňypdy. Ýöne Bally sorasa özüne beriljek, eşitjek ýakymsyz jogabyndan eýmenip: «Depilje nirede?» diýip sorabam bilmedi.

Rahmannazaryň geçen gyş ýurduny täzeländiginden entek oba habarsyzdy. Garrylaryň, gyz doganlarynyň aglaşyp-eňreşip, erbet hala düşjegi ýatlanylyp, bu barada seýrek alşylýan hatlarda-da hiç zat aýdylmandy. Ogulbike bolsa henizem obadan ýazýan hatlarynda «Mosalamyz, depilje jigim Rahmannazar jana...» diýip, oňa obadan mähirli salamlar ýollaýardy.

Oguljuma ýene bir gezekde öýde çagalarydyr özleri bolşup otyrkalar Ballynyň soragly nazary bilen içerini synlap goýberýänini görüp, onuň nazary bilen içerden kimi gözleýänini aňdy, enäniň damagy dolup, onuň indi telim bir wagtdan bäri nemi kepemeýän gözlerinde ýene-de gözýaş peýda boldy. Ene örtenip, elden aldyran mähriban balasyny ýatlady.

– Ýüwürjim, sen Rahmannazar jany gözleme, ol indi ýok. Biz ony öňki sürgüniň gara gyşyna aldyrdyk... Agyr gar düşen döwri üşetdik... Belanyň başam şol gar boldy. Dümewdir, asgyrdyp-üsgürdip, süňňünden çykyp gider – diýip tama etdik, emma tamamyz çykmady. Gyzgynlyk, sowuk der basmalar, üstesine-de görlüp-eşidilmedik dynuwsyz üsgülewük bäş-alty günde haýyny aldy neressämiň. Ony-muny içip, üsgülewük sähelçe paýhynlanda bolsa, her gezek «Mamamlara haçan gidýäs?» diýip sorardy. Mamasynyň gujagyna bir özüni atsa, ol özüniň dertden sabajagyna ynanýan ýalydy, neressejigim...

Balasyny aldyran enäniň ahmyr agysy tükeniksizdi.

Oguljuma gyşa ahmallygyny aldyryp, hamyş galanyna ökünip, aňyrsyna çykyp bilenokdy.

Häli-şindi ogluny arman bilen ýatlap, jowranyp, ýürek bagryny paralaýardy. Mahal-mahalam kysmata kaýyl bolmadan başga alajyň ýoklugyny, bu derdi özi bilen deň çekişip ýören adamsynyň, ogullary Allanazardyr Rahmangulynyň ýanynda barlygyny ýatlap, mümkin boldugyndan, özüniň göwnüne teselli bermäge çalyşýardy.

Ýoguny ýatlap, baryna şükür etse-de, ene şol bir wagtda hem tä özi ölýänçä ony küýsejegine, onuň gussasynyň öz egninden dag bolup basjagyny bilýärdi.

Ýöne Bally bu ajy habara Rahmannazaryň ýoklugyna aňynda ynanyp bilmedi. Göwnüne Rahmannazar: «Bally akgam gelipdir. Ol bizi öýe – Türkmenistana, mamamyň, babamyň ýanyna äkitmäge gelipdir» diýip, Allanazar ýaly begenip, bir ýerden çykaýjak ýalydy.

Bally şol günüň ertesi salgyny alyp, Allanazar bilen Rahmannazaryň öwlüýädäki eýýäm kiçelip, ýere siňip barýan gubrunyň başyna baryp, degsin edip, aýat okap gaýtdy.

Ballynyň şeýdip, öz ýakynlaryny gözläp, gökden düşen ýaly bolup, sürgün obasyna gelmegi diňe bir bu ýerdäki türkmenlerde däl, tutuş sürgüne gelenlerde hem ertirki güne bolan ýagşy umyt döretdi. Adamlaryň: «...Şeýdip biziň yzymyzdanam gelip boljak eken-ow»... diýmeklerine sebäp boldy. Munuň bolsa ýene birazdan Watan bilen gatnaşyga öwrüljegine, şeýle bolanda özlerine bu sürgün zulumynyň öňünde durmaga has amatly boljaklygyna göwün ýüwürtdirdi.

Bally sürgün obasynda agasynyňkyda üç gün myhmançylykda bolansoň, dördünji gün diýlende irden yzyna dolanmakçy boldy. Ol şol günüň agşamsy çagalar ýatansoň hem ýatman, agasydyr gelnejesi bilen gürleşip uzak oturdy. Oguljuma obada galan gyzlaryny ýatlap, ýürek ezip, gyzly enäň endişesi bilen, oňa ýene bir gezek olary gözden salmazlygy sargady.

– Gaýynatamam, gaýynenemem indi garry adamlar bolup, aňyrsyndan bärisi ýakyn diýilýänidir. Hiç zatlar bolmawersin, goý, ýüz ýaşasynlar, ýöne bir zat bolaýsa, gyzlara senden başga hossar çykjak ýokdur. Biz barýançak ýa gyzlar başy boglup, durmuşa çykýançalar olar ýetimlik çekip, ýeten gapyda syňsyramawersinler!?

Orazgeldi hem inisinden göwni bitenligini mälim edip, oňa hoşlaşyk gürrüňçilik mahalynda nygtap, öz minnetdarlygyny bildirdi.

– Sen tüýs süňk hossarlygyňy etdiň, inim. Öz gelmegiň bilen diňe bizi däl, ähli sürgün adamlaryny hem juda begendirdiň. Är işini bitirdiň. Ini bor, seniň ýaly bor. Indem gitseň, ana, sag-aman

bar. Enem-atama, dogan-garyndaşlara köp dogaýy salam aýt! Biziň ýagdaýymyzy öz gözüň bilen gördüň. Ýykma-ýykylma sürgün halymyz bar. Ýöne näme, başa düşensoň, gaýrat etmeli, çekmeli bolýarys. Bu-da geçer. Esasy zat duşuşyldy. "Göwün göwünden suw içer" diýleni boldy. Onsoňam näme pelek işidir, biz indi seniň bilen ýa görşeris, ýa görüşmeris. Mendenem, gelnejeňdenem razy bolgun! Nirede gezseňizem, sag geziň, dogan-garyndaş bolup agzybir boluň! – diýip, agalarça maslahatlar, tabşyryklar berip, onuň bilen hoşlaşyp oturdy.

Bally şol günüň ertesi gelnejesidir Rahmangulujyk bilen gapynyň öňünde hoşlaşansoň, agasydyr Allanazar bilen Akmolla gidýän arabalaryň birine münmek üçin, kolhoz kontorynyň öňüne geldi. Bu ýerde-de onuň gitjegini eşiden ildeşleriniň ençemesi, eýýäm ýene bir gezek onuň bilen duşuşyp galmak üçin üýşüşip, garaşyp duran ekenler. Bally olaryň hersi bilen Watanda duşuşmagy arzuw edişip, gujaklaşyp, gadyrly hoşlaşdy.

Allanazaryň agasy Ballynyň münen arabasynyň yzyndan wagty bilen galasy gelmedi. Ol deň-duşlarynyň birnäçesi bilen arabanyň gapdaly bilen ýortuşyp, ony ýagşy obadan saýlanýança ugratdylar.

Aýak çekensoňlaram, araba gara görnümden aňyrlygyna aşýança, onuň yzyndan boýurganyşyp, intizar gözleşip durdular.

* * *

Ahmediň sowet uçaryny urup ýykanlygy baradaky eşidilen habar şindi könelip-könelmänkä, biraz wagtdan onuň Jüneýit hanyň töwereginden gaýdyp, häzir ýakyna, Pyrara – Owgan Marçagyna gaýdyp gelenligi hem belli boldy.

Pyrarydyr Söýünaly arasy ses ýetimlik ýakyn ýer bolýandanmy nämemi, obada diňe bir gelenem däl, onuň ol ýerde ýer alyp, howly alyp, gurnalyp, düýp tutup ýörenliginiň hem habary şol gürrüňleriň yzysüre ýetip geldi. Umumanam,

Söýünalydyr Pyrary goňşulykda oturanlary üçin bir-birleriniň ýagdaýyndan hemişe ýeterlik habarly bolardylar.

Ahmediň golaýa gelmegi indi onuň bilen haklaşmagyň wagty geldi hasap edip, gulak gerip, ol baradaky ähli gelýän maglumat habarlary ünsli diňläp, olary bir-birleri bilen deňäp, seljerip, öz maksadyna ýol gözleýäniň birem bu ýerde Ahmediň köne tanşy Sarkisowdy. Sarkisow şondan bäri hem wagtal-wagtal serhet ýakasyna gelip, bu ýerden, hamala, zäherli ýylany synlaýan deý halamazlyk bilen Ahmediň Jüneýit hanyň hyzmatyndan gurplanyp beglenip gelenini ýatlap, eger ony bir ýol bilen ele salyp bolsa, ondan Owgan ýagdaýlaryna aýdyňlyk berýän degerli maglumatlary alyp boljakdygyna gaýybana göwün ýüwürdip küýlenip durýardy.

Sowet uçarynyň urlup ýykylmagy, onda-da onuň Owgan topragynda şu güne düşürilmegi öňde-soňda asla görlüp-eşidilen zat däldi. Ol Ahmedi garaşylmadyk ýagdaýda diňe bir Jüneýit hanyň töweregindäki adamlaryň arasynda däl, Owgan hökümetiniň öňünde-de onuň ýerini goran ogul hökmünde abraý alyp, minnetdarlyk döredenliginden hem ol habarlydy.

Şol ýykylan uçaryň diri galan uçarmanlarynyň ikisem eýýäm gysga wagt içinde Kabula eltilipdi. Owgan hökümeti tarapyndan sowet döwletine uçaryň gaýry döwletiň serhedini bozmagy ýazgarylyp, SSSR-e nota berlip, talap hem bildirilipdi. Ahmet bolsa Owgan hökümeti tarapyndan ýörite Kabula çagyrylyp, jemgyýet öňünde mertebelenilip, gymmat bahaly sylag-serpaýlar berlipdi. Şeýle-de oňa Owgan döwletiniň Hyrat welaýatynyň niresinde ýaşasa, ýaşamaga hakly tarhanlyk haty gowşurylypdy. Buhara emiri Seýit Alym hem ony öz gezeginde ýörite Wahş derýasynyň etegindäki köşgüne çagyryp gürleşipdi. Emiriň ýanyndaky türk ofiseri şonda ony, musulmanlaryň dini duşmany sowetlere garşy bilelikde göreşmäge, öz ýanyna Wahşa çagyrypdy. Emma Ahmet türk ofiseriniň aýdanynyň emir teklibidigini duýsa-da, oňa “Nesip işidir” diýip, anyk jogap bermändi. Ahmedi şol günler ähli zatdan beter yzynda – obada galanlarynyň ýagdaýy

alada goýup gyzyklandyrýardy. Mundan hemmelerden beter öz Owgandaky habar nokatlarynyň üsti bilen dünýäni seljerip oturan Sarkisow habarlydy. Hatda ol Ahmet ýokary derejeli adamlaryň töwereginde mahaly hem öz adamlarynyň üsti bilen ony öz bähbitlerine ulanmaga synanypdy. Onuň şol ýerden gerekli habarlaryň akymyny ýola goýan mahalynda hatda uçar urmagy üçin hem soňundan aýyplanmajagyny aýdyp wada hem edipdi. Emma nätse-de, beýle oýunlary ol indi köpden bäri ussatlyk bilen oýnap gelýän-de bolsa, Ahmet meselesinde bu oňa başartmady. Ahmet giden mahaly Owganda sowet häkimiýetine hyzmat etmäge razy bolan-da bolsa, ýöne ol öz sözüni bu ýerdäki türmeden çykan ýerinde unudana meňzeýärdi. Garaşylýan maglumatlaryny tapyp ibermäge howlukmaýardy. Ahmet asla özüni olara borçludyrynam öýtmeýärdi. Ýöne Sarkisowyň “Gatnaşykda bolarsyň, maglumatyňy ýetirip durarsyň...» diýen adamlarynyňam hiç birisini Owgan gizlin gulluklaryna satmandy. Sarkisowyň ondan azda-kände razy bolan ýerem ýene-de şu bolupdy.

Eger Ahmet bu syry açýan bolsa Sarkisowyň bu ýurtdaky gizlin alyp barýan işleriniň üsti açylyp, onuň Owgan döwleti tarapyndan sowet hökümetine, dünýä jemgyýetçiliginiň öňünde ýurduň mertebesine kölege salýan ýene bir talaply notany Kremliň aljagynyň ujy iki däldi. Sarkisow şeýle bolan ýagdaýda özüniň hem hökümet tarapyndan ýurda gep getiren adam hökmünde günälenilip, sud jogapkärçiligine çekiljeginiň hem daşda däldigini gowy bilýärdi. Has dogrusy, ol bu ýagdaýy özüniň şahsy ýalňyşlygy hasap edip, ondan hemişe eýmenip, müýn çekip, ony düzetmegiň ugrunda bolup gezýärdi.

Elbetde, beýle adamlar agyrýan diş ýaly, sogrup taşlamasa, onuň hemişe agyryp durýanlygy belli zat. Häzirki pursatda Sarkisowyň indi şol agyrly dişi – Ahmetdi alyp ýatmagyň pursady geldi hasap edýärdi. Nädende Ahmedi alyp ýatyp boljagy barada başynda her hili oýlar aýlap, ýol gözläp küýlenýärdi.

Ahmediň möjek ganjygyna aňyny aldyryp, gyzylgurtlara ata bolan çopan köpegi ýaly, ýurdy belet çapar edip, bir gün bolmasa, başga bir gün garaşylmadyk halatda ordany süriň depesinden indirýän it deýin, onuň bir osal ýerden gelip-çykyp, ýüzügara etmeginden bolsa ol hasam beter gorkýardy. Sarkisowyň şondan bäri hem Ahmediň golaý gelenini eşidip, OGPU bilen ony ele salmagyň ugruna öňki goýberen säwligini düzetmegiň ugruna ymykly çykyp ýörşüdi.

Bir döwürde Sarkisowyň Ahmetden aldanyp, asgyn düşenine jany ýanyp, ony şol ýurtda gezip ýören öz jansyzlarynyň biriniň üsti bilen ýok etdirmegiň hem ugruna çykypdy. Emma ol wagty özüniň: “Bu işe kim hötde gelip biler?” diýen soragyna welin ygtybarly jogap tapyp bilmändi. Ilki bilen-ä onuň bu ýumşy buýurjak adamlarynyň köpüsi Ahmedi tanaýardy. Onsoňam häzirki döwürde kimmişin ol ýürek edip, Owgan döwletiniň halk gahrymany bolup ýören adamsyna dagy ýarag çekip biljek?! Ýok, ony almalydygy düşnükli, ýöne nädip, nähili ýol bilen alyp ýatmaly diýen pikir Sarkisowa ynjalyk bermeýärdi. Şonuň üçinem ol ürç edip, Ahmedi alyp ýatmagyň täze-täze ýollaryny gözleýärdi.

Sarkisow tejribeli kontrrazwedkaçy bolup, sowetiň mertebesine dokunyp oýnan her hili oýunlarynyň hiç birinde henize çenli Ahmet bilen bagly eden bu hereket operasiýasyndaky ýaly beýle çykgynsyz ýagdaýa galyp görmändi.

Meseläniň iň bolmaýan ýeri-de Ahmet Jüneýit hanyň töweregine başga hiç kimiň aralaşyp bilmedik ýakynlygyna aralaşan-da bolsa, ony gerekli maglumatlardan ýeterlik üpjün edäýmeli ýaly hem bolsa, asla Sarkisowyň diýeni bolmaýardy. Bu bolsa hemişe hökümetiň öňünde-de, OGPU-nyň öňünde-de onuň dilini kelte edýärdi. Şonuň üçinem ol Ahmetden diýseň öçlüdi. Nädibem bolsa ony bir ele salasy gelýärdi.

Ahmediň aýaly Akgülüň kazasy dolup, älemden ötüp, çagalarynyň yzynda ýetim galmagy hem Sarkisowy Ahmedi ele salyp boljagyna tamalandyran ýagdaýlaryň biri bolupdy.

Ol Ahmediň ýagdaýy bilse, her edip, hesip edip, çagalarynyň yzyndan geljegini çen edýärdi.

Ahmet aýaly Akgülüň ýogalanyny Hyratdan Pyrara gaýdyp gelen güni eşidipdi. Şol gün Akgülüň ata öýüniň ekabyry Akynýaz baý öz ejizlerini ýatlap, öýünde Gurhan okadyp, aýat-töwirde bolup otyrdy. Şol sadakada Sarkisowyň Owgana siňdiren gizlin gulaklarynyň hem birisi bolupdy. Ol merhumyň ýakynlaryna duýgudaşlyk bildirip, janköýerlerçe öýüň hasratyny bölüşýänleriň biri bolup otyrdy.

Bu pursatda Ahmediň bar pikiri öýünde eýesiz ýetim galan çagalarynyň ýanyndady. Ol öz barlygynda olaryň başga gapylarda synsyramaly bolandyklaryny pikir edip kemsinýärdi. Şu pursatda käbir ýagdaýlary anyklamak maksady bilen, Sarkisowyň şol gizlin gulagy oturan ýerinden biraz Ahmede golaý süýşüp, oňa duýgudaşlyk edenden bolup, taryna kakybam görüpdi.

– Çagalaryň ýetim galanmyş, nä sen olaryň aladasyny etmejekmi indi? Başyň dik wagty, mümkin bolsa, çagalary gözden salmaly däldir. Garybyň maly gözüniň alnynda bolanda ýagşy, özem seniň şu at-abraýda mahalyň... – diýip, ezberlik bilen onuň agzyndan çen almaga synanyşypdy.

Ahmediň şol ýerdäki «Ýakyn günlerde» olara eýe çykmagyň ugruna çykjak diýen gepi bolsa şol günüň ertesi eýýäm derýadan geçip, Sarkisowa ýetipdi.

Sarkisow şondan bäri Ahmediň geläýmegi mümkin ýerleriň birnäçesinde onuň ahmallygyny almak üçin, ähli zady öňünden ölçerip-döküp, onuň üçin pirimli gapanlar taýynlaşdyrýardy. Şeýle-de ol Ahmediň derýadan geläýer öýdülen ýerleriniň birinde wagtal-wagtal gelip, esgerler bilen gije şöwrüni çekip, onuň geler ýoluny garalap ýatýan wagtlary-da bolardy...

Bu günem Sarkisowyň Ahmediň gara bererine garaşyp, gije derýa boýuny ýassanyp ýatan günleriniň biridi.

...Ahmet garaňky gatlyşyberende atlanyp, ýüzüni garaňka tutup, ilerki Marçaga tarap ýola düşdi. Ol her gezek obadan gidende, ýene-de oňa öz ýakynlarynyň arasyna gaýdyp gelmek

islegi bilen gidensoň, özüni bu ýerlerden çykaran ýoluň ýene-de bir gün obasyna – öz mähribanlarynyň arasyna aýlap getirjekdigine ynanyp ýaşaýardy.

Ahmet ilkiler öýüni gurnaýança, maşgalasyny bu ýere getirmäge howlukmaç däldi. Emma ol indi bireýýämden bäri bu ýerde ýer-ýurt edinip ony biraz öz göwnüne jaýlap, çagalaryny getirip, bu ýerde adam şekilli maşgala bolup ýaşamagyň höwesindedi. Indi welin Akgülüň ýogaldy habary, çagalarynyň inisiniň ýetim galanlygy baradaky habar onuň Söýünala gitmek möhletini gyssady. Ýöne tabşyrylan hyzmatyny etmänligi, gaýta munuňam üstesine uçarly ýagdaý hem ara düşensoň, ol derýanyň ileri ýüzünde: “Bir gelse bolýar!” diýşip, özüne sowet hökümetiň komissarlarynyň garaşýandyklaryny, ele düşse, ýüzünden sypalmajagyny gowy bilýärdi. OGPU-çylaryň gije-girimde serheti bozup, derýadan urdurylyp geçip, Pyrary ýaly gol ýeterlerindäki obalarda bolan öz duşman edinen adamlarynyň käbirini güpbasdy edip, alyp gidäýmesiniň, atyp gidäýmesiniň hem bardygyndan hem ol habarlydy. Şonuň üçinem Ahmet hüşgärligi elden bermezlik üçin, hemişe ok-ýaragyny aňsat özünden daşlaşdyrmazdy. Toý-ýasa-da hemişe, her ýagdaýa taýyn bolup barardy. Özüni gorany Alla gorar edip, özi bilen bagly ähli ýagdaýlary durmuş ýagdaýyna sazlap, duşmanlaryna tutara ýaka bermezlige çalyşýardy. Derýanyň ilersinde OGPU-nyň özüne bir gelseň bolýar diýip, diş gyjaýanyndan belli bir derejede habarly bolsa-da, ýöne ol kontrrazwedçik Sarkisowyň ürç edip, gijeler derýanyň kenaryny ýaplanyp, özüne garaşýanlygyndan habarsyzdy. Gaýta wagtyň geçmegi bilen onuň belli bir derejede olaryň özüni unudanlygyny hem özüne osup, çendan sadalaç pikir edýän wagtlary ynanýardy.

Şonuň üçinem ol ugruna çyksa, öňküleri ýaly, derýanyň bir amatly ýerinde urdurylyp geçip, çagalaryny ol ýerden alyp gaýdyp biljegine hem tama edýärdi.

Akgülsüz galansoň, onuň pikiri indi Hanumanyň töwereginde öwrülýärdi. Onuň bilen bile bolan pursatlarynyň zowky-sapasyny,

«Ömür seniň gursagyňy ýassanyp ýatýan heleýiň bolsam bolmaýarmy...» diýen arzuw-höwesli sözlerini ýatlap gezýärdi.

Ahmet hemişe giden ýerlerinden öz dogduk depesine, ýakynlarynyň arasyna dolanmakçy bolanda, ýol şaýynam, mümkin boldugyndan, eýýäm şol günlerden tutubam ugraýardy. Ýakynlarynyň hersini ýatlap, şüý-ä pylana ýarar diýip, gabat gelse, geýim-gejim, aýakgap, ýeneki zatlary alyşdyrardy. Ol Hyratdan gaýdyp, Marçaga gelende hem eýýäm şol oba äkiderin diýip niýetlän sowgatlaryndan bir horjuny köjäp, atyň syrtyna ataýmaly edip häzirläbem goýupdy.

Çaga wagtlaryndaky, söwdagär kerweniniň goragynda gezip, kerwen bilen Hywany, Buharany, Maşatdyr Käbili gezýän kakasynyň her gelende garyndaşlaryň hersiniň sowgat bilen adyny tutup, dolup-daşyp gelýäni onuň ýadyndady. Ahmediňem hemişe şeýdip, garyndaşlarynyň arasyna halat-serpaý ýüküni tutup, beglenip kakasyna meňzäp barmak islegidi.

Ol esasanam, geýim-gejimlige ýarar diýen matalarynan gulaç-gulaç ölçedip alardy. Bu gezegem ol inisi Öwezdurda orsuň halap geýýän ýaglawaý ädigini, Kymyş agasyna Buharanyň mesi köwşüni, Jemal mama gyzlary bilen köýneklik, bäşbelalaň hersine at tutup, bir zatjagaz almaga çalşypdy. Ol oba baranda, Hanumanyň hem göwnünden turjak bir sowgat edip, ony begendiresi gelipdi. Ol tikinip geýende, gelniň synasyna gelşer öýden matasyndan oňa-da bir köýneklik aldy-da, ony oba baranda aňsat tapmak üçin, bir ýaglyga dolap, horjunyň belliräk ýerinde el-ýüzünde ýerleşdirdi. Onuň:

– Weý, bu gowy matany nireden aldyň, oglan? – diýip, synasyna deňäp-ölçäp begenjegini, köýnek tikinip geýse, onuň özüniň hasam görmegeý boljagyna begenip, gül-gül açylyp duran Hanumasy göz öňüne gelýärdi. Aýaly Akgülüň ýogalyp, çagalarynyň töwereginde Hanumany hyýalynda görüp ugraly bär-ä, indi ony hasam köp ýatlaýardy.

Ahmediň Söýünala gidip-gelmek üçin saýlan sähetli gününiň geçmesi adaty günleriň geçmesinden hasam kyn boldy.

Bu gün wagty bilen onuň garaşýan garaňkysy gatlyşybermän, göre-gündizlik tükeniksizlik bolup göründi. Uzakly gün özüni haýsydyr bir agyr çuwaly arkasyna alyp, dähedem-dessem ädimläp, ýegşerilip, ýapa çykyp barýana döndi.

Ahmet giçlik, garaňky oňly gatlyşyp-gatlyşmanka, gyrgyssag atlanyp, ýola düşdi.

Ilki ol ýolda gabat gelenlere:

– Bäh, batyr ýene bir ýere atlanypdyr welin, ýene-de bir ýerde gylyç syrylýan bolsa gerek... – diýdirip, pikir etdirmezlik üçin, gitmeli tarapy ilerligine – Söýünaly tarapyna däl-de, at başyny başga tarapa – günorta-gündogarlygyna aldy. Owgan topragynyň jümmüşine, Balamurgapdyr Hyrady nazarlap sürdi.

Söýünaly bilen bagly pikirler bolsa indi onuň başynda ýagyş ýagjagyny öňünden syzyp, ganatlaryny oňa ýuwjaklaryna göhleri gelme bilen asmanda pelesaň urşup uçuşyp ýören ýaz garlawaçlaryna dönüpdiler.

Ahmet atyny biraz gorgunyna sürensoň, onuň pikirleri ýene-de Söýünala tarap ganat bekledi. Özüniň ol ýerde duýdansyz peýda bolan tolgundyryjy pursadyny göz öňüne getirdi. Ilki barmaly ýeriniň haýsy gapy boljagy barada oýlandy.

Ilki ol häzir öz öýlerine göni barsa, soň ol ýerden Hanumanyň huzuryna gaýtmagyň soň ýeňil düşmejegini pikir edip, ol atyny bukurak bir ýerde goýup, ilki onuň öýüne barmagy dogry tapdy.

Etsem-petsem ýeneki arzuw-isleglerine seljerijilik bilen göwün ýüwürtdi. Gaýybana-da bolsa obada boljak duşuşyklaryň Ahmediň keýpini göterdi. Ol esli ýere çenli haýsydyr bir kalbynda dörän sazyň heňine hiňlenip gitdi.

Balamurgap ýolunyň ileri tarapy towlanyp akyp ýatan derýa olumy bolup, onuň töweregi giden toraňňyly, gamyşly, suw otlarynyň mesgeni bolan jeňňeldi. Bu ýerde derýa özüniň iki ýakasyna ýaýrap, Balamurgapdyr Söýünaly aralygynda günorta-demirgazyga uzalyp gidýän şeýle jeňňeli döredipdi. Oty-çöpi bol bolup, gizlin ýaşamaga amatly bolany üçin, bu jeňňeliň janly-jandarlaram hemişe ýetik bolardy. Esasanam, bu ýer ýabany

towuklaryň, bedenedir suw guşlarynyň awçylar tarapyndan ürç edilip awlanylýan ýeridi. Ýabany doňuzlar bu ýerlerde öz jojuklaryny yzlaryna tirkeşip, sürlenişip, çöp içinde şatyrdaşyp gezerdiler. Gijelerine howa terlenip, bu jelegaýdaky doňuzlaryň horkuldysy, hatda golaý-goltumdaky obalarda hem eşidilerdi. Musulançylykda eti-ýagy lukma hasap edilmeýänligi üçin, awçylaram, negada bir aýratyn ýagdaýda bolaýmasa, doňuzlaryň kastyna çykyp, olara ok zaýalap ýörmezdiler. Şonuň üçin bolsa gerek, bu jeňňellikler tä orus gelýänçä doňuzlaryň hezil edip, gypynçsyz ýaşan mesgeni bolupdy.

Ahmet Marçakdan ýagşy saýlanansoň, Söýünalyň duşundan baryp çykmak üçin, at başyny öwrüp, demirgazyga aldy-da, ol ýerdenem derýa boýundaky gijäni basyrynyp ýatan köwe tarap öwürdi.

Ahmet derýany ýakalap, jeňňel içinde aýlanyp-öwrülip, ýene-de biraz ýol yzarlap sürensoň, Marçagyň duşuna ýetenini çen edip jylawy çekdi. Häzir bu ýer juda asuda bolsa-da, Ahmet hüşgärlik bilen serhet ýakasynyň aňsat asuda bolmaýanlygyny ýatlady. Yzarlap gelýän ýodasy bir salymdan ony getirip, derýa boýundan çykardy.

Ine, indi onuň mähriban obasy-da bu ýerden uzakda bolmaly däl. Häzir ol hem gijäniň gara perdesiniň ýeňsesine geçiren zatlaryň bir bolansoň görnenok. Aňyrdan görmegi höwes edip gelýänligi üçin onuň telwasly kalby bolsa eýýäm bu golaýlygy syzypdy. Dünýä syrlydan parahat.

Ahmet amatlydyr öýden ýerinde atdan düşdi-de, jylawy elde saklap, çommalyp oturyşyna garşydaky kenary ýene bir gezek siňňitlilik bilen synlady.

Dünýäniň habaryny alyp oturan ýeriniň öňler özüniň derýadan geçen amatly ýerleriniň biridigini anyklady.

Bu ýerde derýa batly aksa-da, ata boý bermez ýaly çuň däldigini ýatlady. Ýöne barybir ýakymsyz bir zady süňňi syzan ýaly, wagty bilen atyny derýa salmaga howlukmady. Derýa atyny salsa, serhetçilere üstünden baraýjak ýaly wehimli pikir zol onuň

kükreginden itdi durdy. Şu pursatda dünýä oňa hasam howpludan syrly göründi.

Sowetiň soňky döwürde serhedini has berkidenligini ol özüniň gezip ýören ýerlerinde-de kän eşidipdi.

Ahmedi hasam ýaňy derýa boýuna gelip, atdan düşen mahaly burnuna gelip giden ýaly bolan temmäki ysy iňkise goýupdy. Eger bu gümanly ys çilim ysy bolýan bolsa, onda serhetçileriňem şu golaýda bir ýerde bar bolaýmagy gaty mümkindi.

Şonuň üçinem ol näçe howlugýanam bolsa, ara düşen bu gümanyň aňyrsyna ýetmän, derýadan ötmäge howlukmady. Diňirgendi.

Dünýä bolsa eýýäm bu wagt itlerini ýatyryp, guş-gumrusyny gonan-düşen ýerlerinde gijäniň gara etegi bilen örtüp, süýji uka batan döwri. Bu ümsümlik, bu  gowulyk dünýä häzirki pursatda hemişelik gelene meňzeýär.

Şol bir wagtda hem bu imi-salalyk dünýä diýseň howatyrly syrlylyk berýär.

Ilerden bir ýerlerden oýtarlap dogan Aý indi eýýäm al asmana göterilipdi. Ahmede indi derýanyň aňry ýüzündäki dilkaw bolup, demirgazyk-günorta uzalyp duran ýeri aýdyňlyk tapyp, öňküsinden has aýyl-saýyl bolup görünýärdi. Bu ümsümlik Ahmedi soňra ýene aňyrlygyna ýola imrindirdi.

Ol eýýäm pikirinde barşyna atyny gaplaňlaryň jedel depesiniň töweregindäki bukurak ýerleriň birinde baglap, öz toparlarynyň töwereklerinden oýtarlap ötüp, ozal öz göwnüne geňeşip, ölçäp-biçişi ýaly Hanumanyň huzyryna atmagy niýet edindi. Şu wagtda bir pursat Hanumanyň islegli keşby onuň göz öňünde özüniň zenanlyk mertebesi-mynasybetleri bilen peýda boldy. Ol egnine ýukajyk ýatyş köýnegini geýipdir. Babyr bilekler bir gowy bolup, köýnek ýeňlerinden çykyp dur. Biraz gyýmakly gözler şol öňküsi ýaly mähirliden mylaýym, oýun-dalaş, hylwat-telwasly... Aýyň ýüzüne buýsançly gözläp, onuň özüne ýoluna ýagty saçyp, ýoldaş boljagyna ynandy. Onýança ýeňsede Ahmediň üstaşyry, garşy kenara nazar dikläp duran at duran ýerinde ýer peşäp gozgalaň tapdy.

Tizara Ahmet garşy kenarda derýanyň boýuny syryp, ýokarlygyna gelýän bir toplum adam suduryny gördi. Olar ýene biraz golaý gelensoňlar, iki düýeden, bir eşekden, atlydan ybarat çaklaňja topara öwrüldiler. Ahmet gözi kaklyşandan olaryň bir ýerlerden gelip, Pendi baýyrlaryndan aşak düşüp, indem Owgana aşmak üçin, derýadan geçere amatly güzer gözläp ýörenlerdigini çen etdi.

Söýünaly, Marçak degresi bu döwürde sowetlerden gaçýan adamlaryň çolarak, geçmesi howpsuzrak hasap edip, Owgana aşmaga gelýän ýerleriniň birine öwrülipdi.

Öňden gelýän at üstünde oturan süňkbaşy iri adam bularyň ýol kesip gelýän ekabyrraklary bolmaly. Ol uzyn aýaklaryny sallap, at üstünde gödençsiz bolup düňreýilip otyrdy. Mahal-mahalam gelýänleriň habaryny alyp, gaňrylyp ýeňsesini gözleýär.

Çaklaňja toparyň yzyny eli taýaklymy ýa tüpeňli birki adam jemläp gelýär.

Ahmet toparyň barha golaýlaşyp, hümerlenişip gelişlerinden çen tutup, olaryň öz garşysyndan bir ýerden derýadan geçmekçi bolýandyklaryny çen etdi.

Ahmediň özem gijäni synlap, töweregiň ýagşy habaryny alansoň, derýanyň saý ýeri hasaplap, şol toparyň görnen ýeriniň duşuragyndan bir ýerden aňyrlygyna geçmegi niýet edinip otyrdy.

Emma tizara göç öň näçe bilniksizden hereket eden-de bolsa, ýolda bir ýerde olaryň bilnip-duýlanlygy – serhet goraýjylaryň ünsüni çekenligi belli boldy. Yzdan atlaryny ýüzin salşyp gelýän kowgy atly göründi. Aý şöhlesi indi kowgularyň syran gylyçlaryna, tüpeňleriniň niline düşüp, sowuksy ýalpyldaýardy. Olar aňyrdan «Dur! Stoý!» diýşip, iki dilde talaply gygyryşyp gelişlerinde, göçi ýeten ýerlerinde dessine halkalap, olaryň daşyny gabadylar. Topary alyp barýan erkek kişiler beýdip alys ýol geçip, derýa boýuna dagy ýetensoňlar, eýýäm özlerini Owgana atan hasap edip arkaýyn bolan bolmaga çemli. Şonuň üçinem sowetiň adamlarynyň ýeňseden peýda bolmagy olar üçin diýseň duýdansyzlyk boldy. Hatda olar başlaryny gutarmak,

gaçmaga, goranmak üçin bar bolan ýaraglaryna hem ýapyşmagada ýetişmediler. Atlylar gelşine göç ýanyndaky iki erkek kişini saýlap, tussag etdiler. Dyzanyşyp, haýbat atyşyp, düýeleri duran duran ýerlerinde çökerdip, olaryň üstünde oturan aýal-gyzlardyr çaga-çugalary zir-zöwran edip, aşak düşürip, olary hem ýene aýratyn bir bölek edip, başga bir ýere jemlediler.

Atlylaryň soňraky hereketlerinden iki erkek kişi barada aýratyn hasap tutanlygy belli boldy. Kowgularyň goşunyň töwereginde gowadaklap, ähli edilýän hereketlere beýemçilik edip ýören birisi hökümli buýruk berip, bendilenen bu iki erkek kişini aýratyn saýlap çete çykardy.

Olaryň bu iki adam babatda aýratyn bir bet niýete berlenligi duýuldy. Soňra onuň buýrugy bilen esgerler bu iki adamy öňe salyp, derýa gyrasyndaky kertiň üstünde durzansoňlar, olaryň ikisiniňem şol ýerde eginlerindäki üstki don geýimlerini çykardyp, düşnüksiz bir halda bir-birleri bilen gujaklaşdyrdylar. Şu pursatda olar güýç synanyşygyna orta çykarylyp, billeşip duran pälwanlara meňzediler

Ahmet garşy kenardan ot-çöpe bukulyp, bu ýagdaýy synlap durşuna sowetleriň niýetiniň gowy däldigini syzmak bilen, olaryň bu iki adamy topardan saýlap derýa iterip, gaçdy edip, atyp ýok etmekçi bolýandyklaryny çen etdi. Ahmet şu pursatda olaryň ýagdaýyna hemaýat etmek islegi bilen ýagdaýy öňüňden aňyp, derýa böküp, höküm ýerine ýetirilmänkä gaçyp gutulmaklaryny isledi. Yzlaryndan ok atylaýanda hem olaryň bolmanda birdenbiriniň gelip, öz golaýlaryndan bir ýerden suwdan çykmagyny tama etdi. Emma soň görüp otursa, hökümli adamlaryň bulary donlaryny çykardyp, iki ak köýnekli edip, bir-birleri bilen çete saýlap gujaklaşdyrmak bilen niýetleri düýbünden başgaça eken.

Şundan soň özgelere buýruk berip, bir elini bykynyna urup gapdalda duran hökmürowan harby mauzerini elinde somladyda, gujaklaşyp duran iki ak köýnekliniň golaýyna baryp, soňam, hamala, artyk ok zaýalap ýörmäýin diýýän deý sowukganlylyk bilen olaryň ikisini bir oka tabşyrdy. Iki göwre şundan soň

leňňer atyşyp, bir-birleriniň üstlerine gaýdarly bolşup, bir pursat çaýkanyşyp duransoňlar, birdenem, hamala, aýaklaryndan alnan ýaly şol gujaklaşyp duruşlaryna, iteklenen ýaly bolşup, aýak üstünde durup bilmän agdarylyp, pažžyldap derýa düşdüler. Toplum bolup beýleräkde oturanlar, muny görüp, “waý-da, wah” bolşup, aglaşyp ýerlerinden turdular.

Ahmet bu ýagdaýy görüp, indi olar aýallardyr çagalary hem şeýdip atarlar öýdüp howpurgandy. Eger şeýle boljak bolsa, ol özüniň bu elhençligi görüp, oturyp bilmejegini bilip çemelenip, bäşatara ok sürüp, ony eline aldy. Ýöne kowgular mähribanlarynyň oka berlenini görüp, aglaşyp duran çagalara, aýallara nebisleri agyrdymy ýa-da äkidip: «Serhetden geçip barýarka ele salyndy» diýip, ýolbaşçylaryna olary bitiren işleriniň netijesi hökmünde görkezeýin diýdilermi nämemi, olara ýarag ulanmaga howlukmadylar. Soňra bolsa olary düýeleri, aty bilen sürläp öňlerine salyp, aňyrlygyna – Hangeçeniň zastawasyna tarap äkitdiler.

Ahmet özüniň mähribanlaryna ýetmegi arzuwlap gelýän-de bolsa, bu dartgynly elhençligi öz gözi bilen görensoň, derýa atyny salmaga onuň aýagy çekmedi.

Golaýda bir duşanynda Bürgüdiň özüniň owgan döwletinde iş bitiren edermen adamlygyny göz öňüne tutup aýdan duýduryşly gürrüňi hem şu pursatda onuň ýadyna düşdi. Ol:

– Batyr, serhetden geçmäge milt edäýmegin, bize mälim bolan maglumatlara görä, saňa ol ýerde garaşýarmyşlar!.. – diýip duýdurypdy. Onsuzam ol özünden ädi ýanan Sarkisowyň beýdip golaý Marçaga dagy gelenini eşidensoň, onuň dek ýatmajagyny gowy bilýärdi. Muny ara gezip, iki tarapa-da işleýän Nazar Gurdam bir gezek:

– Seni hemmeden beter Sarkisowyň göresi gelipdir... – diýip, oňa çalarak duýdurypdam.

Ahmet şundan soňam ýene bir salym ilerki mähriban kenary hyrydar synlap, bolan-goýany, boljak geljegi ýatlap oturansoň, täzeden atlandy.

Garabil baýyrlarynyň depesinde gije çaşyp ugrap, daň ýaňy saz beripdi. Säher şemaly öwsüp, jeňňel gujagyny pyşyrdydyr şygyrdydan dolduryp ugrapdy. Golaýdan bir ýerden nämedir bir zatdan gorkup, gygyryp asmana göterilen ýabantowugyň howsalaly sesi töwerege ýaň berdi.

Ahmede onuň sesi «Hä, derýadan geçäýjekdiň welin, geçip bildiňmi?» diýen hörpde diýseň gyjalatly eşidildi.

* * *

Heniz bolubam Orazgylyjyň sürgüne berlen maşgalasynyň niredeligini oňly salgy berýän hat-habaryň bolmazlygy yzda galanlary diýseň alada goýýardy.

“Orazgeldilere tapylan pişigiň gulagy ýaly kagyz olara tapylmaýarmykan ýa-da olar hat-habar alynmagyna gadaganlyk girizilen zabun ýere düşdülermikän?” diýdirip oýlandyrýardy.

Bu wagta çenli Kymyşlar ýogsam Gazagystandan eýýäm birnäçe hat almaga ýetişipdi.

Her zadyň bolýan-bitýän öz sähetli güni bar bolmaly-da. Ine, bu gün bolsa ahyrsoňy Kymyşlaryň gözüni ýolda goýan Orazgylyçlardan hat hem gelip gowuşdy. Hat Orazgylyjyň tanyş, saýhalla owadan haty bilen sünnälenilip ýazylypdyr.

“Kim diýeniňizde, öz biriňiz Orazgylyjyň tarapyndan akgama, eneme, gyzlar Akjagüle, Ogulbikä, Hürtek akgalara, Ahmetlere, Sähetdurdulara, Ballylara, soran dogan-garyndaşlaryň hemmesine, bizden köp dogaý salam bolsun. Bu haty öň ýazmaga göç-gon bilen mümkinçilik bolmady. Wagty bilen anyk gonalga berilmedi. Telim ýere gonup-göçülmeli boldy. Indi häzir şu getirilen ýerimizde ornaşylyp oturylaýjak ýaly özün-ä. Biz Özbegistanyň Syrderýa diýen ýerinde ýerleşdik. Şükür gün-güzeranam bir tap bar. Iş tapyldy. Işleseň hor bolmasa boljak. Ekip-tikibem otyrys, pagta ýygyp, gazysynam gazyp ýörüs, öňkimiz ýaly daýhançylyk. Bu nä biziň öň görmedik, bilmeýän işimizmi?

Aganazar, Amangülem size köp dogaý salamlar iberýär. Amangülüň ýakynlary Ýaz agalara hem sag-gurgun gezip ýör ekenler – diýip eşitdireweriň!?

Aganazar-a obany dilden düşürenok. “Mamam-a şu wagt eýýäm turup süýt bişirendir... Babam at-eşegimizi münüp, ota barýandyr. Allajanlar niredekän, olardan hat-habar barmykan? Akjagül ejem maňa tahýa tikip boldumyka? Ogulbikänem indi barsam gowy görjek, saçyndan bir gezegem çekjek däl” diýip, her gün ýatlap, dilden düşürenok. Bu ýer aýdyşlaryna görä, Daşkende golaýmyş özümiz-ä baryp göremizok. Orazgeldi akgamlardan näme habar, sag-salamat gezip ýörlermikän? Hat-habar alyşýan bolsaňyz, salgylaryny bize hem ýazyp goýberiň!

Akga, ene, bizi gaýgy etmän! Biz barýançak barja zadyňyzy tunuklyja tutup, hor bolmajak boluň! Nesip bolsa, bizlerem bararys ýetip bärden.

Onda men-ä häzirlikçe siziň bilen hoşlaşmakçy. Hoş sag-salamat boluň! Hudaý jan sizi öz penasynda saklasyn. Saglykda duşmak miýesser etsin. Mümkin bolanyndan, haty köpräk ýazyň! Siziň hatlaryňyza biz sabyrsyzlyk bilen garaşýarys.

Orazgylyç Muhammetgylyç ogly.

Özbegistan. Daşkent oblastynyň Akkurgan raýony. ”Ýagty ýul” sürgün birleşigi”.

Orazgylyjyň haty gidenler gaýdyp gelýän ýaly, kalplarda ýakymly duýgular döredip, maşgalany diýseň begendirdi. Şundan soň, hamala, durmuş gowulyga tarap, ýüzüni öwrüp ugran ýaly ýakymly pikirler döretdi.

Hat okalan mahaly onuň gelenine begenen, ogluny maşgalasy bilen küýsegli göz öňüne getiren Kymyş duzçy, hamala, äňinde galan iki-ýeke dişleriniň görkezmejek bolup, üstüni basyrýan ýaly, kanagatlanma bilen sakgal-murtuny goşawuşlap, goşawuşlap, gönençli sypady. Jemal mama begenjine özüne erk edip bilmän, sarkyp sessiz aglady. Begençden Ogulbikedir Akjagülüň ýüzi ýagtyldy. Hat telim okaldy, ony her gezek diýen ýaly ilgeziklik bilen Ogulbike okaýardy. Özi-de ol her gezek okanda, oňa öňki

ýazylan ýazgydanam başga ýene-de bir zat goşulaýjak ýaly duýgy döredip okaýardy. Ogulbike şol günüň ertesi mamasynyň "Bar, gyzym, Hangula git-de, haty Ýaz baýlara-da okap berip gaýt. Çatyk jandyr, onsoňam Amangül gelniň enesem bar-a, okap berip, begendir olaram" diýip ugratdy.

Ogulbike şadyýandy. Ol bir zadyň üstünden böküp-böküp geçýän ýaly aýagy ýere degmän, ýeňil gopup towsaklap gitdi. Häzir ol sürgüne giden, gözünden uçan mähribanlary tizden gaýdyp geljekleri belli bolaýan ýaly islegli, tamalydan bir pursady başdan geçirýärdi. Ogulbikede aýal-gyzlara mahsus, arka küýsemek häsiýeti bardy. Ol hossarlary ýerli-ýerden gaýdyp gelip, özleriniň arkasynda direnişip-direnişip durjaklaryna ynanypdy.

Kymyş duzçynyň kiçi ogly Orazgylyçdan-da habar düşenini şol günüň özünde bütin oba eşitdi. Mundan ozal gidenleri bäri olardan oňly hat habar ýok diýen ýalydy. Bir şol Dönmez aganyň gyzynyň sürgünden yzyna gaçyp gelende: "Biziň ýanymyzda Kymyş agaň kiçi ogly Orazgylyçlaram bar" diýen sözünden başga suwytly bilinýän zat ýokdy.

Oba bolsa henizem OGPU-nyň adamlary basmasyny, sürgün etmesini öňki hörpünde dowam etdirýänligi üçin bizowkdy. "Pylany basylypdyr, pylany sürgüne berlipdir" diýen howatyrly geplerden oba halys bez bolupdy.

Ýagdy şura hem bu hat barada şol günüň ertesi irden Hanumadan eşitdi. Öňler Ýagdydan dem salym irden gelýän Hanuma bu gün bir ýerlerde eglenip geldi. Bu mahal Ýagdy kontorda oňa garaşyp, nasyny atyp: "Beh, her ýerde işine ussat adamlar bar-ow" diýip, naskädisiniň ýüzündäki gelşikli çekilen şekili synlap, atan nasynyň humaryna berlip, gözlerini süzüp otyrdy. Hanuma aňyrdan gelşine bu günki gijä galmasynyň sebäbini düşündirýän hörpde oňa:

– Şura, eşitdiňmi? Kymyş duzçynyň kiçi oglundanam hat gelipdir.

Ýagdy bu gepiň äheňi: "Sen olary ýere soksaňam, olar-a ýene galkynyşyp gelýäler" diýen ýaly gyjalatly bolup eşidildi. Bu hörp onuň çetine degdi. Ol halamazlyk bilen.

– Senem-ä soňky döwürde Kymyşlar diýilse, bökjäp durana bolduň özün-ä! – diýip, gaňňasyny garnynyň aşagyna alyp, düýrügip ugranlygyny mälim etdi. Ajy ýuwdundy.

Hanuma adaty gepiň birhili bolup halanylman, başgaça öwrüm alyp barýanyny görüp, sypaýyçylyk bilen onuň öňüni almaga çalyşdy.

– Men-ä saňa eşidenimi aýdýan – diýip, guraksy gepledi.

Emma bu habary eşidip, ýarasynyň kesmegi gopan ýaly bolan Ýagdynyň gepi bu ýerde galdyrasy gelmedi. Ol ýaňsylap:

– Saňa-da salam aýdypmy onsoň? – diýip, it ýylgyryşyny edip, ýaňsy-kinaýaly sorady.

– Weý, bu adamy!? Maňa näme üçin salam aýtmalymyşyn olar? Meniň näme Kymyşlar bilen köprüde galtaşan ýerim barmy!?

– Bar ýaly özün-ä!

– Seniň göwnüňedir, şura.

– Mümkin, ýöne kim aldasa-da, göwnüm welin meni hiç wagt aldamaýar. Hasam soňky döwürde ol meni aldamaýar – diýip, Ýagdy Hanuma özüniňem bir zatlar bilýänini aňdyrma bilen tekrarlady.

Ýagdynyň yrsarama bilen aýdan gyşyk gepinden biraz göwni galan Hanumanyň şu pursatda oňa: "Müňküriň göwnünden gitmez gümany" diýip, öz hörpünde jogap beresi geldi. Ýöne ol zenanlarça tapbilenlik bilen, gürrüň-gepler azaşyp, jedel-göwne degişmä ýazmanka, dymyp oňaýanyny kem görmedi. Gepi dowam etdirmäň ýerine öz ornuna ötüp, stol üstündäki kagyz işleri bilen boluberdi.

Onsuzam Ahmede duşup, oňa göwni ýeteli bäri Hanumanyň Ýagdy bilen öňküligi ýokdy. Hasam aradaky bu sowuklygyň ulalmagyna şol galtamanlaryň oba dökülip, Hanumany tutup, oljalap gitmegi bilen bagly ýagdaýlar gönüden-göni sebäp bolupdy.

Hanuma süýrelen mahaly Ýagdynyň bir bölek atlysy bilen yzdan ýetip, özüni halas etmegini näçe isläp garaşan hem bolsa, ondan ol eden tamasy çykmandy.

Eger Ahmet şondan olaryň arasynda bolmadyk bolanlygynda wakanyň nähili gutarjagy belli däldi. Emma Ahmet Hydyr ata bolup, onuň dadyna ýetişipdi.

Ýagdydan göwni galan Hanuma şondan soň mese-mälim ondan sowapdy. Hanuma şondan soň ol öňküsi ýaly, gijelerine işden soň onuň gelerine göwün ýüwürdip, hyrydar garaşmasyny hem goýupdy. Garaşsa-da ol indi Ahmediň aýak sesiniň çybşyldysyna garaşýardy. Ähli telwas-höwesini Ahmet bilen baglap ýaşaýardy.

Şeýle-de bolsa olaryň ikisem töwerege: "Bularyň Zöhre-Tahyrlygy tamam bolupdyr öýdýän" diýdirip, gep bolmazlyk üçin, henizem il gözüne öňki-öňkülik bolup görünmäge, gamyş köprini aradan aýyrman saklamaga çalyşýardylar. Hanuma arada Ahmediň barlygynyň ýiti duýulmazlygy üçinem şeýleräk, aramrak ýagdaýyň saklanmalydygyny gowy bilýärdi. Işde hem öňküsi ýaly şura tabyn bolup, onuň ähli buýrukdyr tabşyryklaryny ýerine ýetirip, artyk gep-gürrüňsiz işlemäge çalyşýardy.

Ýagdy bolsa henizem obanyň ýeke-täk hökmürowan beg-töresidi. Raýonda ederini bilýän, obany kolhoza öwrüp, oňa göreldeli ýolbaşçylyk edip, ýerden bol hasyl almagy başarýan, sowet hökümetine wepaly adam hökmünde tanalýanam ýene-de şoldy. Aňsat murtuny palta keserli däldi.

Il-içinde ol henizem özüniň şol öňki hökmürowanlygyny göz edip ýaşaýardy. Henizem onuň halamadyk, ýanan adamlary zora tutulyp, orlup-çapylyp, türme tussaglygyna, sürgüne sezewar edilmesi öňki hörpünde dowam edýärdi.

Ýöne ol islese, gümgidene gidäýmeli bolan, sowetiň käbir kada-kanunyny bozan adamlaryň etmişli adamdygyna hem göz ýumup, olary goldabam bilýärdi.

Hut ýaňy-ýakynda hem ol, serhedi bozup, Owgana geçip, ol ýerde ýogalan dost-hemsaýasy Ýazmämmediň yzynda galan aýaly bilen üç-dört ýaşly ogluny getiren Arnageldi gatygulagyň hem işini özünden aňry geçirmän, oňa arka durupdy.

Arnageldä: “Bularam Ýazmämmediň öňki aýalyndan bolan oglanlary Jumalydyr Baýramyň öýünde ýerleşdir. Ýaşara ýer daryşganlyk etse, gapdallaryndan ýerküme gazyp berersiň! Iliň gözi öwrenişýänçä, şol ýerde öňden ýaşap ýören bolan bolsunlar-da, azrak görnüp gezibersinler” diýip, olara özüne gep geljeginden çekinmän arka durupdy.

Elbetde, muny oba görüp-bilip, şonda bir salym:

– Gatygulag-a munuň ugruny tapypdyr. Beýleki Owgandan yzyna gelenler, geldikleri bir ýerlere göçürilýänem bolsalar, şolar-a otyr ýene...

– Gatygulak bäş-on malyň mährinden geçen bolmaly... Üstesine ol öz bakýan kolhoz malynyňam arasynda Ýagdynyňam elli-altmyş goýnuny bakyp ýörenmiş.

– Aý, şeý diýsene, ýogsam Ýagdymy adama bolsun etjek.

– Onsuzam obanyň ähli zady şonuňky, ýene zady näme etjekkän?

– Almany bir öwrenseň, alman durup bolýan däldir-dä.

– Bolýan däldir. Onuň ýokarsynda-da başlyklary bara ahyryn. Tagtabazar bir ýaglyja ýer diýip, men sud, men prokuror, men OGPU, ýeneki diýip, gelýänler bolsa kän. Her gelen sud-prokuror ýenekilerem ony çekeläp-çekeläp iýjekden, wezipe mümkinçiligini peýdalanjakdan.

– Olara wagtal-wagtal guýruk gapdyrmasa, kim Ýagdyny sylap goýar. Onuň telpegini ters geýdirmeýärlermi bular. Olaryň nä elinden gelýär, bir bahana tapyp basyp goýber – diýşip gürrüň edipdiler.

Ýagdynyň Söýünala şuralyk eden ýyllarynyň içinde häsiýetinde näme, nähili üýtgän-de bolsa, onuň hüýr-zenanlara bolan höwesi welin artmasa azalmandy. Ol Hanuma bilen aralaryna sowuklyk düşeli bäri indi aýalynyň daşyndan ärsiz heleýleriň ikisi bilen Hanumanyň üstünden ätläp, “Sen bolmasaň, senemjan” edip, çille mesi bolup gypynçsyz küküräp gezýärdi.

Hanuma jaýda öýkeleşen ýaly dymşyp oturmany kyn gördümi nämemi, bir salymdan ýene-de öňki gürrüňiň galan

ýerinden onuň yzyny dowam etdirdi.

– Saňa-da bir zat diýer ýaly däl, şura. Näme diýilse, derrew özüňe çekýän! – diýip, nägile bolandan boldy.

– Çeker ýalam edýän-dä – diýip, Ýagdy hem igenmede ondan kem oturmady. Soňam ol: – Bäh, indi gaplaňlar ýeňe-de hyňranyşyp-gylawlanyşyp, bu gije ýatmazlar-ow – diýip, halamazlyk bilen olary ýaňsylady.

Gözlerini mekirlik bilen süzüp, Hanumanyň soňraky gep ugruna aýdan: “Nesip bolsa, indi tiz olaryň özlerem geler” diýen gepiniň üstünden ýaňsyly güldi.

– Nesip bolsa, şolar-a entek gelmänler geçse gerek – diýip, Orazgylyjyň sud edilendäki günä hatyna ýazylan “Orazgylyç Muhammetgylyç Kymyş ogly ýyllar boýy garyp-gasary öz haýrana işledip baýan kulak. Duz kombinatyň, şäherde duz dükanyň eýesi” diýlip, ol baradaky ýerjugyn edilip ýazylan günä hatyny hezil tapma bilen ýatlady.

Orazgylyjyň haty baradaky habar ile dolup, ol ýene-de adamlaryň arasynda dürli gep-ýordumlaryň, çen-çaklaryň döremegine sebäp boldy.

Hat Kymyşlaryň bolsa kalbyna mylaýym bahar demi bolup doldy. Ýükleri ýeňlän ýaly bolup, göwünleriniň galkynmagyna sebäp boldy. Ümür içinden nähili-de bolsa bir ýagty yş görnene meňzedi. Jemal mamanyň gözýaşy birbada kepedi. Ogulbikedir Akjagülüň hereketine ýeňillik, çusluk aralaşdy. Orazgylyjyň haty düýä haýt diýlen medet bolup, maşgalany mese-mälim ekezlendirdi. Şeýle-de şol günleriň birinde adamlar ota barýan Kymyş duzçynyň eşeginiň aýaklarynyň dikgirdi sesine ýanap haýsydyr bir heňi burnuna salybrak hiňlenip barýanlygy görüldi.

* * *

Kymyş duzçy dosty Begendik ussanyň ogly Ýazmuhammedi OGPU-lar gije gelip, alyp gidenini şol günüň ertesi gijaralar eşitdi: «Haý, bolmandyr-ow» diýip, onuň duşen halyna perişan

bolup gynandy. Onuň şol pursatda dostunyň ýanyna gidip, onuň göwnüne teselli berijilikli sözlerini aýdasy geldi. Ýöne eýýäm wagt gijigip, töwerekde garaňky gatlyşyp ugrapdy. Goja şonuň üçinem gijäniň içinde garaňka çolaşyp ýörmän, “Gijäniň nepinden gündiziň şeri” edip, onuň öýüne ertir gündizlikde barmany makul bildi.

Göz öňüne tutuşy ýaly Kymyş duzçy şol günüň ertesi geýnip, bilini guşandy. Ýöne hasasyny gözläp, näçe sermense-de, barybir ony öňki durýan ýerinden tapmady.

Ol şolar bir zat edendir diýip, agtyklaryna müňkür boldy. Sebäbi olaryň babasynyň hasasyny elýeterlerinde bolsa, ony gapydan öten mal-halada atyp salaýmalary bardy. Ol daş çykyp, hasasyny dereklemekçi bolan mahaly, hasasynyň öňki durýan ýerinde däl-de, gapynyň daş ýüzünde duranyny gördi.

Diňe şundan soň hasasyny daňdanrak daş çykyp gelende, alasarmyk oýaly-ukuda mahaly, gapynyň daş ýüzünde galdyranlygy onuň ýadyna düşürdi. «Haý, huşuň bar bol-a seniň» diýip, özüne käýindi.

Kymyş duzçy hasasyny tyrkyldadyp howlusyndan çykyp, biraz ýöräp ýöremänkä, oňa jardan suw alyp, inişden ýokary göterilip gelýän iki gelin duşdy. Gelinler goja golaý gelen wagtlary suw gaplaryny ýerde goýşup, ýerli-ýerden baş egşip, hormat bilen durup oňa salam berdiler. Gelinleriň ikisi-de onuň bäşbelalar toparynyň zenan maşgalalaryndandylar.

Gojany görüp öňden gelýän gelin, nämedir bir zady ýatlap çytylan mahaly bir bölejik bulut onuň ýüzüne kölege salyp geçen ýaly boldy. Emma hiç wagt Jemal mamadan özge zenan ýüzüne dikanlap seretmek endigi bolmadyk goja gelniň ýüzündäki nägileligi görmedi.

Ol gelin käýinjeňdi. Çagalaryna jany ýananda olara hemişe: «Tohumy tükenmişler» diýip sögünerdi. Kymyş duzçy bolsa goňşy arada, her gezek gelniň şaňňy sesini eşidende, hamala, onuň diýeni bolup barýan ýaly, bu gepi halamazdy. “Meniň inim ýaly ýigide duşanyna begenmegiň ýerine bu heleý onuň tohum-

tijine gargap otyr, agzyny yryklamaly bolupdyr bu heleýiň!” diýip, ondan nägile bolýardy.

Ýakynda bolsa bu gep üçin ol gelniň adamsyny ýanyna çagyryp, oňa igenipdem. “Inim, soňky döwürde beleň alyp, seniň heleýiň sesi gala çykýa-la? Ýa, garrap, onuň heleý hezzetini dagy peseldip ýörmüň?! Seniň tohumyň tükense, şonda onuň dünýäsi giňeljekmişinmi?» diýipdi. Inisi aýaly üçin agasyndan igenç eşidipdi. Şondan soň ol:

«Gelinjigim, hanjagazym,
Mün syrtyma, janjagazym»

– diýip, heleýlerini eý görýän bäşbelalydan ýüregi çişen äre öwrülip, aýalynyň ýagşyja mazasyna degipdi. Adamsy ony dil bilen ýepbeklänini az görüp, çybyk bilenem telim gezek çalyp alypdy. Şeýdibem, şondan soň gelniň sesine suw sepilen ýaly bolupdy.

Gelniň ýaňy oňa öýkeliräk, tasanybrak salam bermesiniňem aňyrsynda hem hut şu ahwalat bardy.

Kymyş duzçy ýolda dostunyň düşen gününe, onuň ýaňyrakdan bäri komsomol-ýeneki bolup, öňe düşüp ugran dogumly ogluny ýatlady. Ol obada: «Biziň halkymyz, ertirki günde hasam gowy ýaşar. Traktor, maşynam adam zähmetini hasam ýeňilleşdir, ýerden ýylyň-ýylyna bol hasyl alnar...» diýip syýasat edip, sowetiň degirmenine göwünjeň suw guýup ýörenleriň biridi.

Goja muny ýatlap: “Sowet ahyr-soňy hatda şeýle adamlaram gaýgyryp goýjak däl-ow” diýip oýlandy.

Şol barşyna-da ol: “Bular oglynyň ýakasyny bir ele alan bolsalar, indi ony türme diýdi, sürgün diýdi, gör, nirelerden çykarar?” diýibem alada galdy. Bu özem obada Ýazmuhammediň halaşýan gyzy bilen bir çolarak ýerde gözde-ýüz bolup durany görlüp, il içinde: «Pylanynyň gyzynyň ussanyň oglunda göwni barmyş» diýlen, gürrüniň hem ýaýrap ýören günleriniň yzysüre boldy.

Bir eýýämden bäri ogluny öýermegiň, agtyk görmegiň arzuwynda ýören ussa munuň ýaly dagy gürrüň eşitse, dek ýatyp

bilýärmi?! Ussaň aýaly ol gyzlaryň gapysyny eýýäm gudaçylyk üçin açybam ýördi. Ýöne ilki bada “Gyzly guda – näzli guda” diýenleri bolup, hoş dilim berselerem, gyzlaryny tizara durmuşa çykarmaga gyssanmaýanlaryny aýdyp, toý sähedini nämüçindir yza çekdirip, ussalaryň badyny alypdylar. Heleýler soňam gudalara telim gatnap: «Gyz gerege, tiz gerekligini» ynandyryp bilmänsoňlar, geçen hepdede Begendik ussa dosty Kymyş duzçyny öňe salyp, olaryň üstüne barypdy.

Haçan-da gyzyň hossarlary sypaýyçylyk bilen, gyzlaryny entek çykarmakçy däldiklerini, onuň entek toý bukjasyny, tikin işleriniň barlygyny aýdyp, toýy yza çekdirmek pikirini aýdyp, bahana edenlerinde erkekleriň heleýleriniň gepini gepläp oturmaklary Kymyş duzça ýaramandy. Ol şonda gyzyň kakasynyň ýüzüne gelip:

– Aý, inim, ussaň ogly giýewiň boljak bolsa, ol kiçi köýnegi dagyny birki ýyllap oňa geýdirem öýdemok... Ber gyzyňy aşygyna, arzylanan mahaly! – diýip gönüläpdi. Duzçynyň gepi täsir etdimi ýa-da gudalar soňra bir-birlerine gowy düşündilermi nämemi, şundan soň Begendik ussa toý sähedini bellemäge şol ýerde razylyk berlipdi. Şondan bärem ussa ýakyn günlerde toý edip, ogluny öýermegiň aladasy bilen bolup ýördi. Ýazmuhammediň beýdilip tutulmagy bolsa ony duýdansyzlykda syrta çekilip, ýere bulap urlan ýaly edipdi.

Kymyş duzçy gaýraky ýola düşüp, düýejini nazarlap, öz maýdalyna ýöräp gitdi. Ol Jumanazar baýyň Bedeň ýabyň gaýrasyndaky üzümçiliginiň duşuna ýetende, onuň raýyşyň üstünde birki adam bilen çommalyşyp, gürleşip oturanyny gördi. Olar Kymyş duzçyny görüp, ýerli-ýerden ör turşup, onuň bilen görşüp salamlaşdylar. Janköýerlik bilen ondan sürgüne gidenleri barada soraşdylar. Sürgüne gidenler ýatlanylan mahaly hemişe gojanyň ýüregi gürsüldäp, gyýlyp bitakat urýardy. Bu gezegem şeýle bolup, ol ýol boýy gynanyp sürgündäkilerini ýatlady.

Kymyş duzçy ussahana gelse-de, ol ýerden dostuny tapmady. Şol töwerekde duşan adamlarynyň biri oňa ussanyň düýnden bäri ussahanasynda görünmeýänini aýtdy.

Kymyş duzçy dostunyň gaýgy-hesrete berlip, derde çydaman, öýünde başyny bürenip ýatanlygyny bildi.

Gaýgy-hesretden Begendik ussa uzakly gijänem ýatman geçiripdi. Ol indi hiç ýerde janyna jaý tapmaýardy.

Kymyş duzçy aňyrdan ardynjyrap gelende Begendik ussa öýündäki düşek galdyrylan sandygyň gapdalynda, hiç kimi görmäýin, hiç zat eşitmäýin diýýän ýaly, başyny basyrynyp küçen bolup ýatyrdy. Kymyş duzçy:

– Ussa jora, öýdemisiň!? – diýenden Begendik ussa dostuny sesinden tanady.

– Ih-h... Kymyş aga, dostum ýaly-la bi!? – diýip, başyny ýassykdan sähelçe göterip, gapa gözledi. Soňam dostuny görüp ýukalyp, ony arka tutunyp hamsykdy.

– Agam, ogul-a elden gidendir. Ýazmuhammet jany gije gelip garageýimliler äkitdiler – diýip, özüni ýowuz takdyryň aýak astyna alandygyny aýdyp, ejizläp, hossaly gepledi. Şu pursatda onuň bolup oturyşy halys güýç-kuwwatdan gaçyp, aýak üstünde durup bilmän çöken lagar ineri ýatlatdy. Kymyş duzçy dostunyň bu serim-sal halyny görüp hasam gynandy. Nädibem bolsa onuň ýakasyny deňläp, almalydygyna düşündi. Ol meniň seni bu halda göresim gelenok diýen äheňde gepledi.

– Ussa jora, hany bu nä boluş, gündiziň günem heý gölerip ýatarlarmy beýdip. Men-ä bu ussahanasyndadyr – diýip, ol ýere barýan, bu bolsa bärde ýatyr!

– Wah, bilimi omurdylar-la, dost. Gije OGPU-çylar duýdansyz gelip, Ýazmuhammedi tutup, gözümiň öňünde elini arkasyna daňyp, öňlerine salyp äkitdiler... Ýaňyrak ýatypdyk. It üýrdi, çyksam gapyda dört atly direnip dur. Olaryň biri meni tanap: «Ussa, ogluňa aýt, daş çyksyn, ol tussag edilýär!» diýdi.

– Ýeri, ol näme etmiş edenmiş? – diýsem.

– Ony ertir sorag boýnuna goýar – diýdi.

Neressäm gidip barşyna ejesi bilen meniň serim-sal bolup duranymyzy görüp, gaýta bize göwünlik berýär.

– Däde, meni gaýgy etmäň. Bu ýalňyşlykdyr. Bir habarymy

ýetirip bilsem, biz komsomollaryň baş ýolbaşçysy ýoldaş Çary Wellekow meniň arkamy alar. Ýakynda Tagtabazarda bolanda hem ol biziň komsomollar bolup, il içinde geçirýän syýasy işlerimize ýokary baha berip gitdi.... – diýdi.

– Dogry aýdypdyr, Ýazmuhammet etmişli adam bolmaly däl. Nesip bolsa, bu gün-ýerte gaýdyp geler ol.

– Agzyňdan Hudaý eşitsin, Kymyş jora!

– Ýöne seniň beýdip öýüňde basyrynyp ýatmaň bolanok!

– Wah, bolmasa nädeýin, iner ogul elden gitdi-dä. Nätjegimi bilemok, ýüregim ýarylyp barýar.

Göwünlik berýänine seretmezden, dostunyň göwnü-çökgünlik edip bu bolup oturyşy Kymyş duzça ýaramady. Ol:

– Päheý-de weli, tutulýan-basylýan, eýsem ilde bir, seniň ogluňmyşynmy? Ine, özümiz iki iner ogly, dört agtygy, iki maýa gelni aldyrybam gezip ýörüs-ä ölmän. Sen bolsa, ýeke ogluň gürrüňini edýärsiň, päheýde weli namartaý sen – diýip, oňa göwünlik beriji abaý-syýasat etdi.

Ussanyň ejizlänini görmek islemeýänini mälim edip, oňa özüniňkiden has agyr derdi mysal getirip ýatlatdy. Elbetde, balasyny aldyran ata-ýenäniň ynjalyp bilmejegi belli zat, hasrata bürener, armanam çeker. Nähilem bolsa, bir ýol tapyp, ogluny halas etmegi Taňrydanam dilär.

Şundan soň Kymyş duzçynyň mysal getirip aýdan has çökder derdi ussany ýakasyndan tutulyp silkelenen ýaly edip, ony belli bir derejede özüne getirdi. Şol pursatda ol dostunyň gapynyň öňünde henizem aýak üstünde duranyny aň edip, dessine turup, oňa törden ýer görkezdi.

– Geç, jora töre! Gelen bolsaň, gowy edipsiň!

– Gelib-ä men düýn, bu habary eşidenimiň yzysüre geljekdim. Bir görsem ikindini okaýançam, garaňkam gatlyşyp ugrapdyr... Soňky döwürde namazdan soňam, sürgün bolanlarymy oýlap, Allama sygnyp, dileg diläp, namazlygyň üstünde köpräk oturaýýanam-da men.

Onsoň nädeýin, seniňkä gelmäni ertä goýdum. Inim Bally gazaga gidip, Orazgeldiniňkileri görüp geleni, olaryň durmuş ýagdaýlarynyň ýeňil bolmasa-da, türme däldigini eşidelim bäri, öz dileglerimiň Taňra gowuşýanyna guwanyp, teselli-de tapyp ýörün indi men... Ol ýeriňem esasy pişesi şu ýerdäki ýaly daýhançylykmyşyn. Daýhançylyk etmeli bolsa, biziňkilerem ilden kem oturmaz, enşalla. Işinem eder, «paýak» diýilýän nan haklarynam alarlar.

Orazgylyjymam pagta ekip, daýhançylyk edýämiş.

Gojanyň mysally gep-sözünde kalba ýagty umyt berýän sahawat-syýasat bardy.

Dostlar soň çaý başynda hal-ýagdaýlar, ýurt ýagdaýlary barada pikir alşyp, mesawy gürleşip oturdylar. Kymyş duzçy gürrüňçilik mahalynda ussanyň gaýgy-hasraty unudýana meňzäp, ýüzüniň açylyşyp, özüni ele alyp ekezlenip ugranyny gördi. Bu ýagdaý Kymyş duzçuda kanagatlanma duýgusyny döretdi. Ol dostunyň kalba çöken göwnüçökgünlilik ümrüniň içinden belli bir derejede çykanlygyna ynandy. Ussa şeýle-de paýhasa uýmagy, ondan netije çykarmagy başarýan adamdy.

Kymyş duzçy dosty bilen öý bikesiniň bişiren burçluja unaşyny hezil edip içensoň, indi wagtyňam bir çene baranyny aýdyp, ondan rugsat sorap, turmak bilen boldy.

Begendik ussa dostuny ugratmak üçin geýnip, onuň bilen daş çykdy. Çygly şemal öwüsýärdi. Howa arassady. Begendik ussa dostuny Mämmethanyň howly-saraýynyň gapdaly bilen ýöräp, onuň gutaran ýerine çenli gürleşip ugratdy. Soňundanam ýykylyp-sürüşmeginden nadynç bolup, esli salym onuň hükgeribräk, hasasyny tyrkyldadyp, üç aýak bolup barşyny synlap, oýurganyp durdy.

Şundan soň Begendik ussa, hamala, dosty özüniň agyr ýüküni bölüşip, onuň bir bölegini öz gerdenine alyp giden ýaly, birhili ýakymlydan minnetdarlykly duýgyny başdan geçirdi.

* * *

Durmuş indi bu günler birhili-birhili bolup, öz-özünden suwuň ýol tapyşy ýaly, ýol-ýoda tapyp, barha gowulaşyp giderli görünýärdi.

Orazgylyç dagynyň özleri üçin mundan iki ýyla golaý öň guran obaçylyklary häzirki ekin meýdanlarynyň sesýetimliginde bolmak bilen syrgyn tutup otyrdy. Syrgynlaryň arasynda haýsydyr bir geljek mertebeli adamy garşylamaga niýetlenip ýörite taýynlanana meňzeş, obaçylygy boýdan-başa kesip geçýän, bir toýunsow göni köçe-de emele gelipdi.

Bu köçe ýörelýän, geçilýän adaty köçeleriň biri bolsa-da «Ýagty ýol» kolhozynyň sürgün adamlary üçin ol mundan başga-da köp zatdy. Adamlaryň köpüsi ilkinji kolhoza berlen traktory, gyryp ot ýatyrýan maşyny hem hut ilki şu köçede görüpdiler. Şeýle-de, ol öz-özünden ýolbaşçylaryň sürgün adamlary üýşürip tükelleýän, ýygnak geçirýän ýerine hem öwrülipdi. Ýygnak diýilse, göni köçä çykybermelidir.

Ýurtdan çykylanyna iki ýyldan gowrak wagt geçenligine, ýat ýere-de birneme öwrenilenine seretmezden, sürgünleriň Watana gaýdyp barmak islegi welin henizem köpelmese azalmandy. Olar henizem töweregindäki her bir gowulygy hemişe Watana gaýdyp barmak bilen baglaýardylar. Bu ýol hem adamlary özüniň ulgam tutup ýatyşy bilen, şol bir gün Watana alyp gitjek ýol hökmünde tamalandyrýardy. Şonuň üçinem her gezek oňa düşülende, ol adamlarda uç-gyraksyz gowulygyň jümmüşine aralaşylyp barylýan ýaly, ýakymly duýgular döredýärdi.

Bu günem Orazgylyç öz brigadasynyň pagta meýdanyna tizräk ýetmek üçin, ala-daň bilen şol ýola düşdi. Daşarda sergin saba ýeli öwüsýän eken. Dünýä agşam ýeriň giňini alyp, bir geňsi bolup, dem-dynç alyp terlenipdir. Säher serginligi ýene-de irden torgaý baryny başa göteripdir, indi olaryň tanyş sesleri ondan-da eşidilýär, mundan-da. Dünýä duýlar-duýulmaz owaza öwrülip dur. Bu pursat hemmeleriň ir ertir ýüzleriniň ekinzarlyga

bolýan döwrüdi. Töweregiň oňly agaryp ýetişmänligi üçin, ekin meýdanlary henizem gijäniň çal-çul perdeleriniň aňyrsynda bolup, ol ýer entegem bu ýerden esli daşlykda ýaly bolup duýulýardy.

Orazgeldi näçe ir turandyryn öýtse-de ýöne ondanam ir turan bar eken. Ol bir salymdan ýolda donunyň synyny öz ýöreýiş bady bilen ýelpildedip barýan brigatdaş goňşularynyňam biri Berdiniň yzyndan ýetdi. Ol Orazgylyç yzyndan ýetiberende, ony tanap, ädimini haýallatdy.

– Brigadir, özüňmidir?!

– Mendirin, goňşy.

– Seni şol düýnki suw çykaryp bilmedik ýerimiz alada goýandyr-ow.

– Nädibem bolsa oňa şu günde, ertede hökman suw ertmesek bolmaýar.

– Aý, şu gün alarys-la, nesip bolsa. Düýn ýadawrak boldukmy nämemi, ol ýere suw sürmek başartmandy.

Goňşular öz aladalaryna berlişip, gürleşip bir salym ýöränsoňlar, nähili alys bolup görnen pagta meýdanlaryna ýetenlerini hem duýman galdylar. Ýyldyzlaryň barha şöhlesi kösseýip, ýüzüniň açylyşmagy bilen, asmanyň gündogar tarapynda gyzgylt şapak alamatlarynyň peýda bolup ugramagyna kän wagt geçmänkä, ýokardan ýagty bolup inen gündizlik az wagt içinde dünýäniň ähli çäklerine çenli ýaýrady.

Ertiriň salkyn şemaly howany salkynladyp, ýalazy meýdanlara ýakymly tereňlik beripdi.

Orazgylyç düýn süýr günortan gowaçanyň haýsy ýeriniň suwsanlygyny bilmegiň amatly bolýanlygyny ýatlap, brigadasynyň gowaçanyň üstüne aýlanan mahaly, ortada beýigräk ýerde oturan bir bölek gowaçalaryň ýüzlerini asyşyp, reňklerini alyp bilmän, solgun oturandyklaryny görüpdi. Şu günde-ertede bu taby pesligiň öňüni almasa, onuň hasyllylyga kesdiniň degjeginiň ujy iki däldi. Bu öwräniň gowaçalary töwerekden bir depik beýigräkde oturany üçin, elbetde, oňa suw getiräýmegem aňsat däldi. Orazgylyç bir salym durup, töweregini synlap, ýeriň çemini alansoň, oňa suwy

gapdaldan suw kowulýan goljuk bilen gabadyna çenli ýakyn getirip, şol ýerde-de gerek derejede suwuň öňüni baglap ony mesdirip, alaňyň üstüne sürmegi niýet edinipdi. Ertir irden işe diýip turan wagty hem ol ata-enäniň kemis çagasyny endişe edişi ýaly, ilki şol suwsan ýeri ýatlapdy.

Ol Berdi bilen öz brigadasynyň ekin meýdanyna ýeten wagty oňa «Sen suw saljak goljugymyzyň öňüni şol duşda böwetläber, menem ine gelýän» diýip, özi şol ýerden suw açmak üçin saka gitdi.

Orazgylyç dagy her gün gündizine ýapdan näçe öz gerek suwlaryny alsalar-da, garaňky düşensoň, gije suwuň atyzlary böwsüp, ýykgynçylyk etmezligi üçin her gün işden giçlik gidenlerinde ýapdan öz gulaklaryny ýapyp giderdiler. Orazgylyç uly ýapdan gulak açyp durka, suwuň boz bulanyp, öz ýaplaryny dolduryp barşyny görüp, onuň tizden suwsan gowaçalaryň teşneligini gandyrjagyny oýlap, kanagat tapdy. Orazgylyjyň suw açyp duran gulagynyň gapdalynda, ýabyň raýyşynyň bir gapdalyny tutup oturan bakjaçylygam bardy. Ol muny sürgün güzerana tekge bolar diýen pikir bilen: «Şu raýyşyň ýüzüni ulanmaga rugsat etseňiz, bakja-ýeneki ekäýsek» diýip, komendant bir iş bilen üstüne aýlanmaga gelende haýyş edip, oňa munuň kolhoz işine zeleliniň bolmajagyna ynandyryp, sorap alypdy.

«Ýagty ýol» kolhozyna agronom edilip getirilen adam hem sürgünleriň bagtyna diňe bir ekin-tikiniň ýagdaýyny däl, bir ýerden, bir ýere syňsyradylyp getirilen adamlaryň hem ýagdaýyna düşünýän adam bolup çykdy. Ol keltepaýçaraga-da ýaňy saçlarynyň eteginden ak girip ugran otuz bäş-kyrk ýaşyndaky sypaýy özbek adamsydy. Agronom hem ýolbaşçy adamlaryň ugruna harbylara çalymdaş lybas geýse-de, onuň üstünden hem ala özbek donuny geýip, bilinem daýhanlarça guşak bilen guşap gezerdi. Kellesine-de bir dörtburçly özbek tahýasynam geýerdi welin, her halkyň öz süňňüne laýyklan geýimi-dä, bu agronoma gelşer durardy. Ol ony-muny salýan goştorbasyny gedaýyň sahawat toplaýan haltasy ýaly, hemişe diýen ýaly egninden asyp, ýanbaşyndan sallap, ekin meýdanlaryny aýlanyp gezerdi.

Agronom ýolbaşçy bolanyndan gazan-ojak başynda eli kepgirli: «Ortak Stalinge oş kylyp beremen» diýip, Kremliň töwereginde aýlananmyş diýilýän özbek adamsyna has gowy meňzeýärdi.

Bu öz işi bilen gümra bolup ýören adamyň sürgünleriň arasyndan jyny alan adamlarynyň biri-de Orazgylyç bolupdy. Ol ekerançylyk meýdanlarynyň niresinde bolsa-da, her gün diýen ýaly gün içinde bir gezek Orazgylyjyň ýanyna hem degerdi. Şeýle gürrüňçilikden soň olaryň ikisiniň-de soňra ekin syrlary baradaky öňki bilýän zatlarynyň ýene-de örüsi giňän ýaly duýgyny başdan geçirýärdiler. Birki günlükde hem ol ýene-de Orazgylyç bilen şu bakjaçylygyň golaýynda gabatlaşypdy. Şonda olaryň ikisiniňem ünsüni töweregi ýene-de gün-günden eýemsirenip, ösüp, gören zadyna murtuny çolap, çyrmaşyp barýan kädi ekini bolupdy. Kädileň gören ýerine gol atyp, ýaýrap barşy, bu günler bakjaçylygyň duşundan geçseň, ilki ünsüňi çekýän zatlaryň biridi. Agronom şol gezek:

– Men-ä şu kädini ekinleriň geçisimikän diýýärin. Bularyňam dyrmaşyp ýetmeýän ýeri ýok. Özem suwuny, dökünini dagy ýetirseň, örän bereketli ekin bolýar munuň özi.

Soňam ol şular ýaly ýeriň giňini alyp ösen bir düýp kädi biýarasyndan üç araba kädi alan adamyň bolanlygyny mysal hökmünde ýatlady. “Özlerem hersi bir gujak bolşup ommalyşyp ýatyr, how olaryň!” diýip, bol biten kädi hasylyny gaýybana magtady.

Orazgylyç hem şonda gürrüňdeşiniň häsini berýän hörpde:

– Bulaň gaty mazardadam bolýan eken, men bir gezek Tagtabazaryň bazarynda äpet bir biten kädi gördüm, kiçiräk bir ýatan göläň bar-da – diýip, öz gürrüňdeşiniň gürrüňiniň üstüni ýetirdi.

Ekinleriň gylyk-häsiýetleri baradaky gürrüňlerem Orazgylyç bilen agronomyň her duşanda halap edýän gürrüňleriniň biridi. Haýsy ýerde, haýsy ekiniň haçan ekeniňde gowy netije berýänligi, suwsap yza galyp ugran pagtany nädip beýlekileriň yzyndan ýetirip

bolýanlygyny, haýsy ekin haýsy ekin bilen goňşuçylykda bolanda laýyk bolýanlygy barada olar hemişe mysallar, düşünişmek bilen gürleşip oturardylar.

Orazgylyç bilen agronomyň gowy gatnaşykda bolmagy hasam şu bakja ekinleri ekilen döwürleri belli bolupdy. Orazgylyç etjek işini bilse-de, onuň bu giden meýdany tohum tapyp, ekmäge mümkinçiligi ýokdy. Azda-kände gawun-garpyz diýen ýaly ekinleriň tohum düşnügi tapylanam bolsa, bu ýeterlik däldi. Şu ýerde agronom ýagdaýa dogry düşünip, özüniň ýerliligini etdi. Ol sürgünlere noýba, kädi, käşir, sogan ýaly ekinleriň birnäçesiniň tohumyny tapmaga kömek etdi. Sürgünler bilen olaryň üstünden goýlan dolandyryjy adamlaryň arasynda çäk bolmalydygyna ynanýan komendanta agronomyň Orazgylyç bilen dostana gatnaşyklary juda bir halap barmaýan-da bolsa, hökümetiň soňky döwürde oba hojalygyna has uly üns berip barýanlygyny görüp, ýagdaý şu gidişine gitse, öz ornuny agronomyň eýelejegini çen etme bilen, özüniň ertirki gününiň öňüni torup, bu gatnaşyga göre-bile garşy-da bolup ýörmezdi. Tap bilenlik bilen her halda ähli ýagdaýlary göz öňüne tutup, ortatap bolmaga çalşardy.

...Orazgylyç gulak açansoň, ertesi uzakly gije serginligi süňňüne siňdirip ýatan terneleriň suw tutup ýören ýoldaşlarynyň ýürekleri sowadaýmak üçin kem bolmajagyny pikir etdi. Bakja darady.

Haçan-da ol biýaralaryň arasynda tumşugyny görkezip ýatan bir ternä gol uzadan wagty, hamala, tiken gysymlan ýaly bolup, nähili elini yzyna çekip alanyny hem duýman galdy. Şol arada-da ol öň ýanyndan bir kirpiniň ala-başagaý bolup gybyrdap, gaçyp barýanyny gördi. Orazgylyç özüniň görmän, aň etmän saralyp ýetişip gelýän gawunyň gapdalyndan ýaprak saýalap ýatan kirpini gysymlanyny bildi. Orazgylyç oňa sähelçe baş salgap, höwes bilen henek atdy:

– Hä, senem hakyňy almaga geldiňmi? – diýip, daýhançylykda ýere tohum sepilende aýdylýan, «Ýarsy meniňki, ýarsy guş-gumrynyňky, ýarsy ýeriňki» diýilýänini ýatlady. Kirpiniňem hem

hut şol öň söz berlen alha-allykdan öz hakyny almaga gelenligine ynandy. Soňam ol özünden gorkan kirpiniň eýýäm ýaba ýetip, suwa sallanyp barýanyny görüp, onuň heläk bolmagynyň mümkinligini pikir edip, pilini uzadyp, onuň gumhanasy bilen kirpiniň ýoluny kesdi. Eglip, usul bilen ony tikeninden tutup, ýokaryk göterip aldy-da, aýasyndan düşürip, düz ýola saldy. Soňam: – Näme ýygrylan bolup, ýüzüňi gizläp öýkelediňmi? Öň söz berlensoň, bu ekinde seniňem hakyň bardyr, janawar! – diýdi.

Orazgylyç iki üç ternäni kükregine ýaplap, boş eli bilen tutup, pilini egnine atyp gelende, Berdi özi ýaly eli pilli suwçularyň ýene birisi bilen, balaklary dyza çenli çyzgaşyp, suwuň öňüni bentleşip, gerek ýerlerden gulak gurnaşyp, suwsan pagta suw çykarmak üçin ha diýşip, derçigişip işleşip ýördüler.

* * *

Ahmediň Owgan hökümetine hyzmat görkezip: onuň serhedini bozan sowet uçaryny urup-ýykyp, mertebe gazanyp, uly sylag-serpaýa mynasyp bolup, Pyrara gelenligi hakynda, indem ol ýerde ýer-mülk edinip, ornaşanlygy baradaky habar Söýünalyda eşidilenine köp wagt geçmänkä, bu habar sowet organ işgärleriniň hem gulagyna ilip olarda: "Ahmet Pyrara gelen bolsa, onda ol hökman bir ýoluny tapyp, obalaryna-da gelip, çagalaryndanam habar alyp gider" diýen pikiri döretdi. Hasam munuň şeýle bolmagyny ol gelse, ony tussag edip bolar diýen niýet bilen, ondan öň ädi ýanan NKWD-çiler munuň şeýle bolmagyny islediler. Ýöne nämüçindir Ahmet welin näçe garaşylsa-da wagty bilen oba gara beribermedi...

Birazdanam onuň özüne derek oba ygtybarly adamdan ýollan habary gelip gowuşdy. Ol habary oba Owgandan düýn-öňňinlikde serhetçileriň gözüne güýdüşipmi ýa-da başga bir ýollar bilenmi nämemi, häli-şindi ol ýerdäki agasyny bahanalap, serhetden aşyp gelýän Gurt salaryň kiçi ogly, aragezer Nazar getirdi. Ol şol Owgandan gelen gününiň ertesi ol irden "Şäherlik işim bar"

diýip, Tagtabazara gidip gelensoň, ugradylan amanat habarlary diňe şondan soň eýeli-eýelerine gowşurmak bilen boldy. Şol gün gijarada “Güýzlük bugdaý eksek, häzirem-ä giç däldir-dä?” diýip, maslahat sorarman bolup, Kymyş duzçynyň öýüne geldi. Goja bilen oturyp, birin-birin oňa Ahmediň ýollan habaryny ýetirdi. Ahmediň çagalaryny öz ýanyna almak isleýändigini, nädibem bolsa şolary bir derýadan aşyrmaga agasyndan kömek soraýanlygyny oňa aýdyşdyrdy.

Turup gitjek wagtam:

– “Ol ýerden çagalara ýoldaş bolup, alyp gaýtjak adamyň özi size barar” diýdi, diýibem – gümürtik gepläp, onuň aňyrdan ýollan habarynyň üstüni ýetirdi.

Ahmediň ikinji bir habar ýollany ol Hanumady. Ýöne Hanuma Ahmetden nämä garaşsa-da onuň beýle özüne eýemsirenip etjek çakylygyna welin garaşmandy. Ahmediň Nazar Gurtdan: “Çagalary alyp gelsin!” diýip ýollanan habary ony birbada ör-gökden getirdi. Ýöne ol biraz oýurganyp, böwrüni diňlänsoň, Ahmediň çakylygyndan çürt-kesik boýun gaçyrmaga-da bogny ysmady.

– Hany, bit diýen ýeriňde biterim, ýit diýeniňde ýiterim ýaly men seniň nikaly heleýiňmi? Çagalaryna eýe çykyp, üstesine heleýlem bolup, öýüni dikeldip, bal gününe batjak-da garasaý zaňňar... Ýeri men gidäýeýin diýenimde-de derýadan nädip iki çaga bilen geçerin? Üstesine-de, Owgan bir şähere giden ýaly, arkaýyn baryp-gelip bolýan ýer bolsa!? Geçip bolýan bolsa, özüň geläýseň bolmaýarmy! Seniň başarmadyk işini indi men heleý halyma, onda-da iki çaga bilen nädip başarmalymyşym? – diýip, Hanuma bu işi ilki juda garaňky görüp, jany ýanyp, Ahmediň bu çakylygyny göwnüne jan edip bilmän, oňa gaýybana igendi.

Ahmedi näçe eý görüp küýseýän-de bolsa, onuň hany-manyndan geçip, Owgana gidesi gelmedi.

Ýöne indi telim bir wagtdan bäri goç ýigit hökmünde Ahmediň saýasynda saýalamagy arzuwlap ýören zenan üçin bu hut şol edilen arzuwyň hasyl bolýan pursady. Muny sypdyrsaň,

soňra beýle pursadyň hiç wagt bolmazlygy hem gaty mümkindi? Özi-de bu mesele häzir uzaga çekilmän, netije gelinmegini talap edýärdi. Hanuma birki gün bu ýagdaýa kalbyny bükgüldedip, öz ýanyndan ölçerip-döküp gezensoň, göwnüniň eýýäm birhili-birhili bolup, Owgana imrinip ugranlygyny duýdy. Ahyram irde-giçde Ahmede gowuşmak niýeti bar bolsa, şol pursadyň gelenligine ynandy.

Hanuma soňra bu ynamy özünde barha berkitmek bilen Ahmediň: “Derýadan sag-aman geçseler bolýar, onsoň özüm öňlerinden çykyp, olary şol geçenje ýerlerinde gapyp alaryn” diýenini hem küýseg bilen ýatlaýardy.

...Şol günler Ahmediň pikirini köp edenligi üçinmi nämemi, ol bir gije ony düýşünde gördi. Düýşde, hamala, Ahmet derýanyň aňyrsynda ak aty ýalaňaçlap ýuwup, ony serginledip-seýisläp duranmyş... Wagtal-wagtalam baş göterip, Söýünaly tarapa habar alyjylykly gözläbem goýberýär. Hanuma munuň näme alamatdygyna şol wagt oňly ýorgut tapyp bilmedigem bolsa, onuň ak aty jylawlap duranyndan çen tutup, “Ak zat alnyňa ýagşy” diýleni ýatlap, ol ýerde özüne haýsydyr bir gowulygyň garaşýanlygyny çen etdi.

Nazar öýüne gelip-gideninden iki-üç gün soň, Hanuma giçlik ýüzüni garaňka tutup Kymyşlara geldi. Ahmediň şol “özi barar” diýen adamsynyň hut Hanuma bolup çykmagy Kymyş duzçudyr onuň aýaly Jemal mamany şeýle bir geň galdyrybam barmady. Ahmediň Hanuma bilen arasynyň barlygy baradaky gürrüň olaryňam öň gulaklaryna degipdi. Öňem Hanumanyň bu öý bilen gatnaşygynda juda bir görnüp barmasa-da, bir ýakynlygyň barlygy azda-kände duýulýardy.

Ahmediň aýaly Akgül dünýäsini täzeländen soň, ol dürli bahanalar bilen gelip, Ahmediň çagalaryndan habar alyp gitmesini hasam ýygjamladypdy.

Onuň gelmegi Ahmediň ogly Geldi bilen gyzy Jymmyny begendirdi. Hanuma her gezegem bu öýe gelende eli boş gelmezdi. Gant ýa nabat bölegi ýaly çaga halar bir zatjagaz getirip, olaryň

göwünlerini tapardy. Bu ilgeziklik bolsa ony diňe bir Ahmediň çagalary bilen däl, tutuş Kymyş duzçynyň ojagy bilenem belli bir derejede ysnyşdyrypdy.

Jemal mama bolsa onuň öz ojagyna barha höwrügip barýanlygyny görüp: «Aýal adam ýeke başy bar, çaga-çugasyz öýde bir özüne ýaşamak aňsadam däldir. “Biraz wagt geçireýin” diýip, bize çagalaryň arasyna gelýändir, özem bir adamkärçilikli, gowy maşgala munuň!..» diýip, onuň ahwalyna biraz nebsi agyrma bilen pikir edýärdi. Şeýle-de ol Hanumanyň hem dünýäniň düzüw wagtyndaky sürgünden öň öz gelinleriniň bolşy ýaly: «Mamasy, sag-aman otyrmysyňyz?» diýip, ir ertir-giç agşam gapydan gelip durmagyny isleýärdi.

Häzirem ol: «Mamasy, barmysyňyz?» diýip, gapydan gelip giren wagty, ony görüp, ýene-de ilki çagalar ýerli-ýerden: «Hanuma ejem, şol eken» diýşip, onuň gelenine begenişdiler.

Hanuma Ahmediň arka ýüzde sowetiň uçaryny urup ýykanyndan, onuň Owgan döwletiniň, Jüneýit hanyň öňünde iş bitiren mertebeli adam bolanlygyndan habarlydy. Hatda ol Ahmedi alyp ýatmak üçin, NKWD-äniň hiç zatdan gaýtmajagyny hem gowy bilýärdi. Bu ýerde garaşylan Ahmet şol tabşyryk bilen ugradylan döwründe yzyna geler ýerde gelmänsoň, NKWD-çileriň soňra onuň ýoguna ýanmak üçin, öz başarjaň kellekeserleriniň üç-dört sanysyny ýörite tabşyryk bilen onuň kastyna hem çykarandyklaryny bilýärdi. Emma ol kellekeserlere ol ýerde Ahmediň ahmallygyny alyp, ony güpbasdy etmek başartmandy. Soňam olaryň Ahmede ýetip bilmeýändikleri, ýetäýenlerinde hem hemişe ok-ýaragyny ýanynda guratlap, hüşgär bolup gezýän, gaýduwsyz ýigide kast etmäge milt edip bilmeýändikleri belli bolupdy. Onsoň ok-ýaraga ýanaşylaýanda hem meseläni oýlanyşykly ýagşy bişirmeseň, bu ýagdaýda kimiň kimi alyp ýatjagam belli däldi.

NKWD-çiler şondan bäri hem ony atyma getirmek üçin niçeler derýa boýuny ýaplanyşyp, şöwür çekişip, onuň geläýjek ýodalaryny saklapdylar. Ýöne barybir bir zatlar syzýan ýaly,

Ahmet olara häli-häzire hezil bermeýärdi. Nazar Gurt Owgandan: «Çagalarymy ugratsynlar» diýdi diýip, habar getirensoň, NKWD-çiler hem öz ozalky ony ele salmak mesele-matlaplaryna soňky ýagdaýlar bilen bagly üýtgetmeler girizip, ony ele salmagyň täzeden başgaça ýol bilen ugruna çykmaly bolupdylar.

...Dogrusy, bu gezegem ilki Kymyş duzçyň maşgalasyna Hanumanyň gelmegi, hemişekiler ýaly onuň çagalary küýsäp gelmesi ýaly bolup duýuldy. Ýöne ol hemişe birsalym oturyp, turup gidýän-de bolsa, bu gezek hoşlaşyp gidibermäge howlukmady. Çagalar uklap galansoň, ol Jemal mama, Kymyş baba bilen gürleşip, olar bilen Owgana nähili aşmagyň maslahatyny etdi.

Hanuma hoşlaşyp turan wagty ol Jemal mama: «Indi itiňiz maňa degenok" diýse-de, ony ýola salmak üçin bile daş çykdy. Soňam ýene bir gezek janyny barlaýan hörpde: "Gelin, göwnüňi berk togalansyň-da?" diýip, ondan Owgana gitmek meselesini ýene bir gezek çintgäp sorady.

Hanuma gülümsiräp:

– Nesip bolsa, mamasy – diýip, bu gezek ol eýýäm özüni bäşbelanyň gelinleriniň biri saýyp, ynamlydan göwünjeň jogap berdi.

Howa sergindi. Ýyldyzlar asmanda patrap açylan pagta meýdanyny ýada salýardy. Hanuma tebigatyň bu ýagdaýyny görüp, erte-birigünem şunuň ýaly ýagyn-saçynsyz gowy gün bolaýsa, ýola gidýänini ýatlap arzuw etdi

Ahmediň çagalaryny Owgana aşyrmak meselesi bilen Kymyş duzçynyň öýünde Hanuma bilen maslahat edilen gününiň ertesi ol: «Meni gyssagly iş bilen şähere ýolbaşçylar çagyrdylar, şoňa baryp geldim» diýip, gijöýlänler ýene Jemal mamanyň ýanyna aýak üstünden geldi. Owgana gitmeli günüň sähedi täzeden anyklanyldy.

Kymyş duzçy hut şol belleşilen gün Ahmediň çagalaryny Owgana ýollamagyň ugruna çykdy. Ol ýola niýetlän horjunyň bir gözüne Ahmediň çagalaryň geýim-gejimleri salnan düwünçegi, kak, sök, gurt salnan düwünçekleri, horjunyň beýleki gözüne

bolsa, ýola niýetlenilip ýörite süýde ýugrulyp bişirilen dört tegelek nan-da saçaga dolanyp salyndy. Horjun ykjam köjeldi.

Kymyş duzçy Geldini eşeginiň syrtyna gonduransoň, Jymma-da: “Gel, gyzym, senem!” diýip, ony-da öz öňüne aldy.

Jemal mama adamsyna eşege atlanmaga kömek edip, onuň eline eşek taýagyny alyp berip, çagalara gezekli gezegine münmäge kömek edip, ýola salyp durşuna, ýetim çagalaryň ýene ýat ildi syňsyramaly boljakdyklaryny, Akgülüň ýoklugyny ýatlap çäresizlikden:

– Siz bir maňlaýy gara çagalar ekeniňiz! – diýip, olaryň halyna gaýlyp, bozulyp hamsykdy.

Kymyş duzçy ak öýlänler Allany çagyryp, ýola düşdi.

Asmanda seýrek, ýukajyk bulutlar ygym-sagym gezişip ýördüler. Pendi baýyrlarynyň arkasyndaky batar ýerini peýläp, göwresini ýagşy sallan Gün henizem ozalkysy ýaly lowurdap göwnühoşdy.

Obanyň günortasynda goňşuçylykda täze dörän «Täze ýol» kolhozy bolup, onuň ses ýetimlik Söýünaly tarapynda Şagal ýap ady bilen tanalýan, suw joşan mahaly, suw kowmak üçin ulanylýan bir köne jar bardy. Ol jar baýyr düýbündäki Ýekeýüz atly ýabyň golaýyndan başlanyp, uzalyp barybam derýa boýunyň jeňňeldir ekerançylyk ýerlerine sanýardy. Ozal belleşilişi ýaly, Hanuma Kymyş duzça hut şol ýerde garaşmalydy.

Kymyş duzçy çagalary at-eşegine mündürip, olary keýpine töwerege aýlap, gezdirip ýörene meňzäp, köne jaryň töwereginde bir salym aýlap-dolap gezensoň, Hanuma bilen duşuşmagy wadalaşan ýerine geldi.

Bu buky ýerde Hanuma indi bir mahaldan bäri ýol şaýyny tutup, olaryň geler ýoluna gözläp, garaşyp otyrdy. Kymyş duzçy golaý gelenden Hanuma gapdaldan olary garşylamaga çykdy.

Ol häzir öňki lybasyny üýtgedip; kiçijik börüginiň ýerine başyna saryk gelinleriniň geýýän ýaşyl kepderi reňk bürenjekli soky topbusyny geýipdir. Alkymyň aşagy bilen aýlanylyp ýaşynylan ýaşmak Hanumanyň ozaldanam görmegeý görküne

indi hasam gelşiklilik beripdir. Börügiň maňlaýyna dakylan şelpeli kümüş maňlaýlygyň şelpesini şyňňyrdadyp, bu-da oňa has dabaralydan mynasybet beripdir.

Özüne: “Muňa-ha bir şu lybas kem eken” diýdiripdir.

Hanuma jardan çykan mahaly Kymyş baba ony bada tanaman, tötänden başga bir aýala duşandyryn öýdüp, tasdanam eşegiň başyny ýeňsä alypdy. Hälem heniz ol yzyna öwrülip-öwrülmänkä, Hanumanyň özi ýapdan çykyp gelşine gelinlerçe ilki eglip, salam berip, oňa özüni tanadaýdy.

– Babasy, geldiňizmi?!

Soňam ol gelip, ýeke-ýekeden gujaklap, çagalara eşekden düşmäge hemaýat etdi.

Kymyş duzçy onuň görmegeý bolanyny görüp: «Hä-ä munuň-a bir kemi saryk gelinleriniň börügi eken... Hasam syratlanyp görmegeý gelin bolupdyr bi... Eýsem nä, hele-hüle heleýe biziň Ahmediň göwni ýetjekmi? Kemine şahyryňam şol: «Gysymlap gyşarsam ýar mämelerin...» diýip, taryp edeni hem hut şular ýaly höwesi daşyp, bökjäp duran gelinleriň biri bolan bolmaly-da» diýip, jahyllarça küýlendi.

Çagalar özlerini kakalarynyň ýanyna äkitjegiň başga biri däl-de Hanumadygyny görensoňlar, muňa diýseň begendiler. “Hanuma ejem-de, Hanuma ejem” boluşdylar.

Hanuma olary höwes bilen öz ýanyna alyp durşuna söýünç bilen olaryň başyny sypalap, göwünjeň hoşamaýlyk etdi.

– Meniň köşejiklerim gelipdir – diýdi. Töweregiň göz-dilinden heder etmek bilen, töweregine garanjaklap alansoň: “Babasy, siz onda şol aýdan ýeriňize baryberiň!” diýdi-de, ol çagalar bile ýene bukurak ýere, jar içine çekilmek bilen boldy.

Bu iş hökümetden-ýenekidenem gizläp edilýänligi üçin, hemmelerden aňrybaş hatyrjemligi, hüşgärligi talap edýärdi.

Ýabyň içi açyk meýdan bilen görene göz bolup gidenden bähbitlirägem bolsa, ýöne onuň içiniňem ysy, kapaslyga diýermiň, aýagyňa çolaşýan ot-çöpleri diýermiň akarady ýetik eken.

Hanumanyň goşy iki sany düwünçekden ybarat bolup, ol götermäge amatly edilip, uçlary bir-birine çatylyp, egne ataýmaly edilipdir. Hanuma goşuny egnine atyp: “Ýörüň!” diýip, Jymmynyň golundan tutup, Geldini yzyna tirkäp, öňden çykan çöp-çalamlary bir goly bilen gapdala sowup, ýene birleriniň töwereginden öwrülip-aýlanybrak geçip ýöräp ugrady. Yzdan gelýän Geldi hem olardan galmajak bolup çytraşdy. Ýöne ol öz ýanyndan kakasyny hemmelerden batyr edermen hasap edip ýöreni üçin, onuň beýdip, nämedir bir zatdan çekinip, ot-çöpüň arasynda bukulyp ýaşap ýörmesine ynanyp bilmedi. “Akgam akga bolubam indi şeýdip, Owganda bir zatdan gorkup-çekinip bukulyp ýaşaýarmykan?” diýip, alasarmyk oýlandy.

Bir gezek bolsa ol dem-dynç almak üçin aýak çekilende öýkelän ýaly dommaryp durşuna özüniň lapyny keç eden soragly pikirini Hanuma-da aýtdy.

– Hanuma eje, Akgam kimden gorkýarka, beýdip ol gizlener ýaly? – diýdi.

Hanuma Geldimyradyň gepine birbada näme jogap berjegini bilmän, ýöne myssa ýylgyraýdy. Soňam: “Oglan başyňa döneýin seniň!” diýdi-de, buýsanç bilen onuň başyny sypady.

Geldiniň bu gepi şu ýerde Jymmyny hem ejesini ýatlamagyna sebäp boldy. Ol:

– Onsoň ejemem şol ýerdemi? – diýip, ol hem Hanumadan hoş habar hantama boldy.

Jymmy ejesi ýogalan günleri “Hany ejem?” diýende oňa ulular näme diýjegini bilmän: «Ejeň Owgana kakaň ýanyna gitdi” diýen ýaly bir başdansowma gep aýdypdylar. Onuň-da şol ýadyndady.

Şondan bäräm ol her gezek kakasy agzalanda ejesem onuň ýadyna düşerdi, elbetde, biraz ulalyp, durmuşa aň edip ugraýança kim oňa onda-da häzir ejesiniň älemden ötenini düşündirip biler? Adaty beýle ýagdaýyň sebäbini bolsa hemişe soňra wagtyň özi düşündirýär. Onýança bolsa oňa biçäre ejesi bir ýerlerde bar ýaly bolup duýlar...

Onsuzam Jymmy özüniň häzir kim bilen barýanyny wagtal-wagtal unudup, ejesi bilen mamalaryna ýa-da ýeneki bir bäbek bolany gutlamaga barýandyryn öýdüp, ejesiniň özüni: “Haýsy aýagyň ýyndam?” edip, elinden tutup, gapdaly bilen ýöredip, alyp barýanlygyna ynanýardy.

Jymmy ejesini ýatlan mahaly Geldiniňem ony ýürejigi küýsäp duranlygyna seretmezden, ol biraz akyly ýetenligini edip, bu barada dil ýarmady. Şeýle-de ol ejesiniň soňky ýoluna ugradylyşynyňam bir çetini görüpdi. Akgül ýogalanda onuň tabydyny ilki ýerden götermeli ýakyn doganlary adamsy Ahmet häzir bu ýerde ýok bolany üçin, iň ýakynlary hökmünde onuň tabydy yrym edip, ogly Geldi bilen ýüwürjisi Öwezdurda tutduryp, gapdaldan ululuaryň özlerem hemaýat edip, şolar göterdi edipdiler. Şonda Geldi ejesiniň tabytda ak köpene dolanyp, üstüne atylan mata-marlygy ýapynyp, bir gysym bolup ýatanyny görüpdi. Bu onuň şonda ejesi bilen hemişelik hoşlaşyk hökmünde gözünde galypdy.

Hanuma her gezek özleriniň ýene-de näçeräk ýöremelidikleriniň çakyny almak üçin, amatlydyr öýden ýerinden raýyşa göterilip, şol ýerde töweregini gözlän mahaly her gezegem Kymyş duzçynyň eşegini dikgirdedip, birde özlerinden biraz öňräkden, ýene birde biraz yzrakdan gapdallap ugurdaş gelýänligini görýärdi.

Hanuma ýene bir gezekde şeýdip töweregiň habaryny almak üçin, raýyşa göterilen mahaly Kymyş duzçynyň hol beýlede ekin meýdanynyň bäri başynda biri bilen gürleşip duranyny gördi. Ara esli baram bolsa, Hanuma onuň ýanyndaky adamyň başga biri däl-de, Anna pälwandygyny bildi. Ol birki günlükde duzçynyň Ahmediň çagalaryny Pyrara atarmak üçin, Owgana belet adam hökmünde onuň bilen duşuşyp, maslahaty bişirip gelendiginden habarlydy.

Anna pälwan şonda oňa:

– Kymyş akga, siz diýseňiz etmeli bor. Birigün gijöýlänler gelibersinler onda. Men şol töwerekde pagta suw tutýan – diýipdi.

Hanuma dagy köne jaryň içinden ýene birmeýdan gizligin ýöränsoňlar, olar gelip, derýa golaýyndaky günorta demirgazyga ýaýylyp oturan ekin meýdanlaryň üstünden indiler.

...Hanuma jardan çykan ýerlerinde çagalary biraz özünden öňe, duzçy bilen pälwanyň duran ýerine goýberensoň, özi jaryň raýyşyna göterildi-de, hamala, yzynda unudyp, galdyrany bar ýaly bir pursat aýak çekip, Söýünala tarap hyrydar gözläp durdy. Şondan ol ilerdäki lemmerlenişip oturan Pendi baýyrlarynyň bir eteginde Söýünalynyň gara baglyga bürenip, ymyzganan ýaly bolup, öz yzlaryndan düşnüksiz seredip oturanyny gördi. Şu pursatda hem hamala obany hemişelik taşlap gidýänligiini süňňi syzýan ýaly, onuň kalbyna düşnüksiz tukatlyk aralaşdy.

Bu ýerler onuň gözüne beýle yssy görünse-de, beýle bolar ýaly, ol Hanumanyň dogduk mekany hem däldi. Emma muňa seretmezden, bu ýerler onuň iş üstünde bolup gezen, ýaşap höwrügen ýerleridi. Hanuma Söýünaly bilen özüniň ertirki has bagtly günlerini baglap, onuň sadadan gelen zähmetsöýer göwnaçyk adamlary bilen düşünişip ýaşaýardy. Bu wagta çenli Söýünalynyň gadyr-gymmaty artyp, ol onuň hemişe ýaşamagy arzuw eden arzyly mekanyna öwrülipdi. Ykbal ony bu ýerde Ýagdynyň üstünden ätledip, Ahmediň joşgunly söýgi ummanynyň gujagyndan beripdi. Ol ozal-ahyr arzuw eden goç ýigidine duşupdy. Şondan bäri hem ol Ahmede gowuşmagy maksat tutunyp, özge ähli zatlar üçin söýgini ker hem kör hasap edip, tama-telwasly ýaşaýardy. Ahmetden başgany ne görüp bilýärdi, ne-de eşidip. Häzirem ony bu hatarly ýola çykaran hut şol kalbyndaky Ahmede bolan, yhlasy, çyrpynýan söýgi ummanynyň däli tolkunlarydy... Hanuma şundan soňam, hamala, özüniň ýene-de Ahmet bilen, bu topragyň gujagyna gaýdyp gelmek maksadyny Söýünala pynhanlykda aýan edýäne, hemişelik onuň durkunyň surat bolup, nazarynda galmagyny isleýäne meňzäp, isleg-tamaly oý-köýlere berlip, ony hyrydar synlap durdy.

Bu topragy goýup gidýänligi üçin bolsa gerek häzirki pursatda Söýünaly Hanumaň gözüne öňküsindenem has yssy, has

elýetmez göründi. Şol bir wagtda hem onuň kalbyna bu aýrylyk bilen bagly gubarly gussa aralaşdy. Sebäbi ol başgalaryň Owgana gaçýanyny, geçýänini eşitse-de, ýöne beýdip bir gün özüniňem şol adamlaryň güne düşjegini asla pikir etmändi.

Görüp oturan halkynyň keç ykbalyndan bir bölegi onuňam maňlaýynda bar eken-dä. Şeýdibem: "At basman diýen ýerine müň basar" diýleni boldy. Ine, indi onuň özi hem Ahmet diýip, ähli hany-manyndan geçip, Owgana barýar.

Bu Hanumanyň Söýünaly bilen özboluşly, ýürekden hoşlaşmasy boldy. Hanuma soňra Anna pälwandyr Kymyş duzçyň çagalar bilen bir zatlar gürleşip duran ýerine howlukdy.

Kymyş baba olary şu ýerde Anna pälwana gowşuryp, hoşlaşyp ýola ugradansoň, nepi deger diýen tama bilen ak ýol arzuwlap, doga okap, ýagşy dilegler edip, olaryň yzlaryndan garap durdy. Gün batyp, garaňkam indi assa-ýuwaşdan düşüp ugrapdy. Bu hut Hanuma dagynyň bähbit arap, serhetden aşmagy niýet eden islegli pursadydy. Häzir Gün batyp gelýärkä it masgarasy bolup, töwerekde jeňňele ýaň berip, gygyryşan şermende şagallaryň sesleri hem biraz saýhal tapma bilen azalypdy. Ýöne barybir henizem olaryň gyk-wagy ondan-mundan käte eşidilýärdi. Häzir şol şagal sesleri barýanlary üýşendirme bilen: «Haý, Kymyş duzçy Ahmediň çagalaryny serhetçilerden gizligin derýadan aşyrmakçy bolýandyr-la, how. Olar gamyşlyga siňendirler-le how... Hany, geliň-de tutuň-a bulary!..» diýşip, gykuwlaşýana meňzeýärdi.

Anna pälwan bu ýerlere belet borly, ol öňden ýol kesip, mal-garanyň ýöräp, çöp-çalamy döwnük edip, aşak düşäp ýasan ýodasyny yzarlap, dogumly-dogumly ädimläp barýar. Ol indi ýaňy golaýda şagal gygyran wagty gözlerini tegeläp gorkan Jymmyny hem göterip, bir goluna alyp, çöp-çalam degmesin diýip, onuň ýüzüni goraglap, egnine ýapladypdy. Hanuma bilen aralykdan jompuldan ýöräp gelýän Geldi öňde näme barka diýip, bilesigelijilige berlip, Anna pälwanyň aýagyna eýermäge çalşyp ýöräp gelýärdi. Oňa şeýtmese, Anna pälwan özlerinden has daşlaşyp, ara açarly bolup görünýärdi.

Anna pälwanyň häzir ähli pikiri bulary sag-aman derýadan geçirip, boýun alan işini ýerine ýetirip, amanady öz eýesine tabşyrmakdy.

Ol özleriniň öňüni dolaýjak esgerlere, ýenekilere duşmazlyk üçin wagtal-wagtal säginip, heserlenip gijäni diňleýärdi. Ýörände, hamala, atdanlykda ýatan ýekegapan ýenekiniň üstünden basaýmaýyn diýýän ýaly, hüşgärligi elden bermän ýöremäge çalyşýardy. Bu töwerekde her hili bela-beteriň gabat gelmeginiň mümkindigini ol gowy bilýärdi.

Gije dünýäni öz gara oýlugynyň aşagyna dolap alansoň, ol indi öňküsinden has içgysdyryjy hem howp-hatarly bolup görünýärdi. Ýöne her gezek diýen ýaly şeýle bolanda bir ýerden Aý-ýyldyzlaryňam Hydyr ata bolup, kömege ýetişäýmesi-de bolardy.

Bu gezegem hut şeýle boldy. Ýokarda Aýy töwerekläp, barha köpelýän akja goýun-guzular asman agylynda köpelip, öz barha-barha artýan şuglalary bilen ýene-de dünýä aýdyňlyk hem anyklyk berip ugrady. Emma şeýle-de bolsa, bu pursatda onda-da ýanyňda bala-çaga asgynjagyň hem bar mahalda ýol ýöremek aňsat däldi.

Her duşan çöp-çalam saňa aslyşjakdan-da, çolaşyp badak atjakdan.

Bir salym ýörelensoň, töweregiň gamyş-gajrawy mesemälim azalyp, olaryň ýerini toraňňy tokaýlygy eýeläp ugrady. Ýoda bolsa henizem öz ugrunyň dogrusynda dogrulanyp, egrisinde egrelip gidip barýar. Derýa golaýlaşyldygyça indi suwa golaý durup, onuň nemini boldan alan toraňňylaryň bili ýognap, boýy uzalma bilen.

Öňden derýanyň şogurdysy eşidilip ugranyna köp wagt geçmänkä, onuň özi-de öňden çykyp, ýoly kesdi. Derýa bu ýerde, hamala, gijäň gara toruna düşen äpet balyk ýaly urnup, çolaşyp-çyrmaşyp akýan eken.

Aýdyň Aý astynda, ine, indi derýa-da bu açyklykda mesaňa owsunyp, görnüp dur. Onuň ýüzündäki bir dilkaw Aý şöhlesi kese

düşýän ýer has-da nurlanyp, göz gamaşdyryp ýalpyldaýar.

Suwuň ýüzi bilen garşy kenara tarap uzalyp gidýän Aý şuglasy, şu pursatda Anna pälwana asmanyň öz öňlerinde ýazan ak ýoly bolup göründi.

Anna pälwan derýanyň kenarynda bir dem aýak çekdi-de, ýene bir gezek janyny barlap, dünýäniň habaryny almak bilen, Owgan kenaryny hüşgärlik bilen, siňňin synlap durşuna Hanuma bilen bir oýnam gep alyşdy.

– Ine, derýa-da ýetdik, gelin.

– Çuňmukan?

– Çuň ýerem bardyr, telperräk ýerlerem munuň.

– Ahmet bizi garşylarmykan?

– Onuň häzir o ýüzde bizi görüp, derýa girdigimiz öňümizden ýüwrüp çykarman bolup, häzirlenip ýatan bolmagy-da ahmaldyr.

– Belki. Ýöne beýle bolsa ol eýýäm bize bir yşarat edäýmeli ýalydyram welin – diýip, Hanuma Ahmetden ýene gaýybana göwün etdi. Ahmediň wagtyň geçmegi bilen has küýsege öwrülen keşmeri bolsa indi ýola düşüleni bäri onuň gözüniň öňündedi.

– Sabyr ediň! – diýensoň, Anna pälwan ýol kesip, olary öz adaty derýadan geçýän ýalpak-güzerine tarap äkitdi.

Suwa girilen mahaly suwuň düňderilip akyp ýatyşy, özüniň oňly ýüzüp bilmeýänligini ýatladyp, birbada Hanumaň howuny basdy.

Derýa barha çuňalyp ugransoň howatyrlanyp, Anna pälwan gijäniň içinde öz niýetläp gelen güzerini ýalňyşandyr öýtdi.

Aý bu ýerde diýseň nurlanyp, suw perisi bolup, derýanyň orta arasynda ýüzüp ýören eken. Ýogsam Anna pälwan ýaňy kenarda köwejekläp duran mahaly derýanyň çenini ýagşy alypdy. Soňam ol geçilende çagalaryň birneme suwadan ýokarrakda bolmaklary üçin, olaryň hersini Hanumanyň kömegi bilen egnine taýlap atan horjunynyň bir gözüniň üstünde goraglap gondurypdy.

– Bir eliňiz bilen horjunyň köjük ýüpünden, ýene bir eliňiz bilenem meniň donumyň ýakasyndan berk ýapyşyň! – diýibem olara sargapdy.

Derýa suwy şeýle bir sowuk däl-de bolsa, ol biraz gorka düşen Hanumanyň endamyny tikenekletdi. Akdyryp topary öz ygyna alyp gidäýerli göründi.

Şol barmana Anna pälwan Hanumaň kürtdürenini görüp:

– Gorkmaň! Geldikmi? Geçeris, enşalla, geliberiň, bu ýeriň suwy tiz akýanlygyna seretmezden, ol ýalpagrakdyr! – diýip, bu meniň öňem girip-geçip ýören belet ýerimdir diýen äheňde göwünlik berijilikli gepledi. Soňam Hanuma: «Siz, gelin, meniň sag tarapragymdan, özem kän menden daşlaşman, gapdalragymdan ýöräberiň!» diýibem sargady.

Hanuma bu gepiň, Anna pälwanyň özüne eger ýykylyp-sürşäýseňem, gerek bolanda, özüm kömege ýetişerin diýdigidigine düşündi.

Suw guşaklyga, soň kükrege ýetip, ol gitdigiçe-de ýene çuňalma bilen boldy. Emma hemişe şu wagtlar Gün batanynyň yzysüre bolşy ýaly, suw mylaýymdan ýakymlydy. Tomus günleri dagy ol şu döwürde, hamala, gyzdyrylan süýde dönen ýaly diýseň, meýmirediji bolýardy.

Hanuma Anna pälwanyň diýşi ýaly, suw boýlaýan ýaly bolup, onuň gapdaly bilen ýöredi. Hanuma suw içi bilen aýaklanmadyk köşek ýaly entek-tentek edip, birden suw bir ýol bilen aýagymdan alaýmasyn diýen ätiýaç bilen gorka ýöredi. Şol barmana-da suwy ortalaberenlerinde Hanumanyň göwresi birden duýdansyz suwuň ýüzünde gysgalan ýaly boldy-da, aýaklary ýer tutman aşak gitdi. Onuň derýa düýbündäki çukurlaryň biriniň üstünden baranlygy belli boldy. Hanuma janhowluna kömek sorap, bir: “waý-ýeý...” diýip, gysga zeýrenmäge ýetişdi. Agzyna suw gapyp demikdi.

Ýöne bu ýagdaý Hanumany gabadyndan ýöredip, oňa gözegçilik edip gelýän Anna pälwanyň gözünden sypmady. Ol Hanuma heniz doly çümüp-çümmänkä, onuň ýeňsesinden şapyladyp tutdy-da, özüniň kuwwatly goly bilen, dessine ýokary göterdi. Hanumanyň biraz gorkanyny pikir edibem, oňa öz donunyň egninden tutduryp, goraglap ondan aňyrlygyna golaýyndan ýöredip äkitdi.

– Gaýrat et, gelin! Indi munuň mundan beýlesi ýalpakdyr, kenaram uzak däl, hä diýmän ýeteris! – diýip, hem göwünlik berip, ony howp-hataryň sowlup barýanlygyna ynandyrmaga çalyşdy.

Dogrudanam, şundan soň tiz Hanuma öňki boý bermedik, aýak astyndan sypyp giden ýaly bolup duýlan zeminiň ýene aýak astyna gelenligini duýdy.

Topar birazdan derýany kesip geçip, ezilen towuk ýaly bolşup, üstlerinden suw sarkyrydyşyp, kenara çykdylar.

Hanuma Anna pälwana horjunyň gözleriniň üstünde joňkaryşyp oturan çagalara aşak düşmäge kömek edensoň, pälwan hem agyr horjuny egninden düşürdi.

Emma bu ýerde göwne beslenilip garaşylan duşuşyk bolmady. Ahmet nämüçindir boýugybermedi. Bu bir pursat Anna pälwandyr Hanumanyň çagalar bilen töwereklerini gözleşip, nätjeklerini bilmän haýran bolup durmaklaryna sebäp boldy. Anna pälwan:

– Biraz tagapyl ediň! Onuň bilen ýolumyz aýra düşüp, gabatlaşyp bilen däl bolmagymyz mümkin, ol şu golaýda bir ýerlerde bardyram, mümkin, ol bizi gözläbem ýörendir. Hany şu ýerde kenarda ýene biraz garaşalyň, belki, onýança o-da bir ýerden gara berer. Biz ol diýip, beýdip derýadan geçip gelenimizsoň, ol tapylmasa bolmaz-a...– diýip, töweregine göwünlik berijilikli gürledi.

Anna pälwan soň düşlän ýerleriniň töwereginde köw-söw edip aýlanyp ýörşüne garaňka çekilip, egnindäki öl bolup endamyna ýelmeşip, biynjalyk edip ugran geýimlerini çykaryp, olary şol ýerde sykyp-silkip, täzeden egnine geýip, biraz ynjalyk tapdy.

Aňyrdan gelşine-de Hanuma:

– Gelin, men-ä geýimlerimi sykyp aldym, baryň indi sizem öl geýimleriňizi sykyň, çalşyrgyjyňyz bolsa-ha, çalşyrynanyňyz gowy – diýip, oňa maslahat berdi.

Hanuma hem şundan soň, pälwanyň maslahatyny eýerip, düwünçeginden gury geýimini alyp, bir düýp hyşanyň ýeňsesine aýlanyp, çalşyrynyp geldi. Derýadan Anna pälwany münüp geçen çagalaryň bolsa, egin-eşikleri gurudy, şonuň üçinem olara geýimlerini sykyp-çalşyrynmak geregem bolmady.

Anna pälwan Ahmediň özlerini hut şu töwerekde garşylajakdygyna ynanýanlygy üçin, wagty bilen onuň derýadan uzaklaşasy gelmedi. Göwnüne Ahmet: “Hä, siz bärdemidiňiz?” diýip, bir ýerden zompa çykaýjak ýaly gümanly boldy durdy.

Gije parahatdy. Ýöne bu öwrä belet pälwan munuň hakykatdanam şeýledigine ynanmaýardy. Sebäbi bu ýer serhediň atyşyk-tutluşyk bolýan howply ýerleriniň biridi. Belki, häzirem serhetden ötjek-geçjegiň, golaýda bir ýerde garaňka dulanyp, çöpe-çalama çörňeşip busup ýatan bolmagy-da gaty ahmaldy. Şonuň üçinem töwerekdäki dünýä bir hili syrly hem howply görünýärdi.

Ahmediň beýdip gijäniň içinde özlerini töweregine gözledip synsyradyp goýmagy soňra bir çagalaryň däl, Hanumanyň-da lapyny keç etmäge başlady. Hasam onuň “Kakam...” diýşip, garaşyp, onuň bilen duşmaga howlugyşyp, elewreşip duran çagalara nebsi agyrdy. Olar bolsa häli-şindi:

– Kakam näme üçin gelmeýärkän? Ýa-da garaňkyda ol bizi görmeýärmikän? – diýşip, alada galyşyp soraýardylar. Hanuma ýene-de şu pursatda Ahmede ýetirmeli habary alyp giden Nazar Gurta-da biraz müňkür bolup, ondan gaýybana nägile boldy. “Ýa olam agam-ýenekim diýip, biziň habarymyzy Ahmede ýetirmegi unudaýdymykan? Habar ýeten bolsa-ha, ol başy dik bolsa, hökman bu ýerde tapylmalydyr özün-ä...” diýip, ünjä galyp, pikir etdi.

Aňyrdan kalbynda Ahmede duşmaga göwün besläp gelýän Hanuma üçinem bu diýseň garaşylmadyk juda düşnüksiz ýagdaý boldy.

Ýöne Ahmet welin näçe garaşylsa-da, barybir gara bermedi.

Asmandaky Aý aýlanyp, eýýäm Owgan Bürgüdiniň

galasynyň dik depesine göterilipdir. Ol şol ýerde, hamala, Söýünalydan öýkeläp, ýüz öwren ýaly, oňa kese bakyp dur. Aýdan aýdyňlyk alan gala indi öňküsinden hasam haýbatly hem has hökmürowan görünýär. Ukusy gelen çagalar indi eýýäm pallaşyp, uky bilenem humarlanyşyp ugrapdylar.

Wagt geçdigiçe Hanumanyň her hili erbet pikirler göwnüne gelip, serini alada basyp ugrady.

– Ine, men çagalary alyp, başymy etegime salyp geldimemdä, bu ýerde-de sen ýok bolsaň, men seniň öýüňi, howlyňy başyma ýapaýynmy? – diýip, Ahmede pikirinde igendi.

Ýat ýerdäki özüni häzirki çäresiz halyna kemsindi. Ýene birde bolsa:

– Ýa-da atyşyp-çapyşyp, bir ýerlerde gara güne galyp ýörmükän... Okdan uçup ýaralanman, ýeneki etmän ýören bolsa, ne ýagşy – diýip, onuň gaýgysyna etdi.

Bu näbelli ýagdaý aňyrdan Hanuma dagyny Ahmede gowşurdygy, hiç kim görüp-duýmanka, yzyna dolanmagy niýet edip gelýän Anna pälwany-da diýseň aramjan etdi. Onuň öňki matlaby, maşgalany derýadan geçirip, Ahmede gowşurdygy yzyny ýel çalmanka, oba dolanmakdy. Onuň "Pälwan-a Owganamy, başga ýeremi ýene bir ýere gümlam bolupdyr" diýdirip, obada tapdyrman, gepe-gürrüňe galasy gelenokdy. Ýöne Ahmediň beýdip wagty bilen gara beribermän irikge etmegi welin kemkemden oňa gyssagly, yzyna dolanmak pikiriniň aňsat başa barmajagyny düşnükli etdi.

Indi nädibem bolsa, bir ygtybarly ýer tapyp, bulary şoňa gowşurmakdan başga alaç ýokdy. Diňe şondan soň ol arkaýyn yza dolanyp biljekdi. Ol haçanda şeýle ýeri peýläp oýlanýan mahaly ilki onuň ýadyna, çagalaryň bu ýerdäki dogan-daýylary Mämmethanlar düşdi.

...Akgül pahyryň doganlary Akynýaz baý, Mahmyt, Hoja gök, ýene-de olaryň ogul-gyz maşgalalary Owganda birnäçe ýyldan bäri telim bir öý bolşup otyrdylar. Anna pälwan çagalary olaryňka bir ýetirip bilse, olaryň ýegenlerini "gowymyň gykyndygy" diýip,

derdew garbap aljaklaryna, merhum doganlarynyň balalary hökmünde olary ezizlejekdiklerine ynanýardy.

Hanuma... Hanumaly ýagdaýa hem özgeler düşünmese-de, Akynýaz baý düşüner. Belki, eýýäm Ahmet: “Hanuma çagalary alyp gelsin” diýip, habar ugratmazyndan ozal “Meniň-ä şeýle niýetim bar” diýip, oňa geňeşen bolmagy, Akynýaz baýyň hem: “Näme etseň et, ýöne öýde heleý bolmasa bolmaz, Akgül pahyram ýok indi, çagalary hor etmejek bol!” diýen bolmagy-da gaty ahmal. Onsoňam Ahmet gaýynlary Owgana aşanlary bäri, olar bilen hasam ýakyn hyzmatdaşlykda bolup ýören adam.

Anna pälwan şu pikirler bilen küýlenip çagalardyr Hanumany diňe şeýle ygtybarly ýere tabşyransoň, arkaýyn yzyna gidip biljegine ynandy.

– Şeýdip bulary bir ynamly ýaka gowşuraýmasam, oba dolanyp barmakda-da gep bardyr. Tabşyrygy bitirmän baraýsam, onsoň Jemal gelneje bilen Kymyş akganyň diliniň öňünde döw dursun! – diýip, anyk bir zat aýtman, uýatly diligysga boljagyny pikir edýärdi.

Anna pälwan soňra öz pikirini geňeşýän hörpde Hanuma-da aýtdy. Hanuma-da uludan demini alyp, biraz oýlanyp duransoň:

– Heý, bir ýerden özi gara beräýmezmikän? – diýip, Ahmedi gözläp töweregini gözledi.

Bada onuň ýat ýere barmagy kyn görüp, ikirjiňlenýänligi duýuldy. Şu pursatda ol Anna pälwana: “Bolmasa, pälwan aga, henizem giç dälkä, yzymyza dolanaýsak nädýär. Biz gerek bolsak, Ahmediň özi barybersin yzymyzdan” diýerli göründi. Ýöne ol şol barmana-da zerurlygy bolmasa, serhediň keýpine gelnip-geçilip ýörülen ýer däldigini pikir etdimi ýa-da onuň Ahmede bolan yhlas höwesi talap bildirdimi nämemi, ol soňra Anna pälwan bilen ugurdaş gopdy.

– Pälwan aga, özüňiz gowy bilýäňiz. Ahyrsoňy bizi Ahmede gowşursaňyz bolýar! – diýip kaýylyk tapdy.

Anna pälwan şundan soň, ýükli horjuny gaýtadan egnine alyp: “Muhammet daga gelmese, dag Muhammede barar” edip,

olaryň öňüne düşüp, Pyrary Marçaga tarap ýola düşdi.

Pyrary-da Marçagyň öňi giden ekerançylyk meýdany bolup, ol müňlerçe atyzdyr çile öwrülip, galanyň töweregine agyl berip oturan giňiş meýdandy. Bu ýerdäki Marçak esasanam üç sany obaçylykdan ybarat bolup, olaryň üçüsi-de galanyň arka tarapyndaky bol suwly ene ýabyň boýunda bir-birlerinden alys bolmadyk aralykda ýerleşipdiler. Gala bir wagt şol ýerleriň ortasy hasap edilip, ýörite peýlenip gurlan aýratyn bir binady.

Bu ýerde Anna pälwanyň tanyş-bilişlerden diňe Akynýaz baýyň toplumy däl, onda başga-da, Söýünalydan gaçyp geçen obadaşlaryň ýene-de ençemesi bardy olar: “Bu golaý ýerde aýlanyp-dolanyp, ýene-de bir döwür Watana dolanmaga mümkinçilik bolanda, öz ýakynymyz şonda harsa derýadan geçip, yzymyza dolanarys” diýen inçejik tama bilen ýaşardylar. Bu ýerden Söýünaly Garabil baýyrlarynyň üstüne çyksaňam, derýa boýna barsaňam, aňyrdan gözüňe yp-yssy bolup görner durardy.

Biraz ýörelensoň, Anna pälwan çep gapdalda uzakdan salgym atyp oturan Owgan galasynyň äpet diwarynyň sulbasyny saýgaran mahaly bu töwerekde serhetçi Owgan pelteňlerine hem köp duşulýanlygyny ýatlady. Şundan soň ol topary bilen, mümkin boldugyndan, pelteňlere duşmazlyk üçin, hüşgärligi elden bermän, galany oýtarlap ýöremäge çalyşdy. Öz barmaly ýerlerine bilniksizden, gapdalyndan öwrülip barmak üçin, ugruny üýtgedip, öwrülip günorta – Balamurgap tarapa ýöneldi.

Haçanda Anna pälwan ekin ýerleriniň aýak ujy bilen derýa boýunyň gyrymsy ösümlikleriniň arasynda gaplaňlaryň jedel depesini ýatladyp, ortada ögbek bolup, depelenip oturan tanyş alaňa duşan wagty ol özleriniň barmaly obalarynyň duşundan geçip barýanlygyny bildi.

Ol oba aşmak üçin indi mundan aňry düz meýdana çykman, gizlin ýöremek mümkin däldi.

Açyk ekin meýdanyna tarap öwrülip, şüdügäriň içi bilen gaýralygyna – atyz-çilleriň arasy bilen gitmek gerekdi. Aý bolsa indi ýagşy göteriljek belentligine göterilip, aljak öwrümini

alyp, dünýäni hasam nurlandyrypdy. Töweregi gündize berimsiz gijeleriň birine öwrüpdi.

Hanuma yzdan Geldini öňüne salyp, Jymmyny käte gujagyna göterip, käte gapdalyndan ýöredip, topary jemläp gelýärdi. Pikirinde bolsa ol ýene-de Ahmediň arzuw-islegine berlip, onuň bilen boljak duşuşygy özüçe biraz tolgunma bilen göz öňüne getirýärdi. "Bir bela uçramadyk bolsa, ne ýagşy?" diýip, ýene birde-de howatyr bilen onuň gaýgy-aladasyna berleninem duýman golýardy. Terkidünýä ýalňyz ahwalyny pikir edip, ähli bolan-goýany aňdan geçirip, bu ýola çykaly bäri dyr-pytyrak bolan pikirlerini çugdamlamaga çalyşýardy.

Derýa boýy şeýdibem bireýýäm yzda galypdy. Ýol indi duýlar-duýulmaz eňňit bilen ýapyýokarlygyna – Garabil baýyrlaryna tarap barýardy. Töwerekde wagtal-wagtal gabat gelýän, ýer içinde çekilen ýap-çiller häzir parahat ukuda ýatan geň haýwanlaryň sulbasyny ýada salyp, gijäniň has törüne barylýan ýaly pikir döredýärdiler.

Ekin meýdanlarynyň içi bilen ýörelensoň, hut Anna pälwanyň öňünden göwnüne getirişi ýaly hem boldy.

Wagtal-wagtal hatyrjem töweregini gözläp gelýän Hanuma ýene bir gezek töweregine nazar aýlap alan mahaly, gala tarapdan ilki bir, soňra ýene iki sany salgymyň peýda bolup, olaryň özlerine tarap gelýändiklerini saýgardy.

Ol şu pursatda eýmenip:

– Hih! – diýip, içini çekeninem duýman galdy.

Şu pursatda günebakaryň Güne tarap öwrülişi ýaly, hemmeler bada-bat şol tarapa seredişdiler.

Anna pälwan olary görüp, gaçaryny aldyranyny çen edip, bir pursat ogrulykda tutulan ýaly, toparyň öňünde özüni oňaýsyz duýdy.

– Ha, paýym, bular bizi görendirler. Görseňiz, görüň hany! – diýip, soňam olar bilen boljak gepleşigiň tabyny gözläp oýurgandy.

Owgan galasynyň depesindäki Aý häzir duýlar-duýulmaz hereket edýän-de bolsa, ol barha nurlanýany üçin, hamala, ol ýere, aşak inip gelýäne dönüp, hasam ýagtysyny artdyrypdy. Gijäň gaýry bir wagty bolansoň, galanyň arkasyndan eşidilýän bisaýhal it seslerem indi bu wagta çenli ýagşy azalyp saýhal tapypdy. Oba tarapda indi diňe wagty-biwagty bilmeýän bir gylyksyz saňsar it jabjynyp üýrüp, şermendelik çekýärdi.

Anna pälwan soňky mahal Owgan pelteňleriniňem orus serhetçileri ýaly, serhede uly üns bermäge başlandyklaryny, adamlaryň ahmallygyny alyp, käte garaşmadyk ýerlerde hem öňden çykaýmalarynyň barlygyny ýatlady.

Ýolda ol bu barada Hanuma gürrüň beribem gelýärdi. Şonuň üçinem bu... “Gurt agzasaň, gurt geler” diýleni boldy.

Pälwan diňe häzir özüniň biraz öňden gidip, ýoluň habaryny alyp gaýtman, hüşgärligi elden berenligine düşündi. Ahmallygyny aldyranyna jany ýanyp: “Arman ýany asgynjakly mahalym duşduňyz-da, ýogsamamy siziň-ä başyňyza alaýabylyň gününi getirse-de bolardy weli... gaçsam gutulardym, tutulsamam şol gezekdäki ýaly merkiňizi bererdim...” diýip, ozal bir gezek özüniň pelteňler bilen bolan çaknyşygyny ýatlady.

Birki ýyl mundan öň dogan ýegeni Ýaz baýyň ogly Ýusup han galada Bürgidiň töwereginiň ynamdar adamlarynyň biri bolup ýörkä Anna pälwan alyş-çalyş, ýeneki üçin bu ýagdaýdan peýdalanyp gatnan döwründe hem ol az ele düşmändi. Galada arkasy bolansoň, ol şol döwür Owgana isläp wagty gelibem gidiberýärdi. Telim gezek pelteňleriň eline düşüp, bendilenip gala hem ertilipdi.

Ýöne her gezegem Ýusup han hossar çykyp, ony boşadyp goýbererdi.

...Anna pälwan şol gezek pelteňleriň eline düşen wagty ol eýýäm obalarynyň golaýyna ýetip barypdy.

Derýadan geçip bildigi ol eýýäm türkmen topragyndady. Ol çöp-çalam içinde ýatan pelteňleriň üstünden baryp, alaçsyzja ele düşdi. Pelteňler onuň elini arkasyna daňyp, derýa boýy bilen

gala tarap alyp barýardylar. Pälwanyň eli daňlan ýüpüň bir ujy ätiýaçlyk üçin yzdan gorsuldap gelýän pelteňiň hem bir goluna baglydy.

Anna pälwan beýdip, obalaryň alkymyna gelensoň dagy gola düşmäni kyn gördi. Ýogsam ol gala ertilse-de, ol ýerde ýegeni Ýusubyň özüne eýe çykjagyny bilýärdi. Hüşgärligi elden bereni üçin nägile bolup, özüne igenip namys etdi.

Anna pälwan derýa boýy bilen tirkeşip barýarkalar, birden garaşylmadyk ýagdaýda kakyny tutan ýaly herekete geçdi.

Ol pelteňleriň eli ýaraglydyklaryndan gaýpynyp durman, öňden barýan pelteňiň ýeňsesinden aýagyna batly-batly depip çökerip, agzyny ýer gapdyransoň zyňypdy Allanany çagaryp, derýanyň kertinden özüni suwa. Gollary bir ýüpe daňlan pelteňem şonda gaýtdy onuň bilen «ýe-ýe-ýe”   diýip kelemenläp.

Depilen pelteň alas-gapas ýaragyna ýapyşyp, ýerinden galan wagty, Anna pälwandyr pelteň eýýäm suwa bir çümüp, bir çykyp, derýany ortalap barýardylar. Anna pälwan her gezek suwuň düýbüne çümüp, aýagy ýere ýetensoň, ol ýerden bat alyp, ýene-de atylyp, suw depesine çykýardy. Pelteňi hem ol her gezek badyna suw astyna äkidişi ýaly, ýene-de suw ýüzüne çykan mahaly ony hem yzy bilen suw ýüzüne alyp çykýardy. Gark bolaryn öýdüp juda gorkan pelteň elini ýüpden boşatmagyň alajyny etmegiň ýerine aljyrap, her gezek suwuň ýüzüne çykanda, Anna pälwan çümende çümmän galmaga dyrjaşyp, urnup ala basga düşýärdi.

Goly ýüpli bolansoň, onuň çolaşygyndan boşanyp bilmän, oňly ýüzübem bilmän kösenýärdi. Her gezek suw ýüzüne çykan mahaly kömek soraýjylykly zaryň howsalaly ses bilen: “Ow-wr, öw-ff...” diýibem gygyryp goýberýärdi.

Anna pälwan pelteňi idege alan ýaly edip, öz çümen ýerinde çümürip, çykan mahaly çykaryp barşyna Owgan kenaryndan daşlaşma bilendi.  Mümkin boldugyndan, akym ugruna berip, öz kenarlaryna golaýlaşýardy. Bir salymdan aýaklaryň ýere ýetmegi, derýanyň boý bermegi bilen, suwadan sag-aman aşylanlygy belli boldy.

Anna pälwan pelteňi-de öz yzy bilen süýräp, kenara çykardy.

Ýat kenara gelip düşenini gören pelteň Anna pälwany bendilejek bolup, özüniň ardurja oňa bendi bolanlygyny görüp, muňa diýseň gorkup hasam eýmendi. Indi onuň özüni aýap goýmajagyny pikir etdi. Anna pälwan suwdan çykylan ýerde pelteňe tarap arkasyny öwrüp, bildiginden parsçalap, ondan öz eliniň ýüpüni çözmegi talap etdi. Pelteň alaçsyz gorka-gorka onuň elini çözmeli boldy. Anna pälwan şundan soň ýene-de onuň bilen parsçalaşyp, özüniň pelteňi urup-horlamak ýa-da şuralaryň eline ertip bermek niýetiniň ýokdugyny aýdyp, ony başardygyndan köşeşdirmäge çalyşdy. Derýanyň saý ýerini tapyp, oňa yzyna geçmäge hemaýat bermeklige hem söz berdi.

"Bala-çagamdan aýrylmaly boldum-ow" diýip, öz ýanyndan gorkup pikir edýän pelteň bolsa, häzir Anna pälwan bu söz berýän kömegini etmän: «Bar, alan galaň özüňki!» diýip, boşadyp goýberse-de, ondan müň-de bir razydy.

Anna pälwanyň ýanynda "Ajygamda ýolda ýürekse edinerin" diýip, guşagyna dolap, biline daňan nany bardy. Suwa çümende ol biraz ezilen-de bolsa, henizem onuň iýerligi bar eken. Anna pälwan "Suw bilen nan iýip, biraz billeneli, paýym!" diýip, pelteňe-de ondan bölüp, bir bölegini berdi. Pelteňdir Anna pälwan derýa aýak sallaşyp oturyp, suw bilen nan iýensoňlar, demler biraz dürselensoň, Anna pälwan ony öz diýşi ýaly, derýaň oňaýlyrak ýerinde yzyna atardy...

...Anna pälwan olary görenden bularyň özlerini Aý aýdyňda "Golaý gelseňiz bolýar!" diýip, ýol saklap ýatan pelteňlerdigine şübhe etmedi. Gijäniň gaýry bir wagty ýalazy meýdanda beýdip ýörenler, eýsem, pelteňler bolman kim bolsun. Soňundanam ol "Hawa-da näme, bu ýerler indi bularyň özlerine tagallyk-da. Onsoňam ýurt özüňki bolanda onuň haýsy ýerinde oturanyň, haýsy ýerinde ýöreniň bilen kimiň ne işi" diýip, Owganda gezip ýörende özüne ýatlatdy.

Yzdan "Näden-nä borka?" diýip gelýän Hanuma hem ol barha özlerine golaýlan salgymlary görüp eýmendi.

– Pälwan aga, bolmasa ýeriň pessi bilen yzymyza gaýdybersek nädýä? – diýip, alada galyp geňeşdi.

– Indi giç – diýip, Anna pälwan kesgitli aýtdy. Soňundanam:
– Gaçsak bular yzymyzdan bir ok, ýarym ok atyp, birden birimizi ýaralap, beýleki etmegi mümkin – diýip, beýle etmegiň hatarlydygyny nygtady.

– Indi bu ýere gelip, şeýdip bularyň eline düşäýmeli bormukak?

– Basga düşüberme, gelin!? Ölümden başga ähli derdiň bir alajy tapylýandyr.

Onýança pelteňler ýerli-ýerden ýarag çeneşip:

– Besdek-de, besdek! – bolşup, topara talap bildirişip durdular.

Gaçaryny aldyranyna göz ýetiren Anna pälwan dessine topary öz töweregine jemläp, olaryň öňüni gabalabrak durdy.

Pelteňleriň talaply buýrugyny eşidip, çagalaryň aladasyna berlen Hanuma olary goraglap, gujaklap duran ýerinde gaçaryny aldyran gurt ýaly, lampa aşak oturanyny hem duýman galdy. Şol pursatda-da howp duýup, ol jüýjelerini ganatlarynyň aşagyna alan ene towuga öwrüldi.

Toparyň öňünde başy seleň selleli, eli bure tüpeňli pelteň gezelip durdy.

Anna pälwan rahatlygyny saklap durşuna şonuň bilen gürleşdi:

– Biz durus, besdik, pelteňler, agasy!

– Siz derýadan geçip, Owgan döwletiniň serhedini bozduňyz?

Pelteň ýarag gezäbräk durşuna oňa aýyp bildirdi.

– Zerurlyk boldy, agasy!.. Başga çärämiz galmady – diýip, Anna pälwan başardygyndan owgançalap, oňa ýagdaýy düşündirmäge, şeýdibem ol, mümkin boldugyndan, pelteňleriň özlerine gönügen talabyny ýumşatmaga, eger aňrujy ýagdaý bolsa, Ahmede, ýenekä azar bolman, şu ýerde olar bilen, iş ula ýazmanka, ýol üstünde düşünişmäge çalyşdy. Şol bir mahalda-da ol beletlik bilen pelteňleriň ýabygorly ýaşaýyş-durmuşynyň

barlygyny, olaryň bir garyn aç, bir garyn dok bolýanlygyny ýatlady.

Pelteňler bilen berim-peşgeş üsti bilen hem düşünişip bolýanyny ol gowy bilýärdi. “Olara hödürläýer ýaly horjunda näme barka?” diýip, pikirinde köjelgi horjuny dörüp, onda beräýere çemliräk zat gözledi.

Pelteňler bu döwürde döwlet tarapyndan goşun hasabynda bolup ýurt goragynda durýan hem bolsalar, olaryň ýaşaýyş ýagdaýlaryna döwlet tarapyndan edilýän alada diýseň ýabygorludy.

Pelteňler köp halatda iýjek çörekleriniň aladasyny hem özleri etmeli, hatda ýaraglaryndan ok atsalar-da, şol atan oklarynyň ýerini soňra öz hasaplaryna ok satyn alyp dolmaly bolýardylar. Şonuň üçinem Owgan pelteňleri ýarag gezeýänligine seretmezden, juda bir zerur bolmasa, ondan ok atybam ýörmeýärdiler.

Ýarag esasanam häkibir duşmana haýbat-syýasat üçin göterilýän guraldy. Köpden bäri olary bilip-görüp ýören Anna pälwan bu ýagdaýlara diýseň beletdi.

Şonuň üçinem ol horjunyň gözügini çözdirip, ondan ilki bir tegelek nan aldy-da, ony pelteňlerbaşa uzatdy. Nanyň ýakymly ysy töwerege burk urdy. Öňde duran pelteň özüne uzadylan nany garbap diýen ýaly aldy-da, ony dessine: «Türkmenler nany tegelek edip gowy bişirýärler» diýip, ylygyp magtady. Bada-bat onuň uly bölegini özüne döwüp alyp, beýleki bölegini yzynda gultunyp duran ýoldaşyna geçirdi. Olar «Şul-a bolaýdy» diýşip, gönençlik tapma bilen nan alanlaryna hoş boldular. Anna pälwan pelteňleriň garynlarynyň gorugyp duranlygyny pikir edip, öz eden hereketiniň ýerine düşendigine göz ýetirdi.

Nan tegelenip ara düşensoň, pelteňleriň bir pursadam bolsa, nandan özge ähli zady unudanlary belli boldy. Olar nany hezil tapma bilen symyşlaşyp iýdiler.

Ýöne Anna pälwan belet bolansoň, olaryň özlerini ýagşy silkmän goýbermejekdiklerini bilýärdi. Şonuň üçinem ol ýene Hanuma ýüzlenip: «Gelin, hany beýleki çöregem çykar. Bular

barybir bir çörek bilen biziň ýakamyzy sypdyrmazlar. Çykar hem çagalara ber hem biraz özümize goý, galanynam ber ýene şulara. Hurşuň bolsa, onam çykar. Oba ýetsek, bu zatlaryň barynyň bir alajy bolar, tapylar! Häzir birhowa nädibem bolsa, bulardan başy satyn almak gerek" diýdi.

Hanuma Anna pälwanyň diýşi ýaly hem etdi. Horjundan ýene çörek çykardy-da, ondan çagalara bölüp berip, Anna pälwan bilen özünene paý goýansoň, onam pelteňlere geçirmek üçin Anna pälwana uzatdy. Soňam horjunda Jemal mamanyň: «Çagalara Owganda ilkibada huruş bolar» diýip, ýanlaryna salan bir jürdek gawun toşabyny çykaryp, ondan özleri üçin käsä guýup biraz alansoň, onam Anna pälwana uzatdy. Agyzlaryna tagamly toşap degen pelteňler şundan soň malaýymlyk bilen baş atyşyp, hödür-kereme berlişip, has ýumşaşyp oturdylar. Gezelişip duran ýaraglar gapdala atyldy. Bu pursatda şundan soň diňe Anna pälwandyr Hanuma däl, hatda pelteňler-de bir ýerden bir ýere gidip barýarkalar, biraz dem-dynç alyp, iýip-içip gurplanmak üçin düşländiklerine ynandylar.

Aý indi asmanda gaýyn obasyndan atasy öýüne görme-görşe gelen gelne öwrülip, ähli garyndaşlarynyň gapysyndan garamagy niýet edinene meňzäp, bir ýerde durman, buýsanç bilen ondan oňa aýlanyp ýördi. Gije garrap goýalyp, küljümek asmanyň eteginde lagly-göwher bolşup, pytraşyp ýatan asman ýyldyzlary indi has nurlanyp, owadan bolup heserlenişipdirler. Aý şöhlesine ýuwnan töwerek indi öňküsinden has aýyl-saýyl hem äşgär görünýär.

Pelteňleriň aňyrsyna bir zat düşüp ugranlygy diňe biraz dymşylyp, nan iýlensoň, belli bolup ugrady. Anna pälwanyň iki-üç ädimliginde aýagyny uzyn salyp, wagtal-wagtal kükreginiň hajraw bolup ösen çaýyrpisint tüýlerini sypalap oturan pelteň täzeden dillendi:

– Siz nireden bolarsyňyz, nefer?

– Söýünalydan biz.

– Söýünaly goňşy oba. Soňky ýyllarda söýünalylaryň bir aýagy biziň ýurdumyzda boldy birhili...

– Gün gaty. Sowet gelmezden öň ýadyňyzda bolsa, siz owganlar goýunlaryňyzy sürüp, bugdaý, şala çalyşmak üçin bize barardyňyz. Ýadyňdamy derýa boýunda nähili bazarlar bolardy?

– Hawa, ýadymda – diýip, gürrüňe berlen, pelteň bir zatlary ýatlap, makullaýjylyk bilen oňa baş atdy.

Anna pälwan gepler alşyp ugransoň, pelteňleriň özi bilen düşünip, işleriniň ugruna bolup ugranlygyna tama baglady.

Haçanda pelteňlerbaşy gürrüň arasynda: "Pyrarydaky söýünalylaryň arasynda siziň nähili garyndaşyňyz bar?" diýip, soranda ol: «Ahmet atly inimiz bar» diýip, buýsanç bilen at tutdy. Yz ýanynda çagalar bilen oturan Hanuma tarap hem sähelçe baş atyp, ony şu-da onuň maşgalasy diýen hörpde görkezdi.

Ahmediň Owgandaky at-abraýy özlerine hemaýat eder diýen pikir bilen soňam ol ýene-de Ahmediň tarypyny dowam etdirdi. "Pelteňlerbaşy paýym, sizem tanaýan bolmaly! Eşidişimize görä, ol hyzmat görkezip, ýakynda onuň aly hezretleri emir Nedir hanyň hut öz elinden hem sylag alypdyr". Anna pälwanyň bu gepini eşidip, onuň gürrüňleşýän pelteňiniň gapdalynda kese bakyp, henizem okaradaky toşaba açgözlük bilen nan batyryp, bir zada çolaşyp indem ondan sypjak bolýan ýaly bolup oturan burunlak pelteň ýaňsyly gülümsiredi:

– Türkmenler, sizem indi hut buluçlara meňzäp barýarsyňyz, şolaryňam haýsy birini tutsaň: "Kerim han daýysydyr" diýäýýär ýöne – diýip, içýakgynç ýylgyryp, onuň gepini ýaňsa aldy.

Anna pälwan pelteňiň gep saluwyndan ýene-de olaryň aňsat özleriniň ýakasyndan gol aýyrmajagyna düşündi.

– Haý, menem gözüm daňlan ýaly, gelenimde göni şulaň üstünde geläýmelimi? – diýip, hüşgärligi elden bereni üçin ýene özüne käýindi.

Dogrudanam, pelteňler iýip-içip otyrkalar düşünerli görünserlerem, garynlary doýansoň welin, olar juda bir beýle-de däl eken. Ýogsam olar ýas-ýaňam: "Gelen bolsaňyz, baryň Alla ýaryňyz, biz sizi göremzok, siz bizi!" diýip, bir döwletli gep taparly hem görnüpdiler. Emma olaryň etjekleri içlerinde eken.

Pelteňler garynlary doýup, omyn-töwir edip, Allany ýat etmek ýerine gaýta bir-birleri bilen symy-symy gepleşişip, ýerli-ýerden ýene ýaraga ýapyşdylar.

Pelteňleriň päli-niýetini bozanlygy belli boldy.

– Siz döwlet serhedini bozan adamlar – diýip, olar ýene öňki ters geplerini tapyp ugrady. Siziň näme üçin, nähili bolup geleniňizi anyklamaly bolar. Onuň üçin bolsa, düşüň öňe, gala barmaly! Sizi näme etmelidigini bolsa soňra Bürgüdiň özi biler! – diýip, gala tarap baş atyp, olara ýene hökümli talap bildirip ugrady. Anna pälwan pelteňleriň eline düşenine ahmyr etdi. “Ha, ýeke wagtym meni şeýdip tutan bolsadyňyz... Siziň birkiň-ä depip-gapybam alyp ýatardym, arman ýanymda asgynjagym – zenan bilen çagalar bar-da... Siziň bu bolşuňyz “Aşyňy içeýin, tabagyňa syçaýyn” diýenleri bolýar” diýip, içi howurly oýlansa-da, gazabyna basalyk berip, pelteňlerbaşy bilen düşünişmäge çalyşdy. Oňa haýyşly ýüzlendi:

– Pelteňbaşy ageýni, biz öz ýolumyza gidibersek nädýär!? – diýip, oňa gala barmagy kyn görýänini mälim edip ýüzlendi. Emma ýaraga ýapyşan pelteňbaşynyň onuň haýyşly gepini diňläsi gelmedi. Anna pälwan pelteňleriň hezzet-hormaty az görenlerini pikir edip, çykalga gözläp: “Ýa, bulara soňra ilerden bir halta şaly getirip bereýin” diýip, lebiz edäýsemmikäm, näme bir gijäň ukusyny haram etsem getirip giderdim-dä – diýibem bir çykalga gözläp oýlandy.

Emma şu pursatda pelteňler Anna pälwany buýruga tabyn bolmam, islemeýän ýaly gördülermi nämemi, ýaraglaryny gaýtadan somlaşyp, öz pelteň borç-wezipelerine dolanyşyp, olaryň haýal etmän, tiz öňe düşmeklerini ýerli-ýerden talap etdiler.

– Saňa diýilýär, türkmen! Düş öňe!

Anna pälwanyň ýaňky “Berim gökden ýol ýasar!” diýlene eýerip, bularyň göwnüni tapmak üçin, bir halta şaly getirip bermekçidigini aýtmakçy bolan mahalynda oňa sözüni aýtmaga maý bermediler. Boldular bir ýurt bähbidini arap, kada-kanuna

eýerýän esgerler. Anna pälwan bularyň şeýdip agyp-dönäýme hesiýetiniň barlygyny öňem-ä bilýärdi welin ýöne hurşy bilen iki ýarty nany hek edip iýensoňlar dagy, iýen agyz uýalar diýleni bolup, juda beýdäýerler öýtmändi.

Hanuma Anna pälwan näçe pelteňlere belet bolsa-da, bu gezek olaryň oňa hezil bermeýänini duýdy. O ýagdaýa pähim edip, nädibem bolsa, bu ýagdaýdan baş alyp çykmalydygyna bada düşündi.

Hanuma biraz garbandyklary eýýäm uklap galan çagalaryň başynyň aşagyna ýassyk ornuna goýlan horjuna el uzatdy-da, ony çagalary oýadaýmazlyk üçin, usul bilen olaryň başynyň aşagyndan sogrup aldy-da, öz öňüne çekdi. Horjunyň bir gözüne geregi degmegi mümkin diýip, ätiýaçdan atylan iki kiçiräk düwünçekleri ýatlady.

Olaryň birinde mata dolanan sapança bolup, beýleki düwünçekde birki çaňňal kümüş apbasylar bardy.

Sapança Hanumanyň obada ýanynda göteren, organlar tarapyndan ýolbaşçy işgärlere goranmak üçin ýörite berilýän adaty ýaragdy. Gidilýän ýeriň ot içindäki Owgandygy üçin sapançany hem ol mata dolap ýanyna alypdy.

Häzir Hanuma ilki pelteňleriň merkini bermek üçin sapança el ýetirermen boldy. Emma beýtse, meseläniň has bulaşyp, ula ýazjagyny ähli zadyň üstüniň açyljagyny pikir edip, ýüzugryna bu pikirine düzediş girizip, elini kümüşli düwünçege uzatdy.

Bu wagta çenli eýýäm gijäniň uly bölegi geçip, uzakly gije onuň içirgi edinip ýapynan gara oýlugy ýeňsä agan ýaly görnüp, dünýäniň gerdeninde galan ýeneki bölegi hem azalyp gutara gelipdi. Sowujak çyglyja säher şemaly öwüsýärdi. Tereň arassa howada derýa tolkunlarynyň sesi göçgün alyp, şogurdap, ol indi öňküsinden has golaýdan akyp ugran ýaly bolup duýulýardy.

Ilki gala, onuň yzysüre-de aşak etekdäki Owgan-baýrajy diýlip tanalýan oba tarapdan namaz sesi ýaňlandy. Agşamky depede penje-penje bolşup, ýeri ilkinji gezek görýän ýaly ony şol ýerden geň galyşyp, dikanlaşyp oturan ýyldyzlar hem indi

ol ýerde ýagşy selçeňleşen ekenler. Olaryň barlaram ökje basyp, yza tesene dönüşip, indi has alysda görünýärdiler.

Şol barmana derýa tarapdan töweregine garanyp, dünýä gözleg salyp geçip barýan bir atly göründi. Anna pälwan dagynyň toparyny görenden dessine ol at başyny olara tarap aldy. Pelteňler onuň at dabradyp gelýänini görüp üýşenişip, habar soraýjylykly bir-birleriniň ýüzlerine soragly seredişdiler. Haçanda Anna pälwan at üstünde seleň telpekli türkmeniň oturanyny gören wagty, onuň ýüzi açyldy. Ol öňden özleri baradaky iberilen habaryň Owgandaky ýetmeli adamlaryň birine ýetenligini bildi.

Dyzmaç atyň üstünde eýere guýlan ýaly bolup, Akynýaz baý oturdy.

...Ahmet düýn-öňňinlikde Owgan döwletiniň hökümet adamlarynyň gyssagly çakylygy boýunça Hyrada gidermen bolanda, ol Mämmethanlara ilerden çagalarynyň getirilýänligini aýdyp: “Şolary garşylap, özüňiz men gelýänçäm hossar çykaweriň!?” diýip sargap gidipdi. Şondan bäri-de Akynýaz baý gün içinde bolmanda birki gezek dagy derýa ýakasynda köw-söw edip, bu ýerlerden habar tutup gidýärdi.

Hanuma Pendä geleni bäri Akynýaz baýyň özüni görmesede, onuň il içinde mertebeli adamdygy barada köp eşidipdi. Ine, indi bolsa şol öň sowet-hökümetinde ýolbaşçy işlerde işlän, soňam onuň soňky döwürde has pälazma bilen millet baradaky ýöredýän hyýanatly işlerinden göwni suw içmän, ol howpuň öz üstüne hem eňterilip gelýänini duýmak bilen, beýle boljak bolsa, “Ine, selläň, ine-de mesiň” edip, öz islegi boýunça wezipeden çekilip, işleýän ýeri Kerkiden Tagtabazara gelip, ondanam haýal etmän, neberesini alyp, Owgana aşan adamdy.

Hanuma gabak astyndan Akynýaz baýa nazar aýlan mahaly onuň ýüzünde diňe bir dogum däl, haýbat-syýasatyňam ýeterlikdigini gördi.

Akynýaz baý aňyrdan gelşine, nämäniň nämeligine düşündide, tarhanlyk bilen dogumly hereket etdi. Meseläniň anygyna ýetmek üçin pelteňler bilen düşünişjek bolup durmady-da,

donunyň kisesine el urup, ondan alan altyn pullarynyň birnäçesini itiň öňüne süňk oklan ýaly pelteňleriň arasyna seçip goýberdi. Pelteňleriň altyn pullaryň ýylpyldysyna gözleri düşenden diňe bir borç-wezipelerini däl, özlerini-de unudandyklary belli boldy. Olar omadaklaşyp, ýer sermenişip bir-birlerinden köp aljak bolşup, ber-başagaý bolaýdylar ýöne...

Akynýaz baý diňe şundan soň, duranlara tarap öwrüldi.

– Pälwan, ýegenleri sag-aman getirdiňmi?

– Getirdim, paýym!

Onýança ukudan oýanan çagalaram ony tanap:

– Akynýaz daýym-da, Akynýaz daýym – bolşup begenişdiler. Akynýaz baý:

– Gelen bolsaňyz, ýörüň onda öýe! – diýip, olary oba çagyrdy.

Anna pälwan ilki onuň atynyň öňüne Jymmyny alyp berdi. Geldini bolsa göterip, atyň syrtyna mündürdi.

Akynýaz baý howlukmaç dolanmakçy bolýan Anna pälwan bilen bir salym oba-gara barada gepleşip, soraşyp duransoň, oňa minnetdarlyk bildirip, gadyrly hoşlaşdy.

Akynýaz baý at başyny Marçaga tarap alansoň, Hanuma hem eli kiçiräk düwünçekli onuň yzyna düşdi.

Anna pälwan gidip barşyna bir yzyna gözlän mahaly altyn pul gazanyp, bal gününe batan pelteňleriň serhediň bozulanyny, öz borçlaryny ýatdan çykaryşyp, ygam-sygam bolşup, gala tarap gidip barýandyklaryny gördi.

* * *

Jahan ýagtylyp, dünýä ýagşy öz gündizki kaddy-kamatyna gelensoň, Pyrary Marçagyň gaýrasyndaky, ony üç tarapdan gabalap, direnişip duran Garabil baýyrlary kükreklerinden itilen ýaly ýeňse basyşyp, öňküsinden biraz yza tesene meňzediler.

Bürgüt galasynyň depesinde bir bölek bulut yz tarapy bilen öwrüm atyp, läheň bir balyga öwrülip, guýrugyny galanyň

depesinden indererli bolup duran eken.

Ol ýerdäki bölek bulutlaryň ýaltalaç hereketlerini synlap, onuň adaty gije şemalynyň öňüne düşüp, bir ýerlerden gelen däl-de, golaýdaky derýanyň üstünden bugaryp göterilen toplumdygyny pikir etmek mümkin.

Akynýaz baý Ahmediň obada däldigini bilýänligi üçin, ýolda onuň howlusyna sowulman, ýegençileri bilen Hanumany göni öz öýüne alyp geldi.

Hanuma Akynýaz baýyň atynyň yzyna düşse-dä düşdi welin, ol ýol boýy, özüniň beýdip, ýat gapa barmasynyň gelşiksizligini, aýagy çekmezlik bilen pikir edip müýn çekdi.

“...Akgül pahyryň ölen-ä öleni, meniň bu onuň çagalaryna eýemsirenip doganlarynyň öýüne barmagym, öleniň gözüni çokmak bolmazmykan? Onuň entek guburynyň topragam oňly guranok ahyr... “Bu garga kemçin eýýäm nireden çykdykan?” diýilmezmi? Haý, Ahmet, Ahmet... sen meni, gör, ne günlere saldyň!” diýip, hesret çekdi.

Akgülüň paýyny elinden alaýan ýaly, özüni diýseň oňaýsyz duýdy.

Atyň yzyna düşüp barşyna onuň indi biraz derçigen ýüzi hälişindi gyzarat-bozarýardy. Hamala, ähli töhmet-gep öz başyndan inip gelýän ýaly bolup, oňaýsyz duýulýardy.

Ähli ýagdaýdan habarly Mämmethanlar olary Hanumanyň çen edişi ýaly halamazlyk bilen ýüzlerini kürşerdişip, nägile halda däl-de adaty myhman garşylanyşy ýaly, açyk ýüz bilen sypaýyçylykly garşyldylar.

Baranlaryndan howludaky aýallar: «Ýegenler gelipdir” diýşip, öýlerden çykyşyp görüşdiler. Çagalary gujaklap Akgül pahyryň balalarynyň ýetim galanyny, şeýdip ýat ellere düşüp, synsyramaly bolanlaryny öz ýanlaryndan gaýlyp-gynanyp ýatlaşyp, olary hasam ezizlediler. Şol pursatda olaryň köpüsiniň gözleri nemlenip, gözýaş göründi. Ýegenlerini garşylamaga öýlerinden çykan aýallar Hanumanyň hem egnine ellerini goýşup, onuň bilen hem aýallarça sypaýyçylykly görüşdiler.

– Nähili, horlanman geldiňizmi?

– Gijän-ä ýalazy meýdanda geçirmeli bolansyňyz özün-ä? Biraz üşänsiňizem – diýşip, alada bilen gurşadylar.

Aýak üstünden gysgaça salam-helik alşylansoň, Akynýaz baýyň aýaly olary öz öýüne çagyrdy. Ýoldan olaryň ajygyp, surnugyp gelenlerini pikir edibem dessine orta saçak ýazyldy.

– Hany indi geçiň saçak başyna. Biz telim günden bäri siziň ýoluňyza garap otyrys. Akgasam atlanyp, derýa boýuna gidýär, ha-gelýär, aýlanyp dur... Ahyr-soňy gelen ýeriňiz bolýar – diýip, höwes bilen saçak üstüne ony-muny iýer-içer goýuşdyrdylar.

Hanuma her soralýan soraga gysgadan jogap bermäge çalyşýardy. Haçanda Akynýaz baýyň aýaly:

– Ýolda bir-zatlar iýip-içdiňizmi? – diýip, soranda Hanuma obany ýatlady.

– Hawa, garbandyk. Ahmediň ýeňňesi, bir tamdyr nan bilen, bir jürdek toşaby, oduk-buduk ýanymyza salan eken.

Akynýaz baýyň aýaly Ahmediň ýeňňesi – diýenden dessine gürrüňiň Jemal mama hakda barýanyna düşündi. Ol ýüzi açylma bilen:

– Jemal mamasam gurgun otyrmy onsoň? – diýip, onuň ýagdaýlary bilen aýratynlykda gyzyklandy. Oýurganyp, "Akgülüň bagtyna hälem şolar bar eken" diýip, ony minnetdarlyk bilen ýatlady. Hanuma:

– Şükür, babasam, mamasam aýak üstünde, ikisem süýeklerini süýreşip ýörler – diýip, göwünjeň jogap berdi.

– Ýöne iki oglunyň beýdilip, maşgalalary bilen sürgüne iberilmekleri haýyny alan bolmaly bendeleriň!?

– Diýseňizem garrylar gatyja eken, olaryň ikisem gaýrat edişip ýörler. Yzda galan iki gyz hem olara kömek hem göwün aldar bolýar.

– Nätjek-dä. Olaryňam başyna Allanyň salanydyr-da, başa gelenini çekmeli bolýar-da. Döwrem şeýle bir bulaşyk döwür boldy welin, başy onuň nirede, ardy nirede biler ýaly bolmady... – diýşip, bir-birleri bilen düşünişme bilen gürleşip oturdylar.

Akynýaz baý ýegençileri bilen Hanumany öýüne getirensoň, bu ýagdaýdan Bürgidi habarly etmelidigini ýatlap, belki, ol Ahmetden bir habar bilýändir diýip, atdan düşmän gala gitdi. Ahmet sowetiň uçaryny urup ýykyp, Owgan ýolbaşçylarynyň dilini uzyn edýän hyzmat görkezip, döwlet ýolbaşçylarynyň sylag-serpaýlaryna eýe bolup, Pyrara geleni bäri Bürgüt onuň bilen sala-sahawatly hemaýatly gatnaşykda bolmaga çalyşýardy.

Bürgüdiň bir tarapdanam wezipe derejesini elden gidirmekden gorkup: “Bu men barada Käbil, Hyratdaky ýokary derejeli hökümet adamlaryna ýetirmeli däl gepleri ýetirip, olary menden göwni geçer ýaly edäýmesin” diýibem çekinýärdi. Ahmedi hemişe dostlukly ýagdaýda göz astynda saklamaga çalyşýardy.

Bürgüt galasy iki gat halkadan ybarat bolup, içki gatynda onuň arz diňleýän diwany, gorag-güýçleri ýenekesiniň ýerleşýärdiler.

Akynýaz baý galanyň gaýraky derwezesine ýetip barýarka ol ýerden atlanyp çykyp gelýän Rahmanýaz hanyň jigitleriniň birine gabat geldi. Ol keltepaýçarakdan eginlek, at üstünde guýlan ýaly bolup oturan, otuz bäş, kyrk ýaşlaryndaky torba sakgal, özüne göwni ýetip, hondan bärsiräp bolup gezýän han adamlarynyň biridi.

Ildeşler galanyň alkymynda tanyşlarça salam-helik alşyp, hal-awhal soraşyp durdular.

Akynýaz baý hormat bilen Rahmanýaz hany ýatlap, saglygy hal-ýagdaýlary bilen gyzyklandy.

Rahmanýaz han Sary handan soňra türkmeniň saryk taýpasynyň hanlygyna göterilen adam bolupdy. Ol hem ileri ýüze sowetler gelensoň, gaçyp Owgany penalamaga mejbur bolan derejeli adamlaryň biridi. Şeýdibem, ol bu ýerdäki Baýraç obasynyň düýbüni tutan adam bolupdy. Han heniz-henizlerem mahal-mahal öz deňli-derejeli ildeşlerini huzuryna toplap, olar bilen pikir alyşma, Owgan döwletiniň mertebesine dokunyp, agzybir ýaşamak bilen bagly maslahatlar geçirip durýardy. Han Bürgüdiňem türkmenler meselesinde maslahaty düşýän adamlarynyň biridi. Akynýaz baý hem seýregrägem bolsa,

wagtal-wagtal onuň bilen duşuşyp durýardy.

Akynýaz baý häzir Bürgüdiň galada ýoklugyny, onuň bir bölek atlysy bilen ýaňyrak galadan çykyp, öz soraýan ýerlerine aýlanmaga gidenligini hem şondan eşitdi.

Emma bu ýere gelensoň, Akynýaz baýyň Bürgüde duşman yzyna dolanasy gelmedi.

Akynýaz baýy han atlysy bilen hoşlaşansoň, Bürgüdiň Käbil diýip, Hyrat diýip, uzak gitmedik bolsa, onuň ol ýerde köp eglenmejegini pikir edip, oňa şu golaýda çaýhanalaryň birinde güýmenip garaşmany makul bildi. Ol at daňylýan ýere gelip, atynyň jylawyny öz öňünden çykan herdemhyzmat talabana berip, ony atlaryň seýregräk ýerinde baglap, kellesine arpaly torba geýdirmegi tabşyryp durka garaşylmadyk bir ahwalat bilen ýüzbe-ýüz boldy.

Ine, bir görse, Ahmediň tanyş dor alaşasy gulaklary bilen howany gaýçylap, onuň beýle ýanynda nazar dikläp hokranyp dur. Ine, saňa elinje düşnüksiz matal.

Hyrat diýip giden Ahmet gelip, gör, nirelerden çykan eken.

Tanyş at şeýdibem Ahmediň şu golaýda – galada bir ýerde bar bolmagynyň mümkindigini görkezdi. Akynýaz baý muny görüp: “Ýa-da ol ýolda-yzda bir bela duşup ýörmükä” diýip, aladaly gümana berildi. Şundan soň Akynýaz baý Bürgüt bilen duşup, Ahmetden bir habar bilmese, özüniň bu ýerden gidip bilmejegine düşündi.

Ol çaýhana baryp, çaý nahar edinip güýmendi. Soň edil onuň pikir edişi ýaly hem boldy.

Bürgüt ak öýlänler sapardan at gorduryp gaýdyp geldi. Onuň yzy bilen ýene-de ýaragly adamlarynyň hem bäş-altysy at debseşip, elem-tas bolşup, çaýhananyň gapdaldan geçdiler.

Akynýaz baý Bürgüt atdan düşüp, ýerine barandyr diýip pikir edensoň, onuň Ahmet barada bir habar bilýänligini pikir edip, duşuşmak üçin kiçi galanyň derwezesine tarap ugrady. Derwezäniň agzynda duran pelteň keserip, onuň öňüni kesermen boldy.

– Han ýaňy ýoldan geldi, ol bu gün kabul etmez – diýip, onuň öňüni dolady.

Akynýaz baý onuň gepine oňly üns berip durmady-da, Pelteňiň jübüsine iki şaýy pul saldy-da, aňyrlygyna geçiberdi.

– Haý, Bürgüt häzir kabul edäýse-hä? – diýip, pelteň onuň ýeňsesinden aladaly seredip galdy.

Kabulhananyň öňündäki uly jaýda Bürgüdiň ýanyna arza-maslahata gelen adamlar nobata garaşyp oturan ekenler. Akynýaz baý hyzmatkäre özüniň gelenini aýtdyranyna köp wagt geçmänkä, ol Bürgüdiň ýanyna ilkinji bolup, at tutulyp çagyryldy. Kabul jaýynyň gapysynda peýda bolan uzyn boýly, ýüzüni jeňňel bolup tüý basan pelteň soňam ony darajyk koridor bilen yzyna düşürip äkitdi. Akynýaz baýyň getirilen ýeri Bürgüdiň iýip-içýän ýeri boldy. Ol ýoldan aryp gelensoň, indem guşagyny çözüp, naharlanmakçy bolup otyrdy. Hyzmatkärler girişip-çykyşyp, hozanak bolşup, onuň oturjak ýerine nahar-şor getirişdirýärdiler. Bürgüt aňsat bu jaýynda keseki adam kabul etmezdi, ol arz diňlände hem hemişe gapdalyndaky giňiş edilip gurlan ýörite jaýda diňlärdi. Häzirem ol iýip-içip, ýagşy dem-dynjyny alýança, asla hiç kimi diňlemekçi hem däldi. Haçan-da oňa Akynýaz baýyň özüniň kabul edilmegini soraýanlygy aýdylan mahalynda, bu oňa “Onymy göremde, munym ýadyma düşdi” diýleni bolup, bu Ahmedi onuň ýadyna düşürdi. Muňa bolsa sebäp bardy. Bürgüt alty ýedi günlükde öz aragezer adamlarynyň üsti bilen, ilerden Ahmediň çagalarynyň derýadan geçiriljek bolunýanlygyny, haçan-da Ahmet çagalaryny derýa boýunda garşylan mahaly ony OGPU-nyň şol ýerde güpbasdy edip almaga taýynlanýandygyny bilipdi.

Çagalaryny görse, Ahmediň ol ýere baryp bilmän durmajagyny, şeýdibem ardurja olaryň toruna düşäýmeginiň mümkinligi belli bolupdy. Eger şeýle bolaýsa, soňra döwlet ýolbaşçylarynyň birden biriniň Bürgüde:

– Sen näme biziň wepadar esgerimizi sowetlere aldyrypsyň? – diýip, oňa nägilelik bildirjegi bolsa ikuçsuzdy. Sebäbi Ahmede göz-gulak, onuň bilen hyzmatdaşlykda bolmak Bürgüde

ýokardan ýörite berlen tabşyrykdy. Şonuň üçinem ol soňundan gepe galmazlyk, ony sowetiň guran duzagyna düşürmezlik üçin, hökümet çagyrýar diýip, getirip galada saklamak gyssagarada onuň tapan çäresi bolupdy. Bürgüt saçak başynda Akynýaz baýy Ahmediň hossarlarynyň biri hökmünde görüp, soňraky bähbit üçin, ony özüniň wagtlaýyn tussag astyna almaly bolanlygyny düşündirdi.

Ahmediň iýer-içeri berlip, ugruna seredilip, ýörite jaýda tussaglykda saklanýanyny eşidip, Akynýaz baý hem munuň Ahmedi sowetleriň "Doňzy batgada bas" etmezlikleri üçin edilen hakyky aladadygyna ynandy.

Akynýaz baý Bürgüde Ahmediň çagalarynyň sag-aman gelendiklerini aýdyp, oňa bu aladasy üçin türkmenleriň ýaşulusy hökmünde minnetdarlyk bildirdi.

Akynýaz baýyň Bürgüdiň ýanyndan gaýdyp, öýüne gelenine köp wagt geçmänkä, Ahmet hem gelip, onuň howlusynyň daş ýüzünde atdan düşdi.

* * *

Ýokardan Sary Baýly diýen biriniň Tagtabazara kazy bellenilmegi bu ýerde ýaşaýan halka ozalky dürli bahanalar bilen edilýän basyşlaryň has-da güýçlenmesi boldy. Özi-de bu meselede göz-görtele bolup, juda ünse düşýän zat Pendiniň ýurduň çeti hasaplanýanlygy üçinmi nämemi, sowet hökümeti döräli bäri bu ile diňe bir ýokary raýon ýolbaşçylary, partiýa işgärleri däl, hukuk goraýjy edalarynyň başlygy, onuň işgäriniňem hemmesi diýen ýaly hemişe bir ýerlerden ýörite getirilen adamlar bolmaklygy ýazylmadyk hökmanlykdy. Onsoňam her aňyrdan atarylan wezipeli adam hem gelende Tagtabazaryň tüýs ýerinden gelme tersçilleriň mekanydygyna, özüniň wezipe-borjunyň şolary ýüze çykaryp, ýok etmelidigine, şonuň üçin bu wezipe başga birine däl-de, hut özüne ynanylandygyna beleň alyp, özüniň getirilen şol aýratyn mertebeli adamdygyna ynanyp gelerdi.

Her gelenem özüniň partiýa hökümetiň syýasatyny ýerlerde amala aşyrýan wepaly esgeridigine ynanmak bilen, galyň bendäni başyna alaýabylyň gününi getirip, ýanap, hak-u-nähäk azar ýamanyny berip ugrardy. Elbetde, juda seýrek-de bolsa bu halkyňam adamlarynyň hem arasyndan ýurduň içinde onda-munda ýolbaşçy wezipelerde işläp ýörenleri-de bardy. Şolaryň biri hem Aşgabatda, Türkmenistan halk komissarlygynda, respublikanyň hukuk goraýjy edaralarynyň üstünden gözegçilik edip oturan Täşli Annamyratdy. Ol ýurtda Gaýgysyz Atabaýew, Nedirbaý Aýtakow dagy ýaly sowetiň iş ynanan hökümet ýolbaşçysy bolmak bilen, hökümetde ýokary wezipe dolandyrýan adamlaryň biridi.

Göräýmäge şeýdip, susagyň sapy eliňdekän dagy her ýetene öz ildeşleriňi depgilemäge, beýdip ýol bermäýjek ýaly welin, elbetde: "Halk bilen agzybir işleşjek boluň, hak-u-nähak onuň üstüne sürünjek, beýleki etjek bolup durmaň!" diýip, halkynyň arkasyny aldyp, goýberäýmelem ýaly welin, ýöne bu aňyrdan dabalap eňterilip gelýänlerä-hä haý-küş edilýäne asla meňzemeýärdiler. Ýa-da aýdylýanam bolsa, wezipä geçenden beren sözüni beren ýerinde unudyp gaýdýan bolmaly-da. Ýogsam her gelen Sary Baýly bolup, beýdip molladan gaçan däli ýaly iliň üstüne düwläp, gazaba gerňäp durmazdy ahyryn. Aý, hawa-da, aýdylmanmy onsoňam: "Aslyna çekermiş ýüwrük çamanlyk" diýlip, Sary Baýlam ýokardan berlen maslahatam alman şeýdýän bolsa, ol bir zannyýamanyň çagasy bolup, özüniň aslyna çeken bolmaly. Akyldar aýtmanmy näme: "Zannyýamanyň çagasy özüne ýagşylyk edene ýamanlyk etmän, bu dünýeden ötmez" diýip.

Sary Baýly eýýäm raýona gelip, işläp başlanyna köp wagt geçmänkä: "Sary Baýly diýen ýokardan bir kazy gelenmiş. Baran ýerinden tersçil, işan-molla, kulak tapyp, gyr-ýapyr edýärmişin. Syrtam Gaýgysyz Atabaýa, Nedirbaý Aýtaga haýsydyr bir güýçlä direýämiş. Ol aňsat beýleki raýon ýolbaşçylarynyň diýeninem alga alyp durmaýarmyş. "Men öz işimi edýän, Tagtabazary entek talhan ederin" diýip, tarp atýarmyş" diýip, howatyrly

gep-gürrüňleriň ýaýramagyna sebäp bolupdy.

Kazy Sary Baýlynyň gele-gelmäne “Ozal başda agdararlar serdaryn edip”, agyz salan adamlarynyň birem halk içinde mertebe mynasybetli Hudaýguly ahun bolupdy.

Hudaýguly ahun Buhara medresesini gutaryp, ylym-bilimden ýüküni tutup gelen okuwly adamdy.

Buharadan gaýdyp gelensoň, ol obadaşlarynyň haýyşy boýunça Bedeňde tapgyr-tapgyr oglan okadyp, sowat beripdi.

Kazy Sary Baýlynyň hem Pendä gelip, töweregini diňirgenip: “Kimi alyp ýatsamkam?” diýip, yrsarap ysyrganan mahaly onuň ünsüne düşen şu mertebeli adam bolupdy. Sary Baýly nämä ýol berse-de, onda-da din wekiliniň il içinde beýdilip, sowet-partiýa işgärlerinden has ileri görlüp ýörülmegine ýol berip biljekmi?

Elbetde, halk aňyny bulaşdyrýan din ulamasy hökmünde öňem organ işgärleri ahunyň üstüne telim çenenip-çenenip görüpdiler.

Ýöne raýon ýolbaşçylarynyň arasyndan ahuny tanaýan, onuň sowetiň işine zyýansyzdygyna ynanýan adamlar hem tapylyp, ahunyň arkasyny alyp, ony ýanamakdan saklap galmak başardypdy. Emma kä halatlarda haýsydyr bir hakykaty näçe isleseňem, gerek wagty gerek ýerinde muny asla düşündirip bolmaýar. Hasam meseläniň bir tarapynda Sary Baýly ýaly halky tanamaýan, tanamak hem islemeýän gadyrbilmez, gelmişek bolan mahalynda.

Ahunyň raýonda, mümkin boldugyndan, arkasyny alýanyň birem şol döwürde raýon milisiýa bölüminiň başlygy, oglanlykda ahunyň elinde okap, hat-sowady çykan Semet Baýramdy.

Emma bu gezek organlar tarapyndan, bilelikde sazlaşykly işlemek üçin geçirilen maslahatda ahunyň ykbaly terezä salnanda, Semede-de bularyň öňünde durmak başartmady. Şeýdibem, organlaryň bu saparky tussag etmegi göz öňünde tutýan adamlaryň arasynda ahunyň hem ady peýda boldy. Üstesine-de, wezipe mertebesi synaga goýlup, ahuny ertir tussag etmegem, Sary Baýly bilen gönüden-göni Semediň özüne tabşyryldy.

Semede bir ahmyr bilen hyrçyny dişläp: “Tugy depmeli boldum-ow” diýäýmek galdy. Maslahatdan soň Semet giçlik öýüne – oba keýpsiz dolandy. Gelip atdan düşensoňam, ol öýünde uzak dyz epmän, bu ýagdaýdan halypasyny habarly etmek üçin, ýüzüni garaňka tutup, onuň öýüne gitdi. Ahuna Owgana, ýenekä aşmaga häzirem bir pilledigini duýdurarman boldy. Ýogsa-da ertir “Ahuny tussag etmeli” diýip, özüne buýrulanlygyny aýdyp, ony ýagdaýdan habarly etdi.

Ahuň Semedi diňläp, soňky döwürde özüne bakarly bolup ýören belanyň ahyr-soňy bakanlygyna göz ýetiripdir. Semediň janköýerlik edip, mümkin bolsa, göni gelen belanyň öňünden bolmanda, birbada sowulmagy maslahat berýänine Ahun düşünipdi. Ol birsalym pähim-paýhasyna geňeşip, dymyp oturansoň Semede:

– Sen, oglum, tussag etmeli diýen bolsalar, ertir gel-de, meni tussag edäý! – diýipdir. Soňam gapdalynda gat basyp duran “Gurhanyň” üstüne aýasyny goýupdyr-da: – Menem şu gije güýçli dogalar okap, ertir seniň geleriňe taýyn bolaryn! – diýipdir.

Bu ahunyň başyny gutarmagyň çäresini görmegiň ýerine “Hudaý bardyr, başa gelenini görübereris” diýip, ykbala tabynlyk bilen aýdan kaýyllyk sözi bolupdyr.

Semet mollasyna etmekçi bolan hemaýatynyň ýerine düşmänligini görüp, lapykeç dolanypdyr. Ýöne öýüne gelensoňam rahatlyk tapyp, ynjalyp bilmändir. Uzakly gijäni oýlanyp ölçerip-döküp, il içinde: “Semet milise halypasy Hudaýguly ahuny tussag edipdir” diýen ýaman ada galmazlygyň ýoluny gözläpdir. Ýöne näçe pikir etse-de, ol bu masgaraçylykdan başyny gutarmagyň ýoluny tapmandyr. Şeýdibem, ol bu meselede iň soňky galan ýeke ýoly saýlap almaly bolupdyr...

Ahun şu gije bir alajyny edip, Owgana aşmasa, özüniň ony islese, islemese-de tussag edip, öňüne salmaly boljagyny kejigip-kejigip pikir edipdir. Ahyrsoňy ol daňdanlar samankümesine girip, şol ýerde özüni bir oka tabşyryp, bu masgaraçylykdan başyny gutarypdyr.

Uzakly gijesi bilen garaňka gap bolup, aplygyp oturan dünýä bu pajyganyň şaýady bolan hem bolsa, ähli zada aýdyňlyk berýän göre-gündiz öz ýerine gelýänçe bu pajygadan halk habarsyz galypdyr.

Durmuşda akylyňa sygmajak syrly zatlar bolýar. Bu gezegem garaşylmadyk ýagdaýda şeýle bolupdyr. Hudaýguly ahun hem şol gije dileg-dogada bolup, özüne bu durmuşda orun ýoklugyny Taňra sygynyp, ony ynandyrmaga ýetişen eken. Ahun hem şol gije "Gurhan" okap oturan ýerinde Haka jan beripdir.

Bedeň obasy şeýdibem bir günde iki sany iner oglunyň tabydyny bile götermeli bolupdy.

Halkyň süňňüne sarsgyn beren bu waka soňra kazy Sary Baýlynyň "gaýduwsyz hyzmaty" hökmünde ile dolupdy.

Sary Baýly Bedeňden soň beýleki kolhoz obaçylyklaryň üstüne hüjüme geçdi.

Hudaýguly ahuny alyp ýataly bäri-hä onuň özünden göwnühoş bolup, hasam gylawlanypdy.

Sary Baýly bu gün ir bilen öz kömekçisi Waliýew bilen Söýünala sapar etdi. Oba bilen şäher arasy esli aralyk barlygyna seretmezden, olar atlary gorgunyna sürüp, oba ýolbaşçylary her gün irden kolhoz kontoryna üýşüşip, edilmeli işleri maslahatlaşyp, iş ýerlerine dargaşmaga ýetişmänkäler, olar ýetip geldiler. Ýerlerde şeýdip, adamlaryň üstüni duýdansyz basmak onuň häsiýetli endigidi.

Kazy öz gelenini ýolbaşçylara mälim etmek hem-de bu ýeriň iň jogapkär eýesi bolan Ýagdy şurany «Her ýeriň tilkisini öz tazysy bilen alarlar» edip, öňe salyp, ýol kesdirmek üçin gelipdi. Emma Ýagdy üçin onuň geljegi duýdansyzlyk boldy. Ýogsam ol onuň geljegini bilen bolsa, hemişe şeýle ýolbaşçylaryň geljegini eşidendäkisi ýaly, obaň çetine çykyp, oňa mertebeleýänini görkezmek üçin, ýol gözläp, jara kesek atan bolup oturmazmydy ýolunda?

Kazy dars gelip, urdurylyp gapydan girende Ýagdy jaýyň törüni eýeläp, töwereginiň ünsüni özünde jemläp, ala

gözlerini otlukly ýalpyldadyp, her ýolbaşça bir görkezme berip, hökmürowanlyk bilen ýygnak geçirip otyrdy.

Her tabşyryk beren adamsyndanam, her gezek "Düşündiňmi?" diýibem hetjikläbem soraýardy. Tizräk onuň deminden sypyp, bu ýerden gidäýenini kem görmeýän adamlar bolsa "Düşündik-de, düşündik" bolşup, oňa ýeke sözde, gysgaça jogap berýärdiler.

Ýagdy gapyda kazyny görenden, elheder alan ýaly bolup:

– Oh, ýoldaş Baýlyýew, bu asyl sizmi? – diýip, ony garşylamak üçin syçrap ýerinden turdy. Soňam hyzmata taýynlygyny mälim edip, onuň öňünde agaç ýuwudan ýaly dim-dik bolup durdy.

Beýtmek Ýagdynyň kazyny özüçe dereje tutup, ony adamlaryň öňünde mertebelemesi boldy. Ýagdynyň yzysüre-de beýleki ýygnanyşykda oturanlar hem ýerli-ýerden gozgalaň tapyşyp, orunlaryndan turdular. Kaza duýdansyz üstlerini basdyran adamlar şu pursatda özlerini birhili ogurlykda tutulan ýaly alasarmykdan oňaýsyz duýdular.

Kazy barlaga gelenini aýdyp, Ýagdyny hem öz ýanyna ýoldaş edinip alansoň, olar üç atly bolup, şuralyga degişli kolhozlarda işleriň gidişi bilen tanyşmak üçin, oba içine çykdylar. Söýünalam Pendi baýyrlarynyň etegindäki pytraňňyrak her ýerde, her ýerde kowçum bolnup oturylan obalaryň birisidi. Obaçylyk esasanam bir-birlerine ýanaşyk salnan basdyrma pisint pagsa jaýlardan, olaryň aralap gurlan durlugy agdykmy-da, könelen gara öýlerinden ybaratdy. Ýurtda hökümet, syýasat çalyşsa-da, kontordyr mekdep jaýynyň daşy agardyldy diýäýmeseň, başga durmuş şertlerine degişli oňly üýtgän zat ýokdy.

Kazynyň bu gezek oba gelip, ilki depesinde nagra döweni, bir sebäp bilen heniz iş ýerine gitmedik Badan Ýagşysähet boldy.

Badan daşarda eşeginiň gapdalynda atlanyp gitmek üçin ýüpüni, oragyny jemläp durdy. Aňyrdan iki-üç adamyň at dabradyp, özüne tarap gelýänini görüp, ol bu gelýänler şura ýeneki bolsa, olaryň gözüne düşüp, işden gijä galýany üçin igenjine galmaýyn diýip, gelýänleri görse-de görmedik bolup, gaçyp öýüne girdi. Ýöne barybir gutulmady. Badanyň bu hereketini görüp

halamadyk kazy aňyrdan gelşine oňa öjügdi. Özüniň kolhoz işine böwet bolýan tüýs ýerinden gelme tersçile duşanlygyna ynandy.

Atdan düşenden ýarag somlap, onuň yzyndan öýe kürsäp girdi. Öýdäkiler sapançaly adamyň görüp, ör-gökden geldiler. Hasam çagasyny emdirip oturan aýal onuň çaga bir hyýanat ederinden gorkup, çagasyny goraglap sallançagyň üstüne gerildi.

– Waý, bu ne bela boldy!? – diýip, howsalaly eňredi.

Kazy bada-bat Badany iş ýerine wagtynda barman, kolhoz işine badak atmakda, soňam sowet hökümetiniň barha rowaçlyk alyp barýan işlerine duşmançylykly seredýänleriň biri hökmünde aýyplady. Beýle adamlara kanuna laýyklykda 5 ýyldan 10 ýyla çenli türme tussaglygynyň barlygyny aýtdy. Garaşylmadyk ýerden özüniň duşmana öwrülip barýanlygyny görüp, Badan näme etjegini bilmän, alada galyp aljyrap elendi. Şol ýerdenem kazy ony sekretary Waleýewiň öňüne salyp, soňra giňişlikde sorag etmek üçin, şura jaýyna tarap ugratdy. Bu ýerde gopan galmagaly eşidip, goňşy öýlerden çykan aýallardyr çagalaryň öňünde, birsalymdan Badan Ýagşysähet wagtynda ele salnan, eger şeýle edilmedik bolanda ýykgynçylyk baryny etmegi ahmal synpy duşmana öwrüldi.

Kazynyň eli sapançaly oba aýlanyp ýörşüne ýene bir jyny düşeni, telim günden bäri syrkaw ýatan Sapar daraz boldy. Kazy çiliň üsti bilen ysgynsyz ýöräp, aýak ýolundan gaýdyp gelýän Sapar darazy hem görenden onuň hem tersçiliň biridigine birjikde şübhe etmedi.

– Tersçildir, ýogsam Günüň doganyna, gör, näçe wagt boldy, eýsem ak ýürekden zähmet çekýän adamam bir häzirki işiň gyzgalaňly döwründe öýünde ýatarmy? Tersçiliňem tersçilidir bu adam... – diýip, aňyrdan gelşine oňa öjükdi.

– Eý, ziňňirt, hany aýak çek! – diýip, hökümli talap etdi.

Sapar daraz aýak çekip, özüne tarap ýetip gelýän atly-ýaragly adamlara görüp eýmenme bilen, olaryň ýüzüne üýşenip seretdi.

Sary Baýly gele-gelmäne ony soraga tutdy:

– Kolhoz agzasymy sen?

– Agzasy.

– Ýa baý-kulakmy?

– Ýok, ýok, olaryň-a, hijisem däl men.

– Onda näme iş ýeriňde bolman, entäp ýörsüň?

Soň ol gapdalyndaky Ýagda tarap öwrülip:

– Men baý-kulak guýrugy däl diýýär welin, şol dogrumy? – diýip, ondan sorady.

– Dogry, ýoldaş, Baýlyýew. Munuň bir heleýinden, burny gara eşegidir şu oturan gyşyk öýünden başga zady ýokdur.

– Onda ol näme, henizem işe gitmän, öýüniň töwereginde siýere ýer gözleýän ýaly beýdip köwejekläp ýör?

Ýagda derek bu gezek, duýdansyz üstüni aldyran Sapar daraz özüne düşüniler diýen tama bilen halymsyrap jogap berdi.

– Men ýaramok, ýoldaş neçelnik. Her gün giçlik ysytma tutup, heläk edor. Ysgyn-mydar goýmady bu mende...

Sary Baýly siňrigini ýygryp, onuň sözüni ýaňsa aldy.

– Sen döw ýaly halyňa indem adam aldajak bolýarmyň, häziriň özünde düş atyň öňüne, şura jaýyna bar, seniň nähili keseldigiňi şol ýerde soňra özüm anyklaryn!

Onuň talaply gepi syrkaw Sapar darazy hasam lagşatdy. Onuň mundan artyk aýak üstünde durmaga gurby çatman, şol duran ýerinde aşak oturdy. Elenip özüne düşünilmegini isledi. Sapar darazyň ýagdaýyny görüp, onuň meselesini soňa galdyransoň, kazy Ýagdyny öňe salyp, ýene aňyrlygyna ýöredi.

Sary Baýly golaýda ýagan ýagyşdan soňky ygala galan şalynyň ýagdaýyndan habar almak üçin obadaky Guwandyk baýyň howlusy diýlip bilinýän ýere gelen mahaly bu ýerde şalynyň guradylyşyndan habar alyp ýören başga-da raýon ýolbaşçylaryndan raýispolkomyň başlygy Mämmet Polly bilen ýaňydan bäri «Täze ýol» kolhozynyň başlyklygyndan partiýa işine çekilip, raýkomda instruktor bolup işläp ýören Ýazdurdy Beknazarow dagy hem bar eken. Olar gerim berlip, şaly serlen ýeriň bir gyrasynda, salar Altmyş aga bilen işleriň ýagdaýy barada oňa ol, bi görkezme, tabşyryk berşip, gürleşip duran ekenler.

Howluda şalyny serip guratmak, onuň däneli başyny aýryp, bir ýere üýşürmek işleri, hamala, şundan soňam bar bolan ähli işe ýetişmäge howlugylýan hörpde gyzgalaňly alnyp barylýardy. Dört-bäş adam howlynyň aýtymyna serlip, indem biraz çalygandyr öýdülen şalyny desseläp, gujak-gujak edip, howlynyň bir eteginde ýörite orak bilen onuň başyny alyp duranlaryň ýanyna çekýän bolsa, başga birleri başy aýrylan şaly çöplerini gujak-gujak edip, howlyň ýeneki bir burçuna äkidip basýardylar. Birnäçeler şalysy aýrylyp ýetişilmedik, ýagşa galyp, biraz dymjygan şaly desselerini äkidip, güneý ýerlerde pytradyp, olary tizräk çalykdyrmagyň aladasy bilen bolşup ýördüler. Şaly başlarynyň üýşmegi depelenip barha beýgelýärdi.

Sary Baýly raýon ýolbaşçylary bilen gysgajyk islegsiz salam-helik alşansoň, şaly serlen ýeri halamazlyk bilen çytylyp synlady.

– Gör-ä, adamlaryň biagyrlyk etmesinden nebir hasylyň göz-gülban bolup ýatyşyny! – diýibem nägile boldy.

– Ýagşa galdy-da – diýip, Altmyş aga, jogapkärçiligi başdan aýyrmaýanlygyny, ýöne tebigatyň eden işine alaçsyzdygyny mälim edip, oňa bu ýagdaýy düşündirmäge çalyşdy.

– Munuň ýaly bigeleňlik üçin sizi türmä-hä däl, atsaňam azdyr!

Sary Baýly bu sözi serlen şalyň üstünde, onuň dymyljyk agyr ysyny alyp aýlanyp ýörkä töweregindäkilere-de, özüni makullatma meýli bilen aýtdy. Emma onuň bilen bile aýlanyp, ýagdaý bilen tanşyp ýörenlerden ony makul tapyp, hä beren bolmady. Sary Baýly soňra, hamala, her ýol bilen bolsa-da, hökman öz töweregindäki adamlaryň makullamasyny gazanmak islegine berlen ýaly, geçmişde özüne şeýle, täze hökümeti äsgermezlik etmäge synanyşyk edenleriň käbirini alyp ýatyşyny, biraz magtanma bilen şalyny bu güne salanlar hem menden şolar ýaly hakyny alar diýen hörpde mysal tutdy.

– Birki ýyllykda Sakarçägede görnükli sowet işgäri Daňatar Sähediň kellesiniň çapylyp, halta salnanyny eşidensiňiz? Onuň

başyna ýeten Allamyrat ärsary diýilýän bir ganojak bolup çykdy. Ol soňra meniň elime düşdi. Nämemiş, Daňatar olaryň zenan maşgalasyna deginipmişin... ýaňky netikaza özünde günä duýmak ýerine, gaýtam ol maňa: “...Türkmeniň aýal-gyzyna degseň, onuň gutardygydyr. Namysyny depgiledenden ol ölenini gowy görer. Ana, ogul, seniň özüňem türkmen, muny gowy bilýänsiň!” diýip, meniň hem ugumy ýekelemäge synanyşdy. Ýöne sen sowetiň wepaly ogluny ýok edersiň-de, menden duýgudaşlyk taparmyň? Tüýs bir depip öldürmeli ganym duşman-da... Wah, ýöne onuň oglanlary, ardurja sapdylar-da... Wagtynda gaçyp ýetişip, maşgalalary bilen Owgana aşan ekenler. Emma barybir olaram bir gün ele salnar. Biz bilen oýunlary deň gelmez olaryň. Nädersiň baran ýerlerinde sowetiň adamlary gizlin yzlaryndan baryp, olary atyp paýhynlap gaýdyberseler. Biziň döwletimiziň eli, baý uzyndyr-a onuň ýetmejek ýeri bolmaz...

Töwerekdäkilere kazynyň bu gepiniň, onuň özüni sowet döwletine özgelerden has wepaly görkezmek üçin, badyhowalyk bilen diýýänine düşündiler. Bu häsiýetiň hasam raýona täze gelýän, ýat hukuk işgärlerine mahsusdygyndan habarlydyklary üçin, beýleki duranlar onuň sözüne ýene-de uly bir pitiwa bermediler.

Altmyş aga onuň bilen düşünişip bolar diýen inçejik tama bilen, ýene-de barha gyzyp, depin alyp, öjügip gepleýän kaza ýagdaýy düşündirmäge çalyşdy.

– Ýagyş duýdansyz ýagdaýdy-da. Onsoňam ekenimizde-de biraz gijrägem eküýdik-dä – diýip, oňa tebigatyň işine özleriniň alaçsyzdyklaryny düşündirmäge çalyşdy.

Emma bu gep Sary Baýla söýünalylar etmiş edip, indem özlerini aklajak bolýan ýaly bolup eşidildi.

Ol Altmyş aganyň gepini alga almaýanyna mälim edip, sözüni öňki hörpünde, günäkär gözleýänini mälim etdirip, diýdimzorlukly dowam etdirdi.

– Bu bigeleňligem bolsa bolýandyr. Emma ol has kolhoza bilkastlaýyn göre-bile edilýän ýamanlyga meňzeýär. Munuň

ýaly etmiş üçin iş gozgap, siziň gözüňiz türmeden açmaly. Heý, sowet hasylyny ýygnamakda-da bir beýle geleňsizlige ýol bermek bolarmy? Diňe sowet gurluşygyny halamaýan, tersçil adam şeýdip biler...

Haçanda ol sözüni öz töweregine makullatmak isläp, gözlerini erejekledip gürlän wagty, onuň küle murtunyň aşagyndaky dişleri syrtaryp, möjek dişleri ýaly hyrsyz göründi.

Sary Baýlynyň bu ýerdäki duran raýon ýolbaşçylarynyň hemmesinden özüni döwlet işine has ygtyýar, has hukukly görkezjek bolup, öz-özünden beleň alyp talaplanybermegi ahyrsoňy tebigaty ýumşak, tap bilen raýispolkomyň başlygy Mämmet Pollynyň ýüregine düşenligi belli boldy. Ol içinden «Her keseden gelen bu ýerde özüni bizden has hak-hukukly hasap edýär-ow» diýip, Sary Baýlyýewiň öz mertebesini hasaba alman, bolup durşuny halamazlyk bilen, oňa bu işleriň ugrunda ýöreniň ýeke özi däldigini duýduryp gepledi:

– Ýakynda geçen raýon partiýa-hökümet ýygnagynda bu meselä ýörite seredildi. Zaýaçylygyň öňüni almak üçin anyk çärelerde hem bellenildi. Ine, görýäňiz-ä özüňizem kolhozam hasylyň isrip bolmazlygy üçin adamlar mümkin bolan aladany edip dur – diýip, töweregine kanagatlanyjylykly nazar aýlady. Bu ýerdäki işleriň barşyndan özüniň nägile däldigini mälim edip gürledi.

Barybir kazy hötjetlik bilen ýene öz diýenini tutdy.

– Çäräni etjek bolsalar, wagtynda etmeli-dä. Boljak iş bolup boýasy synansoň, çäräň oňly nepi bolýarmy, eýsem? Indi näçeräk ýitgi bolanyny anyklap protokol düzip, günäkärleri ýüze çykarmaly bolar.

Kazynyň gep saluwynda raýispolkomyň başlygynyň sözüne garşylyk barlygy duýlansoň, şol pursatda ara agyr dymyşlyk düşdi.

Asmandan pytraňňy uçuşyp barýan garga toplumynyň gyş günlerindäki ýaly gylawly gagyldylary eşidildi. Gargalaryň öňi bolup uçup barýan toplumyň gargalary eýýäm hol allowarradan

garalyp görünýän Mämmethanlaryň baglarynyň depesinde pelesaň urşup gonalga peýleşip, gaýmalaşyp ýördüler.

Sary Baýly ýene-de öňki hörpünde sözüni dowam etdirip:

– Hany kim bu işlere jogapkär hökmünde berkidilen adam? – diýip, ýene-de gapdalynda duran Ýagda ýüzlendi.

Kazynyň raýispolkomyň başlygynyň salyhatlylyk bilen aýdan gepini hasaba almandygy belli boldy. Onuň bir özüniň beýdip, erkli hukukly bolup dyzanyp durmasy töwerekde halanylmady.

Hemmeler ýene bir pursat bu ýagdaýyň soňunyň näme bilen gutararyna garaşyp dymyşdylar. Kazy özüne tarap baş atyp, sorag beren mahaly. Ýagdy, hamala, bu zatlaryň ähli garamaty öz üstünden inip gelýän ýaly, öz-özünden gyssaga düşüp, öňe Altmyş agany iterýän hörpde:

– Şala baş bolan-a, ine, şudur, ýoldaş kazy! Salarlyk edenem şunuň özi, ýeneki ýagdaýlara baş bolup, gözegçilik edip ýörenem, ýene-de...

Şundan soň Sary Baýly: «Hä, belanyň körügi asyl sen ekeniň-ow» diýen hörpde ýene-de Altmyş aganyň ýakasyny täzeden ebşitledi.

– Hany aýt, şalyny nädip bu ýagdaýa düşürdiň?

– Ony bu ýagdaýa düşüren biz däl – diýip, Altmyş aga ýene-de öz agras tebigatyna görä, gyssanman deliller getirip, gepläp oňa kanagatlanarly jogap bermäge çalyşdy. Emma günäkäri elini uran ýerinden almaga endik eden kazy ýagdaýy görüp dursa-da, onuň jogaby bilen kanagatlanmady.

– Hany, onda aýt, kim günäkär?

Şu ýerde jandurmazlyk edip, ýene-de Mämmet Polly onuň arkasyny aldy. Bu işde özgelerden artyk jogapkärligi bolmadyk adamyň kazynyň çolpusyna düşmegini onuň islemänligi belli boldy.

– Ýoldaş kazy, Altmyş ekin-tikiniň ýagdaýyny gowy bilýän, tüýs daýhan adamdyr. Şu ýyl şalynyň bol hasyly hem şonuň tagallasy bilen ýetişdirildi.

Kazy raýispolkomyň sözüni diňlese-de, emma otlukly mawy gözlerini esli wagtlap töhmet belasyny onuň başyna büremek islegini Altmyş aganyň depesinden aýyrmady. Täzeden onuň üstüne hüjümi geçdi. Bir zatlary ýadyna salyp:

– Ýogsamam dört-bäş ýyllykda tomus bugdaý orak wagty ile baş bolup, sowetleriň garşysyna baş göteren bozgagam, Altmyş, sen dälmi şol? – diýip, çintgäp sorady.

Onuň ne hyýala münenini aňan Altmyşyň hem oňa jogaby nagt boldy.

– Ýoldaş kazy, nähak tussag edilenlerimizi talap edip, serhetçileň üstüne baranymyza hak, ýöne ol hökümetiň garşysyna edilen iş-ä däldir.

Onuň merdemsi jogaby Sary Baýlynyň tersine giden ýaly duýuldy. Ol mawy gözüni öjügiji erejekledip:

– Sen serhet galasyna topar tutup bararsyň-da, sowet hökümetiniň berkarar eden serhedine sürnersiň-de, eýsem, bu topalaň bolman, näme bolanmyş? – diýip, talaply sorady.

– Biz adalaty talap etdik.

– Adalaty talap etdik diýsene, arman şol wagt siziň kazyňyz men bolmandyryn, ýogsam şol wagt siziň hemmäňiziň gözüňizde ot ýakardym – diýip, ol ahmyrly aýtdy.

Kazynyň gatan tezegi ýumşadyp, yrsarap bolup durşy Mämmet Polla ýene ýaramady. Ol öz dereje wezipesine göterilip, bu gezek has dogumly gepledi.

– Ýoldaş kazy, birinjiden-ä, bu ýagdaý siz raýona gelmeziňizden ozal hökümet-partiýa tarapyndan işlenilip geçilen mesele. Ol ýokarda-da ara alnyp maslahatlaşyldy. Bu ýagdaý bilen gyzyklanyp, şol döwür hatda Aşgabatdan hem ýörite ýoldaş Atabaýewiň iberen adamlary gelip gitdiler. Şol boýunça geçirilen ýygnakda Aşgabatdan gelen jogapkär wekil bu ýagdaýy seljerip: «Ýok ýerden ýöne adamlardan duşman ýasamany bes ediň, öňem dünýäde biziň duşmanlarymyz az däl!" diýibem bize maslahat berip gitdi» diýip, oňa bu mesele senden has öň seredilip çözüldi diýen äheňde kesgin gürledi.

Sary Baýly raýispolkomyň başlygynyň öz hereketini özüne äsgermezlik hasap edenligine göz ýetirensoň, onuňam raýonda sala düşmeýän adam däldigini ýa-da özi barada onda-munda soralanda: «Halk bilen ýagy bolup işleýär» diýen ýaly bir söz aýtsa, öz ýüzünden sypalmajagyny pikir edip, çekindimi nämemi, şundan soň ol biraz egsilip ýumşady. Mämmet Polla täzeden ýüzlenip:

– Ýoldaş raýispolkomyň başlygy, maňa sowet jemgyýetine kast etjek bolýanlar bilen barlyşyksyz bolmak tabşyryldy! – diýip, özüne düşünilmegini isleýän hörpde geplemäge çalyşdy.

– Gaty dogry tabşyryk. Ýöne biz-ä Altmyşy gara zähmet bilen gydyrdanyp ýören daýhan hökmünde tanaýarys.

Kazy raýispolkomyň başlygynyň gepini aňynda saldarlap durşuna bir zat diýerli bolup, dikanlap, onuň ýüzüne syrly seredende bolsa, öňünde ýurtda özünden kem agramy bolmadyk adamyň durany üçin, bu sene-menä meňzeş gürrüňiň yzyny özüniň tiz ýygnamalydygyna düşündi.

Ýagdy kazy ýene-de obada işleriň gidişinden nägile bolup, günäkär gözläp töweregine agyz urup ugran mahaly, bu gepiň bir ujunyň özündenem öwrülip geçmeýänligini pikir edip, nädibem bolsa dartgynlygy gowşatmak üçin, gürrüňi başga bir akaba düşürmelidigini anyk duýdy. Ökjesini basyp gelýän kazynyň ýüzüne dalbynyp haýyşly, maslahat salyjylykly gözledi.

– Adamlar, indi günorta nahar wagtam bolup barýar, şu toplumymyz bilen, başymyzy bozman, biziňkä çaýa gideliň!? – diýip, ol göwünjeňlik bilen duranlara ýüzlendi.

Mämmet Polly bilen Ýazdurdy Beknazar bir-birleriniň ýüzlerine çiňňerilişip, soragly seredişip alan mahallary, olaryň bu meselede başgarak pikirdedigi belli boldy. Onýança-da Mämmet Polly özüniň günortan çaýyny Ýazdurdy bilen goňşy «Täze ýol» kolhozynda içmegi göz öňünde tutandyklaryny aýdyp, sypaýyçylyk bilen çaýy kazysyz ýerde içäýenini kem görmeýändigini mälim edip, Ýagda minnetdarlyk bildirdiler.

Sary Baýlyny raýispolkom başlygynyň dagy kazynyň agyz uran adamsyna arka durmaga het edip bilmegi oýlandyrdy.

Onda-da kazy, NKWD-äniň her diýeni kanun-karar hasap edilýän bu döwürde kimmiş ol kaza dagy, göni durup, edýänine nä diýip bilýän.

Kazynyň raýispolkomyň başlygyndan närazy bolanlygyny, onuň etjek işini etdirmän, gylawynyň alanyny gören Ýagdy olar atlanyp, bu ýerden biraz arany açanlaryny görüp, özüniňem bu meselede kaza pikirdeşdigini duýdurmak bilen, ýakynsyrap gepledi:

– Ýoldaş kazy, siz kimiň kimligini görenden tanaýan adam ekeniňiz. Öňem bu obanyň goçularynyň-a köpüsiniň şahyna kakyldy welin, ýöne şolardan henizem birdir, ikidir galanlaram bar – diýip, Altmyş agany özüniňem jynynyň alyp barmaýanlygyny oňa raýdaşlyk etme bilen duýdurdy.

Kazy Sary Baýly olar gideňsoň, şaly guradylyp, taba getirilýän howlynyň ähli ýerini ýene bir gezek aýlanyp gözden geçirensoň, ol şaly ekilen ýerde-de ýene ýygnalmadyk hasyl galan bolmasyn diýen pikir bilen, gidip şol ýeri hem görermen boldy. Kazy şaly ekilen meýdanlary görmekçidigini aýdan mahaly Ýagdy höwes bilen onuň öňüne düşdi.

Olar obanyň içi bilen şakyrdaşyp geçip barýarkalar, kazynyň şol barmana gapdaldaky öýleriň biriniň öňündäki märekäni görüp, muny halamazlyk bilen, siňrigini ýygryp, at başyny çekdi.

Gara öýüň gapdalyna atylan düşekleriň üstünde başlary telpekli, selleli adamlaryň birnäçesi ýaý berşip otyrdylar. Başy ýas bürenjekli aýallar gapdaldaky gara öýe girişip-çykyşyp ýördüler. Kazy ýasly öýüň gapdalyndan geçip barýanyny görse-de, onuň öz hökmürowanlygyny görkezmän, bu öýüň gapdalyndan geçesi gelmedi. Ol «Bular näme iş wagty, iş ýerlerinde bolman, köne dini dessurlary ýöredişip otyrlar?» diýip, Ýagdyň ýüzüne nägile seretdi. Haçanda ol atdan düşüp, dogumly-dogumly ätläp adamlaryň oturan ýerine ýönelen wagty, onuň näme maksat tutanyna oňly düşünmedik Ýagdy hem eplikde-ýaplyk bolup, onuň yzyna düşdi. Waleýew atlary tutup, köçede galdy.

Bu öýde ýakynda garry öý bikesi dünýäden ötüpdi. Öýi bu gün ony ýatlap, doga-degim edip otyrdy. Gapdalda sadaka gelýänlere alnyp berilýän hödür nahar atarylan gazan bugaryp durdy. Ýagdydyr kazynyň gelýänini görüp, oturan adamlar ilki olaryň adamçylyk edip, merhuma degsin etmäge sowlandyklaryny çen etdiler.

Aňyrdan gelýänleriň biriniň kazydygyny iki-ýeke tanan adamlar bolsa onuň älemden öten bendäniň Aşgabatdaky ýokary wezipede işleýän doganynyň hatyrysyna tutup, ýasly öýe yzyýarasyna gelýänligini pikir etdiler. Emma onuň golaý gelenden ýanbaşyny sermeläp, sapançasyny eline alyp, somlap, boluberşi hemmeleri äm-säm etdi. Ol:

– Näme işe gitmän, kolhoz işine bökdençlik döredip otyrsyňyz? Üýşüşip, hökümet garşysyna dildüwşük edýäňizmi? – diýip, garaşylmadyk ýagdaýda oturanlara öjügip, ters dawa tutup, nagarasyny döwüp ugrady. Hemmeler uýat işde tutulan ýaly özlerini diýseň, oňaýsyz duýdular. Düşekde oturan adamlaryň birnäçesi turup gidiberjege meňzäp, zöwwe-zöwwe ýerlerinden galdylar. Soň kazy özüniň oturanlara ýarag tutup gelşini görüp, halamazlyk bilen ýas düşeginiň üstünden turup, öňünden çykan ýaş ýigidiň ýüzüne dazzaryldy.

– Senmi, şu öýüň eýesi?

– Men.

– Sen bolsaň hany ugrat adamlary, hersi öz iş ýerlerinde gögersin! Ýogsam-da kolhoz işine badak atýanlar hökmünde siziň ähliňizi suda çekmeli bolar! – diýip, oňa dazarylyp, haýbat atdy.

Şu arada nämedir bir zatlary ýatlap, eýmenen Ýagdy kazyň gapdalyna ýakynlap, gyssagly oňa nämedir bir zat aýdarman boldy, elewredi. Emma gazaby atlanan kazynyň ony diňläsi gelmedi. Ýaragly eliniň tersegi bilen ony ýüzugra gapdala sowdy. Toparyň öňi bolup duran öý eýesi ýene onuň bilen düşünişmek isläp, ugurdaş geplemäge çalyşdy.

– Bu bir sadaka. Sadakany sowdugymyz, hemmämiz turarys.

Işde gögereris – diýip, oňa ýagdaýy düşündirip geplemäge çalyşdy. Rejäniň geň däldigini görüp, düşekde oturan adamlaryň hem birnäçesi ýerlerinde turup, kaza haýyşly ýüzlenip, ýagdaýy düşündirmekçi boldular. Emma kazyň häzir hiç kime düşünesi-de gelmedi hiç kimi diňläsi-de. Gaýta adamlaryň haýyşly gepi, gaňryşyna gaýdýan ýaly onuň gaharyny getirdi. Gazaby depesine uran kazy şundan soň tutgaýy tutan ýaly, öwrülip göni gazana tarap ýöneldi. Kazy näçe gazabyna tutsa-da, ýöne hiç kim ony adamçylykdan çykyp, bu derejä ýeter öýtmändi. Ýagdy onuň gazaplanyp boluberşini görüp, bu ýagdaýdan has-da üýşenip gorkdy. Ýene-de özelenip, kazynyň gapdalyndan baryp, özleriniň nirä gelenlerini wagtynda duýdurmak isledi. Ýöne kazy bu meselede Ýagdy bular barada özünden geçirimlilik edilmegini haýyş etmekçi bolýandyr öýdüp, ýene ony diňläsi gelmedi. Şol dyzanyp barşyna-da: “Siz eýtseňiz, bizem beýderis, görüp-bilip durkak köne däp-dessuryňa ýol bermeris...” diýip, samrap, içi naharly gazany gulagyndan göterip, ony agdaryp urmakçy boldy. Adamlar nämä garaşsalar-da, ondan beýle peslige garaşmandylar. Özi ganybir türkmenem bolsa, şu pursatda kazy Sary Baýlyýewiň hemmeleriň başynda bar bolan sadaka-töwir ýagdaýyny düşünäýmeli ýaly bolsa-da, kazy başgaça gopdy. Şundan soň nämäniň nämeligine düşünen, häliden bäri kaza töwella-tagsyr edip duran öý eýesi gepiniň alga alynmadygyna gahary gelip, ýigit duran ýerinden hyrra yzyna öwrüldi-de, öýüň gapdalynda ýatan kepjäni kakyp alyp, göni eňterilip kazynyň üstüne gaýtdy. Gelşine-de:

– Hä, seniň bir bajyňy!.. – diýip, sögünip ýeke gulak kepjäni gazap bilen onuň gazana abanan göwresiniň depesinden eňterdi.

Bir kazydan şarpa bölüp, iki kazy ýasamak isledi.

Kazynyň yz ýanyndan gelýän Ýagdy işiň-işden geçip barýanyny görüp, bir bolmasy işiň bolaryndan çekinip, şu pursatda Sary Baýlyny urgudan sowmak üçin atylyp gelşine ara düşdi.

– Ýazmyrat, Ýazmyrat... – diýip, ellerini daldalladyp, kepjeli ýigidiň badyny gaýtarmaga çalyşdy.

Şu pursatda töwerekden ýene-de birnäçe adam atylyşyp turup, ýerli-ýerden olaryň arasyna düşmäge howlukdylar. Ýagdy şol gelşine bady bilen ýigidi birazam bolsa gapdalraga itermäge ýetişdi.

Gazap bilen salnan kepje niýetlenen ýere däl-de, kazynyň çep egniniň üstünden gütläp indi. Urgynyň badyna kazy gazana gaçarly bolup, burlup bir tarapa egreldi. Wagtynda gazanyň üstünden ätlemäge ýetişibem, entirekläp gapdala sowuldy. Muny görüp, ör-gökden gelen adamlaryň birnäçesi, şundan soň gazaplanyp, gaýrata galan öý eýesi ýigidi tutup, ony abaý-syýasat bilen çekip, aňyrlygyna äkitdiler. Birnäçeler töwella-tagsyr bilen kazynyň daşyny gurşadylar. Adamlaryň biri gorkandyr öýdüp, oňa suw içirmäge çalyşsa, ýene biri oňa düşege geçip, biraz dem-dynç alyp, özüni dürsemegini maslahat berdi. Sary Baýly gorkmandy. Sebäbi ol ýeňsesinden inip gelýän pilden şol pursat düýbünden bihabardy. Hatda ol bu iliň içinden kaza dagy – sowet hökümetiniň tertip-düzgüni ynanan adamsyna ýürek edip, pil salyp biljegiň tapyljagyny asla pikir hem etmeýärdi. Şonuň üçinem ol depesinden kepje inenini soňra eşidip, muňa haýyksa haýygdam-da welin, ýöne barybir ol bu jelegaýda kaza dagy pil salyp biljek adamyň bardygyna oňly ynanmady. Ol henize çenli işlän ýerinde-de beýle garşylyga gabat gelip görmändi. Hatda ol öňki işlän ýerinde Allamyrat ärsaryny ýok edensoň, onuň Owgandaky dogumly ogullarynyň: «Bir gün baryp, kellesini alyp gaýdarys» diýşendiklerini eşidenem bolsa, barybir olardan soň garaw görmändi.

Kazy aýňalyp, biraz özüne gelensoň, beýleräkde atlary tutup duran sekretary Waleýewi ýanyna çagyryp: «Şunam öňüňe sal-da, ert kontora!», sowet hökümetiniň ynanan adamsyna pil salmanyň nämedigini men onuň gözüne görkezerin!” diýip höküm etdi. Emma Waleýew tap bilenlik bilen töweregine garanjaklap durşuna ýigidi tussag etmäge howlukmady.

Waleýew hemişe kazynyň her talabyny iki gaýtalatman, göwünjeňlik bilen ýerine ýetirýän hem bolsa, bu gezek onuň

buýrugyny ýerine ýetirmäge, ozaldan ol ýigidiň kimligine, onuň nähili nirede arkasynyň barlygyndan belet bolansoň, oňa batyrynmaga bogny ysmady. Gaýta ol hem aňyrdan gelşine dawany aralaýandan görnüp, kaza haýyşly ýüzlendi:

– Ýoldaş kazy! Ýoldaş kazy, maňa bir minut gulak salyň! Bu ýerde size meniň bir aýtmaly zadym bar..! – diýip, taraplaryň ikisiniňem bähbidini arap kösendi.

Bu öýüň ýagdaýy bilen kazyny öňünden habarly etmändigine, şeýden bolanylygynda kazynyň häzir bu masgaraçylygyň duşundan aýlanyp geçip biljek ekenligini pikir edip ökündi.

Soňam ýuwaşlyk bilen kazyny gapdala çekip, oňa bu öýüň ýurtdaky ähli tertip-düzgüne gözegçilik edip, merkezde wezipe sorap oturan Täşli Annamyradowyň ýegenniniň öýüdigini oňa tanadyp aýtdy. Dört-bäş ýyllykda Tagtabazara iş bilen gelende özüniňem Täşli Annamyrat bilen bu öýe gelip, ol doganynyň halyndan habar alan mahalynda onuň ýanynda bolanlygyny ýatlady.

Kazy Waleýewi diňlänsoň, nämäniň nämeligine juda tiz düşündi.

Ol Täşli Annamyradyň adyny eşidenden şir gören şagal ýaly guýrugyny ýamzyna gysyp, pyssarma bilen boldy. Sebäbi onuň özünem bu wezipä bellän hut şoldy.

Ol sapançasyny gabyna salyp, duran ýerinden hyrra yzyna dolandy. Hatda ol ata çykansoňam yzyna gaňrylabam gözlemedi.

Hasam Waleýewiň: “Bulary öz gününe goýuň, ýogsam...” diýip aýdan gümanly gepi onuň gulagyndan gitmedi. Bu Waleýewiň:

– Ýoldaş kazy, doganynyň ýogalanyny eşitse, Täşli Annamyradyň özüniňem onuň sadakalarynyň birine gelmegi mümkinligini duýdurmasy, hökümetiň bu öwredäki wekilleriniň biri bolup durka, onuňam ony mertebeläp, öňünden çykyp garşylajaklaryň biri boljagyny ýatlatmak, eger ýegenini häzir tussag etsek, onsoň siz onuň ýüzüne nädip seredip biljek? – diýip, duýdurmasydygyna kaýyllyk bilen düşündi.

Olar üç atly bolup, obanyň içi bilen şaly meýdana tarap güpürdeşip, şakyrdaşyp gidip barýarkalar kazy henizem kömekçisinden eşiden bu gürrüňiniň täsirinden çykyp bilmän barşyna, muny nähili beýle öwrüm almasyna düşünip bilmän: “Bäh, asyl bu mundan çykd-ow?! Ýigidiň soňuny saýman, batyrgaý pil salşyndanam-a bildim-le aňyrsynda bir zadyň barlygyny!” diýip, oýlanyp ümürläp gelşine haýran galmak bilen bu ahwalata anyklama berdi.

* * *

Güýz oragynyň öňüsyrasynda halkyň ýene bir bitikçilik-berekete ýetenine öz ýanyndan pikir edip, begenip oturan Gully emin içerden derläp çykyp, derine şemal çaldyrdymy nämemi, üsgürip-asgyryp birden dümewledi. Ýogsam, daşary serginlik bolsa-da, ne ýagyş-ýagmyr bardy, ne-de ýüzüňe haplap urýan sowuk şemal. Dogrusy, ol zatlar tä oragahyra çenli bolaram öýdülenokdy. Boljagydyr-de. Ol juda yssy bolan tomsuň başdan sowlanyna gatyrak begenäýdimi nämemi, özüniň derde ýoluganyny-da duýman galdy.

Ýogsam şu güne çenli ol “Gojalan süňňümi ýene bäş-on ýyl süýrärin, gör-bak ýene-de onýança dünýäler dönüp, Watana dolanmaga mümkinçilik bolar, ile ýeteris” diýip, arzuwly küýlenip gezýärdi.

Bir Watana aşyp bolsa, ol ýene-de özüniň öňki mertebeli, il maslahaty düşýän Gully emine öwrüläýjek ýaly ýakymly duýgyny hem başdan geçirýärdi.

Gully eminiň öýkenini sowukladany belli bolany bäri öňem gepi alşyp, onuň bilen az duşuşmaýan Seýitmyrat aga indi her gün diýen ýaly, iş aladasyndan sypansa, ony soramaga, gümür-ýamyra gelýärdi. Seýitmyrat aga bir gelende dostuny dümewiň heläk edýänini görüp, şeýle halda dertlä em bolýan türkmeniň emini ýatlady.

– Ha, şu mahal bir saňa biziň içi galampyrly, noýbalyja

unaşymyz bolaýsa... Soňam başyňy bürenip, ýatyp bir derleseň, nädersiň gutulyp gidiberseň – diýip, häzir bu ýerde ony nireden tapjak diýen äheňde aýtdy. Şundan soň diňe bir dertden dynan ýaly bolman, onuň süňňi ýeňlän ýaly boljagyna hem ynandy. Ýöne hany bu gaty günde, gaty döwürde, galampyry nireden aljak, noýbany nireden aljak?

Seýitmyrat aga bir heňe gelerlik zat aýtmajagyny mälim edip, sähelçe gözlerini güldürip, ýarym degişme, ýarym maslahat hökmünde şuny aýtdy.

– Ýogsa-da Gully emin, “Her ýurduň awuny öz tazysy bilen awlarlar” diýilmänmi, eýsem? Bolmasa ol bularyň öz ajysyndan tapaýaly? Oglanlara aýtdyryp, dileseg-ä Andreý ýok diýmezdi. Haçan görseň, agzy aňkab-a dur şonuň-a!?

Gully emin Seýitmyrat aganyň mysy-mysylap haýsy ajynyň gürrüňini edýänine Andreý babanyň ady tutulansoň, dessine aňşyrdy. Üsgürip-asgyryp oturyşyna bir demini dürsän mahaly:

– Hä, indi bir kemimiz şoldam-da – diýip, bu ýagdaýy özüçe ýaňsylady.

– Bar bolsa, saňa gerek diýseň, Andreý ýog-a diýmezdi.

Gürrüňiň şundan soň birden öwrüm alyp, çyna ýazyp barýan ýaly gören Gully emin bu gürrüňi şundan soň seňrik ýygryp halamady.

– Salymyz segsenden aşdy. Orus bilen öňden gatnaşykly bolsagam onuň doňuz eti bilen arak höregine hiç wagt hem höwesek bolmandyk... Näm bolsa şol bolsun, indem agza almaly şony.

– Derman halal diýilmänmi, eýsem?

– Ýok, öz höregi, goý, Andreýiňem özüne nesip etsin.

– Onyň-a şeýle welin – diýende, tapdan düşüp barýan ýaly Seýitmyrat agaň sesi ysgynsyzdan ynamsyz eşidildi.

Ykbal soňky ömürde Gully emine juda ýowuz darapdy. Sowet syýasaty birde ony türmeden çykarsa, ýene birde bala-çagalary bilen sürgün belasyna sezewar edipdi. Entegem aýak üstünde gezilip ýörülse, ýolda bir saý sebäp bilen akylyna aýlanaýmasy,

onuň etjek hyýanat-häsiýetleri diňe bular hem däl ýaly, etmekçi bolýan has eýmenjiräk işlerem bar ýaly bolup hatarly duýulýardy. Durmuşyň karam oýnunyň känligini bolsa Gully emin ozal-ahyrda göre-göre, onuň mähnetini çeke-çeke gelýärdi. Döwrüň esasy maksady bolsa mertebelini, mertebeden düşürmek, dik başy egmekdi. Sowetleriň özüniň bu häsiýetinden lezzet alýanlygy bolsa onuň zorlukly alyp barýan syýasatynyň her ädiminde mese-mälim duýulýardy. Gully eminiň gören görgüleri az däl-de bolsa, ol ýaşynyň segsenden geçip barýanlygyna seretmezden, bir wagt il öňüne düşüp beglenip, göwni çykyp, ýalkap-ýalkanyp gezeni üçin bolsa gerek, ol henizem öz ýaşyndan has ýaş görünýärdi. Ýeňil-ýelpäýräk işleriň hötdesinden gelere entegem idrägi bardy. Emma bu dümew ony sanlyja günde gowy silkdi. Tapdan düşüp, gözleri ulalan ýaly bolup höwlendi. Hakykatdanam, lagar düşen segsen ýaşly goja öwrüpdi.

Gojanyň derdi soňky aldym-berdime salan güni Orazgeldi gije öýdedi. Reşetnikow başlyk bilen ol düýn giçlik Akmollada bolan ýygnakdan gaýdyp gelip, agşam öýde bolup, ertir ýene-de daň bilenem polewoýystandaky işleriň üstüne gitmegi planlaşdyrypdylar. Orazgeldi sorap gelende gojanyň derdiniň akarat, howpy artan eken. Ol bir özüni bilip, ýene birde bilmän horlanyp ýatyrdy. Orazgeldi dessine oňa hemaýat etmegiň aladasyna berildi, gojanyň kellesiniň aşagyndan bir goluny geçirip, ony gujaklap alan ýaly etdi-de, kadaly dem almaga oňaýlyk döretmek üçin, biraz ýokary göterip, onuň başyny öz dyzynyň üstünde goýup, ýagdaýa görä bolmaga çalyşdy.

Gully eminiň maşgalasyna degişli aýal-gyzlar, çagalar näden-nä bolarka diýşip, gaýgy-hasratly otyrdylar. Birnäçe adam barlygyna seretmezden, jaýyň içi dym-dyrslykdy, hatda gojanyň haşylap, agyr dem alşy hem eşidilýärdi.

Haçan-da bir gezek Gully emin özüne gelip, töweregini seljerip, ýagdaýa aň eden wagty, Orazgeldini ol anyk tanady.

– Goňşy, özüňmisiň!

– Özümdirin, Gully akga.

– “Ahyret güni goňşudandyr” diýleni bolupdyr-da onda. Bu onuň “Meniň şu pursatda töweregimde bolaýmaly oglanlarym ýok” diýip, aýtdygy boldy. Soňam ol gepläp bilmeýän ýaly bir salym dymyp, soň dillendi: – Inim, görýän welin, men ýola düşdüm öýdýän. Haýyr, bolmaly zat bolup dynsa gowy. Zyňlan ýerime düşüp, bu näme meniň ýaşap ýördügimmi? Seniň atańdan-a men üç-dört ýaş dagam kiçidirinem.

Gully emin Orazgeldiniň ýüzüne dikanlap, ýene bir pursat aýdasy gelen gepini aňynda ýitirene dönüp dymdy. Haýsydyr bir näbelli pikir-oýlary küýlenip ýatyşyna soňam Orazgeldiden özgeleriň eşitmegini islemeýäne meňzäp haýyşly dillendi.

– Sen, inim, oglanlar gelip ýetişýänçä, maňa nädibem bolsa hossarlyk edeweri? Kamiran daga habar ýeten bolmaly. Meniň akyl-huşdan aýrylsam, jan howluma ýogy-bary aýdyp, öz halym bilen bolman samramagym mümkin. Aýal-oglan-uşaklaryň gözünde men bu ýagdaýda galmaýyn. Ýagdaýyň bellisi bolýança, goý, olar sizde, ýeneki goňşularda bolubersin. Goý, soňky pursatda-da olar meniň ejizlänimi görmesinler... Men, inim, şu ýatyşyma Gurhanyňam güýçli sürelerini içimden okap ýatandyryn. Bu keremli dogalar maňa ýalançy dünýä bilen namartlamazdan, abraý bilen hoşlaşmaga kömek eder...

Goja munuň özüne ýeňil ölüm boljagyna, bu meselede ahyret güni ile eden ýagşylyklarynyň, keramatly Gurhan süreleriniň kömege ýetişjegine halys ýürekden ynanmak bilen aýdýardy. Aňsat ölüm soňky döwür onuň her namazdan soň dileýän uzur dilegleriniň birisidi. «Bala-çagalaryma, töwerek daşyma iş bolup, gapa seredip bir ýatmagaýadyryn, gitsemem aňym-huşumda wagtym, abraý bilen ýygnanaýadyryn!?” diýerdi. Ol sürgüne gelenleriň obadaky ýaly daýhançylyk, maldarçylyk bilen meşgullanyp ýörenini görüp, tussag işlerine höküm edilseler-de, özleriniň türmede däldiklerini görüp, öz edýän dilegleriniň Alla dergähinde kabul bolup ugranyna, bu ýagdaýyň iki-üç ýyldan dagy hasam gowulaşjagyna, ähli işleriň soňunyň haýyr sanyp, özleriniňem sag-aman Watana gowuşjagyna tama bilen ýaşaýardy.

Hasam Ballynyň gökden düşen ýaly bolup, yzlaryndan gelip, öz aralarynda bolup gitmegi, hamala, isleg-arzuwlar hasyl bolup barýan ýaly, gowy durmuşa bolan ynamly duýgulary döredipdi.

Gully eminiň aňsat ölüm baradaky dilegi ahyr şol gün Alla dergähinde kabul bolanlygy belli boldy. Seýitmyrat aga gyssagly çagyrylyp gelende, ýaňyrak sarsgyn alan ýaly bolup, Orazgeldiniň elinde jan beren Gully eminiň heniz süňňüniň ýylysy hem sowamaga ýetişmändi. Öýüň ortasynda gözlerini ýumup uklan ýaly bolup ýatyrdy. Seýtmyrat aga dostunyň bu jahanlyk işini bitirenini görüp:

– Dilegime gowuşdym diýsene, Gully emin! – diýip, bozulyp hamsykdy.

– Sen türkmeniň il öňüne düşüp, ýol kesip pylankes bolup gezen iner ogullarynyň biridiň, Gully emin. Ýöne nätjek yhlasa görä wysal bolmady-da. Seniň topragyň, gör, nirelere çeken eken! – diýip, onuň heniz sowap ýetişmedik giň maňlaýyndan “Razy bol, razy bol, Gully emin, razy bol, dost!” diýip, üç gezek hoşlaşyp sypady.

Orazgeldi soňra merhumyň aýagynyň iki başam barmagyny çatyp, eňegini daňyp, ony soňky ýoluna taýynlamagyň ugruna çykdy. Polewoýystana oglanlarynyň yzyndan habar atardy. Gojanyň ogullarynyň ikisem indi bir hepde on gün bäri meýdanda howlugylyp geçirilýän galla oragy bilen bagly taýynlyk işlerine gatyşyp ýördüler. Bilimli Kämirana eýýäm Orazmyrat brigadiriň brigadasynda zwenowod goýlup, jogapkär wezipe ynanylypdy. Indi ol birnäçe adama baş bolup, ýatyrlaýyn işleýärdi. Kakalarynyň amanady tabşyranyny meýdanda eşidip, olaryň ikisem şol bada, ony öz elleri bilen ýere bermek üçin oba howlukdylar. Orazmyrat işan häzir ol ýerde gowy görşüp ýören ildeş hökmünde özüniň hem bolmagynyň, sarpaly gojany mertebe bilen ýere berilmegine gatnaşmalydygyny bilse-de, olar bilen ýola düşüp bilmedi.

– Siz haýal etmän baryň! Häzir bu jelegaýda ýolbaşçylaryň hijisem ýok, birden biriniň göründikleri rugsat alyp, menem jaýlanmagyna ýetişjek bolaryn – diýip, ol başy ýasly aga-inini

gyssagly ýola saldy. Oba bilen aralyk on-onki kilometr dagy bardy. Emma şu pursatda tizräk ýoly geçäýer ýaly aýagulag araba ýenekem tapylaýmady. Oglanlary Gün batmanka, kakalaryny şu gün jaýlamaga ýetişip bolmajak ýaly görnüp, hasam alada goýdy. Olar gaty-gaty ýöreşip, ylgaşlaşyp baryşlaryna kakalarynyň merdana, paýhasly ykbalyny göz öňüne getirişip, ol jan berende onuň ýanynda bolmaga mümkinçilikleriniň bolmanlygyna gynanyp kemsinýärdiler. Kämirandyr agasy elhal diýşip baryşlaryna ýoly ortalaberenlerinde olaryň öňünden oba tarapdan paýtun üstünde ýelejiräp gelýän Şadmanow çykdy. Onuň gapdalynda soňky döwür köplenç ol türkmenleriň arasyna baranda terjimeçilik edýän Ýegelek depesinden basylan ýaly bolup hütgürip otyrdy. Şadmanow iki doganyň işi taşlap, elem-tas bolup, oba barýanyny görüp, muňa diýseň onuň gahary geldi. Ol at başyny çekip-çekmän, doganlaryň üstüne gygyrdy.

– Ýeri, iş ýeriňizi goýup, siz nirä barýaňyz? – Kämirandyr agasy şundan soň, ikisi iki ýerden Ýegelegiň ýüzüne: «Näme bolanyndan seniň habaryň ýokmy, eýsem?» diýen manyda soragly gözleşdiler.

Olaryň pikirine görä, Gully eminiň ölümi barada biri bilse, ony ilki kontor, Şadmanow bilmelidi. Sebäbi bu ähli sürgünlere degişli ölüm-ýitim bilen bagly ýörite talapdy. Kim ýogalsa, onuň habary bada-bat ilki kolhoz kontoryna barlyp, Şadmanowa aýdylyp, ondan merhumy jaýlanmaga rugsat alynmalydy. Ýegelek Şadmanowyň gepini böltäp, oňa Gully eminiň ölümi barada eşidenini aýtmaga çekindimi nämemi, hamala, bu soragly nazar özüne degişli däl ýaly, eşitmedik-bilmedikden bolup, ýüzüni kese sowdy.

– Hany, dolanyň diýýän men size! Iş ýeriňizi taşlap gaýdanyňyz üçin siziň 10 ýyl tussag halyňyz bar. Zähmet düzgünini bozmagyň nämeligini men siziň görkezerin gözüňize! – diýip, Şadmanow ýene oturan ýerinde iki doganyň üstüne hemleli herreldi.

Komendanta düşündirer diýen tama bilen Kämiran ýene Ýegelege haýyşly ýüzlendi:

– Dilmaçlyk edip düşündirsene sen bir şuny? Obadan habar geldi. Atamyz älemden ötüpdir, biz şony jaýlamaga barýas. Orazmyrat birigadirem habarly. Ýegelek terjime edip berse-de, Şadmanow doganlaryň düşündirmesini alga almady. Yzlaryna dolamak üçin goluny salgap, ýene olaryň üstüne süründi.

– Ataňyz ölen bolsa, ol porsap galasy ýok. Obada ussalaň arasynda ýörite tabşyrylan, dünýäden ötenleri jaýlaýan üç-dört adam bar. Seniň ataňam jaýlar şolar.

Doganlar şundan soň diňe bir atalarynyň ölüminden Şadmanowyň habarly bolman, onuň adam hökmünde jaýlanmagyny islemeýändigi hem anyk boldy. Muňa doganlaryň ikisiniňem gahary geldi. Olar ýerli-ýerden komendanty nägile nazar bilen otlukly daladylar-da: «Sen nätseňem, biz gidersem, atamyzy ýere-de bereris. Onsoň sen bizi isleseň eple-de, gowuz ýeriňe dykaý!» diýen äheňde, onuň tekepbirligine çetleri gyzyp, arabanyň gapdalyndan aýlandylar-da geçiberdiler. Ýürekler çişipdi. Iki dogan komendant kakalarynyň jaýlanmagynyň ýene-de öňüni almakçy bolsa, onuň bilen häzir näme bolmaly bolsa-da boluşjakdylaram.

Muny Şadmanowyň özem aňdy öýdýän, şundan soň ol oba tarap eňterilip barýan iki doganyň yzyndan tarp atyp, käýinip gygyrsa-da, olary saklamaga gaýry synanyşyk etmedi.

Sürgün obasynda sowetiň gyr jynynyň biridigi göz öňünde tutulyp, hatda onda merhumy soňky ýoluna ugratmak bilen bagly edim-gylym, däp-dessurlaram Şadmanow ýaly biri bir zat diýäýmesin, ýene bir gezekde oňa yrsaramaga bahana bolaýmasyn diýen gorky bilen ogryn-dogryn edilerdi. Ýogsam, şol wagt hiç zat diýmese-de, Şadmanowyň däp-dessur ýerine ýetirilenini bilse, oruslarmy, türkmenler parhy ýok, bir möhüm bilen haýyş edip, özüne ýüz tutsalar onuň: «Hany, hudaýyňyz kömek etmedimi?» diýip, bir çylkasyzyny atmak häsiýeti bardy.

Gully emin dünýäniň azabyndan dynan-da bolsa, onuň töwereginiň aladasy entek gutarman eken.

Seýitmyrat aga köpen biçmek üçin köpenlik bilen gyzyklanan mahaly onuň öýünden bir gulaç-da ak mytgal tapylman, köpenligiň ýoklugy belli boldy. Indi ony nireden tapmaly? Ýeri, onda-da bu dara direlikde ony nireden tapjak?! Käşgä baraňda, dilege ýenekä berilýän ýeri bar bolsa.

Merhumyň däp-dessura laýyklykda köpeni ak mytgal matadan bolmalydy. Başga mata tapylsa tapyljakdy, ýöne ak däldi. Şol pursatda bir-birleriniň ýüzüne sala-salyjykly seredişýän adamlaryň biri merhumyň gelinlerniň biriniň onuň üstüne ýapan keteni matasyny görüp: “Şoňa dolaýsak nähili borkan?” diýip, meselä çykalga gözledi.

Emma oturanlardan hiç kim muny göwnemedi. Aýal-maşgala bolan bolsa başga köpenlik tapylmasa, şeýdip depme halal edilse, bolsa-da bolardy. Ýöne onda-da Gully emin ýaly döwründe bir ile beg bolup, ýol kesen şahsy aýal lybasynda jaýlap bolarmy? Soňra ony “Mundan-a oruslaryňky ýaly geýiminde jaýlasagam gowy bolar” diýenem tapyldy. Emma onam göwnemediler.

Şol arada “Nätmeli borka?” diýip, alada galyp oturanlaryň biri Orazgeldi bir zat pikirine gelip, turup gitdi-de, üýşüşip oturan aýallaryň arasyndan aýalyny çagyryp aldy.

Aýak üstünden onuň bilen birki agyz gürleşensoň, Oguljuma öýe girip gitdi-de ol ýerden adamsynyň ak köýnegini alyp çykdy. Şundan soň Seýitmyrat aga Gully emininiň öz ak köýnegi bilen emelleşdirip, iki köýnekden dostuna köpen ýasamak başartdy.

Gully emini soňky ýoluna ugratmakçy bolnup durka hem bir ýagdaý adamlary çekindirip, ýaga depjek ýaly ýaýdandyrdy. Jynaza durmaga Seýitmyrat aganyň ýanyna onuň Gully emininiň mollaçar ogly Kämirandan başga üçünji adam birbada tapylmady. Azyndan bolmanda, üç adamyň jynaza durmagy bolsa musulmançylykda ozaldan däp-dessura öwrülen hökmanylykdy. Emma diýdimzor ýolbaşçydan näçe çekinilse-de, musulman adamlarynyň merhumyny jynazasyz ýere beresi gelmeýärdi.

Bu ýagdaýy görüp, heniz jynaza durup görmedik Orazgeldi durup bilmän, ymam bolup öňde duran Seýitmyrat aga haýyşly ýüzlendi:

– Ýaşuly, birki ýyldan bäri menem-ä ertirimi okaýan, menem durubersem bolmazmykan?!

– Bu ýola ýüregiňi togalap ýören bolsaň bolar, bolman näme, duruber senem – diýdi.

Orazgeldi merhumyň jesediniň öňünde jynaza durýanlaryň biri bolansoň, Rawil tataram köwşüni çykaryp, ony bir gapdalda jüpläp goýup, jynaza durdy.

Sürgün obasy ýene bir merhumyny soňky ýoluna ugrady.

Gully emin ugradylan wagty öwlüýä çenli onuň tabydyny göterjek adamlar azlyk edäýjek ýaly görnen hem bolsa, adamlaryň eşidişip, ondan-da, mundan-da gelmesi bilen onuň tabydynyň yzynda uly märeke peýda boldy. Gelenler diňe bir türkmenler bolman, olaryň arasynda oruslaram, täjik-gazaklaram, nemes-belorus, ýenekilerem bardylar.

Bu adamlaryň hemmesi-de sürgüne gelnensoň, onuň bilen duşuşan, iş salşyp, göwündeşlikde bolan adamlarydy.

Gully emini 31-nji barakda soňky dörän öwlüýäniň musulman böleginde Rahmannazarjygyň eýýäm ýere siňip barýan guburynyň gapdalynda ýer-jaý etdiler.

Gully emini jaýlansoňlar hem adamlar, hamala, onuň ýanyndan aýrylyşyp bilmeýän ýaly, bir pursat guburyň töwereginde başlaryny egşip, ýatlama hesrete berlişip durdular.

Gully eminiň ölüminden soň, köplere özlerinde daşda ýaly bolup duýulýan ajalyň, pikir edilişi ýaly, şeýle bir daşda hem däl ýaly bolup duýuldy.

Türkmenler ýene-de bu gün döwründe Gaýgysyz Atabaýew, Jüneýit han ýaly ýaly mertebe-mynasybetli ogullary bilen ýakyn gatnaşyk, maslahat, hyzmatdaşlykda bolan iner ogluny hupbyl Watandan alys gazak topragynda ýere berdi.

* * *

Ahmet Bürgüdiň galasyndan çykyp gelensoň, çagalaryny Akynýaz baýyňkydan öz howlusyna alyp gaýtdy. Gyzy Jymmyny öňüne alsa, ogly Geldini atynyň syrtyna mündürdi. Hanuma topur ýoluň gyrasy bilen olary gapdallap ýöredi. Wagtal-wagtal hem Ahmediň öz ýanynda gaýdaly bäri nähili özgerenini görmek islegi bilen, bürenjegiň gyrasyndan ony öwrenijilikli hyrydar synlady. At aýagyny eýgermek üçin howlugybrak köýneginiň etegine çolaşarly ýöräp gelşine, öýe ýetmäge howlugyp, Ahmet bilen mähir-mylakat alyşdy.

– Obada ýoksuň öýdüp, gara janym galmady.

– Sag-aman gelen ýeriňiz bolýar...

– Geldik özün-ä...

– Pelteňlere duşan bolsaňyz, horjunyňyz-a gowy silkendir ol zaluwatlar?

– Anna pälwan aga olaryň ýagdaýyna belet eken. Pelteňleri görenden ol: «Gelin, horjunyňy aç, bular bir zat almasa dyndyrmaz!» diýiberdi... Zat berip, sypsak kaýyl bolduk-la. Tüpeň gezäp, haýbat atyp dursalar, atarmykalar, derýadan geçirip, yzymyza kowarmykalar diýişibem gorkduk.

– Sowetlerden häzir Owgan hökümetiniň özüniňem gorkusy az däl. Onuň bolsa dünýä ýüzünden eýelän şonça ýerlerini az görüp, körüň aty ýaly dyzanyp, ýer-ýurt baryna şol depeläp gelşi. Ýeleden-ykdan ýurda gaçabatalga gözläp gelýänleriň sanynyň barha artýanlygyndanmy nämemi, indi Owganam häzirki döwürde serhedini birneme berkitme bilen. Biziň obanyň duşy hem serhetden aşaýmak üçin amatly-gümanly ýerleriň biri bolansoň ol hem indi Owganyň töwereginde gözegçiligi güýçlendiren ýerleriň biri – diýip, Ahmet ýagdaýy beletlik bilen takyklady.

Hanumadyr çagalarynyň yzyndan gelmegi, Ahmedi diýseň begendiripdi.

Bu hem-ä Hanumanyň Ahmede bolan yhlas-höwesiniň wysaly boldy, hemem ýykylan ojagyň täzeden dikelmegi ýaly bir zat boldy.

Ýas-ýaňam Ahmet galada Bürgüdiň bendiliginde otyrka, özüni onuň al bilen çagyryp bendilänligi üçin ondan nägiledi. Bu ýerden başyny bir alyp çykyp bildigi, abraýa leňňer berip, onuň üstünden hökümet adamlaryna tutunyp haklaşmakçydy... Bürgüt bolsa bolupdyr-da, kimmişin ol aslynda!? Onuň Aly hezretleri Owgan döwletiniň dagy emiriniň mertebelän adamsyna beýdip ýürek edip erşerçe, kim bolupdyr ol? “Şahyny döwdürjek goç çopanyň taýagyna süýkener edýär” diýip, oňa hym baglapdy.

Ýöne häzir bu bolan ýagdaýlary birlaý öz ýanyndan ölçerip-döküp, ähli bolan zatlary bir-birleri bilen deňäp-derňäp görensoň welin, ähli zadyň bähbide çekenini görüp, ol Bürgüdiň mamladygyna, gaýta özüni aýany üçin, onuň halat-serpaýa mynasypdygyna göz ýetirip kanagat tapypdy.

Emma Ahmet bendilikde mahaly nämä garaşsa-da, meseläniň beýle oňyn çözgüdine asla garaşmandy.

Gidip baryşlaryna Ahmet öýe ýetmäge-de howlugyp, Hanumadan inisi Öwezdurdynyň, agasy Kymyş duzçynyň, oba-gara ýaýrawlarynyň ýagdaýy bilen gyzyklanyp soraşdyrýardy. Hanuma Jemal mamadyr Kymyş duzçynyň Öwezdurda eýe çykyp: “Ol häli-häzire bärde bizde bolubersin. Siz bir baryp, ol ýerde Ahmede gowşuberiň bakaly, onsoň olam gitmeli bolsa, soň görübiris” diýendiklerini aýtdy. Ahmet sürgün edilen agalarynyň maşgalalary bilen gyzyklanan mahalynda Hanuma oňa sürgünler bilen aragatnaşygyň ýola goýlup ugranlygyny, Ballynyň ýylyň başynda obadan bir salym ýitirim bolup, Gazagystandaky agasynyň yzyndan gidip, olaryň hal-ýagdaýlaryndan habar alyp, görme-görüşde bolup gelenini gürrüň berdi.

Hanuma şol bir wagtda hem Kymyşlar bilen ýerli sowet ýolbaşçylarynyň arasynyň öňküsi ýaly henizem dartgynlylygyň barlygyny hem gynanma bilen ýatlady.

Sowetleriň agasynyň maşgalasydyr özi bilen alagözdügini gowy bilse-de, bu barada ýene-de Hanumadan eşitmek gyjalat ýaly bolup, onuň çetine degdi. Ahmet ýangynly gepledi.

– Seniň şol Ýagdy şuraň ile baýar bolup ýörse... Biz onuň

edil atasyny öldüren ýalydyrys, ol hiç wagt bize garaşygam, bolsunam etmez... Wah, şol gezeg-ä onuň ýoguna ýanýadym welin, arman bolmady... Dosty Nurjuma bir zatlar syzyp, yzyma düşüp, yzarlap ýören eken-dä. ...Wagtynda yzyndan duýdansyz gelip, ýetişip elime kakaýdy, ýogsam... – diýip, Ahmet ahmyr bilen şol başa barmadyk hereketini ahmyrly ýatlady.

Çagalar bolsa häzir at üstünde telim bir wagt gözden uçan kakalaryna gowuşanlaryna begenişip, oňa gysmyljyraşyp, hezil tapyşyp otyrdylar.

Hanuma howla girilenine mähetdel Ahmediň özlerine niýetläp alan howlusynyň içini zenanlarça bilesigelijilikli synlady.

Ine, bir gol doly maşgala üçin niýetlenilip gurlan, içi bag-bakjaly, töri athana-mal ýatakly, gapdaly münderilenip basylan toraňňy, ýylgyn, odun-küdeli giňiş howly. Howlynyň bir tarapyny ýaşaýyş üçin, mümkin boldugyndan, amatly edilip gurlan kaşaň jaý keserip otyr.

Howludan giren badyna bu ýerde ýene-de bir gözüne ilýän zat o-da howlynyň içiniň birhili sallam-sajagrak tertipsizligidi. Bu ýere zenan eliniň ýetmeýänligi mese-mälim görünýärdi.

Ahmet derwezeden girilen ýerde çagalary at üstünden Hanuma alyp berensoň, özi-de ondan düşüp, eýeriň syrtyna bökdirilen horjuny ýere düşürdi.

Atyny äkidip, at ýataga ýerleşdirip gelensoň, Hanuma bilen çagalary höwes bilen içerik öýe çagyrdy.

– Hany, indi öýümize gireliň, bakaly! – diýip, olaryň öňünde gapyny açdy.

Hanumadyr çagalar gyzyklanyp, ýüzugra jaýlary bir laý aýlanyp çykansoň olar gelip, ýene-de ilki giren ýerlerindäki giňiş otagda ornaşdylar. Ahmet soňam:

– Hany, ilki bir süýji zatdan başlalyň, galanynam soň görübereris– diýip, Hanumadyr çagalaryň ýüzüne buýsançly seredip, ýaňy galadan çykansoň, bazara sowlup alan içi halwa-nabatly ýaglygy olaryň öňüne saçak edip ýazdy.

Muny görüp çagalar bir-birlerinden kem galyp barýan ýaly bolşup, halwadyr nabatlara höwesli topuldylar. Hanuma-da zenanlarça sabyrlylyk bilen çagalardyr Ahmede mahal-mahal mähirli nazar aýlap oturyşyna ortadaky halwanyň bir bölegine eline ýetirdi.

Maşgalasynyň gelip gowşanyna begenip, olaryň daşynda galpyldap aýlanyp ýören Ahmediň bu gezek çaýy-da öýe daşarda özi gaýnadyp getirdi.

Çagalara ýat ýerdäki bu nämälim durmuş düşnüksizden geň bolup göründi. Häzirki döwürde dünýäde näme bolup ýöreninden oňly habarsyz çagalara kakalarynyň obalarynda bolman, bu ýerde bolup ýörmegi, onuň oba barman, özleriniň gelmekleri hakykatam düýş ýaly diýseň düşnüksizdi. Şonuň üçinem olar häzir gökden düşen ýalydylar.

Hanuma saçak başynda Ahmetdir çagalar bilen halwalap çaý içip, özleri bilen getiren zatlaryndan garbanyşyp oturyşyna mahal-mahal, hamala, özüniň Ahmede gowşanyna entegem oňly ynanyp bilmeýän ýaly, ony göz astyndan öwrenijilikden hyrydar synlaýardy. Mähir küýsäp, zenanlarça oňa gysmyljyrasy gelýärdi. Goşalanyp, onuň teniniň ýylysyny duýmak Hanumanyň indi köpden bäri elýetmez arzuwydy. Bu juda uzaga çeken aýralykdan soň, ol Ahmetdi näçe görse-de, ondan ganarynam öýtmeýärdi.

Hanuma henizem Ahmede ilkinji duşup, onuň bilen aýşy-eşretde bolan pursadyndaky ýaly hyruç-hyjuwlydy.

Çaý-içişlikden soň Hanuma turup, köpden bäri tertibe salynmadyk içerini azda-kände bolsa-da tertibe salarman boldy. Ol jaýyň bir künjegindäki bir wagt ýygnalman, turlup gidilen düşegi epläp ýazyp, olary tertipläp, bir-biriniň üstüne goýuşdyrdy. Öýüň gap-gaçlaryny ýuwmak üçin, olary hem bir toplum edip, gapynyň golaýragynda jemledi. Şol arada gyzgyn nahar taýynlanaýsa hem kem bolmajagy pikirine geldi. Ol çagalary bilen bir tarapraga süýşürilen saçak başynda çaý içip oturan Ahmede maslahatly ýüzlendi.

– Gazanyňyz ýokmudy, akgasy? Ýogsam men dessine

gyzgynjak bir zat taýynlardym-da çagalara.

Şu ýerde Ahmediň kalbynda besläp oturan “Gökdäki dilegi ýerde gowuşdy”. Ol häliden bäri Hanuma bilen bir pursadam bolsa ikiçäk galmagyň höwesinde bolup, çagalar bolansoň, ony çola alyp çykmagyň ebeteýini tapman otyrdy.

Ahmet şundan soň dessine:

– Gazan... Gazana bolmaly – diýip, onuň nirededigini ýadyna salyp, soňam ony Hanuma alyp gaýdarsyň diýen hörpde – Ýör saňa gazany görkezeýin! – diýip, ony daşardaky goş-kötel goýulýan tamkepä çagyrdy. Çagalara bolsa: – Siz jetleşmän-urnuşman oturyň!? Men Hanuma ejeňize gazan tapyp bereýin! – diýip, ony öňe salyp, özem yzyna düşdi.

Gelip, tämkepbä girilenine mähetdel Ahmet dessine gyssanyp, onuň gapysyny öz yzy bilen ýapdy. Onuň içi gözedürtme garaňka öwrüldi.

Hanumanyň “Gapyny bir açsana, hiç zat görnenog-a?” diýip, nägilelik bildirenem şoldy welin, Ahmet ony höwes bilen arkasyndan gujaklady.

– Heleý bolmaga geldim diýsene!? – diýibem ondan pälini bozanyny aňdyryp, daljygybrak höwesli sorady.

Hanuma garaşylmadyk hüjüme duşup, ilki muny birhiliräk gören hem bolsa soňra Ahmediň gyzgyn demi ýüzüne uran mahaly endamy goram-gowşak bolup, şol pursatda dünýäni unudanyny hem duýman galdy. Höwes bilen gaçaryny aldyranlygyny boýun aldy.

Şeýle-de bolsa:

– Waý, bu oglanyň bisabyrlygyny. Indi men geldim-ä, uzakly gije-de öňümizde... – diýip, näzirgäp nägile bolandan boldy.

Hyjuwy joşgun alan Ahmet Hanumanyň ýerden kakyp alan ýaly edip, harsa küküregine göterdi. Ertibem onuň arkasyny tamkepbäniň bir burçunda üýşüp duran saman tümmegine ýaplady...

Ahmet Hanumanyň çagalar bilen Owgana gelenine bir hepde, on gün geçensoň, Akynýaz baý bilen matlabyny maslahatlaşmak

üçin onuň öýüne geldi. Ahmet Hanuma bilen ýakynlygyny has-da berkitmek üçin uly bolmadyk toýjagaz edip, onuň bilen nikalaşmagy niýet edinipdi. Akynýaz baý bilen geňeşmek, bu şeýle-de onuň pikiriçe, başdaş aýaly Akgülüň hossarlaryndan, sypaýyçylyk bilen onuň ornuna aýal oturtmaga rugsat soralmagy, merhumyňam hormatynyň tutulmagy boljakdy. Emma heniz mazary kepemedik ynsanyň ýerine başga birini getirmek juda bir adamçylygam däldi. Ýöne häzirki ýagdaý şuny talap edýärdi. Ol Akynýaz baýyň: «Häzire çenli nikasyz halda gatnaşyk edipsiň, indem näme şeýleräk halda ýaşabereňde bolmaýarmy?» diýen ýaly bir gep aýtmagyndan hem çekinmän durmaýardy.

Ahmet Akynýaz baýyň howlusynyň daş ýüzünde gelip, hamala, öýe girmezden öň ýene bir gezek öz pikirini saldarlap görýäne meňzäp ol ýerde birsalym köwejekläp, ikirjiňläbräk durdy. Akynýaz baýyň huzuryna barandan soňky gep-gürrüňiň nähiliräk boljagyny ýene bir ýola özüçe ölçerip dökdi. “Akynýaz aga, parasatly adamdyr, ol aýal doganyň ornuny başga bir zenanyň tutýanyny ýokuş görse-de, maňa düşüner, öz ýetim galan ýegenlerine nebsi agyryp maňa düşüner. Erkek kişiniň näçe çytyraşsa-da, maşgalada enäniň ýerini tutup bilmeýänligini, onsuz çagalaryň hor-homsy boljagyny pikir etjegini oýlandy. Onda-da Ahmet ýaly at üstünde gezip, bir ondan, bir mundan çykyp ýören adamyň çagalary bir ynamly zenan eline tabşyrylmasa, kyn boljagy belli zat”.

Ahmet howludan girip, bir-birleri bilen ýanaşyk dikilen üç doganyň öýüniň öňündäki ojak başynda gara gazanyň aşagyna odun salyp oturan Akynýaz baýyň aýalyna salam berip, ýüzugra gysgaça onuň bilen saglyk-amanlyk alşansoň:

– Ýaşuly öýdemikän? – diýip sorady. “Baryber öýdedir” diýen jogaby alansoň, eýýäm içerde kimdir biriniň gelenini aňyp, diňirgenip oturan Akynýaz baýyň oturan öýüniň gapysyny itdi. Olar saglyk-amanlyk soraşyp başlanlaryna köp wagt geçmänkä, Akynýaz baýyň aýaly, eli bir çäýnek çaýly geldi-de, ony ýanynyň iki käsesi, şahanabat süýjüsi bilen, olaryň öňüne alyp berdi.

Gapdaldaky saçagy hem olaryň elýeterine süýşürdi. Saçakdan ýaňyrak ýapylan nanyň ýakymly ysy burk urýardy. Adamlar agzala, dertli, nan atly, millet pyýada öwrüleli bäri, bu nanyň ysy öňkülerdenem has ýakymly, has datly müşge öwrülipdi.

Baý aýaly soňra ýene-de gelşi ýaly saçynyň ujuna dakan kümüş apbasylaryny sazlaşykly şaňňyrdadyp, yzyna çykyp gitdi. Gaýynagasynyň keýwanysynyň şeýdip, öz daşlaryndan aýlaw berip çykyp gitmegi Ahmede-de Akgüli ýatlatdy. Onuňam bar mahal gelnejesi ýaly öýüniň içine gelşik berip, saçyna dakan apbasy şaýlaryny şaňňyrdadyp, öý işlerine güýmenip, äkidip-getirip, göterip-goýup bir gowy bolup ýörmesi bardy. Ol soňky döwür Hanumanyň mähir-muhabbetinde ýaşaýan-da bolsa, Akgül onuň çagalary bilen är-aýallykda ýaşan bagtly pursatlarydy.

Akynýaz baýdyr Ahmet ojagyň gapdalynda mahal-mahal çaý owurtlaşyp, ýurt ýagdaýlary hakda, öz durmuşlaryndaky käbir halatlar hakda, hamala, başga biriniň eşitmegini islemeýän hörpde ýuwaşja gepleşip otyrdylar. Ahmete ahyr ýüregi bire baglap, özüniň bu ýere näme üçin geleniniň habaryny berermen boldy. Ol ara bir az dymyşlyk düşen mahaly:

– Akynýaz aga, men-ä siziň ýanyňyza maslahata gelipdim! – diýip, oňa habaryny berdi. Hanuma bilen nikalaşma niýetiniň barlygyny aýtdy. Ahmede bu öýe öň ýörite giýew çakylyk edilip, gelmäge ýoly açylan hem bolsa, ol gaýyn öýlerine juda bir hökmanlygy bolmasa, gelip-gidip ýörmezdi. Gelse-de Akynýaz baýyň ýanyna däl-de, onuň iň kiçi inisi, öz deň-duşragy Mahmydyň ýanyna, şony sorap gelerdi. Doganlaryň giýewler bilen ýakyn gatnaşýany hem şoldy.

Ahmediň gepi Akynýaz baýy oýurgandyrdy. Ol bada anyk bir zat aýtmaga howlukmady. Ýogsam Ahmediň beýle niýetiniň barlygy öňden, Hanumanyň çagalaryny alyp gelenindenem bellidi. Akynýaz baý bu barada öň oýlananda, merhum doganynyň ornuny başga biriniň eýelemegi bilen, biygtyýar ylalaşan-da bolsa, Ahmediň häzirki gepi birhili oslagsyz ýaly bolup duýuldy.

Ol diňe birhaýukdan daşary çykyp gidiberjege meňzäp,

gapdalyna atan silkmesini golaýyna süýşürip, ony başyna geýip, il gözünde galan dogumly Akynýaz baýa öwrülensoň dillendi.

– Çagalar hor-homsy bolmasynlar, maşgala belet bolsaň, öýlenseň kem bolmaz. Aýalsyz öýüň ýylysam ýokdur, oňňut-owkadam bir hilidir... Onsoňam ol heleý sen diýip, seniň abraýyňa, hyzmatyňa çapyp gelen bolsa, onda oňa öýlenmegiň gerek. Belki, ol çagalaryň bagtyna mährem ene bolup, “Oturan ýerini öý, baran ýerine toý” edýänlerden bolsun!”– diýip, onuň pikirini arzuw-dileg bilen makullady.

Şu gürrüňçilikden bir hepde soň Ahmet bir janly soýup, tanyş dost-ýarlaryndan kiçiräk märeke toplap, molla çagyryp, nikalaşyp Hanuma bilen är-heleý boldy.

* * *

Eýýäm güýzüň alkymlap gelenine seretmezden, gazak topragynda çakyr tomus entegem öňki hörpünde öz hökmürowanlygyny dowam etdirýärdi. Ekin meýdanlaryň gujagyny, esasanam, oraga ýetişip gelýän, ygşyldaşyp oturan bugdaý ummanlary eýeläpdiler. Bu ýylam meýdanlarda ýene-de nanyň bol hasyly ösdürilip ýetişdirilipdi.

Öwräniň irräk ekmäge ýetişen hojalyklarynda eýýäm az-da-kände bugdaýa orak salnan hem bolsa, entek ýurduň bu demirgazyk tarapynda umumy häsiýete eýe bolmandy. 31-nji barak hojalygynyň ýolbaşçylary bugdaýa orak salmaga gyssanýan hem bolsalar, ol ekilýän mahaly iki gezek dagy yzly-yzyna ýagyş ýagyp, ekişiň belli bir derejede gijikdirilmegine sebäp bolanlygy üçin, şu arada bugdaýa gowy bişmäge mümkinçilik bolar diýen tama bilen ýene-de biraz oragy gijikdiräýenlerini hem kem görmeýärdiler.

Şonda bugdaýyň ýerden, Günden almaly ýyly-mährini doly alyp, dok dänelere öwrüljegine tama edilýärdi. Asman adaty tomus günlerindäki deý, henizem köp halatda durnanyň gözi ýaly durudy. Gün bir dogansoň, helebärde asmandan gitmänsoň, onuň

öwrülen tarapyna gözlejek, öz günebakar adyna eýe boljak bolşup oturan günebakarlar henizem boýunlaryny Güne tarap towlaşyp, kelelerini bir ýerde goýanokdylar.

31-nji barakda geçen ýyl düýbi tutulan oba mekdebiniň hem bu okuw ýylynyň öňüsyrasynda gurluşygy tamamlanypdy. Gurluşykçylar onda öz çagalarynyň hem okajagyny pikir etdilermi nämemi, ony möhletinden has tiz gurdular. Komendant Şadmanow mekdebiň düýbi tutulanda: «Munda ýene birki ýyldan soň, oba çagalary okarlar» diýip, söz beripdi. Şonuň üçinem mekdebiň ýetişmegi şol bir wagtda komendant Şadmanowyň hem beren sözünde tapylmasy bolupdy.

Okuw ýylynyň öňüsyrasynda ýene-de öz işini täzelän goja Potap her gün goňşy gazak obadan atly gelýän Jadra atly ýaş gelin bilen mugallymçylyk işlerine girişipdiler. Çagalara bu mekdepde iki – gazak hem orus dillerinde okatmak göz öňünde tutulypdy. Öňräk şäherden raýon bilim bölüminiň başlygy ýörite gelip, mekdebiň gurluşygy bilen tanşyp, ilki başda onda işlejek iki mugallym bilen okuwa görülmeli taýýarlyklar barada gürleşip, tabşyryk berip, düşündirip gidensoň, Potap Jadra bilen oba aýlanyp, mekdebe gatnamaly çagalaryň san-hasaby alnypdy, ene-atalarynyň islegine laýyklykda olaryň haýsy dilde – gazak dilindemi, orus dilinde okajaklary anyklanylypdy.

Türkmenleriň-ä köpüsä “Gazak dili öz ene dilimize ýakyn, ony öwrenmek çagamyza aňsat bolar” diýip, gazakça okatmaga döwtalap bolýardylar. Muňa seretmezden, olaryň hem arasyndan öz çagalarynyň orus dilini gowy bilmeklerini isläp, orusça okamaga höwes edenlerem az bolmandy. Allanazaram Potap babanyň maslahaty bilen orus dilinde okamaga höwes edenleriň biri boldy. Oguljuma-da şundan soň ogluna, mümkin bolandan, arassaja geýindirmek üçin, iliň çagasyndan kem bolmasyn diýip, ony höwes bilen, uzak ýola taýynlaýan ýaly yhlas bilen telim gün mekdebe taýynlapdy. Öz ýanyndan çagasynyň ile gatylýanyna begenipdi. Haçanda Rahmannazaryny ýatlan mahaly bolsa:

– Wah, gezip ýören bolanynda o-da ýene birki ýyldan şeýdip

okuwa giderdi-dä – diýip, hapa bolup bozulypdy. Gözleriň öňüni şonda ýene-de gözýaş perdeläpdi.

Allanazary şol gün kakasy araba mündürip, mekdebe özi äkitdi.

Düýn başlyk Reşetnikow işden soň ertir täze mekdebiň açylyşynyň boljagyny ýatlap, oňa: “Sen, Oraz, ertir arabaňy goş-da mekdebe baryber, şol ýerde duşuşarys!” diýipdi.

Ertir olar ýola çykan wagtlary mekdepde okuw başlanmagyna entek esli wagt baram bolsa, eýýäm çagalaryň köpüsi ýolda, aýak üstündedi. Ýol üsti agyn sozan-guýruk çagadyr olary mekdebe alyp barýan ulular bolup dur. Orazgeldi ýol boýy Allanazaryň deň-duşlarynyňam gabat gelenini mündürip, mekdebe bir araba çaga bilen geldi.

Olar mekdebe gelende eýýäm goja Potap bilen Jadra mugallym bu ýerde hersi öz okatmaly çagalaryny aýratynlykda töwereklerinde jemläp, olar bilen gelen eneleriň birki sanysy bilen şüweleňli gürleşip durdy.

Hemmeleriň ýüzünde buýsançlydan şatlyk alamatlary bardy. Hasam hökümet tarapyndan çagalarynyň aladasynyň edilmeginden ene-atalar juda minnetdar bolýardylar.

Sebäbi zora tutulyp, mal-hal ýaly edilip gaty wagonlara gapgarylyp, görgi bary görkezilip gelen adamlar hökümetden dogrusy beýle ýagşylyga garaşmaýardylar.

Jadranyň töwereginde duran aýallar çagalaryna edilýän bu ýagşylyga henizem oňly ynanyp bilmän duruşlaryna, onuň bilen janlaryny barlap görýän hörpde şüweleňli gürleşýärdiler.

– Heý, Jadra dogan, bular gazakçany öwrenip bilermikäler?

– Elbetde, bilerler.

– Biläýediler-dä onda.

– Bilerler. Türkmen, özbek, tatar ýaly türki dilli halklaryň çagalaryna-ha gazak dilinde okamak aňsat bolar. Sebäbi bu dilleriň aňyrsy gadymyýetde biziň ata-babalarymyzyň hemmesiniň gepläp-düşünişen türki dilidir. Wagtyň geçmegi bilen biraz üýtgän-de bolsa, ol barybir şol öz dilimizdir.

Jadranyň köne eýýämdäki doganlygy ýatlap edýän gürrüňi duranlaryň hoşuna ýakyp, olaryň ýüzlerine Aý şöhlesi düşýän ýaly ýagtylyk peýda bolupdy.

Orazgeldi märeke üýşýän ýeriň beýlerägindе arabasyny saklansoň, ondan ilki özi düşüp, soňra çagalaryň düşmegine kömek etdi. Ol birnäçe çagany toparlap öňüne salyp gelen mahaly Potap goja hoş bolup, onuň öňünden çykdy.

– Arabalyja getiräýdiňmi biziň okuwçylary?

– Ýolda gabat gelenin-ä getirdim.

Potap goja Orazgeldiniň arabada getirenlerinden Allanazardan başga-da başlygyň gyzy Biannany, Rawiliň gyzyny, Täjiliniň gyzy Ogulgurbandyr olaryň barakdaşy Tätän ogly Kakabaýy bölüp alyp, öz toparyna goşdy. Oglan-gyzlaryň beýlekilerine bolsa Jadra mugallym eýe çykyp: «Siz munda gelmeli!» diýip, höwes bilen olary öz toparyna goşdy. Çagalaryň ýeleden-ykdan gelip durmasy bolsa indi barha artýardy.

Mugallymlar oba aýlanyp, ýazgy geçirip, çagalary hasaba alyp ýörkäler, ilki Oguljuma hem: «Gazak dili öz dilimize ýakyn, düşnükli dil, Allanazarymam şonda okasa, aňsat düşer» diýip pikir eden-de bolsa, Potap baba orusça mekdepde özüniň okadýanyny aýdyp, muňa türkmenlerden Täjiliniň gyzy Ogulgurbanyň-da ýazylanyny mysal getirip:

– Täjiliniň-ä özi “Gyzym oýnanda-da, goňşularymyz orus gyzlar bilen oýnaýar. Olar bilen wijirdeşip, eýýäm gepleşýärem” diýip, gyzyny orusça okatmagy onuň özi haýyş etdi.

– Gyzym tä orus bolýança okadyň! – diýdi – diýibem ýatlady. Şeýdibem bu gürrüň «Türkmeni göçürjek bolsaň, gapdalyndan göç geçir» diýleni bolupdy.

Orazgeldi bilen Oguljuma hem şundan soň Allanazaryňam häzirem orus çagalary bilenem oýnaşyp, boldugyndan olar bilen gepleşip, düşünişip ýörenini ýatlaşyp, oňa-da orusça okasa, kem bolmajagyna ynanypdylar.

Häzirki wagt her ýyl bugdaý oragynyň başlanmagynyň öňüsyrasyndaky bolýan böwşeňlik döwri bolansoň, çagalaryň

bahanasy bilen ýene-de bu ýere üýşüp bilen adam üýşüpdi.

Akmolladan raýkomyň sekretary, bu mekdebiň üpjünçiligine – gurulmagyna öz tagallasyny gaýgyrmadyk Ýerlan Satybaldyýewiň gatnaşmagy hem bu açylyşa aýratyn dabara berdi. Ýygnakda 31-nji baragyň eýesi hökmünde komendant Şadmanow gysgaça giriş sözi aýdyp, soňam uzak sözlemän, nobaty wezipe-derejesine laýyklykda raýkomyň sekretary Satybaldyýewe berdi. Ýolbaşçylaryň öň hatarynda çagalara buýsançly nazar aýlap duran Satybaldyýew şundan soň köpçülige ýüzlendi:

– Gadyrly adamlar, biz bu gün siziň bilen ýurdumyzda bolýan gowulyklaryň ýene birisiniň şaýady bolup durus. Siziň çagalaryňyz bu gün höwes bilen täze gurlan mekdepde okuwa başlaýarlar. Biziň döwletimiz çagalaryň okuw-bilimli, öz döwrüne mynasyp adamlar bolup ýetişmekleri üçin, hemişe uly alada edýär. Biziň serdarymyz W.I.Lenin baryp, sowet döwletiniň ilkinji günlerinden çagalaryň geljegine umyt baglap, olaryň aladasyny eden adam bolupdy. Hut onuň özi şol ýyllarda wagt tapyp, Moskwanyň eteginde ýerleşen “Sokolnikidäki” çagalar öýüne baryp, ol ýerde terbiýelenýänler bilen Täze ýyl baýramçylygyny bile geçirip, olaryň şatlygyna şatlyk goşupdy. Öz egindeşlerine hem çagalaryň ertirki kommunizm gurujy adamlar bolmalydygyny nygtap: “Okamak, okamak ýene-de okamak” diýip, çagalary hökman ylym-bilimli adamlar edip ýetişdirmekligi wesýet edipdi. Häzirki döwürde bolsa serdaryň bu wesýeti ýoldaş Stalin tarapyndan üstünlikli ýerine ýetirilýär.

Şeýle-de – diýip, ol sözüne sähelçe dyngy berensoň, ýene-de şol öňki baýsançly, hörpünde gürrüňini dowam etdirdi. Şu ýyl raýon boýunça ýene iki sany täze mekdebiň, oblast boýunça bolsa ýedi sany täze mekdebiň çagalara gujagyny açýanlygyny aýratyn buýsanç bilen ýatlady. Satybaldyýew sözünde maglumatlary bir-birine sepleşdirip, gürrüňiň akymyndan daş çykman, syýasata laýyklap, ynamly sözleýärdi. Bu aýdylýan syýasatyň köpüsini adamlar öň hem telim eşiden-de bolsalar, raýkomyň sekretarynyň öz gepine halys berlip, çynlakaý

gürleýänligi üçin, onuň aýdýanlary duranlara täzelik ýaly bolup eşidilýärdi. Göwünlere hoş ýakýardy. Sekretar öz sözüni, çagalara hökümet-partiýanyň bu aladasyna öz gazanjak bäşlik-dörtlük bahalary bilen jogap bermelidiklerini arzuwlap tamamlady.

Satybaldyýewden soňra söz alanlaram sekretaryň aýdanlaryny özleriçe gaýtalabrak geplediler. Arzuw etdiler. Dabara tamamlanandan soň, mugallymlar öz okuwçylaryny okuw otaglara alyp girip, okuw-guramaçylyk işlerine girişdiler. Çagalaryň ýaş aýratynlyklaryna görä, olary aýry-aýry toparlara bölüşdirdiler. Şeýdibem, iki orus, iki sany gazak dilinde okamaly toparlar emele geldi. Olaryň ýarysy ertirden, ýarysam öýlän okamaly edildi.

Potap mugallym partalaryň arasynda aýlanyp, okuwa gelenlerine monça bolşup oturan çagalara, indi olaryň okuwçydygyny, okuwçylaryň bolsa heniz okuwçy däl çagalara hemme tarapdan görelde bolmalydyklaryny, tertip-düzgünli, arassa bolmalydyklaryny aýdyp syýasat etdi.

Okuw otaglary okuwçylara amatly bolar ýaly, giňiş-giňiş edilip gurlupdylar. Özge barak jaýlaryna ýeke penjire hem oňly goýulmaýan-da bolsa, jaýlaryň içi ýagty bolar ýaly bu ýerde penjireler iki-ikiden goýlupdy. Özi-de olar gyşda garyň köp ýagýanlygy göz öňüne tutulyp, gar basmaz ýaly, adaty goýulýan penjirelerden biraz ýokarrakdan goýlupdyr. Çagalar häzir okuw otaglarynyň gujagyny dolduryşyp, mugallymlaryň aýdýanlaryny dykgat bilen, gözjagazlaryny uçganakladyşyp diňläp oturyşlaryna aýratyn bir tolgundyryjy pursady başdan geçirýärdiler.

Okuwyň bu ilkinji güni soňra mugallymlaryň ýörite dabara niýetlenilip getirilen «Harplyk» kitabyň paýlanmagy bilen tamamlandy. Elbetde, kitaplar hemmelere ýeterlik däldi. Şonuň üçinem okuwçylar olary bir-birleri bilen ikibir, üçbir bolup, gezekleşibräk okamaly boljakdylar.

Ýöne mugallymlar kitaplaryň yzynyň barlygyny, onuň häzir Almatada gyssagly çap edilip durlanlygyny aýdyp, kitap ýetmediklere-de kitaply boljaklaryna ynandyrdylar. Okuw

wagty gutaransoňam çagalaryň köpüsiniň bu gün wagty bilen mekdepden öýlerine dolanasy gelmedi.

Allanazar ejesiniň kitap-depder salmaga niýetlenen, matadan tikip beren torbasyny gidende elinde sallap giden bolsa, aňyrdan gelende ony iki eli bilen bagryna basyp, aýagy ýeňläp, guş tutan ýaly begenip geldi. Gelşine-de «Potap dostum-mugallym maňa kitap berdi!» diýip, buşlap ony çykaryp, ejesidir jigisine görkezdi. Oguljuma ýagşy niýete berlip, kitaby üç mertebe maňlaýyna degrensoň, ony ýene-de yzyna Allanazara uzatdy.

– Hatyny okap ugraňsoň, hasam gowy bolar, köp zatlar bilersiň, balam – diýip begendi.

– Ene, Bianka-ha eýýäm munuň harplaryny tanap, biraz hatynam okap bilýär.

– Bianka düşbüje gyz-a, oglum. Ol senden birki ýaş kiçirägem bolaýmasa, o-da siz bilen bir synpda okaýarmy?

– Hawa, o-da biziň bilen, Rawil tataryň gyzam, Ernest nemisiň gyzy Zina-da biziň synpymyzda... Synpdaşlarymyň köpüsi gyzlar.

– Sen, oglum, orusçalaşaň-da, olaryň diline düşünýärmiň özi?

– Azajyk düşünýän. Haýalrak gepleşseler-ä hasam gowy düşünýän. Ýöne tiz-tiz gepleşip wijirdeşiberseler, oňly düşünemok.

– Köpräk orus çagalary bilen tirkeşip, gürleşiberseň, gowy düşünişersiň.

– Dostum Potap mugallymam şeý diýýär.

– Potabam bir gowy adam eken. Onuň seniň bilen “ata-ogul” bolmagy bu-da bir bize Allanyň eden uly hemaýaty boldy.

Allanazar naharlanan wagty “Harplygyny bir salym gapdalynda goýan hem bolsa, soňra wagty bilen ony ýene elinden goýasy gelmedi. Öwran-öwrän sahypalap gördi. Jigisi Rahmangula-da onuň suratlaryny höwes bilen görkezdi. Daşaryk oýnamaga gidende hem ony özi bilen äkidip, çagalaryň birnäçesine begenip, görkezip geldi.

Oguljumadyr Orazgeldem ogullary mekdepden kitap alyp, okuwçy bolup gelensoň, ol ile goşulyp barýan ýaly, onuň bilen bagly arzuwly-ýakymly pursady başdan geçirdiler.

Agşam ýatmak üçin düşege geçensoň hem Allanazar wagty bilen uklap bilmedi. Öwrän-öwrän mekdebiň açylyş dabarasyny ýatlady, Potap mugallymy, synpdaşlaryny göz öňüne getirdi. Oglan okuwçy bolanyna, kitaply bolanyna juda begenipdi.

Haçanda uka giden kakasydyr ejesiniň burunlarynyň kadaly "hyşy wyşa" berlenine göz ýetirensoň, ol ýerinde turdy-da, ýatanlaryň bir ýerinden basaýmazlyk üçin, gapdaldan aýlanyp geçip, kitaply torbasynyň asylgy duran ýerine bardy. Soňam torbadan kitabyny aldy-da, ony höwes bilen bagryna basdy. Getiribem "Garybyň maly gözüniň alnynda" edip, düşegine geçen wagty öz gapdalynda goýdy. Allanazar diňe şundan soň rahatlyk tapyp uka gitdi.

* * *

Ykbalyň başa näme oýun saljagyny aňsat öňünden biljek gümanyň ýok. Galyň bende näme, şonda-da ýaşajakdan, iliň gowusynyň biri bolup ýalkanjakdan. Adamyň hemişelik başyny alyp durýan gara günüň ýoklugyny özüne teselli hökmünde ýatladyp, mümkin boldugyndan, umyt merdiwanyny gowulyk diwaryna söýärmendir.

Sowet häkimiýeti bolsa halkyň içinde täzeden-täze, halky ezip, synpy gatlaklar döredip, ezýedini ýyl-ýyldan köpeltmese, azaldarly däldi. Ýagdaýy üýtgedip bilmejeklerine göz ýetiren adamlar, "Kör bilen ýoldaş bolsaň, gözüň gyparak" etmäge çalşyp, onuň ugrudyr-da diýip sürmäge çalyşýardylar. Ýöne barybir aňsat onuň göwnüne ýetip bolmaýardy. Kösenmek kösenilýärdi. Sowetiň bolsa, ähli zady ýugrup-ýasap, guk-paňk edip atyp, dünýäni şol çeýnäp tüýkürip gidip oturyşydy.

Orazgylyç hem, mümkin boldugyndan, aýak üstünde saklanmak üçin sürgünleriň arasynda gara zähmeti bilen sowetiň degirmenine yhlas bilen suw guýmaga onuň talabyna laýyk

bolmaga çalyşýardy. Ýöne gelenine birki ýyl bolan hem bolsa, henize çenli sürgün durmuşynyň oňly gowşaşan zady ýokdy. Halk çäklendirilen ýerde, komendantyň göz astynda, berlen kada-kanuna görä ýaşaýardy. Gaýta wagtal-wagtal ýokardan çykýan kada-kanunlaram sürgünleriň hemişe ýanalýan synpa degişlidiklerini ýatladyp, ýaşaýşy hasam kynlaşdyrýardy.

Hökümet adamlary bala-çagalary bilen sürgüne berip, ýurdundan göçürip, ojagyny düzläp keýpden çykansoň, indi birneme köşeşäýjegem ýalydyram welin, emma ýöne ol barha zabunlaşmasa köşeşerli däldi. Gaýta: “Soňam sizi bir etjegim bardyr» diýip, olara hym baglaýana meňzeýärdi.

Goňşularyň biri gapydan gelip, kontorda Orazgylyjyň adyna gelen hat barlygyny aýdyp gidende eýýäm Gün al-asmana göterilip, wagt günortana sanyp ýördi. Orazgylyç daň bilen turup, iş üstüne gidipdi. Amangüldür Aganazaryň ikisem öýdediler. Bu habar gelende Aganazar sallançakda ýatan jigisine lak atyp, hoşamaýlyk edip, onuň ýaňajygyna sähel degseň, ýylgyrjak bolýan ýaly bolýanyny görüp: «Indi şu-da güljek-yşjak bolýar» diýip, onuň bilen oýnaşyp, guwanyp otyrdy. «Aňsadyna bakan gyz dogyr» diýilýän hem bolsa, Amangül gyzjagazyny kyn dogrupdy. Dogurmagyň azap-görgüler onuň halys ähliје halyny alypdy. Çaganyň doglanyna iki aýdan gowrak wagt geçen hem bolsa, ol henizem özüni alyp, galnyp bilmän, saralyp-solup horlanyp ýördi. Aganazar hem öňler ejesi, kakasy bilen işe çykyp işläne berilýän hak-heşdekden, mümkin boldugyndan, öz goldawyny goşýan hem bolsa, jigisi doglany bäri ol hem bir salkyn onuň ýanynda, bir salkyn okuwynda bolmaly bolupdy.

Ol öýde mahaly jigisine seredişýärdi, gerek bolanda ol-bi ejesiniň öý işlerine kömek edýärdi.

Hat habary gelende hem Amangül dert çekip, ýanyny ýerden galdyrasy gelmän, gapdalda ogludyr gyzynyň hereketlerini synlap, uzyn süýnüp ýatyrdy.

Geçen iki-üç ýyl içinde sürgünleriň öz yzlarynda galan dogan-garyndaşlary bilen hat alyşmak, aragatnaşyk meselesi

belli bir derejede ýola goýlupdy. Orazgylyçlaram seýregrägem bolsa hat alyp durýardylar. Haty köplenç obadan Akjagül bilen Ogulbike ýazýardy. Orazgeldi dagynyňam biraz mundan öň salgysyny ýollap, olar bilen Orazgylyçlary hatlaşdyranam ýene şolar bolupdylar. Seýregem bolsa indi käte Orazgylyç daga gazakdakylarynyňam habary ýeterdi.

Sürgünlere gelýän hatlar henizem şol öňküler ýaly gelende ilki kontora gelerdi. Komendant, Ümsüm olaryň töweregindäki, sürgünleriň ähli hereketleri üçin özlerini jogapkär saýýan käbir ýeneki adamlar isleseler, ony açyp tanşardylar. Şolardan birden biri rugsat edensoň, hat kontora çagyrylyp, onuň eýesine berlerdi. Ejesiniň «Kä oglantap görüp saňa beräýseler-ä... Bolmasa, agşam akgaň işden gelensoň, özi baryp alar» diýenine hem seretmän, hatyň yzyndan Aganazar özi gitdi. Onuň haty tizräk alasy, onuň kimden, nireden gelenini bilesi gelýärdi. Oňly okap bilmese-de, ol hatyň nireden gelenini, özleriniňkileriň hatlaryna belet bolansoň, salgy ýazgysyna gözi düşeninden bilýärdi. Her hat gelende ol, hamala, hat ýazanlaryň özleri bilen duşuşan ýaly, diýseň begençli tolgundyrjy pursady başdan geçirýärdi.

Aganazar kontora ýolboýy “Hat kimden geldikän?” diýip, çen baryny ata-ata geldi. Kontora gelip, haty soramak üçin ol gapydan sereden mahaly hemişe komendantyň kabinetiniň gapysynda oturýan, hatlara beýemçilik edýän aýalyň ýerinde ýoklugyny gördi. Onuň bir ýere çykanlygy belli boldy. Komendatyň jaýynyň gapysy açyk durdy. Onuň özem stol ýeňsesinde kimdir biri bilen gürleşip oturan eken.

Aganazar sekretar aýal gelýänçä, oňa gapdalda bir ýerde garaşmak üçin ýeňsä çekilmekçi bolan wagtynda içki jaýda oturan komendant ony görüp, oturan ýerinden onuň bilen gyzyklandy.

– Eý, sürgünçe, hany bäri gel! – diýip, ol Aganazary öz kabinetine çagyrdy.

Aganazar edep bilen, salam berip bosagadan ätledi. Emma eşitmedik ýaly, içerde oturanlar onuň salamyny almaga howlukmadylar. Aganazar giren ýerinde gapynyň öňünde aýak

çekdi. Jaýyň içinde komendantdan başga-da şol bir stoluň başynda ýene-de iki adam bardy. Aganazar ilki oturanlaryň birini ortaky stoldan ýeňseräkde oturany üçin ony görmändi. Jaýyň içine gözi öwrenişensoň, hemme zat anyk boldy.

– Bu ýerde näme işläp ýörsüň!? – Aganazary içgin syn astyna alansoň, komendant ondan öňki hörpünde ardynjyrap sorady.

– Bize hat gelenmiş, men şony almaga gelipdim – diýip, Aganazar jogap berdi.

– Hany, sen otaga gitmediňmi?

– Ejem ýaranok. Bir salkyn ýanragynda bolup, jigime seredişýän.

– Kimiň ogly sen? – diýip, oturanlaň biri partorg onuň kimligine çen urma bilen sorady.

– Men Orazgylyç brigadiriň ogly.

Orazgylyjyň ady agzalan mahaly komendantyň gapdalynda kese oturan adam sähelçe stoldan başyny göterdi-de, gaňrylyp Aganazara tarap düşnüksiz seretdi. Aganazar hem onuň ýüzüni doly görensoň, ýaňky birbada tanyş ýaly görnen adamy tanamasa-da, indi tanady. Onuň çakgyň çüýi ýaly gözüniň sowuk nazary bardy. Ol iki ýyla golaý sürgünleriň arasynda komendantyň kölegesi bolup, tirkeşip, onuň giden ýerine gidip, baran ýerine baryp, nämedir bir zatlar aňtap ysyrganyp gezen, il içinde “Ümsüm” diýlip tanalýan, hemişe Ümsümlik-kümsüklik bilen iş alyp baryp ýören adamdy. Biraz mundan ozal ýurtdaky OGPU NKWD-ä öwrülip, Içeri işler ministrligine birikdirileninden köp wagt geçmänkä, ol hem gelşi ýaly birden bu ýerden ýitirim bolupdy.

Sürgünler soňra Ümsümiň şäher NKWD-sinden girip-çykýanyny eşidip, gitse-de onuň uzak gitmändigini bilipdiler.

Sürgünleriň arasynda, kimdeligi anyk bilinmese-de, kimdir birinde Gurhan barlygy, onuň gizlin okaýanlygy baradaky çaklama güman öňdenem bardy. Ýöne Ümsüm bu ýerde bolan döwürleri onuň yzyna assyrynlyk bilen näçe düşse-de, oňa Gurhany gola

salmak başartmandy. Bu meselede oňa Nuretdin ýaly il içinden tutan jansyzlarynyňam kömegi degmändi.

Ümsümiň gidip, işini üýtgedip, biraz wagtdanam ýenede dolanyp ysyrganyp gelmesi, onuň şol Gurhanyň yzyndan gaýtadan gelmesi bolupdy. Hökümet tarapyndan ýakynda ýenede dine garşy göreşi güýçlendirmek barada ýörite talaply karar kabul edilipdi. Bu bolsa Ümsümiň sürgünler obasyndaky Gurhany tapmagyň täzeden ugruna çykylmagyna sebäp bolupdy.

Gurhan gözlenende tapylmasa-da, onuň bolup biläýjek ýeri hakyndaky şübheli pikir gelip-gelibem ahyram iki adamda, Şyh bilen Orazgylyçda saklanypdy. Onuň indi bir ýerden çyksa, hut şu ikisiniň birinden çykjagy pikir edilýärdi. Şyhyň ogryň-dogryn namaz okaýanlygy, Gurhan sürelerini, hamala, wagtal-wagtal bir ýerden görüp, onuň hakdygyna gözüni ýetirip, ynam bilen ýatdan okaýanlygy öňdenem bilinýärdi.

Orazgylyjyň bolsa, döwletiň dini halanmaýanyny bilsede, diline bek bolmalydygyny unudyp, mahal-mahal Gurhanyň arkasyny alýan hörpde Kymyşçalap soňuny saýman, onda-munda din arkasyny alýan gürrüňler aýdyp goýbermesi bardy.

Orazgylyç Seýit daýysy Buhara medresesini gutaryp baryp, obada oglan okadanda, ondan hat-sowat öwrenenleriň biri bolupdy. Musulmanyň din-ygtykatynyň, süňňüniň arassalygy we gudratlydygy barada ol okan döwri ondan köp gowy gürrüňler eşidipdi.

Onda Gurhana bolan mertebeli garaýşy döredenem şol gürrüňler bolupdy.

Gurhanyň gudraty barada daýysynyň halys ýürekden beren şol gürrüňleriniň ençemesi onuň ýadyndady. Hasam onuň taryh bilen, baglap, mysal getirip aýdanlary Orazgylyçda uly täsir galdyrypdy. Mylaýym sesli Seýit molla gürrüň bermägede ökdedi. Ol barada oba: “Gurban baýyň ogly Seýit molla bir zat barada gürlese, töwereginde oturanlaram hut şol wakanyň ortasynda bitiräýýär” diýip, haýran galma bilen gürrüň ederdiler.

Orazgylyjyňam bu ýerde wagtal-wagtal adamlaryň arasynda şol gürrüňler ýadyna düşüp aýdyp goýbermesi bardy. Has-da ol Gurhandan gürrüň çykanda, bu keramatly kitabyň Çingiz tohumyna gudrat görkezişini ýatlamagy-da gowy görerdi. Şol pursatda onda bu mukaddes kitabyň gudratyna bolan buýsanç hasam artardy.

...Çingiz han Orta Aziýany basyp alanda, onuň aýratyn wagşylyk bilen jyny düşüp, weýrançylyk eden ýerleriniň biri hem şol döwürde din Yslamyň merkezi hasap edilýän onlarça metjit-medreseli Buhara bolupdy. Çingiz ordasy şäheri basyp alyp, ony tozdurypdy, kitaplaryny toplap, uly ot ýakdyryp şoňa atdyrypdyr. Gurhanyň oda berlenligini görüp, ýanyp-bişip duran ahunlaryň biri şonda mongollara: «Siz Gurhany ýaksaňyzam barybir ol özüni gorar» diýipdir. Şol wagt ol gep töweregiň gulagyna oňly ilmese-de, taryhyň gulagynda welin galan eken. Soňra bolsa ol hakykata öwrülen hak sözleriň biri bolupdyr. Taryhdan belli bolşy ýaly, soňra Çingiz hanyň nebereleriniň dadyna ýetişen hem ýene-de musulmançylyk bilen, şol mukaddes Gurhan bolupdyr...

Wagt gelip, Çingiz nebereleri onuň agtygy Baty handan soň, atalarynyň basybalyjylykly ýoluny oňly dowam etdirip bilmändirler. Gaýta Berke, Togtamyş, Nogaý handyr Özbek han arasynda tagt ugrunda Altyn ordada duşmançylykly göreşler başlanypdyr. Bu agzalalykdan Orusýet hem wagtynda peýdalanypdyr. Düwlen rus ýumrugyna maňlaýyny ýardyran Çingiz nesilleri şundan soň gözleriniň gören tarapyna gaçmak bilen bolupdyrlar. Nogaý han gaçyp, Kawkazdan çyksa, Berke watany – Mongola tarap çekilmäge mejbur bolupdyr. Özbek han töwereginiň sülsady bilen zordan özüni Orta Aziýa atypdyr. Bu ýerde ol musulman dinine sygynmaga mejbur bolupdyr. Musulman bolup, Gurhany gözüne togap edip, onuň donunyň synyna bukulyp, zordan duşmançylykly güýçlerden başlaryny gutarypdyr.

Mongollar döwründe hat ýazuwlar dürli pirimler bilen onlarça gezek üýtgänem bolsa, dünýäde edermenligiň dili hasap edilen

türki dili ýok etmek üçin näçe çytraşylsa-da, ol gelmişekleriň diliniň üstünden öz beýik taryhy ýeňşini gazanyp aman galypdyr. Wagtyň geçmegi bilenem ol gelmişekleriňem bir-birleri bilen düşünişýän ene diline öwrülipdir. Şeýdibem şol Gurhan ýakylan güni ahunyň aglap aýdany ahyrsoňy hakykat bolupdyr. Gurhan öz gudratyny görkezipdir.

Orazgylyjyň ýene-de bir gürrüňçiliklerde diline alman durup bilmeýäni Buharada «Halypa pir» bolup, dini Buharany öz ylym paýhasy bilen mertebelän türkmen Nyýazguly halypa baradaky daýysyndan eşiden gürrüňleridi. Nyýazguly halypa XVIII asyryň ahyrlaryna, XIX asyryň başlarynda Buharada ýokary derejede mertebelenen meşhur din şahsyýeti hökmünde taryhda bellidir. Buhara emiri Şamyrat soňra onuň ogly Mirhaýdar ondan sapak alyp, Nyýazgulyny özleriniň ruhy atasy hasam edipdirler. Ol 30 ýyldan gowrak tä ömrüniň ahyryna çenli Buharanyň dini-ygtykat, bilim parasatynyň başynda durupdyr. Meşhur Çor Minor medresesini gurduryp, ony ýokary derejeli bilim ojagyna öwrüpdir. Onda diňe bir Orta aziýalylar däl, Tatarystandan, Owganystandan, Başgyrdystandan, Kawkazdan gelen adamlaram okap, bilim alyp, atly alymlar, pirler bolup ýetişipdirler. Şol döwürlerde türkmenleriň arasynda hem okap, bilim alan adamlar köpelipdir.

...Molla Töre ahun, Jumaguly ahun, Gara ahun, Gurt ahun, pirleriň piri Ýazguly pir, ýene-de köpler Çar Minor Nyýazguly halypanyň mertebeli medresesinde bilim alypdyrlar. Soňky döwürlerde hem türkmenlerden Berdi Kerbabaýew, Hudaýguly ahun, Garaja Burunow ýaly onlarça tanymal adamlar Çor Minor medresisinde okapdyrlar.

Orazgylyjyň Seýit daýysy hem şolar bilen bu medresäni bitiren türkmenleriň biri bolupdy.

Nyýazguly halypa 1821-nji ýylda kazasy dolup älemden ötüpdir. Onuň jynazasyna Mirhaýdaryň özem gatnaşypdyr we: «Buhara emiri öň ikidi, indi biri galdy» diýip ony mertebeläpdir. Nyýazguly piri Buharanyň, Magtym Namangany, Hoja Ishak ýaly

meşhur adamlaryň ýatan öwlüýäsinde depin edýärler. Taryhda Nyýazguly halypanyň adynyň Ýazguly halypa diýlip hem tutulýar. Ýöne şeýle-de bolsa taryha döwür-döwranyň wagtyna siňňin syn salnan wagtynda bu iki uly şahsyň şol bir adam bolman, atlary meňzeş utgaşykly bolsa-da, arada tapawudyň barlygyny görmek mümkin. Bar bolan çeşmeler olaryň ikisiniňem bu din ummanynda çuň yz galdyran adamlardygyny tassyklaýar.

Nyýazguly halypa, esasan, Buharada tanalan bolsa, Ýazguly piriň rowaçlygy soňra Hywa bilen bagly. Nyýazguly halypanyň Buharada sylanylyşy ýaly, Ýazguly pir hem Hywada aýratyn mertebelenilýän pir bolupdyr. Hywa hanlary, olaryň ýakyn adamlary hem öz ýakynlarynyň Ýazguly pirde okap bilim almaklaryny uly mertebe bilipdirler. Umumanam, bularyň ýaş tapawudynyň, biten ýerleriniň tapawudy barlygyna seretmezden, bu iki beýik ynsan bir-birlerinden uzakdaky adamlar hem bolmandyrlar. Ýazguly pir, Nyýazguly halypanyň ogly Asadulla ahunyň öz kakasynyň mertebeläp adyny dakan ogly bolupdyr. Ýazguly piriň orta çykan wagty din-bilimiň Orta Aziýada Hywa has rowaçlyk alan ýerine öwrülipdir. Türkmeniň meşhur ahuny Ak işan hem Ýazguly pirden ders alan talyplardan biridir. Gurhany türkmen diline geçiren Hoja Ahmet ahunyň aýtmagyna görä, pirleriň piri Ýazguly pir özüniň beýik derejesiniň bolmagyna seretmezden, örän sada kiçigöwünli adam bolupdyr. Ol demdynçlykda talyplary bilen goşulyşyp, Ahal, Mara-da gidibir eken. Pirleriň piri Ýazguly pir ömrüniň soňunda Mekge-Medinä özüniň jesediniň Muhammet pygamberiň, onuň sahabalarynyň düýnelen ýerleriniň golaýynda bolmagyny isläp, Mekgä gidipdir. Mekgede bir ýyldan onuň kimdigine, parasatyna göz ýetiripdirler. Nirä gitse, ony araplar elde göterip äkidipdirler. Jumga namazyny külli musulman Ýazguly piriň ymamlygynda okapdyr. Arabystana Ýazguly pir bilen onuň şägirtleriniňem bäşisi giden eken. Ol birnäçe ýyl geçensoň: «Arabystan bir suwsuz gaty ýurt, men ölsem, siz hor bolarsyňyz, Watana dolanyň» diýip, olara maslahat beripdir. Şondan soň onuň ýoldaşlarynyň üçüsi ýurda dolanyp,

ikisi barybir “Näme bolsagam, pirimiz, Siz bilen bilen boljak” diýip, onuň ýanynda galypdyr.

Ýazguly piriň Mekgedäki soňky ykbaly barada hem şol gelenler gürrüň beripdirler.

Türkmeniň beýik ogullary Nyýazguly halypa, pirleriň piri Ýazguly pir nirelerde galsalar-da, olar dini-älemiň asmanynda hemişe öçmejek ýyldyzlara öwrülipdirler.

Orazgylyja öz iliniň bu beýik ogullary hakda ýatlamak hemişe ýakymly hem buýsançlydy.

Bu günem Ümsüm ýene-de iş sapary bilen aňtaw işlerini alyp barmak üçin sürgün obasyna ýörite gelipdi. Aganazar gelmezinden ozal olar sürgünleriň arasynda barlygy çen edilýän Gurhanyň nirede, kimde bolup biljegi barada özara gürrüň edişip, maslahat bişirişip oturdylar. Bir ýerde bukup, Gurhan saklaýany güman astyna alnan iki adamyň biri-de Orazgylyçdy. Şonuň üçinem gapyda onuň oglunyň peýda bolmagy hut şol: “Gurt agzasaň, gurt geler” diýleni bolupdy.

Aganazaryň kimligi belli bolansoň, Ümsümiň bu ýagdaýy peýdalanasy geldi. Ol gözlerini köpmanyly gülümsiredip: «Oglanlynyň ogurlygy ýatmaz», şuny ara alyp, osmakladyp görmegimiz gerek» diýen pikire gelensoň, komendantyň ýüzüne pirimli seretdi. Soňam gepi ýeňseden aýlap, ony Aganazaryň başyna tor edip, atarman boldy.

– Şu dälmi şol iki-üç ýyllykda hüjrelikde oturýarkaňyz gaçyp-tezip, adam baryna iş bolup ýören oglan – diýip, Ümsüm bilmedikden bolan bolup, komendantdan sorady.

– Şolaryň biridir.

– Ýeri, gaçak, indi gaçjak bolaňokmy?

Ümsümiň äsgermezçilikli ýaňsyly gepi Aganazara ýaramady... Şol gezekdäki gaçyşlygy ýatlanda, kömre bulaşyp, gören görgüleri ýadyna düşüp, ini tisginip gitdi. Ümsümiň gepiniň hörpi onuň çetine dert oduny täzeden ölçerilmesi boldy. Aganazar özüne degilmegini halaman, Kymyşlarça düýrügip, Ümsümiň hüjüminiň öňünde durmak üçin tenini gataldyp ugranyny hem duýman galdy.

– Gaçjak bolýan.

– Onda näme gaçaňok?

– Ýoldaş tapamok.

Aganazaryň garaşylmadyk tekepbirden dogumly gep saluwy, jaýda oturanlaryň ýüzünde duýlar-duýulmaz ýaňsy ýokundyly ýylgyrma döretdi. Oglanyň çekinip durman, berilýän soraglara erkin jogap berip ugramagy jaýda oturanlaryň bilesigelijiligini şundan soň hasam artdyrdy. Osmakladyp, gorduryp bolsa mundan köp zatlar eşidip-bilip bolarly göründi. Näme Ümsümiň bolsa, gözläp ýöreni şunuň ýaly osal-tosal zatlar. Komendantam muňa sözsüz düşündi.

– Beh, ýene gaçjak diýýär-ow bu zaluwat – diýip, Ümsüm gülümsiräp oýlanyp, komendantyň ýüzüne gözläp goýberen wagty, onuň bu gepi özüne çekenligi belli boldy. Ol könäni Ümsüme ol bolan ýagdaýyň sebäbini düşündirýän hörpde ýatlady:

– Öňki gezek oglanlar gaçanda, o sebäp boldy, bu sebäp boldy, onsoňam özlerem çaga bolansoň, bularyň maşgalasy jogapkärçilige zada hem çekilmändiler. Ýogsa beýle maşgalalar gümlam edilip türmä atarylyp goýberilmeýärmi aslynda. Gep-gürrüňi köpeldibersek, görsek onuň bir ýany özümize-de degip gelýär. Onsoň geçirimlik edildi-dä – diýip, ol Aganazar bilen Ahmediň gaçyşyny üzlem-saplamrak ýatlady.

Ümsüm öňki gürrüňi akaba salyp, oglanyň keçjallyk bilen berýän jogaplaryny biraz geňirgenme, ýaňsylama bilen sözüni dowam etdirdi.

Töwerekde oturanlar oglanyň gepledigi saýy öz-özünden çörňeşige düşüp barşyndan kanagat tapma, düşbülik bilen bir-birleriniň ýüzlerine göz aýlaşyp, niýet tutuşyp otyrdylar. Ümsüm ýene-de:

– Sen, sürgünçe, ýene gaçjak ýeneki diýip dursuň welin, bu adamlary tanaňokmy, çekineňokmy diýen hörpde pirimli sorady.

Olaryň özüni oýnaklap, güjükli soraglar berip, oglansyradyp oturmaklaryna biraz çeti gyzyp ugran Aganazaryň jogaby nagt boldy.

Ol diňe bir soralan soragyň jogabyn-a däl, olara ýüz ugra ýeneki ýadyna düşen zatlardanam birnäçesini sözüniň üstüne goşup münneläp aýtdy.

– Men siziň üçiňizem tanaýan. Sürgünde sizi tanamaýan barmy? Siz hakda obada edilýän gürrüňlerdenem bilýän men...

Şu pursatda oglan gepini dowam etse, onuň özi barada oňly bir zat diýmezliginden çekinen Ümsüm alkymyndan çykyp, Aganazaryň ünsüni komendanta gönükdirmek bilen boldy.

– Şu oturan adam kim onda? Oba ol adam barada näme diýýär?

– Bu adam biziň komendantymyz. Baş günden bäri biz bilen. Munuň töwereginiň kömekçi esgerleri üýtgese-de ol üýtgänok. Abyr-zabyr etse-de, umuman, ol erbet adamam däl.

Maşgalasynam biziň aramyza göçürip getirip, sürgünler bilen ýaşamany özüne kiçilik bilmän ýaşap otyr. Sürgünleriň ähli garamatam onuň başyndamyş...

– Kim aýdýar ony? – diýip, Ümsüm ýene sorag berdi.

– Kakamam diýýär. Başgalaram...

– Kakaň ýene näme diýýär?

Aganazaryň bu göwünjeňden açylyp, merdemsi berýän jogaplary Ümsüme syr ýumagy öz-özünde çözlenip barýan ýaly görnüp, onuň gürrüňe has-da içgin gyzyklanmagyna sebäp boldy.

– Kakam “Komendant aga zanny gowy adam, ýöne töwereginde iki-üç sany gep berip, ony wagtal-wagtal ýamanlyga, müňkürlige iterýänler bar. Ili zora tutsa-da, ol şolaryň gepi bilen tutýar. Şolar dagy bolmasa, olam özümiz ýaly sylanyşykly toýa-ýasa gatnaşylyp ýörmeli adam” diýýär.

Ümsüm biraz howlugyp, ýene Aganazara sorag berdi:

– Ol gep berýänler kimmiş onsoň?

Ol gürrüňe kellesi gyzan oglanyň ýüzugra birnäçe at tutaryna, kakasynyň aýybyny açaryna garaşdy.

– On-a bilmedim – diýip, Aganazar at tutmady diýen äheňde dymyp, egnini gysdy. Komendantyň şol barmana oglanyň ünsi özünden sowasy geldimi nämemi, bu gezek ol Ümsümden öňürdip, Aganazara sorag berdi:

– Bu adam kim?

– Onam tanaýan. Oňa adamlar Ümsüm diýýärler.

– Nämüçin Ümsüm diýýäler? – diýip, komendant indi sebäbini bilse-de, bilmedik bolup, onuň başga ady bar-a diýen hörpde sorady.

– Näme üçin Ümsüm diýilýänin-ä bilemok. Ýöne biziň obada-ha Tyrrylaň bir ümsüm, ýapyşak iti bardy. Şoňa dagy deňelen bolaýmasa. Ol özge itler ýaly adama aňsat haýbat atyp üýrübermeýärdi, gabadyna gelersiňem welin, aýagyňdan diş salyp alardy. Eden işini şeýdip ümsümlik bilen edýänligi üçin, oňa hem Ümsüm ýaman diýýärdiler. Gytjaň ejesini, Parlaň baýyň gyzynam ýaran şol Ümsüm-dä... – diýip, Aganazar gep ugruna Ümsüme bu pursat şüweleň alyp, öz-özünden: «Ak towuk saman saçar, öz aýybyn özi açar» diýilýäni bolup barýan ýaly göründi. Komendantdyr Ümsüme-de geregi şoldy.

– Ümsüm eke barada onsoň ýene näme diýýäler? – diýip, komendant barha gyzygýan gepiň dowam etdirilmegini isläp homp berdi.

– Ýene, ýenemi, Ümsüm aga hakda... Aganazar oýurganyp, ýene-de bir zatlar ýadyna saldy – “Ol hemişe sümsünip, adamlaryň arasyndan bir zatlar gözleýär, ýöne henizem tapanok öýdýän... ýa-da ol şol gezip ýörşüne öz gözleýän zadynyň nämeligini unutdy. Ýogsam gözleýän zadyny tapara wagt boldy” diýýärler. Häzir bolsa bu daýy ula çekilip gitdi birden. Biri “Ümsüm gözleýän zadyny tapaýdy gerek” diýse, ýene biri bolsa «Gömülgendir, gitse-de uzak giden däldir, golaýdadyr, guma gömlüp ýatandyr ahmalygyňy aldygy yza çekilip, dişläp alar hatyladyp...» diýip, ondan gorkýarlar... – Aganazaryň ýady barha durlanýana meňzedi: – Onsoňam, Ümsüm aga türkmeniň gowurmasyny gowy görýär – Aganazar bu gepi ýadyna salýan hörpde, töweregindäkileriň ýüzüne nazar aýlap aýtdy. Töweregiň makullaýjylykly, öwreniji nazary onuň gepine hasam gop berdi.
– Her gezek kimiň yzyndan dogan-garyndaşlary gelse, şolar ep-esli edip, gowurma alyp gelýärler. Nuretdinem «Ümsüm aga

gowurmany gowy görýär» diýip, olardan şonuň üçin her gezek ep-eslisini bölüp alýar. Soňam Nuretdin oňa:

– Ýör, Ümsüm-ä, ýör, Ümsüm,
Biziň öýe bar, Ümsüm,
Gowurmany çaý bilen
Gözüň ýum-da, ur, Ümsüm

– diýip, ony öýüne çagyrýa...

Şundan soň Ümsüm Aganazar gepledigiçe öz syry açylyp barýan ýaly gördümi nämemi, onuň özi barada gürlemegini islemedi. Oňa Aganazar beýdip, gepläp dursa: «Ümsümiň Nuretdiniň aýaly bilen arasy barmyş» diýen ýaly başgalaryň bilmegi islenilmeýän zatlar hem orta gelerli göründi. Wagtynda gepi özünden sowmagyň gerekligi duýuldy. Ol Aganazar bir säginen ýerinde onuň sözüni bölüp, partorga tarap urgyny öwürdi.

– Sen bu adamam tanaýaňmy onsoň?

– Tanaýan. Ol obamyza şäherden kino getirýän daýy.

Aganazar bu gepi aýdan mahaly nämüçindir biraz uýalyp, biraz aşak gözläp, onam bir tanaman bolarmy diýen äheňde aýtdy.

Aganazaryň partorgyň ýüzüne göni seredip bilmänligininiňem öz sebäbi bardy. Mundan bir hepde, on gün öň obada «Çapaýew» kinosy görkezilipdi. Bu kino hasam çagalarda diýseň uly joşgun, gyzyklanma döredipdi. Şundan soň Aganazaram obada çybyk at münüp, özüni Çapaýew saýyp gezen oglanlaryň biridi. Kinonyň hasam Çapaýewiň aklardan gaçyp, bir eli bilen derýada ýüzüp barşy, onuň derýadan geçip-geçmänligi alasarmyk düşnüksiz bolmagy çagalary diýseň alada goýupdy. Eger ol ýüzüp, kenara çykaýsa, obanyň oglanlary esger bolup, onuň yzy bilen ar almak üçin, duşman üstüne eňmäge taýyndylar. «Çapaýew» şol günler obama-oba, şäherme-şäher aýlanyp, her baran ýerinden Çapaýewiň goşunlarynyň üstüni ýetirýärdi.

Sürgün obaçylygynyň alty-ýedi kilometrliginde ýene bir özbek obasy bardy. Haçanda «Çapaýew» kinosy sürgün obasynda

görkezilenden üç-dört gün soň, onuň şol obada görkeziljekdigi eşidildi. «Çapaýew» görkezilýän bolsa, onda-da ol aýak ýeterde bolýan mahaly, oba oglanlarynyň bu mümkinçiligi sypdyraslary gelmändi. ...Çapaýewiň ýaralanmadyk ýeke eli bilen ahmallykda üstüni basan duşmanlardan gaçyp: «Bir kenara ýetsem bor, onsoň dolanyp gelip, sizi gyrşymy bir görüň!» diýip, ýüzüp barşy oglanlaryň hemmesiniň gözüniň öňündedi. Olaryň göwnüne kino, hamala, täzeden görkezilende, Çapaýew ýüzüp, kenara çykaýjagam ýaly hem bolup duýulýardy.

Şol gün gijöýlänler Aganazar dagy bäş-alty bolşup, «at segredişip» goňşy oba barýarkalar, olaryň öňünden şäherden atly gaýdyp gelýän partorg çykypdy. Partorg oglanlar: «Çapaýew» bolýamyş goňşy obada, hany, siz baraňyzokmy?" diýip, özünden soranlarynda, ol oglanlaryň nirä barýanyny bilip galypdy. Olaryň «Çapaýewiň» derýadan ýüzüp çykyp-çykmaýanyny bilmek üçin barýanyny eşidibem ol hezil edibem bir gülüpdi.

"Soňam ol «Çapaýewi» birki günden ýene-de gaýtalap oba getirjek, şonda görersiňiz?" diýip, olary yzyna dolapdy. Şonuň üçinem partorgy ýaňy görenden Aganazaryň ondan «Çapaýewi» haçan getirýänini sorasy gelipdi. Hatda ol «Çapaýewe» berlensoň, biraz wagt gyzygyp, özüniň bu ýere näme üçin gelenini, nirede duranyny hem unutdy. Ümsümiň soragyna jogap berdim hasap edensoň, ýene öwrülip, "Çapaýew" bilen gyzyklandy. Partorga ýüzlendi.

– Daýy, «Çapaýewi» indi haçan getirjek?

Partorg jogap berip-bermänkä, Ümsüm ol barada hem nämedir bir eşitmedik zadyny bilmek üçin, etdirjek bolýan gürrüňini «Çapaýewiň» alyp gaçyp barýanyny görüp, ony "Çapaýewli" gürrüňiň üsti bilen, maglumat öwrenijilikli gürrüňine dolarman boldy.

– Çapaýewi gowy görüpsiň-ow sen! – diýip, ol Aganazaryň ýüzüne köp manyly seretdi.

Aganazaryň jogaby nagt boldy:

– Çapaýewi nä halamaýan barmy?

– Sen onuň suwdan çykanyny görüp nätjek aslynda?
– Çapaýew ölse bolmaz-a...
– Näme üçin?
– Entek gyraýmaly duşman köp-ä...

Ümsüm oglany gepledip, partorg barada hem özüne belli bolmadyk nähilidir bir il-içinde bar bolan gep-maglumat eşiderin diýen tama bilen ony “Çapaýewli” gürrüňiň alyp gaçanyny görüp, sep bermezden bu gürrüňi özünden partoroga dolamakçy boldy.

Emma oglanyň “Çapaýew” bilen has gyzyklanyp, gürläp ugramagy oňa oglanyň öňüni dolamaga mümkinçilik bermedi. Ol: “Menem ulalsam, Çapaýew boljak. Petkany, Ankanam çagyryp, duşmanlary pulemýot bilen gyrjak” diýip, birden has göçdi-de, elini pulemýotyň niline öwrüp, ony komendanta, Ümsüme tutup, agzy bilen “ta-ta-ta” pulemýot bolup, olary höwes bilen oka tutdy. Oturanlary gyr-ýapy etdi. Olaryň özleriniň sowetiň duşmanyna öwrülip barýandyklaryny görüp, oňaýsyz ýagdaýa düşmeklerine sebäp boldy. Olar hakykatdanam Aganazar Çapaýewe öwrülip, öz öňlerinden çykyp, oka tutup ugran ýaly ýakymsyz, kemsidiji duýgyny başdan geçirdiler. Şeýdibem, hamala, Çapaýew ýene bir gezek gylyç syryp, duşman içine aralaşana döndi. Ümsüm bilen komendant şundan soň hatda bir pursat ondan osmakladyp sorap aljak bolýan maglumatlaryny-da unutdylar. Hamala, olar ogurlyk üstünde tutulan ýaly, özlerini diýseň oňaýsyz duýdular. Kino oýnalan oýun hem  bolsa-da oglanyň welin çynydy. Şundan soň kabinetde oturanlar ol geplese, maglumat alma ýerine gaýta öz ähli syrlary sereşlenip açylaýjak ýaly, onuň hatyny berip, tizräk ýanlaryndan ugradaýanlaryny kem görmediler. Onuň yzyndan gözlerini çarhlaşyp, seredişip galdylar.

* * *

Özbegistanda maşgalasy bilen sürgünde gezip ýören Kymyş duzçyň kiçi ogly Orazgylyçlar bu gün Gazagystanda sürgünde ýören agasy Orazgeldiniň maşgalasyndan hat aldy. Her gezek hat

alanda bolşy ýaly, maşgala muňa diýseň begendi.

Bu gabahat döwürde nirede bolsaňam, öz janköýer ýakynlaryň bilen hat alşyp, soraşyp-ideşip ýagdaýlary bilişmegiň özi-de kiçi-girim bagt däldi.

Indi biraz mahaldan bäri Kymyşlaryň sürgünde gezip ýörenleridir oba bilen üç taraplaýyn hat aragatnaşygy ýola goýlupdy. Seýregirägem bolsa indi olar bir-birleri bilen hat alşyp, hal-ýagdaý soraşyp ýakynlyk edişip durýardylar.

Maşgalalar şeýdip her gezek bir-birekden hat alansoňlar, telim bir gün, hamala, olaryň özlerini gören ýal ýakymly duýgulara berlişip, Watan bilen soňra boljak duşuşyklar bilen bagly tamaly pikirlere berlişip gezerdiler. Her gelen hat bir-iki okalyp goýulmazdy. Ol küýseg bilen mahal-mahal indiki hat gelýänçä telim okalardy. Aslynda ol haty aram-aram okamagyňda geregi ýokdy. Maşgala ony bada-bat ýat tutardy.

Onsoň telim gün onuň täsirinden çykyp bilmän, onuň aýry-aýry ýerlerini gezip ýören ýerlerinde hem ýatlap, göwün çaglardylar. Şeýle-de bu arada gatnaýan hatlaryň gark bolup barýana gapdaldan “ýapyş” diýlip, uzadylan hemaýat taýagy ýaly, sürgünleri ýurda aşmaga tamalandyryjy, agyr sürgün durmuşynyň öňünde özlerine güýç-gaýrat tapyp durmaga medet berýän hikmet-häsiýetli güýji bardy. Hemem her gezek täze gelen hat okalan mahaly diňe bir hat ýollanlar däl, Kymyşlaryň ähli ýaýrawy birin-birin göz öňüne gelerdi.

...Onsoň, ine, bir görseň, eşegini dikgirdedip, Kymyş baba bir ýerlerden ýetip gelýändir. Jemal mama öýleriň öňünde başyna gar düşen ýaly agardyp, ak topbuly oňa-muňa güýmenip ýörendir. Bir görseňem, Ogulbike towuk ýatagyň ýumurtgasyny toplap, hamala, ony towuklardan basyp alan ýaly şapadaňlap gelýändir. Özem Aganazar ýene-de garagollyk edip saçyndan çekäýse, ýene-de gezelip, diňe ol Aganazara däl, onuň Allanazary bilen ikisine-de jogap bermäge taýyndyr. Ýogsam, Ogulbike öňki eden urnaşyklaryna ökünýän ýaly indi hatda, «Geliň, gelseňiz bolýar, saçymdan çekseňizem indi saňa-da Allajana-da hiç zat degjek

däl, gelseňiz bolýar, mähribanlarym!..» diýip özelenip ýazýardy. Akjagül öýüň içinde öňküsi ýaly uly gyzlara mahsus salyhatlylyk bilen, tikin-çatyn işlerine güýmenip otyr. Wagtal-wagtal edip oturan işinden baş göterip, açyk gapa tarap gözläp, kimdir birine garaşýan ýaly töweregi garanjaklap, böwrüne diň salýar...

Hat Akmolladan, Allanazar dagydan gelse, Aganazaryň onuň bilen bagly göz öňüne getirmelidir pikir-hyýallaram şol ýer bilen bagly başgaça bolardy. Ol ýerden gelýän hatlarda gar, sowugyň köpräk agzalýanlygy üçinmi nämemi, hatda hat tomus günleriniň birinde gelse-de, Aganazara olar henizem gar bilen çörňeşip ýaşap ýören ýaly bolup duýlardy.

Öňräk Akmolladan gelen hatlaryň birinde Orazgeldi gyş düşensoň, indi arabasyny typýan-sani araba çalşanlygy wagtal-wagtal onuň Allanazar dagynam ýanyna mündürip aýlaýanlygyny ýazypdy.

Şondan bäri-de her gezek gazakdan gelen hat okalanda, Allanazar dagynyň typýan arabada hezil edip gezip ýörüşleri Aganazaryň göz öňüne gelerdi.

Orazgeldiniň özüni Allanazardan ekabyrrak hasap edýändigini ýatlap, şol ýerde bolan bolsa, onuň bir ýerde «Al, oglum, özüň sür!» diýip, jylawy özüne berjegini, typýan arabany hezil edip sürüp ýöreniň özi boljagyny pikirinde Allanazar bilen basdaşlyk etme bilen oýlanýardy. Her gezegem ol aňyrdan typýan arabany sürüp gelende olaryň öňünden Oguljuma enesi çykýardy: «Aganazar janam ýaş ýigit bolupdyr. Gör, ol indi typýan araba-da erk edip, ony ulular ýaly sürmegi başarýar» diýip, oňa buýsanardy.

Hyýalynda bir salymlyk bolsa-da, ol özüni Akmollada Allanazar dagy bilen bile duýardy.

...Aganazar eli hatly begenip gaýdyp gelende Amangül ojagyň beýle ýanynda uzyn düşüp, bir eli bilen sallançak çekip: «Bu köp eglendi-le...» diýip, dynmazjan bolup, onuň nämüçindir bir ýerde bir sebäp bilen eglenenine ünjüli ýatyrdy.

Gyzy bolansoň Amangülüň taby pes bolup, galynyp bilmän ýördi. Yraw-daraw hereketdedi. Çaga dogran aýal adamsy,

ýakynlary, gaýynenesidir eltiler tarapyndan desmi-dähel hossarlarça berilýän kömege mätäçdi. Eger häzir sürgünde bolman, obada bolanlygynda ol özüniňkileriň has-da eltisi Oguljumanyň çaga bolanyna begenip, özi ene bolansoň, munuň ýeňil däldigine düşünme bilen özüne seretjegini ýatlaýardy. Amangül şu hala düşeli bäri, kömek bolup biljegini pikir edip, öýüň özgeleri näçe ýatlasa ýatlaýardy welin, ol eltisi Oguljumany has köp ýatlaýardy. Aganazar dünýä inende hem onuň tä galynýança tap bilenlik bilen bäbege, özüne yhlas edişi ýadyndady. Eltisini ýatlanda her gezek diýen ýaly ol käte çaga üstünde özüniň dargursaklyk edip, siltenişini hem häzirki giçki ökünji bilen ýatlaýardy. Iki gelni çaga üstünde sanaşan mahaly, Jemal mama golaýda bolsa, asla muňa ýol bermezdi, dessine: «Hany, öçüň, çagalaryň uruş-sögüşi bilen işiňiz bolmasyn, özleri urşarlar, ýaraşarlaram, oglandyr-da. Onsoňam dogran sizem bolsaňyz, olar Kymyşyň ojagynyň çagalarydyr. Özleri düşünişerler, bir-birlerini gowam görýändirler. Gysyň guýrugyňyzy, oňurgaňyzyň tükenen ýerinden. Şah çykarjak bolmaň. Şah çykarjak bolsaňyz, gelsin ärleriňiz, ikiňem şahyňa kakdyryn. Nädersiňiz çybyga gerňeläýseňiz. Ýa çybyk iýýän wagtyňyz gelip, arkaňyz gijäp ugradymy? Kymyşyň ojagynyň başyna heleý bolmaga geldiňizmi, syrtyňyzy dogry tutup dogrup, ýugrup-egrip, idedip, heleý bolubermelidir...» diýip, talap bilen syýasat ederdi. Abyr-zabyr bilen gahar uguna göçen gelinleri olaryň niredeligini, nähili bolmalydyklaryny ýatlaryna salardy.

Jemal mamadan hemişe köpräk igenç eşidýänem, ýaşraklygyndanmy nämemi, ýene-de Amangüldi. Hatda ol özüniň şu ýerliksiz hereketi üçin, Amangül adynyň yzyna bimany lakamy hem assa-ýuwaş gazanyp ugrapdy. Oguljuma ýaşuluraklygyny edýärmi nämemi, çagalar uruşsa käýinip-sögünmäni halamazdy. Her halda sabyr saklap, diňäýenini kem görmezdi. Şeýdibem, ol Amangülden hemişe has parhly, paýhasly bolup galardy.

...Şol tomus günleriniň birinde şeýle ýagdaý boldy. Jemal mama iki gelni bilen tut kölegesiniň aşagynda, öz ýolbaşçylygynda olara ýeneki bir bäbek-jäjege niýetlenen ýorganças mata

pagtasyny orta aldyryp köpedip otyrdy. Gaýyn-gelinler bolşup, ýaňy bir hysyrdyly maşgala aladaly, gürrüňleriň birine berlipdiler. Şol barmana duýdansyz agy sesi eşidildi. Agy özem ýaňyrak Aganazar bilen Allanazaryň tirkeşip giden tarapyndan Bedeňýabyň bäri eteklerinden bir ýerlerden gelýärdi. Aýallar ýerli-ýerden töwereklerini garanjaklaşyp, sesi tanajak bolşup diňirgenişdiler. Agy sesi Aganazaryňkydy. Iki dost uruşdylarmy nämemi, nämede bolsa, bir zat bolan bolmaly. Agy sesiň kimiňkiligi tanalansoň, Amangülüň ýüregi birden ýellenip gitdi. Ogluna Allanazardan bir kes ýetenine ynandy. Öz haly bilen bolman, oturan ýerinde ýaşmak çeýnäp tasanjyrady.

– Şu çaganyň gözüniň ýaşyny kepdirmediler – diýip, nägile hüňürdedi.

Agy sesini eşidip, Jemal mama oturan ýerinden gyzlarynyň adyny tutup:

– Deýýusyň çagalary ýene bir-birleri bilen urunaşdylar öýdýän, baryň getiriň şolary bir meniň ýanyma, Allanazara aýt Akgyma degen bolsa, örän gaty degerin men oňa! – diýip käýinip, oturan ýerinde tarp atdy. Ýöne ýumşa giden bolmansoň, gyzlaryň häzir bu golaýda ýoklugy belli boldy. Jemal mama agtyklary ses bermänsoňlar, oglanlaryň habaryny almaga Amangüli ugratdy.

– Bar, gelin, özüň habar al, getir şolary meniň ýanyma bir!? – diýdi.

Amangül elindäki sapakly iňňesini öň ýanynda ýorgança sançdy-da, barmagyndaky oýmagyny aýryp, ony eliniň ugruna gahar bilen tasanyp, ýorgançanyň üstüne atyp goýberdi. Eşidiler-eşidilmez nägile hüňürdedi.

Ol «Saňa näme boldy, balam!?» diýip aňyrdan gelende, Aganazar Allanazaryň syh giren aýagyna seredip, hasam gaty aglady... Ullakan enem gelsin! – diýip, nätjegini bilmän özelendi. Amangül nämäniň nämeligine Allanazaryň çöňür giren aýagyny tutup, onuň agyrysyna çydajak bolup, çyr-çytyr bolup oturanyny gören wagty göz ýetirdi. Onuň böken wagty aýagyna sümlen syh esli bolup görnübem durdy. Aganazaryň gygyryp aýdan:

«Allajanyň aýagyna syh girdi» diýen gepini eşitdimi ýa-da ene duýgusy bilen duýdumy nämemi, onýança Oguljumanyň özi-de aňyrdan geldi. Ol Allanazaryň syh çümen aýagyny görensoň, dessine nämäniň nämeligine göz ýetirdi. «Köwüşli geziň diýilse-de edeňzok-da siz. Aýaklar gapsyz bolsa, onsoň oňa tikenem urar, syham çümer» diýdi.

Oguljuma söýünç bilen çagalara ýeňiljek igenensoň, Allanazary arkasyna hopba edip, ony şol ýerden göni Bazar tebibiňkä äkitdi. Amangülüň nämäniň nämeligine göz ýetirmän, öz ogluna deglendir öýdüp, ýüregini çişirip eden siltenjiremesi şonda ýene bir gezek ony gelşiksiz ýagdaýa goýupdy. Oguljumanyň bolsa bu ýagdaý özi bilen deňeşdireniňde, artykmaç parhlydygyny görkezipdi. Amangül heniz-henizlerem özüniň şol bolşuny ýatlanda ökünçli uýalardy.

Hasam ol häzirki wagtda öz golaýynda eltisiniň ýetmeýänligi diýseň ýiti duýýanlygy üçin köp ýatlaýardy. Eger ol häzir golaýda bolan bolanlygynda, çaga dogran eltisine seretmegi başga ýetirmidi. Çaganam sypap-sermäp gundardy, onuň ejesiniňem tizräk galynmagy üçin, gerekli bir zatlar bişirip-düşürip iýdirdi. Häzirki pursatda biliňi nähili daňyp, ýagdaýa görä belli bir wagta çenli özüňi nähili alyp barmalydygyny hem maslahat berip, garylyp-gatylyp, gadyr-maslahatda bolardy...

Agşamara Orazgylyç işden garaňkyny ýagşy düşürip, oba iliň soňragyndan geldi. Oňa öýde bir-biriniň ýetnesine meňzeýän iki sany habar garaşýardy. Ol hemişe gelende aňsat öýe boş gelmezdi, odunlyk agaç-ugaç bolsun, çöpleme bolsun alyp gelerdi. Bu gezegem ol her goltugyna bir terne alyp geldi. Orazgylyç gawunyň lukma bolmadan başga-da onuň dermanlyk häsiýeti barada eşideli bäri, gawundan ýekeden, ikiden getirip, oňa iýdirmäge çalyşýardy. Gawunyň içdäki gara jerhetleri sürüp aýyrjagyna, Amangülüň galynjagyna tama edýärdi.

Akmolladan gelen haty okap, agasynyň çagalary bilen sag-aman oturanyny eşidip begendi. Häzirki döwürde ýetde-gütderäk ýaşaýan-da bolsa, başybütin çagalaň arasynda bolmak uly bagtdy.

Ol hatyň täsiri bilen ümürläp oturyşyna agasyna özlerinden nadynçy bolmaz ýaly, ertir nämeler hakda ýazjagy barada oýlandy. Şu pursatda birhili bolup, sürgün durmuşy, aýralyk bilen bagly zatlar aradan aýrylyp, sag-aman ýurda gaýdyp barmak pikiri öz-özünden güzer ýasap, ýol tapyp amala aşyp barýan ýaly, diýseň ýakymly duýgy döretdi.

* * *

Sürgün obasynda – Marfalaryň gapysynda sygyr peýda bolmagy, beýleki sürgün maşgalalarynyňam köpüsinde onuň bilen bagly arzuwly höwes döretdi. Oguljuma-da işden muny eşidip, hamala, öýüne barsa, şol sygyr öz gapysynda hem duran, ony güžžüldedip, özi sagaýjak ýaly ýakymly bir duýgyny başdan geçirip, begenip, küýlenip geldi. Sygyrly bolmak, çagalaryna süýt-gatyk iýdirmek sürgüne gelneli bäri onuň kalbynyň bir ýerinde köz bolup, wagtal-wagtal köräp duran arzuw-islegidi. Belki, şony eşidip, ýagşy niýet edip, yrym tutany üçindir ol şundan soň bir ýol bilen “Taňry ýalkajak bolsa, tapar ýoluny” diýlen pähime berlip, öz gapysynda hem indi ýakyn günlerde sygyr peýda bolup, yhlasy hasyl bolaýjak ýaly bir hoş hyýal pursady başdan geçirdi.

Birinjiden-ä, bu sürgünler arasynda şahsy hojalykda peýda bolan ilkinji sygyrdy, ikinjidenem, hökümetiň indi sürgünlere-de mal-gara edinip, gurplanmaga ygtyýar berip, ýol açyp ugranlygynyň alamatydy.

Ilki başda-ha hökümet sürgünleri ýurt abraýyna dokunmaýan, mümkinçiligi boldugy onuň arabasynyň tekerine taýak sokarly adamlar hasap edip, gazaba gerňäp, dert-azara garyp gezenem bolsa wagtyň geçmegi bilen indi onuň azda-kände bolsa-da, sürgünleriň hem ýüpüne birde bolmasa, ýene birde odun çykap ugranlygy duýlup başlanypdy. Adamlaryň çekýän janaýamazlykly zähmeti, yhlasy, ýylyň-ýylyna artdyrylyp, öndürilýän müňlerçe tonna däne, bakja ekinleridir mal önümleri bilen döwlet saçagyna garaşylanyndanam artyk bereket bolup goşulýardy. Belki, şonuň

üçindir, hökümetem indi sürgünler barada: “Aý, baý-kulagam bolsa, olaram biziň ozalky pikir edişimiz ýaly, beýle bir ýurda kast etjek bolup duran ýagy-da däl ýaly-la?” diýip, öz-özüne müňkürlik edip, öňki pikirine azda-kände bolsa-da düzedişler girizip ugrana meňzeýärdi. Hökümet mundan aňrygam öz döwen göwünlerini sep bermezden seýiklärli görnüp tamalandyrýardy.

Şonuň üçinem Marfalaryň mal eýesi bolmagy ertirki boljak gowulyklaryň öňi, buşlukçysy ýaly bolup duýlup, adamlary has gowy günleri arzuw edip ymtylmaklaryna sebäp boldy. Oguljumada bu gowulyklar, hamala, özlerine-de golaýlap gelýän ýaly duýlup, oňa Söýünalyda säher-säherler turup, güžledip, höwlüm aýdyp, sygyr sagan günlerini ýatladyp, ýakymly duýgy döretdi.

Şeýdibem Marfalaryň sygyrly bolmagy Oguljumanyň hem köne derdiniň gozganlygy boldy. Işde ilki Marfany bu gowulyk bilen begenip, onuň biteligine gözi gidip gutlanlaryň biri ýene-de şol boldy. Diňe bir begenip gutlabam goýdymy, hamala, özi-de onuň alan ýerinden gidip sygyr getiräýjek ýaly, ondan beýle maly nireden, näçeräk baha, nähili alyp bolýanlygyny hem özi üçin anyklap, gep arasynda bilesigelijikli soraşdyrybam gördi.

Umuman, Marfalaryň sygyr edinmegi “Türkmeni göçürjek bolsaň, gapdalyndan göç geçir” diýleni boldy.

Oguljuma muňa uly bir ähmiýet bermejegine bilse-de, agşam maşgala naharlanyp otyrka, muny adaty bir gürrüň hökmünde seresaplyk bilen, taryna kakyp görmek üçin adamsy Orazgeldä hem ýetirdi.

Orazgeldiniň welin ýöne: “Bolupdyr” diýmekden başga açyk pyşgyran zady bolmady. Oguljuma muny onsuzam maksat isleginiň töwereginde kowsarlama bilen adamsyny sygyrly pikire öwrenişdirmek üçin gulagyndan geçirmek hökmünde aýdan gepi boldy. Onuň bolsa öz gapylarynda hem Marfanyňky ýaly gölelije sygyr göresi gelýärdi.

Oguljuma bu höwese berilse-de, ol özüniň aňsat Orazgeldini bu maksada ylykdyryp bilmejegini, onda-da bu sygyrly meselede ol gowy bilýärdi.

Orazgeldi özleriniň il-Günden aýrylyp, sürgün belasyna ýolukmaklarynyň sebäbini şol wagtky bar bolan sygyr baýlyklaryndan görýärdi. Eger şonça sygyr bolmadyk bolsa, çagalar bilen beýdip, ýat ýurtda synsyramazdym diýibem ahmyrly pikir edýärdi.

Oguljuma bolsa eýýäm gapysyna bir Marfanyňky ýaly gölelije sygyr daňyp biläýse, onsoň ähli agyrlyklaryň öz-özünden çözgüt ýol tapyp, gowulyga ýazyp gidiberjek ýaly, üýtgeşik bir tamaly höwese berlipdi.

Oguljuma bir gün öýde mahaly Orazgeldiniň taryna kakyp görmek maksady bilen, adaty gürrüňleriň biri hökmünde gürrüňini Marfanyň sygrynyň tarypyndan başlady: "Marfalar sygyr edinip, heziller edäýipmişler. Her gün bedre-bedre süýt berýärmiş. Süýt gaýmak-ýalanyşyp hezil edýämişler. Özlerinden artanyny goňşular hem höwes bilen bala-çagalary üçin alýamyşlar. Diňe özlerem däl sygyr edinensoň, süýt-gaýmakdan onuň goňşularam hezil edenmişler. Hawa-da, ak bulak beýdip göwşüldäp dursa, kim oňa höwes etmejek, tapsa her kim çagajygyna berjek, özi içjek.

Bu bolsa ýene bir gezek Oguljumanyň tap bilenlik bilen öz maksadyna assa-ýuwaşdan golaýlaşmasy boldy. Orazgeldini ahyr soňy sygyr almaga imrindirmek üçin, ilki ony, mümkin boldugyndan, şeýdip bu pikire uýgunlaşdyrmak, taýynlamak zerurdy. Onda-da seresaplyk bilen. Oguljuma adamsyna beletdi, oňa bir "hä" diýdirip bilse, bu işiň aňsat bitmän galmajagyny-da ol gowy bilýärdi. Soň ýene-de bir gün ol Orazgeldiniň ýanynda başlygyň aýaly Naumownanyň Marfalardan süýt alyp gelýänini görenini aýtdy. Ol şol bir wagtda hem mysal hökmünde obadaky öz gara sygrynyň hem Marfaň sygry ýaly süýtli sygyr bolanlygyny arzuwly ýatlady. Süýt bir çagaly öýe gerek zat-da, süýt içen çaga ers-mers bolup, süýde ýugrulan ýaly bolup posalanybir oňsoň.

Barybir mal dagy edinmek asla hyýalyna-da gelmeýän Orazgeldi aýalynyň sygyrly gürrüňlerinden onuň obada sagan sygyrlaryny küýseýänligini aňsa-da, wagty bilen onuň bir zat diýmekçi bolup, öz töwereginde köwsarlap aýlanýanlygyna aň

salmady. Oguljuma-da ýene bir gün öýde är-aýal bolup düşünişme bilen gürrüň edip otyrkalar, ahyr bir öwrümde sygyrly meseläni çynyrgatmagyň ýeri gelenligine düşündi.

Adamsy adaty gep-gürrüňe ylygyp, deň gep goşup ugransoň, ol ýüregi bire baglap, aýgytly herekete geçmegiň ýeri – tazyny awa salmagyň wagtynyň gelenligini çen etdi:

– Akgasy diona? – diýip, salahatçylykly bir wajyp zat aýdarlydygyny mälim edip, sala-salyjykly adamsynyň ýüzüne gözledi.

– Hüm, näme?

– Biziň çagalaryň süňňi süýt-gatyga ýugrulandyr... Onsuz bularyň oňmaz...

– Oňup ýörsüň-ä!

– Nä, oňmak eken, akgasy?

– Näme Marfalardan süýt alaly diýjek bolýarmyň? Al!

– Ýok. Marfalar ýaly bizem sygyr edineli diýjek bolýan. Ak bulagyň çeşmesi özümizde-de bolsa gowy.

Aýalynyň gepini eşidip, Orazgeldi duýdansyz ýarasyndan basylan ýaly, ör-gökden geldi. Hatda içki howry göterilip, onuň maňlaýy hem derçigip gitdi. Ol:

– Sygyr gursun. Sygyr dälmi bizi il-günden aýryp, şu günlere düşüren. Toýnagy topurylsyn sygryň! – diýip, gaharyna bäs gelip bilmän, janagyrly, aýalyndan nägile bolup, oňa käýindi.

Oguljuma adamsyndan öz maksadyna raýdaşlyk tapmadygam bolsa, şeýleräk boljagyny öň pikir edeni üçin, ondan gaty görüp durmady.

Synanyşyk netijesiz bolan hem bolsa, Oguljuma barybir onuň umumy edilmeli tagalla üçin ähmiýetli bolanlygyny özi üçin göwünlik hökmünde kesgitledi. Aýallarça ýene-de barha dartgynlyk alyp barýan gürrüňden kaýyllyk-kanagatlanma tapandan bolup, ýeňsä çekilenden boldy.

Oguljuma heniz gürrüňine başlamanka hem adamsy bilen öz aralarynda şuňa meňzeş bir gepiň boljagyny çen edýärdi. Şonuň üçinem oňa ýüzüni aldyrsa-da, sabyr edip mundan kanagat tapdy.

Oguljuma äriniň ýanynda sygyrly gepiniň ýer almasa-da, bu

pikiri dogmaz çaga edip, onuň aňyna salanyna, indi ol çaganyň ony öz gününe goýman pikirlendirjegine, meseläni tulumdaky çalyň çaýkanyp-çaýkanyp ýaga durşy ýaly, assa-ýuwaşdan bişişjegine tama etdi.

Orazgeldi Oguljumaň pikir edişi ýaly, şol wagt aýalynyň gepini alga almadygam bolsa, barybir iş ugrunda bolup ýörkä, telim bir gün ol gürrüňiň täsirinden çykyp bilmedi. Gaýta, bu onuň ozalky mally-hally bolup, ýalkap-ýalkanyp gezen gönençli döwranyny ýatladyp küýsetdi. Oňa tutuş maşgala bolup mallary bakyp, bejerip, tulumlar ýaýylyp, gatyklar basyrylyp, gatyk-gaýmagy huruş edinişip gezen günlerini ýatlamak ýakymly boldy. Emma ol onda-da özüniň bu ýetde-gütde ýaşaýan sürgün güzerany barka Oguljumanyň diýenini edip, sygyr edinmekçi bolaýanda hem haýsy serişdäniň hasabyna mally bolup biljegine asla düşünmedi.

Sygyr edinmegiň ugruna ýene-de iki üç günden Oguljuma erjellik bilen täzeden çykany belli boldy.

– Akgasy, hany ol sygyr diýenmizi näderis onsoň? – diýip, ondan sorady.

– Hany alaýyn diýeňde oňa serişdäni nireden taparsyň. Serişdäň bolmasa, kim saňa sygyr berýär? – diýip, Orazgeldi bu gezek hasam gaharlanyp gatyrgandy.

Ýöne indi onuň gep saluwy öňküsi ýaly kesginden dartgynly däldi. Onuň gezen ýerlerinde öçerip-döküp, bu pikire indi birneme öwrenişenligi, uýgunlaşanlygy, hatda ol barada ugurdaş oý edip hem ugranlygy duýulýardy. Oguljuma-da geregi şoldy. Ol şundan soň maksadyna ýetjek pursadynyň hem indi uzakda däldigi hakda öz ýanyndan göwün çaglap, kanagatlanma tapdy.

Ertesi Orazgeldi ir bilen atyny araba goşmak üçin geýnip, işine gidip barýarka Oguljuma oňa gapynyň gapdalyndaky suw gabyň gapagynyň üstünde taýyn edilip goýlan düwünçegi mylaýymlyk bilen görkezdi.

– Akgasy, şunam ýanyň bilen alyp git!

– Näme ol?

– Düýn sygyr almak üçin, serişde gerek bolar diýdiň-ä?!

– Hawa.

– Ana, şol serişde-dä şol!..

– Ol nähili serişde?

– Zerur bolanda ulanarys diýip, saklap ýördüm. Bular meniň saçyma dakyp gezen kümüş, altyn çaýlan şaý-seplerimdir. Näme arzanlasa-da, aňsat altyn-kümüş arzanlaýan däldir... Ilçilikdir, şäher ýenekä gidip ýörsüň-ä, soralyp-idelse, onuň, belki, hyrydaram tapylar. Bizem bir gölelije sygyr edinäýediris-dä...

Orazgeldi: "Bu heleýlermi?! Bular bir agzyny gurasa, diýen zadyny etdirmän goýmaz" diýip, hüňürdäp öýden çykanda düwünçegi hem goltugygyna salyp çykdy.

Şondan soň Orazgeldi bir hepde-on gün geçip-geçmänkä, ýagşy ýelni doluşan, bogaz bir gulajyny arabasyna tirkäp geldi.

* * *

Gapysynda sygyr baglap beglenen Orazgeldiniň maşgalasynyň şundan soň begenç-buýsanjynyň uly bolşy ýaly, onuň bilen bagly tama ünjüsi-de ýeterlik boldy. "Mal eýesiniň gözünden suw içer" diýleni bolup, indi maşgalanyň uly kiçisi sygryň otunyň, suwunyň ugrunda gara hyzmatdadylar. Sygry gapdalyndan synlaşyp, sypalaşyp, onuň töwereginden aýrylaslary gelmezdi. Bogaz sygyr bolsa indi gün-günden doluşyp, ýetilip ulalmak bilendi. Maşgala Aýa-Güne garaşan ýaly, gölejigiň doglaryna garaşýardy.

Orazgeldiniň satyn alan mahaly çen urşuna görä, gara sygyr indi uzaklaşman bir hepde, on günde gölelemelidi. Onuň dyňzap barha doluşýan ýelni-de hut şuny tassyklaýardy.

Orazgeldi mal ýagdaýyna belet bolansoň sygryndan dynman, gulajyn halyna oňa ilkinji gölesini dünýä indirmegiň ýeňil düşmejegini pikir edip, gije-de gelip, birki gezek onuň halyndan habar alyp, janyny barlap giderdi. Sygyr janawar, hasam gulajyn mal bolansoň, dogurmanyň howp-hatarlygyny syzyp, eýmenýärmi nämemi, ol özge wagt juda işdämen-horan bolsa-da, şeýle ýagdaýda ol işdä kemegen bolýar.

Içiniň gyzgyny ýetikdir-dä, emma suwy welin häli-şindi hopurdadyp içerdi. Munuň tersine gölesini dogransoň, boşap galan garyn juda gorugýan bolmaly-da, ol näme berseň, höwes bilen ýalmar durardy. Bir hepde – on günden ýene-de adaty sygyr kaddyna gelerdi.

Ine, onsoň gölejigini ýalap, guýrugyny peýwagtyna käte bir bulap, gölesi bilen goşalanyp, göz dokundyryp duran malyň bardyr-da.

Orazgeldi şol gün daňdanlar oýanyp, sygryndan habar almak üçin daş çykanda, ýatak tarapdan sygryň aladaly agyr hossuldysyny eşitdi. Ine, bir görse, garaşylan gölejik doglarly bolup, onuň iki öň aýagy bilen kellesi eýýäm ejesiniň göwresinden bölünip sallanypdyr. Orazgeldi beýle ýagdaýy öň köp görensoň, ýagdaýa dessine düşündi. Şeýle pursatda kömege ýetişilmese, gölejigiň enesiniň garnyndan çykyp bilmän, heläk bolýan wagtlaram az bolmaýardy. Orazgeldi görenden kömege howlukdy. Gelşi ýaly-da gölejigiň aýajyklarydyr boýnundan gujaklap, oňa emaý bilen göwreden bölünip çykmaga kömek etdi. Soňam doglup bilmän, azap görüp horlanan gölejigiň dem alşyny üzlem-seplemräk görüp, ony öňden aşagyna saman düşäp, taýynlap goýan ýerine ertip ýatyrdy-da, onuň dem alşyny kadalaşdyrmak üçin burnunyň deşiklerine gezekli gezegine üfleşdirdi. Soňam ony gapdalda gölesini gabanyp, oňa ýetmäge gyssanyp duran enesine ýalamaga goýdy-da, gapdala çekildi.

Bada-badam ertir ogullary Allanazar bilen Rahmangulynyň gölejigi görüp, begenişlerini göz öňüne getirip, göwün çaglap durdy.

Şeýle-de şol pursatda ol Kymyşyň ozalky gaýdan döwletiniň täzeden dolanyp, yzyna gelip ugran ýaly ýakymly bir pursady başdan geçirdi. Şol pursatda hatda ejesiniň sygyr saganda höwes bilen söýünçli gaýtalaýan: “Malym janymdyr meniň. Malym halymdyr meniň” diýýän sözleri-de ýaň bolup, gulagyna eşidilip giden ýaly boldy.

## DOKUZYNJY BÖLÜM

Asyrlar boýy görgi baryna gören Owgan topragy henizem birahatdy, ýurtda häkimiýet üçin alnyp barylýan tire-taýpalar arasyndaky telim ýüzýyllyklara çeken duşmançylykly dawa-jenjeller heniz-henizlerem dowam edýärdi.

Orta Aziýa halklaryny yzly-yzyna basyp alyp, öz raýatlygyna geçirip, onuň ýerine, baýlyklaryna eýe bolýan Orusýetiň Owgan serhetlerinde golaýlap gelmegi, häzirki wagtda beýle garşylyklary hasam güýçlendiripdi. Ömür baky dünýäde bir-birleri bilen bäsdeşlik edip gelýän Angliýadyr Orusýet öz maksatlaryna ýetmek üçin Owgan hanlaryny ezberlik bilen ulanmaga, öz diýenlerini bitirmäge, boluşlaryndan mertebeli, dostana görünmäge çalyşýardylar. Ozalky Owganystany özlerine bakna etmek niýetlerinden hemişelik el çekene meňzeşip, emeldir syýasat ýollary bilen öňdengörüjilikli, şol bir wagtda hem bu işleriň aňyrsynda özleriniň barlygyny bähbit arap, gizlemek bilen, ýagdaýa görä, işlerini inçelik bilen alyp barmaga synanyşýardylar.

Orusýet indi özüniň öňki Hindi okeanyna çenli bolan ýerleri basyp almak niýetiniň ýoklugyny, onuň ozalky patyşa döwletiniň maksady bolandygyny aýdyp, Bütindünýä rewolýusiýasynyň ugruna çykyp ýörenligine seretmezden, syýasatda erjellik bilen özüniň hoşniýetli goňşudygyny öňe sürýärdi. Uzaga gidýän niýet-pälleriniň barlygyna seretmän, ol pygylyny soňa goýup, syýasat bilen Owgan döwletini özüne ylykdyrmaga her ýollar bilen synanyşýardy. Sowetleriň Amanulla han Owgan tagtynda oturan döwürleri Owganystanda öz täsirlerini artdyran döwri bolup, ony özüniň «Hindi okeanynyň suwuna esgerleriniň ädigini ýuwmak» maksatly basybalyjylykly isleginiň ýokdugyna ynandyrmak islän döwri bolupdy. W.I.Leniniň döwründe 1922-nji ýylyň 28-nji fewralynda sowetleriň döwtalaplygy netijesinde Owganystan şol döwür atlandyrylyşy ýaly «Dostluk hakdaky şertnama» gol çekilipdi. Şonda oruslar öz ýanlaryndan haýsy ýol bilenem bolsa, özleriniň Pýotr I-iň wesýetine ýene-de bir menzil

golaýlaşandyklaryna ynanypdylar. Emma birnäçe ýyldan soň, tagtdan agdarylan Amanulla han gaçyp, SSSR-ýe gelende, sowet ýolbaşçylary bilen duşuşanda, haçanda öň iki döwlet arasynda birek-biregi kyn günde goldamaga wada bolan-da bolsa, SSSR Amanulla ýüz bermändi. Gepleşik mahalynda ol bulardan gury gepden başga hiç hili kömegiň bolmajagyna gözi ýetipdi.

Sowetlerden kömek alyp yzyna dolanyp baryp, emir tagtyna täzeden eýe bolmaga meýilli Amanulla han şundan soň Moskwadan tiz gidip, başga bir döwlete aşmak bilen bolupdy.

1929-njy ýylda Owgan döwletiniň emirlik tagtynda birbada iki adam peýda bolýar. Olaryň biri Baçça Saakow bolup, ol bu garma-gürmeligi, halk närazylygyny ezberlik bilen öz bähbidine ulanyp bilen ýerli hanlaryň biridi.

Bu ýyldaky ikinji tagt agdarylyşygy ýurtda ozaldanam giňden döwlet adamsy hökmünde tanalan general Muhammet Nedir hanyň ýolbaşçylygynda amala aşdy. Amanulla hanyň hökümetiniň öňki goranmak ministri Nedir han ikinji owgan-iňlis urşunda iňlis goşunlaryny derbi-dagyn etmekde uly hyzmat görkezýär. Halk gahrymanlarynyň birine öwrülip, mertebe gazanýar. Emma ol bu döwürde bir mertebe-de däl, duşmançylygam ýeterlik gazanypdy. 1924-nji ýylda Amanulla han öz tagtyny ýurduň mynasybetli adamlarynyň birnäçesinden gabanyp, daşary işler ministri Muhammet Weli hany, general Nedir hany müňkürlik esasynda işden boşadýar. Fransiýa ilçi edilip iberilensoň, Nedir han ol işdenem gidip, şol ýerde ýaşaýar. Nedir han Amanullanyň döwlet başyndan çekilenligini eşidip, ýene ýurda dolanyp gelýär. Ol Amanulladan göwni galany üçin, onuň topary ony özlerini goldamaga çagyrsalar-da, Nedir han bulara goşulmaýar.

Nedir hanyň Baça Saakowyň garşysyna öz tarapdarlary bilen bilelikde alyp barýan göreşleri ilki başda şowlamaýar. Sebäbi halky, milleti halys çökeren Amanulla hanyň agyr salgytlaryny Baça Saakowyň söz berşi ýaly azaltjagyna, arkalary şemal çaljagyna ynanýardylar. Halk şol wagt oňa ynanyp, wepadarlyk bildirýärdi. Emma halkyň soňra-da hal-ýagdaýy erbetleşmese

gowulaşmaýar. Nägileligi ýene-de artýar. Bu bolsa Nedir hanyň tarapdarlarynyň köpelmegine sebäp bolýar. Şu döwürde Nedir hanyň iňlisler bilen hem dil tapyşmagy onuň ynam kuwwatyny hasam güýçlendirýär.

Nedir hanyň soňra özlerine derkar adam boljagyna tama baglan iňlisler oňa öz golastyndaky ýerlerde ýaşaýan wezir hem-de magsyt taýpalarynyň adamlaryndan düzülip, ýaraglandyrylan goşun bölümlerini ýardamçy berýär.

Ony emir tagtyna geçýänçä goldaýarlar. Hatda Nedir han emir bolandan soň hem oňa iňlisler 175 müň iňlis funt sterling puluny gaýtaryp bermezlik şerti bilen  kömek berýärler. Emir şol döwürde diňe bir iňlisler bilenem däl, sowetler, Eýran, Saud Arabystany bilen hem aragatnaşygy ýola goýmagyň ugrunda bolýar. Ol bu gatnaşyklaryň öz  emirlik möhletini uzaltjagyna, ýurtda öz diýenini gögertmäge nepi degjegine göwün ýüwürdýär.

Emma Owgan topragyndaky garşylykly uruşlar entegem ýeterlikdi. Emiriň Amanullaçylara, ýeneki käbir ýurtda belli han serdarlaryň garşysyna eden hereketleri, kabul eden buýruk-kanunlary onuň duşmanlaryny köpeltmese azaltmandy. Bir gezek ol köşgünde, özüne boýun egmeýän bir taýpa garşy göreşmek üçin goşun jemleýän mahaly, ýurtda soňky ýyllarda sowetlerden gaçyp gelen Orta Aziýa halklarynyň wekillerini hem ýatlap, olary döwlet bähbitlerine ulanmagy niýet edinipdi. Ol wezirine:

– Özbekler, türkmenler, täjikler biziň başymyza baş bolup goşuldylar, ýerimize-ykbalymyza şärik boldular, goý, indi olar biziň derdi-dawalarymyzy hem deň şärik bolsun! – diýip, olary hem öz döwlet aladalaryna ýardamçy edip ulanmagy öňe sürüpdi. Şondan bäri-de ol türkmenlerden düzülen goşun güýçlerinden hem gerek ýerinde mahal-mahal peýdalanyp durýardy.

Ýakynda türkmenler Nedir hanyň emri bilen ýurduň günbatar-günortasyndaky hökümete garşy göreşýän taýpanyň adamlary bilen bolan çaknyşyklarda bolup dolanyp gelipdiler. Gaýduwsyz taýpa birigilip, güýç görkezilensoň, aýdylan-diýlene geler ýaly edilipdi. Owgan, türkmen, özbek ýaragly güýçlerine şol gezek

Nedir hanyň ynamdar adamy, ikinji owgan-iňlis urşunda general Nedir hanyň ýolbaşçylyk eden goşunynyň ýaş serkerdeleriniň biri Abdylgapbar seljuk ýolbaşçylyk edipdi. Ol şol uruşda Nedir hanyň ýolbaşçylygynda Owgan döwletiniň bähbidini goran gaýduwsyz söweşijileriň biri bolupdy.

...Nedir han daşary ýurt emigrasiýadan gaýdyp gelensoň, ony ýene tapyp, öz ýanyna ýaranlyga alypdy.

Türkmenler ony öň tanamaýan hem bolsalar, ynsan soraşa-soraşa diýleni bolup, Abdylgapbar bilen şol ýerde tanşyp, onuň bilen ganybir garyndaş bolup, gaýdyp gelipdiler. Ata çykan türkmenleriň arasynda döwründe Gyzylaýak piriň töwereginde hyzmatda bolup, okap sowady çykan, mollaçyr, kitaphonam bir esgerem bardy. Ol toparda özünden başga-da tiredeşleriniň barlygyna seretmezden, öz Hudaýýar adynyň yzyna «Ärsary» lakamynyň goşulmagyny halaýardy. Ol ýola çykanda hem Gurhany ýanyndan goýan adam däldi, sähel böwşeňlik tapsa, ony okardy. Töweregine-de "...Şeýle diýlen" diýip, onuň aýat-sürelerini okap beren mahaly-da az bolmazdy.

Türkmenleriň başy bolup, sapara giden Eşşi hanam onuň taryha dolap aýdýan dini gürrüňlerini diňlemegi gowy görýänleriň biridi. Bir ýola söweşden soň türkmenler dem-dynç alyp, söhbetdeşlik edip otyrkalar, general Abdylgapbar aýlanyp Eşşi hanyň goşunyna geldi. Ýaňy nahary öňe alan türkmenler Eşşi bilen tabakdaş bolup dessine saçak başyna çagyrdylar.

Hudaýýar ärsary: "Hany, general aga, gel, gadymkymyz ýaly öz türkmenlerimiz bolubam bir ýere üýşüp nahar iýeliň!" diýdi.

Onuň gepine şol mahal general oňly üns bermedik ýaly hem bolsa, emma ol gep Abdylgapbar seljugyň gulagynda galan eken. Ol Eşşi bilen tabakdaş bolup, oturyşyna bir öwrümde ol gepi aýdan mollany nazara alyp, onuň gepini takyklamagyny isledi:

– Sen, ýaşuly, menem öz halkyňyzyň hataryna geçirdiň oturyberdiňmi? – diýip, ondan sorady.

– Siz dogry düşünipsiňiz, general aga. Siz ýöne türkmenem dälsiňiz. Taryhy kitaplar aýtmyşlaýyn, siz seljuk türkmenler bolup, Beýik Seljuk imperýasyny döreden halksyňyz, aňyrsysyňyz.

– Ol nädip beýle bolýar?

– Olmy? Siziň häzirki oturymly ýeriňiz Hyrat kitaplarda seljuk paýtagtlarynyň biri bolanlygy aýdylýar. Ýöne onuň ilkinji paýtagty Türkmenistanda. Oňa Maru Şahu Jahan diýerler.

– Marymy?

– Hawa, häzir Mary.

– Men onda boldum.

– Bolan bolsaňyz, özüňem seljuk bolsaň, türkmeniň aýdymda aýdylyşy ýaly, «Maru Şahu Jahan asly mekanym. Köp döwranlar sürdüm seniň üstüňde» diýleni ýatdan çykaranam bolsaňyz, ol siziň ata Watanyňyzdyr. Siz bu ýerlere seljuklar höküm sürende, bir sebäp bilen gelip, ornaşyp galanlar bolmaly.

– Biziň dilimiz-ä siziňkä meňzeş däl!

– Siz soň-soňlar bu ýerde azlyga öwrüleniňizden soň, pars dilini alan türkmen taýpalarynyň birisiňiz! – diýip, Hudaýýar ärsary ýene höwes bilen taryhy tekrarlady.

Abdylgapbar general türkmenleriň özlerini hem seljuk hasaplap, özüne garyndaş çykanlary geň gören ýaly hem bolsa, ol gidende: “Gadyrly gardaşlar” diýip hoşlaşyp gitdi.

* * *

Ahmet Owgan emiriniň pitneçileriň garşysyna bolan goşun güýçleriniň hatarynda bolup, gaýdyp gelensoň, özüni ýene-de beýle tiz gereklenerin öýtmändi.

Marçagyň töwerginden ekin meýdanlaryny edineli bäri indi onuň höwes edýän arzuwy ýene-de öňki daýhançylyk kärine dolanyp gelmekdi. Ol indi birki ýyldan bäri günlükçi tutup işledip, öz ýerlerinden azda-kände ekip-dikip, peýda-da görüp otyrdy.

Indi bolsa daýhançylyga dolanyp, onuň bilen özüniň meşgullanasy gelýärdi. Haýsydyr bir imrindiriji güýjüň özüni ýere – daýhançylyga çekýänligini duýýardy. Wagtal-wagtal aňynda azal yzyna düşüp, ýeri agdar-düňder edip sürüp ýörüşini görýärdi.

Aýasynda toprak öýdäp, ondan ýeriň tabyna çen urup, toprak ysgap durýardy. Şol pursatda hatda ol nirede bolsa-da sürlen ýeriň tanyşdan ýakymly ysy onuň burnuna gelip giden ýaly duýulýardy. Şeýle-de ol diňe şeýdip ýeriň hyzmatynda bolup ýörse, öz isleýşi ýaly, Hanumasydyr çagalarynyň töwereginde bolup biljegine göwün çaglap ynanýardy.

Hatda ol şu niýet bilen ýörişden gaýdyp gelýärkä Hyrat bazaryna darap, ol ýerde güýzlük bugdaý ekmäge jary bugdaýyň saýlama tohumyny, ýene-de daýhançylyga gerek boljak gurallaryňam birnäçesini edinip, öýüne bir düýe ýüki bilen hemişeki gelşi ýaly, dolup-daşyp gelipdi.

Öýünde kakalarynyň gelenine juda begenen çagalar "Akgamda., Akgam gelipdir" diýşip, ylgaşyp onuň öňünden çykypdyrlar. Hanuma-da başyndaky börüginiň depesinden tutup, onuň bir ýana agaýmasynyň öňüni alyp, ylgaşlap gelşine onuň atyna tutmaga howlugypdy.

Emma ýene-de "Hesip edeniň däl, nesip edeni" diýleni boldy.

Ýogsam ol eýýäm özüniň indi daýhançylyk bilen meşgullanmagyny, öýüň töwereginde boljagyny aýdyp maşgalany-da begendiripdi. Hanuma-da: "Sen töwerekde bolsaň, men sürüde goçuň gezip ýörenini görýän goýun ýaly, özümi arkaýyn duýýan. Öýli bolsaň, oňa ýetesi zat barmy" diýip, onuň pikirini göwünjeň goldapdy.

Ýöne her gezek diýen ýaly ol ýaňy bir öýderäk bolaýyn diýip niýet edip ugrandan o bolýa-da, bu bolýa-da bir alada-dert tapylýardy. Ol tanalýan belli ýaka bolansoň, ony ondan-mundan sorap, çagyrybam durdular.

Ýöne ol gezek çakylyga ýene kä gidende: "Şu gezek sag-aman dolanyp gelsem, enşalla, onsoň besdir, ýöränim bilen ýoluň aňyrsy gelmez, atyşyp-tutuşanym bilen jeň-dawanyň" diýip, niýet etse-de, ýöne islegi bilen mümkinçligini gabat getirmek heniz bolubam oňa başartmaýardy.

Bu gezegem Ahmediň niýeti-islegi arzuwdyr hyýaldan aňry geçmedi. Ahmet çagalarynyň arasynda bir hepde-on gün geçip-

geçmänkä, ýene-de oňa habar düşdi. Bu habary oňa Jüneýit han ýollapdy. Ol dessine hanyň "Orta Aziýa halas ediş goşunynyň" meselesi bilen çagyrýanyny pikir edip, oňa özüniň gitmän bilmejegine düşündi.

Hamala, bu mesele ýatdan çykarylyp ugralan ýaly, indi esli wagt bäri bu mesele bilen üýşülmändi.

Bu meseläniň başynda duran ýokary derejeli han-begler – iňlis, türk, nemesiň degerli adamlary üýşse-de, üýşüp ýörendir, ýöne ondan Ahmediň habary ýokdy.

Ahmet Jüneýit hanyň mesgeni Kafterhan obasyna at derledip ýetip gelende, wagt eýýäm ak öýländi. Ol aňyrdan şol golaýda Rozynyň hem barlygyny ýatlap, oňa duşup, söhbetdeş bolmagyň pikirinde bolup gelýärdi.

Ine, indem onuň ýol boýy ýatlap gelen ildeşi han howlusynyň daş ýüzünde öz getiren odunlaryny tertibe salyp, küdeläp basyp dur. Dogrusy, Rozy lybasyny üýtgedip – başyna hyrlandyryp geýýän ýapbaç telpeginiň ýerine selle oranyp, ak matadan balak-köýnek, egni ýeňsiz gara matadan keltekçe çekip, owgan adamlaryna meňzänsoň, ony birbada tanamady. Ýöne lybasyny üýtgetse-de, ol öz dosty Rozy bolup çykdy.

– Rozy jora, asyl bu senmi? Sen-ä bu lybasa çolanyp, hakyt owgan bolaýypsyň!

– Aý, men-laý... – diýip, dostuny görenine begenen Rozy ýat geýimde görünmäge biraz utanýanlygyny mälim edip, ýöwsel ýylgyrdy.

– Tüýsüňi üýtgedensoň, tanamajak boldum.

– "Ýoldaşyň kör bolsa, gözüň gyparak" diýmänmi näme? Her gezek diýen ýaly odun ugruna çykanymda, meniň türkmen lybasym kimdir biriniň gözüne iläýýär. Onsoň olar meni ýaňyrak Owgana aşanlaryň biridir öýdüşip, saklap, näme üçin geldiň, haçan geldiň? – diýip, öliň soragyny berýärler.

Jüneýit hana degişli adamlardandygymy anyklansoňlar, goýberýärem welin, ýöne ony düşündirýänçäňem iş bar. Jüneýidiň töweregindäki, seniň ýaly duran ýerinde ölşüp biljek adamlara

azaram beribem baranoklar. Meniň ýaly gaýtargy berip bilmejek ýumry-ýumşak adamy görenlerinde welin hezil edýärler. Bu töweregiň adamlarynyň indi köpüsi meni tanaýaram-la...

– Elbetde, arkaňda Jüneýit han ýaly adamyň barlygyny bilseler, saňa aňsat sürünmäge milt edip bilmezler...

– Şeýle-de bolsa, dost, bizem bize gelen bize meňzär bolup gezäýsek kem däl. It tanamasynam, üýrmesinem...

– Seniňkem bir hasap – diýip, Ahmet şundan soň düşünip, onuň bilen göwünjeň ylalaşdy.

– Ýeri, dost, sen ata çykypsyň-a? – diýip, soňra Rozy Ahmediň özünden habar sorady.

– Men-ä gaýynagaň çagyrypdyr!

– Hüm-m...

– Belki, sen bilýänsiň, onuň näme üçin çakylyk edýänini?

– Aý, ýok, dost, bilemok. Ýöne ol aňsad-a öz öýünde her ýeteni kabul edýän-ä däldir. Özi-de garrajak bolýarmy nämemi, öýde içini hümledip oturmany halaýar. Biraz mundan ozal gelen ýokary mertebeli iňlis ilçisini hem öňünden çykyp, öňküler ýaly özi garşylaman, kiçi ogly Eýmire garşylatdy. – Aý, ýok dost seniň näme üçin çagyrylanyňdan habarym ýok. Men odun diýip, dag aşyp, ýol söküp gidip, bir hepde diýen ýaly öýde bolmadym. Belki, şonda dagy bir mesele dörän bolmagy mümkin. Çagyrylan bolsaň, senlik bir iş bardyr-da, elbetde.

Ahmet mylakat atýan hörpde ýylgyryp, onuň oguljygy bilen gyzyklandy.

– Onsoň, jora, oguljygyň nähili, goçak ýigit bolýarmy? – diýip, ol barada höwesli sorady. Çagajygy ýatlanda, Ahmediň öz çagalary hem ýadyna düşdi. Olary ýatlanda, her gezek bolşy ýaly, ýene-de ýüreginiň üstüne tomus suwy ýaly bir ýakymly tolkun çaýylyp gidenini duýdy.

Oguljygyny ýatlany üçin Rozynyň göwni hoş bolup, Ahmetden minnetdar boldy:

– Ol-a, tüweleme, geýen geýimi synasyna gelşip, gepi-sözem many tapyp, ýigit çykyp-da gelýär ol. Durum-a togalanyp,

dogumlanyp ejesine meňzeş, ýöne gözleri welin meniňki, ejesiniňki ýaly däl-de, meniňki ýaly goýun gözleri bar. Weý, ýogsa-da, bir gabatlaşanymyzda: “Howly aldym, çagalarymy getirjek” diýipdiň, ýygnap bildiňmi özüňkileri?

– Ýygnadym, dost. Häzirem esli günümi şolaryň ýanynda geçirýän.

– Mümkingadar, şeýdip çagalaryň töwereginde köpräk boljak bolmaly. Olardan alýan gönençligiňi başga hiç ýerde hiç zatdan alyp bolmaýar.

– Dogry aýdýaň, Rozy dost! – diýip, Ahmet hem bada onuň bilen göwündeş gopdy.

Iki obadaş iç döküşip, bir salym gürleşip duransoňlar, Ahmet «Ýene görüşeris” diýip, Jüneýit hanyň huzuryna ugrady. Howlynyň daşynda iki-üç ýerde ýola taýyn edilip gaňtarylyp goýlan, üsti eýer-jully atlar bölek-bölek bolşup durdular. Bu zatlar Ahmediň: «Çagyrylan adamlar gelşen ýaly-la» diýip, içini gepledip, çen tutmagyna sebäp boldy.

* * *

Hanuma Owgana gelip, Ahmede gowşansoň, onuň heleýlik durmuşy öz doly manysynda täzeden başlandy. Ahmet öýde ýok mahaly, ol gije-gündiz onuň ýoluna gözläp, ol barada küý-köçe baglap ýaşaýardy. Hanuma hemişe onuň öz golaýynda bolmagyny islese-de, ýöne Ahmet ata çykan adamdy, ol bir ýerde durmazdy. Onuň Hyrat diýibem, ýeneki diýibem, wagtal-wagtal telim günläp, ýitip-ýitibem gidibermesi bardy. Gaýdyp gelende hem ol ýene-de duýdansyz gelip, çagalaryny, Hanumany begendirerdi. Geçen gezek ol sapardan gyltyzrak aýagyndan ýaralanyp gelipdi, atdan düşüp, agsaklabrak öýe giripdi. Şundan soň Hanumanyň telim gün aladasy tebibiň ýara buýran ýapgylaryny taýýnlamak, ýapmak bolupdy.

Ahmet şol günler Hanumanyň ygtyýar heleýlerçe özüne edýän hyzmatlary üçin, oňa nähili minnetedarlyk bildirjegini

bilmeýärdi. Hanuma bolsa ol barada: “Gör, bu başdan bu günler näçe gowgalar geçendir?” diýip, bilesigelijilikli, nebsagyryjylykly pikirlenip, onuň halyna haýpy gelýärdi. Oklar atylyp, gylyçlar syrylyp, darkaş gurlan ýerlerde bolsa, gör, nämeler bolmaýar, onda-da häzirki, bu meniňki-de, bu seniňki bolnup, Watan üstünde ganly çekeleşikleriň gidip, adam barynyň kyn synaglara salnyp durlan wagtynda. Ondan munuň ýaly gyltyzrak ýara dagy bilen sypyp bilseň, müňde bir şükür edersiň. Hanuma bu günlerde her bapda Ahmede mynasyp keýwany bolmaga heleýlerçe öz öýüniň ähli ýüküni göterjek iner äriniň barlygyny ýakyndan duýma bilen buýsançly ýaşaýardy. Ahmet öýde Hanumanyň gyzyklanyp, bilmek isleýänine seretmezden, giden ýerlerindäki öz başyndan geçen zatlary onuň ýanynda ýatlamany halamaýardy. Agasy Kymyş duzçy ýaly, heleýiň äri, çagalary, öýünden başga zady bilmegi hökman däl hasap edýärdi. Köp halatda Ahmet Hanumanyň nämedir bir zatlar eşitjek bolup berýän soraglaryna hem ol ýaltalyk bilen gysgaça «Hä-hawa, ýokdan» başga jogap bermezdi. Ýöne ol gaýdyp gelensoň, söýgi oýunlary welin möwç alardy, Ahmet mümkin bolan pursatda onuň bilinden dolap, düýrläp gujagyna alardy... Ana, onsoň bir salymdan çaşan saçlaryna, serenjam berip: «Akyl ýok-da şu oglanda, ýaňy öýlenenem däl-ä sen...» diýip, ondan nägile bolandan bolup, turup gelýän Hanumaň bardyr. Ol şeýdip her gezek Ahmet sapardan dolanyp gelende, söýýän-söýülýän, onuň hyzmatynda hemişelik bolmagy arzuw edýän bagtyýar zenana öwrülýärdi.

Şol gün aňyrdan güpürdeşip gelýän at aýaklarynyň seslerini eşiden mahaly Hanuma çagalary bilen ýaňy günortan burçluja unaş içmegiň ugruna çykyp, orta kendirik ýazyp, kersende hamyr ýugrup, olara-da gapdaly bilen ony-muny ýumuş buýrup, ýaýrap otyrdy. Hanuma golaýlap gelýän at toýnaklarynyň güpürdisine diňirgenip, ilki ony Ahmetdir öýdüp begenen-de bolsa, soňra munuň yzysüre-de käbir düşnüksiz görnen zatlary ýatlap üýşendi. Ahmet birki günlükde çakylyk alyp, Hyrada diýip atlanyp gidipdi. Eger bu dükürdi şonuň atyna degişli boljak bolsa-ha, onda ol

bu wagta çenli atyny näçe gyssasa-da, eýýäm Hyrada ýetip, ondanam yzyna dolanmaga ýetişmeli däldi. Hanuma görmese-de, Hyrat diýilýän ýeriň birki günde gidilip-dolanylyp gelinýän, bäri-bärdäki ýer däldigini bilýärdi. Onda kimkän?..

Hanuma soň at toýnaklarynyň güpürdisinden olaryň ýeke bolman, telim barlygyndan çen tutup, ol gelýän-de bolsa, mahal-mahal gelşi ýaly ýene-de, onuň ýeke bolman, ýanynyň ýoldaşly gelýänligini çen etdi. Hanuma öň Ahmediň aňsat bir hepde-on günsüz dolanmajagyny pikir eden-de bolsa, bu at toýnaklarynyň sesine eşidip, orta ýoldan dolanmagyna bir zerurlyk bolandyr-da diýip, onuň gaýdyp gelmegi bilen bagly pikirlerini aňynda, mümkin boldugyndan, tertipleşdirdi. Şu pursatda onuň çagalardan öňürdip gapydan çykyp, Ahmediň atyny tutaýasy geldi.

Ahmet şeýdip her gezek sapardan dolanyp gelende, ol owsunyp, küýlenip, tisginip-terlenip, hamala, adamsyny garşylaýan Güljemal hana öwrülip, öz haly bilen bolmazdy. Il içinde Güljemal hanyň döwründe hezil edip, heleýligiň döwranyny süren mes heleý bolanlygy barada gürrüňler bardy. Şol döwürlerde ýeserje gelinleriň biri ondan «Enesi, siz-ä han heleý bolup, öz islegiňize görä ýaşap gezdiňiz, erkek hyzmatyndanam kemiňiz-ä galan däldir?” diýen manyda sorapdyr. Şonda Güljemal han oňa: «Erkek gördüm, Gytja Garany gördüm. Ol-a sapardan gelip, öýüň öňünde getiren ýüküni düşürip durandyr, menem: “Indi onuň öňünde nädip durup bolarkan?” diýip, begenip, tolgunyp, derçigip, terpenip durandyryn...” diýip, ilkinji adamsynynyň hyzmatyny küýseg bilen ýatlapdyr” diýerdiler.

Hanuma-da Ahmet her gezek şeýdip sapardan gelende, hut Güljemal han ýaly, üýtgeşik bir ýakymlydan düşnüksiz pursady başyndan geçirýärdi. Bu gezegem at aýaklarynyň dükürdisi golaýlap gelen wagty Hanuma çagalaryň ýüzlerine mähirli gözläp, hoşgylaw begençli dillendi:

– Geldi jan, daşarda at aýaklarynyň dükürdisi bar welin, bar bir görüň, akgaň dagy gaýdyp geläýen bolmasyn!? – diýdi.

At aýaklarynyň sesini eşidip, eýýäm kakalarynyň gelenligini pikir edip, begenen çagalaryň ikisi iki ýerden şo bada: «Akgam-da, akgam» bolşup, ony garşylamaga daşaryk howlukdylar. Hanuma-da edip oturan işini gapdala goýup, onuň üstüni el ugruna kendirigiň bir etegi bilen örtüp, çagalaryň yzy bilen gapa ýöneldi. Onuň ýüreginiň urgusy üýtgäp, telwasly urdy. Emma bu şatlyk uzaga çekmedi. Çagalaryň şatlykly sesi hem olar derwezäni açyp-açmankalar tapba kesildi. Olar derwezäň öňünde hatara bolşup duran tüýsi bozuk ýat adamlary görüp, eýmenişip, bada-bat ýeňse basyşyp, yza çekilmek bilen boldular. Ahmet derwezeden girdigi onuň atyny tutarman bolup, çagalaryň yzy bilen howlugybrak öýden çykyp gelýän Hanuma-da daşardaky ýat atlylary gören mahaly tisginip, sakga aýak çekdi. Soňam haýran galmakdan ýaňa bir pursat şol duran ýerinde doňup galdy. Görenindenem ol atlylaryň ortada duranyny tanap, osallykda ýylan guýrugyny gysymlan ýaly, ininiň şowlap gidenini duýdy. Mele dyzmaç atyň üstünde ýaragyny öňüne kese basyp oturan, kyrk-kyrk bäş ýaşlaryndaky daýawdan gelen dykyz adam onuň öňki adamsy Atanepesdi. Ol hemişeki geýip gezýän silkme telpegiň ýerine indi başyna hyrlandyryp, selle oranyp, ak köýnegiň üstünden gara ýeňsiz keltekçe geýip, tüýsüni üýtgedip, näçe owgansyrasa-da Hanuma ony görenden tanady. Bu başga hiç kim däl-de, hut şol gijengöz Atanepesiň özüdi. Şundan soň Hanumanyň ýas-ýaňyja buýsanç, telwasly uran ýüregi atygsap, haly teňelip urdy. Ol içinden: «Bu melgunyň meni özi getirip-gonduryp bilmese-de, Owgana aşanymy bir ýerden eşidendir, indem Ahmediň ýoklugyndan peýdalanyp, meni äkitmäge gelendir» diýip, gorkuly oýlandy. Şeýle-de bolsa ol başyndaky soky börügiň üstünden atynan bürenjegiň bir ýany bilen ýüzüni ýapyp, ondan gizlemäge çalyşdy. Ýöne Atanepes eýýäm ýaňy gapydan çykan, ýüzi açyk mahaly Hanumany görüpdem, tanapdam.

Hanuma ozalky adamsy Atanepesiň Owgandadygyny bilse-de, talagy bir wagt berlip, uýany başyna atylansoň, ony haçandyr bir wagt ýene-de görerin öýtmändi. Synan zadyň syndygy

bolandygyna ynapdy. Ýöne indi görüp otursa welin, bu juda bir beýle-de däl eken...

...Hanuma Buhara töwereginiň gyzy bolup, ol ejesidir kakasy bir döwürräkde garahassa keselinden ýogalansoň, ýakyn hossarsyz ýetim galypdy. Hanumanyň kakasy birnäçe dükan saklaýan barjamly adamdy. Şonuň üçinem, şeýle-de onuň aýalynyň hem bir-birleri bilen garyndaş bolany üçin, lomaý miras ele geçjegini hem pikir edip, Maryda ýaşaýan Muzaffar baý oňa göwünjeň hossar çykypdy. Merhumlaryň üçüni, ýedisini geçiribem olar Hanumany göçürip, özleri bilen Mara alyp gaýdypdylar. Köp wagt geçmänkä-de, döwletliden döwlet ýokar diýleni bolup, Maryda Hanumanyň kakasynyň baýlygynyň hasabyna Muzaffaryň çaýhanasy diýlen, hyzmat-keremli çaýhana peýda bolupdy. Maşgala az wagtyň içinde eli uzadan ýerine ýetip, gowy özüni tutupdy. Hanuma şondan bärem Muzaffaryň çagalarynyň biri bolup, olaryň arasynda ýaşap, öý aladalaryna garylyp-gatylyp hemaýat-hyzmatda bolup ýaşap ýördi. Hanumanyň daýzasy abyr-zabyrragam bolsa, ýegençisiniň egninde taýak döwüp ýören zenan däldi. Gaýta ýetim kemsinmez ýaly, ol ony her babatda öz çagalaryndan kem tutmazlyga çalyşýardy. Hanumany ata-ýenesiniň baýlygyny özlerine siňdirenini minnetdarlyk bilen ýatlap, oňa-da öz çagalarynyň geýenini geýdirip, iýenini iýdirmegi öz borjy hasap edýärdi. Çagalary okanda, Hanumany hem olar mollada okadyp, sowatly edipdiler. Hanuma ulaldygyça, endamy suwlanyp, barha görmegeý gelinlige öwrülip barýardy. Hanuma ilkinji gezek Atanepesiň synyna düşen döwri, onuň on üç-on dört ýaşy bardy. Şonda-da eýýäm ol göwüsleri ýumrulanyp, guýma guşagy gelşik tapyp tegelenip, ymykly zenanlyk menziline aralaşyp barýan göze gelüwli gelinlikdi.

Atanepes Muzaffar çaýhanaça amatly nyrhdan mal berýän adamdy. Onuň bilen ýakyndan bähbitli, dostlukly gatnaşyk saklýardy. Her gezegem ol şähere gelende Muzaffar çaýçyň çaýhanasynda oturyp, çaýlap-suwlaman gitmezdi. Hanuma-da ilkinji gezek şu ýerde onuň synyna düşüpdi. Şundan soň ol bu

gyzyň yşgyna düşüp, çaýhana gelmesini hasam ýygjamladypdy. Şol gezegem ol çaýhanada gadyrly myhman bolup otyrka, çaýnahar getirip, özüne hyzmat edip ýören Hanumany synlap, oýunlyga salan bolup, Muzaffardyr onuň aýalynyň ýanynda Hanuma hyrydarlyk bildirip, olaryň taryna kakyp görüpdi.

– Aşna, gowy gyzyň-a bar eken!

Hanuma barada aýdylan bu tarypyň Muzaffaryň aýalyna dessine ýaranlygy belli boldy. Ol bada-bat:

– Meniň gyzlarymyň üçüsem gowudyr, edep ekramly, elleri tikin-çatyn hünärli, şeýle-de hat-sowatdanam başlary çykýan maşgalalardyr – diýip, hamala, harydynyň arzyny artdyrýan söwdagär ýaly, höwes bilen Atanepese ugurdaş gopdy.

Ýöne haçanda Atanepes gyzyň tarypyny bir aýdybam goýman, oňa hyrydar bolup, awuna gönügen ýylan ýaly, öz maksadyna ýuwaşjadan golaýlaşyp ugran mahaly, gyzyň özi ýaly barly öýüň keýwanysy bolsa, ýag iýip, ýüpek geýjegini aýdyp, meseläni has çynyrgadyp ugran wagty, Muzafardyr onuň aýaly üçin bu garaşylmadyk duýdansyzlyk boldumy nämemi, olaryň gowy gatnaşykda bolsa-da, oňa "Hä" diýesleri, onuň bilen deň gopaslary gelmändi. Gaýtam Muzaffaryň aýaly: "Gyzymyz ýaş, ol heniz on dördünem dolduranok ahyryn..." diýip, ony häli-häzire durmuşa çykaryp, ýer-jaý etmek pikirinden özleriniň entek daşdadyklaryny biraz nägile bolup aýdypdylar. Emma gyza bir göwni gidensoň, barjamly Atanepesiň ondan düwnesini üzesi gelmändi. Gaýta ol öň şähere hepdede bir gelýän bolsa, soňra iki gelip, her gelende-de sowgat-serpaýlyja gelip, erjellik bilen Hanumanyň daýzasynyň uguny ýekeläp ugrapdy. Şeýdibem, ahyrynda "Gyzyl görse, Hydyr azar" diýleni bolup, gyzyň daýzasy ýegençisiniň Atanepesiň aýaly bolmagyny juda bir isläp barmasa-da, barybir soňra berim-baýlygyň öňünde durup bilmändi. Atanepes baýlyk baryny döküp, Hanumany öz aýallarynyň üstüne üçünjisi edip alypdy. Maksadyna ýetipdi. Emma şol ýyllarda sowet hökümetiniň ýerlerde öz syýasatyny barha giňeldip ugramagy Atanepes ýaly barjamly adamlara edenini edip,

kylanyny gylyp ýörmäge mümkinçilik bermändi. Sowetler köne däp-dessurlary ret edip, ähli ýerde öz syýasatlaryna rowaçlyk berip hereket edýärdiler. Barlylaryň döwletine talaň salşy ýaly, ol köpaýallyga, gyzlaryň ýaş durmuşa çykarylmagynyň garşysyna hem barlyşyksyz göreşler alyp barýardy.

Sowetiň adamlary şol günleriň birinde Atanepesiň hem üstünden düşüpdiler. Onuň Pendi çölünde gizlin bakdyryp ýören sürüleri bilen, ilden aýratyn ýaşaýyş-durmuşy bilen gyzyklanypdylar. Sowetleriň talaplary şundan soň Atanepesiň gonjuna gor guýupdy. Oňa ýaş gelniň hözirini uzak görmäge mümkinçilik bermändi. Atanepes gorkusyna girere deşik tapman urnup ugrapdy. Sowetiň gazabyndan başyny sypdyrmak üçin, bada-bat baş heleýinden beýleki iki aýalynyň mährinden geçip, üstüne gelnen-de bolsa, ikinji aýaly bilen Hanumany olara: «Bular öýümize gezmäge gelen garyndaşlarym!» diýip görkezipdi. Nädibem bolsa olaryň deminden sypsa kaýyl bolupdy. Şeýdibem, Atanepesiň kiçi dilden bärde: «Meniňki däl» diýen aýallarynyň hersi şondan soň bir ýerden, ikinji aýaly baryp, atasy öýünden, Hanuma bolsa Marydaky aýal-gyzlar internatyndan çykypdy.

Atanepes hem şundan soň indi sowetiň özüne ýazylganlyk bermejegine göz ýetirip, heleýlerinden elli bizar bolup, ýeriň pessi bilen, altyn-kümşüni horjunlap, atyň syrtyna bökdürip, ýazlaga gidenden bolup, Owgana göterilipdi.

Ýol ugruna ol Pendi çölüniň gyrak çetlerinde bakylýan, öz öň döwlete geçirmeli bolan sürülerindenem ikisini, onuň çopanlaryny aldap-ogşap, öz tarapyna geçirip, dolup-daşyp serhetden aşypdy.

Şondan bärem ol Owganystanyň Turgundy diýen ýerinde, özi ýaly sowetden gaçyp gelenleriň biri bolup ýaşaýardy. Baýlykdyr maljagazam ýeterlik bolansoň, oňa gelen ýeriniň hökmürowan adamlary bilen dil tapyşmak kyn bolmandy. Ýerem edinipdi, howlam.

Hanuma internata düşensoň: “Betbagtlygym bagtly bolmagyma sebäp boldy” diýleni bolupdy. Ol Daşkentde okap, sowet-partiýa mekdebini gutarypdy. Soňra-da hökümet işlerine

ulaşyp, Atanepesden hemişelik dynanyna aňry ýany bilen ynanyp ýaşaýardy. Ýöne indi görüp otursa, juda beýle-de däl eken.

Dogrusy, Hanuma öňki adamsyny munuň ýaly ýakyndan gözde-ýüz bolmanlygynda tanajagam däl eken. Atanepes ýüz-gözüni saç-sakgala basdyryp, öňküsinden gojalyp ýarsypdy. Ýöne onuň göz okarasyny dolduryp duran, ol ýerde eýläk-beýläk togalanýan ýaly bolup görünýän gözleri welin üýtgemändir. Şol öňküsi ýaly sowukdan doýgun gözler.

Atanepes at başyny çekip, töweregi bilen jylaw deňläp durşuna Hanumany tanap, muňa ýaralan awunyň yzyndan ýetip alan awçy ýaly göwnühoşluk tapyp, gözüni çarhlap begendi. Gomasa häsiýetine görä, soňam hondan bärsiräp, Hanuma ýüzlendi.

– Eý, heleý, näme äriň atyny tutaňok?

Onuň gepi ýaňsylydan oýnap çykdy.

– Sen bolupdyň, Atanepes!

Hanumanyň batyrgaýlyk bilen beren jogaby Atanepesiň gaharyny getirme ýerine gaýta onuň göhüni getirdi. Ol hezil tapmak bilen jylawy eýeriň gaşyna taşlap oturyşyna ýaňsyly, içýakgynç ýylgyrdy.

– Häzir men seni öýe eltip, süýji guýyňdan bir atymy gähnedip ýakaryn welin, nädersiň onsoň sen ýene-de är gadyryny bilýän şol öňki ýalmanyp oturan heleýe öwrüläýseň!

Atanepesiň erkeklerçe Hanumanyň heleýligine höwes edip aýdan bu gepi, töwerekdäki atlylaryň hem ýüzünde duýlar-duýulmaz ýaňsy alamatlaryny döretdi.

Atanepesiň gapdalynda onuň bilen at başyny deňläp duran inisi Hanaly ýeňňesiniň diýene gelmän, syrt bulap ugranyny görüp, halamazlyk bile ýüzüni pisertdi. Ol agasynyň heleýini gözläp tapansoňam, onuň bilen beýdip sanaşyp-sarmanaklaşyp durmasyny halamady. Hanumanyň gaňrylyp basylyp, atyň öňüne alynmagyna howlukdy. Ol: “Indi näme, heleýiň bilen şeýdip, wagt ýitirip, ýaňkalaşjak durjakmy?” diýýän manyda agasynyň ýüzüne soraglydan nägile gözledi.

Elbetde, atlylaryň ýaman algyly ýaly bolşup, ýerli-ýerden gezelişip durmaklary Hanumanyň-da howuny basypdy. Ýöne ol tiz bu beladan başyny alyp çykmak üçin, gelenlerden hiç babatda özüniň hem kem oturmaly däldigine, Ahmet ýaly dagdan arkasynyň barlygyny, duşmana haýbat-syýasat hökmünde duýdurmalydygyna düşündi. Aýgytly hereket üçin, mümkin boldugyndan, özüni ele almaga çalyşdy.

– Atanepes, sen gowsy indi maňa degme? Meni ornumdanam gozgama!? Meniňem indi öz günüm, güzeranym bar. Sen meniň bu ýere aşanymy bilen bolsaň, ärimiňem kimligini gowy bilýänsiň. Ol her seniň ýalaga heleýini aldyrtjak adam däldir. Seni gözläp, ýeriň deşiginde bolsaňam tapar, merkiňem berer! Gowusy...

Hanumanyň talaply aýdasy gelen gepi aýal tebigatyna mahsus ýene ýalbaryjy äheňde eşidildi. Bu bolsa onuň zenan gadyryny has-da artdyryp, heleýlerçe ony syrt gaçyryp näzirgeýäne meňzetdi.

Atanepes ýaňsyly ajy ýylgyran mahaly Hanuma aýdan gepiniň ýene-de ýer tutmanlygyny bildi. Atanepes:

– Hany, sen heleý, gepiňi köpeltme-de, mün diýildi, mün atyň syrtyna! Ýogsam häzir atyň öňüne basyp, masgara edip äkitmeýänmi seni! – diýip, oňa tarap atyny debsäp, hökümli gepledi.

Ol bu gepi aýdan mahaly onuň töwereginde hajraw bolşup, helabas berlerine taýyn bolup duran beýleki atlylaram makullama bilen ýerli-ýerden häzirlenişip ony goldadylar. Hasam Atanepesiň inisi, eger diýlene gelmejek bolsa, agasynyň Hanumany basyp, gaňryp daňyp, atyň öňüne alyp bermegi niýet edinip, öňe-öňe süýşdi. Ýöne onuň tamasy çykmady. Atanepes çenense-de, meseläni gep-söz bilen çözmek üçin ýene-de öňki abaý-syýasatly hüjümini dowam etdirdi.

– Bu ýer saňa ýeke heleýli bolmagy talap edýän şurawy ýurdy däldir. Seni bu ýerde meniň är bolup, urmaga-da, sögmäge-de, islesem öldürmäge-de hakym bardyr. Hany kim gelip bilse, gelsin şerigatyň ýanyna!? Bu ýerde saňa heleý arkasyny alýan sowet hökümetiň ýokdur! Sen meniň nikalymsyň, islesem uraryn,

islesem öldirin...

Atanepes sürnüp aýdan bu haýbatly gepi Hanumanyň howuny basar öýtdi. Ýöne onuň bu tamasy çykmady. Hanuma gaýta nämedir bir zatlary ýadyna salyp, nägileden igençli gürledi.

– Atanepes! Görýän welin, seniň ýadyň jüýje-horazyňky ýaly kelte eken – Hanuma bu gepi biziň aramyzda bolan-goýan zatlary ýadyňdan çykardyňmy diýen äheňde aýtdy – Meni heleý edinjek bolsaň, onda näme sowetiň adamlary köp heleýlileri yzarlap gelip: «Bu kim, nämäň?» diýip soranda, sen maňa-da, ikinji aýalyň Nurgözele-de olaryň ýanynda "meniňki" diýip, eýe çykyp bilmediň. Gaýtam: "Bular heleýim däl, obadan gezmäge gelen garyndaşlarym" diýip, olaryň öňünde ant içip, awy ýaladyň. "Men bularyň demine demimi gatyp gören adam däl, eger aýalymdyr öýtseňiz, onda talak, talak-talak" diýip, olaryň ýanynda birden dänip, toty bolup saýradyň. Eýdip-beýdip: «Namartja olam, sagja olam» edip, başyňy gutardyň. Ýa ýadyňda ýokmy? Onsoňam men aýalyň bolýan bolsam, internata ýerleşdirilenimden soň, Daşkende okuwa iberilenimde-de sen gorkup meniň töweregimde görnüp bilmändiň! Hatda men heleýiň bolýan bolsam, öýüňe galan-gaçan goşumy almaga baramda hem sen golumdan tutup: «Otur, heleý, sokul-da» diýip bilmändiň-ä! Ýa ýalanmy?

Hanumanyň ýeke-ýekeden öňki adamsynyň namartlyklaryny bazyrdadyp ýüzüne basyp ugramagy, özi-de töwerekde özündenem başga birnäçe adamlaryň bu gepleri eşidip durmaklary Atanepesi olaryň öňünde kemsetdi. Onuň peltesine ot degmegine sebäp boldy. Atanepes gazaby gaýnap, ädiginiň gonjuna şarpa elini urup, ol ýerden epläp, ýanyn sokan gamçysyny aldy-da, atyny öňe debsiläp, ony Hanumanyň depesinden inderdi.

...Hanuma ýüz-gözüni eli bilen howsalaly daldalap ökje basyp, ýeňse tesdi. Gamçynyň bady endamyna ot bolup çabransoň, ol bir ýagdaý etmese, Atanepesiň öz ýakasyny goýbermejegine doly düşündi. Ýüzüni gollary bilen tutup, mugyra gelme bilen aşak oturdy. Soňam şol oturan ýerinden aman dileýän hörpde Atanepes ýüzlendi:

– Meni günüme goýmajak bolsaň, onda men gideýin, ýöne meniň asgynjagym, gitmeden öňinçä etmeli käbir borçlarym bar. Adamymyň öňki aýalyndan galan iki ýetim çaga seredip otyryn. Şu obada olara hossar boljak daýylary bar. Men olary şolara tabşyraýyn maňa puryja ber! – diýip, pygyl tutup, mümkin boldugyndan, biraz wagt aramak üçin ýalbardy.

Hanumanyň bu gepinden soň, Atanepes tagallasynyň ýerine düşenini, diýeni bitip, işleriniň ýola düşüp ugranlygyny pikir edip, öz ýanyndan monça boldy. Gamçysynyň saýgysy bilen, sapyny aýasynda jemläp tutup ony gaýtadan indererli bolup, hyruçly mynçgylap durşuna, Hanumanyň ýüzüne ýaňsyly gözledi:

– Gepiňi köpeltme-de, mün diýildi, mün atyň syrtyna! Al öýüňdenem nämäňi almaly bolsaň tizräk! – Çagalar bilen çörňeşip ýörmäge biziň wagtymyz ýok. Goý, otursynlar olar sokulyp öýde. Biz gidenimizden soň bararlar daýylaryna barmaly bolsalar! – diýip, Hanumany has gyssady.

Hanuma içerik girenden, ýaňy atlylar sürnüşip ugranlarynda gorkuşyp gaçyp içerik giren, indem näderlerini bilmän oturan çagalary aladaly gujaklady.

– Aglamaň, aglamaň, janlarym! – diýip, olaryň mähir bilen başlaryny sypap köşeşdirmäge çalyşdy. – Çagalar gorkandyrlar öýdüp, küýzeden käsä suw guýup, olaryň agyzlaryna tutup, onuň galanynam özi başyna göterdi. – Maňa bir zat bolaýsa, siz daýylaryňyzyňka gidiň. Tapmasaňyz Nuretdinlere baryň! Akynýaz baýlar diýip sorasaňyz, bilerler, salgy bererler! – diýip, nugtap sargady. Çagalary beladan sowarak hasap edip, soňam olary jaýyň törüne geçirip: «Siz häzir şu ýerde oturyň!» diýip, özi orta ýazan ýaglygynyň üstüne gözüniň gören ýerinden olbi goşlaryny atyp jemleşdirdi. Goşlaryny bir düwünçek edip, goltugyna alansoň, ýüzugra elini düşek galdyrdaky Ahmet geläýmese ýazylmaýan ajarly duran ýorganyň arasyna gezdirdi. Ol ýerde onuň geregi deger diýip, elýüzräkde gizläbräk saklap ýören sapançasy bardy. Hanuma Ahmediň ýoklugyny ýatlap, başdan inen bu belaň öňünde durmak üçin, sapançanyň daşynyň

dolanan matasyny aýryp, beletlik bilen oňa ok sürdi. "...Menden hakyňyzy alaýsaňyz gerek..." diýibem atlylara, öjügip küýli oýlandy. Onýança ýene-de daşardan Atanepesiň haýbatly sesi eşidildi.

– Näme, goşlaryňy gazyp alýamyň, çyk tizräk diýilýär saňa!

Onuň igençli gepi Hanumany gyssady. Aýgydyny tizledi. Ol:

– Ine, barýan – diýip, içerden gysgaça ses berensoň, çagalara tarap ýene bir gezek alaçsyz haýpygeliji nazaryny aýlap, düwünçegini goltugyna alyp, ýaragly elini onuň arkasynda bukubrak gapa ýöneldi.

Hanuma nepesini durlap, aýgyt bilen daşaryk çykan wagty atlylaryň dykylyşyp, sürnüşip, gapa has golaý gelip durandyklaryny gördi.

Bu onuň üçin diýseň garaşylmadyk duýdansyzlyk boldy. Şonuň üçinem Hanuma öz pikir edişindenem has tiz herekete geçmesi boldy.

Aňyrdan ol ýarag tutsa, atlylar eýmener, maňa batyrynyp bilmezler, soňuny bolsa Ahmet gelensoň, özi hasaplaşar diýip, tama tutup gelýärdi.

Hanuma düwünçeginiň arkasynda bukup gelen sapançasyny Atanepese tutan wagty atlylar görüp, ýerli-ýerden: "Äh-de, oh" bolşup, ör-gökden gelişdiler. Ilkinji okuň öz paýy bolaýmagyndan çekinişip, birbada olar ýaraga ýapyşmaga hem milt edip bilmediler. Olaryň arasyndan işiň-işden geçip barýanyny görüp, ilkinji herekete geçen Hanumaň sag tarapynda duran Hanaly boldy. Ol ýaragyna ýapyşmaga howlugyp, duran ýerinden elindäki gamçysy bilen Hanumaň eline kakdy.

Sapança atyldy. Ýöne onuň oky niýetlenene däl-de, Atanepesiň gapdalynda duran ziňňirdiň goluny ýaralady.

Ýöne sapançanyň orta gelmegi atlylary çekindirmegiň ýerine gaýta olary has beter Hanuma öjükdirdi. Sapançaň elden gaçanyny görüp, atlylar ýerli-ýerden Hanumanyň üstüne topuldylar. Ikilenç sapançany ýerden götermäge oňa maý bermediler. Hanalydyr şilliň onuň gollaryny ýeňsesine baglap, agzyny dykyp, Atanepesiň atynyň öňüne alyp berdiler.

Başyndaky soky topby bolsa togarlanyp, hol beýlä düşdi. Onuň gulaç ýarym uzyn saçlary at aýaklaryna çolaşarly bolup aşak sallandylar. Hanuma urunsa-da, agzy jyňky çykmaz ýaly edilip ykjam dykylansoň, näçe islese-de dady-perýat edip bilmedi.

Geldimyrat onuň ata basylyp alnyp barylýanyny görüp:

– Ejemi, Hanuma ejemi goýberiň! – diýip, aglap ýalbaryp, atlylaryň yzynda ylgady. Ýöne toparyň yzyny jemläp gelýän Hanaly Geldi yzlaryndan ýetiberende, elindäki gamçysy bilen ony bir çaldy welin, ol ýere ýazyldy. Geldi ýykylyp ýerinden turan mahaly atlylar eýýäm bölejik tozana öwrülişip, Marçak degresinden çykyp barýardylar.

Geldä: "Akgama bir aýdaýyn sizleri!" diýip, aglap galybermekden başga alaç galmady.

* * *

Ýegenleriniň ikisiniň iki ýerden aglaşyp-eňreşip aňyrdan gelen mahaly Mahmyt bazarlap gelip, howlusynyň öňünde ýaňy atdan düşüp durdy. Atyň syrtyna bükdüren horjunyny, ol öňünden ylgap çykan uly ogly Ahmede elindäki gamçysyny alty-ýedi ýaşly ogly Merede berip, olara: «Siz öýe baryberiň, menem ine barýan!» diýip, özüniň ýakynda edinen dyzmaç atyny jylawlap, ony atýatakdaky ornunda ýerleşdirip, başyna arpaly torbany asarman bolup durdy. Mahmyt ýegenleriniň bolup gelişlerini görüp: "Bulara näme boldukan?" diýip, biraz üýşenme bilen aladalanyp, olaryň öňünden çykyp, habaryny aldy. Ýöne ýerli-ýerden ellerini bir ýerlere uzadyşyp, gorkuly gyssanyşyp gepleýän ýegenleriniň gepine, bir-bada oňly düşünip bilmedi. Diňe öýe eltip, suw içirip, biraz köşeşdirensoň, olaryň haraý isläp, hossar tutunyp gelendikleri, birtopar atly adamlaryň duýdansyz öýlerine dökülip, ejelikleri Hanumany at öňüne basyp, alyp gidendiklerini bildi.

Bu habar edil gamçy çalnan ýaly Mahmydyň süňňüni düýrükdirdi. Ol: «Kimkä bu pälazan? Kimem bolsa Ahmetde ary

köýen, indem şol aryny onuň maşgalasyndan alarman bolan biri bolsa gerek?” diýip, pikir etdi. Dessine-de kowgy bolup gidermen bolup: «Atlanyp tiz gelsinler!» diýip, töwerekden özüne ýoldaş edinjek adamlaryň adyny tutup, uly ogluny olaryň üstüne iberdi.

Akynýaz baý öýde ýokdy, oňa düýn Bürgüdiň jigidi gelip: “Siz ertirki galada boljak maslahata çagyrylýaňyz!” diýip aýdyp gidipdi. Şeýle maslahatlarda ýa-da haýsydyr bir wajyp mesele çykanda, hemişe bu öwrede Akynýaz baý hem oňa çagyrylardy.

Mahmyt dört-bäş atlyny daşyna jemlänine mähetdel, olaryň birini gala Akynýaz baýy ýagdaýdan habarly etmäge ýollady. Ýöne onuň gelerine garaşmaga wagt ýokdy. Ýagdaý desmi dähel hereketi talap edýärdi. Ol gelip ýetýänçä galtamanlaryň eýýäm ummadan çykjakdyklarynyň ujy iki däldi. Mahmyt töwereginiň atlylary bilen daýyrdaşyp, kowgy bolup ugran mahaly galtamanlaryň yzyny eýýäm ýel çalypdy.

Galtamanlar ara açmanka ýetmegi niýet edinişip gelýän kowgular obadan saýlanansoňlar, atlary debsiläp, hasam gyssap sürdüler. Toparyň öňünde, ýoldaşlary bilen bileräk ýöremek niýeti bilen dyzmaç, jylaw çeýnäp dyzanyp gelýän atynyň jylawyny çekip, badyny alyp gelýän Mahmyt häzir galtamanlaryň Balamurgaba ýetiberenini pikir edip: “Kim bolup bilerkä, bu pälazanlar?” Kimem bolsa öz-ä bir barjamlyja, baýlygyna masaýynýan ýa-da düýpli arkasy bolup, şony penalaýan kişi bolmaly. Türkmen bolsa, onuň bu ilde arka direýäni kim bolup bilerkän? Ýa-da Jüneýit hany dagy arkalanýan birimikän? Eger şeýle bolsa, Ahmede kast edilýänini bilse-hä, hanam-a bularyň ýüzünden sypamaz. Onuň hem bu ýerde türkmeniň garadan gaýtmaz ogullarynyň biri hökmünde guwanyp ýörenleriniň biri Ahmet dälmi, eýsem?” diýip, ýol boýy bu ýagdaýyň jogabyny özünden gözläp, aňynda pikir öwürdi.

Toparyň yzyndan garry ýabysyny aýak aldygyna elindäki çybygy bilen saýgylap gyssap gelýän Gadar döwlen çybygyny elinden gaçyransoň, ýol-gyranyň gyrymsy ýylgynlaryny synlap: “Şularyň içinden amatlyrak berini alaýyn-la” diýip, şol tarapa

sowuldy. Şol barmanada ol ot-çöpleriň arasynda atylan bedene ýaly bolup ýatan gülli aýal joraby bilen bir taý köwşi gördi. Ol dessine munuň süýrelen zenana degişlidigini çen edip, bu zatlary öňden barýanlara görkezmek üçin, olary ýanyna çagyrdy:

– Eý, adamlar, muňa serediň-ä!? Biz terse barýan ýaly-la? – diýip, gygyrdy.

Mahmyt yzyna dolanyp gelip, at başyny çeken wagty, eýýäm atdan düşen Gadaryň ýerden bir zat göterip duranyny gördi. Atlylar Gadaryň çakylygyna üýşen mahallary bu töwerekde at aýaklarynyň hem yzlarynyň oýmur-oýmur bolşup durandygyny gördüler. Mahmyt daga şundan soň, diňe bir bu jorapdyr köwşüň Hanuma degişlidigi, del atlylaryň hem ýoldan sowlup, ugurlaryny üýtgedip, ilerligine köne kerwen ýolundan sürendikleri belli boldy. Kowgular gyssagly at başlaryny ilerligine aldylar.

Mahmyt dagy birazdan galtamanlaryň ýazgyn giňişligiň içini kesip, Pendi baýyrlarynyň ulgamyna barýanlygyny gördüler.

Obadaky çagyrylanlaryň ýene birisi ýolda at gamçylap, Mahmyt dagynyň yzyndan ýetdi.

– Eýýäm gaýdyberipsiňiz-ow?

Mahmyt hem onuň gepine öz hörpünde jogap gaýtardy.

– Näme, indi sen ine-gana ýatyp-turýançaň, il saňa garaşyp oturmalymy? – diýende, Mahmydyň gepi biraz igençli eşidildi.

Eýer üstünde biraz küýkerip oturan bu daýaw tebigaty düşnüksiz Dypby keleçewdi. Onuň şer diýseň, bähbit bolsa, gözi açylýan gaýratlylaryň biridi.

– Mahmyt, köpmükän bu zaluwatlar?

– Bilmedim. Näme eýmenjek bolýaňmy, batyr?

– Aý, ýok köpräk bolsalar, at-ýarag oljasam köpräk bolardy-da...

– Haý, zat janyňy alsyn seniň, batyr! – diýen mahaly eýeriň üstünde alysa gözläp, kaddyny dik tutup, guýlan ýaly bolup oturan Mahmydyň Dypbyň gepini göwnüne jaý edenligi belli boldy. Onuň bu gep saluwy duşman bilen döwüşmek üçin, ýanyna batyrlary toplanyna Mahmydy hasam ynandyran borly.

Öňden Hanumany oljalap barýan atlylaryň tozany görnenine köp wagt geçmänkä olaryň özleriniň hem at gorduryp barýandyklary göründi. Olaryň arasynda seleň türkmen telpeklini gören wagty Dypby keleçew:

– Ýaňy ýolda gelýärkäm döwüşmeli boljagyny pikir edip, bu öý çapanlar öz türkmenlerimizden bir bolmagaýadyr?! – diýip, dileg edipdim welin, pikir edişim ýaly hem boldy-da, wah, olar özümiziňkiler eken – diýip, diýseň lapykeç boldy.

Bu döwürde türkmenler Owganda ähli gelenler bolup, şol bir derdi çekýänleri üçinmi nämemi, mümkin boldugyndan, ýat ýerde bir-birleri bilen alagöz bolmazlyga çalyşýardylar. Öz aralarynda gapma-garşylyk döräýen halatynda hem ony sowuk ýaraga ýetirmän, adaty abaý-syýasat üsti bilen çözmegi makul bilerdiler. Kesekilere «Türkmenler-ä öz-özleri bilen ölşüp gutarjak» diýdirmezlige çalşardylar. Onsuzam owgany penalap gelen türkmenleriň ýaşaýyş-durmuş bilen bagly duşýan kynçylykly bela-beterleri bu ýerde näçe diýseň ýetikdi. Türkmenler özge milletler bilen näçe gatnaşyk etmegi isleselerde, bu köp halatda juda bir başardybam barmaýardy. Arada uly dil böwedi bardy. Türkmenleriň köpüsi pars-owgan dilini bilmän, diýseň kösenýärdiler. Hatda olar alyş-çalyş üçin owgan obalaryna baranlarynda hem bir ellerinde gerek zatlaryndan tutup, beýleki elleri bilen çalyşjak zadyny görkezip: “Men kümüş bereýin, sen däne ber” diýip, lal bilen gepleşýän ýaly, üm bilen düşünişmeli bolýardylar. Köp halatlarda bolsa olar gerek zatlaryny düşündirip-sorap bilmän, bialaç yzlaryny boş dolanýardylar.

Oňly dil bilinmänsoň, bu ýerdäki durmuşam çen edilişindäkidenem has gaty bolansoň, sowetlerden gaçyp gutulan hem bolsalar, bu ýerde hem olaryň meniňki bolsun diýer ýaly gün-güzerany ýokdy. Indi olaryň her zat edip, bir zat edip, gelen ýerleriniň durmuş akymyna goşulmakdan başga alaçlary ýokdy.

Şonuň üçinem olar bir-ä ürç edip, owgan dilini öwrenýärdiler, birem ýerli-han begleriň hyzmatlaryny bitirip, olaryň özlerine bolan, bolmanda azar bermezden aram garaýyşlaryny gazanmaga

çalyşýardylar. Emma bu-da köplere başardyp barmaýardy.

Bu ýerdäki durmuşa garylyp gatylmak başartsa-da, seýrek adamlara başardardy.

Bir-ä oňa aňyrdan telim haly horjuny altyn-kümüşden dolduryp, atyň syrtyna bökdürip gelen, sürüläp-sürüläp öňüne mal salyp, dolup-daşyp gelen gurply adamlar, şeýle-de bu dogumyndan don geýen gaýduwsyzdan batyr, gaýratly adamlara başardardy. Köpçülik ýat itiň guýrugy ýamzynda edip, ynamsyz ünji-aladada ýaşardy. Türkmenler her dörän özara duşmançylygyň öňki derdiň üstüne urna bolýanlygyny göz öňünde tutup, agzalalyk ýüz beren ýagdaýynda hem, mümkin boldugyndan, ondan sowulmaga ýa-da uruş, gyk-baksyz çözmäge çalyşýardylar.

Atanepes bu gezegem kowgynyň yzlaryndan ýetip gelenini görüp, onuň türkmenler arasyndaky bu ýerde bar bolan şol ildeşlik raýdaşlyk kanun bilen çözüler öýtdümi nememi, töwereginiň adamlary bilen gaçmagyň, sypyp başy gutarmagyň ýerine ol at başlaryny ýeňsä alşyp, keserdi-de duruberdi.

Içindenem: “Hany, gelseňiz geliň, bakaly, size heleý berläýermikän!” diýip, ölüşmelem bolsa, görübermeli bolar-da... diýen hörpde hemleli pikir öwürdi. Olaryň golaý gelmeklerine garaşyp, ýagdaýyň çen-çakyny alyp durşuna özüni bu dartgynly ýagdaýa taýynlady. Onuň ýygyrt atan süýnmek ýüzünde şundan soň nägileden ýaňsyly ýylgyrma peýda boldy.

Kowgular ýarag besleşip aňyrdan gelen wagtlary ol bu ýerde boljak ýakymsyz gepiň öňüni almak üçin özüni howpa salman, gelýänleri söz bilen duzaga düşürmegi niýet edinip, ähli pikirini, mekirligini jemläp durdy. Atanepes içini it ýyrtýan hem bolsa, olaryň öňünde özüni arkaýyn alyp barmaga çalyşdy. Atlylar golaý gelip, at badyny gaýtaranlarynda “Ogurlyk eden uýalmaz, üstüne gelen uýalar” edip:

– Ýeri how, ýigitler, görýän welin, siz bizi yzarlap kowup gelýän ýaly-la!? – diýip, olary götindawa tutarly göründi.

Atanepesiň alasarmyk kinaýaly gepine aňyrdan toparyň öňi bolup gelýän Mahmyt ýüzugra jogap berdi:

– Kowgy bolmanmy? Sen biriniň beýdip maşgalasyny süýrärsiň-de kowgy bolmazmy? Arman ýöne siz biziň öz ildeşlerimiz ekeniňiz – diýip, ol şeýle bolmadyk bolanda gan döküljeginiň ujy iki däldigini duýdurmak bilen nygtap aýtdy.

Rejäniň geň däldigine göz ýetiren Atanepes ýene-de nägileden syýasatly geplemäge çalyşdy.

– Ildeşler, biz olja hantamaçylygy bilen ili çapyp ýören galtamanlar däldiris. Hudaýa şükür, zadymyz özümize ýetik, örüde malymyzam bar, sowsak altyn-kümşümiz. Eşider bolsaňyz, men malyny Pendi çölünde Gün dogandan Gün batýança öňünden sürüläp geçirip, goýun sanan maryly Düwdenek baýyňam dogan ýegeni bolýandyryn. Il zadyna mysahar däl. Näme goýup-göterýänem bolsak, ol biziň diňe özümize tagallyk zatdyr... Häzirem men sowetiň göteren apy-tupanynda ýitiren öz ýitigimi tapyp alyp gelýärin. Bu gyrnak meniň öz heleýimdir! – diýip, ýagdaýa özüçe takyklama berdi.

Mahmyt Hanumanyň Owgana gelmezinden ozlaky durmuşyndan oňly habary bolmansoň, Atanepesiň gepine birbada oňly aň edip bilmedi. Ol bir atyň öňüne basylan Hanumanyň ýüzüne, ýene birde Atanepesiň ýüzüne gözläp, ýagdaýa çen uransoň, bu ýerde bir gep bardygyny aňdy. Ol soňam dessine şol gepiň nämeligini anyklamak isledi:

– Ol nähili biriniň heleýi seniň heleýiň bolýamyş?.. – diýip, bulaşyk ýumakdan uç gözläp sorady.

Atanepes Hanumanyň nähili bolup, öz aýaly bolýanlygyny düşündirme ýerine:

– Öz nikalym – diýip, öz sözüniň Mahmydy oýlandyryp geňirgendirenligini görüp, eger şu hörpde hüjümi dowam etdirip bilse, bu zatlardan baş alyp çykyp biljegine özüni ynandyryp, biraz ýel alma bilen pikir etdi.

Şu pursatda Atenepesiň töweregindäki atlylaram ýerli ýerde makullaýjy baş atyşyp, gysga-gysga hümürdeşip, onuň diýenini göwünjeň tassyklaşyp durdular.

Mahmyt näme gep-gürrüňe garaşsa-da, munuň ýaly, şerigat bilen bagly berk gürrüňe garaşmandy.

Atanepes şundan soň Mahmydy kerebe çolaşdyranyna hasam ynanyp, müýnsüzden arkaýyn görünmäge çalyşdy. Şu pursatda Mahmydam şerigat ýoluny bozmaga milt edip bilmän, tizden töweregine: «Ýigitler, gaýdalyň, bu biziň gatylmaly aladamyz däl eken» diýip, yzyna dolanarly göründi. Şol barmana Mahmyt bu ýerde başga bir gepiň barlygyna aň edip, hüjüme täzeden geçdi. Sen-men ýok, Atanepesiň sözüni kesdi-de, ýaraga ýapyşyp, oňa gazaply talap bildirdi.

– Hany, ol aýalyň goluny çözüň-de, ýere düşüriň! Onuň seniň heleýiňmi, dälmi häzir bileris! – diýdi.

Atanepese şundan soň "Öz heleýim, nädemde näme" diýip, gümmi-sümmi etse-de, Mahmydyň hökümli talabynyň öňünde durup bilmedi. Pyçagyny alyp, Hanumanyň gollary daňlan ýüpi kesdi. Agzyna dykylan matany bolsa ýere düşensoň, Hanumanyň özi aýyrdy. Soňam şol ýerde lampa aşak oturyp, özüne hossar tapylanyna begenip: "Waý, doganlar, dadyma ýetişdiňiz!.." diýip, ýüzüni tutup, düşen halyna namys edip, içigip-içigip aglady.

Mahmydyň garşysyna durmaga gaýraty çatmadyk Atanepes ýüzüni köneldip, ýene-de nägile: "Nätseňizem ol meniň heleýimdir. Heleýim elimden alynsa, men kazylaşmaly bolaryn. Anygyny kazy aýdar" diýip hüňürdedi. Hanumanyň Mahmyt daga maglumat hökmünde Atanepesiň bolsa ýüzüne basyp, özüniň Atanepese nähili aýal bolýandygyny onuň sowetlerden gorkup, başdaş aýalyndan başgasyna talak berip, ant içip, awy ýalap, özünden geçişini, ençe ýyldan bärem hossar çykyp, derekläp gözlän adam bolmanlygyny, indem özüniň Owgana gelenini eşidip, onuň deň dawagär bolup gelşini aýdyp, ýagdaýa anyklyk beresi geldi.

Ýöne diýdimzorlukdan, kemsidilmeden eýi ýeten zenan birbada özüni ele alyp, sözläp bilmedi.

Haçanda Balamurgap ýolunda çaňjaryp, bir bölek tozan tüweleýe meňzäp görnen mahaly onuň yzysüre ol tarapdan bir bölek atlynyň çaň-tozanyň eteginden çykana meňzäp, derýa tarapdan gelýänligi göründi.

Gelýänler on-on bäş dagam bardy. Olar owgan hem türkmen geýimindäki akly-garaly, gyzylly-ýaşylly, selle, telpekli adamlardy. Kowgyň yzyndan kömege gaýdan bu adamlaryň arasynda Akynýaz baý-da bardy. Ol at üstünde alnynda peýda bolanlaryň üstaşyry bir ýere seredýän ýaly, başyny dik tutup mertebeli oturdy.

Mahmyt hol beýleden ony tanap, öz habarynyň gala ýetenini, Ahmediň aýalynyň oljalananyny eşidip, Bürgüdiň hem muňa gaharlanyp, özlerine raýdaşlyk edip, bularyň merkini bermek üçin, olaryň ýanyna öz ýigitleriniň hem birtoparyny goşup goýberenligini bildi.

Atanepes kowguçy türkmenleriň arasynda Owgan pelteňleriniň hem barlygyny görüp, ol haraý isläp, topar golaý geleninden atyny debsiläp, Akynýaz baý bilen at başyny deňläp gelýän pelteňlerbaşyny hossar tutunyp, oňa göwünjeň salam berip öňünden çykyp, bildiginden parsçylady. Arzyny aýtdy.

– Essalawmaleýkim, ageýi serdar! Sizi maňa Alla ýetirdi. Iş-işden geçip, düşünişmezlik bilen öz gardaşlarymyz bilen ara gan düşmänkä hälem siz Hydyr ata bolup ýetişdiňiz, ageýi serdar!

Salamyň yzysüre-de ol gepiniň arasy kesilse, soňra özüne nobat ýetmez öýtdümi nämemi, bada-bat ýagdaýy düşündirermen boldy.

– Musulman dinimiziň, onda-da biziň mukaddes Kuran kerimden, pygamberimiziň Bark ata atlanyp, ýedi gat asmana göterilip, Allatagalanyň hut özünden alyp gaýdan kitabynyň arkadagy, Owgan emiri Nedir hanyň ýakyn adamlary! Allanyň haky üçin, mukaddes kitabymyz Kuran kerimden many tirip, men siziň bu dawany dogry çözjegiňize, musulmanyň mukaddes din-ygtykadyň bozulmagyna ýol bermejegiňize ynanýaryn. Siziňem iki jahany abat belent mertebeli, dinimiziň arkadagy emir Nedir hanyň, onuň ýurdunyň kada-kanunyny berk tutýan, onuň hak esgerleridigiňize ynanýan. Bu meseläniň hem siziň hut şu din ýoly bilen adalatly çözmegiňize tama edýärin.

Pelteňlerbaşynyň ýüzi hyrsyzdy, uçganaklap duran ala gözler ýakymsyzdy. Ol her gezek nazaryny ondan oňa geçirende, onuň başa oralan tegelenip duran selläniň aşak eteginde gözleri ot ýakmak üçin çakmak çakylýan deý ýalpyldap gidýärdi. Onuň hökümliden bu ýowuz keşbi töweregini eýmendirýärdi.

Atanepes pelteňlerbaşa ýüzlenip, birhowa ünsüni çekenini görensoň, dessine töwerekdäki kowga öz adamlaryna nägileligini bildirip, oňa arkasyny aldyrmak islegi bilen, ýene sözüni dowam etdi.

– Ýok, men keseki maşgalasyna el gatamok, süýräp zulumda edemok. Bu gyrnak meniň öz nikaly heleýimdir! – Ol başyny tutup aglap oturan Hanuma tarap, göz aýlap goýberensoň, gelenleri öz tapmaçasynyň kerebine çörňeşdirenligini çen edip, hasam aýgytly, ynamly geplemäge çalyşdy. Adamlaryň birbada aňynda dörän «Bu nähili beýle bolup bilýär?» diýen soraglaryna jogap hökmünde gürledi. Hanumanyň nädip Owgana düşüp ýörenligini, onuň nähili aýalydygyny düşündirmek bilen, oňa bolan öz hak-hukugyny ynamly nygtady.

Pelteňlerbaşy Atanepesi bir meýdan diňlänsoň, bu bulaşyk meseläni häzir at üstünde çözmegiň mümkin däldigini Atanepesiň gepiniň alasynyň ýetikdigini anyklamak bilen, beýle gapdalynda özi bilen at başyny deňläp duran Akynýaz baýa sala salyjykly ýüzlendi.

– Akynýaz baý, bu-ýä birhili boldy!?

– Düşnüksiz öz-ä – diýip, Akynýaz baý hem göwünsiz pelteňlerbaşy bilen ylalaşdy.

– Tanapyň ujuny tapar ýaly bolmady.

– Bardyr, serdar. Ýöne muny seniň pikir edişiň ýaly arkaýynlykda gowy gözlemek gerek. Aýalyň zora tutulyp alnyp gaýdylan-a anyk. Soňam ol ýagdaýa pähim salmak bilen: «Gardaşyň din-yslamyň kada-kanunlaryny bilmegi gowy zat, ýöne din-ymmatymyzyň mukaddes mertebesine dokunýan bolsaň, ilki muňa seniň özüň eýgermeli. Biriniň nikalap, heleý edinip ýören maşgalasyna eýe çykmaklyk heý bu musulmana gelişýän

zatmydyr? Dawa-arzyň bolsa, onda ony ýurduň abraýly beg-töreleri bar, hukuk ynanan kazy, arbaplary, işan-pirlerimiz bar, ilki şolara ýüz tutulaýmalam ýalydyr welin, bu ildeşler, şol mertebe hökümdar adamlaryň üstünden ätläp, keltelik edipdirler. Gahat iş bolupdyr. Hälem iş-işden geçmänkä, biz ýetip geläýdik, ýogsam gan dökülip, bolmasyz işiň boljagynyň ujy iki däl eken... Akynýaz baý soňam pelteňlerbaşa tarap gysga nazar aýlap alansoň, sözüni ýene öňki hörpünde dowam etdirdi: – Pelteňlerbaşy ageýni, siz, elbetde, Ahmede-hä belet. Ol Owgan döwletine wepadar hyzmat görkezip, emir hezretleriniň hut öz elinden sylag-serpaý alan, mertebelenip, “Tarhanlyk hatyna” eýe bolan adam, eger häzir bu ýerde ol bolan bolsa, bu düwüni hökman ýüzugra gylyç bilen çapardy, ara gan düşerdi...

Pelteňlerbaşy Akynýaz baýyň maslahat syýasatly gürrüňinden soň, ýaňy ilki başda Atanepesi diňlän wagty onuň gepine ylygarly, abraýyna dokunarly görnen hem bolsa, bu meseläniň Ahmediň mertebesi bilen baglydygyny pikir etdimi nämem, gürrüňde onuň ady geçensoň, bu meselä çemeleşmesi tizden başgaça boldy. Ol bada-bat:

– Garakçylary ýaragsyzlandyryň-da, salyň atyň öňüne, gala alyp baryň. Dawany şol ýerde Bürgüt hezretleriniň özi çözer! – diýip, töwereginde direnişip duran atlylaryna buýruk berdi.

Ýigitler atdan düşüp, buýrugy ýerine ýetirmäge başlap-başlamankalar Akynýaz baý hem galtamanlaryň ýeňsesinde gabaw tutup duran inisine ýüzlendi:

– Mahmyt, sen gelni öz atyň syrtyna al! Hany, biz bir Bürgüt alyhezretleriniň huzuryna baralyň, soňuny soň görüberýäs! – diýdi.

Atanepes pelteňlerbaşynyň gala sürmek bilen bagly buýrugy Hanuma-da degişlidir öýdüp, onam ýanymyz bilen şol ýere äkiderler, dawa çözülýänçä bu heleýem Bürgüdiň bizi gabajak zyndan jaýlarynyň birinde saklanar – diýip pikir eden-de bolsa, Akynýaz baýyň ony topardan bölüp alyp, inisiniň syrtyna mündürmegi, pelteňlerbaşynyň hem oňa garşy bolmazlygyndan

Hanumanyň özlerinden aýratynlykda bölünilip äkidilýänligine nägile boldy.

Gala gelnensoň, Bürgüt taraplaryň ikisini hem diňläp, özi üçin nämeleriň näme bolup ýörenine göz ýetirdi. Meseläniň bir tarapynyň Ahmet bilen baglydygy anyklansoň bolsa, ol onuň çözgüdini Ahmediň özi sapardan gaýdyp gelerine goýmagy makul tapdy. Bürgüt meselä diňe şundan soň gaýdyp gelmegiň talabalaýyk boljagyny, öz sözüni olaryň öňünde hökmürowanlyk bilen buýruk hökmünde nygtady. Şoňa çenli Akynýaz baýyň isleýşi ýaly, süýrelen zenanyň öz öýünde, çagalaryň arasynda bolmagy dogry tapyldy.

Meseläniň öz isleýşi ýaly däl-de, Akynýaz baýyň göwnüne makullanyp çözülmegi Atanapesiň hasam lapyny keç etdi. Ol hyrçyny dişläp, özüni bir-de namys gazanyna, ýene bir-de masgaraçylykly uýat-haýa gazanyna atyp, gahar-gazaba dolup oturdy.

Akynýaz baýyň işini bitirip, Bürgüdiň ýanyndan atlanyp gidenligi belli bolansoň, Atanepes ýoldaşlary bilen zyndan bendiginde kazylaşma gününe çenli özleriniň Ahmediň gelerine garaşyp oturmagyň hökman däldigini pikir edip, bir ýol bilen Bürgüde düşündirmegiň ugruna çykdy.

Bahana bilen zyndanbaşyny ýanyna çagyrdyp, gele-gelmäne onuň aýasyna öz ýanyna ätiýaç üçin alan altyn pullarynyň birnäçesini goýdy. Şeýdibem, “Altyn görse, Hydyr azar” diýleni bolup ol:

– Näme hyzmat, türkmen agasy? – diýip duran boldy.

– Haýal etmän, meni Bürgüt bilen duşursaň, şundan soň ýene-de paý alarsyň! – diýip, ony tamalandyrdy.

Ol aýasyndaky altyn teňňelere gözüni aýyrman begenip, seredip durşuna, heserli gepledi.

– Çynyňmydyr, türkmen ageýi?

– Gaty çynymdyr, senem tizräk hereket et-de, öz çynyňyň nämedigini görkez! – diýip, tapbilenlik bilen oňa tabşyrdy.

Altyn puly goltuga uran zyndan hojaýynynyň aýagy ýeňläp,

gidenine köp wagt geçmänkä, Atanepes gaýtadan dolanyp, ýene-de Bürgüdiň huzurynda peýda boldy.

Berim gökden ýol ýasar diýleni bolup, Atanepes şol gün hem ýanyndaky ýoldaşlary bilen kazylaşma gününe çenli öýünde bolmaga, dereklenen wagty gözletmän, gerek ýerinde tapyljagyna wada berip, öýüne dolandy.

* * *

Aganazar kontorda Ümsüme duşanyna köp wagt geçmänkä, ýene-de onuň sürgünleriň arasynda görünmesi ýygjamlaşdy. Sürgünler şundan soň bu tutuksydan birhili in söýmez düşnüksiz adamdan ol başga ýere işe geçip gidensoň, dyndykmykak diýselerem, dynmandyklaryna göz ýetirdiler.

Ol şäher NKWD-sinde işläp ugransoň, sürgünler obasy onuň öz gözegçiligine alan ýerleriniň biri bolupdy.

Bir hepdeden bäri diýen ýaly ol ýene-de gelip, komendant bilen sürgünleriň arasynda kümsünişip ugrapdy. Orazgylyjyň brigadasynda-da ol eýýäm iki gezek bolup, iki-üç adamy komendanta ýörite işläp ýören ýerlerinden çagyrdyp alyp, sorag sorap, aňtaw salyp gidipdi. Onuň güman salanlarynyň birem şonda Orazgylyç bolupdy.

Ümsümiň lopbuş ýüzi hemişekisi ýaly süňňüniň bir ýerinden yza syzýan ýaly, ejirli çytylyp, gamaşyp durdy. Dişi ysylyp, dodaklary bir-birine gysylgydy. Orazgylyç onuň rejesiniň geň däldigine düşündi.

Ol Orazgylyjyň salamyny almagyň ýerine gele-gelmäne onuň üstüne hüjüme geçdi:

– Hä, Kymyş ogly, sürgünem seni düzeltjek däl-ow... Bir gep bolsa, hemişe senem-ä bar şonuň bir töwereginde – diýip, soraga başlamazdan öň nägilelik bilen onuň ýüzüne geldi.

Orazgylyç çagyrýar diýlenden ýakynda onuň kontorda Aganazar bilen bolan gürrüňini ýatlap: “Bu ýene-de menden Gurhan barada bir zatlar soraýsa gerek” diýip pikir edipdi.

– Sürgünleriň içinde kimdir birinde Gurhan bar. Şonuň kimdedigini sen bilmeli. Kimde şol kitap?

Orazgylyç soragy eşidenden çeniniň ýalňyş bolmanlygyna düşündi.

Elbetde, sürgünleriň arasynda Gurhan bardy. Onuň öz gudrat, keremi bilen özüni, maşgalasyny gorajagyna bil baglap, Amandurdy şyh ony gizlin sürgüne göterilende ýany bilen alyp gelipdi. Saklamak hatarly bolsa-da, şyhyň asla ondan aýrylasy gelmeýärdi.

Ümsüm bilen komendantam muny aňýardylar. Şyhy çagyrybam sorag edipdiler.

Ýöne şyh, onuň özünden tapylsa, hezil bermejeginden howatyrlanyp, görmedik, bilmedikden bolupdy.

Ýakynda NKWD-çiler "Gurhany ele salmak üçin, onuň öýüni dökende, munuň şeýle boljagyny öňünden duýup, oslanmajak ýumşa ýaran gyzjagazyna berip: "Şuny äkit-de, Orazgylyç dädeňlere ber, birki gün bir ýerde saklasyn!" diýip, öýünden gaçyryp, onuňka ýollapdy. Şyh apyla-sapyla sowlansoň, ony birki günden gelip taňryýalkasyn aýdyp äkitse-de, äkidipdi welin, ýöne onuň bir ýol bilen bilner wehimi henizem bardy.

Şonuň üçinem, Gurhanyň ugruna çykylan bolsa, bu soragyň berilmeli adamlarynyň ilkinjileriniň biriniň özüdigini Orazgylyç bilip durdy. Emma bu belanyň öňünden bir zat edip sowlup bolar diýen tama bilen Gurhan barada soralanda göremokdan, bilemokdan başga zat aýtmady:

– Ýoldaş, öňem siz biziň aramyzda bolup işleýän döwrüňizem bu soragy maňa beripdiňiz. Menem şonda-da ondan habarym ýoklugyny aýdypdym.

– Ondan bäri wagt esli geçdi. Bu geçen döwürde ýene nämeler bolmaýar. Belki, täze bir zatlar bolup geçendir. Ýa-da eşiden, ýeneki eden zadyň bardyr.

– Men size başga ýene näme aýdaýyn?

Ümsüm Oragylyjyň bu gepini hakykaty aýtmakdan boýun gaçyrma hökmünde kabul etdi.

– Sen öz bilýän zadyny aýt! Senden başga zat soralanok, kim ony gizläp saklaýan, kim oňa bu işde ýaranlyk bildirýän! – diýende, Orazgylyjyň jogabyndan göwni suw içmedik Ümsümiň sözi batlydan talaply eşidildi.

– Meniň-ä, ýoldaş Ümsüm aga, öňki aýdanyma başga goşjak zadym ýok – Orazgylyç gepi ýerine düşürmek üçin ynamly geplemäge çalyşdy.

Munuň bilenem barybir Ümsüm onuň jogaby bilen kanagatlanmady.

– Meniň soragyma syrt bulaman, jogap berseň-ä gowy bolardy – diýip, sürnüp gepledi. Soňam oturan ýerinde lapykeçden gaharly turdy-da, Orazgylyjyň üstüne täzden hüjüme geçdi – Sen at oýnadýaň, brigadirsumak. Hiç zatdan habarsyz bolan bolýaň. Sen, keçetelpek türkmen, kimi aldajak bolýaň!? Menimi? Men seniň ýüzüne seredenimden bilýän-ä içiňde näçe gumalagynyň barlygyny. Asyrlar boý halkyň aňyny zäherläp gelýän ol kitabyň halk içinde bolmaga haky ýokdur. Biz ony sensizem taparys, ýogam ediris.

Ümsümiň Orazgylyçdan hiç hili maglumat alyp bilmänligine juda gahary geldi. Ol gidende-de: “Biziň diýenmize gelmeseň, seniň bilen başga ýerde gürleşmeli bolarys... Onsoňam ol ýerde sen baý saýrarsyň-a” diýip, türmä gabalmagyň hem daş däldigini oňa duýduryp, hemle atyp gitdi.

Ümsümiň bu gezegem şeýdip, oba gelip, telim bir adamy sorag-ideg edip gitmegi ýene-de ençeme çaklama, howatyrly gürrüňleriň döremegine sebäp boldy.

– Ümsüm ýene-dä bir hyýala münüp, maslykçy guş ýaly, biziň töweregimizde aýlanyp ugrady özün-ä...

– Gitse-de biziň obanyň ýakasyndan elini aýyrjak däl-ow bi.

– Gaýta onuň wezipesini ulaldyp, belet ýeriň diýip, biziň üstümizden seretmäge goýlanmyş-a ol.

– Bu ýerde wagt-a ol gümbaş bolan bolup adam barynyň syrtyňy köwläp gezdi. Indem näme ähli mekr-u-alyny jemläp, aýgytly hüjüme geçen bolmaly-da.

– Hüjüme geçen bolsa, indi ol birnäçämizi alman goýmaz.

– Bizde bolup, obany bolsa ýagşy, ilik-düwme öwrendi ol zaluwat.

– Ýöne aşaklyk bilen näçe aňtasa-da, Gurhana tapyp bilmedi ol!

– Gurhan diýilse, nämüçindir hut atasy öläýýär-dä şularyň.

– Ýöne geleninde kimem ony ýany bilen getiren bolsa oňarmandyr. Ilinde, bir ýerde gömüp, bellik edip gaýtmaly eken. Bizde-de işan agalar ähli kitaplaryny hökümetden gorkup, sandyga salyp, bir ýerlerde gömüpmiş diýýädiler.

– Beýtmek öz eliň bilen göre-bile özüňi oda atmak ahbetin.

– Onda-da diňe özüni bolsa-da jähennem-le. Bu bilnip, öwrüm alsa, telim bir bigünäniň başyna ýetermikän diýýän.

– Ümsüm häli-häzire birhowa gidenem bolsa, onuň obadaky jansyz özi-de uzak garaşdyrman, ýene-de ysyrganyp gelse gerek.

– Menem ol tapmasa ýa-da bir başa dikmese, ynjalar öýdemok.

– Onda näme ondakysynam görüberýäs. Hudaý janam-a bardyr özün-ä. Ähli zady asmandan görüp-tirip oturandyr özün-ä... – diýşip, sürgünler öz aralarynda gürrüň edýärdiler.

...Orazgylyjyň bu gije-de oňly uklap mazasy bolmady.

Ümsümiň ýene gelip, sürgünleriň arasynda ysyrganyp ugramagy, onuň Aganazara duşanda tanap, oglansyradyp, osmakladyp sorag soramagy, elbetde, bu hiç hili gowulygyň alamaty däldi. Ukynyň hezili gowy gaçypdy. Orazgylyç eýlesine-beýlesine agdarylyp, ertirem işe gitmelidigini özüne ýatladyp, näçe uklamaga çytraşsa-da, onuň gözüne uky gelmeýärdi.

Yzly-yzyndan kellede peýda bolýan toplum-toplum pikirler öz däli dyzmaç tolkunlary bilen ony hallanladyp, bir ondan çykarýardy, bir mundan. Ol: "Öň-ä bular ilden saýlap, baý-kulak diýip, biziň topumyzy atdylar. Ondan-oňa äkidip, synsaratdylar. Indem ýaňy bir iş-pişä urnaşyp, yzarlanma belasyndan dyndykmykak diýsek, ýene bir bela tapyldy duruberdi. Bizi il-günden, dogan-garyndaşdan aýra salyp, telim bir wagt gazaba

gerňänlerini az gördülermikän?” diýip oýlanýardy. Orazgylyç şeýle bir öz janyndanam gorkup durmaýardy. Ol özüniň sapana salnan golak bolup, haçan nirä atylsa, atylaýmalydygyna-da gowy düşünýärdi. Ony endişä goýýan zat, özüne bir zat bolan ýagdaýynda maşgalasynyň düşjek kyn ýagdaýydy. Ol jandan eziz görýän oglunyň, aýalynyň bu ýat ýurtda eýesiz galsalar, olaryň näme etjeklerini göz öňüne getirip bilmeýärdi. Häli-şindi: “Maňa bir zat bolsa, bular nädip gün görüp, güzeran aýlarka?” diýen soragy özüne berip görýärdi.

Her gezegem bu sowal jogapsyz galýardy.

Ýogsam täze gelnen ýerde durmuş arabasy ýol-ýodasyzrak ýerlerdenem bolsa tikgirdäp, ýol gazanyp ugran ýaly, ýakymly tama hem döredip ugrapdy. Şundan soň sürgünlerde öz getirilen ýerleriniň, öz gaýdan obalaryna meňzeýänligi üçinmi ýa-da töwerekdäki özbek obalary bilen dostlukly düşünişme gatnaşyklaryň başlanmagy bilenmi nämemi, sürgünlerde ertirki güne bolan ýakymlydan tamaly pikirler döräp ugrapdy.

Gernişip gözýetimden-gözýetime uzaşyp oturan ýerler, böreň-böreň lummurdaşyp akyşyp ýatan ýaplar, dürten zadyňy bol hasyl edip ýalkap oturan beketli toprak, soňky döwürde sürgünleriň ýaraly kalbyna belli bir derejede melhem bolupdy. Olary: «Işleseň-ä bu ýerde-de güzeran aýlasa boljak eken» diýdirip tamalandyrdy.

Orazgylyç gijäniň gaýry bir wagty ynjadasy gelmese-de gapdalynda ýatan aýalynyň egninden tutup, ony sähelçe yralady.

– Eý-ý!

– Men oýa – diýip, adamsynyň bir zat diýjek bolýanyny aňan, Amangül gaňrylyp, oňa tarap öwrüldi.

– Görýän weli bular meni günüme goýmasalar gerek.

– Bu ýer ýuwutmyşlara ýene näme gerekkän? Öňki adamlary zir-zowran edeni az görýärlermikän? – Amangülüň sesi sandyramagy bilen onuň bozulyp, hamsyganlygy belli boldy.

– Sen meni gowy diňle! Häzir-ä belli zat ýok. Ümsüm niýetini bete dikip, biziň daşymyzda ysyrganyp aýlanyp ugrady.

– Ol ýerinden gelme ýerçeken indi näme etjek bolýarkan?

– Gepimi bölme. Diňle! Pelek işidir bilip bolmaz, eger meni sorag ýeneki diýip äkidäýseler, sen öz günüňi özüň görmeli bolarsyň. Aladaň Aganazar jan bilen gyzyň, özüň bolsun. Tüweleme, ogluň ers-mers bolup, ýigit çykyp gelýär, tiz saňa goldawa ýetişer, onýança bolsa, özüň berk durup gaýrat edip, maşgalaň süýegini süýremeli bolarsyň. Işle, hor-zar bolmajak boluň! "Ýykylsaň, ýere ýapyş" diýlenidir, işleseň ýer hor etmez. Birem diliňi ýyg. Heleýligiňi edip, köp gepleme. Tamda gulak bar, ýogsam diliňden tutarlar. Hökümetiň gulagy, gözi örän kändir. Bahana tapsalar, üstüňize şyltak ýaparlar.

– Biri bir zat aňdyrdymy? – Amangül ýene durup bilmän, howsala bilen sorady.

– Ýok. Özüm ýöne aýdýan. Ýadymda wagty size sargap, ýagdaýy pugtalap oturyşym – Soňam ol howa ýetmeýän ýaly töweregine boýnuny gezdirip, uludan demini aldy – Bu gün ýene gije biraz kapas boldy. Ýüregim bir sowuk zady küýsäp dur. Häzir bir enemiň şol çal tutýan gorküýzesi bolsady. Bir okarasyny alyp, başa çeksediň, heziller edäýerdim welin... Nädersiň onsoň tagamly nahar başyndan doýup turan ýaly, "gerk-gerk" gägiriberseň.

– Eneň ony ýerine ýetiribem taýynlardy. Bize-de "Gorküýzäniň içi örän arassa bolmalydyr, gönezlik azam däl, köpem, deň derman gerek mukdarda bolmalydyr, özüňizem gorküýze bilen iş salşanyňyzda, örän arassa bolmalysyňyz" diýip tabşyrdy.

– Öz-ä çal tutanda, gaty yhlasa ederdi. Gorküýzäni onuň irden eltip, kölegeräk ýerde gazdyran çukuryna sokup, düýbüni ýerden çykan ýerine hem arassa esgi orap goýardy. Çaly gowy bolansoň käte ötüp barýanlaram: "Jemal mamaň gorküýzesinden bir çal içip geçeli" diýşip, bize sowlardylar.

– Soňky döwür-ä düýeleri sagýanam, gorküýzäni goltuklap çal tutýanam esasy Akjagülüň ejesi bolardy.

– Gelnejemem çal tutmany esasynam enemden öwrendidä. Bize düşen günleri ol-da öý işleriniň ugur-ýordumyny oňly

bilmeýän eken. Mämmet hanyň «Elini sowuk suwa urdurasy gelmän oturan ene-ataly, telim ýeňňeli, eline oňly iş ýetmedik gyzy-da. Bize gelensoň bolsa, bu işler assa-ýuwaş onuň öz başyna düşdi.

– Ýadyňdadyr eltim paýapyldan ýykylyp, bäş-alty gün ýatanda, menem birnäçe gün jardan ötüp düýe sagmaly bolupdym. Gorküýze tämizläp, gönezlik baglap, çalam basyrmaly bolupdym. Elbetde, gaýynenemem ýanymda ony eýt, muny beýt diýip öwredip durupdy.

– Gelnejemiň şol paýapyldan ýykylany meniňem gowy ýadymda. Öň jaryň üstünde daýawrak adam bolup üstüne münseň, ýaý berip ýaýkyldap duran ýaramazja paýapyl-a bardy. Gelnejemem her gün şondan geçip, seleň görlüp, ilerde saklaýan düýelerimizi sagyp gelerdi. Şol gezek geçende paýapyl çaýkanyp, leňňer atanda-da, aýagyny tersiräk basyp, gidipdir gelnejem bende agdarylyp. Özi sag-aman çykanam bolsa, süýtkädisi, topbusy gidipdir togarlanyp, suwuň ugruna. Şonda ol paýapylyň bir ýanyna ildirip, aýagynam biraz agyrdan eken.

– Ana, şol günler-dä meniňem size gelip, ilki düýe sagyp, çal tutan döwrüm – Bu gepi aýdanda Amangülüň gep saluwynda mese-mälim buýsanç duýuldy.

– Ýadymda gelnejem şol gezek bir hepdä golaý, iş-ýenekiden çekilip ýatypdy öýde. Hasam enem ol gygyryp ýykylanda, gorkandyr öýdüp, alada galypdy. Özüniňem-ä tebipçilikden başy çykman duranam däldirem welin, özünden ökde görüp, ýüregini basdyryp, dabanyna daş bilen urduryp, süýşen ýüregi ýerine getirmek üçin, Narly gamyşçynyň aýaly Gülüstan tebibi ýörite çagyryp getiripdi. Ýumurtga sarysyny göbeginden siňdirip, bilini pugta çekdirip, inliräk ýaglyk bilen aýlap daňdyrypdy – diýip, Amangülem ýüzugra öz ýadynda galan zady ýatlady.

– Gelnejemiň ýykylanyny oňaýsyz paýapyldan görüp, Orazgeldi akgam soňra şol ýerde telim gün biziň bilen iş edinip, jar üstüne pyýada köpri ýasapdy.

– Gaýynagam aýdyp ýörmese-de, keýwanyjygyny gowam

görýädi-dä – diýip, Amangül ýüzugra ýatlady.

Biz Sähetdurdy bilen çatylyp, onuň üstüne atyljak pürslük agaçlary düýä süýredip, jeňňelden çekipdik. Başyna bir barylsa, bitjegem eken. Kömekçem ýetik boldy. Özümiziňkilerden başga-da: «Bizem geçýäs-ä ondan» diýşip, töwerekdenem birnäçe eli boşraklar kömege geldiler. Şol geleňleriň birem: «Orazgeldi akgaň köpri gurýar, biz onuň bir gapdalynda durmasak bolmaz-a” diýip, ýakynsyrap, kömege gelen Ýagdy bolupdy. Şol wagt ol gününe kaýyl bolup ýören bir mysapyr oglandy. Onda-da ýöne bir obadaşam däl-de, dogan-dogandy. Ýakynsyrap, Orazgeldi akgamdanam başga ýene bir aga-inimiz barmykan diýdirýärdi. Enemi, akgamy nirede görse: “akga”, “gelneje” diýip gara gadyrdy. Bizem ony gowy görüp, oňarsak hemaýat edesimiz geler durardy.

– Ýaman-a däl ýalydy öz-ä... – diýip, Ýagdynyň şu wagtky bolşuny göze öňüne getiren Amangül onuň tarypyny göwünsizräk tassyklady.

Orazgylyç aýalynyň näme diýjek bolýanyna ýüzugra düşündi.

– Ol şura bolansoň üýtgedi.

– Ýakynlykdan üzülip, ýat boldy diýsene. Indi onuň temegi gökden doýan kürräňki ýaly, hol ýokarda. Bizi dagy tanamajak bolup, görende ýüzüni kese-kese sowupdy. Men-ä bizi sürgüniň agzyna berenem şolmukan diýýärin...

– Diňe olam däldir. Aman OGPU, Hardat kepretilçi-de bu işiň bir gyrasynda bar bolmaly. Onsoňam nä diýmänmi köneler “Adamy tanajak bolsaň, wezipe berip, synaga salyp gör ýa-da ýola ýoldaş bolup gör” diýip. Ýagdam kürsi eýelänsoň, tüýsüni üýtgedip, birhili-birhili bolaýdy-da.

Buýsançly geçmişi ýatlaşmak bularyň ikisi üçinem hut şol pursatda bir salymam bolsa, özlerini obada ýaly duýmaklaryna sebäp bolup ýakymly boldy.

Bu döwür eýýäm gijäniň bir wagty bolup, Aý özüniň syrlydan, aksowult şöhleleri bilen sürgün obasyny tutuşlygyna

gaplap alypdy. Ýakymly ýatlamalaryň şundan soň başdaky dartylan damarlary hem birneme ýumşadyp, gowşadanlygy belli boldy. Är-heleý gürrüň arasynda nähili meýmiräp ýatyp galanlaryny hem duýmadylar.

Daňdanlar at tutulyp, tark-tark gapy kakylan wagty Orazgylyçdyr Amangül süýji ukuda ýatyrdylar. Hatda olar öýleriniň gapdalynda gelip duran maşyn sesinem eşitmän gapyl galdylar. Gapy kakylansoň, onuň aňyrsyndaky hümürdiden Orazgylyç ol ýerde birnäçe adamyň barlygyny bildi.

– Aç gapyny! Daş çyk! – diýip, ýene-de sesler eşidildi.

– Häzir geýneýin!

– Tiz geýin!

“Ýatanyň üstüne turan gelmesin” diýleni bolup, Amangülem zähresi ýarylan ýaly, tisginip, syçrap ýerinden galdy.

– Waý, indi näderis?

– Aýtdym-a, meniň yzymdan gelinmegi mümkin diýip.

– Aýdaňda näme, şeýle bolaýmalymy? – diýip, Amangül nätjegini bilmän, gapdalynda ýatan börügini başyna geýip, näme etjegini bilmän elendi.

Orazgylyç geýnip durşuna jogap ýerine tabşyryk berdi:

– Bol, maňa ýanyma alara bir zatlar sal.

Amangül munuň tiz edilmelidigine düşündi. Aglap oturyşyna iýer-içer zatlaryň niredeligini ýatlap, düwünçek taýynlamaga girişdi.

Aganazar hümürdi, samyrdylary eşidip oýanan wagty näme nämeleriň bolýanyna birbada düşünmedi. Ýöne bir bolmasy işiň bolýandygyny welin syzdy. Gözüni tegeläp bir kakasynyň, bir ejesiniň ýüzüne soragly gözledi. Gapynyň öňünde keserip duranlar, hamala, otludan gijä galyp barýan ýaly ýene-de gyssandylar.

– Çyk, diýilýär-ow saňa!

Orazgylyç ýüzugra gapyň öňündäki köwşüni geýip, gyssanyp bilini guşady. Barşyna-da garaňkyň içinde özüne garaşyp sömelişip duran adamlaryň öňüne düşdi.

Toplan azygyny düwünçege düwen Amangül aýak ýalaň tasap, Orazgylyç maşyna ýetip barýarka, onuň yzyndan ýetdi. Aglap elindäki düwünçegi onuň goltugyna berdi. Orazgylyç şol barşyna göwünlik berip, oňa iki-üç gep aýtmaga ýetişdi:

– Nesip bolsa, gelerin. Siz işläň, çagalara göz-gulak bol!

Orazgylyç münen dessine maşyn silkinip ýola düşdi.

Amangül bilen Aganazar onuň yzyndan seredişip sessiz aglaşyp galdylar. Orazgylyjyň münen maşynynyň üstünde öňem obadan gapylan üç adam bar eken. Ol dördünji boldy. Ýolda töwerek assa-ýuwaşdan agaryp, giňäp ugrady. Asmanyň lagambir etekleri çowlanyp agaryp gelýän bölek-bölek meýdanlar eýeledi.

Orazgylyç delmirip, asmany gözledi. Ýöne ol ýerde häzir Aý bolsa-da onuň göresi gelen daňdanyň penje-penje, owadandan syrly ýyldyzlary ýokdy. Hamala, olary-da NKWD-çiler gelip, zor bilen öňüne salyp gidiberen ýalydy.

* * *

Atanepes ugruny tapyp, töwereginiň ýaranlary bilen Arbap-Bürgüdiň deminden sypansoň, atlanyşyp, galadan çykyp, howlukmaç yzlaryna dolanmak bilen boldular. Atlylar ilki ugranlarynda, hamala, şu baryşlaryna derýany depjäp, garşydaky Söýünalynyň ekin çetlerine aşarly görnüp, biraz ilerligine sürensoňlar, eýýäm hol, öňde açyklykdan derýanyň üsti ýalpyldap görnüp ugransoň, at başlaryny gaňtaryp, oňa ýetmän, günortalygyna aldylar. Sagda galan Marçak obasynyň üstüne, at aýaklarynyň astyndan göterilen bir toplum çal tozan tozadyp geçdiler. Oljasy oňmadyk adamlar lapykeçden keýpsizdiler hem ýadawdylar. Olar bu şowsuzlygynyň sebäbini, hamala, bir-birlerinden görýän ýaly, derýadan geçip, biraz ara açýançalar at üstünde düňrelişip, bir-birleri bilen oňly gepleşmän gitdiler. Atanepes toparyň öňi bolup barşyna, oý köwsarladyp pikirlenýärdi. Häzir onuň pikirleri arzy ýerine ýetmedik, özüni göwni galan hasap edip hossalydy. Hanumanyň üstüne depip, ony goparyp bilmän, paltasynyň daşa degenine lapykeç bolup

gynanýardy. Şeýle-de bolsa, onuň entek özüniň oýunda doly utulanlygyna ynanasy gelmeýärdi. Arym köýenden imanym köýsün edip, bir süri malyň mährinden geçse, Hanumany ýene öz ojagyndan ördürmek özüne kyn bolmajagyny, baýlyk-berimiň bitirmejek işiniň bolmajagyny inçejik tama bilen, isleg-pyglyna tolkun berip, ony Hanuma bilen ýaşan günleriniň üstüne çaýyp goýberýärdi.

Bu döwri ýatlan mahaly Hanuma ýene-de oňa kalbynyň ersgin-höweslidigini mälim edip, näzli bakyp ýylmyldap seredýär. Ine, indem ol ir ertir pallap, süýji gernip, buruljyrabrak bir gowy bolup, süýnüp-sarkyp düşekden turup gelýär... Gözünde galan bu şekilleri ýatlamagy ýene-de Atanepesiň ýüreginiň ahmyrlydan kineli urmagyna sebäp boldy. Onuň kalbynyň oduny ölçerdi. “Senjagaz heleýi, nätseňem ele salaryn. Kazylaşmaly bolsa, kazylaşaryn, ölüşmelem bolsa, men bar. Bu döwürde kellekeser gytmy, şolaryň birine on-ýigrimi mal bersem, onuň äriňiň kellesini alyp getirmeýärmi maňa... Ýeri, ol Ahmet diýen muny nädip, sowetleriň elinden alyp, Owgana aşyryp, heleý edinip ýörkän. Aňsat ele düşmeli heleý-ä däl bi. Aý, hawa-da, äriň tagamyny alyp, esrän heleý, maksadyna ýetmek üçin nämeler etmeýär? Onsoň olar ahyr bir erkegiň gujagyna özlerini atýançalar köşeşip, rahatlanyp bilýärlermi, eýsem?” Atanepes soňam onuň Owgana aşmak ýagdaýyny güman astyna alyp, ýene-de oýlandy. “Onsoňam ol diňe bu ýere Ahmede heleý bolmaga geldimikän? Telim ýyl bolşewigiň içine garylyp-gatylyp, melgun bilimini alan heleýdir özün-ä? Bu ýere onuň gelmegine başga-da bir gep bar bolaýmasyn ýene? Ol näme gep bolup bilerkän? Eger şeýle bolsa, ol irde-giçde bu täze äriniňem bagtyny ýatyrsa gerek” diýip, ýolboýy her hili oýlara berlip alasarmyk pikirleri ýöredýärdi.

Emma Atanepes bu gümanly çaklama-oýlaryň depesinde gonalga gözläp, näçe öwrüm berip aýlansa-da, Hanuma barada onuň diňe şu öz göwnüne gelen çaklamalardan başga aňyrsyna ýetip bilen zady bolmady.

Şu pursatda asuda giňişlige öwrülip oturan topragam, töwerekde duşýan öz gyýaklaryny müňlerçe gylyja öwrüp, biline dakan hyşalaram, gary eräp gutaryp barýan-a meňzeş ala-ak bulutly asmanam, yzdan gelýän ýoldaşlaram öz gybatyny edýän ýaly, oňa syrly hem syzgynly göründi.

Hanaly atyny gorgunyna sürüp, agasynyň yzy bilen gelýärdi, käte atyny debsiläp, onuň bilen jylaw deňledi. Tersleşýän ýaly bir-birleriniň üstüne büküdişip, bir zatlar hakynda janagyrly gysga-gysga gep alyşýardylar. Olaryň ses ýetimlik yzy bilen, ýaraly ýoldaşynyň tabyna görä, atlary gaty gyssaman, toparyň ikinji bölegi gelýär. Hanaly her gezek olardan habar almak üçin yzyna gaňrylyp sereden wagty, gyzyl reňkli atly ýoldaşlarynyň at üstünde ýaraly goly tarapyna gyşarybrak yzalap oturanyny, beýlekiniň oňa tarap eglip, tekge berýän ýaly hereket edýänini görýärdi. Olaryň ikisi-de gidip, Atanepesiň arkasyny alanlaryna, oňa ýoldaş bolup ýalňyşandyklary baradaky duýgulary başdan geçirip, lapykeç gürleşip gelýärdiler.

– Bu indi özi üçin eden azabymyzy ýanyşdyraýsa-ha?

– Ýanyşdyrmasa bolmaz ahbetin. Biz bir heleý diýip, kelläni orta goýup ýörüs-ä. ...Haram heleý sähel beýleräkden atan bolsa-ha, men ölüp gidibermeli ekenimem-dä...

– Aý, her kim öz işiniň bitenini bilýär-dä – diýip, gyzyl atly Atanepesiň syrnyhlygy hakda ýene-de öňki pikirinde galýanlygyny nygtama bilen aýtdy.

– Gadyrymyzy bilmese bolmaz. Biz oňa entek ýene gerekdiris. Gördüň-ä ol heleýiň arkasynda nähili adamlaryň bardygyny. Ýa ol yzymyzdan kowgy bolup ýeten topary diýjekmi?! Galadan gaýdan topar wagtynda ýetişmedik bolanlygynda, olar biziň läşimizi sererdiler. Gördüň-ä olaryň golundaky ýaragynyň nähili guratdygyny ýa-da onuň bürgüt nazarly Akynýaz baýyny diýermiň. Bürgüdiň özem oňa sala salyp dur-a! Abraýly adam bolmaga çemeli.

– Hälem ol heleýiň bagtymyza adamsy ýok eken. Ol bir emir hezretleriniň serpaýyny geýen, häzirem onuň hyzmatynda

ýören bir pylankesmiş.

– Ýatan ýaraly itiň-ä üstünden basan ekenik welin, ýöne Hudaý jan sowupdyr bizi.

– Aý, gaty sowlandyrynam öýtme. Atanepes alasamsyklygyny edip, olar bilen jedele girse utular. Akyly bolsa, tamasyny tiz üzmeli ol heleýden.

– Menem şol pikirde, dost. Özem onuň, hamala, işiniň paşmadygyny bizden görýän ýaly, eýýäm biz bilen syrty bilen gürleşýär. Inisine: “Agaňy sakla, zeleliň ýaryndan gaýtmagam bir peýda” diýip aýtsak näderkä?

– Aý, ol aňsat inisiniňem gepini alga almasa gerek.

– Onuň diýenini etmese, onda men bu dawaň töwereginde ýok. Boýum bilen deň gyzyl berýänem bolsa, indi men onuň töwereginde ýok.

Atlylar Guşgy derýasy ýaýraw ýasap, öňlerini kesen wagty olar at başyny çekdiler. Atlary salara amatly iniş-güzer gözleşip, töwereklerine garanjaklaşdylar. Şonda olar öňden barýan Atanepesdir onuň inisiniň özlerinden beýleräkden az suwly derýany kesip geçip, garşy kenara ýetip barýandyklaryny gördüler. Derýanyň ýazda mesip akýan wagty ýalap akýan giňiş olumynyň ileri etegini tutup oturan olaryň barmaly ýeri Turgundy obasydy.

Atenepes derýadan geçensoň, aňyrlygyna yzyny gözlemän gidibererli görünse-de, ol beýtmedi, at başyny çekip, yzdan gelýänleriňem gelip ýeterine garaşarly göründi. Dynç almazdan geçilen agyr ýol, has beteri-de başa barmadyk, Hanumany alyp gaýtmak üçin edilen şowsuz, garaşylmadyk masgaraçylykly synanyşyk bilen bagly kemsindiriji pikirler, ýol azabam munuň üstüne urna bolup, ony halys lejikdirip ýadadypdy. Ol diňe häzir Turgundyny alkymlap gelenden soň, onuň öňki pikirleri indi tizräk öýe ýetmek, bir tüňçe ajy gök çaýy aýalyna çäýnege-de guýdurman, şol duran ýerinde çaý atdyryp, ojak başynda ýalyn ysy bilen ony öň almak, şol çaýdan dodagyny ýakyp, hezil edip içmek höwesine öwrülipdi.

Iki-ýeke gep alşyp, yzdan gelýänler özlerine garaşylýanyny görüp, debsiläp atlaryny gyssadylar.

– Olar bize garaşýan ýaly-la, howlugaly!

– Işi oňmansoň, öýüne ýeke barmaga ýüzi ýokdur.

– Aý näme öýde onuň heleýi üstüne heleý getirilmegine sabyrsyzlyk bilen garaşýandyr öýdýärmiň?

– Aý, onam diýme, öň iki-üç bolup, bir äriň gujagyny bölüşmäge endik eden heleýiň beýle durmuşyň gaýtalanmagyny-da isleýän bolmagy mümkin. Bilip bolýarmy näme bulary?

– Işanguly dilewaryň aýaly ölen bir obadaşyna diýenini eşitdiňmi sen?

– Aý, ýok ýakyndamy?

– Ol aýalynyň patasyny alyp oturan bendäniň ýanyna baryp: «Haý, jora, senem men ýaly iki heleý alsaň bolmaýarmy, meniňkiňem biri öldi, birem bolsa bar» diýip, gaýta o bendäniň oduny ölçerýämiş.

– Ol diýer, Işanguly dilewar-a ol...

Ýoldaşlary yzyndan ýetenden Atanepes at başyny ýene oba tarap öwrüp, inisine tabşyryk berdi:

– Sen ýaralyny häzir öýüne gondurman, göni tebibiňkä äkit! Tebibe-de aýt meniň adymdan, em-beýleki edip ugruna seretsin, aklygyny soň özüm bererin onuň – diýibem tabşyrdy.

Turgundy obasy Pendi baýyrlarynyň bir goly bolup, ol onuň Owgan topragyna tarap uzan ýerindäki ýanyn ýatan ýapgyt gerişleriň ýüzünde oturan obady.

Köçe boýlaryndaky jaýlaryň, howly derwezeleriniň öňünde erkek kişiler çommalyşyp, otyrýerleri bilen ýer sürpäp, gürleşip otyrdylar. Olaryň köpüsi-de sowetlerden gaçyp geçen Türkmenistanyň adamlarydy. Öte pişesizlikden olar her gün şeýdip geçeniň nazar bilen habaryny alyp, näden ne bolarkan diýşip oturýardylar.

Atanepesiň bulara: «Haý, baýyň-a oljasy oňmandyr-ow» diýdiresi gelmedi. Syr bermezlik üçin, atyny debsiläp, ýörgün berip, başyny dik tutmaga çalyşdy. Şu pursatda ol bir salym özüni

töwerege mynasybetli görkezmäge çalşyp, yzynda ýoldaşlarynyň barlygyny hem unutdy. Atanepes howlusynyň öňüne gelip, at başyny çeken mahaly gazygyna gelenini duýan at yzly-yzyna öz haly bilen bolman, howludan girmäge howlugyp hokrandy. Onuň howlynyň iç ýüzünde at ýatakda sagrysyny sümmezekledip duran baýtalçanyň ysyny alanlygy belli boldy. Başyny göterip, dyzanyp kişňedi. Bu zenan jynsyna bolan hyjuw-höwes haýwan-ynsany öz gününe goýmaýan borly.

Atanepes atyň baýtaly görüp, öz haly bilen bolman, çäkden-çenden mesip boluberşini görüp, eger Hanumany getiren bolanlygynda özüne-de şeýle bagtyň miýesser edäýmeginiň mümkin ekenligini ýatlap kemsindi. Ýoldan gelen atyň bada-bat eýerini aýryp, deri gaýdaryna goýmalydygyny bilse-de, ony öz gazygyna äkitmän, orta ýolda ýalaňaçlap, baýtalyň duran gabawyna goýberdi.

– Bar, sen bir hezil et! – diýibem, onuň yzynda samrady.

* * *

Güýzüň ortalaryna Owgandaky türkmen atlylarynyň bir topary Jüneýit hanyň çakylygy bilen ýene-de Buhara emiriniň ýumşuny gitmek üçin, Hyrat eteginde toplandy. Hanyň bu ýerdäki adybir ildeşleriniň soňraky bähbidi üçin ýene-de bir maksatly işiň ugruna çykanlygy belli boldy. Öňem onuň wagtal-wagtal şu öwredäki ildeşlerini gereklän, toplap alýan wagtlary bolardy. Emir Nedir hanyň soramagy bilen ýurduň günortasynda dörän pitnäni basyp ýatyrmaga gatnaşyp, topar ýaňyrak dolanyp gelipdi. Türkmen atlylarynyň öňde goýlan wezipäni gaýdywsyzlyk bilen hereket edip, az sanly ýitgi bilen ýerine ýetirendikleri üçin, emir Nedir han: «Bu ýurtda siziň bolanyňyz ýagşy» diýip, türkmenlere taryp, mynasybet beripdi. Bu döwürde Buhara emiri baýlygyny böldürip ýakyn-ýaranlaryny aldyryp, öz häkimliginiň kyn günlerini başdan geçýärdi. Emir uly goşun güýjüniň eýesi bolan Ibraýym begiň sowet goşunlary bilen Wahş derýasynyň boýunda

bolan çaknyşyklaryň birinde duşmana ýesir düşüp, özüniň uly bir serkerde ýaranyndan jyda düşüpdi. Ibraýym begi sowetler öz jansyzlarynyň kömegi bilen hile gurup, daşynyň çolarmagyndan peýdalanyp, ol gaýykda derýadan geçip barýarka, ony ýesir alyp, dessine-de Orusýete alyp gidipdiler. Onuň ele salnanyny eşidip, emir Seýit Alym han şonda «Bir golum sogrulan ýaly boldy» diýip ahmyr edipdi. Has-da ony öz adamlarynyň arasynda, büdrärine garaşyp, aňtap pälini azdyryp ýören sowete işleýän adamlaryň barlygy, onuň töweregine bolan müňkürliginiň artmagyna sebäp bolup, ony eýmendiripdi. Şundan soňra emiriň öz adamlaryna müňkürlik etmegi onuň Jüneýit han bilen gatnaşygynyň has ýakynlaşmagyna sebäp bolupdy. Bu gezegem Buhara emiri ýakynda elden gideren şol baýlygyny Jüneýdiň atlylary bilen bilelikde hereket edende gaýtaryp alyp biljegine tama edipdi.

Orta Aziýada indi bireýýämden bäri musulman dininiň merkezi hasap edilip gelinýänligi bilen Buhara bu döwürde aýratyn mertebe-mynasybetlikden peýdalanýardy. Bu bolsa onuň asyrlar dowamynda hasam güýçlenmegine, ummasyz baýlyk bilen özüni tutmagyna, diýseň deprenmez güýçli döwlet bolmagyna sebäp bolupdy. Buhara emirleri dini taglymatlary sepsiz yhlas bilen ulanmagy başarsalar, onuň goşun güýjünden has uly güýçdügine, ol güýjüň dosty-duşmany: “Dünýäde Buhara bar” diýip durar ýaly etjegine bireýýäm göz ýetiripdiler. Şeýdibem, ol ylym-bilime has uly üns berýän, köp sanly metjit-medreseli merkezine öwrülipdi. Orta Aziýanyň uly biliminiň eýesi bolmak bilen dünýä ünsüni özüne çekmegi başarypdy. Bu medeniýeti medreselerde Nagyşbendi, Nyýazguly halypa ýaly, musulman dinini jelegaýda has baý many-mazmuna eýe eden şahslar döräpdiler. Şol döwürlerde diňe bir özbek, täjik, türkmen, gyrgyz, gazak milletleriniň wekilleri däl, Buhara medreselerinde Tatarystan, Başgyrtdan, Kawkaz, Owgandan, Eýrandan, hatda Hytaý töweregindenem bilime suwsap gelen adamlaryň hem okap-bilim alyp, ahun çykan ýerleri bolupdy. Musulmançylygy kabul eden jöhit maşgalalarynyň göçürilip, Buhara getirilmegi Buharanyň

taryhynyň bir öwrüminde jöhitleriň köpçülikleýin göçürilip getirilip, musulmançylyga ýykylansoň, olaryň öňdengörüjilikli başarnyk-paýhas bilen alyp baran işleri Buharanyň ösmeginde uly rol oýnapdyrlar. Ol döwür barada taryhçylar: “Jöhitleriň bu ýere göçürilip getirilmegi soňra Buharanyň elli-altmyş ýyldan ýurduň jöhitlerçe pikir edip, jöhitlerçe ýöredilmegine sebäp boldy” diýipdiler. Bu döwür Buharanyň daş-töweregini öz ylym-bilimi bilen Gün bolup çoýýan döwri bolupdyr. Buhara Orta Aziýada gelim-gidimli açyk ýeke-täk belli şähere, köp gowulyklaryň dogup-batýan ýerine öwrülipdir. Şol döwürler Buharada söwdanyňam barha giň gerim alyp haýyr-bereketiniň artýan döwri bolupdyr. Buhara kerwenleriniň haryt ýüklenip, Hytaý-Hindi, Eýran-Arap, Kawkaz-Oruset diýip, ýitip-ýitip gidýän, ýelden-ykdan ýüklenip gelýän, Buharada haryt bolçulygynyň dörän döwri bolupdyr.

Il içindäki «Mugt Buharda ýok» diýen gürrüň hem hut şol döwürde bu bolçulyk bilen baglylykda döräpdi. Mugt Buharada ýok diýilmegi bu gep mundan sähel eliňi kaksaň, aňsat eklenip bolýanlygyny, zadyň aňyrsy bol bolup, bahalaryň mugta ýakynlygy göz öňüne tutulyp aýdylan gep bolupdyr. Buharanyň dini taglymatlaryň üsti bilen mertebelenip, beglenip oturanyny görüp, töwerekden onuň bilen bäsdeşlik edýän hanlyklaram az bolmandyr. Olaryň ilkinjisi Hywa hanlygy bolupdyr. Hywa hanlary Buharanyň abraýynyň, baýlygynyň bolmagyny özünde isläp, uly-uly metjit-medreseler gurduryp, oňa Buharadan düýp bolup oturan abraý-keramatly din wekillerini çagyryp ugrapdyr. Yrsarap, ýer-suw üstünde Buhara baýlygyna göz gyzdyryp, onuň bilen ganly göreşler alyp barypdyr.

Buhara bu döwürde ýitiren zady az bolmasa-da, oňa barybir XIX asyra çenli öz many-mazmunyny Orta Aziýada diniň ýeke-täk merkezi bolmagyny saklamagy, ummasyz baýlygyň eýesi bolmagy başarypdy. Buhara emiri ýene-de asyrlar boýy ýygnalan uly baýlygyň eýesi bolmagynda galypdyr.

Buhara baýlygynyň hasaby näçe gizlin saklanýan-da bolsa diňe bir töwerekdäki hanlyklar däl, ondan iňlisdir orus, germandyr

türk, owgan döwletleri-de ýeterlik derejede habarlydylar. Wagtynda ak patyşa hem Buharany golastyna (1868-nji ýylda) geçirensoň, onuň baýlygyndan uly höwes bilen opuryp alypdy.

Emma ýurt başyna bolşewikler gelensoň, olar hele-hüle zat bilen kanagatlanmandylar. Bu meselä hut W.I.Leniniň gönüden-göni özi gatylypdy. Ol özüniň ynamdar komissarlaryny Buhara emiriniň üstüne ýollap, baýlygyny bölüşse, oňa mümkin bolan garaşygyň ediljegini, berlen baýlygyň sowetlere gerek wagty berlen ýardam hökmünde kabul edilip, gadyr bilinjekdigini, ýogsam güýç bilen «Halky ezip gazanylan baýlyk» hökmünde ählisiniň elinden gaňrylyp alynjakdygyny aýdypdylar.

Buhara emiri Leniniň üsti bilen edilen bu hüjüme tabyn bolsa, özüniň döwlet başynda galýanyny pikir edip: «Döwlet başynda bolsam, baýlygyň özi ýene meniň elime geler... Hazynamyň üstüni dolaryn» diýip ham-hyýal bolupdy.

Komissarlar bu baýlygyň uly bir bölegini şol günler eşelonlap kowalap hezil edip, Orusýete äkidipdiler. Gelşine-de ony ýüzugra eşelony bilen daşary ýurtlara geçirip, ummasyz baýlygy goşunynyň güýç-kuwwatyny artdyrmak üçin, uçarlary, bronopoýezdleri, tank-ýaraglary satyn alyp, hasam gurplanypdylar. Daşary ýurtlar, sowet döwletiniň özlerine ýagy bolup döräp, berkäp gelýänini görüp, oňa kämil ýaraglar sataslary gelmese-de, altyn puluň öňünde welin durup bilmändiler. Şol döwürde sowetler bilen, ýarag satýan döwletleriň arasyndaky geleşikleri gurnaýan araçy Parus Wladimir Lenine «Bular ýokary hilli Buhara altynlaryny görüp, ýaraglaryny kime satýanlaryny hem unutdylar...» diýip, oňa habar beripdir.

...Buhara emiri berip bilen zadyny bolşewiklere berip, şonda birbada başyny satyn alan hem bolsa, ol bu päldäki maksatly sowet hökümetiň özüni uzak goýmajagyna soňra düşünipdi. Olam öz gezeginde ara düşen bu ýagdaýdan peýdalanyp, baýlygyny ýurtdan alyp çykmak bilen bolupdy. Şeýdibem uzak bolmadyk wagtyň içinde oňa 300 düýe altyndyr-ýeneki gymmat baha zatlaryny Owganystana aşyrmak başardypdy. Şondan soň

depegenden daşrak edip, emiriň özem Buharany taşlap, Owgana aşypdy. Indem ol baýlygyny öz gonalgasyndan uzak bolmadyk, belli bir döwürlerde Buhara emirligine tabynlykda bolan, islän wagty goly ýeter ýaly ýerlerde bilniksizden saklamaga çalyşýardy. Ony talaňa düşürmän, öz geregi üçin tygşytlydan tutanýerli ulanmaga jan edýärdi. Oturan ýeriniň ýat ýurtdugyny göz öňünde tutup, sähel öňküsi ýaly hökmürowanlyk ediberse, ýerli halkyň özüne: "Tur, gal, git nirä gitseň şoňa!" diýjegini hasapda tutup, ýat itiň guýrugy ýamzynda edip, ýaşamaga synanyşýardy. Öz baýlygynyň ujundan iňlise-de, Owgan döwletiniň eýelerine-de başyny aman saklamak üçin hak baryny berip gelýärdi. Ýöne aňyrsy bol bolansoň, emir baýlygy entegem ýeterlikdi. «Zadyň zat bolanda hyrydaryň set bolar» diýleni bolup, emiriň töwereginde oňa ýaran bolup ýörenleriň hem arasynda bu baýlyga göz gyzdyrýanlar, oňa eýelik edip, hasam özüni tutup beglenesi gelýänlerem az däldi. Ýöne emir henizem owgan hökümetinden, iňlisdir türklerden arka tapynyp, öz hökümdarlygynyň belli bir bölegini mertebelenmek bilen özünde saklamagy başarýardy. Entegem onuň hökmürowanlygy baýlygynyň üstünden öňki hörpünde dowam edýärdi.

Emiriň baýlygynyň uly bölegi öňki Ybraýym begiň soraýan ýerlerinde goragda saklanylýardy.

Sowet güýçleriniň enter-pelegini aýlap, özüni olara emirden hem howply ýagy hökmünde tanadan Ibraýym beg gapylansoň, emiriň ol ýerlerdäki hazynasy onuň kiçi serdarlarynyň eline galmasy bolupdy. Ýöne Ibraýym begiň ýerini eýelän Faýzyl Magsym kurbaşynyň emiriň öz eline düşen baýlygyny oňa gaýdyp beresi gelmändi. Ol bada-bat Owgan topragynda para-peşgeşi bilen, iňlisdir owgan begleriniň göwnüni tapyp, Buhara emirinden aýrylykda öz hanlygyny döretmegiň ugruna çykypdy. Buhara emiriniň baýlygyny indem ol islegini görä, tarhanlyk bilen öz bähbitlerine harçlaýardy.

Şeýdibem, bu soňky döwürde emir baýlygynyň talaňa düşüp, "Kör iýip, köse gägirdi" diýleni bolupdy. Emiriň özi öz güýçleri

bilen nätse-de oňa Faýzyl Mahmyt kurbaşynyň urdumşalygynyň öňüni almak başartmandy. Ahyram bu ol arzyny aýdyp, kömek sorap, iňlislere, Owgan hökümetine, Jüneýit hana, arkasyny aldyrmak üçin, kömek sorap ýüz tutmaga mejbur bolupdy. Elbetde, emir Seýit Alym hanyň bu haýyşyny kim alga almasa-da, indi köpden bäri onuň bilen maksat tutup, bir degirmene suwuny guýýan Jüneýit han seslenmän biljek däldi.

...1916-njy ýylda (soňra bu ýyla "Galkin ýyly" diýen at galýar) Hywa ýomutlary ak patyşanyň sütem-salgydyna garşy baş göterýärler. Bu göreş üçin soňra general Galkin halky agyr gyrgynçylyga berýär. Ondan Jüneýit han ýaly iki-ýeke serdarlara gaçyp sypmak başardýar. Buhara emiri bilen Jüneýit hanyň gatnaşygy hem şu hut şu döwürden başlanýar.

* * *

Atanepes Hanuma özüni ýarag bilen garşylan bolsa-da ondan düwnäsini üzesi gelmedi. Hanumanyň öňküsinden has ýetilip, süňňi suwlanyp görmegeýleşen keşbi onuň göz öňünden gitmedi. Ozal-da görmegeýsiz bolmadyk Hanumanyň beýdip peri-peýlere öwrülip gelmegi oňa: "Döwletliniň maly yzyna gaýdyp geler" diýen pähimi ýatladyp, tamalandyryp hasam ekezlendirdi.

Maksada ýetmek üçin dek ýatman, bu ugurdan hereket etmelidigini pikir edip, özüni her hili oý-köýlere salyp gördi, ýöne nähili hereket etjegine welin barybir birbada aýgyt edip bilmedi.

"Olaryň öňünden geçere ýagdaýjygym bolsa bar. Para-peşgeşiň bolsa iş bitirmeýän wagty barmy? Nany ýeňsesinden iýmeýän bolsa, her kimem hökman aljakdan-u gazanjakdan. Alsyn alsa, iş bitiren ýeri bolýar" diýip, ol baýlygyna masaýynma bilen ölçerip döküýärdi.

Şol bir wagtda hem ol ikinji gezekde bady gaýtmaz ýaly indi bu meselä has oýlanyşykly çemeleşmäge çalyşýardy. Goşun aňtawçylarynyň duşmany öwrenişi ýaly, ol hem öz garşydaşlaryny hemme taraplaýyn öwrenýärdi. Öň Ahmedi tanamasa-da,

Hanumanyň ugruna çykaly bäri ol barada ýolda-da, galada-da az eşitmändi. Hatda Bürgüdem ol barada hederli, mertebeli gepläpdi. Ahmediň ileri ýüzden gaçyp gelýän adaty bendelerden däldigini bolsa ol onuň howlusyny görende hem aňypdy. Onda-da müňlerçe adamlaryň häzirki sowetlerden gaçyp gelýän, Owganda ýer-jaýyňam bahasynyň barha galýan mahalynda, baryň ýa-da zoruň bolmasa, beýle howluda ýaşamak mümkin däldi.

Beýle howlularda adaty hatyra-hökümli beg-töreler, özüne göwni ýetýän barjamly adamlar ýaşaýardylar.

Ýöne bu meselede ony has eýmendirýän zat asla bularam däldi-de, Ahmediň Jüneýit han ýaly ýurt derejesindäki mertebeli adamyň hyzmat-hasabyndaky atlylaryň biri bolup ýörmegidi. Bu ýerde wepaly esgeriniň bähbidini arap, onuň hem dawanyň arasyna düşäýmegi gaty ahmaldy. Hany onsoň Owgan emiriniň tarhanlyk hatyny berip mertebelän adamsynyň garşysyna durup bilseň dur-da, onda-da bu Hyrat jelegaýynda...

Ýöne ýene-de birsalymdan onuň Hanumadan el üzesiniň gelmeýänligi belli bolup, oňa bolan arzuw-höwesi täzeden möwç alardy. Nädibem bolsa ony şaňňyrdadyp gaýtadan törüne geçirmegiň höwesine berilýärdi.

Şol günleriň birinde ol obadaşy Nurberdi eşegiň nobatdaky galtamançylyk saparyndan gaýdyp gelenini eşitdi. Nurberdi eşegiň ol anyk Jüneýit hanyň öz adamlarynyň arasynda bolmasa-da, mahal-mahal ýitip gidip, onuň töweregindäki hana tutunan toparlaryň birinde atly bolup ýörenliginde habarlydy.

Onuň Ahmet bilen bileräk hereket edýänleriň biridigi, hatda onuň bilen belli bir derejede tirkeşýänligini bolsa ol ýaňyrak eşidipdi.

Atanepes özüniň Ahmet bilen irde-giçde çaknyşmaly boljagyny biraz eýmenmek bilen pikir edip, Ahmedi öwrenmek bilen küýlenip, onuň merkini bermegiň ýollaryny gözläp gezýärdi. Şonuň üçinem ol Nurberdi eşegiň eşeklemesiniň barlygyny bilse-de, bu meselede özüne peýdaly ýaran bolup biljek adamdygyny çen etdi.

Onuň üsti bilen nämeler edip boljagyny pikirinde aýlady. Çaknyşmaly bolaýan-da hem onuň öz rysgalyny möjek ýaly gidip, tapan ýerinden çapyp galtamançylyk bilen gazanyp ýören adamyň bahasyny ýetirse, hiç zatdan gaýtmajagyna ynandy. Beýle adamlaryň köplenç: “Altyn görse, Hydyr azar” diýilýänlerden bolup, olaryň ýeňillik bilen akyl-huşuň tabynlygyndan gidip, altyn-puluň tabynlygyna dolýanlaryny ol gowy bilýärdi. Şonuň üçinem hut Nurberdi eşegiň şol Ahmediň garşysyna goýmak üçin özüne gerekli adamdygy baradaky pikir ony barha imrindirdi. Nurberdiniň ýakyn günlerde ýene-de bir ýerlere çakylyk alyp, sapara gidýänligini eşidibem ony bir gün ýörite adam ýollap, ýanyna çagyrtdy.

Nurberdi «Men Atanepese näme üçin gerek boldumkam?» diýip, onuňka bararman bolup geýnip durka iňkise gidip oýlandy. Ol çen alaýyn diýse, obada bolmanlygy üçin, bu ýerde soňky bolup-geçen zatlaryň köpüsinden entek habarsyzdy. Heniz aýaly-da oňa aýdaýmaly zatlary doly aýdyp ýetişmändi. Ol adamsynyň gelenini görüp: «Çöl kakasy gelipdir!» diýip, dylmyldap, öňünden ylgaşlap baryp, atyny tutaly bäri, duşman-duşman duşan är-heleý islenilip, ýetilen mylakatly gatnaşyklara berlip, gaýtarmadan gelen gelnine gowşan ýaly onuň bilen göçgünliden lezzetli, bir halda gezýärdi. Küýselip birek-birege ýetilensoň dagyn wagty bilen gürrüňe-ýenekä nobat ýetýärmi, eýsem?

Şeýdibem başga zatlara el ýetmän, hatda ediläýmeli gürrüňlerem soňa goýlupdy.

“Bu zaluwat meni aňsat ol gapysyndan sekdirýän däldir welin, bu nämäniň alamaty boldugykan? Ýa-da bu “Bir sebäbi bolmasa, guýruk munda nä ýatyr?» diýilýänimikan?” diýip, öwrenijilik bilen, ol ýerde haýsydyr bir gapanyň gurulgy bolmagynyň mümkinligini oý edip ysyrgandy.

Adamsynyň ädigini süpürip alyp berip duran aýal Atanepesiň çakylygyny eşidip, onuň iňkise gidenini gören mahaly nämedir bir zatlary ýadyna düşürip, gep haltasynyň ýene bogdagyny çözdi. Atanepes bilen ýaňy-ýakynda bolan, gybat bolup ile dolan

ýagdaýy ýatlap: “Belki, ol şu meselede bir zatlar sorajakdyr?” diýip çen etdi.

Soňam oňa Atanepesiň ýakynda öň Maryda mährinden geçip taşlap gaýdan aýalynyň Owgana bir ýol bilen aşyp, ýaşap ýörenini eşidip, oňa eýe çykyp gidişini, iş bitirip bilmänem masgara bolup gelşini aýdyşdyrdy. «Onuň syrty häzir awuşabam durandyr» diýip, ol heleý häsiýetine görä Atanepesiň düşen halyny ýaňsylabam goýberdi.

Nurberdi eşek guşagyny guşanyp, çakylyga şaýlanyp durşuna nämedir bir zatlary ýadyna salyp, wakanyň soňy bilen gyzyklandy.

– Ol nähili beýle bolup bilýärkän?

– Bilmedim. Tapdy özün-ä bir ýerden.

– Nireden?

– Marçakdanmyşyn özün-ä?

– Marçakdan? – diýip, Nurberdi nämäniň nämeligine göz ýetirip, birden galagoplandy. Sebäbi birki aýlykda ol öz onbaşylary Ahmediň Hanuma atly bir akmapraç gowy gelne öýlenenligini, özüniňem birki ýoldaşy bilen şol toýda bolanyny, aýalyna är-heleý bolnup bir süýjeşip otyrkalar gürrüň beripdi.

Aýalynyň bu gepinden soň şol aýdany güpbe onuň ýadyna düşüp, onuň süňňi sarsyp gitdi. Şol bada-da, hamala, muny Ahmet bilip barýan ýaly eýmenmek bilen, bir pursat dili tutuldy. Aýalyna gazaplydan talaply seretdi.

– Ýeri, ol nireden bilip ýör ol heleýiň Owgana gelenini?! – diýen wagty onuň sesi hemleli çykdy.

Nurberdi eşegiň aýaly gönüsinden gelmese, äri boýun aldyrjak bolup, özüni öldir ýaly ýenjer öýtdümi nämemi, ol bu gepiň özünden syzanyny bada boýun aldy:

– Senden eşidenimi ...Taýlyň aýalyna aýdaýmanmy, o-da agzy gowşak bir heleý eken, ýene bir ýerde aýdaýypdyr, birem ýene birine, şeýdibem ol Atanepes baýyňam gulagyna ilen bolmaly...

– Hümm... iş-ä sen gören ekeniň, heleý!

– Ol kemçin agzyboş heleý eken-dä... Atanepes Marçaga ugramanka onuň heleýi anygyny bilmek üçin meniň ýanyma gelipdi. «Nirdemiş ol kemçin güni heleý?» diýen wagty men seniň aýdan maşgalaňyň onuň öňki heleýidigini bilip galdym. Menem oňa ol barada senden eşidenimi aýtdym.

– Näme diýdiň.

– Ol heleý ho, gaýraky Marçakdamyş diýdim.

Aýalynyň gepine jany gury ýanan Nurberdi şundan soň başyna geýmek üçin, elinde syntgap, seresaplyk bilen telpegini gowulap durşuna gazaby gaýnap, onuň bilen aýalynyň ýüzüne kese urdy. Uranynam az görüp, soňra gamçysyny alybam käýinip, ony ýüzugra kak-sok etdi.

– Indi yzynda kim durjak bu gepiň? – diýip, Ahmedi duşman gazananlygyny göz ýetirip howpurgandy. Indi bu beladan nädibem baş alyp çykmalydygyny pikir edibem lapykeç bolup kösendi. Heleýiniň ýanynda Hanuma barada aýdanyna puşman edip ökündi. Emma aýdylmaly däl gep eýýäm aýdylyp, boljak işem bolup, boýasy synypdy. Indi eliňi poha batyraýanyňy boýun alyp, soňy näme bolsa, şol bolsun edip, ýagdaýa-ýorduma görä hereket edibermekden başga alaç galmandy.

Hanumanyň töweregini içgin öwrenmegiň ugruna çykan Atanepes Nurberdi eşegi açyk ýüz bilen garşylady. Oňa törden orun görkezip, öňünde saçak ýazdy. Baý öýüniň guratlygy badabat Nurberdi eşegiň ünsüni özüne çekdi. Atanepesiň barjamly baýlygyna gözi gitdi.

Giňiş myhman otagyň içi gat-gat türkmen halylary bilen birsyrdygyn basyrylypdyr. Jaýyň töründe üstüne gatbarlanyp, ýorgan düşek galdyrylan iki sandyk goşalanyp dur.

Nurberdi eşek Owgana aşan barly adamlaryň ençemesiniň bu ýerde sanlyja ýylda elde baryny saklamagy, ýerinde ulanmagy başarman, tozup gidenini köp görüpdi. Atanepesem şol az sanly, Owganda hem belli bir derejede öz tabyny saklap, aýak üstünde durmagy başaranlaryň biridi.

Ýaňyrak soýlan işşek goýnuň mylhyrap bişen bagyr-böwregi ýenisinden taýynlanan börtme şor suwy ýakymly ys ýaýradyp, öňe gelensoň, Atanepesdir Nurberdi eşegiň arasyndaky öňki sorag-jogaba meňzeş, degdim-gaçdymrak gürrüňleriň alşyp, özboluşly akaba tutup ugranlygy belli boldy.

Hyzmat edip daşda-içde bolup ýören inisiniň gelip, ojagyň oduny ölçerip, oňa iki sany simi hem keserdip sokup gidensoň, olar naharyň gapdaly bilen bir baş, iki baş Owgan tirýeginden tüsse alşyp, gürrüňe hasam gyzyşdylar. Ikisi iki ýerden şundan soň kelle degrişip, boldular bir gadyrdandan gadyrdan aga ini.

Nurberdi eşek maňlaýynyň şor derini, gaýta-gaýta aýasy bilen syryp, geýimine çolaşan ýaly bolup oturyşyna göçüp: “Geç!” diýilmänkä öz-özünden özi goşa goşulyp duran boldy. Atanepese-de aslynda geregi şoldy.

Nurberdi ilki özüniň ýene-de birki sany ýoldaşy bilen Marçakda öz ýöriş onbegileri bilen Ahmediň nika toýunda bolanlygyny ýatlady. Toýda Hanumany görüp: “Ahmet zaňňar heleýä tapan eken-ow, bir şunuň ýumrusyny ýassanyp ýatsadyň...” diýip, oňa gözüniň gidenligini, soňra gürrüňine öwrüm berip aýtdy.

– Men, Nepes kaka, onuň seniň aýalyňdygyny şol wagt bilmändirin, ýogsam bada-bat ol nika garşy çykardym – diýip, ol göwün görüjilikli äheňde, öz gaýratyna biraz mahabat berme bilen, gürrüňdeşiniň gulagyna ýakymly gep aýtmaga çalşyp gürledi. Onuň şu pursatda özüniň Ahmede garşy durup, agzyndaky lukmany onuň äňini ýazdyryp alyp biljegine ynandyrmaga çalşyp gürleýänligi duýuldy.

Atanepese-de geregi şeýle adamdy. Ol hödür-keremiň gapdaly bilen onuň gepine gop berip, barha ileri sürdi.

– Sen Ahmediniňem, bu işiňem aňyrsyna ýetik ekeniň, batyr.

– Baý, seniňki dogry. Arym köýenden imanym köýsün edýäň, erkek! Öz gerekli zadyň aždarhaň agzynda bolsa-da al diýilmänmi näme? Ýagy kiçi däl, ýöne aždarha-da däl. Ýeňil düşmez, elbetde. Birneme gaşanmaly, eliňi açmaly bolarsyň. Ony

etmeseň bolmaz. Seniň isleýşiň ýaly bolmaz. Garşydaşyň pikir edişiňden güýçli, arkaly adam. Ýöne berim-baýlygyň bitirmeýän işi barmy?

Ine-de ol sözi şu ýere ýetende öň ýanynda howp-hatar duýan at ýaly kürtdürip, birden saklandy.

Atanepesem bu pursatda Nurberdini diňläp, ony öwüsdirip, öwrenip oturyşyna ol gerek bolanda garşydaşynyň merkini bermek üçin, haýsy daşy saýlap saljagy barada oý edýäne meňzedi. Nurberdiniň bu gep saluwyndan onuň sylag, serpaýymy ýetirseň bu işiň ugruna özüm çykyp bitireýin, başga gözleseňem, meniň ýalyny tapmarsyň diýýäne-de çalym edýärdi. Atanepesiňem bol saçak ýazyp, Nurberdi eşekden bilesi gelýänem hut şeýle zatlardy. Ol öňem Nurberdiniň eşek lakamyny ýöne ýerden almangyny, öz bähbidi üçin onuň hiç pohdan gaýtmajagyny gowy bilýärdi. Hiç pohdan gaýtmajagyny pikir edýänligi üçin, onuň öňünde saçagyny giňden ýazypdy. Şeýle-de Atanepes bu işi her ýetene boýun almagyň ýeňil däldigini, her ýeteniň bu töwekgelçiligi edip bilmejegini gowy bilýärdi. Onuň aňyrsyndan at aýaklarynyň dükürdisi, ýaraglaryň şakyrdysy, gan ysy gelýärdi.

Şonuň üçinem bu işe Nurberdi eşek ýaly gap diýleni gapyp, çap diýleni çapyp ýören, baýlyk-bähbit üçin gerek bolsa, enesiniň emjegini kesip getirip biljek ýerinden gelme adam hökmandy.

Atanepesiň Nurberdiniň gep saluwyndan jäht tutup, onuň hut özüne gerek adamyň oturanlygyna ynanasy geldi.

Nurberdi eşegiň Hanuma bilen baglap, Ahmet baradaky berýän gürrüňleriniň aňyrsynda howp-hataryň duýluşy ýaly, onuň gönüläp, bu işi boýnuna alarly bolsa-da, nämedir bir zatdan çekinip, şol bir wagtda hem nämüçindir bähbit arapmy, onuň wada-lebziň töwereginden aýlanybrak ötýänligi duýdurýardy.

Ýöne Nurberdi eşegiň gürrüňlerinden onuň töweregindäki howp-hataryň kiçi-girim däldigine Atanepes göz ýetirse-de, barybir onuň Hanumanyň mährinde geçesi gelmedi. Nädibem bolsa ýene-de ony owsundyryp, öz gujagyna saljagyna inçejik tama bilen ynandy. Bu bolsa onuň töwekgelçilik edip, erjellik

bilen maksadynyň yzyndan galmazlygyna sebäp bolýardy. Şonuň üçinem ol diýenini gögertmek üçin, baýlyk seçmäge-de, nähili yrkygatly ýollar bolsa-da, ondan ýöremäge taýyndy.

Atanepesiň gyzygynda kişnäp duran ýene-de bir syratly gamyşgulak aty bardy. Atanepes indi Hanuma ýetmek üçin hatda şol atyndan geçmäge-de taýyndy.

Bu at biraz mundan ozal Ahaldan gaçyp, özüni Owgana atan maşgalanyň orlup-gapylyp gallaç galansoň, alaçsyz iki çuwal dänä çalşan üç ýaşar atydy. Atyndan aýrylyşasy gelmedik ýigit ony Atanepese beren mahaly: "...Biraz özümi tutaýyň onsoň ýene muny senden bahasyny ýetirip, satyn alaryn, mümkin bolsa, hiç kime satmagyn, satsaňam ýada däl-de, öz türkmenimiziň birine satgyn kesekä rowa görer ýaly at däldir bu!» diýip, özelenip-özelenip sargap gidipdi. Atanepes ýaňydan bäri iş bitirene hut şol aty bermegi niýet edinýärdi.

Bu aty ol gazygyna daňanda görüp, oňa hyrydar bolanlaryň biri-de Nurberdi boldy.

Atanepes ony gowy görşi ýaly-da, hamala, çapyşyga goşmaga niýet edinýän ýaly, münende-de aýap münýärdi. «Bäh, bu zaluwadyň-a gowy aty bar eken» diýdirmek üçin, barly adamlaryň üýşmeleňlerine, ýenekä gidende hem ony bezäp-besläp münüp giderdi.

Atanepes ýurtda bolanlygynda şeýle atyň özüne "Pylanyň gowy aty bar" diýdirjegini, oňa uly han-begleriň hyrydar boljagyny pikir edip buýsanýardy. Bu bolsa onuň bu günler atyna buýsanyp, Hanumaly ýakymly pikirlere berilmegine sebäp bolýardy.

...Güneşli şähdaçyk günleriň biri töwerekdäki bag ýapraklarynyň ýüzüne Gün şöhleleri düşüp, şemala pyrlanarly görnüp, altynlaç öwsüp oýnaklaýar. Altyganat ak öýe Hanuma girip-çykyp, öý işlerine güýmenen bolup, baran ýerine gelşik berip ýör. Ol her gezek eglen wagty aşyrylyp, öňüne düşerli görünýän börügini her gezek ol leňňer alanda gaçaýmagyndan howatyr etmek bilen, ony biryanyndan tekge berip tutýar. Gelşikli ak goşaryny göterip, ony käte ak babyr bileklerini güjeňleýän

ýaly edip, aýalary bilen sähelçe ýeňsä itberip goýberýärdi. Onuň pynhanlyk höwesli joşgunly gelindigini ýatladybam goýberýär. Birde-de ol dor atly bir ýerden gaýdyp gelýär, özüni görüp, Hanuma begenip, ýaşmak dişläp, öýdäki özge günülerinden öňürdip, öňden çykyp, atyny tutýar.

Ýöne nämüçindir Nurberdi eşek näz edýän deý Atanepesiň maksadyna ýetmek üçin zadyny gaýgyrmajagyna göz ýetirse-de, onuň isleýşi ýaly, bu işe özüniň hötde geljegini aýdyp, wada edip, öz üstüne almaga howlukmady. Aýdylýan gepler... “Duşmanyň hakyndan çyksa bolar, ýöne amatyna getirmeli. Elbetde, munuňam bir alajy bolar. Güpbasdy edeniňden soňra galmaz ýaly etmeli-dä...” diýen ýaly umumy gürrüňlerden aňry geçmedi.

Atanepes bolsa soňra ýaka tutar ýaly oňa: “Agam, duşmanyňy alyp ýatmagy maňa tabşyr!?” diýen ýaly mert berlen wada gerek. Emma näçe gordursa-da, Nurberdi eşekden onuň ol tamasy çykmady. Şonuň üçinem aýdyňlygy bolmadyk umumy söz bermeler ony kanagatlandyrmady.

Nurberdiniňem gaýraty çatmazlykdanmy ýa-da geregini artdyryp, nyrhy köpeltmek üçinmi şeýle edýänine bolsa ol badabat düşünmedi.

Atanepes Nurberdi eşegi ugradyp barýarka, atýatagyň gapdalyndan geçende gazykda kişňäp duran dor at nazar dikläp, mahal-mahal ýanyna gelip, maňlaýyny sypalap, hoşamaýlyk edip gidýän eýesini görüp, tananlygyny mälim edip hokrandy. Barýanlaryň ünsüni özüne çekdi.

Nurberdi eşegiň owadan boýnuny ýalpyldadyp, bir gowy bolup duran aty görüp, onuň öz gazygynda durmagyny arzuw edip, Atanepesiň nesibesine gözi gitdi. Içinden “Şu aty bir säpjedip, münüp bolsady” diýip arzuw etdi. Ol öýüne ýetip barýarka hem Atanepesiň at ýatagynda hokranyp duran owadan syratly dor aty onuň gözüniň öňündedi.

Haňk-huňk bilen hoşlaşyp gidenine köp wagt geçmänkä-de bir zadyny oturan ýerinde ýadyndan çykaryp galdyrana meňzäp, Nurberdi eşek ýene-de yzyna öwrülip geldi.

Atanepes Nurberdi eşegiň täzeden gelmeginde çen alyp, onuň Hanumaly meseläniň dor aty alyp bolsa, bahasynyň ýetenligini pikir edip gelenligini çak etdi.

Nurberdi: "Gel, öýe gireli" diýen çakylygyna hem oňly ylykman, nämedir bir zat ýadyna düşenligini mälim edip, aýak üstünden oňa habaryny berermen boldy.

– Nepes kaka, ýaňy öýe ýetip barýarkam bir zat ýadyma düşdi. Seniň duşmanyň hakyndan çykyp biljek bir ýerinden gelme-dälibaş bar... Şony saňa bir geňeşeýin diýip, yzyma dolandym – diýdi.

– Gowy edipsiň. Aýdyp otur! – Onuň tapmaça gepi Atanepesi bada-bat özüne ylykdyrdy. Ol içerden egnine ýelbegeý alyp çykan donunyň ýeňlerini gezekli-gezegine elinde myjap-çugdamlap durşuna ony diňlemäge gyssandy.

– Aýtsam, Atanepes kaka, biziň kastyna çykjak adamymyz ýöne adam däl...

– Aýtdyň öňem...

– Aýtsam, onda şeýle, men-ä biziň töweregimizde Ahmediň hötdesinden geljek şondan başga adamy göremok.

– Kim ol? – diýip, Atanepes garşydaşyň güýjüni barha mahabatlandyrýaň welin, gorkup ugran-a dälsiň, zaluwat – diýen hörpde gülümsiräp, Nurberdi eşegi ýaňsyly dikanlady. Ony ýas-ýaňyja ugrunda bolaryn diýen işinden eýmenip, sözüni yzyna almak üçin gaýdyp gelen hasap etdi.

Nurberdi gepiniň kesilmegini, onda-da ýaňsyly gep bilen kesilmegini halamady.

Ol Atanepesiň adyny şarpa, saňa şu-da bor diýeň äheňde ikä bölüp: "Nepes kaka, sakawyň sonuňy diňle!" diýen hörpde talaply aýtdy.

Atanepesiň badyny alyp, onuň ünsüni täzeden özüne çekdi.

Tilkiniňki ýaly gyýmakly gözlerini Atanepesiň ýüzüne aýlap, oňa gepini kesmän diňlemegi nazary bilenem ýene bir gezek aýgytly duýdurdy. Ýaňy sözi bölünen mahaly çeti gyzyp, biraz gyzaran ýüzüni sypalap, men seniň garşydaşlaryň garşysyna,

olaryň hakyndan çykyp biljek şu adamy goýup biljek diýen äheňde Ahmetdir özi bilen ýörişlere gatnaşyp ýören Bäpbäni ýatlady. Onuň bir-iki ýyllykda Owgana barýan göç bilen barýarka, ýolda azyk-suwluklary gutaryp, öňde gabat gelen obalaryň biriniň üstüne on-on bäş atly bolup dökülip, galtamançylyk edişlerini, nandyr goýun-guzy bilen, olaryň aýal-gyzlaryňam gabat geleninden birki sanysyny oljalap geçendiklerini, şolaryň biriniň Hanuma bolup çykanlygyny, ony atyň öňüne basanyň şol Bäpbe galtaman bolanlygyny ýatlady.

Nurberdi eşek bu ýerden ýaglyja bähbit gazanyp boljagyna ymtylyp, mysallar getirme bilen ynamly, şol bir wagtda hem artykmaç aýtmakdan çekinme bilen seresaplygy-da elden bermän gürleýärdi.

Soňam ol şol oljalanan Hanumanyň ýolda bir garma-gürmelikde bir ýol bilen toparyň ahmallygyny alyp, gaçyp Bäpbe dagyny ät goýanlygyny, şondan bärem Bäpbäniň onuň elden gidenine ahmyrlydygyny maglumat hökmünde aýtdy.

Bäpbäniň Ýeroýulan duzuň töwereginde ýer süýşen ýaly bolup, Owgana geçip barýan göç bilen, maşgalasyny alyp gelýärkä sowet esgerleri bilen bolan çaknyşykdan soň tuwmaýak galyp, zordan öz başyny gutarandygyny, şondan soň Hanumany hasam köp ýatlap, henizem onuň höwesinde bolup ýörenligini, heniz onuň Hanumanyň Owganda başga birine heleý bolup ýörenliginden habarsyzdygyny aýtdy. Eger bilse, Bäpbäniň dek ýatmajagyny, şonuň öz peýdalaryna ulanmak üçin amatly adamdygyny, Hanumanyň üstünde onuň Ahmet bilen ölüşmäni hiç zatça görmejekligini özüniň pikir edýänligini Atanepese aýtdy. Atanepes şundan soň dor alaşaň höwesine berlen Nurberdi eşegiň maksadyna ýetmek üçin, hiç zatdan gaýtmajagyna, olary garpyşdyrmagyň ýolunam onuň özüniň tapjagyna ynandy.

Ahmetdir Bäpbe bir-birlerini alyp ýatsalar, bu bir okda iki arslanyň alnyp ýatylmagy boljakdy. Bu gürrüň Atanepesiň Hanumany gaýdyp almak höwesini has-da artdyrdy.

Onuň “Derdini beren dermanynam beremiş” diýip, öz ýanynda Hanuma tamaly göwün çaglamagyna sebäp boldy.

– Inim, bu işi şeýdip, özüň üstüňe alsaň gowy boljak!

– Elimden geleni ederin diýdim-ä!

– Ýok, bu az bolýar.

– Onda näme etmeli?

– Etmeliň diňe eliňden geleni däl, gelmediginem etjek bolmaly. Sen bu işi amala aşyrmagyň ýoluny salgy berdiňmi, indi özüňem ony alyp çyk? Men munuň saňa ýeňil düşmejegini bilýärin. Bizem gury adam däl, gadyryň bileris! – diýip, maksada gop berip gürledi.

– Onyňam-a dogry welin – diýip, öz bahasyny artdyrmak üçin, Nurberdi eşek syrt gaçyryp, ýene-de eşeklärli göründi.

– Nämemiş welisi onsoň onuň?

– Welisi şol. Ahmet bilse, ol meniňem, seniňem deriňi sypyr...

– A sen bildirme. Hiledir-al adama näme üçin berlipdir. Hudaý ony akylly adamlar çykgynsyz ýagdaýlarda-da ondan çykmaga ýol tapsyn diýip bermänmi nä aslynda?

– Atanepes kaka, onyňam-a dogry.

– Ýöwselleme, inisi, indi! Sen şolary çaknyşdyryp gyrlyşdyrmagy başarsaň, dor atyň öz gazygyňda kişňejegini biläý!

Nurberdi eşegiň häliden bäri ondan bir gep turzup, mundan bir gep turzup, ymykly eşidesi gelýänäm hut şu belli-nagt gepdi.

Atanepesiň şu sözünden soň, Nurberdi eşegem dor atyň ýakyn geljekde öz gapysynda hokranyp durjagyna göwün ýüwürdip ynandy. Hyzmatyň bahasynyň ýetenligine düşünip, aýagy ýeňläp, yzyna dolandy.

* * *

Hanumanyň süýrelmegi bada-bat Marçakda we onuň töwereginde dürli gep-gürrüňleriň döremegine, çaklamalaryň urulmagyna sebäp boldy.

Türkmenleriň köpüsi bu barada eşidip, ildeşleriniň ýat ilde bir-birlerine erişip, duşmançylyk gazanyşyp ýörmeklerini halamazlyk bilen: “Ýat ilde dagyn bularyň guýrugy ýamzynda bolaýmalam ýaly welin, ýöne olar bu ýerde hem it-eşek ýaly bolşup, bir-birleriniň aýagyny basyşyp, gyrlyşjak bolup ýörler. Eger-de ol seniň heleýiň bolýan bolsa, onda ol, eýsem başga ýerde, başga biriniň aşagynda näme işläp ýörenmiş!? Är-är bolýan bolsa, saklamazmy ony öz öýünde?” diýlip, pikir ýöredilmegine sebäp boldy.

“...Iliň nikalysy dagy bolýan bolsa, ony nähili özüňe heleý edinip almaga ynsabyň çatarkan-aý!? Şerigat bar, onuň kada-kanunlary bar?” diýşip, taraplaryň ikisini-de ýazgarýanlar bardy.

Hasam Hanumanyň Atanepes bilen ozalky gatnaşyklaryndan habarsyz adamlar başganyň aýalyna eýemsiränligi üçin, ýagdaýyň anygyna ýetmän, Ahmedi nikalysyny äriň diňe bir urmak, süýremegä däl, ony öldürmäge-de hakynyň barlygyny aýdyşyp, din ýoluny tekrarlaýardylar.

“Bu zatlaryň soňy nähili borka?” diýip, soňraky boljak gan dökülmeden eýmenip, alada galýanlar-da bardy.

Bu ýagdaý il içinde at-abraýly pylankes bolup ýören Akynýaz baýy hem nähak işiň arkasyny alan adam hökmünde kölege salyp, gep-gürrüňe goýupdy. Mämmethanlar şundan soň ýalaňaç ýatyrkalar üstleriniň ýorgany serpilen ýaly, bu ýagdaýdan soň özlerini il içinde diýseň, oňaýsyz duýupdylar. Dawaly mesele maslahatlaşylyp, onuň Ahmet gaýdyp gelensoň, ilik-düwme çözüljegi pikir edişip, sabyr saklap, onuň gelerine garaşmagy makul tapylypdy. Birazdan berim bilen belli derejede göwni tapylan Bürgüt hem Akynýaz baý bir gala baranda oňa: «Akynýaz, ol heleý nikalysy bolýan bolsa, güm ediň-de, berip goýberiň-dä ony ärine! Ahmet ýaly edermen ýigide gerek bolsa, heleý gytmy? Ol islän ýerinden, islän milletinden boý gyz alyp bilýär-ä» diýip, öwrüm bilen, onuň taryna kakyp gördi. Akynýaz baýam şonda oňa bada-bat düşündi.

– Bürgüt, bu diýýäniň seniň öz göwnüňe jaý bolmagy

mümkin. Ýöne her halkyň bu meseläni öz çözüşi bar. Meselemki, sizde öldürilen adam üçin, süýrelen maşgala üçin hun haky berlip, köplenç, ylalaşylýar. Bizde bu mesele başgaçarak çözülýär. Türkmen maşgala mertebesine gezek gelende, ony din, ýeneki bilenem ýumşatmany göwnüne jaý etmeýär. Köplenç, tarap-tarap bolup gyrlyşylýar. Muny şeýtmese, aňsat onuň ýüregi ýerine gelmeýär – diýip, Bürgüde garşylykly tarapa ýaran basmaga milt etmeli däldigini, bu meselede hakyky aýgytly hereketiň entek öňdedigini oňa ýaňzydyp berk aýtdy.

Şu gürrüňden soň, araçy bolan bolup, öz hal-ýagdaýyny barlan Bürgüt gaty gidiberse, gaýduwsyz, dälibaş Ahmedyň gylyjynyň özüni Bürgüt sen diýip, aýap goýmajagyna göz ýetirdi. Içinden: «Öz-özüňiz bolup, ölşüň onda ölüşýän bolsaňyz, diriňizem az däl munda» diýip, oý öwrüp dymdy. Abraýyndan düşmezlik üçin, özüniň bu meselede örän seresap hereket etmelidigine düşündi.

Bürgüt bolup, ony bu pikire getiren zat Ahmedi mertebeli emiriň tanaýanlygy bolsa, ikinji tarapdan, Akynýaz baýyň Jüneýit han ýaly adam bilen gatnaşykly, sylag-salada bolmagydy. Ylalaşykly bolmasa, bularyň ikisi-de Bürgüdiň at-abraýyna ýeterlik zyýany ýetirip biljek adamlardy. Biraz mundan ozal Akjanyň häkim – Bürgüdi Gibadullanyň düşen güni, köp han-serdarlara sapak bolar ýaly bolupdy. Emir Akjany sowetlerden gaçyp, öz musulmanym diýip, hossar tutunyp gelenlere şäheri dört bölüp, bir böleginde owganlar, dörtden birinde özbekler, türkmenler ýene bir böleginde täjikler durmuşlaryny ýaýbaňlandyrsyn diýip, hossar çykyp perman edipdi. Emma muny Akjaň Bürgüdi halamandy. Ol gelýänleri sygdyrmazlyk üçin, dürli bahanalar tapyp, olaryň ornaşmaklaryna kynçylyklar döredipdi.

Il diýeniň hakdan halatly, onuň içinde her hilisi bolýar. Olaryň arasyndan emir hezretleriniň huzuryna ýetip bilýänleri-de bar eken. Şolardan birisi bir gün emire:

– Emir hezretleri, siz-ä öz musulmanyňyza hossar çykyp, garaşyk edip, olara şäheri bölüp berdiňiz, Siziň ol ýerdäki döwlet wekiliňiz bolsa: «Emir berse beripdir, bu ýerde men hökümdar!”

diýip, musulman bendeleriňizi tirsekläp, birnäçe halka gonalga berenok» diýip, oňa ýagdaýy ýetiripdir. Şondan biraz wagt geçensoň emiriň Kabuldan iberen adamlary gelip, Bürgüdi gandallap: «Emir hezretleriniň buýrugyny ret ederçe kim sen?» diýip, bendiläp äkidipdiler. Ýurduň hakyky eýesiniň kimdigini onuň gözüne görkezipdiler. Eger Akynýaz baý, Jüneýit hanyň üsti bilen ýa-da Ahmediň özi bir öwrümde «Bürgüt biziň bilen alagöz bolýar» diýip ýokaryk arz edäýse, Akjanyň Bürgüdiniň gününiň öz başyndan hem inäýmeginiň gaty mümkinligini bilip, “Goranany Taňry hem gorarmyş” edip, öňem ol bular ýaly meselede gaty seresap bolmalydygyny özüne ýatladyp gezýärdi.

Hanuma iki-üç gün biraz özüne gelýänçä, Akynýaz baýlarda bolansoň, wakanyň ol çagalar bilen gaýtalanaýmagyndan çekinýändigine seretmezden, ýene-de öz howlularyna gaýdyp baraýanyny kem görmedi. Akynýaz baýlaram kişi öýünde ýaşamagyň oňa ýeňil bolmaýanyny görüp, Hanuma bilen ylalaşdylar.

Hanuma çagalar bilen yzyna öýlerine dolanyp barsalaram, Akynýaz baý olary gözden salmady. Doganlary özi ýegenleriniň hallaryndan habar alşyp, olaryň töwereginde aýlanyşyp durdular. Ahmediň howlusynyň töwereginden bulara daşyndan göz-gulak boljak ýörite adam tutup, bu ýerdäki ýagdaýy doly öz gözastlaryna aldylar.

Hanuma bu masgaraçylyk diýseň agyr degdi. Gijeler keç ykbalyndan nalap, bularyň baryna är bolup, ärligi hem oňarmadyk ozalky adamsynyň ilkinji günäkärdigini pikir edip, gyýlyp-gynanyp, gijeler sessiz aglap, ýassygyny ezip çykdy. Özüne: “Sen, bihaýa, bu masgaraçylykdan soň adamyň ýüzüne bakmaga neneň milt edip bilýäň?” diýläýjek ýaly, hiç kimiň ýüzüne gönüläp gözläp bilmedi. Ol şu güne çenli özüniň öňki geçmişi bilen hoşlaşanlygyna, ahyrsoňy özüni ynam-islegli ýerjaýyna atanlygyna doly ynanyp ýördi.

Hanuma süýrelende, arzuw-islegli durmuşynda binesip galandyryn öýdüp gorkupdy.

Aýal maşgalanyň diňe bir mertebe-mynasybeti däl, onuň ähli hal-ýagdaýy-da, öz duşan adamsyna bagly bolýar. Belki, şonuň üçin: «Är heleýe Alladan soňkudyr» diýlibem tekrarlanandyr.

Eýsem, gyzlar durmuşa çykarylanda, ol hemişe buýsanyp, çolaşyp-çyrmaşyp ýaşar ýaly: «Alnyndan hernä bir gowy goç ýigit bolawersin» diýlip, dileg edilmeýärmi? Haçanda gyzlar şeýle ýigitlere taý bolansoň, olar höwes bilen ýugrup-egrip, dogrup söwer ýara öwrülip gidibermeýärmi soňra? Şeýle maşgala keýwanysyna bolsa ol şeýdip, diňe ýassykdaşyna göwni ýeten mahalynda öwrülýär.

Ahmediň yhlasyna goşulany bäri Hanuma hem özüni ýaryny kölegeläp, bagta ýeten aýallaryň biri hasaplap, söýgi-höwesiň humarynda bolup ýaşaýardy. Öňki adamsynyň öz durmuşynda täzeden peýda bolmagy bolsa Hanuma üçin, «Garybyň agzy aşa ýetende, burny ganar» diýleni bolupdy. Hanuma bu göwnejaý heleýlik durmuşynyň ýaňy başlanyp-başlanmanka indi beýle ýagdaýa düşmegine kiçelip-kemsinip, bir ölüp bilmedi. Dogrusy, onuň özüne el alyp, bu masgaraçylykdan ölübem bolsa, bir ýol bilen başyny gutaraýasy gelmänem duranokdy. Ýöne Ahmediň bigünä çagalaryň ýene zir-zöwran bolup galjagy, olary ýene ýetimligiň eline öz eli bilen elinjek gaýtaryp berdigi boljagy ýadyna düşüp, jogapkärçilik her gezek garşylyk bolup kükreginden itip, onuň badyny alardy. Şeýle dünýäden doýan wagty Hanumanyň ýadyna düşýän zatlaryň ýene biri-de, onuň sowetiň öz wekillerine goranmak üçin ýanlaryna götermegi talap edip beren, hatda onuň deregini Ahmetden-de gizlin saklap ýören sapançasydy. Häzir ol şol bolanlygynda özüniň dünýäniň azabyndan dynmagyna has aňsat boljak ekenligini ýatlap, onuňam elden gidenine gynanýardy.

Sapança bolsa Atanepesiň adamlary bilen çaknyşylan mahaly elden gaçyp, garma-gürmelikde bir ýerlere düşüpdi. Ol sapançany Atanepesiň inisiniň ony ýerden garbap alyp, öz goltugyna salanyny bolsa görmändi. Hanuma gaýgy-hesretden ýaňa her hili oý kölüne berlip, kä gijeler ýatman dik oturybam çykýardy. Onuň aşak etegi çylgym atyp gyzaryp ezilen gözleriniň

nemi kepemeýärdi.

Hamala, kalbyndaky harasat-oduň ýalny çabran ýaly, onuň ýüzüniň bir gat hamy halyny üýtgedip garalypdy.

Indi onuň häli-şindi Sarkisowam ýadyna düşýärdi. Onuňam bu ýagdaýy eşitse, nirede bolsa-da ugra ýatmajagyny hem pikir edýärdi. Sarkisow Hanumanyň Ahmetden çakylyk alanyny eşidip, onuň Pyrara gitmegini unanlaryň, ony şol ýerde döwlet bähbitli işler üçin ulanmagyň mümkin boljagyny pikir edenleriň biri bolupdy.

Şol wagt Hanuma muny özüni Owgana atyp, Ahmede gowuşmagyň ýeke-täk ýoly hasap edeni üçin Sarkisowyň maksadyny unap barmaýan-da bolsa, ol häzir munuň sowetiň gysymyndan çykmaga ýeke-täk ýoldugyna düşünipdi.

Ýöne, Hanuma Owgana gelip, Ahmet bilen jany jana gatansoň, Sarkisowam onuň bilen Owgana gaýtmazdan öň bolan gep-gürrüňleri, ähli zady unudyberipdi.

Bu gabahatlyk bolsa Hanumanyň ýatlasyň gelmeýän zatlaryny ýene-de ýatlamagyna sebäp boldy. Sarkisow hem şu zatlardan soň, onuň halyny sorap, hossar çykanlaryň biri boldy. Şol günleriň birinde Sarkisow onuň düýşüne ýekegapan bolubam girdi... Ine, bir görse, bir ýerden tüýleri syh-syh ýekegapan gelşine silip taşlarly bolup, hol beýleden atylyp gelýär. Wagtynda öňünden sowulmasaň, onuň aman-zamanyňy bermejegi ikuçsuz. Sähelçe deşikden görünýän doňuz gözleri jerrelişip, diýseň öçli hem nägile seredýär. Özi-de birhili ol gözler Sarkisowyň gözleri ýaly tanyş gözler. Gözler tanalansoň, ýüzem birhili şoňa meňzäp gitdi. Aýbygadym serhetde bir iş geçirjek bolup, doňuz derisine dagyn giräýdimikän? Öz gepini gögertmek üçin bu sowetiň adamlaryndan her zat çykar...

Onýança aňyrdan atylyp gelýän ýekegapan kürsäp, Hanumanyň ýatan ýorganyny silkip urdy. Hanuma düýşünden gorkup oýandy.

Şol günüň ertesi Nazar Gurt hemişekisi ýaly, gijäni öňüne alyp, bilniksizden symyşşa geldi. Ol Ahmediň howlusynyň öňüne

gelip, özüne biraz holpugrak görünýän dona çolaşyp durşuna derwezäni ýumrugy bilen urup, yzly-yzyna iki gezek kakdy.

Derwezäniň açylaryna garaşyp, boýurganyp töweregine gözläp, diň saldy. Emma barybir wagty bilen ne hä beren boldy, ne-de derwezäni açan. Ol öňküsi ýaly eşidiler-eşidilmez edip, üstüne abanyp duran howlynyň gapysyny ýene bir gezek tyrkyldadyp kakdy. Diňe şundan soň howla kese duran iki jaýyň biriniň gapysy jygyldap sähelçe açylyp, ondan kimdir biriniň seresaplyk bilen aýdan sözi eşidildi.

– Kimkän bu?

– Hanuma gelneje, bu men.

Hanuma Nazaryň sesini tanansoň, öň ýanynda duran köwşüni ýüzugra aýaklarynyň burnuna ildirip, gapyny açmaga howlukdy. Nazar ýakynrak ýöräp, derwezäniň insizräk gapysyndan ötüp-ötmänkä, onuň gelenine begenen Hanuma tolgunyp, dessine ondan habar sorady.

– Nazar ýegen, sen nireden çykdyň?

Nazar salam berip, şu ýerden diýýän ýaly ýeňsesine öwrülip, gijäniň içine seredip goýberensoň jogap berdi.

– Agamyňka geldim-de, gel, sizdenem bir habar alaýaýyn – diýdim. Onsoňam Ahmet daýy bilenem bir gürrüňjigimem bardy-da. Obadadyr-a ol?

– Daýyň häzir-ä hyzmatdadyr. Öý edinen-de bolsa, ol öýüne myhmandyr. Ony indi diňe Jüneýit han däl, Owgan emirem, Buhara emirem gerekläp, hyzmata çagyryp dur. Öýüne myhmandyr ol – diýip, Hanuma Nazary yzyna düşürip, öýe girip barýarka biraz öýkeli, biraz aladaly aýtdy.

Nazar öýe gelip girensoň, gapy urlan wagty, “Kakam gelen bolmasyn ýa-da ýene Hanuma ejemizi süýrän adamlarmykan?” diýip, gapyny ýapyp, howsalaly garyşyk pikirleri başdan geçirip oturan Geldidir Jymmy hem ony tanap, biraz arkaýynlandylar. Nazaryň özi gele-gelmäne, çagalaryň atlaryny tutup, olara göwün göteriji hoşamaýlyk etdi. Gapdalyndan asan torbasyndan bir düwünçek çykaryp, ony çagalaryň öňünde goýdy.

– Alyň agzyňyzy süýjediň! Muny size mamaňyz ugratdy! – diýdi.

Keçä geçip, jaýlaşykly oturansoň, ol ýene-de Jemal mamany ýatlap, düwünçekli gürrüňine dolandy.

Jemal daýza meni her görende:

– Aý ýegen, oglan sen, Pyrara geçip-gelip ýören diýýärler. Indi gitseň, biziňkilerdenem habar alaweri? Ahmediň çagalaryny ibersegem-ä iberdik welin, dynybam bilemzok. Sag-aman otyrmykalar, öz gözüň bilen görüp, bir habarlaryny alaweri – diýip aýdyp ýör. Gaýtmazymdan öň olara-da daradym. Kak-sök bir zatlar dolap, şu düwünçegi elime berdi. Gep arasynda ol ösümine goýberen, eýýäm ýüzüne öňküden biraz başgarak sypat beren sakgal-murtuny mollalarça gysymlap-sypalabam aldy.

Içerik gözler öwrenişensoň, çyranyň ýagtysyna Hanuma Nazaryň sypaty hasam aýyl-saýyl göründi.

– Nazar ýegen, ýüz-gözüňi sakgal-murta basdyryp, asyl sen-ä tanar ýalam bolmansyň – diýdi. Nazar bu gepe sakgalyny sypap, aşak bakyp sähelçe baş atyp, makullaýjy ýylgyrdy.

– Owganda boljak bolsaň, bularyň özlerine meňzäýseň kem däl. – Soň ol çykaryp, gapdalynda güpberlip goýan sellesine tarap gözläp: – Selläň dagy hyrlanyp durşy şulaňkydan gowy bolmasa, kem däldir. Daşymyzdan gören «Hut owgan adamsy» diýerlikdir. Onsuzam owgan bilenem ozaldanam goňşy oturyp, dogan-garyndaş bolup gitdig-ä biz. Boldan tikilen ak balak, ak köýnegiň üstündenem şulaňky ýaly ýeňsiz keltekçe geýip, sellänäm bir ýeňseden bölek çykaryp oransak, keşmerimiz-ä ozaldanam meňzeş, onsoň geplänimizde dilimizden tutulaýmasak, ýogsam, bizi seljermek aňsat däldir – diýip, Nazar gürrüň arasynda lybasyny üýtgetmeginiň sebäbini hem şol bir wagtda-da habaryny bermek bilen, gürläp oturyşyna ýüzugra düşündirip goýberdi.

Hanuma onuň gelmegi bilen arkasy alnan ýaly, ýakymly duýguny başdan geçirdi. Nazaryň ýoldan aryp-ýadap, gorugyp gelenligini pikir edibem ony baryndan hezzetlemegiň ugruna çykdy. Ojaga odun salyp tutaşdyryp, biraz sowandyr öýden,

naharyny gyzdyrmagyň ugruna çykdy. Agşamlyk özleri üçin bişirinen mäşewesini gyzdyryp, ony saçak ýazyp, bir döwüm öýde bar bolan çörek bilen Nazaryň öňüne äberdi.

– Nazar ýegen, biz ýaňyrak naharlanypdyk, ajygyp gelensiň, sen arkaýyn iýiber. Myhman haky myhmana miýesser etse gowulykmyş.

Nazar: «Agamyňkydanam-a biraz garbanypdym» diýip, öý eýesini alada goýmazlyk üçin, biraz sypaýyçylyk etse-de, tagamly bişen nahary işdämen iýdi.

Hanuma demlän bir çäýnek çaýy, ýuwup arassalan käsesi bilen bilelikde saçak başyna bile alyp berensoň, gapdalda şapbyldaşyp, sök iýşip, hoş bolşup, obadaky mamalaryny, babalaryny ýatlaşyp oturan çagalaryň golaýyna süýşdi. Soňam Jymmynyň egninden gujaklap, ony usul bilen özüne tarap çekip ezizledi.

Nazar içerini, çagalardyr Hanumany göz astyndan synlap, öýüň hal-ýagdaýyna çen urup, naharlanyp oturyşyna, ýaňky derwezäniň agzynda başlanan hal-ahwal soraşma gürrüňini ýene dowam etdi.

– Onsoň bu un ýagdaýyňyz nähili, Ahmedem giden bolsa, onuň yzynda hor bolaňzokmy?

– Ýok, oňşugymyz erbet däl, aç-horam bolamzok. Aňyrsy Hudaýdan, Ahmedem her gezek sapara gitmänkä, biz yzynda hor-zar bolmazymyz ýaly aladamyzy edip gidýär. Bugdaý-uny çuwallap içerimize söýeýär. Huruşlyk üçin bazarçylaryň belli birine öňünden malyň bahasyny, artygy bilen berip, oňa wagtal-wagtal goýun soýup getirip durmagy sargap gidýär. Şükür, ähli zadymyz ýetik, oňuşmazça günümiz ýok.

Hanuma adaty zat barada-da howurly gepleýärdi. Onuň Nazara janyna dert bolan bu masgaraçylyk barada tizräk aýdyp, derdini az-owlak bolsa-da egsesi, ýeňledesi gelýärdi. Ýene-de ol Nazara bu zatlardan habarlydygyny, onuň hut şonuň üçinem hossarçylyk etmäge, öz halyndan habar almaga ugradylanlygyny, onuň kimligini ýatlamak bilen çen edýärdi. Şonuň üçinem onuň özi bir zat diýmese, gürrüňi telim gezek bu gepe golaý getirenem

bolsa, gönüläp bir zat diýmäge howlukmady.

– Emma bu ýere hiç öwrenişip bilemok, göwnüm ilerini küýsäp dur – diýip, Hanuma düşen gününi ýatlap hamsykdy – Ömürylla bu ýere öwrenişip bilerinem öýdemok. Hanuma şu ýerde sözüne dyngy berip, ýektaýynyň etegi bilen göz owasyna dolan gözýaşyny sep berip sylyp aldy. Biraz özüni ele almak üçin soňam Nazaryň öňüne demläp alyp beren çaýynyň üstünden bir käsä azrak guýup, howlukman bir owurt owurtlap, özüni ele almaga çalyşdy.

Nazar Hanumany diňläp, sähelçe onuň aýdanlaryny makullama bilen baş atyp oturyşyna ahyr özüniňem bir zat diýerlidigini mälim edip, iki gezek yzly-yzyna ardynjyrady:

– Aý, näme bi bir ýat ýurt-da aslynda. Ýöne ýerden muňa «Gaty Owgan» diýilmeýär ahyryn. Biz öň şeý diýilýänini eşitsek, muňa endam-jany daş bolany üçin gaty diýilýärmikän diýýärdik. Gaty diýilmeginiň baş sebäbi bu ýerde gün-güzeran juda gaty eken. Onsoňam aňyrdan gelenler üçin ýat ýer, ýat durmuş, bu-da ýetirýä-dä onuň gatylyk towuny. Üstesine-de, dünýädäki bu bulaşyklyklaram aňkasyny aşyrdy galyň bendäniň. Kellesine taýak bilen urlan eşek ýaly millet indi ýöne duran ýerinde, nirä gitjegini bilmän, aýagynyň üstünde pyrlanyp, ters aýlanyp duran saňsar bol-da bu döwürde – diýip, Hanumanyň gepine görä geplemäge çalşyp gürledi. Hanuma:

– Il-ä bilemok, meniň üçin-ä şeýle gaty sowuk ýat ýer. Men-ä ömrem bu ýere öwrenişerin öýdemok.

Bu gep aýdylan mahalynda Hanuma içki howrunyň çyrpynyp alawlaýanlygy mälim bolup, onuň sözleri has-da otlukly eşidildi.

Şundan soň Hanumanyň häliden bäri aýdasy gelip, aýdyp bilmän oturan zadynyň üstünden gelenligi belli boldy. Ol dyzynyň üstüne başyny goýup, mysylap uklap galan Jymmynyň çaşyp, galygyp başynyň üstünde ketgen bolup üýşen saçlaryny eliniň aýasy bilen sypalap ýatyryp goýberensoň, oýarmazlyk üçin usul bilen ony ýerinden göterip aldy-da, düşekde ýatyrdy. Ýerine gelibem gürrüňini dowam etdi:

– Biz-ä, Nazar ýegen, biler bolsaň, ile masgara bolandyrys. Nireden eşidip ýör, bilmedim, meniň öňki ärimem häzir bir ýerden tapylyp, meniň üçin dawa salyp, bu-da başyma bir bela bolup ýör meniň.

Soň ol bir wagt ýadyndan çykan adamsy Atanepesiň üç-dört atly bilen gelip, özüniň el-aýagyny daňyp, atyň öňüne alyp gidişini, ýolda yzlaryndan Akynýaz baýyň inisi Mahmydyň ýetişini, onýança-da Akynýaz baýyň özi eşidip, Bürgüdiňem atlylary bilen ol ýere ýetişip baryşlaryny, Atanepesiň netikazalyk bilen, bir wagt öz talagyny berenligine bakman, ters dawa salanlygyny, meseläni arz jaýynda çözmek üçin, olaryň bendilenilip, Bürgüdiň huzuryna alyp gelenligini, özüni bolsa hossar çykyp, Akynýaz baýyň şol ýerden: «Meseläniň Ahmet gelensoň, anygyna ýeteris» diýip, öýüne getirenligini ýaşmagyny dişläp oturyşyna gürrüň berdi.

Elbetde, Nazar Hanumanyň başyna nähilidir bir iş düşenligini, Pyrarydan ümsüm-kümsüm ilerki Marçaga gije dogan-garyndaşdan habar almaga baran birinden eşidipdi. Ýöne beýle garaşylmadyk gan ysy gelýän, ar-namys bilen bagly ýowuz ýagdaýyň bolanyndan welin ol habarsyzdy.

Gürrüňiň Nazary barha özüne çekýänligi belli boldy. Onuň biraz argyn görünýän ýüzi oýurganyp, şundan soň bir zatlar küýlenip çytyldy, ol içki rahatlygynyň bozulanlygyny mälim edip, oturan ýerinde leňňer atýana meňzäp biynjalyk oýkanjyrady. Nazar Hanumanyň gürrüňi tamamlanyna mähetdelem, Atanepes bilen gyzyklandy.

– Ol pälazan nirede ýaşaýarkan?

– Guşgy töweregindemiş özün-ä. Şonuň golaýynda Turgundy diýen bir owgan obasynda oturýarmyş. Anyk zad-a bilemok.

– Mundan anyklyk geregem däl. Şol töwerekde bolsa, ol tapylaram, merkinem alar.

Nazar öjügip, bu sözi aýdan mahaly, Hanuma ol häzir atlanyp, onuň kastyna gidibererli göründi.

Hanuma Nazaryň öz düşen gününe nebsi agyryp, namys edip, boluberşini görüp, onuň özüne dogry düşünip, abraýyna

dokunmagyndan minnetdar boldy. Bu meselede özüne dogry düşünýänleriň ýene biriniň artanlygyna teselli tapdy. Sebäbi, ol hiç kim ýüzüne gelip, bir zat diýmeýän-de bolsa, birnäçeleriň bu dawanyň gopmagynda diňe özüni günäkärleýändiklerini çen edýärdi. Özüni diýseň, oňaýsyz duýup ýaşaýardy.

Nazar ýegen sellesini başyna geýip, guşagyny guşanyp, bir zat diýerli bolup çenenibräk ugrarman bolup durka, Hanuma ýene oňa minnetdarlyk bilen ýüzlendi:

– Nazar ýegen, o ýüzdäkilere bir bu ýagdaýy aýtmaweri. eşitse, Jemal mamasy dagy ýaman gynanar. Gelensoň, Ahmediň özi meseläni çöp döwen ýaly eder. Ol ärsumaga ajaly ýeten haramzada diýerler. Indem maňa dawa salyp, ol Ahmet bilen kazylaşjakmyş. Kazylaşsyn hany, iki-üç süri maly barmyş, şoňa bil baglap, para-peşgeş bilen alyp çykaryn öýdýändir. Ol entek kime el uranyny bilenok. Eger bir ýol bilen kazyda gepi ýer tutaýan-da hem Ahmet oňa hezil bermez. Kazysy-tazysy bilen gyryp taşlar, şony bilýän men.

Nazaryň şu pursatda Hanuma başga-da hossaryň barlygyny ýatladyp, «Onsuzam gerek bolsa onuň merkini berjek adam tapylar» diýesi geldi. Emma iş edilmezden öň tarp atmagyň hökman däldigine tiz duýup, ýuwdunyp dymdy. Torbasyny gapdalyndan asyp, gelşi ýaly ýene-de şol gije hoşlaşyp, ýeriň pesi bilen yzyna dolandy.

Nazar Gurduň düýşde görlen ýaly bolup, şeýdip gelip gitmegi Hanumada arkasy alnan ýaly duýgyny döretdi. Özüniň bu agyr gününde ýeke däldigini duýdy. Diňe şundan soň onuň öňki pikir edişi ýaly, ýagdaýyň şeýle bir gabawa dirän çykalgasyzlyk-da däldigine ynanasy geldi.

Hanuma Nazary ugradansoňam, wagty bilen onuň bilen bolan gürrüňleriň täsirinden çykyp bilmedi. Bu tolgunmadan soň uklap bilmejegini, birazam bolsa, bir zatlara ünsüni bölüp, tolgunmasyny egismek üçin, gap-çanaklaryny ýuwup, arassalap, hersini ýerli-ýerinde goýdy. Ukusy tutmasa-da, soňam baryp Jymmynyň gapdalyndan düşege girdi. Keserip ýatyşyna ony eýemsirenip gujaklady.

Nazar bolsa indi onuň pikirinde Bürgüdiň galasyny oýtarlap, bu ýerdäki Baýraç obadyr Ärsary obanyň üstüni depjäp, Söýünala gaýdyp barýardy. Onuň ilerligine derýa tarap öwrülip, Gully eminiň Bedeňlere ýapbaş alyp beren ýerine tarap geçen ýerindenem Söýünaly başlanýardy. Hanumanyň hasam Nazaryň Watana dolanmak bagtynyň barlygyna gözi gitdi. Ol uklaýança aňynda Watana barýan Nazaryň yzyndan gözügidijilikli garap ýatdy.

* * *

Türkmen atlylarynyň wagtal-wagtal sapardan öň Hyradyň etegindäki bellenilen ýerde jemlenişip, ýol şaýlaryny tutmalary, bu gezek çakylyk örüsiniň giňelenindenmi nämemi, ol iki hepdeden gowrak wagta çekdi.

Topara serdarlyk etjek Eşşi hanam düýn öz töweregi bilen bu ýere gelip düşüpdi.

Ýöne çakylygyň giden ýerlerinden beýle saparlara gatnaşyp ýörenleriň arasyndan henizem gelip ýetişmedikleri bardy. Emma hemme çagyrylanlaryň gelerine garaşmaga indi wagt ýokdy.

Adamlar özleriniň Bahara emiriň elinden giden hazynasyny dolap almaga ýardamçy bolup gidýändiklerini eşidenlerinden soň, olar Jüneýidiň bu çakylygy kabul etmegini tamaly hamhyýala berlişip, öz ýanlaryndan göwünjeň oňladylar. Elbetde, baýlyk bolsa, onda-da döwlet ýolbaşçysynyň baýlygy bolsa, onuň bereket-möçberem, daşynyň gorag beýlekisem ýeterlikdir. Ýöne töwekgeliň işini Taňrynyň oňarjagyna ynanan bu ýola höwesliden döwtalapdylar.

Maksadam-a maksatdyr welin, ýöne şunuň ýaly aňyrsynda baýlyk-bereket görünýän işiň ugruna çykmak bähbit talabyndaky adamlar üçin hemişe ýakymlydy. Baýlygy dagy gaýtarylyp alnyp berlensoň, emir hezretleriniň özüne edilen bu tagallardan göwni bitip: «Alyň, oglanlar, özüňize ýaradyň!» diýip, ol baýlygyň ujundan eçiläýmesi-de daşda däldir.

Hanlardyr serdarlaryň bagty işläp, işi oňanda, hyzmatdan

göwni bitse: «Ol bir oljaň bölegi siziňki edäýmesem-ä bardyr”.

Elbetde, şunuň ýaly boldan tamakin bolanyňda ýörelende ýolam ýeňil önýär. Türkmen atlylary atlary ýol boýy gyssagly gorgunyna sürüp, bir hepdä galyp-galman, Buhara emiriniň soraýan ýerleriniň birýan çetinden girdiler.

Bu ýerde olara öňlerine düşüp, ýolbeletlik etmek üçin emiriň töwereginden iberilen ýörite adamlaram garaşýardylar.

Tekaw ýerler güýz gurak gelenem bolsa, töweregi daglyk ýerler bolanyndanmy nämemi, bu jelegaýa güýz has ir aralaşana meňzeýär. Ýeriň çygy-da ýetik. Telim aý dag başlaryny ýassanyşyp, güýç toplap ýatan mes bulutlar eýýäm telim gezek dagy bu öwrä gelip, hezil edip ýagyp gowzap giden bolmaly-da. Dar dag jülgeleriniň Gün düşmeýän gysby çatalba aralyklarynda henizem çyg ýatyrdy.

Ýolbeletler Eşşi hanyň atlylaryny yzlaryna düşürip, şol dag jülgeleriniň arasy bilen alyp ugradylar.

Atlylar ýolbeletleriň yzy bilen jülge syryp, ýokarlygyna üzlem-seplemräk toparlara öwrülişip ýörediler. Ýöreldigiçe howa süňňi sowamak, öwzaýy üýtgemek bilen boldy. Asmanda ýagma meýli bilen köwejekleşip ýören bulutlaryň sany şundan soň artmasa kemelmedi. Açyk düz meýdanlarda ýeriň giňini alyp, ýol geçmäge endik eden atlar indi ýyndam aýaklaryna gerim berip bilmän kösenýärdiler.

Ak öýläni öňüne alyp, ýagyş ýagyp ugransoň, dag ýoluny geçmek has-da kynaldy. Sähel gyssasaň, atlaryň aýagy taýyp, wagtal-wagtal dagdan togarlanyp gaýdýan daşlar ýaly tüwdürilip, aşaklygyna gaýdarly göründiler. Topar barmaly ýerlerine ýetmeli wagtlaryndan gijä galman ýetmegiň ugrunda bolup, gyssanybrak gelýän-de bolsa, ýagyş ara düşensoň, olaryň oňly gazanan ýoly bolmady. Başyny ezmejek bolup, kimler donlaryny başlaryna bürenseler, ýene birnäçeler wagtal-wagtal kejigişip, başyndaky telpeklerini çykaryp, onuň suwuny silkip-silkip alýardylar.

Haçanda töwerekde dag böwründe bir-birinden uzakda bolmadyk gowaklar görnüp başlanda ony görüp: «Haý, öz-ä bir

dem-dynç almaga amatly ýer eken» diýip, oňa höwes bolan ilki on atla baş bolup, toparyň orta gürpüräkde gelýän Bäpbe boldy.

Öňden barýan Eşşi han biraz mundan öň öz adamlary bilen ötüpdi. Yzdan Ahmet öz topary bilen leşgeriň jemläp gelýärdi. Ol gowak duşuna ýetende, Bäpbäniň töweregi bilen öňden barýanlardan bölünenini görüp, olardan habar soramak üçin, at başyny çekdi. Ýüzüne inen ýagşy bir goly bilen sylyp durşuna.

– Batyr, sen eýýäm düşläýipsiň-ow!? Han aga daga eýýäm ummadan aşandyrlar, öňem ýaňyrak düşläpdik ahyry – diýip, entek düşmeli diýlen buýruk-ýeneki ýok diýen äheňde oňa nägilelik bildirdi. Bäpbe Ahmediň özüniň özbaşdalyk edenini halamanlygyny görse-de, ozalky pikirini üýtgetmedi. Ol Eşşi han dagyň giden tarapyna seredip:

– Olar gitse-de indi bizden uzak gidip bilmezler, golaýda bir ýerde düşländirler ýa-da düşlärler. Ýörär ýaly däl-ä. Ýagyn niräk öwrülseň, öňüňde çolaşyp-çyrmaşyp dur ahbetin? – Bäpbe kim gyssansa-da bu ýagdaýda adamlarynam, özünem buýdurmazlyk üçin, atlanmakçy däldigini Ahmede ýene bir gezek aýgyt edip, kejirlik bilen aýtdy. Soňam:

– Ahmet, gel, gowusy senem düş atdan! Ezilip halys myžžyk boldug-a ýogsam. Ot ýakynyp, biraz gurunarys-da, onsoň ýene-de ugrabereris. Gel, ýaňy ýolda oglanlar göni gelen bir keýgem atyp aldylar, dessine şara-şor etsinler!

Ahmet bu maslahaty oňlamady:

– Beýdip ýöreseg-ä, batyr, biz wagty bilen hanyň toparyny ýetmän geçeris. Ýagyş bir biziň däl, şolaryňam üstüne ýagýandyr-a? – diýip, ol ýene-de öňki hörpünde nägiligini dowam etdirdi.

Ahmediň beýdip talap tutup durmagy diňe bir Bäpbä däl, onuň töweregindäki, eýýäm goşlaryny göterişip, atlaryny yklawrak ýerlerde ýerleşdirişip ugran beýleki adamlara hem ýaramady.

Ýagyn astynda ýoly dowam etdirmegi kyn görüp, olar ýerli-ýerden nägile hüňürdeşdiler.

Düşlemäge ygtyýar edenden soň, Bäpbäniň öz gepini gögertmegini islediler:

– Bu näme serdarsyrap sürnüp dur-a?

– Bäpbe batyram beýdip, onuň minnetini çekmeli adam däldir özün-ä?!

– Hana özüni bizden has edenli, has wepaly görkezjek bolýandyr bu zaluwat!

Toparyň beýleräginde atdan düşüp, onuň syrtyna bökderen azyk-owkatly horjunyny kibtine alyp, ýaragyny elinde saldarlap, gowaga ýönelip barýan Nurberdi eşek iki serdar arasynda senemenä ýazyp barýan gepiň tow alyp barýanyny görüp, onuň hasda tow almagyny islemek bilen Bäpbäniň gapdalyndan geçip barşyna şymmyk gözlerini ýesersi ýumjukladyp:

– Batyr, sen belli batyr bolubam indi özüňçe bary-ýogyň öňünde ýaýaplajak bolýarmyň? Onuň talabyna synyp, şu ýagynda ýene-de atlanmaly bolýarysmy onsoň? – diýen hörpde, onuň ýüzüne kine gyjalatly gözläp, özüçe olary bir-birlerine öjükdirip geçdi.

Şundan soň Bäpbäniň jogaby Ahmede tutanýerlilikden nagt boldy.

– Ahmet, men-ä şu ýerde adamlar bilen düşlemekçi. Bu bir yklaw amatly ýer eken. Halys ezildik, ýogsam buýdyr bi, ot ýakyp, gurunyp, ýylynyp biraz taplanmagymyz gerek. Özüň görýäň, ýagyş bolsa henizem diňerli däl. Biz-ä ýagyş diňýänçä şu ýerde bolmakçy. Han halamasa-da, näme ondakysyna soň göreris. Onda biz onuň yzyna düşmeris. “Ýagyňam, baýlygam özüňize nesip etsin!” diýip, şeriň üstünden ätläp, dolanyp gidibermämizem bardyr. Senem düşleseň-ä kem bolmazdy, gowak giň eken, bir lek goşun bolsa-da ýerleşjek muňa! – Bäpbe şundan soň Ahmediň ylalaşykly gepine garaşybam durman, ýeňsesine öwrüldi-de, eýýäm ýoldaşlarynyň gowakda odun gallaşyp, ot ýakjak bolşup gowadaklaşyp duran ýerine tarap ýöneldi.

Ýagşyň bolsa henizem, ot-çöpleri, seleň meýdanlary synyna dolaýşy ýaly, meýdanda galan atdyr adamlary hem öz çygyna dolap, şol ýagyp durdy. Wagty bilen diňerli hem däldi.

Ahmet töweregi bilen atdan düşse-de, Bäpbe dagydan biraz öňräkde lakga balygyň agzyna meňzäp, öwelip duran gowagyň beýleräginde atdan düşdi. Olar ozal hemişe ildeşler bolup, nirede düşleselerem, bileräk düşlärdiler.

Eşşi han Buhara emirine ýardama gidilmeginiň öňüsyrasynda Hyratda topary jemläp, soňra sazlaşykly hereket etmek üçin, olary aýratyn böleklere bölüp, öz diýen edermen adamlaryndan olara onbaşy goýup, goşuny ýagşy seljerip syntgylapdy.

Bäpbe-de şonda täze goýlan onbaşylaryň biri bolupdy. Şondan bäri-de ol özüniň hak-hukugynyň çäginde serdarlarça köp halatda özüçe hereket etmäge çalyşýardy.

Töwereginiňem häzir sen-sen edip duranyny görensoň, tebigaty biraz göterimräk Bäpbemi Ahmediň gepini alga aljak?

Içinden bolsa ol: “Bolsaň senem meniň ýaly onbaşysyň-da” diýip, hötjetlik etdi.

Haçanda ol Ahmediňem öz topary bilen özlerinden uzak bolmadyk aralykda düşlänlerini gören mahaly Bäpbäniň töweregi, onuň bu hereketinden özlerine nämakullyk tapyşyp, öňki nägile gep-gürrüňe täzeden itergi berdiler.

– Düşlemänmi, näme bu ýagynyň aşagynda galyp, adamlar buýup ölmelimişinmi, eýse? – diýip, gapdalda süllümbaý ezilen donuny sykyp duran Mämmet horazam Ahmet barada aýdylyp ugralan ýanama gepe makullama bilen goşuldy.

– Bu ýagynda oňly ýol gazanmajaklaryna ahyr olar-a göz ýetiren bolmaly – diýip, Ahmedi ýörişde hiç neneňsi ýoldaş hasap etmeýän Gullanam oýkanyp, syrty bilen süýşüp, omzap, ortada ýanyp duran oda golaýlap barşyna barha şüweleň alyp barýan gepe il ugruna goşuldy. Gürrüň ýene-de öwrüm alyp, Ahmetdir Bäpbäniň töwereginde köwsarlap ugrady.

– Göwnüme bolmasa, Ahmede sen-sen edilip ugralany bäri, ol birhili göwni çykyp, özüni artyk hakly hasap edýärmi nämemi, birhil-aý öz-ä bi!..

– Ýola çykylany bäri ýüz-ä açylanok şonuň.

– Nämedir bir zady bizden gaty gördümi nämemi!?

– Aý, gaty görse, gaty görsünleý, malyna malyny, janyna janyny gatjak bolup duran barmaý onuň?

Sene-menä meňzeş bu gürrüň şu ýere ýetende, oduň daşynda Bäpbäniň çep tarapynda ornaşan Nurberdi eşek öz aňyrdan göwne düwüp gelen maksadyna girişmäge amatly pursadyň gelenligini aňma bilen Bäpbäniň ýüzüne soragly nazar aýlap alansoň, Ahmet baradaky orta gelen soraga jogap berýän äheňde gyşarylyp gepledi:

– Siz bilmeseňizem, men bilýän onuň sebäbini. Onuň maksady özgelerden hana has edermen, wepaly görünmek.

Nurberdi eşek Ahmetdir Bäpbäniň arasyna çöp atmak meselesine seresap golaýlamak bilen, oturanlara Ahmediň biraz öňki saparlaryň birine gidilmezden öň ilerki Marçakdan aýaly ölensoň, oýnaşyny getirip, oňa öýlenişini. Ahmet öýlenende onuň toýunda özi bilen töwereklerindenem ýene iki-üç adamyň gatnaşanlygyny, aýalyň ýaňy süňňi suwlanyp, sagrysy gümmezekläp duran bir jany-jana gatanyňa degýän aýal ekenligini ýatlap, onuň keýwanysyna özüniňem gözi gidenligini ýaňzydyp, Ahmetdir Bäpbäni bu meselede gapyşdyrmak maksadyna, seresaplyk bilen ýol arçap gürledi.

Nurberdi eşek töwereginiň ünsüni özüne çekenini görensoň bolsa, ol öz syrly gepini hasam gyzyklandyrmak üçin, ony bir pursat ýokardan sallap, sözüne aýdyňlyk bermäge gyssanman, erjellik bilen dymyp, pursat arap garaşdy. Şu pursatda onuň ýüzi işi şowlap barýan adamyňky ýaly dabaralydan göçgünlidi. Şeýle-de bolsa ol özüniň kimler bilen iş salyşýanyna, sähel säwlige ýol berdigi bu ýagdaýyň öz başyna ýetjegine düşünme bilen, hüşgärligi hem elden bermezlige çalşyp, guş tutmagyň höwesine berlen pişik ýaly maksadyna emaý bilen golaýlaşdy. Meseläniň aňyrsyna gözi ýetip dursa-da, ol gepine öwrüm berip, hiç zatdan habarsyz bolandan bolup geplemäge çalyşdy:

– Batyr, sen üç-dört ýyllykda... Owgana gelýärkäk bir obany çapyp, birki sany zenan maşgala-da oljaladyk diýäýdiň öýdýän? Ana, şol seniň atyň öňüne alan gelniň ady nämedir-ä onsoň?

Bäpbäniň käte ýöriş-ýeneki mahaly: “Ele şonda bir gowy gelin-ä düşdem welin, arman sypdyraýdym-da” diýip, ahmyr bilen onuň gürrüňini edäýmesi bardy.

...Badhyzda bolan uruşda aýalydyr çagalaryny aldyryp, tüwmaýak galdyrany bäri-hä ol Hanumany hasam köp ýatlardy.

Nurberdi eşegiň gepinde “Ahmediň öýleneni ýene-de şol seniň diýýäniň bolaýmasyn?” diýen ýaly gümürtikden gyjalatly ýaňsy bardy. Bäpbe muňa düýrügip, Nurberdiniň bu ýagdaý bilen baglylykdaky gepiniň öwrülip, öz üstünden gaýtmagyny halamady. Ol çytylyp:

– Ýeri, onuň ady kim bolanda saňa näme? – diýip nägile boldy.

– Ýok, gerek, batyr... – diýip, Nurberdi soňundanam oýurganan bolup, Hanumanyň adyny ýadyna salandan boldy. – Hanummy bir del atdy özün-ä?... Hawa, Hanumady – diýibem soňra ol bu ady ýüzugra anyklady. Bäpbäni Nurberdiniň towly gepi şundan soň doly özüne dolap aldy. Haýsydyr bir ýakymsyz zady süňňüniň syzanlygy belli bolup, onuň ýüzi üýtgäp, düýrükdi. Şundan soň ortada alawlap ýanyp duran oduň howry birden has artyp, Bäpbäniň ýüzüne uran ýaly bolup gyzyp gitdi. Onuň tizräk Nurberdiň «mus-musynyň Mustapasyny” bilesi gelip, onuň ýüzüne düýrügip, talaply gözledi. Nurberdi şu halda Bäpbäniň özüni burça gabap, gazaba tutubermeginiň ahmallygyny pikir edip, ondan eýmendi, tizräk gepini takyklamalydygyna düşündi.

– Ahmediňem ýakynda ýurtdan getirip öýlenen aýalynyň ady şoňa meňzeş bir zat eken. Belki, atdaş ýenekidir, dünýäde atdaş adam gytmy? – diýip ol, Bäpbäniň kalbynda tutaşdyran oduny öwrümden gümanly çen bilen ölçerip goýberdi.

Bäpbe şundan soň Nurberdini gepledip, ondan ýene-de bir zatlar sorap bilerli, ýagdaýy doly anyklarly görünse-de, ýöne Hanumanyň ady tutulmagy bilen hümerlenişip, başa birden duýdansyz çozan pikir-oýlaryň dartgyn alşyp ugramagy bilen diline wagty bilen nobat berilmedi. Bäpbe hossaly gözlerini süzüp, dodaklaryny ahmyrly dişläp, ýene Nurberdi eşegi dikanlady.

Ýöne näçe pikir etse-de, Bäpbe Hanumanyň durmuşynyň beýle öwrüm alyp, onuň nähili bolup, Ahmede heleý bolup biljegine birbada oňly düşünip bilmese-de, emma biraz ozalky ähli bolan-goýany ýatlap otursaň welin, munuň juda bir bolmajak zat hem däldigine aň edip, aýyl-saýyl edip ugrady. Bäpbe ýene bir salym ýadynda Hanuma bilen bagly zatlary saýhallap, olara yzygiderlik berip oturansoň, bu bolmasy işiň mümkinligine gözüni doly ýetirdi. Elbetde, bu aýdyňlyk Bäpbe ýolda Ahmede duşuşyny we onuň bilen soňra bolan hem-de bolup biläýjek ýagdaýlary ýatlandan soň şeýle boldy. Bäpbe ilki Hojam hanyň göçi bilen barýarka bir öwrümde Ahmede gabat gelşini, ondan soňraky bolan zatlara şübhe bilen ýadyna salyp oturdy. Ýatladykça-da onuň Ahmede bolan gahar-kitüwi artdy.

Ol şol gezek Ahmet duşanda ony özleri ýaly, barara ýer, batara köl tapman, syňsyrap ýören ildeşleriniň biridir öýdüp, oňa nebsi agyrypdy. Şonuň üçinem oňa serhetden aşylýança özleri bilen bileräk gidibermegi teklip edipdi. Eýsem, bu döwürde şeýdip, sowetlerden gaçyp çölde, onda-munda ygyp ýören gytmydy?! Emma Bäpbe Ahmediň ugurdaş ýoldaşlygyna ynanan-da bolsa, köpügörenligindenmi nämemi, türkmeniň başarsaň, araňa ýat goşma, onda-da ýolda barýarkaň diýen akylyny ýatlapmy nämemi, ony Hojam hanyň ýoldaş edinesi gelmändi. Ýöne ol öz ýanlary bilen gitmegi oňa Bäpbe teklip edensoň, garşy bir zat diýse, onuň «Näme Hojam gitse, seniň aýagyň bilen gidýärmi, gitse öz aýagy bilen gidýär!» diýen ýaly bir ýoknasyz gep tapyp, özünden nägile boljagyny pikir edipdi. Serhetden sag-aman maşgalalary aşyrmak üçin bolsa häzirki pursatda ol agzalalygyň asla gerek däldigini, onuň bela bolup, başdan inmeginiň mümkindigini gaty gowy bilýärdi.

...Aý ýok, sowetlerem indi gowy tüýüni ýetiripdir. Gör, gyzyl uç gelip, nireden çykdy... Sähel hüşgärlik bilen yz çalan bolanlygynda, bu ýerde düşünmez ýaly zat, aňmaz ýaly syr ýogam eken-laý... Hanumanyň oljalanmagynyň yzysüre Ahmediň öz aralarynda peýda bolmagyndanam belli eken-ä bi zatlar. Onsoňam

Hanumanyň hem duýdansyz gaçyşyny muňa degşireniňde bu ýerde hiç hili syr galmaýar...

– Zaluwat sowetler sepini bildirmän, biziň ikimizi iki ýerden bir-birimiziň garşymyza goýup, öz bähbitlerine, gör, nähili ezberlik bilen ulanan ekenler... Hany, göreli bakaly, bu günüň ertesem-ä bardyr özün-ä... Şeýle bolsa-da, Bäpbäniň ýene-de bu oýunda soňulygy bilen utulanyna, ähli ýagdaýlaryň gapdalynda galanyny boýun alasy gelmedi.

Ýöne welin, şundan soň onuň kalbynda sowete bolan kitüwiniň gapdalynda Ahmede bolan kitüwem peýda boldy.

Nurberdiniň gepi gerdişine getirip, Hanuma barada aýdan bu sözi demir penje bolup, onuň kalbyny mynçgalady, menini kemsitdi. Şeýle-de bolsa, ol töweregine syr bermezlige çalyşdy.

Bäpbe ot başynda oturylyp iýlip-içilip, biraz gurplanylandan soň, zerurynyň ugruna çykandan bolup ýerinden galdy. Hanumaly ýagdaýy ikiçäklikde ýene bir gezek anyklamak niýeti bilen:

– Ýör, Nurberdi, senem meniň bilen atlaryň halyndan habar alaly! – diýip, onam öz ýanyna çagyrdy. Bu gepe häli-şindi gidip, atlardan habar alyp gelýän, oňa berkidilen jüýk burun Rasul özüniň atlara seredişi güman astyna alynýandyr öýdüp, gözlerini herre-perre edip, nägile bolmagyna sebäp boldy.

– Ýeri, atlara näme bolanmyş?! Gurugançylyk ýerde dur atlar. Üstüne ygal düşenok... Batyr, seniň-ä, ýanyňa alan arpaňdanam alyp, dola ýakyn bir torbany atyň başyna geýdirdim häliräk – diýip, atyňdan arkaýyn bol diýen manyda gürledi. Bäpbe Rasula tarap gözläp:

– Oňarypsyň, inim! – diýdi-de, Nurberdilik başga bir gürrüňiniň barlygyny mälim edip, onuň bilen beýleräge çekildi.

– Sen onda Ahmet öýlenende onuň üýşmeleňinde bolupsyň-da?

– Diňe meni däl golaýrakda ýaşaýan atlylardan ýene üç-dördüsini çagyrdy. Bardyk. Ady Hanuma bolup, orta boýly, gözleri balkyldap duran bir gowy maşgala eken.

– Hümm... şoldur ol onda. Başga biri bolanlygynda, ol

menem toýuna çagyrardy. Eýsem, biz dost-ýar bolup ýörüs-ä...

– Aý, hawa-da.

Nurberdi bu ýagdaý barada ýene-de bir zat diýmäge çemelendi, ýöne Bäpbäniň talaply gepi onuň sözüni böldi.

– Şu gürrüňi maňa aýdanyňy Ahmede duýduraýsaň, bilip goý, ýere gazyk ederin!

– Batyr, diýýäniň näme, diýýäniň näme – diýip, birden beýle öwrüme garaşmadyk Nurberdi eşek Bäpbä belet bolansoň, ondan haýygyp, ýeňsä çekildi. Ýöne şol bir wagtda hem ol özüniň Ahmet bilen onuň arasyna tow salmak üçin eden tagallasynyň ýerine düşendigine göz ýetirip kanagat tapdy. Bäpbäniň gahar-gazabynyň amady gelende, bir ýerden böwsüp çykjagyna göwün çaglady.

Bäpbe dagynyň ýakan odundan uzak bolmadyk aralykda giňiş gowak amatly görlüp, kowçum-kowçum bolup öňräkden barýan toparlaryň hem ýene ikisi dagy düşledi. Olaryň ýakan odundan kesindiler alnyp, ýene-de birki ýerde ot ýakyldy. Bäpbäniň isleýşi ýaly, her toparyň özli-özleri bolup, oduň başynda oturasy gelenligi belli boldy. Tizden gowak içini, otlaryň depesinden burugsap göterilen tüsse buludy gaplapdy. Oduň ýene-de gerek ýerinde ezilip üşän adamlaryň arkasyny almasy boldy. Adamlar indi gysga-gysga gürleşip, otlaryň töwereginde gowadaklaşýardylar, ýylynýardylar, öl bolan geýimlerini çykaryşyp, ýanlarynda göteren gury geýimleri bilen çalşyrynyp, öl geýimlerini amatly ýerlere serişdirip, tizräk çalykdyrmak üçin oda ýakyn tutuşdyrýardylar. Amatsyz ýagdaýdan boldugyndan özleri üçin amatlyk döretmäge çalyşýardylar.

Ahmediň toparynyň ýakan odunyň başynda Abdyrahman atly buharalylaryň kömege gelýän türkmenleriň öňünden çykaran iki-üç ýolbelet adamlarynyň birisi bardy. Ol hortapdan gelen, dini ulamalara mahsus geýnen, başy selleli, aýagy mesi ädikli, görüm-görelde görenligi duýlup duran ter sakgal sypaýy ýaş ýigitdi. Ýolda-da ol, mümkin boldugyndan, namazyny yrman, wagtly-wagtynda okamaga çalyşýardy.

Abdyrahman biraz oda çoýunansoň, goşlary salnan horjuny egnine alyp, gowagyň içirägine gidip, geýimini çalşyryp, sellä derek Buhara tahýa, ýol-ýol çyzmykly ala don geýip, hakyky buharala öwrülip geldi. Lybasyny çalşyp gelensoň, Ahmet ony birbada tanamajak boldy.

– Sen-ä, inim, indi tanar ýaly bolmansyň, hakyky buharala öwrülipsiň – diýip, biraz geňirgenenini mälim edip gülümsiredi. Ol:

– Ahmet serdar, biz indi hakyky buharalam-da. Zannymyzyň nireden bolanlygyna seretmezden, biz Buharada önüp-ösdük, okap bilim aldyk, gowulygyny, dawa-şerini köpden bäri onuň halky bilen deň bölüşip gelýäris. Şonuň üçin emir hezretlerem, onuň döwlet diwanynyň emeldarlaram biziň gadyrymyzy bilýärler. Emir hezretleri bolşewik gysyşlaryndan soň ýurtdan çykmaga mejbur bolanda hem onuň ýany bilen alyp gaýdan wepaly adamlarynyň bir bölegi biz – buharaly türkmenler bolduk... – diýip ýatlady.

Ýaňy ýolda gelinýärkä gürrüňden gürrüň çykyp, Abdyrahman Ahmede özüniň hem asly türkmen buharalylaryň biridigini, Çar-Minor medresesinde Garaja Burun, Berdi Kerbabaýew, Hudaýnazar ärsary, Hemit ärsary, Hudaýguly Bedeňi ýaly türkmenler bilen bolup okanyny, özlerine ders bereniňem asly türkmen ahun bolanlygyny gürrüň beripdi. Bu bolsa Ahmediňem Buhara bilen baglanyşykly öz geçmiş garyndaşlaryny ýatlamagyna sebäp bolupdy. Ahmet ol ýerde özüniň hem Abdyleziz diýen ahun agasynyň barlygyny, belki, tanaýansyňyz diýen äheňde aýdypdy. Abdyleziz ahun barada «Onuň medrese bitirmäge baran türkmen oglanlaryň birinden buharçalap: «Biziňem babakelamymyz türkmen idi, Muhammetkylyç diýgen serdary bilemi siz, bizem şonuň çowlugy bolganymyz» diýip, tanyşlyk berenini ýatlapdy. Oba bu gürrüňi soňra Gurban baýyň medrese bitirip ýören ogly Seýit getiripdi. Buharada ahun agalarynyň barlygyny eşidip, Ödegylyç, öz uly agasy Özbekgylyç bilen ony soraglap, Buhara gidibem gelipdiler. “...Buharada biziňkilerem köp eken” diýip,

olaryň gürrüň berenleri Ahmediňem ýadyndady. Şonda olar: “Ahun agamyz dem salyp berdi” diýip, Buharadan soňra obada «Nagdaly jam» adyny alan, öz keramaty bilen tapawutlanan kümüş gap hem getiripdiler.

Onuň siýdigi tutulanlara kömek edýänine ynanyp, şol jamdan suw içip haýyr tapypdylar. Hatda onuň goňşy obalardanam gelip, soralyp alnyp gidiläýmesi bardy.

Şol geçmiş gowulygy, gowyňy ýatlaşmak eýýäm şonda Ahmet bilen Abdyrahmany ýakynlaşdyrypdy. Gep-gürrüňleri öz-özünden içginlik tapypdy. Ahmet häzir oduň başynda otyrka-da, onuň pikirleri şol Abdyrahman bilen bolan buharaly, garyndaşly gürrüňleriň töweregindedi. Has-da oňa Abdyrahmanyň Emir töwereginiň mahal-mahal: «Eger häzir emir hezretleriniň töwereginde, onuň ata-babasyna galkan bolup gezen Muhammetgylyç serdary ýaly dogumly, edermen wepaly serdary bolan bolsa, ol häzir beýdip, bolşewikden ezýetini çekip synsyramazdy” diýlip, küýseg bilen ýatlanylýanlygyny hem eşitmek oňa ýakymly bolupdy.

* * *

Haçanda NKWD-äniň iki ýaragly adamsy yzyndan gelende, ýaňyrak işden gelip, atdan düşen Nurjuma başlyk, atyny gazygyna iltese-de, heniz öýüne girmäge ýetişmändi. Gapynyň öňünde özüni görüp, ylgaşlaşyp öňünden çykan gyzjagazlarynyň kiçisini eline alyp, ulusynyň başyny sypap, söýünç bilen ondan ony-muny sorap, mylakatlyk bildirip durdy. Şeýdip NKWD-çiler yzyňdan gelende soňunyň nähili bolýanlygyna belet Nurjumanyň olaryň gelip direnişip duranlaryny görüp, duýdansyz ýylan guýrugyny basan ýaly, özüni diýseň oňaýsyz duýdy. NKWD işgärleriniň ikisi iki ýerden «Häzir sen biz bilen gitmeli!» diýip, talap bildirip duransoň, Nurjuma şol pursatda özüniň ýygnalýanlygyna pikir edip düýrükdi. Ýöne şeýle-de bolsa, mümkin boldugyndan, rahatlygyny saklap, çagalary gorkuzmazlyga, öňki tabyny saklap,

syr bermezlige çalyşdy. Egnindäki işe geýýän donunyň ýakasyndan tutup: «Men onda häzir donumy bir çalşyraýyn!?» diýip, soňam NKWD-çileriň ygtyýar bererine hem garaşman, howlugybrak öýüne girdi. Nurjuma öýden ýygnaga beýlekä gidende geýýän ajarly donuny geýip, daş çykanda onuň beýleräkde ojak başynda eli kesewli duran aýaly adamsynyň geleni ýaňy, eýýäm gelşi ýalam ýene gidip barýanyny görüp, oňa tarap öwrülip aladalandy:

– Weý, akgasy, eýýäm gidip barýaňmy? Çaý-a gaýnady. Myhmanlaryňam alyp, öýe giriber, häzir demläp erteýin! Ýöne naharyň-a entejik biraz haýala bar. Siz çaýa güýmenip, birki käse içýänçäňiz-ä o-da ýetişer! – diýip, näme-näme bolýanlygyna oňly düşünmän, bir adamsynyň, bir aşagy otly gazana gözläp gepledi. Onuň myhmanlar bilen içerik girip, saçak başyna geçmegini isledi.

Nurjumanyň aýalynyň göwnüne NKWD-çiler onuň ýanyna şäherden adaty iş bilen gelýänler bolup görnen borly.

– Meniň yzymdan gelipdirler, gitmeli! – diýip, Nurjuma ýene-de öz howsalasyny duýdurmazlyga çalşyp, öwrülip NKWD-çileriň öňüne düşüp gidip barşyna ýeňsesine gözläp, gümürtik gepledi.

Nurjuma uly ýola gönügip barýarka nämedir bir zat ýadyna düşen ýaly säginip, aýak çekdi-de, ýeňsesine öwrülip, gapyda çagalary bilen näme-nämeleriň bolýanyna oňly düşünmän, som-saýak bolşup, yzyndan gözläp duran aýalyna tabşyryk bilen ýüzlendi.

– Aty sen häzir äkit-de haýal etmän, Ýagda tabşyr. Özünem... ony äkitdiler diýersiň – diýip gümürtik gepledi.

Ol häzir özüniň bu ýagdaýa düşenini bilse, Ýagdynyň görmeli adamlary görüp, özüni bularyň deminden sypdyrmagyň ugruna çykjagyny tama edýärdi.

Nurjuma Gaplaň sylgymynyň ortasyndan geçýän ýol bilen NKWD adamlarynyň öňüne düşüp barýarka, töwerekden özüni görenleriň häzir:

– Ahyr soňy munuňam yzyndan ýetipdirler-ow... Bir pohuny

iýendir, ýogsam... – diýip, müňkür pikir edýändiklerini çen etdi.

Bu her gezek şeýdip organ işgärleri gelip, adamlary tutan wagty, beýleki, daşdan görenleriň aňyna gelýän ilkinji pikirleriň birisi bolardy.

Nurjuma şol barşyna soňam bir pursat özüniň sowetiň wezipe beren ynamdar adamy bolandan bolup ýörenligini ýatlamak bilen hamyş galyp öňünden bu ýagdaýyň özüniň görüp bilmänligine, il «Owgan – Pyrary» diýip, başyny alyp gaçanynda, özüniň iliň biri bolup, paty-putusyny eşegine ýükläp gaçmanlygyny ýatlap, puşman bilen ökündi. Kymyş duzçynyň oglanlarynyň Gully eminiň maşgalasynyň telim arabany dolduryşyp, zyr-zowran edilip, sürgüne äkidilip barlyşy göz öňüne geldi.

Öz başyna hem indi şuňa meňzeş bir işiň düşenini pikir edeni üçin bolsa gerek, olaryň derdini ol diňe häzir has dolulygyna ýiti duýdy.

Nurjumany ara alyp, tirkeşen ýaly bolup äkidip barýan NKWD-çiler Gaplaňlaryň jedel tümmeginiň gapdalyndan öwrülibräk geçensoňlar, ol sylgymyndan çykyp, bedeň ýaba ýetmän, şol ýerden şäher tarapa däl-de, günortalygyna – Hanguly kowçumynyň oturan tarapyna öwrüldi.

Nurjuma şu pursatda ozal bularyň özüni şähere äkitmekçi bolýanlaryny pikir eden-de bolsa, Hangula tarap saga öwrülensoň, ol bularyň ilki özüni şähere däl-de, Handepe serhet galasyndaky adamlary sorag edýän ýerlerine alyp barýandyklaryny çen etdi. Bu galada ol NKWD-çileriň adamlary gynaýyşlary barada, özi görmese-de, köp zatlar eşidipdi. Şundan soň ol özüniňem tizden hut şol ýerdäki bendileriň birine öwrüljegine ynandy. Bu pikir-ünjüler bolsa onuň gorkusyny hasam artdyrdy. Şagga ýüzüne sowuk der indi. Özüniň Aman NKWD-äniň öňüne barjagyny pikir edende, onuň bulançak nazarly ýowuz ýüzi gözüniň öňüne geldi. Şonda ol aýaklarynyň hasam ysgyny gaçyp ugran ýaly duýdy. “Nirede men olaryň gaňryşyna gaýtdymkam, sep berdimkäm?” diýip, özünden çiglik gözläp, böwrüni diňledi.

Ilkem: “NKWD-äniň näme il içinde şugul bolup, gep ýetirip,

öý ýykyp ýörenleriň aýyryny özüni ýagşy ýere degrip ýamanlan bolmagyny pikir etdi.

Ýöne onuň kim bolup biläýjegini welin ol näçe oýlansa-da anyklap bilmedi.

Nurjuma özüniň bu hala düşmeginiň sebäbini gözläp oýlandygyça, belanyň ýüz beräýjek taraplaryna çen edip, aladaly pikirlere hasam içgin aralaşdy... Her gezek diýen ýaly soňky döwürde kimedir birine bir zat boljak bolsa, nireden syzýany belli däldir ilki onuň myş-myşy oba ýaýrardy. Şol myş-myş edilişi ýaly-da aňyrsy bir hepdä, on güne ýetmän: "Pylanynam ýygnapdyrlar ýa-da maşgalasy bilen bir ýerlere sürgün edilipdir" diýlip eşidilerdi.

Nurjuma bu ýerde öz başyna ýörite gurlan bir oýnuň barlygyny bilmese-de, ýöne haýsydyr bir sebäbiň barlygyny welin çalarak güman etmänem durmaýardy. Ýöne ol kimden garaşsa-da, Ýagdydan beýle ýowuz oýna garaşmaýardy. Ýeri, eýsem onda näme sebäp bolup biler? Nurjumanyň özüne sorag berip, böwrüni diňlänsoň, ýene-de ilkinji ýadyna düşen zatlaryň biri ýakynda, raýonda tersçilleri ýüze çykarmak boýunça geçirilen ýygnakda tarap çalyp, öz eden çykyşy boldy. "Her şuralykdan şeýle adamlaryň sanawyny bermeli" diýlende, ol Ýagdynyň ýanamaga at tutan adamlarynyň arkasyny alyp, diňe bir Ýagdynyň däl organ işgärleriniň hem gaňryşyna gaýdyp: "Biziň obada siziň diýýän tersçilleriňiz ýok" diýen manyda gepläp, ýygnakda halanmadyk çykyşy edipdi.

Şonda töwerekdäki ýolbaşçy adamlaryň köpüsiniň bu gürrüňini halaman, çytylyşandyklaryny hem ol görüpdi. Häzirki özüniň öňe salynmagynyň sebäp bar bolsa, onda şonuň biri-de şu bolmaly.

Eýsem-de bolsa, kimmişin ol Nurjuma aslynda raýon partiýa komitetiniň ýokardan alan tabşyryk-derektiwasyna garşy bolar ýaly?

Nurjuma bir-birinden agyr oý-pikirler bilen oýlanyp, agyr ýüküň aşagynda galan ýaly ýegşerilip gelşine aýaklarynyň

göwräni götermän, entäsi gelip ugran ýaly duýup ugrady. Ol syr bildirmezlik üçin, obadan çykylyp, serhet galasyna ýetilmänkä, şu töwerekde birazam bolsa bir bahana bilen aýak çekip, özüniň “Hähini” almalydygyna düşündi.

NKWD-çiler Nurjumany üç-dört ädim öňden ýöredip, tussag sürüşleri ýaly edip alyp gelýärdiler. Onuň yzy bilen apaşaklaşyp gelýän NKWD-çiler mahal-mahal göz edip mazamlaýana meňzäp, hondan bärsilik bilen ýanbaşdan asan sapançalarynyň üstüne gol gonduryp alýardylar. Öz aralarynda käte bir-birleri bilen hymy-symy gürrüň edişýän-de bolsalar, dilleşen ýaly Nurjuma bilen hiç zat gepleşmeýärdiler. Oňa bu: “Seni bir ertmeli ýerimize erteli, onsoň ýene bir etjegim bardyr” diýilýäne meňzeýärdi.

Ol şol barmana arzyny aýdyp, NKWD-çilere tarap öwrüldi.

– Hany biraz aýak çekeliň, ýigitler! Ädigimiň içine daşmy bir zat giripdir-de, aýagyma çümüp asla ynjallyk berenok, şony bir aýraýyn!? – diýdi. Soňam olaryň rugsadyna hem garaşyp durman, ýol gyraraga çekilip, aşak oturdy-da, bir aýagynyň ädigini çykardy.

Nurjuma biraz kejigýänligi üçin, özüniň gozgalaň tapyp, saňňyldabrak ugran goluny ädiginiň gonjuna sokup, ol ýerden öz aýagyna batýan ýaly bolan daş bölegini gözläp oturdy. Içinden bolsa özüniň ne günlere galyp ýöreniniň sebäbini biljek bolup, dyrjaşyp ýene-de alasarmyk oýa berildi.

Wagtal-wagtalam ol göz gytagy bilen bir-birleriniň ýüzlerine seredişip, onuň bu hereketiniň halamadyk ýaly ýüzlerini asyşyp, özüniň gözleýän zadyny garaşyp duran agyr ýüzli NKWD-çilere-de seredip goýberýärdi. Emma näçe gözlese-de, aslynda ýok zat ne ädigiň gonjundan tapyldy, ne-de onuň burnundan.

Nurjuma ädigini täzeden geýmek üçin dolagyny çolanyp otyrka, gözlän zadynyň tapylmadygyna jogap okaýan äheňde:

– Ýaňy ilki ädigimi aşak tutup silkenimde gaçan bolmaly-da – diýip, ýöwsel gürledi.

Eger şu pursatda ýeňseden bir ýerden gülki gatyşykly ýaňsyly tanyş ses eşidilmedik bolanlygynda, ol ädigini geýip,

ýene-de NKWD-çileriň öňüne düşmekçidi.

– Nurjuma başlyk, näme ädigiň içini beýle dörünýäň welin, ol ýerden özüň gaçyp, girere deşik gözleýärmiň?

Nurjuma gulagyna kaklyşandan Ýagdynyň sesini tanady. Ol ýalta ses gelen tarapa öwrülen mahaly Ýagdynyň öýüniň gapdalynda özüni synlap, göhi gelme bilen hezil edip duranyny gördi.

Görendenem ol özüniň ýüregini ýerinden gozgamak üçin munuň Ýagdynyň ýörite gurnan oýnudygyna düşündi. Ol oturan ýerinden syçrap turdy-da, elindäki geýmekçi bolup häzirlän ädigini zybyrdadyp, Ýagda tarap aýlap saldy.

– Haý, seniň bir ýekegapan-doňuz, ýedi arkaňy eýläp-eýläp... – diýip, oňa jany ýangynly sögündi.

Nurjumanyň diňe häzir özüniň Taganlaryň sylgymynyň gapdalyndan geçip, Narly gamyşçynyň öýüniň duşuna ýetip gelenligine aň etdi.

Ýagdy Narly gamyşçynyň öýleriniň ýol tarapyna çykalap gamyş aýlan ýeriň gapysynyň öňünde öz guran oýnundan hezil tapmak bilen, ýylgyryp seredip durdy.

Ýagdy aňyrdan gelşine özüniň oýnalanyna gahary gelip, der-gazap bolup duran dostuny keýpihon gujaklady. Soňundanam gadyr edip, NKDW-çiler bilen bile saçak başyna çagardy.

...Şu gün Ýagdy günortanlar goýun soýduryp durka onda: «Şunuň şoruny Nurjuma bilen iýäýsem» diýen pikir döräpdi. Bile işläp ugranlary bäri olar öňem şeýdip, “jora-jora” bolşup, käte saçak başynda oturardylar, bu bolsa käbir köpe geňeşip durman ikiçäk çözmeli meseleleri düşünişip çözmäge olara has amatly bolardy. Nahar başynda Ýagdy her gezek «Ýadawlygy sowmak üçin» birki bulgur göndermegi kem görmezdi. Özi-de jähenneme giden ýoldaş agtarar edip, her gezek içende Nurjumaň içmejegini bilse-de, «Al, senem ýoldaş bolaý!» diýip, oňa hödür ederdi. Ol:

– Içjek däl, içiber içýän bolsaň özüň! – diýensoň bolsa, ol bir zady ýadyna salandan bolup: «Hä, sen içme, seniň onsuzam kelläň düzüw däl. Bizem muny bir salymam bolsa sen ýaly bolup,

bir sämäp, dünýäni unudyp almak üçin içýäris» diýip, oňa degerdi. Şundan soň, hamala, şuranyň diýşi ýaly, olar deňleşen deý bolup, gepler hasam alşardy. Iki dost saçak başynda hezil edişip, iýşip-içişip, birde jedelleşip, birde ylalaşyp, hezil tapyşyp oturardylar.

Ýagdynyň pikiriçe, bu gezekdäki oturylyşygam şeýle düşünişilip, dostlarça oturylan oturylyşyklaryň biri bolmalydy.

Ol häli gapyda goýun soýlup durka:

Bar Nurjuma aýt, agşam ýygnak, raýondanam wekil gatnaşaýmagam mümkin, wagtyragynda oba gelsin! – diýip, onuň yzyndan iş üstüne jigidini ugradypdy. Ýaňyrak bolsa ol Nurjumanyň gaýraky ýol bilen öýüne tarap geçip barýanyny görüpdi.

Eger goýun soýlup durka: “Goňşy oba barýas” diýip, ýene iki sany tanyş NKWD işgäri gelmedik bolanlygynda bu garagol pikir Ýagdynyň kellesine gelmese-de gelmezdi.

Ýagdy Nurjumanyň ýakynda raýon ýygnagynda, ýanalmaga berilmekçi bolunýan adamlaryň arkasyny alyp, NKWD berilmeli sanaw meselesinde ondan nägile bolupdy. Munuň üçin oňa bir çola ýerde düşündirip, dostlarça igenesi-de gelip ýördi.

Tanyş NKWD-çileri görüp, onuň şundan peýdalanyp, Nurjumanyň başyna bir oýun salyp alasy gelipdi. NKWD-çilere maksadyny aýdyp, Nurjumany çyna berimsiz tussag edip, öňe salyp gelmegi olardan haýyş edipdi.

Bu synagyň Nurjuma ýeňil düşmejegiňi ýatlabam hezil edipdi. Sebäbi basdaşlarça hiç babatda-da onuň Nurjumadan pes oturasy gelmeýärdi.

...Şol ýygnakdan çykylansoňam ýolda olaryň arasynda hersi bir perdeden gopýanlygy sebäpli çekeleşige meňzeşräk, dartgy-çekgili ýagdaý bolupdy Ýagdy:

– Eý, Şallak, sen bir öz gepiňi dogry etjek bolup, şallaklap ugrasaň, nirede, näme diýýäniňem unudaýýaň-ow...

– Hä, näme, eýsem, adamlar işlänokmy? Obanyň ulusy-kiçisiniň hemmesi eplikde-ýaplyk bolşup, gijesi, gündizi ýok işleşip ýörmänmi, eýsem? Ýagyn ýeneki bolup, iş bökdese, olar

nätsin? Sähel, haýsydyr bir ýerde, adamlara bagly bolmadyk sebäplere görä, iş bökdençlik tapylsa bolany. Onsoň, hamala, bilkastlaýyn edilen ýaly, organlar sümsünişip, il içinden tersçil gözläp ugraýarlar...

– Şallak, seňki dogry, ýöne beýle abraýly ýygnakda, beýle hörpde geplemek bolanok. Sen şuny beleňok. Tankyt etseler, diňle-de bor, ederis diý, tankytdan tiz netije çykararys diý-de, sow belany başyňdan. Hoşuň nä atasy ölüpmi? Onsowam entek senden öňde men bar-a. Ol tankytlar esasy maňa diýlip aýdylýar-a...

– Aý, durup bilmedim-dä.

– Saklanmaly ýerinde, saklanmaly. Saňa-da indi şu ýagdaýlary bilere, düşünere wagt bireýýäm boldy. Telim ýyl bäri başlyk bolup ýörsüň-ä. Olar sensiz-mensizem kimi basasy gelse basar, kimi sürgün edesi gelse, sürgün ederler. Ýolbaşçy hökmünde bize sala salan bolsalar-da, olar ahyrynda öz diýenlerini ederler... Näme etseler, şony etsinler... Sen bolsa: “Adamlaň arkasyny alaňok, basdyryp, çapdyryp obaň adamsyny tükedersiň” diýip, menden nägile. Döwre bap bolmaly, döwre bap. Eger şeýtmesek, ol syrtmagyň syrygyp, biziň öz başymyzdan düşmegi hem daşda däldir...

Barybir şonda-da yňdyrma Nurjumanyň Ýagda hä diýesi gelmändi. Henizem ony obadaşlarynyň ykbalyna parhyz hasaplaýardy.

Nurjumanyň, dogrudanam, ýygnakdaky bolşy hökümet-partiýa halky sosializme, komminizme ýetirjek bolup, alada edýän mahalynda, oňa aýakbagy bolýanlary, ekin içinde biten haşal ot ýaly, goparyp-goparyp aýyrýan mahalynda, ýolbaşçy halyna onuň işini goldamagyň ýerine, gaýtam gaňryşyna gaýdýan hörpde görlüpdi. Şeýdibem, Ýagdy “Seniň başlygynyň syýasy düşünjesi kämil däl... Düşündir oňa özüň şeýle ýerlerde özüni nähili alyp barmalydygyny, ýogsam onuň bilen özümiz gyzyklanyp ugramaly bolarys...” diýdirip, duýduryşly igenç hem eşitmeli bolupdy.

Edeni öňünden ýöräp, diýeni bitip, göwni çykyp ýören

Ýagdynyň Nurjumanyň bu eden tekepbirligine şonda dik janyny ýakypdy. Şondan bärigem ol nädibem bolsa, Nurjumanyň bir suwuna degip almak niýeti bilen şeýle bir amatly pursady peýläp ýördi. Tanyş NKWD işgärleriniň gelmegi, onuň gökdäki dileginiň ýerde gowuşmasy bolupdy.

Oturylyp iýlip-içilensoň, NKWD-çiler hoşlaşyp, öz ýollaryna gidenlerinden soň, indi köşeşip, biraz jany aram tapan Nurjumada öz öýüne gaýdarman boldy.

Mymyjak agşam şemaly töwerekdäki bag şahalaryny ykjadyp sypaýardy.

Derçigen Ýagdy donuny ýelbegeý alyp, Nurjumany ugratmaga daş çykdy. Gije goýalyp, asmandaky ýere yhlasy artan penje-penje ýyldyzlaryň ýüzi häzir hasam nurlanypdy. Asman ýüzünde gijigip dogjak Aýa garaşylýan küýsegli ymtylyş duýuýardy.

Nurjumanyň gapdaly bilen çöpürli kükregini lezzet almak bilen sypalap gelýän ýarym serhoş Ýagdy howlyň gapysyna ýetiberenlerinde, ýene-de hezil tapma bilen ýylgyrdy.

– Hany, Şallak, sen şony aýtsana!? Ýaňy NKWD-çiler yzyňdan baranda nätdiň, syrtyň müňküldedimi? Ýok, hany şony aýtsana sen? – diýip, ol ýene hezil tapyp degnip güldi.

– Aý, ýok bolsanaý, haram doňuz!

– Ýok, sen sögseň sög. Ýöne ejeme ýetmeseň bolýar. Oňa ýetseň, häzir kakam eşitdigi, gapdalynda arlap, meniň ýerimi eýelejek bolýan kim ol? – diýip, gygyryp çykar. Ýöne sen gönüňden gelsene, Şallak?

Ýagdy ýene-de buduna şapbatlap, hezil edip güldi. Nurjuma:

– Göwnüme her belalar geldi. Hasam çagalary alada etdim. Yzymyzy tutar diýsek, ikimizde oglam-a ýok – diýip, Nurjuma diňe şundan soň utulanyny boýun aldy.

– Garrap barmandyrys entek, gelinleri çekelärligimiz bar. Gyz getiren etek bir gün oglam getir – diýip, Ýagdy indi oýurganyp, özüne hem dostuna göwünlik berijilikli gürledi. Bu meselede olar bada-bat düşünişdiler.

Ýagdy soňam adaty gepleýiş hörpünde:

– Ine, şallak batyr, gepem şunda – diýip, Ýagdy ýene-de öňki gürrüňine dolanyp geldi. NKWD-çiler, ýenekiler ýanap, birisini jyn edinenlerinde, olaryň arkasyny, elbetde, meniňem alasym gelýär. Muny bolsa organlar halajak däl, “Gaýta bu-da şular bilen bile eken” diýip, maňa-da müňkür boljaklar. Olara-da pylança adam tutmaly-basmaly diýlip berilýän ýörite buýruk-görkezmeler bar. Sen bol, men bol bu tüweleýiň öňünde durup bilmeris. Hemmesine bolmasa-da, birnäçe adamyň aýagyny sallap gitmegine menem gynanýan. Ýöne seniň garyndaşyň Kymyşlar, Gully eminler ýalylara welin gynanamok. Hemişe şolar gowy iýip, gowy geýmeli, il içinde mertebede bolmaly diýlen zat nirede barmyş? Olar bolan bolsalar, häzir ikimiz sala düşýän pylankes bolmazdyk. “Çem gelen döwrany eliňden berme!” diýilmänmi näme!? Eger olara wepadarlyk bildirsek, onda biziňem beýlekiler ýaly NKWD-äniň öňüne düşjek günümiz uzakda däldir.

Nurjuma onuň diýýänleriniň köpüsi bilen ylalaşýan-da bolsa, onuň Gully eminlerdir Kymyşlar barada diýenlerine welin ýene-de hä beresi gelmedi.

Howludan çykan ýerinde Nurjuma öz atynyň gapdalda iltelgi duranyny görende, ilki geň galdy:

– Beh, bu meniň atym ýaly-la? – diýip, ol atyna tarap çiňňerildi. Atam eýesini tanap, çalarak özüni tanadyp, sähelçe bir aýagy bilen ýer depjäp hokrandy. Diňe şu wagt onuň aýalyna näme etjegini bilmän aljyrap: «Aty Ýagdylara ertiň!» diýeni ýadyna düşdi.

Ýagdy:

– Atyňy ýaňy aýalyň getirip gidipdir – diýip, soňam ýene hezil tapma, gepine henek gatma bilen: – Aýalyň NKWD-äniň deminden sypansoňam, seniň bir zada münäýmeseň, öýe aşmaga aýaklaryňda gurbat galmajagyny bilendir – diýip güldi. Nurjuma uludan demini alyp, bir zat diýerli görünse-de, hiç zat diýmedi, dymdy.

Olar ýyldyzlaryň aşagynda ýene biraz iş-aladalar barada

gürleşip duransoňlar, iki günden raýonda boljak ýygnagy ýatlaşyp, oňa ýetişmek üçin, şol gün irräkden ýola düşmegi maslahat edişip hoşlaşdylar.

* * *

Buhara goşunlarynyň generaly Ýarmat han türkmenleri türk ofiseri Selim bilen bilelikde dag aralygyndaky açyk meýdançadaky bellenilen ýerde garşylady. General häzir emir huzurynda geçjek dabara gatnaşjak ýaly, derejesine laýyklap gowy geýnipdir. Birsydyrgyn ýewropalarça harby lybasyň üstünden ýeňleri, ýakalary altyn sapaklar bilen tikilip sünnälenen Buhara donuny geýip, hasam dabaralanypdyr. Eşşi han Buhara begzadasynyň huzuryna orta ýolda öňlerinden çykan ýolbeledi öňüne salyp, özüniň maslahatçy işanydyr ýaňydan bäri ýüzbaşy bolup ýören Ahmet bilen bile bardy.

Ýarmat han türkmenleri gelmeli ýere gelmeli wagtyndan gijigip gelen hasap edenligi üçin, gele-gelmäne olara nägilelik bildirdi:

– Türkmenler, biz size geçen hepde garaşdyk! – generalyň gep saluwynda hemle-de bardy, talabam.

Eýeriň gaşyna jylawy taşlan Eşşi han göwresini serdarlarça dik tutup oturyşyna generalyň igenjini özüni arkaýyn alyp barşy bilen, piňine almazlyk bilen nygtap agras dillendi:

– Biz bolsa häzir geldik!

Eşşi hany öňden tanaýan, onuň hiç kimden aňsat gep alyp galmajagyny bilýän generalyň gapdalynda duran türk ofiseri gele-gelmäne ara jetleşik düşüp barýan ýaly görüp, bu dartgynlylygyň sypaýyçylyk, tapbilenlik bilen bada-bat öňüni almak bilen boldy. Atyny debsiläp, Eşşä golaý baryp, onuň bilen köne tanyşlarça gadyrly salamlaşdy. Gürrüňi ýeneki bir akaba sowdy.

– Han agamyzyň taby nähilidir? – diýip, soňam ondan ilgeziklik bilen Jüneýit han barada sorady.

– Hudaýa şükür, dädemiň hal-ahwaly ganymat! – diýip, Eşşi

han hem oňa minnetdarlyk bilen jogap gaýtardy.

– Biziňem han dädäni şol görüp gaýdyşymyz, köpden bäri onuň bilen görşübem bolanok, bir barasym-a gelýär özün-ä...

– Gelmeli-dä. O-da sizi stambully doganymyz – diýip ýatlaýar.

Bu türk ofiseri bäş-alty aýlykda iňlis ofiseri Jeferson bilen Jüneýit hanyň ýanyna baryp, onuň bilen sowetlerden goranmak üçin serhetden geçip gelen adamlary goşun güýjüne öwürmegiň maslahatyny edip, oňa ýeriň giňinde, birtopar ýarag, engam söz berip gaýdan adamlaryň biridi. Eşşi häzir oňa ol zatlar barada gönüläp bir zat diýmese-de, Selim türk onuň gep saluwynda «Hany, ol göleli sygyrdan näme habar? Iňlis bilen birtopar zat wada berip gaýdypdyňyz, onuň yzy bolmady-la?” diýen äheňiň barlygyny welin anyk duýdy. Eşşi han türk ofiseriniň dädesini soramagynyň aňyrsynda ýene näme gep barlygyna salam-helik wagty oňly aň etmedigem bolsa, munuň şeýledigine soňra tiz düşündi. Türküň bu gepi: «Emir hezretleriniň öz çakylygyna dagy biz-ä Jüneýit hanyň özi atlylaryna baş bolup geler öýtdük!» diýen äheň bardy.

Gijrägem bolsa, Eşşiniň bu gepi jogapsyz galdyrasy gelmedi.

Ol başyndaky burmalary seçelenip duran silkme telpegini bir pursat başyndan çykarly bolup gysymlap alansoň, boljak gürrüňiň ugruny aňynda sazlady.

– Hany emir hezretleriniň özleri görnenok-la. Ýa-da ol başga ugurrakdamydyr?

Eşşiniň soragyna türkden öňürdip, general jogap berdi:

– Beýle ownuk çaknyşyklarda emir hezretlerini alada goýmagyň geregi näme?

Ol bu gepi “Ol bolmasa, özümiz bar-a, bu işiň başynda duran” diýen hörpde endigine görä, biraz badyhowalyk bilen diýdi.

– Dogry edipsiňiz, jenap general. Bizem dädemiziň hut özüniň beýle ownuk işler üçin ata çykmagyny makul bilmedik – diýdi.

Emir baýlygynyň dawasy dag içinde indi birki aýa golaý

wagtdan bäri ganly, ikitaraplaýyn çaknyşyklar bilen dowam edýände bolsa, ol entek öz çözgüdini tapyp, islegli netijesini bermändi. Baýlygyň bir bölegini eýelän Fazyl Magsym kurbaşynyň onuň üstünden turasy gelmeýärdi. Onuň adamlary dag içinde generalyň üstlerine öz sürüp gelen goşun güýçleri bilen gandöküşikli gaça söweşler alyp barýardylar. Kurbaşy bilen gaýta-gaýta alnyp barlan gepleşiklerem heniz bolubam hiç hili netije bermändi. Asla-da ol töwella alarly hem däldi.

General Ýarmat han biraz mundan ozal kurbaşyny güýç bilen syndyrmak üçin, emir hezretlerinden ýene-de goşun güýçlerini sorapdy. Ýeterlik goşun güýji bolanlygynda ony özüniň bu başbozarlary alyp ýatjagyna ynandyrypdy.

Bu bolsa emiriň Jüneýit han bilen bir-biregi gerek ýerinde goldamak bilen bagly iki taraplaýyn edilen ähti-peýmanyny ýatlamagyna sebäp bolupdy.

Garaşylan türkmen güýçleri gelip ýetişensoň, Buhara emiriniň baýlygynyň halas etmek meselesiniň geňeşi şol duşulan ýerden uzak bolmadyk, amatly hasap edilip, ýörite çadyr tutulyp, naz-nygmat taýynlanan ýerde – saçak başynda dowam etdirildi. Bu ýerde dag daşlarynyň bir hatary jülgä tarap giňelip, ol ýeri bölüp goltugyna alana meňzäp oturan eken. Gapdaldanam ownukly-irili daşjagazlaryna urlup, süýkelip, süýnüp, çeşme suwy böreň berip akyp ýatyr. Töwerekde birnäçe tarapdan dag gerişleri ulgamlanyp, giňişligi gallap durmagy bu ýerde ertirden bäri ýelpäp ösýän çapgyn şemalyňam gowy badyny alýan eken. Şonuň üçinem bu gabawdaky ýeriň howasynyň demi has mylaýymdy.

Öňden çykylyp, atlar tutulanyna mähetde hyzmatda bolup ýörenleriň birnäçesi olary iýmläp, suwlap ugurlaryna seretmek üçin, hol beýlede atlaryň saklanylýan ýerine äkidildi. Ýene birtopar adam gazandyr ojaklaryň töwereginde gowadaklaşyp, naz-nygmatlar taýynlap, mertebeli begzadalary hezzetlemegiň ugrunda bolşup ýördüler.

Üç-dört adam gapdalda bir ýerde ýaňyrak dagdan atylyp alnyp getirilen keýik etinden kebäp taýynlaýardylar. Jülgäni "byž-ž"

edişip, bişip duran kebabyň şireliden ýakymly ysy tutupdy. Onuň ysy adam barynyň agzyny suwardyp gultundyrýardy.

Maslahat nahar başynda sala salyjylykly aram ýagdaýda dowam etdirildi. Hazynany ele salanlaryň oňa emir bilen deň dawagärligi, olaryň çem gelen döwlet-rysgaly aňsat gowulyk bilen eýesine gaýtarmak meýliniň ýoklugy, ony golda saklamak üçin olaryň her hili ýagdaýlara taýyndygy ýatlanyldy. Jansyzlardan gelip gowşan maglumatlara görä, garşydaşlar „Uly jülge” atly jülge ulgamynyň dag depesine alyp barýan telim ýerinde ýerleşendikleri bilinýärdi. Garşylykly güýçler şonuň üçinem baýlygyň saklanýan ýeriniňem ondan uzakda däldigi çen edilýärdiler. Maslahatda hazyna ogrularynyň güýçlerine garşy üç ýerden hüjüm etmeli diýlen karara gelindi.

Eşşi han bilen emiriň giýewsi Asadulla han dagynyň hersi gapdaldaky jülgeleriň biri boýunça hereket etmek tabşyryldy. General Ýarmat hanyň ýolbaşçylygyndaky esasy güýçler, gerek bolanda iki gapdaldaky bölümlere-de kömek bermäge amatly bolar ýaly, ortadaky uly jülgeden ýöremeli edildi.

Ölçelip-çenelip ýöriş maslahaty bişirilensoň, Eşşi han hem öz ýanyndaky işanydyr Ahmet bilen köwejekleşip, daş-töwerekde bolup ýören janpena-attutarlaryny hem alyp yzyna dolandylar.

Eşşi han maslahat bolan gününiň ertesi, biraz dynç alyşlykdan soň, öz adamlaryny ýene ata çykardy. Töwerek alagaraňkydy. Adamlar gyssagly gapdallaryndan telpeklerini tapyp alyp, gije eginden çykarman ýylnan üsti-üstüne goşadan geýen donlarynyň ýakalaryny düzedişdirip, guşaklaryny täzeden çekip guşaşyp özlerini ýola taýynlap, geýindiklerem gap-gaçlardyr tüňçelerini horjundaky öz ýerine ýerleşdirip, bölek-bölek ýola häzirlenilip durlan atlara tarap howlukdylar.

Ahmet daga Eşşiniň topary bilen aýratyn bir bölek bolup düşlän tarapyndan alagaraňkyda wagtal-wagtal emeldarraklaryň haýsydyr biriniň töweregini tijäp, jabjynýan hemleliden talaply sesleri eşidilýärdi.

– Çakganrak, çakganrak. Ih, Mätek, sen entegem, goş-

golamyňa çolaşyp, onyňy-munyňy tutuşdyran bolup mazamlap durmuň?

– Aý, ýok bolsan-aý, zaňňar. Munuň şu gyssag arada men bilen taşlaşasy gelýär.

– Kim ol eý, ýene-de onda itinip duran!?

– Han aga atlandymy?

– Han aga galarmy bu wagta.

– Ine, menem häzir onda. Şu guşagymy guşandygym eýere gondy biläý.

– Çakganrak, çakganrak! Bir saňa garaşyp, eglenç edip durmaga wagt ýok!

Adamlary häzir hemişe ýöriş mahaly bolýan, näbellilik bilen bagly aladalar gurşap alypdy. Eşşi hanyň toplumy howul-haralykda her pursatda garşylygyň ýüz bermegine garaşma bilen jülgäni ýokarlygyna daraklap ýöredi. Duşman duýdansyz ýüz beren mahaly ondan ahmal galmazlyk üçin, ýörite toplumdan bölünip öňe salan, töweregiň habaryny almaga ugradylan atlylar indi wagtal-wagtal, ikiden-üçden Eşşi hanyň ýanyna gelip, oňa ýoluň habaryny ýetirip durýardylar.

Dag ýoluny ýöremek bolsa indi gitdigiçe kynalma bilendi. Birde bir mähnet daş gapdaldan ýoly beklärli bolup süsnäp, öňünden çyksa, ýene birde at toýnaklaryny taýdyrarly bolup ýatan kötel ýola düşülýärdi. Şonuň üçinem adamlaram, atlaram öňkülerden tiz ýadadylar. Töwerekde yns-jyns ýok. Garaşylýan hazyna ogrulary yzlaryndan kowgy gelýänini eşidip, duran-duran ýerlerinden bir ýerlere baş göteren bolmaly-da. Olar soňam näçe garaşylsa-da, ne günortana çenli gabat gelindi, ne-de soňra. Eşşi han öz atlylary bilen düz ýere ýaýrap akýan çeşme çaýynyň içi bilen bir salkyn ýöränsoň, geriş bolup öňden çykan dag ulgamynyň bölünip, iki jülgä öwrülýän ýerine ýetildi.

Türkmenleriň bu barýan jülgesi kurbaşynyň adamlaryna duşulaýjagy pikir edilýän esasy ýerleriň biridi. Öňe düşen ýolbelet bu jülgeleriň öňde bir ýerlerde ýene-de häzirki aralykda geriş bolup dömen dag böleginiň daşyndan aýlanyp, bir-birine

goşulyşýanlygyny maglumat hökmünde aýtdy.

Eşşi han şundan soň emele gelen ýagdaýdan hasap tutup, jülgäniň iki tarapyny-da yzarlamaly bolanyna göz ýetirip, güýçleri ikä böldi. Ahmedi bäş-alty onlugyň onbaşylaryna baş belläp, olara özüniň çep gapdalyndan töweregi elek-sok edip barlap, ýöremegi tabşyrdy.

Han öz toplumy bilen general Ýarmat hana golaý, onuň bilen habarlaşyp durmagy amat hasap edip, sag ganaty saýlap ýöredi.

Ahmet serdar bolup, özüne ynanylan güýjüň öňüne düşensoň, bada-bat topary jebisleşdirmek üçin, degişli goşun onbegilerini ýanyna toplap, olara Eşşiniň güýçleri bilen nähili sazlaşykly hereket etmelidiklerini düşündirdi.

Häzir bu ýerde Ahmediň töwereginde jemlenişip, onuň berýän tabşyryk-buýruklaryny diňläp, görkezme alyp duranlaryň birem, bu sapara çykylanda hanyň töwereginde toplananlaryň sanynyň köpelip artmagy bilen, Ahmet ýüzbaşylyga seçilip, dostlarça onuň tagallasy bilen onbegi goýlan Bäpbedi.

Ýöne Ahmet dosty bolsa-da Bäpbäniň kelewçeräk ýagdaýyna belet bolansoňmy, Hanuma dawa salyp durmasyn diýdimi nämemi, Hanuma öýlenende, ony toýuna çagyrmandy.

Bäpbe birnäçe ýyl mundan ozal Hojam hanyň göçi bilen özi-de soňra maşgalasy bilen şol ýere aşma niýeti bilen barara gonalga ýer gözläp, baryljak ýeriň ýagdaýyny bilerli bolup barýarka Ahmet bilen ýolda gabatlaşanlary bäri olar bir-birleri bilen dostana hyzmatdaşlykdadylar.

Haçanda Annaguly han sowetlerden gaçyp, Tejen aýagynda hor-homsy ýaşap ýören ildeşlerinden “Gel-de bize baş bolup, Owgana aşyr!” diýip, haýyşly çakylyk alyp, bu aladanyň ugruna çykan mahaly Bäpbe-de öz maşgalasyny getirmek üçin onuň bilen ýurda giden adamlaryň biridi. Emma bu gezegem maşgalasyny sag-aman Owgana aşyrmak oňa miýesser etmändi. Müňlerçe maşgalalar ýaly onuň hem maşgalasy sowetler yzyndan ýetip, ýerden goşun güýçleri bilen hüjüm edip, asmandan uçarlardan bombalap paýhynlan, Owgan ýolunda galan maşgalalaryň biri

bolupdy. Bäpbe hem şol gezek maşgalasyny pida berip, sowetiň döreden dowzahyndan gaçyp sypan az sanly adamlarynyň biridi. Dürli ýerlerde ýaşaýandyklaryna seretmezden, Ahmet şol agyr günlerde hem oňa göwünlik, hemaýat berip, ysnyşykly ýakynlyk bildiripdi. Saparlara ýoldaş edinip onuň bilen bile gidip ugrapdy.

Bäpbe Hanumanyň Owgana gelip, Ahmede heleý bolup ýörenligini gelip-gelip indi eşidip ýördi. Eger bu ýagdaý bolmadyk ýa-da Bäpbe ol barada bilmedik bolanlygynda onda bu iki şepe aralygynda gadyrly gatnaşyk entegem dowam etmelidi.

...Nurberdi eşegiň bilmediklige salyp, bir zat sorandan bolup, ezberlik bilen gyjalat beriji äheňde aýdan gepi Bäpbäniň indi häli-şindi ýadyna düşüp, onuň mertebesini kemsidýärdi. Şeýdibem bu gep Ahmet bilen Bäpbäniň dostluk akabasynyň öňüne hykyladylyp basylan gyrmançaly böwet bolupdy.

Bäpbäniň nädibem bolsa özüne al salyp, aňňalak gapdyrany üçin, Ahmetden ýerine düşürip, ar alasy  gelýärdi.

Şonuň üçinem ol özüniň onbegi saýlananyna bakman, Eşşi hanyň ýene-de Ahmedi özge onbegilerden saýlap, has derejelendirmesinden nägiledi.

Ahmet görnüp ýüz berip barmasa-da, indi duşmanyň golaýda bolaýmagynyň mümkinligini pikir edip gelşine, üsti gapyl basdyrmazlyk aladasy bilen, häli-şindi aňtawçylaryny töwerege ýollarýardy. Özi hem wagtal-wagtal atynyň başyny çekip, töweregini boýurganyp, ünsli diňirgenýärdi.

Daglar bolsa henizem töwerekde erjellik bilen daş dişlerini gysyşyp, syrly dymýardylar.

Toparyň yzarlap gelýän jülgesi hem indi barha gysylyp-gabalanyp daralma bilendi. Soňra jülgäniň hasam daralyp, onuň ýoly doly ýapmagy hem indi daşda däldi. Eger şeýle bolsa, bu daglaryň belli bir wagta çenli adamlary ýesir aldygy boljakdy. Eşşi hanyň ýörän tarapyndan iki-ýeke tüpeň sesleri eşidilip ugran mahaly ýagynyň ýüz berip ugranlygy çen edildi. Atyndan düşüp, ony dar jülge bilen idip gelýän Ahmet tüpeň seslerini eşidip, onuň bilen gyzyklanyp aýak çekdi. Bu gabaw ýerde tüpeň sesleri,

gerlen keçedir haly düşege oklanan daş-kesek ýaly «tak-tuk» edip sähelçe eşidilýärdi.

Ahmet tüpeň seslerinden iki taraplaýyn atyşyklaryň başlananyna göz ýetirişi ýaly, ondan uly toparyň özlerinden çen bilen näçeräk aralykdadygyny hem anyklady. Dag jülgeleriniň aýlanyp öwrülip, adamlaryň enter-pelegini aýlap, özlerini her ýollardan salyp görýäni «Şu daglaryň-a özem bizi daglylara ýetirmän, azaşdyryp bir zat etjek öýdýän» diýip, onuň ynjaklyksyz pikire berlip aladalanmagyna sebäp bolýardy. El ugruna köseleç sakgalyny gysymlap daraklady. Ahmet başga wagty sakgalyny taýpy ýaly edip syrmagy, jahyl ýigit bolup gezmegi halaýan-da bolsa, ýöriş mahaly sakgal-murta oňly eli degmeýärdi. Oňa derek: «Içimi gysdyryp gelýär» diýip, saçyny welin nirede bolsa-da, syrdyryp, kellesini takyr, zamça ýaly edip gezmek onuň endigidi.

Şol arada öňe aňtawa gidenleriň biri elindäki bur tüpeňiniň gundagyndan gysymlap, aňyrdan howlugyp, ýegdekläp geldi.

– Ahmet serdar, indi ýoly bu ugurdan dowam etdirip bilmeýäs... Daşlar ýoly doly ýapypdyr – diýip, oňa habar getirdi.

Ahmet nätanyş ýerde daglaryň özlerini gabawa salmak howpunyň barlygyny ozaldan pikir edip gelýärdi. Bu habary eşidip, ol öz çakynyň dogry bolanlygyny bildi. Ahmet ýeňsä öwrülip, yz ýany bilen gelýän Bäpbä tarap gözledi. Bäpbe töweregindäki dagyň beýikligine çen urýan ýaly telpegini eli bilen tutup, dik depesine gözläp gelýärdi.

– Batyr, hany bir nas ber!

– Hany, sen nasy goýup ýördüň-le!

Bäpbe bu gepi eýýäm naskädisini gözläp, balagynyň jübüsini sermeläp durka aýtdy.

– Diýsem diýendirin. Öýländen soň erkek adamyň belli gepi bolarmy? – diýilmänmi näme. Nas bir naharda, bir gaharda diýleniniň ugry ýok däl. Birden dişim syrkyraýdy-da – diýip, ol o diýdigim, bu diýdigim däl diýen hörpde gepiň bir ýanyna sähelçe henek hem gatyp goýberdi.

Öňden barýanlar at başyny çekensoňlar, yzdan gelýänler hem dag ýesirligine düşülenini görüp, jülge içinde köpelen deý bolşup, hümerlenişip durdular. Hemmeler serkerde hökmünde öňe düşen Ahmediň ýol keserine garaşdy. Daglar türkmenleri gabawa salyp, bir salym çykalga gözläp, töweregi gözlämäge mejbur etdi. Indi nädibem bolsa, bu ýesirlikden baş alyp çykmak gerekdi.

Bir pursat näme ediljegi belli bolman, alasarmyk düşnüksiz ýagdaý emele geldi. Ozaldanam howa azalýan ýaly bolup, kapasap ugran dar jülgäni duran ýerlerini depeleşip duran atlaryň deridir siýdik-tezeginiň ajy ysy küкäp tutdy.

Hälem golaý-goltumda Buhara goşunlaryna gaýtargy bermek üçin, dagyň dürli ýerlerinde daş ýassanyp, garaşyp ýatan daglylaryň bolmazlygy bähbit boldy. Ýogsam topary häzir bu dar ýerde depeden daş gönderibem aňsatlyk bilen alyp ýatsa boljakdy.

Ahmet burça direlen ýagdaýdan çykalga gözläp, bir salym, hamala, öz sowalynyň jogabyny şol ýerden tapjagyna ynanýan ýaly, daşy gaban dag gerişlerine göz gezdirip durdy. Yzysüre-de haýal etmän, bu ýerden ýeňsä bir ýere çekilmelidiklerine düşündi.

Onýança, iki sany adam bilen ozup öňe gidip, ugruň habaryny alan ýolbelet Abdyrahman gaýdyp geldi. Ol gele-gelmäne-de Ahmede: «Serdar aga, ýaňy ýolda gelýärkäk saga sowgut edip duran bir gädige meňzeş ýer bardy. Meniň pikirimçe, biraz yza gaýdylyp, şondan ýörelse, kem bolmasa gerek” diýip, oňa häli oňly üns berilmän, gapdalyndan geçilen gädigi çykalga hökmünde ýatlatdy.

Adamlaryň birnäçesi ol gädige meňzeş yzda galan ýeri göz öňlerine getirişip, çen urşup, ony öz aralarynda seljerdiler. Ýeňseräkde atyny jylawlap, soňraky beriljek buýruga garaşyp duran daýawdan pälwansypat Çatly:

– A-how adamlar, nädip ol tarapa öwrüljek, ol ýerde guşaklyga ýetip duran kert bar ahbetin – diýip, ondan nähili geçersiň diýen hörpde ol ýeri aladaly ýatlady. Onuň öň ýanynda duran Şyrty kel hem endigine görä, telpeginiň depesinden basyp:

«Ertekilerdäki ýaly ganatly atyň bolaýmasa-ha, aňsat ol gädikden geçäýmersiň” diýip, Çatlyň endişesine göwünjeň goşuldy.

– Çykalga-ha bar – diýip, adamlaryň göwnüçökgünlilige berlip barýanyny görüp, Abdyrahman ol sözüni soňlap-soňlamanka ara goşulyp, ýene öňki gürrüňine dolanyp geldi.

– Şol eňňidiň ýanynda dag biraz ýeňsä çekilip giňelipdir. Güýçli atlara ha, şol giňişlikden gowy bat alsa bökübem geçer. Ýaramazrak atlara bolsa özümiz hemaýat etmeli bolarys. Soňam ol maslahatly gürrüňini dowam etdirip, päsgelçilikden nähili geçmek barada öz pikirini aýtdy. – Näme kän şol töwerekde arça-kerkaw kän, alarys şolaryň çemliräklerden çapyp-çapyp... Araba goşan ýaly edibem olary atlaryň gapdalyna ýanap, sarap berkideris welin, soň güýç jemläp, şol ýanagaçlardan, homp berip hallan göter ederis welin, onsoň olary päsgelçilikden geçirmek juda bir kynam bolup durmaz! – diýip, sala salyjylykly teklip aýtdy.

Köpler Abdyrahmanyň maslahatyny unady. Gabawdan çykmagyň ýoly gyssagarada aýak üstünde bişirilensoň, topar atlaryň başyny ýeňsä aldy.

Göz öňüne tutulan ýere gelnip, görülmeli çäreler ýaramazyrak atlary hem görlensoň göterilip, ol päsgelçilikden geçirmek giden wagty alsa-da, şeýle bir kynam bolmady.

Özüne göwni ýetýän dyzmaç atlar bolsa öwrüm berip, badyny alansoňlar, ol päsgelçilikden aňsatlyk bilen böküp geçdiler.

Bu ýeriň kapas jülgeden tapawutlylykda endigan çigreklije seleň şemaly bar eken. Başy garly beýik daglaryň depesinden göterilen şemal, indi dag tereňligini hezil edip, türkmenleriň üstünden üfledi.

Atlylar töwereklerinde peýda bolan dag tebigatyny gowy görýän ýerlerine syýahata gelen ýaly höwesli synladylar.

Topar töweregiň seleňleşip, gök direşip duran dag gerişleriniň arasy bilen bir sellem ýöränsoňlar, daglaryň ýene-de barha daralyp, özlerini gabawa salyp barýanyny gördüler. Emma topar bu degräň ýat ýerdigini göz öňünde tutup, hatyrjem hereket

edýän-de bolsa, daglylaryň ýüz bermesi atlylar üçin ýene-de garaşylmadyk duýdansyzlyk boldy.

Bu mahal eýýäm atlylar jülgäniň gysylyp daralan ýerine ýetip barypdylar. Adamlar ýokarsyna gözläp, ses-goh gelýän tarapyna sereden mahallarynda öz depelerinden giden dag daşlarynyň ala güpürdi bolup, inip gelýändiklerini gördüler.

Daşlarynyň käbir ululary şeýle bir mazardat bolup madallak atyp, her galtaşan ýeriniň daşlaryny hem ýüzüniň ugruna goparyp, aňyrdan şeýle bir eňterilişip gelýändirler welin, sähelçe wagt içinde tutuş jülgäni daşa basdyrarly görünýärdi. Atlar ürküşip, çarpaýa göterilişip, özlerini kesä zyňşyp, üstlerinde oturan adamlary atyp-atyp urarly göründiler.

Ahmet nämeniň nämeligine tiz göz ýetirip, erjellik bilen aljyramazdan, ýagdaýy bada öz eline aldy. Atynyň başyny ýeňsä alyp, daşlaryň inip gelýän ýerinden biraz gapdala çekilensoň, toparyň ortasynda duran ýerinden serdarlarça öz maslahat buýruklaryny tekrarlap ugrady.

Hemmelerden howpsuz aralyga çekilmegi talap edip, yzysüre-de ýaraglary asmana gönükdirip, daş inip gelýän ýapynyň ýokarsyny oka tutmagy buýurdy. Ýerli-ýerden atylýan oklaryň birazdan daglylaryň gylawyny alany belli bolup, daş inmesi başlanyşy ýaly-da duýdansyz kesildi. Dag depesini tüpeňläp duran Ahmet şundan soň, töwereginem öz yzy bilen çagyryp, gyssagly hüjüme geçdi.

Adamlaryň topar tutman, her ýerräkden hereket etmegini talap edip, topar öňi bolup özi daga dyrmyşmaga başlady. Şol bir wagtda hem mahal-mahal durlup, dyza göterilip, daglylary oka tutmak dowam etdirildi.

Öňde goýlan hökümli buýruk kesgindi: Her zat edip, dag depesine göterilip, ol ýerdäki depeden daş döküp, gaýduwsyz göreşýän kurbaşynyň goşun güýçlerini alyp ýatmalydy. Hüjüme geçen toparlar, depeden inýän daş böleklerinden bukulyp, mümkin boldugyndan, seresap hereket etmäge çalyşýardylar. Ýokardan eňterilýän daşlara gabat gelip, olar bilen togarlanyp,

aşaklygyna armanly gygyryp gaýdanlaram ýok däldi. Aram-aramam, hamala, oklanylmaga taýynlan daşlar tükenene meňzäp, daş oklanmasynyň arasy bir pursat kesilýärdi.

Ýapynyň ýüzi bilen adamlaryň bir toplumy Bäpbäni töwerekläp, ibirtde-zibirt bolşup, daş ýagmasynyň yzy kesilenine mähetdel gerek ýerinde daşlaryň öňünden sowulmaga çalşyp, süýşenekleşip, uly toplumyň bir ganaty bolşup, ber-başagaý halda barýardylar. Adamlar häzir näçe tiz hereket etseler, şonça-da az ýitgi bilen özleriniň garşydaşlaryny alyp ýatjaklaryna ynanýardylar.

Daş ýüzünde daşa ýelmenişip, müňedekleşip barýan adamlar häzir haýsydyr bir görülmedik ýagyş gurbagalaryny ýatladyp, towsuşyp, ondan oňa göç edýärdiler, ýagyş damjalarynyň aralygyndan geçýän ýaly çus hereket etmäge çalyşýardylar.

Bäpbe Ahmediň toparyň sag ganatynda mahal-mahal dag depesini tüpeňläp, töweregine helabas berip barýanyny görýärdi. Depeden daş iniberse bolsa, ol ýene-de ýere ýapyrylyp, daşlardan goranmak, onuň öňünden sowulmak bilen bolýardy. Bir ýerde uzak saklanman, ondan oňa göç edip, topary jebislikde dag depesine alyp barýardy.

Hanumanyň Owgana gelip, Ahmede heleý bolup ýörenini eşideni bäri Bäpbäniň kalby Ahmet meselesinde birahatdan hossaly urýardy. Bu oýunda özüniň ondan utulanyna hym baglap kemsinýärdi. Ýöne şol bir wagtda hem onuň oýunda entegem doly utulanyna ynanasy gelmeýärdi. Bu barada her gezek oýlanan mahaly onuň öýke-kinesi öz-özünde duşmançylykly pikirlere öwrülýärdi.

Niýetini bozup, ol eýýäm Ahmediň kastyna peýlenibem ugrapdy.

Bu gezek ol gapdaldan Ahmediň dag ýapysy bilen töweregini hüjüme tijäp, öňe topulyp barşyny gören mahaly, ol öz garaşan amatly pursadynyň gelenligine ynandy.

Garma-gürmelikden peýdalanyp, Ahmedi alyp ýatarman boldy. Şeýdip bolsa munuň bir okda iki towşan urdugy – hem

Ahmetden ar aldygy, hem munuň Hanumany täzeden ele salmak boljagyna göwün çaglamaly mümkinçilikdi. Şu pursatda onuň gulagyna Nurberdi eşegiň hem ýaňsyly sesi gelip giden ýaly boldy. Peltesine ot degen Bäpbe nädip ýaragyny Ahmede öwrenini duýmanam galdy.

Ahmet häzir öňden düňreýip çykan dag daşlarynyň birini penalap, dag depesini mahal-mahal tüpeňläp, ýatyp-turup töweregini gyssagly aňyrlygyn alyp barýardy.

Emma Bäpbe Ahmedi nyşanalap atsa-da atdy welin, şu pursatda düýpden garaşylmadyk bir ýagdaý boldy duruberdi. Onuň Ahmede niýetlä atan oky, şol pursatda ýatan ýerinden turup, öňe topulyp, Ahmet bilen deňleşen başga bir hüjümçiniň birine degdi. Garaşylmadyk tarapyndan atylan okdan uçan biçäre Bäpbä tarap öwrülip: “Ah bolmad-ow” diýip, armanly nagra çekensoň, şol duran ýerinden gapdala togarlandy.

Ahmede niýetläp atan okunyň başga bir bu dawa hilesiz bendäni alyp ýatanyny gören, peltesine ot degen Bäpbe şundan soň ahmyr bilen daş ýumruklap, gandar bolanyna ökündi.

Emma başagaýlykda bu oky kimiň nireden atanlygy belli bolman, ol bende hem soňra seljerişler geçirilmezden, urşuň ýitgileriniň hasabyna goşulan pidalaryň biri boldy.

Birazdan ýokardan eňterilýän daş bölekleriniň selçeňlemegi bilen aşakdan dynuwsyz ýagdyrylýan oklaryň indi duşmana hezil bermeýänligi hasam belli bolup ugrady. Ahmet bu ýagdaýa syn salyp.. “...Bularyň ýa bize niýetläp taýynlan daşlary gutardy, ýa-da olar biziň atýan oklarymyzyň öňünde durup bilmän, yza çekilmäge mejbur boldular” diýip çen etdi. Şowlulygyň öz öňlerinden çykanlygyna ynanan adamlar şundan soň hasam batyrgaý hereket etdiler.

Daglylara şundan soň Buhara emiriniň birleşen güýçlerine garşy durup, dag depesini uzak saklamak başartmady.

Ahmet dagy elhal diýip, dag depesine çykan wagty daglylar eýýäm bu ýerde ýokdular. Töwerekde onda-munda okdan uçan adamlaryň bäş-altysynyň gyssag arada ýygnalmadyk jesedi

ýatyrdy. Beýlekileriň bolsa gaçyşyp, janlaryny gutarandyklary belli boldy.

Türkmenler dag ýokarsyndaky giňişlige göterilensoňlar hem gaçan dagly urşujylary yzarlap kowmaga gyssanmadylar. Eýýäm ýüzüni garaňkyradyp, kör garaňky düşübem ugrapdy. Hamala, kowgynyň bolmalygyny islemedik ýaly gijäniň hem daglylaryň arkasyny alanlygy belli boldy. Uzakly gün aýak üstünde bolup, daglylar bilen atyşyp, ýetişip urşan türkmenlere hem, mümkin boldugyndan, dem-dynç almaga, atlary aşakdan getirip, iýmläp, suwlamaga kemem bolmady. Ýöne howlugylýanlygy üçin şol günüň ertesi, daňdanlar eýýäm gijäniň etegi çyzylandan ýene-de gaýtadan Gün dogaryna-da garaşman, howlukmaç atlanyldy. Bu ýerde Eşşi handyr general Ýarmat hanyň atlylaryna duşular öýdülse-de, emma olar bilen wagty bilen gabatlaşylmady. Soňraky gözleglerem olaryň entek bu golaý-goltumda ýoklugyny görkezdi, olar golaý bolsa gijäň tereňliginde atyşyk sesleri ýenekem göçgün ýaň alyp, eşidiläýmelem ýaly welin, ýöne näçe diňirgenilse-de, wagty bilen ne ok sesi eşidildi, ne habar-hatyr gelip gowuşdy. Jülgelenip bölünen dag ulgamynyň bu toplumy jelagaýda goýmanlygy belli boldy.

Ertir gündizlikde görlüp oturylsa, bu töwerekde barlygy pikir edilýän obaçylyklar bu goralan dag depelerinden şeýle bir uzakda hem däl eken. Olar jülge aralarynda ýerleşen ekenler. Dag depeleriniň ýazgyn ýanbaşlarynyň üstünde bölek-büçek bolşup, bir-birlerinden uzak bolmadyk aralyklarda dag obalarynyň çolalygy bolup oturyşy olary birde bu gyrgynçylykly uruşdan habarsyz ýaly görkezse, ýene birde zor-görüp, janly-jandarsyz taşlanyp gidilen obaçylyklara meňzedýärdiler. Göre gündizligine seretmezden, töwerekde adam-gara selçeň göze ilýärdi.

Atlylar öňünden çykan obalara sorag salyp, olary darap geçip gidip barýardylar. Olaryň köpüsi häzir Buhara emiriniň şol haýransyz diýilýän baýlygynyň üstünden heniz hiç hili esas bolmasa-da, hut özleri baraýjak ýaly, tamaly duýgulary başdan geçirýärdiler.

Obaçylyklarda duýdansyz gabat gelen adamlar seleň telpekli dabraşyp gelýän atly adamlary görüp, gorkuly üýşenişýärdiler. Elheder alşyp gaçmak, bir ýerlere çekilmek bilen bolýardylar.

Töwerekde ýöreldigiçe kiçiräk dag obalary köpelip ugransoň, Ahmet gözlegiň gerimini giňeltmek üçin, öz onbaşylarynyň birki sanysyna töwerekdäki obalaryň habaryny almagy tabşyrdy.

Tabşyryk alyp, jylawy başyna oralan onbegi serdarlaryň birem şonda Bäpbe boldy.

Bilnip üsti açylmasa-da, Bäpbeniň Ahmede niýetläp atan okunyň başga bir dahylsyz bendäni alyp ýatmagy ony diýseň lapykeç edip sarsdyrypdy.

Ýitgi pidalar jaýlanan mahalyda Bäpbäniň köwejekläp, ol merhumyň töwereginden aýrylasy gelmändi. Hoşlaşylan mahaly onuň maňlaýyny üç mertebe sypap, içinde ondan ötünç sorap, hasrat çekip elenipdi. Häzirem ol gabat gelen obalara darap ýörşüne gaharly hem lapykeçdi. Tirýegi ýetmedik tirýeki ýaly, dünýä gözüne ilmän azarlap barýardy.

Bäpbäniň topary şol barmana bir köçede üç-dört çaga bilen ýoly kesip geçip barýan üç sany aýala duşdy. Aýallar seleň telpekli ýat atlylary görenlerinden gorkuşyp, üýşenişip aýak çekdiler.

Bäpbe: “Bulardan haýsydyr bir maglumat alyp, hazynadan uç tapyp bolmazmykan?” diýen pikir bilen dilmajyna buýurdy.

– Hany şularyň bir agzyny ysgap gör, hazyna barada bir bilýän zatlary bar bolaýmasyn ýene-de! – diýdi.

Içinden bolsa: “Aýalyň bilmedigini Taňram bilmez” diýlib-ä, ýöne ýerde aýdylany däldir özün-ä” diýip, hazyna barada bulardan bir maglumat alyp boljagyna özüni ynandyrmak isleýän terzde oýlandy.

Toparyň öňünde hortapdan daýaw saçlary çalaran geýnüwli aýal dört-bäş ýaşly oglanjygyň golundan tutup durdy. Eýýäm geýnişindenem onuňa-ha hazyna dahylly, ol barada bir zat biläýjek öýüň keýwanysy däldigi aňylybam durdy-la.

Onuň yz ýanyndaky çagalar bilen çolaşyp duran aýallaryň ikisem ýaşdy. Olaryň ikisiniňem görmegeýden höwes ederlik

görmek syratlary otlukly gözleri bardy. Bu gowulyk keýpsiz Bäpbäniň ünsüne düşmese-de, eýýäm onuň töweregindäkileriň welin ünsüne düşüpdi. Olar: “Hä bular-a bir çekeleşip alnaýmaly zatlar eken” diýşip, göhleri gelme bilen gözlerini çarhlaşyp durdular. Häzir Bäpbe: “Baryň bir ýeňläp alyň” diýse, gelinleri duran ýerinden gapyp alyp, çete aýlamaga taýyndylar.

Bäpbäniň özüniňem aýal-gyza höweslidiginden habarlary bolanlary üçin, olar onuň “Baryň-eý!” diýmegini tama-da etmän durmaýardylar.

Şonuň üçinem dilmaç diýlip, öňe sürlen ýigidiň ilkinji gepi sorag däl-de, teklip boldy.

– Haý, batyr, sen bulardan altyn-kümşüň habaryny biläýjeksiň welin, ýöne bular heleý-ä. Heleýe-de heý bir munuň ýaly zadyň maslahaty düşermi?

Soňam ol gepine henek-oýun gatyp: “Bulardan alaýanyňda hem heleýliginden başga näme aljak, ýöne birki sanysynyň heleýlikler-ä hiç neneň däl eken, şol welin ulanylsa kem bolmazdy!?” diýip, ol Bäpbäni öz maksadyna tarap öwrüp, onuň makullamasyny gazanmaga synanyşyp aýtdy.

Şol arada Bäpbe geplemänkä, oňa öz deň-duşlugyny ýatladyp, aýallara hyrydar bolup duranlaryň ýene biri dilmajy göwünjeň makullap, onuň bilen deň gopdy.

– Batyr dost, senem gutaran ekeniň-ow. Munuň habar sorajak bolýanlaryny. Maňa “hä” diýseň-ä, bularyň hersini häzir, harsa birimiz gujagyza alyp-şorumyzy ýatyryp alsak, şoldur munuň etmelis-ä... – diýip, ham-hyýala berlip, göwün ýüwürtdi.

Her ýerden bir gep çykyp, buýrugynyň ýerine ýetmän durmagy, ozaldanam ýüregi çişip duran Bäpbäniň gaharyny getirdi. Ol dilmajyň üstüne agzyryldy.

– Gyzyl, men senden maslahat soradymmy? Diýenim bilen bol, ýogsam garnyňa birki gezek hykyladyp deperin welin, nädersiň bitdik gözleriň ýalpa açylaýsa? – diýip, oňa gazap etdi.

Gyzyl şundan soň buýtar-suýtar edip, talaby indi ýene sähel gijikdirse, Bäpbeden ýowuz temmi aljagyna düşündi. Diýlen

bilen bolup, toparyň öňünde duran aýala ýüzlendi.

Bäpbäniň bolsa töwereginiň bu hyrydar gepleri şonda bir ýarym ýyla golaý mundan öň bolan meňzeş wakany ýadyna saldy.

...Şol günler türkmenleriň bir toparyny Owgan hökümetiniň esgerleri bilen bilelikde ýurduň günorta-gündogaryndan tutaşan uly bir pitnäni ýatyrmaga ýollanypdylar.

Pitneçiler bilen gaçylyp-kowlup, oba içinde ganly çaknyşyklar alnyp barylýardy. Bäpbe çaknyşyk mahaly bir owgan ýigidi bilen özlerini gapdaldan tüpeňläp gaçan pitneçiniň yzyndan kowgy bolupdylar. Duşman atyşyp, dulanyp gaçyp barşyna ýüzugra öňden çykan haýatlaryň birinden aşyp, aňyrlygyna düşipdi. Bularam agza-burna gelen ýagyny sypdyrasy gelmän, ýas-ýaňy öz ýoldaşlarynyň birkisiniň başyna ýeten pitneçi bilen haklaşmak üçin, onuň yzyndan galmandylar. Şol etek alty, ýeň ýedi bolşup, kowup gelişlerine pitneçiniň haýatdan aşan ýeriniň beýleräginden olaram howla aşdylar.

Owgan ýigidi şol atylyp barşyna öňden çykan ilkinji gapyny depip açdy.

Jaýyň içinde iki sany aýal bilen üç sany garagözeleje çaga bar eken. Olara:

– Howla gaçyp giren adamy gördüňizmi? – diýlende, aýallaryň ikisi iki ýerden gorkuly baş ýaýkaşyp, ýokda-ýok boluşdylar. Owgan ýigidi şonda ýaş çagasyny goraglap duran görmegeý aýaly görüp, oňa gözi gidipdi. Sorag berip, sykajyga salyp durka-da, onuň gözlerinden gözüni aýrasy gelmändi. Erkek kişiler, has beteri-de olaryňam jahyl ýigitleri şeýle görk-görmekli melege duşanda, oňa maýyl bolup, öz hallar bilen bolman, başyny ýitiregen bolýar. Bu gezegem şeýle boldy. Owgan ýigidiniň bu göze gelüwli gelni görüp, özüniň näme üçin bu ýerdeligini unudanlygy belli boldy.

Ol bada-bat gorkup, näderini bilmän, saňňyldap töweregine düşnüksiz garanjaklap duran gelne gapdaldaky gapyny görkezip:

– Hany, heleý, geç sen – diýip, hökümli buýurdy. Gelin gapa

ýönelensoň, eýýäm hoş hyýala berlen ýigidiň özem ýagdaýa oňly üns bermezden, höwes bilen Bäpbä “Şu gelne bir işjagazym bar, şony bitirip geleýin” diýip, onuň yzyna düşipdi...

Emma tiz hüşgärligiň elden gidenligi belli boldy. Gara çadyra bürenip, sähel iki gözüni görkezip oturan aýal haçanda işiň işden geçip barýanynyn gören wagty duýdansyz çadrany atyp urdy-da, onuň içinden eli pyçakly erkek adama öwrülip çykdy.

Soňam näme-nämäň bolýanlygy aňylyp-aňylmanka, ol atylyp baryp, gelniň yzy bilen barýan ýigidiň arkasyna gezligi dikdi.

Bäpbe ýaňy öýe giren mahallary aýallaryň biriniň çadraly, beýlekisiniň baş örtüksizligini görüp, biraz geňem-ä görüpdi. Ýöne onuň sebäbine şol wagt gyssagarada oňly üns berilmändi.

Ýöne indi görlüp oturylsa, çadra bürenip oturan şol özlerinden gaçyp öýe giren duşman bolsa näme. Ol gelşine gelniň çadrasyny alyp, öz başyna bürenip, kowga al salan eken!? Bäpbe soň ony atybam aldy welin, ýoldaşy ýöne eýýäm bu dünýelik işini bitiripdi. Soňra bu Bäpbe sapak bolan zatlaryň biri bolupdy...

Bäpbe ýaňy Gyzyl zenan höwesine berlip ugran mahaly, şol ýoldaşyny aldyryp, ät galan pursady, täzeden aýlanyp-öwrülip gaýtalanyp barýan ýaly ýakymsyzdan oňaýsyz duýgyny başdan geçiripdi.

Gyzyl Bäpbäniň ellerini öňe uzatsynlar diýen hökümli buýrugyny ýerli dile geçiren mahaly, aýallar ellerini dilege serýän ýaly, ýerli-ýerden öňe uzadyşdylar. Özleriniň aýalmy, erkekmi barlanylyp hüşgärlik edilýänine düşündiler. Aýallar soňra bular özleriniň aýaldyklaryna müňkürlik bolmasyn diýýän ýaly duran ýerlerinde çadralarynyň uzyn etekelerini ýokary çekişip, olara içki kiçi geýimleriniň hem keşde gotazlydygyny görkezip, öz zenan aýratynlyklaryny nygtadylar.

Gyzyl aýallara ýene Bäpbäniň gepini geçirdi:

– Hany, oba adamlary nirä ýitirim boldular?

Öňde duran aýal näme jogap berjegini bilmän, atlylaryň ýüzüne gorkuly gözläp, jogap ýerine “Bilmeýän” diýýän hörpde

iki egnini gysdy.

Bäpbe bulardan oňly maglumat alyp bilmejegine göz ýetirensoň, atyny debsiläp aňyrlygyna sürdi.

Gelinleriň höwesine berlip, ham-hyýal ýigitler hem şundan soň onuň yzyna düşmek bilen boldular. Yzlaryna gaňrylyp seredişe-seredişe: “Ha, özler-ä gowy zatlar eken” diýşip, ahmyrly humarlanyşyp gitdiler.

* * *

Ahmediň topary bilen iki-üç kiçiräk toplumlara bölünişip, şol gelişlerine günortana çenli telim dag obaçylyklarynyň içinden sorag salyp, daraklap geçdiler. Hazynanyň bolaýjak ýerlerini şol baryşlaryna çen-çak bilen aňtadylar. Bir gezek ýolda gabat gelen üç gojany saklap, sorag-ideg eden mahallary olaryň ikisi dagy emir baýlygynyň şu golaýa aşyrylandygyny daş gulakdan eşidenini ýatlanda Ahmet atlylary bilen özleriniň ters yz çalmalydyklaryny bildi. Hatda hazynanyň bu ýere getirilip hatyrjemlik üçin, onuň iki ýere dagy bölünip gizlenenliginden habarly adam hem tapyldy. Bu bolsa adamlarda özlerini baýlygyň golaýynda aýlanyşyp ýören ýaly duýmaklaryna sebäp boldy. Ýöne ol ýer nirede bolup biler diýen soraga welin hiç kim belli bir jogap berip bilmedi. Hawa-da, bularyňkam düşnükli, onda-da emir baýlygyny nirede goýup-götermelidigini her ýetene salasy düşýärmi, eýsem?

Abdyrahman olar bilen bir salym gürleşip duransoň, onuň aýdylýan gep-gürrüňlerden nähilidir bir yş tapanlygy pikir etdirdi. Ol soňundan aýratyn sözleşmek üçin adamlaryň arasyndan şilliň uzyn, eli hasaly bili ýaý berip bükülip ugran mawy göz gojany bir çete çekdi. Mylaýym gürläp, onuň bilen has gyzyklanyp, göz-de ýüz bolup gürleşip durdy.

Topar şundan soň ýene-de ýoluny aňyrlygyna dowam etdirdi. At nallary gaty daşa degip, daş üstüne daş bilen urulýan ýaly bolup, gata degip tarkyldap, seslenip ugrady.

Birazdanam aýtjak gepiniň barlygyny mälim edip, adaty

serdar yzyndan onuň hereketine mertebe berip tapbilenlik bilen ýöremegi gowy görýän Abdyrahman Ahmet bilen at başyny deňledi.

– Serdar aga, biz emir hezretleriniň engamynyň gözleginde, dogry ýolda bolsak gerek.

– Belki – diýip, Ahmet özüniňem şeýleräk pikirdedigini duýdurdy. Soňam: – Ýöne şol hazyna şu golaýda baram bolsa, munça dag gowaklarynyň içinden ony nireden-nädip tapjak? – diýibem sözüniň üstüni hem ýetirdi. Soňam ol sözüni dowam etdirip: – Ýaňky gürleşen ýaşulym maňa ýene-de bir gep aýtdy, serdar aga!

– O nä gepmişin?

– Ol barjak obamyzda kurbaşynyň daşkyrak bir garyndaşynyň bardygyny, hatda bir ýola ýoly düşende, onuň özüniň hem bir bölek atlysy bilen öýünde düşüp, myhmanlap gidenini ýatlady. Bu baýlyk barada bir zat bilýän bolsa şonuňam biläýmelidigini çen edýänligini aýtdy.

Şol oba soňky döwürde ýeleden-ykdan atlylaryň gelip gitmeleriniň artanlygyny hem ýatlady.

Ahmet Abdyrahmanyň diýenlerini diňläp, nazar dikläp durşuna “Öý eýesiniň adyny aýtmadymy?” diýip, sorady.

– Aýtdy. Abdylmejit bolmaly.

– Barýan ýermiz-ä şol oba. Adam Abdylmejit bolsa, onda onam tapmak gerek – diýip, Ahmet kanagatlanma bilen aýtdy.

Türkmenler giç öýlänler bir bölek atly bolup, salgy berlen obanyň üstünden indiler. Ol dag ýodasynyň bir gapdalynda, orta göreşe çykan pälwan ýaly bolup, beýgelip, belgilenip duran dag gerşiniň syrt tarapyndaky barha ýazgynlyk alýan ýerinde ýerleşen eken. Obanyň bir bölegi dag belentligine gysylyp, onuň yzynda at ardyna bökdürilen goş bölegini ýada salsa, aşaky öýler her ýere, her ýere düşen pytyraňňy dag daşlaryny ýatladýardylar. Gapdaldan serendeniňde dag pälwan obanyň ýokary bölegi bolsa, onuň ikinji bölegi syrta çekilip, hä, diýmän, ony ýere bulap urmak üçin atym-çemä getirilen garşydaşy ýatladýan eken. Salgy

berlen oba ýetilensoň, Ahmet daga diýlen öýi agtaryp tapmak kyn bolmady. Ol obanyň gaýra başyndaky dagyň kert bolup göterilen ýerindäki ýazgynlykda ýerleşen howlularyň biri bolup çykdy. Howlynyň derwezesi eginleri küňrelendirilip, peşeneli edilip gurlupdyr.

Atlylar salgy berlen öýüň habaryny almak üçin, onuň howlusynyň öňünde ýaý beribräk saklandylar. Howlynyň töweregi çolalykdy. Onuň at üstünden görünýän ýerinde-de, daş-töwerekde-de hatda soraşyp-ideşäýmäge-de adam görünmeýärdi. Hamala, hemmeler goşun güýçleriniň ýetip gelýänini eşidip, duran-duran ýerlerinden gaçyp-tezip, daga siňip gidene meňzeýärdi.

Derweze gapysy gaýta-gaýta kakylany bilenem açylmady. Nazary bilen ýagdaý çen urup, elindäki gamçysynyň saýgyjyny sapy bilen gysymyna dolap alan Ahmet onuň ujy bilen gulagynyň etegine ýetirip alansoň, oturan ýerinden:

– Halmyrat, Bedek, hany düşüň atdan. Iteniňde açylmasa, ol gapyny depip açmalydyr, onda-da açylmasa, paltalaň ony! – diýip, talap bilen ýoldaşlarynyň ikisine buýurdy. Aýdanyna mähetdel onuň diýen adamlary atdan düşdüler. Gollaryny çyzgaşyp, gapynyň daşyna geçdiler. Derwezä birki gezek gürpüldedilip dözümli palta salnansoň, howlynyň töründäki ýaşaýyş jaýlaryň biriniň gapysy açylyp, ol ýerden çykan iki adamyň aňyrdan:

– Ine, barýas. Ana, barýas – diýşip, howlugyşyp gelýändikleri göründi. Öý eýeleri gele-gelmäne-de, içinden temmelenip berkidilen derwezäni ýerli-ýerden açmak bilen boldular. Derweze açylan dessine Ahmet öz adamlary bilen howla doldy. Öý eýelerine gelenleriň habaryny alyp, myhmanlamakdan başga alaç galmady. Dessine howlyň bir gapdalyndaky mal saraýdan uly bir goýun dartylyp alnyp, bokurdagyna münüldi. Uly toý gazan atarylyp, hezzetdir-lezzetiň ugruna çykyldy. Öý eýesi Abdylmejit türkmenlerden ekabyrrakdyr öýdenlerinden üç-dört sanysyny ýörite giňiş myhman jaýyna ertip myhmanlady. Olaryň ine-gana ýazylyp-ýaýrap, iýip-içmekleri üçin aýratyn amatly şert döredip, olaryň makullamasyna tamakin boldy. Uly topar howlynyň her

ýerräginde özleriniň amatlydyr öýden ýerlerinde ýerleşdiler. Çaý-şerbet alnyp berlenine köp wagt geçmänkä öňe gyssanylyp, howul-hararak bişirilen çekdirme agaç çanaklarda öňe getirildi.

Öý eýeleri öýde biraz gysynýandyklaryna seretmezden, içki harasatlaryny duýdurmazdan özlerini saçak başynda parahat alyp barmaga çalyşýardylar. Nahary hasam at üstünde bolup, silkew, şöwri ýetik bolan myhmanlar işdämen iýdiler. Çorba batyrylan kesmek-kesmek nanlar, ir ertirden bäri dişlerine zat degmedik adamlaryň bokurdagyna galtaşman diýen ýaly geçýärdiler. Töwerek bir salym agyn şapbyldy-da, hürpüldi boldy durdy.

Nahardan soň göwnelmedik ýere gudaçylyga gelnen ýaly, ýene-de umumy dil tapylyşmasy kyn bolan, hazyna gözlegi bilen bagly sorag-idegli gürrüňler başlandy. Öý eýesi ýene-de özüniň bu baýlykdan habarsyzdygyny aýdyp, beýle hazynanyň özündenem-obasyndanam Aý, Gün ýaly alysdadygyna ynandyrmaga çalyşdy. Öý eýesiniň sypaýyçylyk, tap bilenlik bilen göremok-bilemok bilen Ahmet dagyny başdan sowmakçy bolýana meňzedi. Muny oturanlaram duýdy. Indi hazynany nähili bolsa başga bir ýol bilen gözlemelidigi belli boldy. Ýöne nähili ýol bilen gözlärsiň? Gözleg salnyp tapylan ýumak bolsa çözlenip-çözlenip indi gelibem, hut şu ýerden çykypdy. Şeýdibem meseläniň çözgüdi hem başga ýerden dälde, hut şu ýerden gözlenmelidigi belli boldy. Elbetde, öý eýeleri henizem bilmedikden, görmedikden bolan bolup, ynandyryjy hereketler bilen doly okarany gelenleriň öňünden aýyrman gadyrly myhmansöýerlik görkezip, göni gelen-howp hatar öňünden bir ýol bilen sowulmaga jan edýärdiler. Ýöne hazyna saklamagyň agyr bolşy ýaly, onuň syr-saýagyny saklamak hem ýeňil däldi. Howp-hatary näçe diýseň ýetikdi. Çünki emir baýlygy tapmagyň ugruna munça güýji sürensoň, näçe gymmat düşenine seretmezden, onuň bir başa dikmän goýmajagy ikuçsuzdy.

Bäpbe saçagyň bir başynda gep-gürrüňe goşulman diýen ýaly dymyp nägile otyr. Öý eýesi bilen ýagşylyk bilen düşünişmäge edilýän synanyşyklara onuň pisindi oturanok. Tagamly nahardan

doýup, şerbetden gähnänsoň bolsa, lezzet tapmak bilen çygjaryp derläpdi. Köýneginiň arkasyna der çykyp, öl bolup ýelmeşipdir, her gezek gapy açylyp-ýapylan wagty, arkasyna biraz şemal çalyp, ýagyrnysy serginläp giden ýaly bolýar. Nahardan soň argyn süýeklere ýaltalaç goýazlyk arlaşypdy. Bäpbe çykaryp gapdala atan donunyny ýanyna çeken wagty ol birbada şol ýerde donuny üstüne çekip, bir gyra çekilip pineklärli göründi.

Emma soň görlüp oturylsa, onuň düýbünden başga-başga pikire berlenligi äşgär boldy. Ahmediň dilmaç bilen öý eýesiniň ýakasyny ebşitläp tutup, ony gyssamagyň ýerine myhmançylyk hatyrasyny saklap, ondan gowulyk bilen bir zat biljek bolup, ýol kesmezden, kerebe çörňeşýän ýaly bolup oturmaklary bolsa onuň barha lapyny keç edip, äjinesini atlandyrýarypdy. Içinden: "Beýdib-ä siziň gazanan zadyňyz bolmaz, hazynadan habar biljekmi, içine-syrtyna bir salym depiň-de, goýuň dembermezi bokurdagyna... Aý jan süýjüdir-ä. Aýtmanmy, bökerem aýtman... Onuň gözi aýdyp dur köp zatdan habarlydygyny" diýip, Ahmediň öý eýesinde höre-köşe bilen maglumat almakçy bolýanyny görüp, oňa içinden nägile käýinýärdi.

Emma munuň şeýledigini öý eýesiniň berilýän soraglara sapalakly jogap bermesinden Ahmediň özi-de bu ýerde hazynadan bir uç tapyljagyna tama etmän durmaýardy. Ýöne tapyljak bolunýan baýlyk ummasyz bolany üçin, ony türkmenler tapsa töwereginiň "Özleri ondan alyp geregini edinendirler..." diýen ýaly gyşyk gepleriniňem daşda däldigini pikir edip, Ahmet şeýle pursatda arkalaryny alaýar ýaly Eşşi serdaryň öz ýanlarynda bolmagyny isledi. Ahmet bu ýagdaýdan şeýlebir heder edip barmasa-da, näme edende näme boljagyny ölçerip döküp, ýarylmadyk garpyzyň daşyny sypap, onuň bişen-çigdigine çen urup oturana öwrülipdi.

Bäpbe daşary çykyp, bir hyýala münenini mälim edip, mauzerini gabyndan çykaryp, ony mazamlaýan ýaly howada galgadyp alansoň, öz toparynyň adamlaryndan iki sanysynyň adyny tutdy-da, öz ýanyna çagyrdy.

Ady tutulan adamlaryň ikisi iki ýerden gopup, şundan soň onuň yzyndan howlukdylar. Bäpbe şol düňreýilip, eňterilip barşyna öý eýesiniň aýalydyr çagalarynyň oturýan balahanasyna kürsäp urdy.

Gapa ýetip barýarka onuň kellesine: "Bal iýip, badam gemrip ýören barly öýüň keýwanysynyň endamy-da suwlujadyr" diýen höwesem döredi. Ol öýe giren dessine içerde oňa-muňa güýmenip ýören hojaýynyň 40-45 ýaşly aýalynyň egninden çalyp tutdy-da, ony duran ýerinde pyrlap öz gujagyna aldy.

Bäpbäniň jynssyz inýygrynç ýakymsyz sesi, elindäki sapançasyndan ýokary atan oky, öý içini hamala, towuk ketege şagal giren ýaly, eňredip-endiredip zir-zöwran etdi. Öý eýesi aýal Bäpbäniň pikir edişi ýaly, "hä, şunuň bir sagrysyny sypaýsaň" diýip, arzuw edilýän maşgalady.

Bäpbe ony gujagyna alan wagty zenan demi ýüzüne urup, Hanumany at öňüne alandaky ýaly üýtgeşik bir ter gülli çemeni gujagyna alan deýin ýakymly duýgyny başdan geçirdi.

Goh-galmagal bada hemmeleri söm-saýak edip, aýak üstüne göterdi. Aýalynyň ahy-perýadyny, Bäpbäniň hökümli sesini eşiden öý eýesi bir bolmasyz işiň bolandygyny bilip, aýak ýalaň, baş açyk ylgap daş çykdy. Soňam zarynlap, aýal sesi gelýän jaýa tarap topuldy. Emma Bäpbäniň öz yzynda gapa goýan adamlary dessine öý eýesini güpbasdy edip, duran ýerinde dyza çökerdiler. Öý eýesi öz aýalynyň Bäpbäniň gujagynda eňräp duranyny görüp, öwzaýy öçdi. Tizden-tiz netije çykarmasa, aýalynyň namysyny gorap bilmejegine, masgaralyk hamydynyň boýnundan inýänligine düşündi. Aman diläp, yzdan gelen Ahmede haýyşly ýüzlendi:

– Dindeş kişiler, pygamberimiz "Ähli ymmatym bir-birine dogandyr, kyn gününde goldaşan meniň göwnüme laýykdyr" diýmänmi näme!? Men size hazyna barada bilýän zadymy aýdaýyn, sizem goýberiň meniň maşgalamy, namysa goýmaň, musulman doganlar! – diýip, lerzan alyp ýalbardy.

Öý eýesiniň mugyra gelenligini mälim edip, biygtyýar kiçelip aýdan bu mejbury gepini eşidip, nämeleriň bolup ýörenine ýas-ýaňyja göz ýetiren Ahmet yz ýanyndaky buýruga garaşyp, hajraw bolşup duran adamlara hökümli buýruk berdi:

– Baryň tutuň ol boşanan haňňy eşegi! Mada görse, ölenini-öçenini bilýän däldir ol! Il öňünde ol zenan bilen basa düşüp, etege çolaşyp almanam hiç zatça görmez ol! – diýip, beletlik bilen buýrugyny tekrarlady.

Bäpbe iki adamyň öňi bolup, gapydan çykanda Ahmet oňa:

– Ýene köne derdiň gozgapdyr-ow, batyr – diýip, onuň birwagtky Hanumany oljalanyny ýatlap, ýanap igendi.

Bäpbe köýneginiň synyny çekip, el ugruna sähel-mähel üst-başyna serenjam berip gelşine:

– Şeýdäýmeseň boljak däl-ä bi. Eger ýene-de şeýdip, gep oýnakladyp, biziň syrtymyza barmak sokup aýlanýandyryn öýden bolsa, men onuň heleýini gözüniň alnynda dula bakdyrjakdym – diýip, ol özüni ele alyp, deminden düşüp durşuna ahmyrly aýtdy. Soňam şeýdip hemişe öňümden çykyp, badymy alýaň diýen hörpde Ahmediň ýüzüne gaňrylybrak seredip: ”Senem haçan görseň, ýok ýerden tapylýaň özün-ä!?” diýip, onuň Hojamyň goşunda peýda bolmagyny ýadyna düşürip nägile boldy.

Bu hadysa öý eýesiniň iş işden geçmänkä, namysyny halas etdigi, Ahmediň bolsa gözleg salyp ýören hazyna-baýlygynyň açaryny ele aldygy boldy.

Öý eýesi şundan soň syrtyny dogry tutup, diýlene gelmese, bu işiň maşgalasy üçin diýseň, masgaraçylykly gutarjagyna göz ýetirdi. Şeýle-de bolsa ol hazynaň üstüne gitmek meseläni bir ýerde bir delalat kömegiň ýetişjegini tama edýän ýaly, bu işi gijikdiräýenini kem görmeýänini aňdyryp, günüňem gijigip gelýänligini aýdyp, hazyna ugruna ertir gündizligi öňe salyp çykylaýsa, has bähbit boljagyny sala salyjylyk bilen Ahmede aýtdy. Ahmet her kimi ýerli ýerinde goýup, ýagdaýy ele alyp durşuna, hä şeýle özün-ä diýip, öý eýesiniň pursat aramagynyň mümkinligini pikir hem etmän, wagt tutup durşuna onuň bilen deň

gopýan hörpde dillendi. Öwrenijilik bilen batar ýerine golaýlan ýadaw Güni soragly synlady. Emma öý eýesiniň gepi Bäpbäniň eden ýaňky hemmeleri aýak üstüne göteren duwalbazlygyndan soň, desmi-dähel Ahmediň gapdalynda ýaragyny gysymlap, taýyn bolan Abdyrahmanyň welin ünsünden sypmady.

Oňa öý eýesiniň bolşy: “Almany asmana at, ýere düşýänçä ýa pelek” edip, wagt utmak üçin duranlara al salyp töwekgelçilik edýän ýaly bolup göründi. Onuň ertire çenli öz arkasyny aljak adamlaryň gelip ýetişjegini, degerli adamlara oglan-uşak ýollap, gije hazynanyň bir bölegini häzirki duran ýerinde başga bir ýere geçirtmeginiň mümkinligini hem pikir etdi.

Ahmet welin henizem öňküsi ýaly, uly hazyna tapylansoň, onuň soňraky gyşyk, gep-gürrüňi başa tor bolup atylmak mümkindigini hem çen edip, hazyna üstüni açsa-da, gerek ýerinde arkany alaýar ýaly Eşşi serdaryň öz öňlerinde dursa, kem bolmajagyna pikir edýärdi. Eşşi han ýaly, gerek ýerinde general Ýarmat han ýaly ynjyk adamlaryň agzyny gapaklap biljek adamyň öňe düşmegini isleýärdi. Eger Eşşi han baryp, hazynanyň üstüni açansoň, hany onsoň oňa Buhara begleri dil ýetirmäge het edip bir bilsinler.

Dartyk türkmen adamlaryna esassyz aýyp ýüklense, onuň şark-merk boluşjagyny bilipjik durandyrlar. Ahmediň pikiriçe, Eşşi han şu gün giçlik ýa-da ertiriň bir ýerinde şu golaýda gara bermelidi.

Öý eýesiniň garyndaşlary aýak üstünde sazanaklaşyp, zir-zowran bolşup, aman dileşip elewreşýärdiler. Ýüzüni penjeläp hünni biryan aglaýany haýsy, çagalary öňe tutup rehimdarlyk gazanjak bolýanyny haýsy. Köpügören öý eýesi içindäki hiç kime belli bolmadyk pikirini haýsydyr bir delalat bilen henizem baglasa baglaýandyr, emma maşgalanyň aýal-gyzlary öý eýeleri hazynany tapyp bermese, bu hyrsyz adamlaryň özlerini aýap goýmajaklaryny gowy bilýärdiler.

Maşgalanyň demligine atylan syrtmak halkasy indi Ahmediň elindedi. Indi onuň bir başyny goşary dolap çekäýmesi galypdy.

Ahmet ýeňsesinde duran onbaşylaryň birine maşgalany ýanyňa alyp: “Sen yzrakdan ýörärsiň!” diýip tabşyransoň, özi öý eýesidir beýleki atlylary bilen hyzynanyň ugruna çykdy.

Ahmet şol barşyna-da, Eşşi handyr general Ýarmat hanyň hem öz atlylary bilen ýetip gelýäniligi aňynyň bir ýerinde barlygy üçin, hazynanyň tapylyp, gola salynmagynyň “Türkmenler üstüni açdy” diýdirip, körabraý boljagynyň höwesine berildi. Öňden donunyň synyny ýelpäp gidip barýan öý eýesi häzir ýeňsesinden ony şol bir eşiden rowaýatymdaky Saryk çopanyň Dariý patyşanyň goşunynyň öňüne düşüp, oňa al salyp terse alyp barýanyna meňzedip, bu-da bizi şeýdip alyp ýataýmasyn diýibem howatyr edýärdi.

Şol barmana-da bu pikir Sarygyň gürrüňi-erteki rowaýatyny gürrüň berýän obadaşy Muhammetnyýaz ertekiçini Ahmediň ýadyna saldy. Muhammetnyýaz ertekiçi käte öz gürrüňini has gyzyklandyrmak üçin: “Sarygyň içinde henizem onuň nebereleri ýaşaşyp ýörler-ä...” diýip, gepine şüweleň beribem goýbererdi. Şonuň üçinem bu erteki-rowaýaty diňläp oturanlar oňa berlip, özleriniňem geçmişde şeýle Watan bähbidine gezek gelende gözüni ýumman, janyny berip bilen ugurtapyjy gerçegiň neslidiklerine buýsanardylar.

Emma häzirki ýagdaý Ahmede şol eşiden rowaýat wakasyny ýatlatsa-da, ýöne munda wakalaryň ýeri çalşyrylyp, Ahmet öz adamlary bilen Dariniň ýygnyna öwrülse, gazaba tutulyp, öňe salnan öý eýesi, topary aldawa salmak üçin yzyna düşürip alyp barýan şol Saryga öwrülipdi.

Şonuň üçinme Ahmediň gahrymançylyk diýen zadyň taryha öwrülip, soňam dünýäň dürli ýerlerinde gaýtalanyp durýanlygyny hem oý edýänligi üçin ol: “Şu zannyýamanam şol Saryga öwrülip, aldaw-hile bilen bizi bir belanyň üstünden ertäýmesin” diýibem käte-käte oňa müňkür bolubam alýardy.

Dag ýoluny ýöremek gitdigiçe kynlaşyp, onuň howp-hatary hem barha artma bilendi. Ýere birneme aýdyňlyk beräýjek ýyldyzlaram heniz asmanda selçeňdiler.

Aý welin asla-da görnenokdy, ol asmanda peýwagtyna ýüzüp gezýän bölek-büçek bulutlaryň biriniň gatyna çolaşyp, bir ýerlerde galana bolmaly-da.

Adamlary Aý dogaýan bolanlygynda töweregiň häzirkisinden has aýdyňlyk tapjagyny pikir etdirip, küýsegli oýlandyrýardy.

Öňden barýan öý eýesi her gezek töweregiň çenini almak üçin, aýak çekip, gijäni synlan mahaly ol Ahmede "Ine, geldik" diýip, hazynanyň üstünden gelnenini habar bererli görünýärdi. Haçanda ol ýene-de birazdan ýoluna gönügen wagty toparam ýerli ýerden herekete gelip, hümerlenişip onuň yzyna düşýärdi.

Emma bu gezek welin ol bir ýere ýetip, aýak çekensoň, töweregine garanjaklap, ýoluny dowam etdirmäge howlukmady. Birhaýukdanam ol ýeňsesine öwrülip, Ahmede sala-sylajylykly ýüzlendi: "Indi mundan aňry atly ýöremek howply, uçut-kertleriň gyrasyndan, ýöremek onda-da gijäniň içinde kyn bolar" diýip, ol atlary goýup, mundan aňyrlygyna pyýada ýöremegi teklip etdi.

Öý eýesiniň gepi duranlaryň köpüsine ol tilki sapalagyny atýan ýaly, düşnüksizden gümmi-sümmirak göründi.

Ahmet jylaw çekip:

– Ýene uzak ýöremelimi? – diýip sorady.

– Ýene birsalym ýörelmel-ä bolar. Şu gerişden aşak ýagşy inmeli-dä.

Ahmediň yz ýanynda duran Bäpbe onuň bu gepini halamady. Oňa öý eýesi bir ýeser oýun küýleýän ýaly göründi. Bäpbe maňlaýyna inen deri ýeňi bilen syldy-da:

– Ol ýerde haýransyz baýlyk bolsa, ulagsyz-a ony şol ýere erten dälsiňiz? – diýip, oňa müňkür boldy. Öý eýesi özüne müňkürlik edilýänini duýup, düşündirmäge çalyşdy:

– Ol ýere ulaglam baryp bolýar. Ol ýol öwrümliräk, köp wagt aljak. Men sizi barmaly ýerimize gysga ýol bilen alyp barýan. Hä, diýmänem biz ol gowagyň üstünden ineris – diýip, ynamly aýtdy.

Şu gysgaça anyklamadan soň, adamlar ýerli-ýerden satan

somlaşyp, atlardan düşdüler. Eňňitden inip barýan öý eýesidir Abdyrahmanyň, Ahmediň yzyna düşdüler. Bir salym gijäniň içi topar tutup barýan müňňüldi boldy durdy.

Topar birazdan dag kertiniň aşak etegindäki oslanmadyk ýerde biten agzy hoňkaryp, garalyp duran gowagyň agzyna geldi.

Gündizlikde görlüp oturylsa, olaryň gelip daýanan ýeri, obanyň oturan ýerinden aşak-ýokarlygyna ýan taşlap gerinýän ýaly bolup oturan dag ulgamynyň orta bilindäki gowaklaryň biri eken. Eger belet adam öňe düşmedik bolanda ýa-da tötänden göni üstünden dagy geläýmeseň, tapyljak ýerem däl eken. Baýlyk bu ýere hut şu gizlinlik göz öňüne tutulybam getirilen bolmaly-da. Gowagyň agzynda ýokardan togarlanyp düşene meňzäp, düýe ýaly bir daş hem gowak öňüni beklärli bolup, oňa has syrlylyk berip ommalyp ýatyrdy.

Ahmet dagy güýç birleşdirip, gowagyň agzyny alyp gabalap duran daşy biraz gapdala gozgap, onuň gapdalyndan özlerine arkaýyn girip çykmaga mümkinçilik döretdiler.

Gowak içi tüm garaňkydy hem onuň içinde çygly agyr bir ýakymsyz ys bardy. Türkmenler gowagyň iki diwaryna münder edilip basylan genji-hazynaly sandyklary jahan ýagşy ýagtylyp, dünýä ak gündiziň gujagyna dolansoň gördüler.

Ömür bu möçberdäki hazyna baýlygy görmedik adamlar munça engamy görüp, agyzlaryny açyp haýran galdylar.

Şundan soň garynlar gorlup, dişler çaýsyrap syzran-da bolsa, olaryň baýlygyň töwereginden aýrylyslary gelmedi. Olar şunça baýlygyň nädibem bir adama degişli bolup biljegine ynanaslary gelmedi, ynanmaýardylaram. Birnäçeler bolsa munuň nädip beýle bolup biljegine aň edip bilmän şübhelenýärdiler. Şol duruşlaryna-da onuň soňraky bähbidiniň bir gapdalynda özleriniňem bolmaklaryny arzuw edişip, gümür-ýamyr, gümmi-sümmi edişýärdiler.

– Şeýdilip başlar etege salnyp, hazyna tapylanda,

onuň eýesiniň begenip joşup, bir bölegini tapanlara bagyş edäýmelerem-ä bardyr özün-ä...

– Sen Buharada ol kada-kanun bardyr öýdýämiň?

– Ýeri din-ymmatyň perwerdigäri Buharada bolman, ol kanun nirde bolsun?!

– Haý, "Bitmedik ýowşanyň düýbünde dogmadyk towşan barlygyna" ynanyp ýören äm-säm türkmenligimizden peýdalanyp, tamamyzy tala daňdyraýmasak ýagşydyr bulara.

– Etmelis-ä, elimizde wagty ondan gysym-çaňňal alaýmakdyr-la. Bir eýeleriniň eline geçensoň, onsoň ondan tama etmek ham-hyýallykdyr.

– Ahmet halamaz.

– Ahmet daşarda gowagyň öňünde ziň-ziňläp, baýlygy emir adamlaryna gowşurmagyň ýoluny pikir edip ýör. Bir iş etjek bolsak, ony Ahmede geňeşmek nämä gerek. "It görmesinem, üýrmesinem" edilse dogry bolar. Ahmede geňeşsek, onuň: «Höwes et, bes et!» diýip, biziň niýetimizi oňlamazlygy hem juda mümkindir.

Şundan soň bu maslahaty öz ýanyndan oňlamak üşerilişip duranlaryň biri, hazyna degilmese gowy boljagyny pikir edýänligini mälim edip:

– Adamlar, bize bu hemaýadymyz üçin her gün 5 owgany pul wada berlipdi. Berilse buça güne şol-da az pul däl. Onsoňam Buhara serkerdelerem ýola düşmänkäk: "Bu ýeriň adamlary barlyjadyr, gaýdanyňyzda talaň salyp, alan oljalaryňyzdan göterip bileniňiz özüňiziňki" diýip aýtmadymy näme!? Ol hazyna el gatmasagam, engam-oljamyz onsuz-da ýetik bolar diýen äheňde töwella-tagsyr edijilikli gürlemäge çalyşdy. Emma bu haýransyz baýlygy görüp, maslahatyň başynda duran "Gyzyl görse, Hydyr azar" diýleni bolup, Bäpbäniň nebsi otugyp, bu diýlen maslahata hä beresi gelmedi. Ol:

– "Ogrudan ogurlamak halal" diýlenidir. Bu haýransyz

baýlygy Buhara emiriniň derini döküp gazanmadyg-a belli zat. Birki sandyk altyny alnanda, nä emir gallaç galýarmy? Ýolda Owgana alnyp gelinýärkän, bir düýesi gaýadan uçan eken-dä – diýip, Bäpbe deliller bilen töweregini özüniň mamladygyna ynandyrmagy başardy.

Bäpbäniň topary şundan soň gyssagly çolalykdan peýdalanmak bilen boldy...

* * *

Ahmediň hazynanyň tapylyp, ele sallanlygy baradaky habary Eşşi hana şol gün günortanlar gowuşdy. Ol general Ýarmat hana hemaýatda bolup, kurbaşynyň esasy güýçleriniň garşysyna ondan uzak bolmadyk aralykda söweşler alyp barýardy.

Güýçli urulýan zarbalara çydamadyk kurbaşynyň topary indi ýan bererlidi. Ýeňsä çekilip, gaça urşup ugrapdy. Ýöne general birigen güýçler bilen näçe läş serse-de, oňa ne kurbaşyny ele salmak başardypdy, ne-de hazynanyň nirede gizlenenligini anyklamak.

Eşşi han ýaňyrak general bilen duşuşyp, öz soňraky hereketlerini sazlamak üçin, ýagdaýlary ölçerip-döküşip maslahaty bişiripdi. Olar kurbaşynyň yza çekilýän güýçlerini heniz özlerini almaga maý bermezden, iki taraplaýyn hereket edip, gabap alyp ýatmagy makul tapypdylar.

Eşşi han hazynanyň habary düşensoň, dessine generaly hem bu ýagdaý bilen habarly etmägä gyssandy. Eşşi han bu habary eşidip, ony indi telim bir wagt bäri, dag içini ot-ýelek edip ýören generalyň adamlary däl-de, öz adamlarynyň tapyp, “Türkmenler tapdy” diýdirip, köräbraý bolmagyndan kanagat tapdy.

Hazynanyň tapylan ýerine şol günüň ertesi Eşşi han, general Ýarmat handyr onuň töweregi bilen bilelikde geldi.

Hazyna tapanlar gelýänleri mertebeläp, üýşüp olaryň

öňünden çykdylar. Ahmediň gapdalynda boý deňläp duran Abdyrahman general Ýarmat han at başyny çekenden tabynlyk bilen baş egip, onuň huzurynda durdy. Hazynanyň tapylanlygyny habar berdi.

General atdan düşmäge howlukmady. Bada-bat tapylan baýlygyň möçberi bilen gyzyklandy:

– Sandyklaryň sany näçe?

– Gowagyň töründe, münder bolub-a dur. Biz onuň möçberini takyklajagam bolmadyk – diýip, Abdyrahman müýnli jogap berdi.

Abdyrahmanyň bu anyk bolmadyk buşluk häsiýetli maglumaty nämüçindir generaly kanagatlandyrmady.

Ol töweregindäki emeldarlaryň birkisiniň adyny tutup, olara gowakdaky hazynanyň habaryny alyp, dessine onuň möçberini ilik-düwme etmegi talap etdi.

Ýumuş buýrulan emeldarlaryň ýerli ýerden: “Lapbaý-da, lapbaý!” bolşup, töwereklerindäki adamlar bilen gowaga girip gidensoňlar, ol ýerde esli eglenişip, yzlaryna geldiler.

Gowagyň habaryny alyp çykan emeldarlar generala hazynanyň esasy böleginiň tapylanlygyny, onuň hut şol emirleriniň baýlygyna degişli hazynadygyny habar berdiler.

Muny general gönençli kanagat tapma bilen diňledi. Şu pursatda töweregiň gözüne generalyň egne laýyklap geýen zer-zerbap ýaraşykly geýimleri onuň mertebesiňe hasam mynanasybet berýän ýaly bolup göründi.

Emma barlag geçiren emeldarlaryň ýene birisi haçanda maglumaty dowam etdirip, ol ýerde birnäçe sapdygyň talaňa düşenini aýdan mahaly welin generalyň ýüzi gamaşdy. Ol emeldar soňam elinde saklap duran iki altyn puluny öz gepini tassyklama hökmünde generala görkezip, olary talanan şol sandyklaryň gapdalyndan tapanlygyny, sandyklara öň däl-de, näme-de bolsa ýakynda el urlanyny pikir edýänligini aýtdy. Bu gep bolsa soňra güman kölegesiniň türkmen atlylarynyň üstünden düşmegi boldy.

General şundan soň, hazynany görkezip, başyny gutaranyna ynanyp duran öý eýesine talaply ýüzlendi:

– Hany, nirede ol sandygyň engamy?

Gorkudan öý eýesiniň ýüzüni duran ýerinde şagga der basdy. Soraga jogap tapylmasa, ol generalyň özüni gaýgyryp goýmajagyny, ganyny gotura derman etjegini gowy bilýärdi. Hasam soňra maşgalasynyň düşjek kyn ýagdaýy ony hopukdyrdy. Hazynanyň kerep-çörňeşiginden başyny gutarmak tamasy bilen anygyny aýtmaga çalyşdy. Elini kükregine goýup, eplenip gepledi:

– On-on iki günlükde görenimde hem ähli möhürler ýerbe ýerdi...

– Emir hezretleriniň zadyna el gatanyň başy ölümli, maly talaňlydygyndan sen bihabarmy, eýse?

– Bardy, siziň aly hezretleriňiz, hemme zat ýerli-ýerindedi – diýip, ol näme bolsa hazyna şu aralykda gol gatylypdyr diýen äheňde aýtdy.

Onýança generalyň ümüne garaşyp duran emeldarlar hem talap bildirip, öý eýesiniň üstüne hüjüme geçdiler:

– Sen bilmän, kim bilmeli ol baýlygyň nirededigini?

– Tap, bejit, ýogsam gamçydan ölersiň, doňuz!

– Hany, sen aýtmajak bol, bizem aýtdyrjak bolaly – diýşip, ony gamçy bilen saýgylaýanlaryny az görüp, talaply geplere gerňäp, ýerli ýerden sykajyga salyp ugradylar. Öçli gaýgyrmazdan ýenjip ugradylar. Öý eýesi bende indi zol-zol delalat isläp, türkmenlere tarap göz astyndan seredip haraý isleýärdi.

Bu onuň «Doganlar, siz hazynany tapyp bersem, saňa degmeris, hiç kime degdirmeris diýip lebiz etdiňiz-ä?!» diýip, edilen lebzi olaryň ýadyna saldygydy.

Tizden türkmenleriň arasynda nägile hümürdiler peýda bolup, aýdylan gepiň eýesini tapanlygy belli boldy.

Ahmet Eşşi hanyň ýüzüne-de ýüzugra sala salyjylykly seredip goýberensoň, atyny öňe debsiläp, öý eýesiniň arkasyny

alyp, general Ýarmat hana ýüzlendi:

– Siziň alyhezretleriňiz, bize hazynanyň niredeligini öňümize düşüp, tapyp beren-ä şu adam. Ol bolmadyk bolsa, häzir biz bu ýerde bolmazdyk – diýip, mümkin boldugyndan, aýtjak gepine ýol arçap, onuň bu hyzmaty üçin gadyrynyň bilinmelidigini nygtady.

Ahmediň bu gepi oýlanyşylmadyk entek-tentek gep bolup görnüp, at üstünde mertebelenip, hökmürowan oturan generala ýaramady. Ol halamazlyk bilen gaşyny çytyp, eşitmedikden bolup, Ahmediň gepini alga almady.

Generalyň bu bolşy Ahmedi köpüň öňünde kemsitdi. Ol diňe häzir bu haýyşy etmeli adamyň özünden öň Eşşi handygyny ýatlap, şonuň üsti bilen generala çykmanyna ökündi, ýöne eýýäm boljak iş bolup, gaýjak zat gaýypdy. Şu pursatda Ahmediň arkasynda duran atlylary däl hemmelerem bu hakda onuň nähili gutarjagyny güman astyna alşyp biynjalyk bolşup durdular.

Eşşi han generalyň gapdalynda bolýan ýagdaýy gyňralybrak synlap durdy. Ahmet öý eýesini goraglap, ganynyň depesine uranlygyny, indi onuň üçin näme bolsa boluşmaga taýynlygyny mälim edip, generala täzeden ýüzlendi:

– Ýençmäni bes ediň!

Onuň sesi hökümli hem talaply eşidildi. Ol nädip elini ýaragyna ýetirip ugranyny hem duýman galdy. Ara dartgynlylyk düşdi. Gaýyň goparyna az galdy. Ol: «Biz lebiz etdik, şu adama lebiz etdik. Hazynany tapyp berse, özüne-de, öýüne-de azar berilmejegini aýtdyk. Oňa hyzmaty üçin sylag-serpaý edilmegiň ýerine bolsa, gazaba gerňelip dur. Ahmet bu gepi biz lebiz etdikmi, lebzimizde hem durarys” diýen hörpde gaýpynmazdan berk aýtdy.

Şol arada Bäpbe garaşylmadyk ýagdaýda tarpa atdan düşdi-de, onuň ardyna bökdürilen horjuny egnine alyp, gelibem ony generalyň öňünde, hazyna el gatanlygyny boýun alma bilen

horjuny başşak silkdi. Ondan tokga-tokga, pul görnüşli altyn bölekleri bilen, gymmatbaha daşlar pytraşyp gitdiler. Onuň yzysüre-de Bäpbe bilen sandyga el uranlaryň ýene ikisi gelip, horjunlaryny silkdiler. Ahmetdir onuň atlylary, Bäpbäniň ýene bir hokga çykaranyny diňe häzir şundan soň bilip galdylar. Bäpbe ortada tükgerip, arkasyny gamça tutup ýatan öý eýesiniň egninden tutup, ony ýeňsä alma bilen ýerinden turuzdy.

– Tur, gardaş! Biziň odumyza sen bir ýanma! Alynsa alnypdyr-da, beýle uly baýlykdan gysym-çaňňal, onuň bilen emir nä gedaý galýamyşmy? Bir bedre, iki bedre alanyň bilen akaryň suwy tükenýärmi, eýse!? – diýip, Bäpbe Bäpbeligini edip, özünde müýn duýmazlyk bilen, öý eýesiniň arkasyny aldy. Bäpbäniň gep saluwynda, hazyna el urup, öý eýesi ýigidi, ýolbaşlaryny kyn güne goýanyna bolan gijigen ökünjem, lebiz üçin garadan gaýtmajak gaýduwsyzlygam duýulýardy.

Ýoldaşlary bilen Bäpbäniň bu hereketi hazynaň ýerinde goýulmagy bolup, onuň general Ýarmat hany biraz geçirimlilige, ynsanperwerlige çagyran-da bolsa, general köşeşmedi. Ol gazap bilen özüniň nirede kime gazap edýänini unudyp: «Bu guduz itimi...» diýip, hökmürowanlyk bilen Bäpbäň kükregine mauzer tutdy. Şol pursatda parahat duran ýaly bolsa-da, Eşşi han garaşylandan tiz hereket edip, generalyň öňüni gabalap, Bäpbe bilen aralykda at kesertdi.

Soňam generalyň ýüzüne gelip:

– Ol it meniň öz itimdir! Oňa bermeli jezanam özüm bilerin! – diýip, Bäpbäniň arkasyny aldy. Şol pursatda general garşysyndaky türkmenleriň ýarag besleşip, gözlerini otlukly ýylpyldadyşyp, hanlaryndan üm bolsa, özleriniň üstüne hüjüme geçmäge häzir bolşup, gezelişip taýyn durandyklaryny gördi.

Bu Eşşiniň merdem hereketiniň generalyň gylawyny alyp, onuň ýagdaýa düşünip ugramagyna sebäp bolan pursat boldy. Ol hut şu türkmenleriň üsti bilen emir hezretleriniň baýlygynyň

uly bir bölegine eýe bolnanlygyny ýatlady. Häzir yrsaramasyny dowam etdirip, Eşşi hanyň gepini pitiwa almasa, türkmenleriň özleri bilen çaknyşmany hiç zatça görmejeklerine düşündi.

Ahmet ýolda yzlaryna gaýdyp gelýärkäler, nägiledigini mälim edip, Bäpbä igendi.

– Batyr, görmedim, bilmedimden bolan bolup, hazyna çaňňal uraýan ekeniň-ow!

– Edäýmelisi şolduram welin, ol haýransyz hazyna, eýsem, emiriň derini döküp gazanan zadymydyr. Seniň, meniň ýaly setmüň, özbek, täjik, türkmenden zorluk bilen alnan şolaryň daban azabydyr-da. “Ogrudan ogurlamak halal” diýilýär. Birki sandyk altyny alnandan nä emir gallaç galýamy? Ýolda alyp gelinýärkä bir düýesi gaýadan uçan eken-dä.

– Gelşiksiz-ä boldy özün-ä. Sen han aganam, bizi-de uýada goýduň-da.

– Han wagtynda ara düşüp, hanlygyny etdi-le – diýip, Bäpbe-de bu gezek Ahmediň han barada aýdany bilen ýürekden ylalaşdy.

– Şonuň üçinem han-da, ol bizden parhlylykda, nirede näme diýjegini, näme etjegini has gowy bilýär.

Bäpbe ýene-de Ahmediň sözüne makullaýjylyk bilen baş atdy..

Ahmet içinden «Bir hokga çykarmasa, ondan Bäpbe bolýarmy?» diýip oýlanan hem bolsa, onuň häsiýetine belet bolansoň, pikirini daşyna çykaryp, bu düşünişme bilen aýdylan gürrüňiň ýene-de kejeleşikli gepe öwrülmegini islemedi.

...Ýene birnäçe aýdan Buhara emiri Seýit Alym han hanlaryň, serdarlaryň abraýly maslahatynda Jüneýit hana duşanda oňa: “Seniň adamlaryň hazynany tapyp, ony gaýtadan yzyna almakda hemaýaty uly boldy”... diýip, minnetdarlyk bildirip, Taňryýalkasyn aýdar.

* * *

Obanyň türkmen sürgünleriniň aýal-gyzlarydyr çagalary soňky döwürde belläp gijelerine elboşlukda wagtal-wagtal Körje mamalara ýygnanýan boldular. Geçmişde molla gyzy bolup, hatsowady çykyp, kitap açan Körje mamada bolsa gürrüň kän. Şu döwürde halka ýetmeýän zat hut şeýle öz halkynyň durmuşyna ýugrulan dessandyr erteki-rowaýatlardyr pikirleri Watan sary alyp gidýän aýdymlardy.

Häzirki wagtda öýünde ýeke özi gugaryp galan Körje mamanyň hem sürgüne gelende maşgalasy bäş baş dagynam bardy, ýöne birki ýyllykda gelen agyr garahassalyk keseliniň obada boşadan öýleriniň birisi ýatyp öldi, birisi ýetip öldi diýleni bolup, Körje mamanyňky şol bolupdy. Onuň bu dünýäde ýüregine teselli berýän ýekeje zat, ol-da 1935-nji ýylda ýaşlara rugsat edilende ýurda giden uly ogly bolup, ol irde-giçde oňa gowşaryn diýen tama bilen ýaşaýardy. Orazmyrat brigadir işde oňa güýjüniň ýetjek işlerini berip, sürüden galdyrman goldap, ýagdaýyna göräräk bolup, oňa gün-güzeran aýlamak üçin gazanç etmäge mümkinçilik döredip, hemaýat edýärdi. Has-da gyş aýlary, meýdan işleri birýüzli bolansoň, gijeden gije onuň öýi gürrüňçilik ýerine öwrülerdi.

Bu günem Körje mama öz golaý goňşulary Enejan Keýikdir Nöker ermeniniň aýaly Maral eje bilen ýerden ep-esli göterilip gurlan orus pejiň aşak eşiginde arkasyny pejiň diwaryna berip, pyrlap ik egrip otyrdy. Amatlyrak ýer diýlip, galdyrylyp goýlan çyranyň ýagtysy nebit ysly bolsa-da, öýe özboluşly ýagtylyk saçyp, gözüň öwrenişensoň, bir-biregi has aýdyň görmäge mümkinçilik berýärdi.

Maral eje sürgüne gelnensoň özüni ildeşleriniň arasynda işine ygtyýar, köpe ýaraýan adamkärçilikli, akyl-paýhasly zenan hökmünde tanadypdy. Ol bu gün Körje mamalara köplenç yzyna

tirkeýän kiçi ogly Sapar bilen gelipdi. Sapar häzir oglanlaryň üç-dördüsi bilen, orus pejiň üstüne çykyp, Jepbar garagolyň gapdalynda aýagyny sallap otyrdy. Jepbar bir gezek Körje mamanyň suwuny şlanga bilen duýdurman, ýoldaşlary bilen içip ät goýaly bäri ol garagollykda hasam özüni tanadanlaryň biridi. Häzirem ol ýene bir hokga çykararly bolup, gözlerini jel-jelledip, içerini pirim-pikirli synlap otyrdy. Oglunyň häsiýetine belet ejesi Enejan Keýik mahal-mahal ýeňsesine gözläp: “Dekje oturgyn, ýogsam kowlarsyň!” diýip, enelerçe jandurmazlyk edip, duýduryş berip, ony tertibe çagyrýardy.

Dili çeper Enejan Keýik hezil edip, bu ýerdäki gürrüňçilige şüweleň berýänleriň biridi. Şonuň üçinem ol bir gün bu ýere gelmese, “A gyz, Enejan gelmedi-le?” diýdirip, gelenlere özüni gözlederdi.

Enejanyň wagtal-wagtal haýsy zatdan gürrüň bolsa, şol zat barada diline gelen goşgy setirini sanap goýbermesi hem bardy.

Il-Gün üýşüp toý tutsa,
Bedewleri ula gitse,
Ýyndam atlaryň birin,
Çapar meň Jepbar janym.

Bu gezegem ol ýüregi joşly şu goşgy setirlerini sanap goýberensoň, öz adyny goşguda söýünç bilen getirmedigini göwnüne alaýmasyn diýen hörpde hemişe özi bilen kelte tirkelen ýaly bolup gezýän, barha ers-mers bolup barýan gyzy Jerene tarap hem sen hem ýadymda diýen äheňde nazar aýlap aldy.

Adamlar bolsa henizem ygam-sygam, öňli-soňlurak gelşip durdular. Içeriniň hümürdisi, aýal-gyzlaň dakynan şaý-sepleriniň şyňňyrdysy, şogurdysy bilen goşulyşyp, barha artmak bilendi.

Hemişe iliň öňi bolup, gyzy bilen gelýän Ýegelegiň aýaly Mährigöýä bu gün eglenç edip, gijä galyp, özem gyzy bilen däl-

de, goňşusy hortap Nabat bilen bile geldi. Bir ýyla golaý mundan ozal adamsyndan jyda düşen öz gününi özi görmeli bolan Nabat köpçüligi küýsäp, ol-da indi onda-munda köpüň üýşen ýerlerinde görnüp ugrapdy.

Mähri jaýa giren ýerinde säginen ýaly edip, nirede oturjagyny peýleýän ýaly nazaryny töweregine aýlap durşuna öý eýesi Körje mama bilen göwünjeň şelaýyn gürleşip, ruhubelentlik bilen bizem geldik diýen hörpde salam-helik alyşdy.

– Mamasy, esen-aman, igiňizi tigirläp oturanmysyňyz?

– Şükür, Hudaýa.

– Ine, bizem geldik.

– Gelseňiz, gowy edepsiňiz. Çöken düýe ýer tapar, ornaşyňda oturyberiň! Aýdyma-da entek başlamyzok. Özüň ýaly geläýmelileriň ýoluna garap, ondan-mundan hümürdeşip otyrys – diýip, Körje mama sözüniň üstüni ýetirip, olaryň gelmegi bilen özüniň kanagat tapanyny mälim etdi.

Mähri gapydan uzak bolmadyk amatlyrakdyr öýden ýerinde Nabat bilen ýerleşensoň, uzak wagt geçmänkä, içerini biraz dymygrak-yssyrak gördümi ýa-da öz geýen täze köýnegini görkezeýin diýdimi nämemi, egnindäki güpbä berimsiz daşky geýimini çykaryp, ony iki epläp, keserdip öňüne basdy. Töwerek şundan soň onuň gök köýnek geýnip, bu gün has owadan bolup gelenini gördi. Onuň gelşikli ýaka edilip tikilen köýnegine şol pursatda görüp, töwerekde oturan aýal-gyzlaryň köpüsiniň oňa gözi gitdi.

Bir köýnekde mydar edýän, horaşaja geýnenleriň-ä oňa hasam gözi gitdi.

Mähri soň özüniň bu günki gijä galmagynyň sebäbi soralmasada, düşündiriş berýän hökmünde adamsyndan ýalandan nägile bolandan bolup näzirgäp gürledi:

– Gaýtjak bolup durkam kakasyny ýene komendant çagyrdy. Komendant ýoldaşam şonsuz güni geçmeýän ýaly, häli-şindi

çagyryp dur ony! Ol geýnip çykyp gidýänçä nädeýin garaşmaly boldum. O-da hemişe bir ýere gitjek bolsa, ol zadym nirede, bu zadymy tap diýip, sorabam dur...

Mähriniň täze geýen köýnegine töweregine keýerjeklän mahaly görüp, gözi gideniň birem Enejan Keýik boldy. Ol bada-bat aýal arzuwçyllygy bilen gyzy bilen özüne-de şeýle ýaraşyklydan owadan köýnek arzuwlap, begenip ony gutlady:

– A gyz, Mähri, täze köýnegem gutly bolsun! Sen-ä asyl bu köýnekde gögerçin ýaly gelin bolaýypsyň, gyz... Toýa geýmek nesip etsin!

– Sag bol, Enejan dogan, kakasam muny geýemde görüp: “Iliň-ä heleýleri ýyl geldikçe garrasa-da, sen-ä ýaşarýan ýaly bolup görmegeýleşýäň” diýdi – diýip, gulagyna hoş ýakan öwgini hondanbärisilik bilen ýatlady.

Şu arada bu gepler ýüregine düşdümi nämemi, ilkiräk gelenleriň biri bolup arkasyny jaýa ýaplap oturan Ogulgerek gyryljak sesi bilen oturanlara ýüzlendi:

– Hany, aýdym aýdalyň-la?

– Dursun, olam-a heniz ýok ýaly-la.

– Eglendi özüň-ä.

– Gelmese geler-dä, näme başlabereliň!

– Öň aýdymy şol başlaýýardy-da...

– Goňşy oruslar aýtmyşlaýyn näme. «Ýedi bolup, bir adama garaşylmazmyş” diýip, ýene-de biri Ogulgerek bilen göwünjeň gopdy.

Ogulgerek öz teklip-isleginiň maslahat-seljermä öwrülip barýanyny görüp, boldumly harsaň ýüzüni ýerden göterip, aýdyma başlady:

Sürgün edip getirdiler-ow!
Ilimizden ýitirdiler-ow!
Batga barna batyrdylar-ow!
Neýläýin men, jora janym, eý?..

Emma Ogulgerek aýdymy howlukman aýdyp, näçe töwerekden ses goşularyna maý berip, garaşsa-da wagty bilen onuň sesini alyp göteren bolmady. Bu aýdym ozal aýdylanam bolsa, soňky döwürde seýrek aýdylardy. Munuň tersine oba şahyry Adan maňkanyň ýaňy-ýakynlarda döreden “Seni göresim gelýär” goşgusy bolsa ürç edilip, höwes bilen aýdylýan aýdyma öwrülipdi. Häzirki gelenleriňem köpüsi hut şol aýdymy aýtmagyň höwesindediler. Onýança içerdäki ýagdaýa öý eýesi bilen beýemçilik edip oturan Enejan Keýik töweregine gözläp, bir keýerip alansoň, ýagdaýy öz eline aldy.

– Öňem gaýgy-hesretimiz ýetik-le, dogan, geliň indi bir gynançly aýdym aýtmaýalyň-la!? – diýdi. Töweregem ýerli ýerden ony goldady.

– Öz gowy görýänimizi aýdalyň!

“Türkmenistan, seni göresim gelýäri” aýdalyň! – diýişdiler.

Onýança biraz bady alnan Ogulgerek “Göresim gelýär, nä hasratly dälmi?” diýip, öz sesiniň alnyp göterilmedigine göwni galyp, öýkeli hünürdedi.

Islegli aýdymy Täjili aganyň ýyl-ýyldan süňňi suwlanyp, bir gowy gelinlik bolup ýetişip gelýän gyzy Ogulgurban başlady. Ol gözüni depesine dikip, hamala, şol ýerde goşgy setirlerini hatar-hatar ýazgysyny görýän ýaly, aýdym setirlerini bir başyndan höwesli sanap ugrady.

Watandan bölünip alnanlardan biz,
Gara sanawlarda bolnanlardan biz.
Başa söwda bary salnanlardan biz.
Türkmenistan, seni göresim gelýär.

Aýdym setirleri sanaldygyça, oňa gijä galyp barýan ýaly gapdaldan howlugyp goşulyşýanlar barha köpeldi.

Göz öňümde derýaň aýlanyp akýan,
Topragym ýüzüme mähirli bakýan,
Seni ýatlap munda men nagra çekýän,
Öz Watanym, seni göresim gelýär.

Galdy atam segsen ýaşy taýaklan,
Käbäm galdy ömür ýolun aýaklan,
Watandan aýrylyp düşdüm syýakdan,
Jan Watanym, seni göresim gelýär.

Aýdyma berlenleriň sanynyň artdygy saýy ol barha möwç alyp, ýürekdeşlik tapdy. Häzir hemmeler bu aýdymy ýürek ezip, ýitirilenden soň gadyr-gymmaty has artan Watany göz öňüne getirip aýdýardy.

Naçarymdan habar alyp bilemok,
Öňkim ýaly aglap, gülüp bilemok,
Ýykyldym men indem galyp bilemok,
Türkmenistan, seni göresim gelýär.

Watan ýatlanyp, aýdym aýdylanda bular her gezek, sanalýan goşgy setirleriniň durnalara öwrülip, Watan tarapa uçýandygyna, soňra bolsa aýdyma halys berlip, şol uçup barýan durnalaryň özleridigine ynanardylar. Aýdymy aýtdyklary saýy özleriniň Watana golaýlaşyp barýan ýaly ýakymlydan üýtgeşik bir duýgulary başdan geçirerdiler. Aýdymyň aňyrsyna çykylýança, özleriňem Watana ýetip barjaklaryna ynanardylar.

Dursun aýdym gowy başlanansoň, aňyrdan gyssanybrak gelenleriň biri boldy. Ol gele-gelmände aýdyma goşulmaga howlugyp, soňraky gelenleriň töweregindäki tapan ýerinde ornaşdy. Bir dem diňirgenip, aýdym akymyny gulagy bilen yzarlap, onuň niresinden goşuljagyny peýläp häzirlendi. Emma ol

şol barmana Mährigöýäniň göze ýakymly gök köýnegiň içinde bir gowy bolup oturanyny görüp, ininiň bir zady syzan ýaly düýrügip gidenini duýdy. Sürgüne gaýdylmanka özüniňem bir wagt şunuň ýaly köýneginiň bolanyny ýatlady.

Ony gowy görüp, toýa ýenekä gidende aýap, arzylap geýenligi hem ýadyna düşdi. Ýöne arman, ol sürgün başagaýlygy bilen unudylyp, yzda obada galan zatlaryň biri bolupdy. Olam şol wagtlar Mährigöýä ýaly gök köýnegini gelende, özüne "Gögerçin ýaly gelin bolaýyypsyn" diýdirip, taryp tapypdy.

Dursun şundan aýdyma goşulmany hem unudyp, özüniňkä meňzeş bu gök köýnegiň töwereginde her hili oý-küýlere berlip köwsarlap ugranyny hem duýmady.

Ilki bilenem ol indi bireýýämden bäri obada eşidilýän, ýöne henize çenli özüniň oňly üns bermedik: "Ýolda posylka açylýamyş" diýen gürrüňi ýatlan mahaly onuň nähili beýle bolup biljegine aň edip bilmese-de, şu pursatda göwnüne güman gitdi.

"Posylkalar poçtada barlanýarmyş" diýseler, öň muny adamlar, sürgünleriň yzlaryndan gelýän hatlara müňkürlik edip, biriniň hatyny ýene bir dil bilenräk ildeşine okadyp görýän Şadmanowdan görerdiler. Ýöne soňky döwürde bu meselede myş-myş gep gürrüňleriň arasynda Şadmanowyň adynyň gapdaly bilen Nurýagdy Tegelegiňem ady çykyp ugrapdy. Mürzeýip ahunyňam ýiten zadyny yzlap poçta baryp, Nurýagdy bilen düşünişibilmän, sögüşip gaýdany hem obada uly gürrüň bolupdy.

Dursunyň bu zatlary öwrüp-çöwrüp ýatlamagy bolsa, onuň "Bu ýene-de meniň şol obada galan gök köýnegim bolmasyn?" diýen gümanly pikir döretdi. Sebäbi öňräk yzlaryndan gelen posylka salnan zatlaryň ýanyna goşulan hatda gök köýnegiň hem munda bardygy ýazylan hem bolsa, ýöne ondan aýdylan köýnek tapylmandy...

Ýolda urdumşalyk edilýäninden düýbünden bihabar maşgala şonda onuň posylka sygman ýa-da ýatdan çykarylyp

galanlygyny pikir edip, onuň ýeneki bir gezekde ugradylyp özlerine gowuşjagyny tama edipdi.

Dursun Mähriniň köýnegini görüp, nähili ümürli pikirlere berlenini hem duýman galdy. “Dünýäde meňzeş zat gytmy? Bellisini bilmänem bir adama ogrulyk-töhmet ýapyp bolarmy?” diýip, öz müňkür pikirlerine basalyk berip ynjalmaga çalyşdy.

Dolup daşan toýlarymy ýatlaýan,
Gyz-gelinli küýlerimi ýatlaýan,
Hatar turan öýlerimi ýatlaýan,
Gül Watanym, seni göresim gelýär.

Dursun il deňinde aýdyma goşulyp, bu pikirlerden daşlaşmak islese-de ýene-de bolmady. Haçanda ol Mähriniň garşysynda oturan aýal gel diýip özüni aýdymy ses goşup bile aýtmak islän jorasynyň ýanyna göç edende, ol köýnegiň ýakasyny synlamak islegi bilen bu çakylykdan peýdalanyp: “Men bir ortarak geçeýin-le!?” diýip, öň ýanyndaky oturanlaryň üstülerine abanyp, aralaryny böltäp, öňe geçdi. Geçibem öz isleýşi ýaly, göni Mähriniň alkymynda ornaşyp oturdy. Mähri onuň göze-başa düşüberşini halaman:

– Şuňa-da, gyz, ýer ýaranmady – diýip, onuň bolşundan nägile boldy.

Dursun alkyma geçensoň, indi oňa köýnege salnan keşdäni ýakyndan synlamaga mümkinçilik döredi. Ýakany tutup, gül-gunçaly meýdana meňzäp duran keşdeler şundan soň oňa hasam gowy göründiler. Hut şeýle keşdäni Dursuna durmuşa çykmagynyň öňüsyrasynda, onda-da toý köýneginiň ýakasyda çekmäni çeper elli gelnejesi öwredipdi. Şeýdibem, gelnejesi berýän maslahatlary özüniň durmuşa bolan arzuw yhlasy bilen bir aýa galyp-galman köýnege aýratyn gelşik berip duran keşdeli ýaka peýda bolupdy. Öýe düşen günleri adamsy hem gök köýnegi aýratyn halap oňa:

– Sen-ä asyl gögerçin ýaly gelin bolaýypsyň – diýip, owadan guşa deňäp, oňa buýsanypdy.

Şol barmana-da tiňkesini dikip, köýnek ýakasyny synlap oturan Dursun onuň keşdesiniň başynda gaty üns bermeseň, tapawut berip-de barmaýan gelnejesiniň ...şol gezekde nusga hökmünde başlap beren keşdesini gördi. Ol göräýmäge onuň öz salan soňky keşde öwrümlerden şeýle bir tapawutlanyp barmaýan-da bolsa, ünsli siňňin seretseň, tapawut biraz bildirmänem durmaýardy.

Onda-da ol keşdäni öň gören, ondan aýlaw çiglimi öwrenen belet adama. Dursun diňe şeýdibem ýeňňesiniň nusgalygyny däl, oňa salan öz keşdesini anyk tanady.

Dursunyň garyndaşlary yzyndan posylka ugradanda unudylandyr öýden köýnek, gör, gelip indi nirelerden çykdy? Dursun Mähriniň egnindäki öz gelin köýnegini görüp tanansoň, oturyp, öz haly bilen bolmady. Töweregine habar berijilikli gözläp, bir Körje mamanyň bir töwerekde bolýan ähli hereketiň ygtyýar berijilik bilen hasapda saklap oturan Maral ejä tarap ilgezik göz aýlap, aýdymyň soňlanaryna gyssandy. Dünýäden bihabar ýokarsyna gözläp aýdyma gygyryp oturan Mähriniň ýüzüne alarylyp-alarylyp seretdi. Saklanyp bilmän:

– Çykar köýnegimi, jelep! – diýip, onuň üstüne özüni taşlady.

Soňam köýnegi onuň egninden çykaryp alarly bolup, bir ol ýerinden, bir bu ýerinden çekip, köýnegi Mähriniň boýnuna ýygryp, ony çykaryp almaga synanyşdy. Dursunyň badyna serlip arkan ýykylan Mähriň-de onuň nämäniň dawasyny edýänine göz ýetirensoň, dyzanyp onuň-da Dursundan kem oturasy gelmedi:

– Çek eliňi köýnekden, sen ýalyňam bir iti bormy, ýalagy bolar ýaly – diýip, Dursuna maşgala-güzeranynyň özüniňkiden pesligini ýatladyp: “Bir tursam bolýar!” diýip, ýatan ýerinde, oňa hemle atyp haýkyrdy.

– Kimiň nämesiniň baryny il gowy bilýändir. Zadym

seniňkiden azam bolsa, öz daban azabym bilen gazanan halalja zadymdyr! Siziňki ýaly bir ýany ogrulyk, bir ýany haramlyk däldir.

– Aýryl, diýilýär saňa, haram heleý – diýip, Mähri ýene güýç jemläp, dyzanyp, onuň aşagyndan sypmaga synanyşdy. Emma gazaby gaýnan Dursun hortabam bolsa, oňa galmaga maý bermedi. Gaýta:

– Çykar köýnegi, tapan begener, tanan alar! – diýip, onuň ýüz-gözüni dözümli ýolmalady.

Maral ejedir Körje mama oturan ýerlerinden gelinleriň boluşlaryny halaman, daldalaýjylykly dillendiler. Galjaň Enejan Keýik bolsa, tarsa ýerinden turup, Mähriň üstünde oturan Dursuny şarpa gujaklap, dözümli silkeledi.

– Dursun, heleý halymyza beýdişip, masgara bolmalyň-la, gyz? – diýip, ony ýeňsä çekdi.

– Goýberiň şol ile gelen posylkalaň içini urup oturan Nurýagdy Ýegelegiň heleýiniň bir bagryny myjap, içimi sowadaýyn-la! – diýip, Dursun bolsa, Enejanyň elinden synjak bolup dyzandy.

Başy göçen jany ýangynly Dursun indi agzyna ak gelse-de, gara gelse-de, gaýgyrman diýýärdi.

– Wah, şol ýolda gaçyp tutulanyňda, Tätän baý namys edip, seniň äriň merkiňi berjekdi-le welin, arman töwella-tagsyr bilen adamlar onuň elinden alypdylar-da.. Ah, haýyp.

Aýallaryň bu bogalaşygyndan diňe orus pejiň üstünde öýdäki märekäniň üstünden seredişip, şol ýerden aýdyma goşulyşyp oturan oglanlar hezil tapdylar. Gözler diýseň jel-jel etdi.

Bu hezilligiň dowam etmegini isläp, Jepbar bimesreplik edip, ejesine igendi:

– Goýber, eje, goýber. Goý uruşsynlar!.. Saçyndan çek, bog! – diýip, hezil edip oturan ýerinden garpyşyga şüweleň berdi.

– Goýbersene, daýza. Heleýler uruşsa, horazlar urşan ýaly

hezil bolýar-a – diýip, oglanlaryň ýene bir Babagulam Jepbaryň keýpine göwünjeň goşuldy. Enejan Dursuny gujaklap saklap durşuna, oglunyň ýeňseden eşidilen sesini tanap, sähelçe boýnuny öwrüp:

– Dek otur diýmedimmi saňa. Bolgusyzlyk ýetseň, kakaňa aýdaryn. Ýene çybyk iýesiň gelendir seniň – diýip käýindi.

Duýdansyz gopan harasat Maral eje, Enejan Keýikdir Körje mamanyň goşulmagy bilen abaý-syýasat edilip zordan ýatyryldy.

Öýüň ortaragynda bir toplum deň-duşlar bolup oturan Ogulgurban ara dymyşlyk düşenininiň yzysüre pejiň üstündäki garagollyk edişip oturan oglanlara nägile göz aýlap goýberensoň, aýdymy ýene-de bölünen ýerinden öz isleg höwesi bilen seýikläp, oňa täzeden başlady.

Ýat ilde aýralyk çekip örtendim,
Ýollara delmirip bakyp örtendim,
Watan diýip, bagrym ýakyp örtendim,
Türkmenistan, seni göresim gelýär.

Men ýat ilde sakar oduň oduny,
Jelladym bar, aýdabilmen adyny,
Şeýdiplerem bolýan eken adamy,
Türkmenistan, seni göresim gelýär,

Aýdym her gezek şeýdilip, ses goşulyp, il bolnup aýdylanda, onuň ynsan kalbyny pasyrdadyp, guş edip asmana göterip, lerzana salmak häsiýeti bar:

Gazagyň doňduran gyşyny gördüm,
Ýöräp tükenmejek daşyny gördüm,
Çöwrülen ykbalyň daşyny gördüm.
Öz Watanym, seni göresim gelýär.

Aýdyma ýokardan Türkmenistan depe-duz, derýa bolup, tanyş atyz-çil bolup görnüp ugrady öýdýän. Aýdym ýurt üstünde pelesaň urup, hasam göçgünli ýaňlandy.

Enem tamdyr otlap, nanlar ýakanda,
"Byž-ž" ederdi döwüp, suwa atanda,
Bulaň bary galdy, galdy Watanda
Türkmenistan, seni-göresim gelýär.

Birazdanam aýdymyň dawa-şerimde segräp, has ýokary göterilenligi belli boldy. Aýdymy indi böltejek, töweregiň keýpine kuh bermäge synanyşanlaram bolmady. Hemmeler özleriniň Watan diýip uçup barýan durnalardyklaryna ynandylar. Aýdym barha joşgun aldy.

Bir salymdan hakyny köýdürenine gysylyp-gynanan Dursun hem gözýaşyny aýasy bilen süpürip, aýdym sesine sesini goşup ugrady.

Dursunyň labyzlydan owadan sesiniň galkyp ugramagy Watan hakyndaky ýürek ezilip aýdylýan aýdyma has-da hyruç berdi.

Göwün-durnalary ganat kakyşyp, has belende göterildiler.

Sürgün halda meniň ýandy-la janym,
Tersine öwrüldi tugy-ynamym.
Ynsan hatarynda ýok indi sanym,
Türkmenistan, seni göresim gelýär.
Jan Watanym, sen göresim gelýär.

* * *

Dursun "Göresim gelýärden" gaýdyp gelen mahaly henizem ol ýerde gök köýnegiň üstünde gopan harasadyň täsirinden çykyp bilmändi. Ol gelende adamsy bireýýäm uklap galan oguljygydyr

gyzjagaznyň gapdalynda çyranyň ýagtysyna deşilip, yş beren köwşüni ýamap bolup, onuň gaýdyp gelerine garaşyp otyrdy. Dursun Körje amalarda bolan ýagdaýy tutunyp, adamsyna gürrüň berdi. Tanabam öz zadyny alyp bilmänligine namys edibem aglady. Janynyň ýangynyjyna-da suw içim salymda Nurýagdydyr onuň aýalyny erbetlikden deňemedik zady galmady.

– Ol heleý näme diýen bolýar diýsene? Sürgüne gaýtmankam tikinipdim, birki gezekden köp egnime-de sokan däldirin – diýip, utanman ýalanam sözleýär. Beýle-de bir bihaýa heleý bolar eken. Wah, men şol wagt nädip onuň gepini ýalana çykarmanyň ýoluny tapmadymkam? Ýogsam köýnegiň ýakasyna öz basanja keşdämi tanabam durun-a. Beýle han keşde salmak Mähri ýalynyň syrtyndan geljekmi? Barybir bogalaşsamam, köýnegimi onuň egninden çykaryp alyp bilmedim.

Dursunyň gürrüňi şu ýere ýetende adamsy Hakberdi köýnek çykarylyp, emjeklerini gujaklap, ýalaňaç oturan Nurýagdyň heleýiniň masgara keşbini göz öňüne getirdimi nämemi, aýalynyň gepine ýylgyryp goýberenini hem duýman galdy. Soňam Dursuny köşeşdirmek üçin, oňa göwünlik berijilikli gürlemäge çalyşdy.

– Dursun, beýdip gynanmasana sen. Giden şol köýnek bolsun. Başymyzyň sadakasy ekin-dä... Bu köýnegiň dagy näme? Biz Watany ýitirdig-ä, heý, ondanma bir uly ýitgi bolarmy?

Dursun adamsynyň gürrüňiniň soňuna garaşmaga howlugyp ýene dillendi.

– Allanyň başa salanyna, elbetde, çärämiz ýok. Çekmeli bolar. Ýöne Nurýagdyň haram heleýinden-ä hakymy gidermen. Eger hakymy gidersem, onda men gylyç gemren Hyrslan düňläň agtygy däldirin. Bir gün öýüne baryp, basa düşüp egninden köýnegimi sypyryp alyp gaýdaryn.

Dursun çäresizlikden bu gepi aga garyp aýdany üçin, Hakberdiniň onuň görüp-bilip, köýnegini alyp bilmedigine nebsi agyrdy. Oňa ýarasyna melhem boljak zatlary aýtmaga, ýykylan

göwni seýiklemäge çalyşdy:

– Hany, biraz sabyr et, gelin baý. Görýäň-ä ýagdaýlaram kolhozda ýyl-ýyldan gowulaşyp barýar. Biraz özümizi tutsak, özüm saňa köýnegiň ondanam gowusyny alyp bererin. Ýakasyna-da özüň sünneläp, bir keşde-de salarsyň welin, nädersin geýeňsoň, ýene-de onuň içinde endiräp duran gaýtarma gelne öwrüläýseň. Ýadyňdadyr, gaýtarmadan geleniňde durup bilmän, harsa gujaklap alanym...

Gowy pursadyň ýatlanmagy Dursunyň ýaraly kalbyna biraz melhem bolup çaýylan ýaly täsir etdi. Ol biraz ýazylyp:

– Sen sabyrsyz ahyryn... – diýip, şonda bolan soňky pursady ýatlap, biraz gyzaryp syry açylan deý öz-özünden uýaldy.

Ara düşen biraz dymyşlykdan soň, Hakberdi Dursuna çagalaryň ýatan ýerlerine gözläp:

– Çagalar üstlerini açypdyr, bar ýap üşäýmesinler! – diýdi.

– Gyzym-a oýnap ýadapdyr öýdýän. “Göresim gelýäre-de” gitmän uklap galdy. Hemişe gitsem, böke baýrakdy ýogsam.

– Garda typmaly bolsa, hezil edýä-dä şular.

– Wagtynda oýundan doýup bilmän üşeýänem ýene şular – diýip, Dursun makullaýjylyk bilen, biraz köşeşip, adamsy bilen deň gopup ugrady.

Maşgala arabasynyň ýene-de dikgirdäp, öz maýdalyna ýöräp ugranlygy belli boldy.

Körje mamanyň öýünde kepder köýnek üçin bolan darkaşlykdan iki gün soň, Dursunyň adamsy daň bilen turup, işine barýarka, öň ýanynda kimdir biriniň nämedir bir zady goltugyna alyp, garly ýoly bekläbräk duranyny gördi. Duranyň çiňerilip seredişinden onuň özüne garaşyp duranyny hem çen etdi.

Bu Nurýagdy poçtady. Nurýagdy Hakberdi golaý gelen wagty onuň salamyny alyp, oňa goltugyndaky düwünçegi uzatdy yzyndanam:

– Ine, şol köýnek, ýöne heleýiňe aýt, heleýligini edip, onda-munda biziň üstümizden gum sowrup ýörmesin! Özüň bilýäň-ä men kimem bolsam, her ýeteniň çeýnejek çöpi däldirin – diýibem sözüniň üstüne goşdy. – Gerek bolsa, ýagşylygam edip bilýändiris – diýip, oňa agasy bilen bolan wakany, ýatladyp, şol gezekdäki eden kömegini diline çolady: – Şol gezek wagtynda men goşulmadyk bolsam, döwlet emlägine kast edeni üçin, agaň şu wagt türmede ýatmaly – diýip, ol maşgala öz nepiniň degenligini minnetli ýatlatdy.

Geçen ýyl Hakberdiniň agasy ýatyrlaýyn meýdanda goş sürülýän mahallary öküzleriň biri ýakymsyz ot-çöp iýdimi nämemi, haldan gaçyp ýere süýnüpdi. Öküziň haraba çykyp barýanyny görübem hemişe şeýle ýagdaýda edilişi ýaly, pyçagyny çykaryp, ony soýup halallapdy. Arzanrak bahadan berilse, onuň telim maşgala lukman boljagyna tama edipdi. Emma şonda onuň eden haýyrly işine başgaça düşünilipdi.

Şadmanow gelip, sygryň derisindäki daraw-daraw çybyk yzlary gepledip, ony et edinmek üçin, ýörite iş öküzini urup öldüren tersçil hökmünde aýyplapdy. Elini arkasyna daňyp, kolhoz kontoryna getirip, organ işgärlerine tabşyryp jenaýat işini açdyryp, barlag işlerini geçirdip, onuň boýnuna bendilik halkasyny salmakçy bolupdy. Eger şol wagt Nurýagdy Ýegelek kontorda gabatlaşmadyk bolanda, onuň tersçil hökmünde günälenip, gümgidene ugradyljagynyň hem ujy iki däldi.

Nurýagdy Ýegelek Hakberdiniň agasy gümbaşrak Resul bilen birsalym kerpiç guýujylara ýolbaşçylyk edip ýörkä soraşyp-ideşip tanşypdy. Ol Nurýagdyň bajasynyň dogan oglan agalarynyň biri bolup çykypdy. Şondan bäri-de olar duşan ýerlerinde bir-birleri bilen gadyrlysyrap salamlaşyp, hal-awhal soraşýardylar.

Nurýagdy ugruny tapyp, şonda ony Şadmanowyň gazabyndan sypdyrypdy. Sygry gölerdi diýip aktlaşdyryp, onuň etini bolsa satdyryp, komendantyň jübüsine salyp, gapdalyndan

şir awuna duşan hökmünde özem bähbit görüpdi.

Nurýagdy aýaly Körje mamalardan gelip, bolan ýagdaýy gürrüň beren mahalynda ol syrtynyň açylyp barýanyny pikir edip, bu ýagdaý bilnip, ula ýazmanka bir ýol bilen basyp ýatyrmalydygyna düşünipdi. Oýlanybam "Ogurlyk eden utanmaz, üstüne gelen utanar" edip, gep-gürrüňler, arz-şikaýatlara ýazmanka, basyp ýatyrmagyň ugruna çykypdy.

Dursundyr adamsy diýenini etmese, ol ozalky eden ýagşylygyny ýatladyp, olaryň üstüne Hakberdiniň agasyny sürmekçidi. "Oňa bir gara, bir gara bermedigiň ýüzi gara" diýip, inisiniň heleýiniň agzyny ýapdyrmakçydy. Ýöne gürrüňi köpeltmän, gelniň adamsyny ilki özi görermen bolupdy.

Hakberdi eline berlen düwünçegi öýüne getirip, näme barka diýip açanda, ondan Dursunyň gök köýnegi bilen ýene-de bir çäkýaka ak erkek köýnegi çykdy.

Dursun öz köýnegini alsa-da, "Bu-da bir biz ýaly posylkasy talanan bendäniň zady bolmalydyr" diýip, ony alyp, adamsyna geýdiresi gelmedi.

Dursun şol günüň ertesi düwünçege düwlen ak köýnegi Nurýagdyňka ertip: "Bize kişiň zady gerek däl. Ýene bir gezek masgara bolmajak bolsaňyz, köýnegi eýesini tapyp gowşuryň. "Zeleliň ýaryndan gaýtmagam bir peýdadyr!" diýip, sögüp-samrap, ony Nurýagdylaň gapysynda taşlap gaýtdy.

## ONUNJY BÖLÜM

Tä, ertir ir bilen okuwa diýip geýnip daş çykýança, Allanazar bu ýyl ilkinji garyň ýaganyndan habarsyz galdy. Elbetde, hemişe bolşy ýaly, gar ýagmazyndan ozal ýene-de birnäçe gün öň asman ýüzi gamaşyp, ýelpäp ýel öwsüp, howanyň öwzaýynyň mesemälim üýtgäp, tebigatyň bir hyýala münenligi belli bolup ugrapdy.

Adamlara wagtdan jäht tutup: "Bäh, bu eýýäm şeýdäýjekmikän?.." diýdirip, böwrüni hem diňledip alypdy. Ýöne güýz heniz öz möwritini doly gutarmansoň, ol ylla beýdäýerem öýdülmändi.

Häzir garyň ýagyp, adamlaryň özlerini ahmallyklaryny aldyran ýaly pikir döretmegi hem şonuň üçindi. Ine, indi bolsa aşak-ýokaryň ýok, gar barak jaýlarynyň üstlerinem, giden dünýänem lagambir öz ak possunynyň etegi bilen basyrypdyr.

Gar gije dyza ýeterli bolup, esli ýaganam bolsa, ol entek hemişekisi ýaly ýeri ýagşy bagyrtlap, şatyladyp, doňdurmaga ýetişmändir. Üstesine, ol ýene-de maýdalabrak, uçganaklabam dur.

Allanazar ilki barak jaýynyň umumy gapysyndan çykyp, gary görüp, töweregiň hezilligini höwesli synlap durşuna, ýoldaşlarynyňam tizräk gelşip, bu gowulygy görmeklerini isledi. Gapyň öňünde olara garaşdy. Ol şu pursatda bu gowulygy jigisi Rahmangulynyň-da daş çykanda görüp begenjegini pikir edip, onuň gar bilen şatlykly duşuşygyny göz öňüne getirdi. Her gezek şeýdip ilkinji gar ýere düşende, ol görülmedik zat ýaly, juda täsirli görnüp, ýüreklere joşgun dörederdi..

Allanazar mekdebe her gün öz umumy baraklarynda ýaşaýan synpdaşlary Biannadyr Ýulka bilen goşulyşyp bile giderdi. Olar okuwda-da hemişe goňşularça bileräk bolmagy çalşardylar. Hatda olary ýoldaşlary aşyk-magşuklykda görüp: "Tili-tili testa, ženih i newesta..." diýibem olara degdiler.

Her gün mekdebe diýip, şeýdip kim ir öýlerinden çyksa, ol ýüzugra: "Men-ä çykdym, sizem geliberiň!" diýen manyda,

beýleki iki gapyny hem duýduryş hökmünde kakyp geçmek olaryň endigidi. Her gün olar şeýdip, uly gapynyň daş ýüzünde jemlenişensoňlar, mekdebe bileleşip ugrardylar.

Daşaryk ýoldaşlaryndan öň çykyp, indem birazrak üşäbem ugran Allanazara häzir gyzlar özüni köp garaşdyrýan ýaly bolup duýuldy. Ýogsam ol ýaňy özüniň habaryny berip, Ýulkalaryň, Biankalaryň ikisiniň-de gapysyny kakyp, duýduryş berip geçipdi. Olaryň ikisi-de: “Ine, men häzir...” diýip, içerden oňa ses berşipdiler.

Allanazar ýoldaşlaryna garaşyp gyssanyp durşuna olaryň tizräk geýnip çykmaklaryny isläp, gaýybana igendi.

– Bu gyz diýeniň geýinmesem bir iş bolar eken. Saç diýibem olaryň üýşüp-çaşyp duranam bir belalaram bar, onam ýola çykmankaň her gezek darap, örüp, sypap-sypap, gowulap durmaly – diýip nägile boldy.

Gyzlar ýene wagty bilen gelibermänsoň, ol aýagynda ejesiniň ören ýylyjak ýüň jorabynyň barlygyny, egniniň ykjamja ýyly güpbülidigini pikir edip, gütürdedip-gütürdedip gar basyp, olara garaşman gidiberesi geldi.

Ýöne ol uzak gitmänkä Ýulkadyr Bianka hem yzly-yzyna gyssanyşyp, atylyşyp-atylyşyp, gapydan çykdylar. Allanazaryň özlerine garaşman, ara açyp barýanyny görübem!

– Eý, rybak, biz munda!

– Rybak, garaşsana? – diýşip, ýerli-ýerden onuň yzyndan gygyryşdylar.

Ýolda olara beýleki baraklardan hem çykyşyp gelýän deň-duşlarynyň birnäçesi goşulyşdylar. Gütürdäp ýatan garyň üsti bilen höwes-hezillik tapyşyp gürleşip gitdiler. Okuwdan soň garda typmaga göwün ýüwürdişdiler. Olar gary synlaşyp, şu pursatda başga bir dünýä düşen ýaly gönençliden ýakymly duýgulary başdan geçirdiler. Ol mekdebe ýetiberende, Çoluk bilen biraz yzrakdan gürleşip gelýän Walerýan Borisenko “Rybak” diýip, Allanazaryň adyny tutup, onuň aýak çekmegini isläp, “Garaş” diýip, bir aýtjak gürrüňleri bar ýaly äheňde seslendi. Allanazar şu

pursatda olaryň öňden barýan gyzlaryň hakyndan çykmak üçin, garagol pikire berlendiklerinden entek habarsyzdy. Ýöne olaryň eýýäm gollarynda gar tokgalaşyp bir hyýala münüp gelýänlerini görüp, Allanazar özüniňem bu hezillige goşulmalydyna düşündi. Aýak çekip, gyzlardan yzrak galansoň, o-da oglanlara goşulyp, elinde gar togalap ugrady.

Hezil tapmak bilen, elinde tokgalan garyny ilki gyzlara aýlap salan Walerýan boldy. Gar tokgasy baryp, göni Biannanyň arkasyna patlap degip, şol ýerde hem dym-pytrak boldy.

Onsoň ýene bir tokga, ýene-de birisi gyzlara tarap atyldy.

Şeýdibem, bu soňraky gar atyşma söweşiniň başy boldy.

Gyzlaram şundan soň, gopan hezilligi göwünjeň kabul edişip, bir-birleriniň ýüzlerine, bizem şulardan kem galmalyň diýen manyda seredişip, dylmyldaşyp duran-duran ýerlerinden gar tokgalaşyp, gygyryşyp, gülşüp, oglanlara tarap “ot açyp”, gaçyşyp-kowşup söweşip ugradylar.

Ilkinji gar tokgalary niýetlenip, belli-belli adamlara atylan hem bolsa, gar zyňyşmak hemmeleriň höwesine berlenleriň sany artansoň, kimiň-kimi urýanyny biler ýaly bolmady.

Gar tokgalary bolsa çagalaryň göçgünli sesi bilen ha oňa uçdy, ha muňa.

Görmegeýden ýeserjeligi üçinmi nämemi, häzir oglanlaryň köpüsi öz gar tokgalaryny Ogulgurbandyr Biannadan atyp salýardylar. Olaram bir gowy bolşup, çygyryşyp-gülşüp, hezil tapma bilen boýdaşlar bolşup, oglanlaryň gaýtargysyny berýärdiler.

Ogulgurban, hamala, oglanlaň özlerini belläp, has köp gar atýanyny duýýan ýaly, Bianna bilen bileräk hereket edýärdi. Häli-şindi: “Bianka, çepden habardar bol! Gyzlar, hüjüm etdik!» diýen şatlyklydan dogumly gülküli sesleri eşidilýärdi.

Şol hüjümleriň birinde olaryň ikisi-de bir gezek öz tokgalan garlary bilen patladyp-patladyp, Allanazary urdular. Soňam: “Nätdik-de, nätdik?” bolşup, bir-birleriniň ýüzlerine seredişip, şatlykly ýaltyldaşdylar. Onuň hakyndan çykanlaryna öz

ýanlaryndan monça boldular.

Mundan soň egnine, boýnunyň ýüzüne patlap-patlap gar degen Allanazaryňam çeti gyzyp, olardan kem oturasy gelmedi. Belläbem şol iki gyza öjükdi. Gyzaryp, üşäp hal atyp ugran elleri bilen gar tokgalap, ýene-de öz garşydaşlarynyň üstüne garşylyklydan aýgytly hüjüme geçdi. Garşydan atylýan garlardan ýeňi bilen ýüz-gözüni goraglap barşyna, uçýan gar tokgalarynyň arasy bilen çemine salmak üçin, Ogulgurbandyr Bianna golaýlady. Olary ýagşy atyma getiribem aýlan garynyň bolmanda, olaryň birden-biriniň-ä hakyndan çykjagyny pikir edip, elinde tokgalan garyny olardan saldy. Ýöne owlajyklar ýaly bökjekleşip, bir ýerde durmaýan çeýe gyzlar, onuň aýlap salan gar tokgasynyň öňünden wagtynda sowulmaga ýetişdiler.

– Degmedi-de, degmedi! – diýşip, bir-birleriniň ýüzlerini göhi gelme bilen bakyşyp, Allanazaryň ýüzüne gyjalatly seredişdiler. Allanazaryň aýlan gary bolsa olaryň kelleleriniň arasyndan uçup geçip, ýeňseräkde oýun ýenekä goşulman, synçy bolup duran pes synpda okaýan gyzlaryň biriniň ýüzünde patlap degdi. Gyzjagaz duran ýerinde:

– Waý, gözüm, waý, gözüm! – diýip, aglap ýüzüni tutdy-da, aşak oturdy. Agyra çydamanam gara togalanybererli görnübem, dessine töweregi üýşendirdi. Ogulgurbandyr Bianna bolmasy işiň bolanyny görüp, ylgaşlaşyp onuň ýanyna kömege bardylar. Gyzjagazyň ýüzüni öz ýaglyklary bilen süpürişip, oňa hemaýat edip, köşeşdirmäge çalyşdylar. Şol bir wagtda hem garyň gyzjagazyň sag gözüne nagdyn degendigine göz ýetirip: “Göreje zeper ýetmedik bolsa, ne ýagşy?» diýşip alada galdylar.

Gyzjagazyň gözüni tutup aglaýany görlensoň, gar aýlaşmak, şatlyklyk gülki hem başlaýşy ýaly-da birden togtady. Şol arada bir ýerden agy sesi gulagyna ildimi, çagalaryň kimdir biriniň daşyna üýşüşýänlerini görüpmi nämemi, gapdaldan geçip barýan Jadra mugallym hem bu ýeriň habaryny almaga öwrülişip, bärligine gaýtdy. Gyzjagazyň düşen gününi görüp, muňa onuň gahary geldi.

– Kim etdi muny? – diýip, talap bilen günäkäri gözledi.

Allanazar bu mahal bir tarapda atan garynyň öz niýetlän synpdaşlaryna däl-de, başga bir gyza degenine gynanyp, saramsada bolup, oňaýsyz halda üşän ellerini jübülerine sokup, başyny aşak salyp durdy. Jadra mugallym günäkäriň kimligini soran wagty hiç kim geplemese-de, hemmeler diýen ýaly öwrülişip, Allanazara tarap seredişdiler. Şonda hemmeleriň ýerine mugallyma awunan gyzjagaza kömek berip, ony biraz köşeşdirip duran Ogulgurbandyr Bianna ýerli-ýerden munuň oýun wagty atdanlykda bolanyny aýdyp, özlerine, niýetlenip salnan gar tokgasynyň sowa geçip, bu gyzjagaza degenini gürrüň berşip, ýagdaýy mugallyma düşündirip, ara düşen dartgynlygy gowşatmaga çalyşdylar.

Allanazar çolanyp bilen zadyna çolanyp, horaşaja geýnip, mekdebe gelen bu gyzjagazy boljak iş bolansoň tanady. Ol sürgüne gelinýärkä özleri bilen bir wagonda gelen ussa Çaryň gyzydy. Allanazar ony şol sürgüne gelenlerinde wagonda görenden bäri görmändi, görse-de görendirem ýöne ol ünse düşmändi. Onuň esasy görýänleri-de, nämüçindir hemişe göresi gelýänleri-de jaýtaryşyp, bökjekleşip, ýyl-ýyldan has gowulaşyp barýan Bianna bilen Ogulgurbandy. Bu iki gyza ol özüniň hem ýaraýanyna aňýardy.

...Ussanyň gyzy Jerenem indi bu üç-dört ýyl içinde biraz usugyp ulalypdyr. Garaýagyz reňki hem biraz öňküsinden açylyşyp, agaran ýaly gyzjagazyň gözleri bolsa, onuň şol öňki wagonda gelýärkäler gören ýitijeden ala gözleridi.

Onýança günäkäriň kimligi soralanda, aglap duran gyzjagazyň özi ellikli elini Allanazara tarap uzadyp, ony mugallyma görkezdi.

Şundan soň Jadra mugallymyň hereketi aýgytly boldy. Ol Jereniň elinden tutdy-da:

– Hany ýör, direktoryň ýanyna bir baraly, näme bolanyny şol ýerde doly anyklarys!? – diýip, Allanazary hem öňüne salyp, mekdep jaýyna girdi. Bianna bilen Ogulgurban hem gerek bolanda munuň oýun wagty atdanlykda bolanyny tassyklamak, Allanazaryň

arkasyny almak üçin olaryň yzyna düşdüler. Töweregiň şatlyk-şagalaňy sowlup, onuň ýerine agyr susluk aralaşdy. Kontorda mugallymlaryň öňünde Allanazar bolan ýagdaýy bolşy-bolşy ýaly düşündirmäge çalyşdy. Gyzjagazyň gözüniň töweregi bu wagta çenli eýýäm ýeligip çişip, gök nil bolup ugrapdy. Yzdan gelen Ogulgurban, Bianna, Borisenko dagam raýdaşlyk bildirişip, bu ýerde Allanazaryň tarapyny çaldylar. Direktor töweregini diňläp, şeýle gar zyňyşmagyň mekdepde her ýyl şunuň ýaly birki ýakymsyz ýagdaýy döredýänligini aýdyp, Allanazaryň seresapsyzlygyna igendi. Şeýle oýunda adamyň görejine zyýan ýetmegiň hem daşda däldigini nygtady. Soň ol Jadra mugallyma: “Gyzjagazyň gözüni golaýdaky saglyk öýüne gidip, görkezip gelmegi tabşyrdy. Allanazary bolsa “Göze bir zat bolan bolsa, sen jogapkärçilige çekilmeli bolarsyň” diýip goýberdi.

Allanazaryň şundan soň, sapakda-da oturyp ynjalygy bolmady. Bir arakesmede ussa Çaryň gyzyna çalym berip duran onuň dogany Jepbar hem gelip: “Hüşgärräk bolarlar-ow!» diýip, Allanazara igenip gitdi.

Sürgüne bir wagonda gelenleriň entek-entegem bir-birlerine özlerini beýlekilerden ýakyn tutýandyklary üçinmi nämemi, başga wagt garagolluk bolsa, gözi açylýan Jepbar bu gezek töweregi biraz geň galdyryp, Allanazar bilen jigisi üçin basalaşyp, dyzanyşyp, ýaka tutuşyp durmady. Munuň bilkastlaýyn edilen zat däldigine onuň düşünenligi belli boldy.

Allanazar sapaklar gutaransoň, mekdepden çykyp barýarka, Jereniň öz deň-duşlarynyň arasynda barlygyny görüp, ýene biraz arkaýynlandy. Ol şol gidip barşyna-da azar çeken gözüni goraglap, başyndaky ýaglygynyň birýanyny şol tarapa süýşürip, üstüni ýapmaga çalyşýardy. Allanazar öz atyp uran gar tokgasynyň gyzjagazy awundyranam bolsa, onuň görejine zeper ýetirmänligini bilip, az-olak rahatlandy. Ula ýazaýjak ýaly bolup howpurgandyran ýagdaýyň gowulyk bilen gutaranyna begendi.

Emma bu ýagdaý Allanazaryň pikir edişi ýaly, entek doly gutarman eken.

Dynç güni günortanyň öň ýanlarynda Allanazar jigisi Rahmanguly bilen törde “kim ýeňdi?» oýnaşyp, ýakalaşyp ýatyrka garaşylmadyk ýagdaýda ussa Çaryň aýaly gyzynyň elinden tutup, olaryň öýlerine geldi. Allanazar onuň gyzynyň gözüni görkezip, ejesine arz etmäge gelenligini pikir etdi.

Jigisini birde ýeňen bolup, üstüne abanyp, ýene birde ondan ýeňlen bolup hezil edip ýatan Allanazar şundan soň ýene-de ogurlykda tutulan ýaly, özüni diýseň oňaýsyz duýdy. Ýatan ýerinden dik oturyp, gelenleri tanajak bolýan ýaly gyzyklanyp synlaýan jigisini eýemsirenip gujagyna aldy. Soňraky boljak tomaşa ýüregini bükgüldedip, keýpsiz garaşdy.

Oguljuma köne tanyşlaryny açyk ýüz bilen ýylgyryp, ýitirip tapan ýaly, diňseň gadyrly garşylady.

– Bä, Enejan, sen nirden çykaýdyň, gyz? – diýip, onuň näme üçin gelip biläýjegine aň etmezden, olaryň gelenine begendi. Onuň gyzyna hyrydar gözläp, hoşamaýlyk etdi.

– Tüweleme, gyzjagazyňam ers-mers bolupdyr. Ind-ä seniň öý işleriňe gowy kömek bolýandyr ol. Wagunda gelýärkäk, seniň gapdalyňda gysmyljyrap otyrka, ha ol horaşaja gyzjagazdy – diýip, ýene-de bir gezek biygtyýar ýolda görgi baryny görüp, bu ýere gelişlerini hem ýüzugra ýatlady.

Hemişe şeýle Jeren ýaly ers-mers bolup gelýän gyzjagazlary görende bolşy ýaly, Oguljuma ýene-de ýürek ezip, öz yzynda galan gyzlaryny ýatlady. Olaryň häzir ýanynda däldigine gyýlyp ahmyr etdi.

Sürgüne bir wagonda gelenler bir-birleri bilen gadyrlydylar. Nirede duşsalaram salam-helik alşyp, saglyk-amanlyk soraşyp, göwündeşlik edişip durardylar. Gerek ýerinde, mümkin boldugyndan, bir-birlerine golaý durmaga, goldamaga çalyşýardylar. Ýöne ilçilik olaryň arasynda hem tutugraklary, garasöýmezräkleri hem bardy. Ussa Çary hem öz häsiýetine görä, şol bir töwra, tutugrak adamlaryň biridi. Ol eli hünärli bolup, diňe bir kolhoz işlerinde däl, adamlaryň öý işlerinde-de soragly, gereklenýän adamlaryň biridi.

Ýöne ol, köplenç, gatnaşanda kolhoz ýolbaşçylary, başga-da Nöker ermeni, dilmaç Ýegelek ýaly gerekli adamlar, goňşularyndan Tätän baý, Täjili ýaly bir bölek kelteräk topar bilen gatnaşardy. Özgeler bilen bolsa onuň salam-heligiň töweregindäki adaty ildeşlerçe gatnaşygy bardy. Orazgeldiniň bolsa orus ussalary başlygyň arabasyny sürensoň, ussalyk işi çyksa, gelip şolar oňaryp gidýänligi üçin, onuň ýumşy ussa Çara düşübem durmazdy.

Rahmannazar dünýäsini täzelän günleri "yzy ýarasyn" diýip, ildeş hökmünde köpler ýaly o-da geläýmeli hem bolsa, türkmen, täjiklerden başga-da orus, nemis, tatar milliýetiniň wekilleri duýgudaşlyk bildirmäge gelen-de bolsa, ne ussa Çary, ne-de onuň aýaly gapydan garamandy. Şonuň üçinem bu gün sen-men ýok, Enejanyň gapydan girmegi biraz geňdi. Oguljumanyň göwnüne bu ýerde bir gep bar ýaly bolup duýulsa-da, ýöne ol barada myhmanyň özi gönüläp, bir zat diýmänsoň, ol hem sabyr saklap, ony biljek bolubam durmady.

Allanazaryň mekdepde Jereni gar bilen urup, awundyryp, uly gep-gürrüňe galanyndan Oguljuma entek habarsyzdy. Ýogsam Allanazar mekdepde bir garagolluk etse ýa-da sapagyny oňly bilmese, hemişe onuň bilen deň-duşlarça bäsdeşi Bianka bir ýoluny tapyp, ol habary Allanazaryň ejesine ýetirerdi.

– Týotýa Olýa, bilýäňmi näme, seniň rybagyň bu gün bir oglan bilen basalaşdy-da... Ol şu gün sapaklaryny oňly özleşdirmän, ýene-de mugallymdan duýduryş alaýdy-da... – diýip, akjyklyk ederdi.

Allanazar oýnap-tirkeşýän bolsa-da, onuň bu häsiýetini halamaýardy. Hatda Allanazar Biankanyň bu häsiýeti üçin, onuň bilen ýüzüni kese sowup, öýkeleşibem alýardy. Oňa "Bianka ýabeda", kä wagt "Hä, akjyk, meni ýamanlap, bir zat aldyňmy, sanajyňa saldyňmy?" hem diýip, oňa degerdi.

Ötünç soraýan äheňde şeýle häsiýetiniň barlygyny Biankanyň wagtal-wagtal özi-de boýun alardy.

– Bilýäňmi näme, rybak, aýtmaýynam diýýän welin

bolanok. Içim byjyklap, birhili aýdaýasym gelip dur. Belki, biz gyzlar şeýle bolmalydyrys-da... – diýip, bagyşlamagyny sorap, Allanazara ýagdaýyny düşündirmäge çalşardy.

Üstesine-de, Bianka öz häsiýetine ýetik bolansoň, Allanazaryň igenji üçin ondan öýkelejegem, gaty görjegem bolup durmazdy. Mähirlidi.

Allanazar bu gezek bolsa şu ýagdaý bolan güni, öýe barsa, bu habary Biankanyň ejesine ýetirjegine belet bolansoň, ony ýolda ýörite saklap:

– Bianka, bilip goý, ýene-de ejeme şugullaýsaň, onsoň eşitdim-eşitmedim diýme, şeýtseň seniň öz aramyzdaky "Ýabeda" adyňy mekdepde-de şeýle diýip tutaryn! – diýip oňa berk tabşyrypdy.

Şonuň üçinem şeýdip, bu gezek Oguljuma mekdepde bolan ýagdaýdan habarsyz galypdy.

...Oguljuma myhmanlary gadyr edip töre geçirensoň, olaryň öňünden saçak ýazyp, göwünjeň hezzet-hormat edip, hödür-mylakatda boldy. Süýde bişirip oturan nohutly çalgysyndan ep-esli edip, tabaga guýup, ony ýanynyň iki çemçesi bilen eneli, gyzyň öňünde goýdy. Saçaga-gyzgyn naharyň ýany bilen alyp bermegi niýet edip, öňden bişirip, pejiň gapdalyna süýşürip, taýynlap goýan, kartoşkaly okarany hem durşuna olaryň öňünde goýdy.

– Alyň, barymyzdan iýip oturyň! Naharyňam üstüne geldiňiz mazaly! – diýip, eneli-gyza gadyr bildirdi. Şol bir wagtda hem naharyň gapdaly bilen alyp berere häli-häzire nanynyň ýoklugyny ýatlap, ötünç soraýjylykly:

– Kakalary irden atýataga atyna seretmäge gidende: "Bu gün Reşetnigiň obadan uzak gitmek aladasy ýok ýaly, menem günorta öýe gelerin, çörek paýymyzam ýolugra pekarnýa sowlup, özüm alyp gaýdaryn, sen hamyr ýugrup, azara galyp oturma!" diýip gidipdi. Oňsoň menem arkaýyn bolup, ugruna-da çykmadym-da – diýip, nan gelýänçä, şu zatlar bilen oňňut etmeli diýen äheňde sypaýyçylyk etdi.

Onsuzam kartoşkadyr nohudam beýleki milletleriň arasynda bolşy ýaly, türkmenleriň arasynda hem indi nan ýaly onuň esasy iýmitleriniň birine öwrüliberipdi.

Hasam bular iýlende, onuň nanyň hem ýerini tutup, huruş hem bolup bilýänligi üçin çagalar halap iýerdiler.

Indi çagalar ajygsalaram, köplenç, nan sorap durman: "Nohut iýjek" ýa-da "Kertişge ber!" diýşip köp sorardylar. Şeýdibem, "Bize gelen bize meňzär" diýleni bolup, bu ozalky del iýmitler türkmeniňem güzeran aýlawyna ymykly aralaşyp ugrapdylar.

Kartoşkadyr nohut ýetde-gütderäk wagty ýokdan bar etmek üçin hem diýseň laýyk bir iýmitdi. Isle gaýnadyp iý, isle çorba-çolpa at. Gazana düşäre ýagyň zadyň dagy bar bolsa, bar onsoň, ony sogan bilen garyp, gowrup iýseňem bal ýaly nahar bolup durandyr. Esasy zadam bularyň daýhan hojalygynyň özünden önmegi. Her ýyl kartoşka, kelem, nohut, arpa, çowdary, bugdaý ýaly öz ösdürip ýetişdiren önümlerini döwlete tonna-tonna edip geçirilerdi. Bu bolsa "Bal tutan barmagyny ýalar" diýleni bolup, hasylyň bir tarapy şonda "takma-tukmarak" bolsa-da, ony ösdürip ýetişdirýänlere-de belli bir derejede ýetirdi. Şonuň üçin Oguljuma biraz ünjä galsa-da, şu zatlar orta goýlansoň, nanyň ýoklugy juda bir duýlubam barmady.

Oguljuma nandan gürrüň açansoň, Enejan bilen onuň gürrüňi ýene bir pursat, höwes bilen nanyň töwereginde aýlandy.

– Dogrusyny dogry aýtmaly, täjik doganlarymyza şu nahar-şor, biş-düşlere ygtyýara etdiler özün-ä. Bişirip-düşürmeli hyzmat işleriň köpüsini eýeläp aldylar. Indi başlyklaram pekarnýada işlemek, köpe nahar taýynlamak bilen bagly şular ýaly işlerinem başga birlere däl-de, täjiklere ynanaýanlaryny kem görmeýärler.

– Diýşiň ýaly, a gyz. Içi göze-göze bolup duran nanlar bişirýärler welin iýip, doýup bolanok. Şonam hemmeler diýseň halapdylar. Ýadyňdamy, geçen ýyl noýabr baýramçylyk güni, Şadmanow Kurban täjige ýarma bişirtdi? – diýip, Enejan hem Oguljumaň bu aýdanlaryna göwünjeň goşuldy.

Enejan dilewar aýaldy. Ony Oguljuma gowy bilýärdi. Ol bir

keýpi tutup gepläp ugrasa, dessine töweregini agzyna aňkardardy. Onuň gepi nakyllara, deňeşdirme, synçylyga baýdy. Şeýle-de ol öz sürgün durmuşlarynyň gürrüňleri özüçe taplap, suňşuryp, täsirli geplemegi başarýardy.

Ejesiniň gelen ýerleri bilen beýdip, dil tapyşyp, şüweleňli gürrüňe berlip oturmagy soňra, dommaryp oturan Jereniň nägile ýüzüniň hem az-owlak açylyşyp, ýagtylyp ugramagyna sebäp boldy.

Aýallar soňra özleriniň bu ýere gelmekleri bilen, töwerekdäki ýeneki ykbaldaş adamlar bilenem dillerini bilmezden düşünişýänlerini, şol bir agyr derdi bile çekýänlerini, durmuşda hemaýatda bolup, birek-birekden köp zat öwrenilýänligini kanagat tapma bilen ýatlaşyp oturdylar.

Şu arada saçak başynda iýlip-içilýänligini görüp, beýleräkde agasy bilen myhmanlardan biraz üýşenibräk oturan Dypbaly lakamly Rahmangulynyň hem bir zat iýesi gelip, aňyrdan ejesiniň ýanyna typbyldapjyk ýöräp geldi-de, oňa süýkendi:

– Menem munnon iýjek! – diýip, dessine-de ortadaky kartoşkaly okara elini uzatdy.

Haçanda Oguljuma ol ýerden elini uzadyp alan kartoşkasynyň daşyny artyp, Rahmangula berjek bolanda, ol alman nägile boldy:

– Men munnon diýdim!..

Oguljuma diňe şundan soň onuň näme isleýänine düşündi ol:

– Munnon iýseň, munnon iý onda! – diýip, ol elindäki biraz ýerini artan kartoşkasyny saçagyň gyrasynda goýdy-da, okaradan Rahmangula başga bir onuň daşynyň artylmadyk birini alyp uzatdy.

Oguljuma soňam lommuldadyp, kartoşka iýip ugran Rahmangulyny öňüne aldy-da, mähir bilen başyny sypap, onuň “munnon” diýýän gepine özüçe aýdyňlyk berdi.

– Munnon – diýip, bu-da il ugruna başarsa-başarmasa, orusça geplejek bolýar. Töweregiň çagalary kertişgä “Kartoşka w mundire” diýseler, bu-da şony aýdan bolýar – diýip, oňa enelerçe buýsandy. Soňam: – Şularyň-a ähli bapda birhili oruslara meňzäsi

gelibem dur– diýip, gep ugruna aýtdy. Şu pursatda ol: “Ana, o-da şolaryň biri” diýen äheňde bir gyrada aýrybaşgarak salyhatly oturan Allanazara tarap hem sähelçe gözüni aýlap aldy.

Oguljuma şu pursatda öz gepiniň Enejana birhili orus dilini ilerleýän ýaly bolup eşidilenligini soň duýdy. Enejan:

– Biz-ä, orus bolup gitmesinler, näme-de bolsa, öz türkmenimize bir depik golaý diýip, çagalarymyzy gazakça berdik – diýdi. Soňam ol gazak diliniň mertebesini mynasybetleýän, onuň hiç dilden artyk bolmasa, kem däldigini nygtaýan äheňde gürledi. – Ine, indi gyzym jedirdip, gazakçany okabam otyr, gepläbem ýör, gepiniň içinde «j»-sy köpräk diýmeseň, bu-da türkmeniňki ýaly düşnükli bir dil. Indi käte ýalňyşyp, şu gyz-a maňa eje diýmegiň ýerine “şeşe-de” diýip otyr – diýip, gyzyna tarap buýsançly gözledi.

Enejanyň gyzy hakynda gürläp ugransoň, onuň öz sözlerine hasam berlenligi belli boldy. Ol şol barmana-da gapdalynda symyşlap oturan gyzyna tarap ýanyn öwrülip:

– Gyzym, hany ol gazakça öwrenen şygryňy daýzaňa-da bir aýdyp ber-dä!? – diýip, Jerene ýüzlendi. Garaşylmadyk ýagdaýda edilen bu teklipli gep Jereni biraz aljyraňňylyga saldy. Ol tanamaýan adamsyna sereden ýaly bir ejesiniň ýüzüne, bir Oguljumanyň ýüzüne düýrügip soragly seretdi. Enejan gyzynyň näme etjegini bilmeýänini görüp, ýene oňa gop beriji hemaýatly gürledi. – Aýdyp ber, gyzym, utanma!

Jeren şundan soň ejesiniň gep saluwynda talap duýdumy ýa-da onuň diýenini etdirmän goýmajagyny düşündimi nämemi, elindäki iýip oturan kartoşkasyny saçagyň gyrasynda goýup, ör turdy-da, ellerini mekdepde mugallymyň öwredişi ýaly, gapdala deň sallap durup, hamala, synp tagtasynyň öňünde, sapak aýdyp duran şekilde petekesini biraz göterip, goşgy okady:

Stalin bizniň atamyz,
Saýasynda jatam biz,
Duşman kelse atam biz,
Jokgun baýa, jokgun baý.

Ol özüniň bu çaga hereketi bilen aýallaryň ikisini-de biygtyýar ýylgyrmagyna sebäp boldy. Aýallaryň ikisi-de şu pursatda Jereniň çaga hereketine özleriçe düşünişme bilen buýsandylar. Oguljuma oňa tarap ýylgyryp, mähirli seredip: «Çaga başyňa döneýin» diýdi. Soňam ünsüni öňünde oturan Rahmangula tarap öwrüp, oňa lak atdy.

– Dypbaly, senem mekdepde Jeren jan ýaly gazakça okajakmy?

Rahmanguly ejesiniň näme diýmekçi bolýanyna düşünmän, düşünjek hem bolup durman, hezil edip kartoşka iýmegini dowam etdirip, jogap ýerine göwnübirlik bilen ýüzüni kese sowdy.

– Onsoň senem Jeren jan ýaly, bize gazak dilinde goşgy okap berersiň-dä? – diýip, Oguljuma ogluna ýene-de ony gepletjek bolup, ikilenç ýüzlendi.

Bu gezeg-ä Rahmanguly ejesine asla bir zat diýýäňmäm diýmedi. Hezil tapyp, «munnonyny» iýmesini dowam etdirdi.

Allanazar ejesidir Jereniň ejesiniň gürrüňlerini diňläsi gelmese-de, ýöne zöwwe turup, öýden çykyp gidibermegiň hem ugruny tapman, alasarmyk halda otyrdy. Şol bir wagtda-da bolsa ol mekdepde bolan ýagdaýy aýtmaly bolanda, munuň oýun wagty atdanlykda bolanyny aýdasy gelýärdi. Enejan keýigiň dagy bu juda bir gelşigi-de bolmadyk gyzyna kim oýun-höwes edip gar zynjak?

Şu pursatda-da Allanazaryň mekdep öňünde deň-duşlarynyň alakjaşyp, gülşüp, oglan-gyzlar tarap-tarap bolşup, gar zyňşyp ýören pursatlary, ýoldaşlary Bianna bilen Ogulgurbanyň şatlykly keşbi onuň göz öňüne geldi.

Böwrüni bükgüldedip, Enejan keýigiň häzir başga-başga gep tapyp oturmagy oňa soňra şu meseläniň üstünden barmak üçin edilýän taýynlyk ýaly bolup duýulýardy. “Seniň ogluň şeýdipdir!” diýip, sürnüp ugrasa, onsoň onuň öňünde döw dursun! Ber jogabyny! Allanazar şundan soň öz etmişiniň ejesini kyn güne goýjagyny pikir edip, darygyp has-da müýn çekdi.

Ejesiniň onuň öňünden sowulmak üçin: “Kakasy bir gelsin... Seniň dagy gyzyňy urup awundyran bolsa, onuň ýagşy temmisini ýetirer..!” diýen ýaly bir başdansowma gep tapmaly boljagyny oýlandy.

Şol bir wagtda hem onuň ogly Jepbaryň obada ýakasy gaýyşly garagolyň biridigini goranmak üçin ejesine ýatladyp: “Garagollyk edýän bir meniň oglumam däldir, seniň Jepbaryňam her kimçe bardyr!” diýip, oňa öz oglunyň hem aýybyny ýatladyp, badyny alyp boljagyny pikir etdi.

Jepbar golaýda “Alyp berseň...” diýdirip, özüne ýüzlendirmek, soňundanam iş bitirenden bolup, iliň minnetdarlygyny, gazanmak üçin guýyň ýüpüni kesip, onuň bedresini aşak gaçyrypdy. Soňra edil onuň isleýşi ýaly hem bolupdy. Guýa gelenler ondan gaçan bedräni alyp bermegi haýyş edipdiler. Öňem guýa girip, gaçan zady alyp ýören Jepbaryň ýanynda munuň kynlygy barmy?

Soňam olaryň hersi hyzmaty üçin Jepbardan minnetdar bolşup, oňa tapanlaryndan iýer-içer ýaly ony-muny berşip hezzetläpdiler.

Ýöne iki-üç günden onuň guran bu hilesiniň üsti açylypdy.

Şondan soň Jepbary ussa Çaryň kemere gerňäp, temmi berenini köpler bilýärdiler. Allanazaryň eden etmişi bolsa Jepbaryňky bilen deňeşdirseň, ediljek bolnup edilen bilkastlaýyn bir etmişem däl.

Allanazar Enejan keýik agzyny-burnuny towlap, ejesiniň üstüne sürnüberse, onuň özüni goramak üçin, garşydaşynyň şeýle öz aýybyny hem ýatladyp, ýüzüne basyp bolsa, badyny almak üçin kem bolmajagyny pikir edip, oý köwsarlatdy. Ýöne hany bu dara-direlikde iliň oglunyň etmişi, onuň ejesiniň ýadyna düşäýse diý. Belki, ol bu barada eşitse-de eýýäm unudandyr. Ol her ýeten gep-gürrüňe gulak gabardyp, ony ýadynda saklap ýörenmidir?

Allanazaryň şu dürli oý-pikire berlip oturyşyna onuň bir bahana tapyp, öýden çykyp gidiberesi gelýärdi. Jeren bolsa ejesiniň gapdalynda hödür edilen zatlardan henizem işdämenlik

bilen iýip-içip, symyşlap otyr. Agzyndan gaçan bölejikleri hem saçaga düşüp düşmänkä, ýene garbap alyp, agzyna salýar. Ertirden bärem onuň oňly iýen zadam ýok bolmagy-da ahmal.

Enejan gyzynyň zat görmedik ýaly, nahary işdämen iýýänini görüp, onuň bu bolşuna öý eýesiniň: “Muňa öýlerinde oňly zat bermeýärmikäler?” diýip, geň görjegini pikir edip:

– Howlukman iýiber, gyz, howlukman! – diýip, duýduryş berip, onuň egninden sähelçe çekibem goýberdi.

Oguljuma gyzy üçin Enejanyň onaýsyz ýagdaýa düşýänini görüp, gyzjagazyň arkasyny alyp, sypaýyçylykly gürledi.

– Degmesene, gyz, iýsin-le halan bolsa! Tagam şeýdilip iýlende razy bormuş, onuň berekedi artarmyş! Gaýta seniň özüňem işdä saklama, halan bolsaň, iý arkaýyn!? – diýip, oňa ondan gazan dolduryp bişirenini aýdyp, göwündeşlik etdi – Bu ýyl kolhozam çörek paýyň daşyndanam esli nohutmy-da, kertişge-de berdi. Hudaýa şükür, indi öňki “Näme iýerkäk?” diýip, töweregimize gözleýän günümiz-ä geçiberdi. Hudaýym geçdigi bolsun-da – diýip, Taňra sygnyp, ondan minnetdar boldy.

Aňyrsyna bir zat düşen borly, birazdan Jerenem hem indi gäwüşemesini goýup, ejesiniň aýgytly herekete geçmegine garaşýan ýaly, onuň ýüzüne soragly bakraýlap otyrdy. Gar degip awunanyny ýatlaýan ýaly, ol käte göz astyndan Allanazaryň oturan tarapyna hem nazar aýlap goýberýärdi.

Agzy gürrüňe gyzan Enejan bolsa gürrüňiniň gapdaldan “häsi” ýetensoň, henizem näme üçin gelenini unudyp gürläp otyrdy. Özi-de enteklerem hezil edip gürlärlidi. Şol arada kimdir biriniň geleni belli bolup, gapy yzly-yzyna iki gezek ýuwaşja kakylansoň, ol ýuwaşjadan sähelçi açyldy. Yzysüre-de gapydan Biananyň tanyş ýüzi göründi. Soňam ol gele-gelmäne:

– Olýa daýza, rybaga aýtsana, bir minut daş çyksyn, men ondan matematikadan bir zat soramalydym? – diýip, haýyş etdi.

Nädip bu ýerden gitjegini bilmän oturan Allanazara bu çukura gaçana hemaýat üçin gapdaldan uzadylan taýak ýaly diýseň degerli goltgy boldy. Ol:

– Ine, men häzir! – diýip, ejesiniň rugsat bererine hem garaşman, ýeňil gopup, daşaryk howlukdy. Öz ýanyndan bolsa bu ýagdaýdan şeýdip alyp çykany üçin, Bianna minnetdar boldy.

Oguljuma soňam öz gürrüňini dowam etmek bilen gürrüň şu ýere ýetende, öz sözüni nygtaýan äheňde, şu ýylyň meýdanlardan alnan bol hasyly barada adamsyndan eşiden zatlarynyň käbirini salgylanyp ýatlady:

– Bu ýyl biziň 31-nji barak kolhozyň ekin meýdanlary hasam giňelip, bir ýarym müň gektardan hem geçipdir. Esasy zadam ondan garaşylmadyk bol hasylyň alynmagy. Aýdyşlaryna görä, şu ýagdaýy göz öňünde tutup, kolhoz eýeleri Reşetnikowdyr Şadmanow obanyň bähbidini arap, ýokary ýolbaşçylara hem haýyş bilen çykyp, olardan hem ýokardan berlen plandan artyk tabşyrylan käbir önümlerden hasyly ösdürip ýetişdiren adamlaryň-da güzeranyna itergi bolar ýaly, ondan biraz özlerine galdyrmaga rugsat alanlaram ýaly-la!? Olar ýokarky adamlara halk tarapyndan munuň sowet döwletiniň, sürgünlere hem garaşyk etmesi hökmünde kabul edilmesi boljagyna ynandyrypdylar.

...Eger-de bilesigeliji goňşusy Reşetnikowyň aýaly Marta Naumowna Oguljuma myhmanlaryny ugradyp, daşardan gaýdyp gelýärkä, umumy koridorda oňa duşmadyk bolanlygynda, ol entegem Enejanyň gökden düşen ýaly bolup, öz öýüne gelmeginiň sebäbini bilmese-de bilmezdi. Ýogsam Enejan onuň öň barşyp-gelşip ýören ildeşleriniň arasynda hem ýokdy.

Marta Naumowna-da olaryň gelenini ýaňy Enejan gyzy bilen girip gelýärkä gören Biankadan eşidipdi. Ol aňyrdan haýygyp, gyssanyp gelip ejesine:

– Eje, rybagyň işi gaýtdy. Ussa Çaryň aýaly onuň üstünden ejesiniň ýanyna arz etmäge geldi... – diýipdi.

Onuň gyzyny öňüne salyp gelmeginiň sebäbi hökmünde, soňam oňa mekdepde bolan gar aýlaşmada bolan ýagdaýy aýdyp beripdi. Jadra mugallymyň: "Gyzyň görejine zyýan ýeten bolsa, seni komendanta aýdyp, koloniýa dykdyryn" diýip, gahar edenligini hem ýatlapdy.

Oguljuma goňşusyny diňläp, oglunyň başyna ne söwdalaryň düşüp ýörenini diňe şonda eşidip galdy. Oňaýsyz ýagdaýa düşüp müýnürgedi. Jereniň gözünde üýtgeşik bir saryg ýa-da ýara alamatyny görmänini ýatlabam onuň juda sütem çekmänine şükür etdi. Enejanyň ýerinde özüni goýup görüp, ony özünden parhly gördi.

Allanazar öýe gaýdyp gelen wagty ejesi onuň ýüzüne soragly gözlese-de, gönüläp hiç zat diýmedi. Ýöne agşam Orazgeldem gelip, maşgala jemlenip, iýlip-içilip otyrka bolsa, ol bu barada nähili dil ýaranyny hem duýman galdy.

Orazgeldi muny özüni habarly etmek üçin adaty aýdylýan maglumat hasap etdimi nämemi, wagty bilen muňa oňly hä-hawa bermedi. Diňe birhaýukdan soň, çäýnegindäki çaýynyň soňky damjalaryny käsesine syrkyryp otyrka, öz ýanyndan bir zatlar pikirlenip, diline geleni:

– Eýle bolsa, ussa Çaryň gyzy ulanansoň, ony özüne gelin edip alyp beräýeris – diýen söz boldy.

* * *

Daşarda aý ýarym mundan ozal gütläp ýere düşen agyr gar gazak topragynyň bir eteginde biten sürgün obasynyň töwereginde hem henizem münder-münder bolup ýatyrdy. Gyş her gezek şeýdip, obanyň başyndan hesret inen ýaly bolup inen mahaly ol, ony özüniň gary-sowugy bilen gurşap, sürgünleriň ozaldanam ýeňil bolmadyk durmuşyny hasam agyrlaşdyrardy. Hemmeler öýüň, pejiň töweregräginde bolanlaryny kem görmezdiler. Sebäbi gyş hökmürowanyň talaby şeýledi. Meýdanyň asla mazasy ýokdy.

Erkek adamlarynyň köpüsi bu günler, esasanam, gyşyň gelmegi bilen mallary: sygyrlary, atlary, düýeleri gyşdan abat çykarmagyň aladasy bilen bolardylar. Adamlaryň ýene bir bölegi bolsa bu döwürde ýapyk jaýlarda bugdaý, çowdary, arpa, gök önümler saklanylýan ýerleriň işleriniň ugrunda bolardylar. Gyş

düşeli bäri indi töwerekdäki sürgün barak-obalary bilen hem gatnaşyklar kesildi diýlen ýalydy. Juda zerur bolmasa, barlyp-gelnip ýörülmezdi.

Diňe ýolbaşçylar– Reşetnikowdyr Şadmanow ikisi mahal-mahal galyň geýnişip, Orazgeldiniň typýan arabasyny has gurat görüp, şonda "Ýygnak bar" diýşip, Akmolla gidip gelerdiler.

Işim derýasy hem gyş gelip, gar astynda galan zatlaryň biri bolupdy. Häzir obany gapdalynda onuň egremçe bolup uzalyp gidýän sudury bar. Mümkin bolan zatdan, özlerine oýun-hezillik tapmagy halaýan çagalar bu günler derýa üstüniň garyny has endigan, çemli görüp, şol ýerde taýyp oýnaýardylar.

Oguljuma öýde içimlik suwuň gutaranyny ertir irden turup, adamsynyň işiň ugruna, ogly Allanazaryň okuwyna gitmelidigini ýatlap, olara ugramankalar nämedir bir zatlar taýynlap, iýdirip-içirip goýbermek üçin, ertirligiň ugruna çykmakçy bolanda, suw gaplarynyň taňkyrap boş ýatanyny görensoň bilip galdy. Ýöne barybir onuň bulary çaý-suwsuz goýberesi gelmedi.

Emma hany saňa dessine gidip getiräýeýin diýeniňde golaý-goltumda jüňňüldäp duran guýy barmy? Guýy bar ondan getirjegem bolsaň, allowaradaky kontoryň golaýyndaky guýa gitmeli. Käşgä gurugançylyk bolan bolsa, ýelpäp baryp gaýdybereýin diýseň.

Oguljumanyň zenan aladalaryna pugtalygy bilen öň aňsat onuň beýdip gaçaryny aldyran wagty bolmaýardy. Ol ähli zatdan öň öýde saçagynyň nanly, suw gabynyň suwly bolmagynyň aladasyny ederdi. Soňky döwrüň ýetde-gütderäk durmuşy oňa hasam ätiýaçly bolmagy öwredipdi. Oguljumanyň bu sowukda üşäp-digdiräp, ýola çykasy gelmese-de, onuň bir gaýnadarlyk suw sorap, goňşularynam bimaza edip, olaryňam gapylaryndan barasy gelmedi. Şol bir wagtda hem onuň öýde suwsuzam oturasy gelmedi.

Gyşda guýular bilen barak toplumlarynyň arasynda ýöremäge hemaýat üçin gerlen ýörite arkan ýüpleriň barlygyna seretmezden, oňa baryp-gelmek barybir hyllallady. Özi-de bu

günlerde giden ýeriňe gerek ýerinde goldaşaýmak üçin ýoldaşlyja gidäýseň kem däldi.

Ýöne daňyňam ataryna wagt bar. Ýeri bu wagt ýoldaş edinmek üçin haýsy goňşa: “Ýör suwa gideli?” diýjek.

Oguljuma adaty gyşda geýýän pagtaly donunyň üstünden adamsynyň giňiş sary içmegini geýip, bilini hem guşak bilen basdyryp, pugta edip guşady. Başyna geýen börüginiň ýolda gyşaryp-gaçyp, azar bolmazlygy üçin, onam daşyndan ýaglyk bilen sarap pugtalady.

Ýylyjak pejiň gapdalynda atan elliklerini tapyp, ellerine geýişdirdi. Diňe şundan soň ol gapynyň öňüne baryp, ol ýerde bir pursat säginip, ýeňsesine öwrülip, süýji ukuda ýatanlaryna ýene bir gezek mähirli göz aýlap alansoň, olary oýarmazlyk üçin, suw gaplaryny şakyrdatmazlyga çalşyp, usul bilen goýlan ýerinden alyşdyryp, ýuwaşlyk bilen gapydan çykdy. Çykandanam meýdanyň gar gatyşykly, içiňden-bagryňdan geçip barýan sowuk şemaly keseläp, onuň ýüzüne urdy.

Meýdanyň aklyk ýüki ýetigem bolsa, gijäniňem indi biraz ýeňsä serpilenligine seretmezden, töwerek henizem alagaraňkydy. Kölegepisint gije alamatlary ak-gara bilen gatyşansoň, dünýä birhili bulaşyklyga öwrülen ýaly bolup görünýär.

Oguljuma gar seňňerleriniň arasy bilen guýa tarap uzalyp gidýän, üstüniň biraz gary ardylyp ýöremek üçin amatly edilen ýodajyga düşüp ýöränsoň, öňde kimdir biriniň salgymyna gözi düşüp, ol özüniň öňki pikir edişi ýaly, ýolda ýeke däldigini bildi. Şundan soň ol hümürdeşip gidere ýoldaş tapylanyna begenip, onuň yzyndan tizräk ýetmäge howlugyp, ädimlerini çuslandyrmak bilen boldy. Salgym oruslarça bedreleriniň hersini suw çekilende egniňe atylýan egremçäniň bir ilgençeginden asyp, pyrlanýan ýaly bolup barýan eken. Görüp otursa, onuň ilki orus aýallarynyň biridir öýdüp güman edeni özleri bilen Türkmenistandan gelen ykbaldaş gelinleriň biri bolup çykdy. Oguljuma ýakyn gatnaşykda bolmasa-da, ony tanaýardy. Bu gelin goňşy baraklaryň birinde ýaşaýan Amansoltandy.

Aýallar bir-birlerini tanap, hormat bilen gysgaça aýak üstünden mylakatly salam-helik alşansoňlar, tirkeşip ýene-de ýollaryny dowam etdirdiler. Taýyp ýykylaýmazlyk üçin, mümkin boldugyndan, hüşgärligi elden bermän, seresap ýöremäge çalyşdylar. Olara gürleşip gidenleri üçinmi nämemi, guýa öňkülerinden tiz ýetäýen ýaly bolup duýuldy.

Bu suwly guýynyň başy göre-gündizlik aňsat adamsyz bolmaýan hem bolsa, häzir onuň töweregi imi-salalykdy. Juda zerur bolmasa, onda-da beýle ir sowukda digdenekleşip, adamlar suwa gelmezdiler.

Guýudan onçakly uzakda bolmadyk ýerde gurlan täze kontor jaýyny töweregi häzir ertiriň çal-çul perdesiniň arasynda seňňerlendirip basylan ot küdesini ýatladýan eken.

Aýallar ýerli-ýerden bir-birlerine hemaýat edişip, guýudan suw çekip alansoňlar, gaplaryny dolduryşyp, yzlaryna dolanmak bilen boldular.

Töweregem bu wagta çenli eýýäm hal atyp, indi hasam ýagtylmak bilendi.

Aýallar guýudan dert-azar bolup alan suwlaryny döküp-saçmazlyk üçin, emaý bilen howlukman, seresap ýöremäge çytraşýardylar. Taýyp ýykylmazlyk üçin, ýöräp barýan ýollaryndan başga hiç zada üns bermezlige çalşyp, indi olar öz aralarynda hem seýrek gep alyşýardylar. Şol barmana-da ýaňaklary üşäp, gyzaryp ugran Amansoltan töweregindäki ak deňiz bolup ýatan garly meýdany halamazlyk bilen göz aýlap alansoň:

– Bu artyp gyşa bu öwrede ömür-baky ýaşaýanlar nädip çydaýarkalar? – diýip, zeýrenip, dilleneni-de duýman galdy.

Sorag özüne berlensoň, Oguljumanyň ony jogapsyz goýasy gelmedi. Ol:

– Öwrenişendirler-dä – diýip, biraz gümansyratma bilen aýtdy.

– Heý, bu bela-da bir öwrenişip bolarmy, jan dogan? Görüp ýörüs-ä, olara-da bu artybyň ýeňil düşmeýänini – diýip, Amansoltan soňam nämedir bir zatlary ýatlady. Ýöne näme

diýseňem-ä, olar bizden sowuga çydamly– diýip, soňam ol öz goňşularyndan Igory mysal tutdy: – Igor diýen biziň bir goňşymyz bar. Şonuň-a gütüledip, birki stakan aragy ýuwudansoň, gyş topugyna-da çykanok. Gaýta kükregini açyp, daşaryk çykyp, odun zadam aýryberýär şol-a. Gidip heleýine derek bedreläp suwam getirip ýör.

Oguljuma onuň sadalaçdan aýdan gepini diňläp, myssa ýylgyrdy soňam:

– Bizem onda, gyz, indi üşemezlik üçin araga geçmeli bormukak? Bir kemimizem şoldy-da? – diýip, onuň gepine görä gep aýtmaga çalşyp, biraz uýalybrak ýylgyrdy. Amansoltan:

– Otly suw içeniň başyny göçürip, içki howruny ýagşy göterýän bolmaly-da.

Bu gezek Oguljuma biraz siňrik ýygyrma bilen halamanrak gepledi:

– Biz-ä orsuň aragy jan berýänem bolsa, gerek däl, dogan!

Şu pursatda Amansoltanyň gürrüňinde bir hili ol içgä höwes bar ýaly bolup duýuldy.

Amansotanam hem şundan soň gürrüňdeşine içgä meýilli görnendirin öýdüp, uýalybrak nazaryny aşak aýlap alansoň, öňki tarypa meňzän gepini sapaýyçylyk bilen yzyna alýana meňzäp gepledi.

– Musulman bolup doguldykmy, musulman bolubam öleris, kişiň däp-dessuram, ýurdam özüne nesip etsin! Eýdip-beýdip ahyr öz ilimize ýetsek bolýar – diýip, derdi-bizar hörpde gepi birneme aňyrdan aýlady.

Oguljuma iki-üç ädim öňräkden, Amansoltan bolsa onuň yzyndan, egnine deňläp alan egremçesiniň her ilgençeginden bir bedresini sallap, deňagramlygy saklamak üçin, egremçäniň iki egnine gollaryny gerip, ganat ýaýan ýaly bolup gelýärdi. Olar bu wagtda çenli hümürdeşip, eýýäm guýynyň töwereginden hem ýagşy daşlaşyp, geçilmeli ýollaryny eýýäm ortalaberipdilerem.

Ýöne soň görlüp oturylsa, her ädimde duýdansyz bir ýerden ýüz beräýjek ýaly bolup duýulýan ähtimal atdanlyk häzir olardan şeýle bir uzakda hem däl eken.

Ýogsam şeýdip gidiberseň, ýöremeklik o diýen kynam däl ýalydy, ýolam önýärdi.

Birdenem: “E-ýeý, waý-ýeý!” diýlen arman-ahmyrly sesiň yzysüre aýagy taýan Amansoltan gollaryny kelemenledip gaýtdy ala şakyrdy bolup bedreleri bile. Bedreleriň suwy serpilip, olaryň hersi bir ýere atylyp düşdi. Ýeňsesinden zaryn ses eşiden mahaly Oguljumanyň endamy çümşüldäp gitdi. Dessine-de ol aýak çekip, ýalta ýeňsesine gözlän mahaly ol yzyndan gelýän gelniň gar üstünde göz-gülban bolup ýatanyny gördi.

Oguljuma haýdan-haý bedrelerini ýerde goýup, yzyna dönüp, gelşine-de Amansoltany aýak üstüne götermek üçin, onuň goltugyndan galdyryp hemaýat berdi.

Amansoltan öz biçäre halyna gyýlyp-gynanyp, ýatan ýerinde zarynlady:

– Waý, jan doganlar, doňdum eý, ýer urup, ýerde galdymleý. Heý beýle-de bir sowuk bolarmy? Waý-ýeý, Alla jan-ýeý...

– Geçer, jan dogan, gaýrat et, bu-da geçer! – diýip, Oguljuma Amansoltana aýak üstünde durmaga kömek edip durşuna, mümkin boldugyndan, ony köşeşdirmäge çalyşdy.

Emma ahmallygyny elden aldyranyna jany dagy dik ýanyp, ýüregi çişen gelin şundan soň agzyny ýokary tutup, itiň uwlaýşyny edip, hasam zarynlap aglady. Ol häzir näçe aglasa-da, wagty bilen köşeşerli däldi. Oguljuma: “Adamyň başyny alyp durjak gün ýokdur” diýip, onuň halyna gynanyp, özi-de ýukalyp durşuna ýene ony köşeşdirmäge synanyşdy. Emma bolmady, gaýta Amansoltanyň zaryn agysynyň Oguljumanyň hem ýarasynyň kesmegini aýryp, aňyrda dyňzap duran agy siliniň bendini tirsikdirip goýberenligi belli boldy.

Olar soňra şol ýerde Watany ýat edişip, bir pursat gujaklaşyp aglaşyp durdular.

Aýallaryň goşulyşyp aglaýan agy sesleri gar basyrynyp ýatan meýdana ýaň saldy. Ol agynyň bir tarapy soňra barak jaýlarynyň arasyna-da düşüp, ol ýerde hem düşnüksizden pessaý ýene bir gezek ýaňlandy. Agy ösüp, al asmanyň çytyk süňňüne göterildi.

...Görlüp-eşidilmedik any-tupan bolup, Orusýetiň depesine segräp göterilen bolşewikler hökümeti öz bady bilen ozalky ak patyşanyň sorap ýerlerinde ýaşaýan halklaryň hem üstünden bela bolup inip, onuň adamlarynyň hersini bir ýere atyp urupdy. Dünýäniň bu baş bilen aýagyň öz ýerlerini çalşan alasarmyk döwri bolupdy. Şol görlüp-eşidilmedik apy-tupanyň asmana atyp, ýere pylçap uran halklarynyň biri-de, öz ýerinde ekinini ekip, malyny bakyp, gara güni bilen gydyrdanyp ýören türkmen halky bolupdy. Gara gyşyň häzir bu gar-buza gabap, gazap edip duranlary hem şol topragyň iki sany biçäre naçary. Maşgalalary bilen mal-hal ýaly gaty wagonlara gapgarylyp, sürlüp getirilen söwer balalarydy.

Häzir eziz Watandan, öz ýakyn dogan-garyndaşyndan, adaty endik bolan ýaşaýyşlaryndan jyda düşen bu naçarlar aglaman kim aglasyn?!

Halk ynamyna görä, adam şeýdip, nähak agyr güne düşende, erkek adamlara geçmiş rowaýata öwrülen ata-babalarynyň ruhy, aýal-gyzlara bolsa ene-mamalarynyň ruhy kömege gelermiş. Häzir bu naçarlaryň töwereginde hem eýýäm geçmişdäki olaryň taryha leňňer beren ene-mamalary, dünýä Watan söýmegiň nusgasyny görkezen Tumar-Tomaris*, hanlar hany Oguz hanyň

---

1. Taryhyň atasy hasap edilýän Geredot öz “Taryhynda türkmenleriň gadymy ata-babalary hasap edilýän sak-massaget hanynyň dul galyp, adamsynyň ornuny tutup watanyny gorap, görlüp-eşidilmedik başarjaňlyk, gahrymanlyk görkezip, Tomaris-Tumar barada uly buýsanç bilen ýazypdyr.

...Bir gezek dünýäniň köp döwletlerini basyp alan Ahmeni şasy Kir Hazar deňziniň gündogar-günortasynda ýaşaýan massaget-saklary basyp alyp dyza çökermekçi bolýar.

Agyr goşun bilen massagetleriň üstüne gelýär. Tumar belanyň öňünden sowuljak bolup, näçe tagalla etse-de, ahyrsoňy Kiriň bir başa dikmän, pälinden gaýtmajagy onuň “Bu bir heleý nädenimde muny basyp almaýan, Krez ýaly patyşasy bolan döwleti dyza çökerdim, men muny dagy nädenimde basyp almaryn?” diýip, uly pälläpdir.

Massagetlerem maslahat-tagallalary alga alynmansoň, Midi döwletiniň

nusgawy aýaly Burlahatynyň ýolbaşçylygynda eýýäm ene-mamalarynyň ölmez-ýitmez ruhlary gelip ýetişen bolmaly. Olar häzir gar gabawynda galan perzentleriniň depesinde janköýerlik bilen pelesaň urşup aýlanyşyp durandyrlar. Olaryň kalplaryny ynam-nur bolup dolduryandyrlar. Keramatly ene-mamalar dagy şeýdip gelip ýetişen bolsa, olaryň perzentleri, ýene-de bu kynçylygy hem ýeňip geçmäge gaýratam tapar, dogum-pähimem...

Oguljuma bilen Amansoltan bir salym içigişip-içigişip aglaşyp gowzansoňlar, ýene-de özlerine karar-kanagat taparlar. Watandan aglaşyp gaýdyşlary ýaly, ýene aglaşybam oňa dolanjaklaryna arzuw baglap, kalplaryna teselli bererler.

Aglanam, ýene birazdan özlerini diňdirenem aýallaryň özleri boldy.

Olar birsalym aglaşyp keýpden çykansoňlar, gara günlerine kaýyllyk tapyşyp, ýene-de ýollaryny dowam etdirermen boldular. Bu meselede olar bir-birleri bilen sessiz-üýnsüz düşünişdiler.

Amansoltanyň bedreleri dökülip, suwsuz galanam bolsa, ýöne onuň öwrülip, ikilenç guýa dolanasy gelmedi. Oguljuma öz berdeleriniň birininiň suwuny onuň bilen bölüşdi.

Oguljuma suwdan gaýdyp gelende, Orazgeldi eýýäm işe gitmäge taýynlanyp, aýalynyň egninden içmegini almak üçin, onuň gelerini garaşyp durdy.

---

patyşasy, öz ejesi Manandanyň kakasy Asti agany patyşalyk, ýer-ýurt üçin öldüren Kiriň özleri bilenem düşünişesi gelmeýänine göz ýetirýärler. Şeýdibem soňra “Päl azman, bela bakmaz” diýleni bolýar. Tumar halkyna maslahat salyp, Kir bilen uruşmakçy bolýar.

...Kir emel bilen ilkinji söweşde ýeňiş gazanyp, bu goşuna serkerdelik eden Tumaryň ýaş ýigdekçe ogly Sapargaby ýesir alýar we soňra onuň ölümine sebäp bolýar.

Muňa juda gahary, gelip ganlary gaýnan massahetler Tumaryň serdarlyk etmeginde özüni Hudaý hasap etdirip, päli azyp ýören Kiriň goşunyny kül-peýkun edýärler. Tumar soňra ölenleriň arasyndan Kiriň jesedini tapdyryp, kellesini kesdirip, ony gandan doly meşige salyp:

– ...Sen gana suwsap geldiň, al iç gan! – diýip, ony öz ganlaryna gark edýär.

Orazgeldi aňyrdan üşäp, digdiräp gelen Oguljumany görüp, oňa biraz igençli ýüzlendi:

– Daň bilen nirä ýitirim bolup ýörsüň-ä?

– Suwumyz gutaran eken. Guýa baryp geldim...

– Biraz jahan ýagtylasoň, gidibereniňde bolmaýarmy?

– Suwsuz bolmaly diýdim-dä...

Oguljuma soňam ýüregine sygdyryp bilmän, ýolda bolan ýagdaýy adamsyna aýdyp hamsykdy.

Orazgeldi ony diňläp:

– Heleýler-dä, siz. Aglap-eňräp ýeriň giňinde içiňizi sowadan bolsaňyz bolupdyr. Ýöne näçe gyzgyn gözýaş bilen aglasaňyzam, bu sowuk ýurdy ýyladyb-a bilmersiňiz... Şuňa göz ýetiren bolsaňyzam bolýar – diýip, aýalynyň ýagdaýyna oňly ähmiýet bermedikden bolup, onuň halyna nebsagryjylyk bilen göwünlik berijilikli gürledi. Soňam oňa:

– Pejiň golaýragynda oturyp ýylyn, hökmanlygy bolmasa, öýden çykjak bolma! – diýibem, sary içmegi onuň egninden alyp, öýden çykyp barşyna aýalyna maslahat berijilik talaply sargady.

* * *

Nurjuma ertir irden oba şurаň jaýyna her günki geçirilýän, iş maslahatyna baranda, ol düýnki gün şähere çagyrylyp gidip gelen Ýagdyny biraz keýpsiz görüp, ol onuň ýakynda ýene bir täze oýnaşy bilen ile dolan gürrüňini ýatlap: “Bu ýagdaý kakasy gamyşçynyň gulagyna degendir ýa-da aýaly bir ýerden eşidip gaýynenesine: “Men gerek bolmasam, yzyma atam öýüne ertip gaýdyň!” diýen ýaly bir degna degiji gep aýdyp, garrylaryň ýüregini çişirendir, olaram ene-ata bolup, Ýagdyň suwuna degendirler, gamyşçy ýene-de muňa özleriniň gelip-çykyş-ejdimatlaryny ýatladyp, her işde il tabyrak bolmaga talap edendir: “... Men köp aýdýan, saňa, şu halka gaty darama, onuň bilen ylalaşykly bol” diýip, senem az eşidýäň. Bu halky özümiňki hasap etmeseň, ýogsam meniň, seniň bu toprakda ataň guburyndan

başga hileli tümmegimiz-de ýokdur” diýip, ýene-de hemişekisi ýaly gep baryny gulagyndan geçirip käýinendir” diýip çen etdi...

Ýagdynyň aýalynyň adamsynyň oýnaşlary baradaky gürrüňleri ondan-mundan eşiden mahalynda öňem käte şeýdip mesip, gaýynenesidir gaýynatasyndan öz heleýlik hak-hukugyny talap edip, tasanyp, bulanyp alaýmasy bardy. Gahar ugruna ol: “Obaşuraň keýwanysy” diýilýän, özge wagt hondan bärisilik bilen masaýnyp gezýän, derejesiniň hem üstünden gahar ugruna aňsat ätlärdi.

Ýagdy her gezek diýen ýaly ertir irden ýolbaşçylar bilen iş meseleleri bilen ýygnak geçirende, edilen we edilmeli işleri seljerip, ýerine ýetmedik ýa-da nirede işiň depgini gowşan bolsa, onuň brigadirdir beýleki jogapkär ýolbaşçylaryna talap bildirip, suwuna degip alardy. Wagtal-wagtal ol özüm ýaly ýolbaşçy diýip aýap goýman, Nurjuma-da igenerdi.

Bu gün ol esasanam sürüm işleriň barşy barada brigadirleriň birkisinden ýüzleýräk ony-muny soraşdyransoň, olara täze tabşyryklar, görkezmeler berişdirip, maslahaty bu günlükçe tiz jemlemek bilen boldy.

Nurjuma çykyp barýarka ol dostlarça ýene onuň adyny tutman lakamyny aýdyp.

– Şallak, sen biraz aýak çek!

Nurjuma aýak çekip:

– Näme, ýekegapan, keýpiň ýok-la? – diýip, öwrenijilik bilen onuň ýüzüne gözläp, sözüne henek gatyp, onuň halyny sorady. Soňam sözüni dowam etdirip: – Näme, Narly gamyşçy ýene bir zat üçin piriňi kädä gabap aldymy? – diýip, ýaňsyly ýanjap sorady.

– Ýok-laý, ol käýýäp igense jähenneme-le – diýip, Ýagdy başga bir gürrüň etmekçi bolýanyny ýaňzadyp, oňa gapdalyndaky boş orny görkezdi. Yzysüre-de ýas-ýaňy jigidiniň getirip, gapdalynda basyryp giden çäýneginden bir käse çaý guýup, Nurjuma uzatdy.

Nurjuma ýaňy ol “Aýak çek!” diýende ýene-de iş bilen

bagly ýüze çykan ikiçäk düşünişmeli bir dartgy-çekgili mesele bardyram öýtdüpdi.

Ozallar Ýagdy ýolbaşçylar bilen ýygnaklar geçirende kellesiniň gyzgynyna beýlekiler ýaly, başlyk diýip aýap goýman, Nurjumanyň üstündenem düşäýmesi bardy. Emma Nurjuma muňa uzak çydamazdy. Şeýle üstünden düşülen günleriň birinde ol Ýagdynyň alkymyndan almak üçin, ýygnakdan soň ýörite kontorda galypdy.

Töweregiň çolaranyna mähetdelem çeti gyzanyny mälim edip, gönüläp onuň ýüzüne gelipdi.

– Ýekegapan, ikimiz dostmy?

– Bolaňda näme?

– Dost bolýan bolsaň, menem kolhoz başlygy bolýan bolsam, onda ýygnakda köpüň içinde maňa igenme! Näme gepiň bolsa, ikiçäk galanymyzda aýt!

Şonda Ýagdy onuň gara çyny bilen gürleýänini görüp, özüniň onuň degnasyna degeninden bäsdeşlerçe hezil tapyp gülüpdi. Soňam:

– Heý, görüň-le munuň diýýänini?! Likbezde-de oňly okamadyk düşünjesiz çöňňe diýerler saňa! Şallak han! Näme diýmän, ikem diýerin. Size käýemek, itip işletmek üçin, hökümet maňa ýörite hak-heşdek töläp dur ahyryn – diýip, öňki badyhowalygy bilen gaýta onuň ýüzüne gelip, “Ogurlyk eden uýalmaz, üstüne gelen uýalar” edip, üstünden gülüpdi. Ýöne şeýle-de bolsa, şondan soň ýygnaklarda onuň Nurjumaň üstüne döwnemesi birneme azalypdy.

Bir mesele çyksa, iki dost indi ony, köplenç, bile oturyp çözerdiler.

Ýagdy eline göteren çaýly käsesinden göwünli-göwünsiz birki owurtlansoň, penjireden aňyrda, atynyň başyna arpaly torbany geýdirip, indem şol ýerde kimdir biri bilen gyzgalaňly gürleşip duran jigidine tarap göz aýlap alansoň, Nurjuma ýüzlendi.

– Şallak, görýän welin seniňem käbir aýdýan zadyň ugrunda bar ýaly-la...

Nurjuma onuň nämäniň gürrüňini etmekçi bolýanyna birbada oňly düşünmese-de, çen-çak bilenräk gepläp, onuň sözüni jogapsyz goýmady:

– Ahyr meniň diýenime gelersiň diýdim-ä men saňa – diýip, onuň diýmekçi bolýan zadyna çen urdy.

Ýagdy pikirlenýän görnüşde başyny aşak salyp, sözüni dowam etdirip, öz takyklamasyny ýene gaýtalady.

– Gynansamam, Şallak, bu meselede seniň diýenleriň dogry bolup barýar.

– Näme ol? – diýip, Nurjuma Ýagdynyň aýtmakçy bolan gepini diýmäge howlukman, ony howada asansoň, Nurjuma hasam gyzygyp, bilesigeljilik bilen ony tizräk eşitmäge howlukdy.

– Aýtsam, ertir ýene-de şäherde ýygnak. Dogrusy, indi meniň-ä şol ýere aýagym çekenok, ýaga depjek ýaly. Soňky döwür olar beýle ýygnaklara "Şura gelsin" diýip, meniň bir özümi belläp çagyrýarlar...

– Çagyrylsaň barmaly borsuň-da...

– Barsam bilýän-dä... Ýene-de "Sen obaňdan pylança tersçil tapmaly! Atlaryny ber!" diýip talap ederler. Öňem adam barynyň sanawyny bere-bere bermezim çykd-a. Heý, munuň soňy gelerli däl. Indi olaryň agzyna men kimi tutdurjagymy bilemok. Adamlary basyp-çapyp sürgüne berip, obana ýagşy silk-dä bular... Bizem aýak üstünde düýşürgäp ýören ýaly, bu ýaman işlere ýaran bolmaly bolduk.

– Bolubildiň-le, ony gümansyratmaň näme! – diýip, Nurjuma ýüzugra obadan basylan, sürgüne berlenleri ahmyr bilen öz ýanyndan ýatlap howurly aýtdy.

Ýagdy gursagynda gowşurylgy ellerini döşünden howlukman aýyrdy-da, soňra Nurjuma maslahat salyjylykly ýüzlendi:

– Indi soralsa, kimiň adyny tutjagymy bilemok.

Nurjumanyň maslahaty nagt boldy. Ol:

– Indi, Ýekegapan, ber özüňkilerdenem. Olaryňy goraglap, başyňa ýapjakmy? Saňa hiç zat bolmasyn, bolsa şolaň birem seniň töweregiňde görünmez... Iber şolaryňdanam birkisini gümgidene!

– diýip, Nurjuma dözümliden igençli aýtdy.

Barybir Nurjumanyň maslahaty Ýagdyny kanagatlandyrmady.

Ol muny Nurjuma wagtynda öz maslahat gepiniň alga alynmadygy üçin haklaşyk üçin aýdylýan gyjalatdyr öýtdi.

Ýagdy sözüni dowam etdirip:

– Ýagdaý ýakyn wagtda üýtgemese, bu özümiňkinem, meniň özümem aýap goýarly däl, dost jan! – diýip, keýpsiz gürledi.

– Başa näme gelse görübiris-dä – diýip, Nurjuma bu gezek oňa düşünişme bilen ylalaşykly aýtdy.

Olar soňra ýene bir salym bu meseleleriň töwereginde pikir öwrüşip, haýsy obadan organlaryň näçeräk adamy ýanap ýygnalmaly edenligi barada gürleşip, ertirki güne çen urşup, düşünişme bilen gürleşip oturdylar.

Iki dost tirkeşip, kontor jaýynda çykan mahaly Gün asmanda bukuldym oýnaýan ýaly bulutlaryň arasyndan bir görnüp, bir ýitip aýlanyp ýören eken.

Häzir kontoryň gabat garşysyndaky bireýýäm özüni Owgana atan Gurban baýyň kiçi ogly Guwandyk baýyň howlusynda ösüp oturan, köp ýaşan tutlaryň depesinde, soňra jemlenişip ses goşup, has göçgünli gagyldaşmak üçin, gargalar ürç edişip üýşüşip ugrapdylar.

Ýagdy Nurjumany ugradyp, gargalaryň uçuşyp-gonşup edýän oýunlaryny birsalym synlap duransoň, pikirini öňki gürrüňden gargalara tarap öwürdi. “Baý, şularyňam gyş düşse, sesleri ýiteliberýär-ow” diýip, gargalaryň tomaşasyna üýşenip, alasarmyk pikirler bilen gözläp, oýlanyp durdy.

* * *

Orazgylyç NKWD-çiler tarapyndan alnyp gidilensoň, onuň maşgalasy bilen bagly şowzuzlyklar yzly-yzyna bolup, “Hudaý urany pygamberem hasasy bilen dürtermiş” diýleni boldy.

Onuň äkidilenine köp wagt geçmänkä, ozalam bir çaga üstünden galnybilmänräk ýarawsyz gezip ýören Amangülem

derdiniň üstüne ýene bir dert tapynyp, ýanyny ymykly ýere berdi. Agyr dertli hökmünde keselhana düşdi. Goňşularyndan şundan soň öz tagtabazarly ildeşleri bolan Berdi Aganazar ýeke galansoň oňa:

– Sen entek ejeň, akgaň gaýdyp gelýänçä bizde boluber, öýüňize-de baryp-gelip, göz-gulak bolarsyň! – diýse-de, Aganazaryň öýlerini boş goýasy gelmedi. Gaýta yrym edip, özi öýde bolsa, kakasynyň, ejesiniň geljegine özüni ynandyrmaga çalyşdy. Dogrusy, gije garaňkylygy, çolalyk ony birneme üýşendirmänem durmaýardy. Hasam öýde kerosiniňem azalyp barýanyny ýatlap, çyrany öçürensoň, gijäniň derdi artan ýaly bolardy. Jaýyň her burçundan döw-arwahmy, bir gorkunç zat göteriläýjek ýaly bolup duýlardy. Ýöne şeýdip her gezek üstüne gara wehim abananda, ol soňra kakasynyň, gorkan ýagdaýlarda okamalymy diýip öwreden dogalaryny ýatlardy. Kulhuwallany, Alhamy öwredilişi ýaly, üç gezek okap, kalbyna giňlik bermäge çalşardy. Onuň: “Gijeden gorkmazlar, görünäýjek ýalam bolsa, döwem ýokdur, jyn-arwaham, bar ýaly-da bolsa, bu güýçli dogalar ol bela beterleri gyryp atar” diýen sözüni özüne göwünlik bermek üçin tiz-tizden ýatlardy. Bu dogalaryň daşyna gala bolup, özüni gorajagyna ynanardy. Ol gijeler irkilip barýarka-da niýetini gowa togalap doga sanardy. Ýoldaşly bolardy. Gündizlerine bolsa öýde ejesine, kakasyna degişli zatlary görüp, olaryň ýoklugyna örtenerdi.

Şu pursatda onuň:

– Kaka, eje, men bärde, meni goýup siz nirä gitdiňiz?.. Indi men näme etmeli? – diýip, aglap gygyryberesi gelýärdi.

Mama-babasyny, Allanazar, Rahmannazary, gelnejeleridir olaryň çagalaryny, hossarlarynyň hersini bir-bir ýatlap, olaryň häzir töwereginde ýogam bolsa, aslynda özüniň eýesiz ýerden ýeke çykan däldigine, şeýle ýakynlarynyň barlygyna şükür etdi. Janköýer hossaryň juda gerekligini diýseň ýiti duýýardy. Ýöne hany bu dara-direlikde ony nireden tapjak.

Bir gün Berdiniň aýaly ir bilen goňşy obadaky keselhana

gidip, Amangülüň halyndan habar alarman boldy. Bir dert tapynyp, halys tapdan düşüp ugransoň, ony oba ýörite gelen lukman gözden geçirensoň, şol ýere äkidip ýerleşdiripdiler.

Ol öz ýany bilen bu gezek: «Ýör, ejeňi görüp gaýdaly!» diýip, Aganazaram bile äkitdi.

Olar ýola düşüp, biraz ýöränsoňlar, öňden barýan bir türkmen aýal bilen bäş-alty ýaşly, ejesiniň gapdaly bilen ertiriň serginliginden hezil tapyp, owlajyk ýaly bökjekläp barýan oglanjygyň yzyndan ýetdiler. Aganazar ol aýaly dessine tanady. Ol şol gije obadan kakasy bilen ýygnananlaryň biriniň aýalydy. Iki aýal salam-helikden soň, arzy-hal soraşdylar:

– A, gyz, Ogulbossan, ýola çykypsyň-la!

– Türmä Gaýybyň yzyndan barýas.

– Görüp bolýarmykan olary?

– Şyhyň inis-ä gidip, habar alyp gelenmiş.

– Görseň töweregindemikän, Orazgylyjam ondan soraweri?!

Bu haýyşy aýdan mahaly ol nebsagyrjylyk bilen Aganazara tarap hem göz aýlap goýberdi. Soňam: «Pyýada haçan ýetjek sen, bäri bärde näme Daşkent bardyrmy?» diýip, onuň ýagdaýyny alada etdi. Aýal:

– “Töwekgeliň işini Taňry oňar” edilip çykylaýandyr ýöne, zeruryňky zerur-da näme. Yzdan şähere ýüke-ýenekä barýan araba gaýry duşagaýadyr-da.

– Araba, maşynam-a gatnaýandyr öz-ä.

Olar şol baryşlaryna telim gezek yzlaryna garanjaklaşsalar-da, wagty bilen yzdan ýeten ulag bolmady. Aýallar ýol bilen derdinişip, gürleşip gelişlerine hassahanaly şäherçäň duşuna ýetiberenlerinde şol ýerde ýol çatrygynda hoşlaşdylar.

– Biz-ä, gyz, gelmeli ýerimize golaýladyk.

– Bolar, boýdaş jan... Amangülem daýaw gelindir özün-ä. Garlarda-da üşäp-digdiräp, pagta ýygypdyk bile. Salam aýt, gutulsyn tizräk!

– Bolýar aýdaryn. Senem sag-aman baryp gel. Işiň ugruna bolup, görüp biläýesiň-dä.

– Şeýle bolsun-da, hernä.

Şundan soň aýallar aýrylyşyp, hersi öz ýollaryna gitdiler.

Hassahana jaýy täzeräk salnan bolmaga çemeli, ol şäherçäniň çetinde bassyrma görnüşinde iki bölekden ybarat edilip gurlupdyr. Diňe ak reňke batan ýaly edilip aklanypdyr diýmeseň, onuň gapdaldaky öňki gurlan jaýlardan tapawudy ýokdy. Gaýta golaýdaky jaýlaryň, esasanam yhlas siňdirilip gurlan derweze küňresi olary hassahana jaýlaryndan has gelşikli hem haýbatly görkezýär.

Hassahananyň derwezesiniň öňünde öňem garaşyp oturan alty-ýedi adam, iki-üç çaga bar eken. Olaram bu ýerde özleriniň hassalarynyň ýanyna barmaga rugsat berlerine garaşyp, onda-mundarak oturan ekenler. Beýleräkde yzy arabaly eşek öňüne dökülen bir bölek ota timisgenip dur. Onuň töwereginde çolaşyp, ýeneki edip durmasyn diýlip, çetleşdiribräk daňlan ýene bir gaňňaly eşek bar. Bular şu gelen adamlaryň aýagulag edinip gelen mallary bolmaly. Günortanyň öň ýanlarynda esli garaşdyryp, ahyrsoňy keselhana gelenler üçinem onuň gapysy açyldy.

Amangül derman ysly giňiş jaýyň bir gapdalyndaky krowatda dem-düýtsüz ýaly bolup, gözlerini ýumup uzyn süýnüp ýatan eken. Garyn bolsa çişipdir, hol depe bolup ýatyr. Aganazar ejesiniň ýüz-gözleriniň tanamaz ýaly horlanyp, özgerenini görüp örtendi. Haçanda ol özüni sorap gelnenligini eşiden mahaly zordanrak gözüni açdy. Diňe şonda ol biraz öňki Amangüle meňzäp gitdi. Ýöne Aganazar onuň saçynyň kellesi takyr edilip syrylmagynyň sebäbine nämüçindir düşünip bilmedi. Amangül häzir ony aýal börüginden alnan mata bilen daňypdyr. Berdiň aýaly adyny tutanda, ol tananlygyny mälim edip, sähelçe gözüni açyp-ýumdy. Şonda iki damja gözýaşy onuň gözlerinden togarlanyp syrykdy. Aganazar nämeligini bilmese-de, ejesiniň ýöne bolmadyk agyr bir derde ýoluganlygyny görüp, oňa nähili kömek edip biljegini bilmän gynandy. Haçan-da goňşy aýal oňa: "Ogluňy – Aganazaryňam getirdim" diýende ol intizar gözläp ýylgyrmaga synanyşdy. Şol pursatda ol hasam uzalyp-üzülip

barýana meňzedi. Dodaklaryny müňküldedip, bir zatlar diýjek boldy, ýöne diýip bilmedi. Aganazaryň goşaryny tutan elini sähelçe «tanadym» diýen manyda ýuwaşja gysyp goýberdi. Aganazar onuň kakasy barada sorasy gelenine düşündi hem oňa göwünlik berip:

– Eje, ýaňy Gaýybyň aýaly türmä habar almaga barýan eken. Şyhyň inis-ä eýýäm gidip, görübem gelipdir. Sen gutulaňsoň, bizem gideris, kakamy görmäge – diýdi.

Emma agyz-dilden galyp ýatan hassa bilen Aganazar näçe synansa-da, aýdyşylyp diýşilen anyk gürrüň bolmady. “Höwes et, bes et” diýleni boldy.

Berdiniň aýaly Amangülüň ýanyndan daş çykansoňlar, beýleki käbir gelenleriň lukmanlardan syrkawlarynyň hal-ýagdaýyny sorap duranlaryny görüp, ol-da Aganazar bilen baryp, tutunyp, oňa ýüzlendi. Dogrusy, olar bilen birbada del gördümi nämemi, lukmanyň Amangül barada gepleşesi gelmedi. Murtuny sypalap, oýurganyp bir aýalyň, bir Aganazaryň ýüzüne düşnüksiz gözläp duransoň, teý ahyr göwünsiz dillendi:

– Hassanyň haly gowy däl. Üstesine-de, ol juda hasratly. Birki günlükde Daşkentdenem lukman geljek, şoňa-da görkezeris – diýip, ol lukmanlarça çaldyguýdurak ätiýaçly gepledi.

Aganazaryň ýolboýy ejesiniň hassa haly göz öňünden gitmedi. Ejesiniň hassa halyna nätjegini bilmän gynandy. Häzir kakasy bolanlygynda oňa kömek etmegiň çäresini tapjagyna ynandy.

Dolanyp gelensoňam, haňlap ýatan boş öýde onuň bar pikiri türmede ýatan kakasydyr agyr derde ýolugan ejesi boldy.

* * *

Sowetiň soňky döwür hasam eli uzap, uzadan ýerine ýetýän döwri boldy. Bolşewikleriň döwlet başyna gelmegi bilen dünýäde başlanan ber-başagaýlyklar henizem öňki hörpünde, gaýta köp halatlarda has joşgun almak bilen dowam edýärdi.

Joşgun bolanda-da ol harasatly şeýle bir joşgun alýardy welin, hatda goňşy döwletleriňem süňňüne sarsgyn berýärdi. Indi ol ýyl geçdigi köp halatda öňki ýöwsellik bilen goranýan döwletden düwläp, hüjüme geçýän döwlete öwrülipdi. Öz däli gomlarynyň bady bilen Owgan-Eýranyny goýman, öz golunyň astyna dolap alarly görünýän. Onuň düýp many-matlabynyň, Bütindünýä rewolýusiýasyndan habarly Owgan döwleti hem sowetlerden ätiýaç etme bilen, mümkin boldugyndan, şol bir wagtda hem onuň bilen gamyş köprini arada saklap, öz serhetlerini berkitme işlerini alyp barýardy.

Bu ýagdaýlary göz öňüne tutup, ýakynda bäri Owgan hökümeti SSSR bilen ähli serhetleşilýän ýerlerinde diýen ýaly, ol sürnäýen ýagdaýynda oňa ilkinji gaýtawuly bermek üçin ýarym harby goranyş toparlaryny döredip ugrapdy. Özi-de bu toplumlara esasanam Orta Aziýaly sowetlerden gaçyp başyny gutaranlar alynýardy. Ahmedem indi Hyradyň eteginde döredilen şeýle goranyş toplumynyň ekabyr serkerde-ýolbaşçylarynyň biridi.

Bu hili goranyş toplumynyň biriniň Pyrarydanam uzak bolmadyk golaýlykda döredilmegi Ahmet üçinem kem bolmandy. Şeýle-de bolsa Ahmediň oba gelse-de bir gulagy “hä” diýlende, “mäh” diýmek üçin, hemişe Hyrat tarapda bolardy.

Mahal-mahal gulluk borçlarynyň ugruna gitse-de, indi ol wagtynyň köpüsini obada, öz maşgalasynyň töwereginde geçirerdi.

Şol gezek ol Buhara emiriniň öz çak edişindenem has uzaga çeken hyzmatyndan juda aryp-ýadap, “öýe çagalaryň arasyna ýetip, bir olaryň ýanynda arkaýyn dem-dynjymy alaýyn” diýip, höwes edip gelipdi. Oňa bolsa bu gezek öýünde Hanumanyň göz-gülban edilip süýrelmegi bilen bagly, namysa goýujy ýakymsyz habar garaşýardy. Ýogsam onuň şol gelşine bir hepde, on gün dagy ýagşy ine-gana ýatyp-turup, dem dynç alýança hiç bir alada-beýlekä baş sokman öz peýwagtyna ýaşasy gelýärdi.

Ahmediň häsiýetine belet Hanuma özüniň namysa goýulanyny eşitse, onuň atdan düşmän, Atanepesiň üstüne gitjegini

pikir edip, bada-bat bolan ahwalaty aýdyp, onuň keýpini bozasy gelmedi. Barybir bu barada onuň özgeden eşitjegini pikir edip, ol iýip otyrka bir zatlar syzma bilen “Heleý, keýpiň ýokla?” diýen wagty bolan ýagdaýy Ahmede onuň özi gürrüň berdi.

Bada-bat alawlap göterilen ar-namys odunyň ýalyny Ahmediň ýüzüne çabrady, gyzgyn howry hapylap kalbyny doldurdy. Şol pursatda onuň Atanepesi ýeriň deşiginde bolsa-da, ony gidip, tapyp alasy geldi. Häli-şindi Hanumanyň atlylaryň elinden sypjak bolup urnuşy, haraý gözläp delmirip, töweregine gözleýşi, çagalaryň bu ýagdaýy görüp gorkuşyp, zir-zöwran boluşlary hatar bolup, onuň göz öňüne geldi.

Bu bolsa onuň gaharynyň gaýnap, ýüreginiň has beter çişmegine şol pursatda özüniň öýde bolman, ahmyr etmegine sebäp boldy. Ol aryny ýerine salmasa, ynjalyp bilmejegini bilip, ertiriň özünde Atanepesiň ugruna çykyp, onuň bilen bellisini edesi geldi.

Emma ol şol gün heniz atlanmaga ýetişmänkä garaşylmadyk ýagdaýda Bürgüt bilen Akynýaz baý onuň sapardan dolanyp gelenini eşidip, duşuşmak üçin, “Gözaýdyňa” geldiler.

Olar öz mertebeleriniň şanyna soýlan işşek goýnuň digirdäp duran etinden taýynlanan tagamlardan iýşip, ýurt ýagdaýlary, dünýä ýagdaýlary barada pikir alşyp oturdylar.

Ahmet bularyň beýdişip, iki bolup gelmeklerinden olaryň özüne bir gürrüňleriniň barlygyny, ol gürrüňiň hem bolup bilse, Hanuma bilen baglydygyna çen edipdi. Emma Ahmet näçe garaşsa-da, bu gürrüň olaryň atlanyp gitmeziniň öň ýanynda boldy. Bolan ýagdaýyň şaýatlary hökmünde olar islegsiz wakany orta getirip, ony ýerli-ýerden käbir zatlara anyklyk berip töwerekleýin ýatladylar. Myhmanlar soň Atanepesiniň berlen duýduryşlara seretmän, henizem Hanuma dawa salyp, Hyrada kaza arz-şikaýata gatnap, gerekli adamlara para-peşgeş berip ýörenliginiň hem özlerine bellidigini maglumat hökmünde oňa aýtdylar.

Kazyly gep orta gelensoň, indi hä diýmän, onuň Ahmede çakylygynyň hem boljakdygy belli boldy. Olar turmakçy

bolanlarynda, Ahmede raýdaşlyk bildirişip, kazynyň çakylygyna Hyrada ýoldaş bolup, özleriniň hem bile gitmekçidiklerini aýdyp, wadalaşyp hoşlaşdylar.

Bürgütdir Akynýaz baýyň Ahmede arka durma bilen eden bu gürrüňleriniň aňyrsynda onuň atyny ýeke çapmagyndan çekinilip edilýän alada bardy, Owgan hökümetiniň kada-kanunlaryny äsgermezlik etmezlige duýduryş, talabam bardy. Şeýdibem, bu gürrüň birbada Ahmediň badynyň öňüniň alynmagy boldy. Emma ol kazynyň nähili, kimiň haýryna kanun çykaranyna seretmän, Atanepesden öz eli bilen ar almasa, ynjalmajagyny gowy bilýärdi. Içinden ol: "Hany birhowa bu abraýly adamlaryň töwella-maslahatyny alaýyn, soň ýene birazdan bir ýere sapara beýlekä çagyrylanymda ýüzugra Atanepesiň merkini berip geçerin. Gylly kellesini gapysyna togalamasam, meniňem Ahmet bolmadygym" diýip, namys edip, maksat tutundy.

Ahmet iş saparyndan gelip, obada wagty öýünden uzak gitmezdi. Günaşa, ikaşa atlanyp gidip, bir ekin meýdanlaryna aýlansa aýlanardy, birem oba içindäki toý-sadakalara görnüp, käte-de oba bazaryna baryp, ondan öýüň gerek-ýaragyny satyn alyp gelerdi.

Ýöne soňky döwür, köplenç, bazara-da ol üç-dört owgany artygrak berip, goňşuçylykda ýaşaýan, nebere garyndaşlarynyň biri Donly keljäni öz ýerine ugradardy. Keýpihonrak Donla näme özüne çaý puly düşjegini bilse, Ahmetlere gerek zady çüwatym getirmeýärmi!?

Soňky döwür onsuzam Ahmetdir Donlynyň maşgalasy has ysnyşypdy. Barly öýüň dökün-saçynam egni gysyk garybrak adama ýetik hemaýat bolýardy. Donlynyň aýaly gelip, Hanumanyň ol-bi öý işlerine kömekleşerdi. Olaryň ogly Nury, gyzjagazy Gurbanýaz ikisem Ahmediň çagalary Jymmydyr Geldi bilen dil tapyşyp, "jüpbüldeşip" oýnardylar. Ahmet gulluk borjunyň ugruna gidende-de, her gezek yzyndan dynman: "Biziňkilere-de göz-gulak bolaweri!" diýip, şolara sargap giderdi.

Şu günleriň birinde hemişe Pyraryda ýaşaýan agasyny

bahanalap, hasap guşy ýaly käte bir görnüp, aýlanyp gidýän Nazar Gurt obada peýda boldy. Ol Donlyňam jan ýaly ýegeni, her gelende aňsat olara-da bir darap, hallaryndan habar alman gitmezdi. Nazar Gurt, Ahmet hem Donly bilen adybir gaplaň bolansoň, oňa hem "daýy" diýip ýüzlenerdi.

Bu golaýa gelse, Ahmet bar bolsun, ýok bolsun, olara-da baryp: "Sag-otyrmysyňyz?" diýmän ötmezdi. Emma bu gezek welin Nazar Donly daýylaryna gelensoň, hemişekisi onuň gapysyndan garamaga gyssanmady, haýsydyr bir pursat araýana meňzäp, daýy-daýzasy bilen ondan-mundan gürleşip oturdy. Diňe käýarym töweregine nazar aýlandan bolup, gözi bilen Ahmediň öýüniň habaryny aldy. Elbetde, ol bu gezek ýumuş bilen habarlyja gelipdi. Onuň gönüden-göni Hanuma bilen ikiçäk bolup, oňa ýetirmesi ýeňil bolmadyk gürrüňi bardy.

Bu döwür Mämmet han düýejiniň ogly Mahmydyň ogly Rahmany öýerip, toý tutmak üçin, toparyň hormatly ýolbaşçysy hökmünde Akynýaz baýyň ýolbaşçylygynda dumly-duşa toý çakylygynyň ýaýradylyp ýörülen günleridi. Çakylygyň ýaýradylyp ugranyna eýýäm iki-üç günem bolupdy. Çakylyk ugradylmadyk bolsa-da, muny eýýäm derýanyň ilersem bir ýerden eşidipdi.

Toýuň başynda Akynýaz baý ýaly mertebeli adam dursa, onuň myhmanlarynam köp boljagy, toýunyňam uly boljagy, hödür-keremiň hem ýetik bolmajagynyň ujy iki däl. Bu toý derejeli türkmen toýlarynyň biri bolup, onda at çapylyp, göreş tutulyp, tomaşasy hem ýetik bolmalydy. Eýýämden Akynýaz baýyň abraýa leňňer berenligi pikir edilip, bu toýa diňe derejeli owgan begleriniňem däl, at-abraýly türkmenleriň, hatda han Jüneýidiň özüniňem geläýmegi çen edilýärdi.

Bu toýy diňe bir Ahmediň özüniňem däl, onuň merhum aýaly Akgülüň ýerine gelen Hanumanyňam çagalardyr söwüş-serpaý bilen dolup-daşyp barmaly, gollaryny çermäp hyzmat etmeli ýeridi. Ahmet ýaňyrak Hyratdaky gulluk ýerinden çakylyk alan-da bolsa, oňa toýy gowy edip sowansoňlar gitmekçi bolup otyrdy.

Ahmet toýuň öňünden bu günler Mämmethanlarda toýda soýuljak mallaryň, baýraga beriljek zatlaryň jemlenýänligini pikir edip, özi-de toýa niýetlän işşegini bazardan alyp, ol ýerde düşürip gaýtmagy, toý hyzmatlary üçin gepleşip, gulakdaşlyk etmegi niýet edinip otyrdy. Galyberse-de, bu gün toýuň öňüsyrasyndaky, gerek zady saýlap alyp bolaýjak soňky kelte bazar günüdi. Ahmet çagalary bilen saçak başynda oturyp, arkaýyn hezil tapma bilen iýip-içensoň, Gün ýagşy guşluga göteriliberende, atlanyp ýola düşdi.

Akgülüň özi ýogam bolsa, Ahmetdir Hanuma-da, onuň doganlaram her babatda merhumyň sarpasyny tutmaga çalyşýardylar. Häzirem Ahmet çagalary bilen bu toýa Akgülüň aýatda bar wagtyndaky ýaly söwüş-serpaýly «Akgülüňkiler getiripdir» diýdirip barmak isleýärdi.

Mämmethanlaryň özlerem Ahmet ýaňyrak Hanumadan bolan oguljygyna töweregini çagyryp, kiçiräk üýşmeleň edende topy-tolaýy bilen gelşip, doganlarynyň bar mahalyndaky ýaly, onuň öýüni hormatlap, toý sowşup gidipdiler. Akynýaz baýyň özem boýdan-başa toýa mertebe berip, oturyp gidipdi.

“Barlynyňky nä bap-başga-da” diýilmänmi näme? Onuň “Harajady nireden alarkam, edileni nädip ýerine salarkam” diýen endişesi bolmaýar.

Aňryňda ýüregiňi suwluja edýän altyn-kümşüň bar mahalynda ähli zadyňam şol barlyga biçilýän, hatda temmelenip ýapylýan gapylaryň hem onuň zarbyna açylýan zamanynda, toýa göwün-islegiňdäki ýaly barmagyň näme kyny barmyşyn!?

Ahmediňem toý habaryny eşideli bäri ol toýa Akgülüň ýoklugyny duýdurman, maşgalasy bilen sowgat-serpaýly barasy gelýärdi. Üstesine-de, ýat ýurdaky durmuşam, degerli adamlar, janköýer ilen-çalanlar bolşup, bir-biregiň gadyryny bilip, abraýyna dokunmagy, çaýkanma hessesi ýetik durmuş gämisiniň üstünde ýykylman saklanmak üçin, agzybirlikde, ýakyn gatnaşykda bolmaklyk hökmanylykdy. Öz iliňde munuň şeýledigine oňly üns bermeýän-de bolsaň, ýat bolup ýat ilde ýaşap ugraňsoň, baý

muňa düşünýärsiň-ä.

Nazar Gurt Donlynyň öýüniň daşarsynda oturan ýerinden Ahmediň atly gabatdan geçip barýanyny görensoň, özüniň aňyrdan tutup gelen tabşyryk matlabyny amala aşyrmagyň wagty gelenligine düşündi. Ol bu gezek gelende özem ýörite tabşyryk bilen Hanuma bilen ikiçäk gürleşmek, oňa aňrynyň habaryny ýetirmek üçin, Ahmediň öýde ýok wagtyny peýläp gelipdi.

Sowetler öz tirsekläp, ýurtdan gitmäge mejbur eden adamlarynyň Owganystandan öz üstlerine eňteriläýmegi çak edilýän «Orta Aziýa halas ediş» goşunlarynyň öňünde durmagyň gamyny iýip garaşan hem bolsa, olaryň wagty bilen dürli sebäplere görä gurrasy duşmandy. Gaýtam indi rewolýusiýany ýoň edip, bütin dünýä ýaýratmak maksatly sowetler diplomatik ýollary has içginden ulanmaga çalyşýardylar.

Nazar Gurt Ahmediň atlanyp gidenine uzak wagt geçmänkä, ýerden çykan ýaly bolup, onuň howlusynda peýda boldy. Çagasyny ýatyryp, sallançagyň bagyny Jymmynyň eline berip, ýeriň giňini alan Hanuma bu wagt jaýyň öňünde kirli geýim-gejimleri, çaga arlyklaryny gapdalyna üýşürip, kir ýuwup otyrdy.

Asman höwese berlen ýaly, hyýalbentden durudy. Howlynyň içinde towuk-horazlar öz peýwagtlaryna, aýaklaryny palçykdan sogrup alýan ýaly, agyr-agyr ädimleşip, ýaýkanyşyp iýmit gözleşip pytraşyp, däne çokuşyp ýördüler.

Nazar öňler gelende özüniň peýda bolanyny mälim edip: «Daýylar, öýdemisiňiz-ow?» diýip, aňyrdan gygyryp, göwünjeň gelýän-de bolsa, bu gezek ol töweregini garanjaklap, ogurlyk ugruna çykan ýaly, gypdyklap geldi. Hemişe Ahmet öýde bolsa, oňa özi ses bererdi. Ol bolmasa, Hanuma: «Geliber, ýegen, özi bolmasa, daýyň öýi bar!» diýip, oňa ol bolmasa, gapydan garamakçy dälmi diýen äheňde şelaýyn ýüzlenerdi. Nazary görüp, köýneginiň etegini çyzgap, dyzlaryny somlabrak çemini alyp oturan Hanuma ýat erkegiň öňünde beýdip sereşlenip oturmagy gelşiksiz görüp, sabynly ellerini iki dyzyna süpürişdirip, turup gelşine, köýneginiň etegini aşak-aşak çekişdirip ejap etdi.

Hanumanyň synçy nazary Nazar Gurdy göreninden onuň oňly habarynyň ýoklugyny aňdy. Onuň oýurganyp, ýüzüni asyp bolup gelşini halamady. Şeýle-de bolsa hiç zady aňmadykdan bolan bolup, onuň bilen öňki hörpünde salyhatly gepleşmäge çalyşdy.

Ýeri, Nazar ýegen, sen görnüpsiň-le?

– Bizem-ä wagtal-wagtal görünýäs özüň-ä... – diýip, Nazar ogurlyk gep aýdýan ýaly, töweregine ýaltaklap, weçsiz dillendi.

– Wah, daýyňam bardy, ýaňyja gidäýdi-dä atlanyp.

– Gördüm barýanyny.

– Ýör, onda öýe gir. Geldimyrat janam öýdedir, onuň bilen çaý-paý iç, onýança daýyň-da geler!

Urşuň geňeşi ýok edip, Nazar Gurt töweregiň çolagyndan peýdalanarman boldy:

– Men howlukmajrak, «Tagma»! – Nazar Hanuma özüniň ýörite tabşyryk bilen gelenini aňdyryp, onuň NKWD-ler tarapyndan berlen adyny nygtap, öz soňraky aýtmakçy bolýan gepine ýol arçap gepledi: – Meniň size söýünji habarym-a ýok – diýip, ol gyssanyp, öz habaryny aýak üstünden berermen boldy.

Nazaryň bolşuny görüp, eýýäm kalbyny güman ümri gaplap ugran Hanuma onuň oňly habarynyň ýoklugyna doly göz ýetirme bilen:

– Onda näme, aýtmaga gelen bolsaň, şony aýdarsyň-da! – diýip, özüni arkaýyn alyp barmaga çalyşdy.

– Aýtsam, merkez Ahmet daýyny ele salmak kararyna geldi. Sizdenem şoňa hemaýat etmeklik talap edilýär.

Hanuma bu gepe duýdansyzlykda böwrüne dürtülen ýaly tisginip, ziňk edip gitdi.

– Bu ne gep boldy, Nazar? – diýip, ol Nazar Gurduň ýüzüne halamazlyk bilen alarylyp nägile seretdi. Nazar Gurt şu pursatda Hanumanyň otluklydan närazy nazarynyň öňünde durup bilmän, ýuwaşlyk bilen başyny keseräk sowansoň, birazdan ýene-de özüniň öňki aýdan talabyny gaýtadan tekrarlady.

– Ýokardan buýruk şeýle!

Hanuma birbada munuň nähili beýle bolup biljegine düşünip bilmän, başynda pikir baryny sowuk güýz şemalynyň öňüne düşen bulutlar ýaly, garym-gatym edip, onuň öňünde ýüzüniň ganyny gaçyryp durdy. Hanuma merkezden nähili tabşyryga garaşsa-da beýdip, Ahmediň başyna dawa saljak tabşyryga asla garaşmandy. Şol sebäpli-de bu gep oňa diýseň halanylmadyk duýdansyzlyk boldy. Bada-bat Ahmediň höwesine berlip gezen bagtly pursatlaryny, oňa duşup heleýlik durmuşynyň ýorunja gülleri ýaly birsydyrgyn patrap açylyp, bal gününe batanyny ýatlady.

Ahmetsiz soňraky durmuş oňa gije ýaly garaňkydan hatarly bolup göründi. Öňde özüne nähili ykbalyň garaşýanlygyny bilmeýänligi üçin, onuň kalbyny düşnüksizden howply harasatly pikirler gaplap aldy.

Şundan soň merkeziň Ahmedi ele salmak üçin ähli mekirlik mümkinçiligini jemläp, herekete geçenligi belli boldy. Hanumanyň ýagdaýyň nädip beýle öwrüm almagynyň sebäbine düşünesi geldi.

– Bir sebäbi bardyr-a, näme üçin? – diýip, ol ýene Nazary dikanlap elenip sorady.

– Eýsem-de bolsa, olar bir iş etjek bolsalar, maňa, saňa sala salarlarmy?

– Ahmedi ele salmaga aňsat däldir. Ol hemişe ýany ýaragly gyzyl ot bolup çabrap gezýär. Kimmişin aslynda ony bu ýerde tutmaga het edip biljek? Ol öýde ýatanda hem ýaragyny elýeterinde goýup ýatýar. Bir ýaragyna ýetse welin, ol hüjüm edenleriň köpüsini alyp ýatar, bilýär-ä olar Ahmediň kimdigini...

– Bilýärler, onda-da nähili, şonuň üçinem olar bu hereketi hatda siziň bu jelagaýdaky soňraky hyzmatyňyzyň hem nepinden geçip, oňa pida bermekçi bolýarlar. Gepiň keltesi, siz ony ýaragyna ýetmez ýaly etmeli.

– Nädip?

– Ol siziň öz meseläňizi. Başarnyk-ugurtapyjylygyňyzy görkezmeli ýeriňiz geldi!

Hanuma beýle talaply buýrugy eşiden mahaly ininiň şowlap, süňňüniň öz halyny ýitirip, goram-gowşak bolanyny syzypdy. Bir ten, bir jan bolup, bal gününe batyryp ýören adamsyna özüniň nähili hyýanat edip biljegine düşünip bilmän elenip kösendi.

– Men merkeze näme hyzmat eden-de bolsam, onuň bu hyzmatyny ýerine ýetirip bilmerin. Men özümiň gül açyp, bal güne batan durmuşyma nädip palta salyp bilerin? Ýok, men ýok diýýän. Men-ä dünýäde Ahmetden gaýry erkegem göremok, ýoldaşam.

– Barybir bu ýumşy siz hökman bitirmeli borsuňyz. Eger şeýtseňiz siz diňe şonda Ahmet daýa hem belli bir derejede delalat edip bilersiňiz! Ýogsam olaryň rejesi geň däl. Eger bu maksatlary başa barmasa, Ahmet daýyny olar bu ýurtda gizlin hereket edýän adamlarynyň üsti bilen atyp, ýok etmegi göz öňünde tutýarlar. Olar bu ýeriň serhediň golaýdygyndan peýdalanyp derýadan urdurylyp geçip, sen ýalylaň üstünden onuň nirdeligini anyklap, hol Begnazar batyry, Ýazmyrat hökümi edişleri ýaly, gündiziň güni atyp gidäýmek maksatlaram ýok däl. Ýogsam şol adamlaryňam, bir ýanyna baryp bolarmydy? Sowetler bu töwerekde serhediň golaýlygyndan gaty gowy peýdalanýar. Sähel bähbitleri üçin olaryň degirmenine suw guýýan, sowetlere işleşýän adamlaryň ýerli owgan hanlarynyňam arasynda barlygyny, ýeri gelende olaryňam käbir zady bilmedige-görmedige salýanyny bilýäňiz-ä siz.

– NKWD näme üçin beýdýärkän? Ahmet olaryň ýurduna çapawulçylyk edende ýok, gyzyl mugallymyny, ýenekisini çapanlaryň, öýüni otlap, ýesir alyp gelenleriň arasynda-da ýok. Köne ýaraň kesmegini goparýan biri bolsa, ol Sarkisowdyr. Ahmedi halys jyn edinäýdi-dä, şol ýeksurun. Utulanyny biläýmeli ýalydyram welin, ony alyp ýatmasa, ol köşeşjek däl öýdýän.

– Men onçasyny bilemok. Ýöne daýynyň tutulsa-da, atylman galmagy üçin çalyşmaga onda-da siz bu meseläniň bir gapdalynda bolsaňyz umyt bar. Belki, soňra ähli bela-beter ýoň ýaly bolup, başdan sowlar gider. Bilýäň-ä özüň atlylary bilen gidip, sowet ýerlerini telim çapyp gaýdan Allak basmaçam ele

salnanda, ol atylar öýdülen hem bolsa, ony atman, alys bir ýere türme tussaglygyna iberip kanagatlanypdylar. Gepiň tümmegi, daýyny Akynýaz baýlaryň toýuna ony siz ýaragsyz barar ýaly etmeli! Ondan soňraky mesele ol eýýäm olaryň özi bilen bagly... – diýip, Nazar ýene maslahat berijilikli gürledi.

– Haý, näbileýin-dä – diýende, eýýäm bolmadyk agyr işiň hesretine berlen Hanumanyň sesi lerzan alyp, sandyrap çykdy.

Onuň üste garaşylmadyk ýagdaýda düýe bolup, omzap hesret dagynyň çökenligi belli boldy.

Nazar Hanumanyň düşen erbet ýagdaýyny görüp, gepiniň talaply hörpüni ýumşadyp raýdaşlykly geplemäge çalyşdy.

– Daýy bulara gerek. Soňky döwürde olaryň telim bir bu ýerdäki jansyzlary Owgan hökümetiniň gulluklary tarapyndan ele salnyp, şowsuzlyklar bolupdyr.

Şonuň üçinem olar ondan sorag sorap, geregini edinýänçäler, ony aňsat ele saldyklary ýok edip bilmezler. Onýança bolsa “Almany asmana at, ýere düşýänçä ýa pelek”. Onsoňam siziň, meniň sözümizem belli bir derejede dagy alga alynýandyr-a. Bizem ikimiz iki ýerden, mümkin boldugyndan, alarys-a onuň arkasyn. Owgan meselesindäki kellagyrysyny azaltmak üçin, belki, ylalaşyk tapylyp, ony NKWD-äniň yzyna Owgana “Gaçyrdym” edip ugratmagam mümkin. NKWD-ä düşünip bolmaýar. Olar tapmaça işleýär.

– Aý, näbileýin – diýende, Hanumanyň gepi ynamsyzdan ysgynsyz eşidildi.

Hanumanyň ýüzi indi öňki yşnygyny ýitirip, bu pursat içinde halyny üýtgedip gara-ört bolupdy. Onuň indi Nazary diňläsi-de gelenokdy, onuň aýdýan sözleriniň käbirini ýatlap, içigip-içigip aglasy gelýärdi. Ýogsam ol “Ahmetden soň biz näderis?” diýip, çagalardyr özi üçin aladanyň bolup-bolmajagyny hem sorap anyklamakçydy. NKWD-äniň öz Owganda pida bolan içalylarynyň maşgalasyny hossar çykyp, olar ýoluny tapyp, yzyna aşyrybermesi hem bardy.

Nazar Gurt habaryny berenine mähetdel, tilkiň ýüz sapalagynyň iň gowusy görünmezlik edip, Ahmet gelmezinden

öň bu jelagaýdan kölegesini saýlamak üçin ýeriň pesi bilen yzyna dolanma bilen boldy.

Hanuma ol gidenden soňam ýene howlynyň ortasynda eşiden gepiniň täsirinden çykyp bilmän, nirä ýörejegini unudyp, birsalym leňňer atyp durdy.

Arzuw edip ýeten durmuşynyň bozulyp, maşgalanyň çym-pytrak boljagyny, ähli syrynyň üsti açylyp, Ahmediň ýüzüne seredip bilmejegini pikir edip örtendi.

Hanuma nämä garaşsa-da, hökmürowanlaryň beýle talaply gazabyna garaşmandy. Aslynda, ozal Pyrara gaýdanda olardan tabşyryk alanda hem onuň aňyrsynda ol Ahmediň ýanynda bolmak bähbidi bolany üçin boýun alypdy. Ol tabşyryk bolsa, “Orta Aziýa halas ediş goşunyny” döretmegiň ugrunda bolup ýören Buhara emiridir Jüneýit han ýaly, bu güýjüň öňüne düşjek adamlar bilen ýakyndan tanyşmak hem olaryň hyzmatynda bolup ýören Ahmediň üsti bilen bu güýçler dogrusynda ygtybarly habarlar alyp durmakdan ybaratdy. Bu bolsa bir gulagyny Owganystan tarapdan aýyrmaýan sowet organlarynyň öz janlaryny barlap durmak üçin şol wagt zerurlyklaryň biridi. Şeýdibem, bu şol wagt Hanumanyň Ahmede bolan höwesi bilen sowetleriň isleg maksady gabat gelip, iki taraplaýyn gazanylan bähbitlilik bolupdy.

Ýöne Hanuma sowete işlemäge borçlansa-da, onuň beýdip soňra ters öwrüm alyp, öz halaýan adamsynyň janyna kast etmäge öwrüler öýtmändi. Iň gorkýan zady onuň aýralykdy, olam ine indi bu gün maňlaýa gelip dur. Ol bu ýere gelen üç ýyldan gowrak wagtynyň içinde Ahmet bilen hasam ysnyşypdy, ýaryna göwni ýeten, oňa hyzmat etmegi özüne bagt bilýän aýala öwrülipdi. Onuň çagalary hem ejelerini küýsetmez ýaly, hakyky ene bolmaga çalşyp, olary alada-mähir bilen gurşap ýaşaýardy.

Iki-üç aýlykda bolsa onuň köp arzuwlan öz perzendi dünýä inip, ony has-da maşgala garyp gatypdy. Mundan aňrygam ol Ahmediň saýasynda, ony eýemsirenip, ýugrup-dogrup, maşgalanyň ojakbaşysy bolup ýaşamagyň höwesindedi. Başga durmuşy göz öňüne-de getirmeýärdi. Şonuň üçinem bu habar ony

serpmeden gaýdana ýaly etdi.

Munuň nädip beýle bolup bilýänligine ol soňra pikir ede-ede aňyrsyna çykyp bilmedi. Göwnüne her zatlar geldi.

* * *

Ahmet şol gidişden gijöýlänler «Toý boljak ýerde boldum...» diýip gaýdyp geldi. Hanuma öňküsi ýaly ol howla girenden ylgaşlap baryp, onuň atyny tutdy. Aty gazygyna, iltänsoňam ol egni horjunly Ahmet öýe girip-girmänkä: «Ýol gözledib-ä goýduň, oglan!» diýip, syr bermezlik üçin, öňküsi ýaly şelaýynsyramaga çalyşdy.

Ahmet içerik girip, horjuny egninden düşürip durşuna «Içinde ony-muny bardyr» diýip, ony Hanuma görkezdi. Görenlerinden ýanyna gelip, gysmyljyraşyp duran ogludyr gyzy bilen mylakatly gep alşyp durdy. Jammyldap hemişe basdaşlarça Geldiden nägile bolýan Jymmy ýene-de kakasy gele-gelmäne onuň üstünden düşdi.

– Akga, ho bara, Geldi ýene jigime seredişmedi-dä. Hanuma ejem kir ýuwanda-da, onuň yrgynyny ýene men yradym-da.

– Berekella, gyzym. Sen ejeňe kömekç-ä.

– Geldi bolsa, Nurulara aşyk oýnamaga gitdi.

– Jigim bolsa ýatmady, ýene köp aglady, ejem gelip emdirip eline alansoň, azajyk ýatdy.

Gürrüň şu ýere ýetende beýleräkde bazardan getirilen zatlary tükelläp, ýerleşdirip oturan Hanuma Jymmyň Geldi baradaky aýdanyny hä berýän hörpde ataly gyzyň gürrüňine goşuldy. Hanuma häzir çagalaryň Nazary görenini ýatlap, ondan gep çykaryndan – “Oglanlynyň ogurlygy ýatmaz” diýleni bolup, çagalaryň birden-biriniň oňa: «Sen gideňsoň, bize Nazar ýegen gelip gitdi” diýäýmegiden çekinýärdi. Hanumanyň bolsa bu kalbyny lerzana salan zadyň syr bolup, häli-häzire galmagyny isleýärdi. Häzirem wagtynda ara goşulmasa, Jymmynyň muny aýdyp goýbermegi gaty mümkindi. Hany onsoň dur-da durup bilseň Ahmediň öňünde.

Hanumanyň özi Nazaryň gelenini gönüläp aýtmasa-da, çagalaryň gepinden onuň gelenini bilse, duýgur Ahmediň nähilidir bir ýagdaýyň barlygyny aňmagy gaty mümkin. Bir zat duýsa, onsoň Ahmediň nämäniň-nämeligine göz ýetirmän goýmajagy, ynjalmajagy belli zat.

Hanumanyň bu ýagdaýy özünden gizlemegi bolsa, elbetde, Ahmediň ganyny gaýnadar. Ýöne Hanumada ýagdaýy häzirki wagtda gönülip aýtmaga özünde gaýrat tapanok. Barybir aýtsa-da tutulyp, ele düşmegiň ölümden bäridigini oňa nädip düşüdirsin?

Hanuma orta saçak ýazyp, gazandaky biraz sowan nahary ýylydyp, Ahmediň öňüne alyp bermekçi bolanda ol: "Men naharly, çagalar bilen özüň iýiber" diýip, özüniň toý ýerden gelenini aýtdy. Dyzyna ýaplanan gyzynyň ýuwlup daralansoň, ýüpek ýaly bolan saçlaryny mahal-mahal sypalap oturyşyna ýene-de pikirinde toý ýerde bolan gürrüňçilige dolandy.

Akynýaz baýlara – Häzir toýuň öňünden gelenleriň biriniňem bagşy Kiçi Garlydygyny[1] öz giden ýerinde düşeginiň ýumşamagynyň sebäbi hökmünde ýatlady.

---

1. Kiçi Garly – Türkmenistanyň halk bagşysy – Garly Soltanow, 30-njy ýyllaryň zabunlyklarynyň pidasy.

Kiçi Garly ady bilen il içinde meşhur bolan, ile: "Sesi-sazy gulagymdan gidenok" diýdiren, juda ussatlygy bilen giňden tanalyp, türkmen aýdym-sazyny öwreniji alym Uspenskä: "Jeňňeliň içinde gudrat gördüm. Bu üç bagşynyň haýsy birini bijebaşy etjegimi bilemok" diýdirip haýran eden, özlerine Uly Garly, Nobat bagşy" Kiçi garly diýdiren üç ägirdiň biri.

Owganystanda Kiçi Garlydan: "Sen näme üçin ýurda taşlap geldiň?" diýlende ol: "Heý, akyly bolan, onda-da onuň bilbili bolup, törden orny bolan adamam bir ýurdundan gaçarmy? Emma sowet diýip bir bela geldi, öňünden geleni gapdy, yzyndan geleni depdi, ne bagşyňy bildi, ne-de ýagşyňy, adam baryny sürgüne, türmä berip boldy bir bolubilenini. Onsoň nädeli, il gaçdy, Allany çagyryp, bizem gaçdyk. Göwnümiz bolsa bir mümkinçilik bolsa, ýene nädibem bolsa ýurda aşmakda" diýer eken.

Şol ýyllaryň birinde ol Watan küýsegi bilen uly ogly Agamany hatda: "Bar sen gidip ýurduň ýagdaýyny bilip gaýt!" diýip, ony oba hem ugradypdyr. Bolşewigiň düşüşip, karar tananyny bilse, özem yzyna göçäýjek eken.

...Görsem ol şol öz sungaty bilen halky daňan Kiçi Garlynyň hut özem-dä. Ozalky görenimden ol biraz garrap ýarsypdyr. Ýanynda-da şägirt edinip, yzyna tirkäp ugran ogly Agamanam bar eken. Olaryň ikisem dutar gyjagy, owgan rubabynam gümmürdedip çalyp otyr. Nobat bagşy ýaly haýsy guraly ele alsalar, şony saýradýa. Eger göwni ýetmese, Arnageldi baý ol bagşylara öz geýenini geýdirip, öz iýenini iýdirip, aýdym-saza humar bolup ýörkä: «Ussatlykda Garlylaryň ulusy-kiçisi ýok. Nobat bagşysy ýok, birini alyp, birini goýar ýaly däl» diýip, öz halkynyň bilbillerine beýle buýsanyp, guwanarmydy, eýsem? Bagşylar iýlip-içilip keýpler köklenensoň, töweregiň islegi bilen birnäçe nama gaçyryp berdiler. Garly bagşy ýurt bilen baglap, aýdym-sazyň tarypynam etdi. Gürrüň edýän esasanam Garly

---

Agamany welin gele-gelmäne "ýiti gözli NKWD-çiler" gapjakdyrlar. Ony serhedi bozanlykda, ýurtdan gaçanlykda aýyplap, uzak wagtlaýyn türme tussaglygyna höküm edipdirler. Şeýdibem, Agaman baryp, Sibir türmeleriniň birinden çykypdyr. Bäş-on ýyl oturansoň, NKWD-ler onam "poseleniýa" çykaryp, öz gözegçiliklerinde ýaşamaga ygtyýar edipdirler. Şol ýerde hem ol bir rus gyzyna öýlenip, ondan bala-çagaly bolupdyr.

Ýigrimi ýyldan gowrak ýurtdan ýitensoň, Agaman öz rus aýaly, iki çagasy bilen Pendä dolanyp gelipdir.

Tagtabazarlylar onuň ogluny "Wolodýa ekskowatorçy" diýip tanaýarlar. Aýdyşlaryna görä, onuň gyzy Biýsk şäherinde ýaşap, şol ýerli häkimlikde ýolbaşçy wezipeleriň birinde işläpdir.

Sowet hökümetiniň ahyrky ýyllarynda ol dogany Wolodýany hem maşgalasy bilen Biýskä, öz ýanyna göçürip alyp gidipdir.

...Kiçi Garlynyň ikinji ogly Ýagmyr kakasy ölende dört ýaşynda eken. Ol kakasy ýogalansoň barara ýeri, batara köli tapman, Owganda juda agyr ýagdaýlarda ýaşapdyr. Durmuş mähnediniň aşagyndan ömri ötýänçä çykyp bilmändir.

...Sowet döwletiniň ahyrky ýyllarynda KGB-de işleýän türkmen oglanlaryň iki sanysy Moskwaň tabşyrygy bilen Owganda wagtlary bagşyň yzy bilen gyzyklanmaga mümkinçilik bolupdyr.

Olar bagşynyň kiçi ogluny gözläp, onuň yzyndan barlanda Ýagmyr biriniň juwazyny işedip durýan eken. Ol ömür günkükçilik edip, ýetde-gütde güzeran aýlansoň, onuň ne ojagy bolupdyr ne-de maşgalasy. Ýurt tüwmaýagy bolup galan eken.

bagşyň özi, ogla özüniň ýaşkiçiligini saklap, çal diýilse çalyp, aýt diýilse aýdyp, meýlisiň mertebesini saklap geplemän otyr. Bagşydan: «Bu owgan sazyny ezber çalmany haçan öwrendiň?» diýenlerinde ol «Men muny öňem-ä çalardym weli, ýöne Owgana gelemsoň, gowy öwrenmesem bolmady. Oýnadygymça-da ysnyşdym-da gidiberdim. Aýdym-sazyň hemmesiniň piri bir-dä. Nobatam aýdardy: “Rubabam keramaty ýetik, sähel imrinseň, özünden başga gural küýsetdir» diýip, şonuň şol aýdany gaty dogry eken. Rubabyny çalsam, owganlaryň gözleri ýitelip, keýpleri göterilip, joşgun alyberýärler. Eşidişimize görä, Hudaýam adamy palçykdan ýasansoň, oňa jan berjek bolanda, jan göwrä girmäni kyn görüpdir, onsoň Taňry ony saz çalyp, ýerine salanmyş. Her halkyň öz aýdym-sazyny has ilerläp gowy görýänligini göreniňde Hudaýym her halkyň janyny öz saz guralyny çalyp salandyr öýdýärsiň.

Bagşy özüniň owgan sazyna imrinmeginiň sebäbi hökmünde, soňra bu ýere gelip, özüniň başdan geçiren zatlaryndan hem käbir zatlary ýatlady. Olaram Owgana aşanlarynda serhet ýakynyndaky biziň Söýünaly obamyzyň üsti bilen bu ýere aşypdyrlar. 20-nji ýyllarda, bolşewik gelip, ýurda ornaşyp-ornaşmanka, Rahmanýaz han «Gaçan gutular, duran tutular» edilip, Owgana aşylanda, “Bagşym bolarsyň!” diýip, ony hem özi bilen alyp gaýdypdyr. Ýöne Türkmenistan respublika diýlip yglan edilip, Gaýgysyz Atabaý ýurt başyna geçensoň, gaçyp geçenleriň ençemesi şol döwürde «Öz milletimiziň ogly ýurda baş boldy, soltan synyny har etmez» diýlene ynanyp, ýene-de ogryn-dogryn yzlaryna dolanma bilen bolupdylar. Hasam Marçak töwereginden köp adam yzyna geçipdir. Garly bagşam “Ýurda gowşaly!” diýip, şonda tama bilen yzyna dolananlaryň biri bolýar. Nobat bagşyny bolsa Gaýgysyz Atabaýyň özi ýörite hat iberip çagyryp alypdy. Ýöne Garly bagşy welin şonda heniz ýurda aşyp ýetişmäkä, ýolda ele düşüp, Owgan hökümetiniň bu gidişligiň öňüni almak çäresine gabat gelenleriň biri bolýar. Uly gaýdyşlygyň öňi alnypdy. Şeýdibem, bagşy gaýta maşgalasy bilen ýurduň has içine göçürilenleriň biri bolýar. Ol

şol göçüşlikde görlen görgüleri goşga ýanap, aýdym edibem aýdyp berdi.

Sermes[1] dagyndan aşyp,
Geçdi biziň göçümiz,
Silke, silke halyslar
Sanja doldy içimiz.

Bagşy şeýdibem Owganda galyberipdir. Emma ezber hünär bu ýerde-de bagşynyň arkasyny alyp, ony hor etmändir. Ol gollaryny çyzgap, rubap çalyp-gümmürdedip, Owgan toýlaryny bezäp, dabara beripdir. Juda aýdym-sazy gowy görýän Owgan han-begleri bolsa ony ýörite öz gala-kentlerine çagyrybam hezil edip diňlär ekenler. “Owgan sazyny ezber çalýan bir türkmen bar welin, ony diňlediginçe diňläsiň gelýär” diýşip taryp aýdypdyrlar. Ussatlygy bilenem ol arzylanyp, ýurt içinde nirä barsa barmana, gitse gitmäge özüne mümkinçilik gazanypdyr. Bular näme hemişe bir gulagy Watanda bolup, ýat durmuşyň ezýetini çekip ýören ildeşler-dä. Olar dünýäni gulakalap, onuň ýene-de özlerine gülüp bakaryny dileg edişip, ýurda dolanma küýsegi bilen ýaşaýarlar” diýip, Ahmet olary ahwallaryna düşünme bile, özi-de biraz Watan küýsegine berilme bilen Hanuma gürrüň berdi.

Ahmediň toý bilen baglan gürrüňi gutaryp gutarmanka, ýene-de sallançakda ýatan bäbek aglady. Hanuma: «Soňky günler-ä şunuň eňegi ýazdy» diýip, onuň köp aglaýanyny göwnüne jaý edip bilmän, bir derdi bar bolmagyny pikir edip aladalandy. Sallançagyň üstüne eglip, onuň emmesini agzyna berdi.

Ahmet onuň çaganyň agysyna bolman, oda-köze düşüberýänini görüp, göwünlik berijilikli gürledi.

– Şu obada bir güýçli, tebip barmyş, şoňa görkezäýmeli bolmasa?

– Näme etseňem, bir zada etmeli özün-ä. Raýlymy nämemi, bir aglap ugrasa, hiç diňer ýerde diňenok.

1. Sermes – Süleýman daglary.

– Aglak çagalaram bolýar – diýip, agzyna emme berlensoň, bäbegiň köşeşýänini görüp, Ahmet biraz kanagat tapyjylykly gepledi. Ara düşen ümsümlikden Jymmy jammyldap, ýene-de Geldiniň üstünden arz etdi.

– Akga, o bar-a, ogluň jigime-de seredişenok-da, Hanuma ejeme ony üwreşýänem, gundaşýanam ýene men.

– Berekella, gyzym, sen kömek diýdim-ä.

– Ol bolsa Nuretdin bilen aşyk oýnaýar. Düýnem aşygynyň ikisini utdurypdyr-da oňa.

– Menem onuň öň üç aşygyny utup aldym-a – diýip, Geldi hem utulyşyny boýun alman, gapdaldan oňa garşy çykdy.

Ahmet Jymmyny taryplaýan hörpde:

– Gyzym, sen gyzsyň, öwreniber ejeňden, jigiňe seretmänem – diýip, ol bu zatlar geljekde saňa has gerek bolar diýen hörpde aýtdy.

Her gezek çagalar geplände, olar Nazaryňam gelip gidenini ýatlar öýdüp, Hanumanyň darygyp gara jany galmazdy. Gürrüňiniň tizräk bu Nazarly gepiň gapdalyndan geçmegini isläp, çaga güýmense-de, ünsi şolardady. Şol bir wagtda hem ol gadyrlamak bilen Ahmediň gaýa bölegi ýaly bolup, öýüniň törüni dolduryp oturmagyna buýsanýardy. Ýöne Nazar gelip gideli bäri diňe bir öz hereketleri däl, dünýä-de onuň göwnüne jaý däldi. Başda Ahmet bilen bolmak bähbidini arap, bu soňunyň ters öwrüm alan oýna goşulanyna giçki ökünç bilen ökünip, aňyrsyna çykyp bilenokdy.

Çagalar ýatlamaýanda-da, Ahmediň özüniňem:

– Meni sorap gelen-goýan ýokdur-da? – diýip, bu syryň üstüniň örtügini serpäýmegi hem juda mümkindi. Şonda çagalaryň ýerli-ýerden «Nazar ýegen geldi-de, Nazar geldi» bolşup, ony ýatlajakdylar. Eger şeýle bolsa, ber onsoň jogabyňy. Hanuma köp oýlanansoň, eger bu gürrüň bolaýsa: “Nazar daýylaryna gelen eken, aýak üstünden «Sag otursyňyzmy?» diýip, bize-de darap geçdi” diýen ýaly bir başdansowma gep taparyn diýibem otyrdy. Ýöne onuň Nazar Gurduň ýaňyrak on-on bäş günlükde-de bir gelip gidenini ýatlap: «Soňky döwürde Nazar ýegenem-ä köp görünýär

öz-ä» diýip, nämedir bir zatlar syzmagy-da gaty mümkindi. Bilse bolsa Hanuma Ahmediň sowetiň öňüne barmakdan ölenini gowy görüp, gazaba beriljegini bilýärdi. Hanuma ýagdaýy gönüläp aýdaýan haladynda-da oňa tutulyp, bendi bolup gitmegiň atylyp ölüp gitmeden has ýeg boljagyny düşündirip bilmejegini bilýärdi. Emma ondan beýdip, öz eli bilen jyda düşmegi-de ol asla göwnüne jaý edip bilmeýärdi. Bu başa gelen beladan nädende Ahmedi alyp çykyp boljagynyň ýollaryny gözläp pikir edýärdi. Käte onuň göwnüne Ahmediň başyny gutarjak bir ýol tapylaýjagam ýaly bolup duýulýardy.

Şol barmanda ýakynda bir gije gören eýmenç düýşi onuň ýadyna düşdi... Ine, bir görse, Ahmet dag jülgesini söküp, dor atyny säpjedip gelýär. Başynda buýralary seçelenip duran, onuň halap geýýän seleň silkme telpegi, egninde goňras çäkmen. Atyň badyna garşydan şemal gopup, onuň donunyň synlaryny ýelpäp-ýelpäp goýberýär. Ahmediň öňe seredip, galkyjaklap bolup barşy ol çolalykdan peýdalanyp, hä diýmän haýsydyr bir aýdyma zowladarly görünýär.

Hatda ony görüp, Hanuma şol pursatda onuň küýsäp, öz ýanyna gelýänligini hem pikir etdi. Eger şol barmana depedäki dag daşlarynyň biri leňňer atyp, soňundanam togarlanyp, eňterilip Ahmediň üstünden gaýtmadyk bolanlygynda Hanumanyň garşylap, onuň öňünden çykjagy-da ikuçsuzdy. Düýe ýaly daş welin togalanyp gelşine Ahmedi aty bilen ýere ýazdy.

Atyň göwresiniň bir bölegi bilen Ahmediňem bilinden aşagyny öz labyrynyň astyna düýrläp aldy. Ahmet indi onuň aşagyndan çykjak bolup, ýer penjeläp, dert azar bolup ýatan boldy.

Hanuma ony görüp, hopugyp duran ýerinden oňa kömege howlukdy. Ýöne, gör, muny: «Ýeser ýerde gaý turdy” diýenleri bolup, şu pursatda bir zat çolaşýan ýaly bolup aýaklar onuň diýenini etmedi. Ýogsam ýetip-ýetmez ýaly ara şeýle bir uzagam däldi-le. Ahyr ol gapdalda ýatan taýagy alyp, akyp barýana ýapyşalga üçin uzadylýan ýaly edip, ony Ahmede uzatdy.

– Ýapyş şundan diýip, ony şoňa ýapyşdyryp, daşyň aşagyndan çekip alasy geldi.

Emma boljak ýalam bolsa, bolmajak bolsa bolmaz eken. Ol taýagam ýene bir gulaç ýaly ýetmän, onuň bäri ýanynda galdy. Hanumanyň jany dagy ýanaýdy. Ol ýene-de Ahmede:

– Taýaga ýetjek bol, ara az galdy! – diýip, bir taýaga ýetseň, soňra özüm seni daşyň aşagyndan sogrup alaryn diýen hörpde oňa ýalbaryp özelendi.

– Tur, eý, basyrganýaň! – diýip, Ahmet egninden yralap turuzmadyk bolsa, ol entegem Ahmedi halas etmegiň ugrunda bolarlydy.

Ol oýanyp, munuň hakykat bolman, düýşüdigine şükür etdi.

Ýöne ýokardan Ahmediň üstüne inen dag böleginiň kömür ýaly gara bolmagy, oňa “Munuň ýalam bir gara daş bolar eken-ow” diýdirip, reňki bilen üýşendirdi. Onuň ýöne ýerden gara däldigini, başdan injek erbetligiň habary ýaly görnenligi üçin reňkinden çen tutup, iňkise gitdi. Onuň başdan inişini göz öňüne getirip, aňynda ýorgut etdi. Ýöne, hamala, kejeşýän ýaly, ýorgutlar nämä ýorulsa-da, aňsat olaryň gowulyga ýorulasy gelmändi.

Hanuma bu gara daşyň Nazar Gurduň getiren erbet habarynyň alamat-beýany ekenligini diňe häzir bilip galdy.

* * *

Orazgylyjyň türme soragynda urlup-ýenjilip, süýrelip kamera getirilip taşlanyp gidilensoň, sähne halda näçe özüni bilip-bilmän ýatany belli däl. Ol bir wagtlar gapdalynda kimdir biriniň içigip-içigip aglaýan sesine özüne geldi. Ony eşidip, ilki kellesine gelen pikir kimdir biriniň öz ýenjilmeden göz-gülban bolup ýatanyny ýa-da amanady tabşyrandyr öýdüp, durup bilmän gynanyp aglaýandyr öýtdi.

Kamerada wagtyň gündizdigi haýsydyr daşardan sähelçe düşýän yşgalaňydan duýulýan-da bolsa, ýöne anyk nä wagtdygy belli däldi. Ýogsam ýagty ýalançy indi bireýýämden bäri daşarda

bardy. Gün dogup, Asmanda aýlanyp gezýän-de bolsa, ol indi ne Orazgylyjy çoýýardy, ne-de onuň kameradaşlaryny.

Kameranyň içi ir ertir kysmy süýnüp-sarkyp duran alagaraňkydy. Içerde dem almagy kynlaşdyrýan agyr der ysy, siýdik ysy bilen gatylan ajymtyk gan ysy bardy. Dar jaýa salnan bendiler on-on bäşden az däldi. Olar häli-şindi gelnip, soraga-ýenekä äkidilip durlansoň, otag adamsy köpelibem, azalybam durdy. Kameradaşlary ýaňy ol getirilip gidilen wagty ol ýüzin ýatyp, aplygmaz ýaly, ony beýlesine öwrüp, arkasyny diwara bermäge kömek edipdiler. Şol ýerde-de ol essi aýylyp, bir pursat özüni bilmän ýatypdy.

Orazgylyç agy sesi eşidip, özüne gelip, kem-kemden aýňalyp, aýgytlanyp oturyşyna bu ýerde gep özünde däldigine, başga bir bolmasy işiň bolanlygyny bildi.

Düýn-öňňinlikde kamera özbek obalarynyň birinden tussag edilip alnyp gaýdylan, bir-birlerinden ýaş tapawutlary bolmadyk, ýigrimi-ýigrimi bäş ýaşly iki sany, bir-birlerine çalym berip duran doganlary getiripdiler. Soragda olaryň biriniň depilip-gapylyp, hasam eýi ýeten eken. Ol mahal-mahal ýatan ýerinde urnup iňleýärdi. Dogany şu pursatda oňa kömek edesi gelse-de, edip bilmeýänine azara galyp, onuň gapdalynda oturyp doganlarça elenýärdi. Agasynyň kellesini dyzynyň üstüne alyp, maňlaýyny sypap oturyşyna oňa göwünlik berip, bir zatlar diýişdirýärdi. Delalat edip bilmeýänine kösenip kemsinýärdi.

Orazgylyç şundan öň, agasydyr özüniň dürli ýerlere düşendiklerini ýatlap, onuň bilen bileräk bir ýerde bolnanda, goldaşyp durmaga gowy boljagyny pikir edýärdi. Ýöne bu iki doganyň düşen gününiň görüp, olaryň ýerine özlerini goýup görensoň welin, häzirki pursatda agasy bilen bile däldiklerine, agasynyň türme diwarlarynyň arasynda ýoklugyna müňde bir şükür etdi. Häzir şol doganlaryň biriniň sanalgysy gutaryp, bu dünýädäki döwür-döwrany tamamlapdy. Bu derde dogan ýanman, kim ýansyn?

Başa agyr iş düşenligi belli bolupdy, onda-da nirelerde ne halda. Iň erbedem nädeniňde, nähili edip mundan baş alyp çykyp boljagy belli däl. Bu ýerdäkileriň hemmesi häzir howp-hatarly uçudyň gyrasynda gezip ýören, haçan iteklenilse kelemenläp gaýdybermeli adamlar. Orazgylyç bu ýere getirilmezinden öňem, sürgün azaplarynyň ýeňil däldigine seretmezden, özüniň haçanam bolsa bir gün bu ýerden çykyp, arzyly iline maşgalasy bilen dolanyp barjagyna, ol ýerde öz ornuny eýelejekdigine tama bilen ynanýardy. Her görgini görse-de, ol Watan, il-günden el ýuwarly däldi. Hatda ol gezen ýerinde hem: «Dogduk ilden gowy il bolmaz» diýen ýaly Watan baradaky ýadynda galan aýdym setirlerine hiňlenip, özüni aýak üstünde saklamaga çalşyp gezýärdi. Ýöne indi wagt geçdigiçe, onuň bu tamasy azalmak bilendi.

Orazgylyjy indi şol getirilen gününden bäri bendilikde saklap, NKWD-çiler mahal-mahal çagyrdyp, ony ýeriň giňini alyp, aýratyn ýerde sorag edýärdiler. Soralýan zat aýlawly, kelle döwmeli düşnüksiz bir zadam däldi. Ýöne uzyn boýly erinleri ýolbarsyňky ýaly hyrsyzdan çekilişip duran sülçi ondan, her gezek aýlap dolap: «Kymyş ogly, sen aýt hany, seniň duz zawodyň bolupdyr, onda näçe adam işledýärdiň? Girdejiň nähilidi, ýene-de nirdäki haýsy zawod eýeleri bilen gatnaşyk saklaýardyň?» diýen ýaly oňa düşnüksiz bolan soraglary hökmürowanlyga mahsus talap bilen soraşdyrýardylar. Orazgylyjam her gezek sorag edilen mahaly, entegem bularyň elinden sypyp bolar diýen tamasy bolansoň, berilýän soraglara ol kanagatlanarly anyk jogap bermäge çalyşýardy. Emma ýöne her gezegem sülçiniň mundan ötri näme jogap isleýänligi anyk bolman, onuň kanagatlanmanlygy belli bolardy. Hamala, Orazgylyç haýsydyr bir aýtmaly zady aýtman, oňa syr saklap, kejirlik görkezýän ýaly bolup görnerdi.

Bu gezek Orazgylyjy sorag edip, onuň işi meselesinde belli bir karara gelmek üçin üç bolup ara alypdylar. Olaryň garaýagyzdan eginlek, temegi murtly, kawkaz adamsyny ýatladýan birisinden özgesini Orazgylyç tanaýardy. Olaryň biri gönüden-göni onuň

işini alyp barýan uzyn boýly, egilse möle gözi lakga ýere gaçaýjak ýaly bolup görünýän sülçüdi. Gelenleriň üçünjisini ol hasam gowy tanaýardy. Ol Orazgylyjy bu dertlere ulaşdyryp, ýören, sürgünler arasynda Ümsüm at alan, onuň köne tanşydy. Orazgylyç Ümsüm gönüden-göni öz işini alyp barmaýan-da bolsa, bu zatlaryň gyrasynda onuň barlygyny barybir aňýardy. Onuň özüne kest etmeli bolsa, belet hökmünde bir ýerden peýda boljagyny hem çen edýärdi.

Birnäçe sorag-gynamalardan soň halys tapdan düşen Orazgylyç häzir indi eleşan geýimde stola saralan ýaly bolup, olaryň öňünde otyrdy. Onuň bugdaýreňk ýüzi gazan tutulýan esgi bilen süpürilen ýaly reňkini üýtgedip garalypdy. Ýogsam, adam gyzyl gül diýilmeýärmi näme, eýsem. Ýöne o-da başy dynç, jany sag, dert-azardan halas mahaly haladynda gyzyl güle öwrüler eken. Açlyk-horluga gerňelensoň bolsa, ol gyzylgül ynjamak, solup-ýitip gitmäge golaýlamak bilendir. Orazgylyjam häzir şu haldady. Ol indi özünden öliniň soragyny soraýanlaryň ýüzlerine seretmäge-de mejaly bolman, ysgynsyz halda gysgajyk «Hä, hawa» bilen, her sözi özünden üzüp alýan ýaly kynlyk bilen jogap berýärdi. Iň erbedi-de, ol özüniň etmişli ganym duşman ýaly, näme üçin urlup-sögülýänine düşünip bilenokdy. Üçlük bolsa Orazgylyjyň garşysynda kese goýlan stoluň aňyrsynda ýüzlerini dumanladyşyp, yrsaraşyp hondan bärisilikli öz mazmunlaryny nygtaşyp, gözlerini oňa çarhlaşdyryp otyrdylar. Olaryň ýeňsesindäki diwaryň ýüzünde Dzerjinskiniň başyna papak geýdirilen sypaty birkyýama suwdan çykyp gelýän düwleni ýatladyp düýrügip oturan suraty bardy. Onuň şeýdip dabara bilen many-mazmunyny nygtap oturan şägirtlerine «Basyberiň, atyberiň, yzyňyzda özüm bardyryn... Meniň kimdigimi Orusýet gowy bilýändir, olaryň gözünde, ot ýakandyryn, bularam hut şeýtmelidir!» diýip, helabas berýäne meňzeýärdi.

Sülçüleriň her gezek Dzeržinskiniň suraty bilen nazarlarynyň galtaşmagy olaryň halk duşmany hasap edilýän tussaglara has öjügip, ýowuz daramaklaryna meçew berýärdi.

Orazgylyja ýene-de üç bolubam şol öňki duz zawody bilen bagly soragy berdiler. Geçen soragda-da ol hiç hili zawodyň özünde ýoklugyny aýdan mahaly sülçi oňa ynanmandy. Ýogsam ol öz zawod diýilýän zadynyň, iki duz çekýän düýeden, bir degirmenden, onda işleýän gelnejesidir öz aýalyndan käbir dogan-garyndaşdan ybaratdygyna ynandyrmak üçin näler özeleniplerem aýdypdy. Sülçiniň öňündäki deloda bolsa, onuň duz zawodynyň eýesidigine güwä geçýän Tagtabazar OGPU-sy tarapyndan edilen ýörite bellik bardy.

Zawod boljak bolsa, Orusýet zawodlaryndaky ýaly, gör, onda nijembir adam işleýän bolmaly. Orazgylyç ýöne näçe janyksa-da, munuň şeýledigine özüniň adam baryny işledýän zawodynyň ýoklugyny sülçä barybir ynandyryp bilmändi. Sülçi gaýta Orazgylyjyň bu bolşundan onuň boýun almajak bolup boýun towlaýanyny pikir edip, öz garşysyna gaýdylýan hökmünde kabul edip, gazabyny hasam güýçlendiripdi. Bu gezegem duz zawody barada soralanda, ol öňki aýdanlarynyň üstüne näçe pikir etse-de, näme goşjagyny bilmedi. Bu bolsa oňa ýagyny özüne hasam öjükdirme boldy.

Olaryň üçüsininiňem hemleli nazary indi Orazgylyçdady.

– Geçen gezekdäki temmiler, görýän weli, muňa sapak bolmandyr.

– Eziji gatlagyň häsiýet-ä bi...

– Etmişini boýun almasa, onda munuň bellisini etmeli bolar.

Soňam olar bir-birleriniň ýüzlerine seredişip, maslahat salşykly gürrüň etdiler.

Üçlügiň sag tarapynda çilim çekip oturan Ümsüm şundan soň «Hany, men bir synanyp göreýin!» diýen äheňde ýoldaşlarynyň ýüzüne gözläp, ädigini ýalpyldadyp, stol aňyrsyndan çykyp, Orazgylyjyň alkymyna dykylyp geldi.

– Meni tanadyňmy?

– Tanadym, ýoldaş Ümsüm.

– Senem maňa Ümsüm diýýämiň? Meniň adym bar-a.

– Başga adyňyzy biz bilemizok...

– Bilýän zadyň bir barmy seniň?

– ?

– Seniň bir badyhowa-ha, ogluňam-a bar eken – diýip, Ümsüm şonda Aganazary ýatlatdy. – Ol-a köp zat bilýän eken. Seniň şyhyň gaçyryp erten Gurhanynyň iki-üç gün gizläp, öz öýüňde saklanyňam biz şondan eşitdik.

– ?

– Hä, näme gepläňok, ýa demiň syrtyňa gitdimi? Hasabyň dogry çyksa, dymaýarsyň sen...

Orazgylyç ilki Aganazar oglanlyk edip, muňa bir zat aýdaýdymykan diýip pikir etse-de, ol Şyhyň ýollan kitaby gelende onuň uklap ýatanyny ýatlap, bu atylýan töhmedi sessiz aňynda deňäp oýlandy.

Ýöne muny hakykatynda weli Şyhyň özi sorag edilip ýeňjilen mahaly, sep berende aýdypdy.

Ümsüm:

– Galyberse-de, sen ogluňda-da sowet adamlaryna bolan ýigrenç döredýän ekeniň. Muny-da duşanymyzda seniň ogluňyň bizi ýigrenip, boluberşinden bildik. Ol Çapaýewden gürrüň çykanda, menem ulalsam Çapaýew boljak, duşmanlary şoňa meňzäp gyrjak şeýdip – diýip, elini pulemýota öwrüp, ony göni bize tarap tutup, ar alyjylykly atyberdi paýradyp – diýip, özleri bilen kontorda bolan wakany ýatlady.

Orazgylyç içinden oglunyň beýdip, Ümsümiň hakyndan çykanyna begense-de, soňra ondan ogluna bir kest ýetäýmeginden çekinip, Ümsümiň gazabyny sowmaga synandy.

– Oglandyr-da, Ümsüm aga... – Ümsümiň «Duz dükany» baradaky soragyna bu gezek Orazgylyjyň jogaby öňkülere görä anygrak boldy. Ol ýüküni ýeňleder diýen tama bilen, “Dükan bolsa-da, onuň oňly girdejisi ýokdy. Ýöne at üçin hem bazar ýagdaýyndan habarly bolmak üçin saklaýardyk” diýesi geldi. Ýöne ýene-de bu gürrüňiň özüni aklajak bolýan ýaly, bir ýeňsä gaňryşma bolaýmagyndan ätiýaç edip saklandy. – Bardy – diýip, gysgaça boýnalyjylykly gepledi.

– Näçe malyňyz bardy?

– Sygyr malymyz 100 golaý bardy. – Şundan soň Orazgylyç biraz howlugyp: – Olary biz öz hoşumyza kolhoz gurlanda şoňa tabşyrdyk.

Indiki aňyrdan şol bir sapaga düzülip gelýän gürrüň: «Maýda malyňyz näçedi?» diýen adaty sorag bolmalydy. Ýöne onuň özüne delalat bolar öýdüp aýdan öňki sygyrlaryň kolhoza berlenligi baradaky gepi oturanlaryň hemmesiniň ýüzünde şol bir wagtda ýaňsyly: «Hany, sen güýç görüp durkaň malyňy kolhoza bermänem bir gör?» diýen manydaky tekepbir ýaňsyly ýylgyrma döretdi. Şundan soň sorag bu gün uzaga çekmedi. NKWD-çiler maslahaty bişirmek üçin, bir-birleriniň ýüzüne maslahat salyjylykly, soragly gözleşdiler. Olaryň pikiriçe, bu ahyr Orazgylyjyň günäsini doly boýun almasy bolupdy. Sorag alyp baran uzyn, mölegöz sülçi, ortada oturan, has ýüzi tüýlek görünýän kawkazla meňzeş burunlak adama maslahat salyjylykly ýüzlendi.

– Tegelärismi, togalarys? – Ol bilindäki aşyrma kemeriniň kese geçýän ýerinden, hamala, sarsgynly bir zatdan ýykylmajak bolýan ýaly ony çekip, gysymlap durşuna nähili maslahat bolsa, oňa özüniň taýynlygyny mälim edip gürledi. – ...Munuň eziji synpyň wekilidigi belli boldy... Tussagyň özem muny ony doly boýun aldy... – Onuň bu gepi, aýdyş hörpi soňra gelmeli netijäni Ümsümiň agzyna salyp berenligi belli boldy. Ol: – Beýle adamy togalamak gerek – diýip töweregi bilen dessine pikirdeş gopdy.

Orazgylyç NKWD-çileriň «Tegelemelimi ýa togalamalymy» diýen özara düşünişýän şertli geplerine şol wagt oňly düşünmese-de, onuň süňňi keç ykbalyň ýene bir durmuş zabunlygyna duşanlygyny syzdy. Ýene-de bir pursat öz ýagdaýyny «Näme bolsam, şol bolaýyn» jähenneme berip, ýat ilde eýesiz galjak maşgalasyny aladaly hasrat bilen ýatlady. “...Yzyny tutjak ogly Aganazary bardy. Ýöne dogumlyja bolsa-da, ol-da maşgala keşigini çekerden entek ýaşdy. Aýalyňky näme aýal bolýar, kynçylykda gider ýoluny ýitirip, güýji ýetýän zady agy-gözýaş

bolýar” diýip çäresiz oýlandy.

Kalbyndan: «Men bolmasam, bular näderkän?» diýen sowala jogap tapman kösenýärdi. Üçlükler şol barmana öňlerindäki üstüne eglip, ýerli ýerden oňa gol goýansoňlar, Orazgylyjy gapyda duran türme nadziratellerine tabşyryp:

– Tussagy 13-nji kamera salyň! – diýip, buýruk berildi.

Orazgylyjy indi getirip, öňki kamerasyndan başga bir ýere saldylar. Rejäniň geň däldigini bilensoň, bu ýerde-de onuň gara gaýgysy ýene-de maşgalasy boldy. Has-da ol çagalaryna gerek bolanda hemaýat edäýjek dogan-garyndaşlaryňam aýak ýeter golaýda ýoklugyna ýatlap gynandy.

Kamera getirilip, aňyna gelensoň, onuň aňynda Amangül onuň töwereginden aýrylmady.

– Seniň eýiňi ýetiripdir bu juwanamerkler.

– Meniň gaýgymy etme, çagalaryň aladasyny et! Maňa bir zat bolaýsa, oba habar ýetirjek boluň! Seniň, meniň garyndaşlarymyň birden-biriniň gulagyna ýetse, olar, belki, siziň ugruňyza çykarlar.

– Sensiz durmuş bize gerek däl...

– Ony senden, menden sorap maslahat edip duran barmy!?

Bir gezek şeýdip, Orazgylyç aýaly bilen pikirinde göz-de, ýüz bolup gepleşip durkan kameranyň demir gapysy şakyrdap açyldy. Amangüldür Orazgylyjyň bu iň soňky duşuşygy boldy.

– Tussag Orazgylyç Muhammetgylyç ogly, çyk!

Orazgylyç rejäniň geň däldigini aňdy.

...Zalyň ugry bilen äkidilip barylýarka, Orazgylyç öň bir kamerada oturan, soraga alnyp barylýan, tanyş sürgün obadaşlaryň biri bilen gabatlaşylanda, ol maşgalasyny alada edip, ýüzugra:

– Doganlar, oba aýdaweriň... Bularyň niýet-ä gowy däl!... meni alyp barýarlar – diýmäge ýetişipdi.

NKWD-çiler Orazgylyç Kymyş ogluny şol gün “Gara diwar” diýlen, adaty adam atýan ýerlerinde atyp ýok edýärler. Şeýdibem, Kymyş duzçynyň söwer ogly Orazgylyç otuz iki ýaşynyň içinde ýat ilde ýurtda dolup-daşýan zulum-ýanamanyň pidasy bolýar.

* * *

Toý güni, Mämmehanlaryň artyk hukukly ýakyny hökmünde Ahmet maşgalasy bilen howlugyşyp, çalak-çulagrak ertirlik edinişip, irden ýola şaýlanyşyp ugradylar. Hanuma bäbegiň ukudalygyndan peýdalanyp, öňden toýa niýetlenilip taýynlanyp goýlan nabat-halwaly, mata-marlakly sowgatlyk düwünçekleri sowgatlaryny horjunyň gözlerine salyşdyrdy. Bir salym saçak başyna çöküp, çagalaň gapdalyndan özi-de bir käse çaý içip, işdäsi alyp barmasa-da, onuň soňra bäbegi naharlamaga gerek boljak süýde öwrülýänini pikir edip, nan bilen tutup ortadaky peýnirdir gowurma bilen garbanyp, biraz gurplandy. Çagalar bolsa toý çakylygyny alanlary bäri arzuw höwese berlişip, bu güne diýseň garaşýardylar. Jymmy: «Men daýymyň gelniniň öňünde oturjak» diýse, Geldi öz atlarynyňam çapyşyga goşuljagyna begenýärdi.

Hanuma garbanyp garbanmanka, ony ynjalykdan gaçyryp, ýene bäbek aglap oýandy. Hanuma eýýäm dişlän çöregini galdyryp, bäbege tarap ýönelip barşyna:

– Hä, şu garagol aglap, bize toýuň mazasyny bildirmese gerek? – diýip, alada-söýünçli käýindi. Sallançagy gaýtadan ýanap, ýakadan çykaran ýumry göwsüni onuň agzyna berdi. Soňam onuň mähir bilen derçigen maňlaýyny sypalap emdirip oturyşyna: – Senem şeýt-de adam bol-a!? – diýip, lak atyp buýsandy.

Hanuma şol barmana haçanda öýüň habaryny alyp, gözüniň gytagyny içerik aýlanda, ol çagalaryň yzy bilen gapydan çykmak üçin, Ahmediň hem geýnip, häzirlenip, ýaraglanyp duranyny gördi. Ol eýýäm guşaga baglap, hemişe gapdalyndan asyp gezýän mauzerini goýan ýerinden alyp, laýyklap, ýanbaşdan sallapdyr. Indi ýola doly taýyn bolmaga oňa ýüzugra gapynyň ýeňsesinde goýýan bäşataryny alyp, onuň hatarlaryny dakynaýmak galypdy. Hanuma Ahmediň bu halyny görüp, özüniň irde-giçde geçjek bolsa aýgytly herekete geçmeli pursadynyň gelendigine düşündi. Sallançakdan ýüzüni sowup, gözlerini oýnadyp, Ahmede tarap ýaňsyly gözledi.

– Akgasy, ýene-de şakyrdadyp, ok-ýaragyňy ýanyňa alýaň weli, toýa barýanyňy unutdyň öýdýän – diýip, halamadygyny mälim edip aýtdy.

– Näme diýjek bolýaň sen, heleý? – diýip, Ahmet onuň näme diýjek bolýanyna bada-bat düşünmän biraz geňirgenme bilen çiňňerilip, Hanumanyn ýüzüne dikanlady. Onuň iňkise gideni belli boldy. Hanuma hem bu pursady tapbilenlik bilen peýdalynyp, öz gepini berkidip tekrarlady.

– Toýa dagy gideniňde şol artyplary goýaýsaň bolmaýarmy? Ol ýerde ylla seniň ýaly ok-ýarag besläp, gyzyl ot bolup, şakyrdap ýören bolarmykan? Gelşiksiz bolaýmasa. Akynýaz aga dagam ýarag göterýär-ä, toý güni ylla seň ýaly beýdip ýörmez, şon-a bilýän. Beýdip jeňe baran ýaly bolup barmak, onda-da ýakyn adamyň toýuna bir hili ol ojagy äsgermezlik bolaýmasa!? – diýdi. Ahmediň böwrüni diňlänini görübem sözüniň gala alýanyny duýmak bilen öz gepini hasam nygtady: – Onsoňam sen Ahmed-ä. Owgan döwletiniň öňünde hyzmat görkezen adam. Beýle ýurt mertebeli adama kim bu jelegaýda kast etmäge milt edip biljekmiş? – diýip, hasam onuň ugruny ýekeläp ynamly gepledi.

Ahmet söwer ýaryny dagy beýdip özüne ikilik eder öýtmänsoň, onuň aýdýanyny mamla tapyp, gepe ylyganyny hem duýman galdy. Ol özi diýip, bar zatdan geçip, bu ýerleri gelen Hanumadan minnetdar bolup, onuň bilen bir ten, bir jan bolup ýaşaýanlygyna ynanyp gezýärdi. Şonuň üçinem hemişe öz abraýyna dokunyp ýaşaýan Hanumanyň aýdany şu pursatda oňa ýeke-täk ras paýhas, maslahat bolup eşidildi.

“Bäh, şu heleýiň aýdýany ugrunda baram ýaly-la” diýip, toýda şakyrdap, ýaragly hyzmat etmegiň gelşiksiz boljagyna ynandy.

Ahmet çagalary bilen toý ýere gelende, Gün eselip, ýaňy Garabil baýyrlarynyň ýokarsyna göterilip barýardy.

Ir ertirligine seretmezden, toý ýeriň eýýäm ygym-sygymy ýetik eken. Hatar-hatar toý gazanlar atarylyp, olaryň töwereginde

eýýäm eli kepgirli, susakly, donlarynyň synlaryny guşaklaryna çalyp baglan aşpezler gowadaklaşyp, nahar-şor taýynlamagyň ugruna bolşup ýördüler.

Ir ertirdigine seretmezden, oňly öwüsgin bolman, gazanlara ot gallananda burugsaşyp, ýokary göterilen tüsse ulgamlary uzak gitmän, toý ýeriň ýokarsynda topbak tutuşyp, ýene bir salymdan şatyr güýz bulutlaryna öwrülip, ýagmyr bolup toýuň üstünden dökülerli bolşup üýşüşip, gozgalaň tapyşyp durdular. Ýöne Günüň barha täsirini artdyryp, jümle jahanda şähdaçyklyk döredip, ugramagy eýýäm bu günüň ýagyn-saçynsyz tüýs toýa gerek arzuw edilen gün boljagyndan habar berýärdi.

Ahmet atyny gapdalrakdaky gazyklaryň birinde iltäp, toý üçin täze tutulan öýleriň biriniň duşundan geçip barýarka ol ýerde daýawdan, eginlek degenek pälwansypat ýigitleriň öýüň güneýine düşek atdyryp, güneşläp iýip-içip oturanlaryny gördi. Olar toýuň göreşine gatnaşmak üçin agşam gelip düşen myhman pälwanlaryň bir toplumydy. Ol pälwanlar bir wagtdan bäri Owganystanda ýaşaýan-da bolsalar, kerkili pälwanlar diýlip, dogduk depeleriniň ady bilen tanalýardylar.

Ahmet öňem onda-munda birki gezek dagy olaryň toýlarda göreş tutuşlaryny görüp, göwni ýetip, öz ýanyndan: “Pälwan ýigitler eken” diýibem belläpdi.

Ahmet duşlaryna ýetende oturanlaryň ikisi dagy onuň adyny yzyndan tutulýan lakamy bilen tutup “Ahmet batyr aga, salawmaleýkim”, “Batyr aga, salawmaleýkim” diýşip, hormat bilen oňa ýerli-ýerden salam berdiler.

Ahmet özüniň tanalýanyny bilensoň, palwanlaryň ýanyna sowlup, olar bilen aýak üstünden hal-awhal soraşyp durdy. Aňyrlygyna ugramakçy bolan wagty olary göwnüýetijilik bilen: “Ýigitler, bir gowy göreş görkeziň halka!” diýip, abraýly ýeňiş arzuw etdi.

Pälwanlaryň biri onuň toý beýemçileriniň biridigine göz ýetirensoň, aňynda eýýäm soňraky boljak göreşiň heziline berlip, biraz howalanyp gürledi.

– Batyr aga, nähili pälwanyň bolsa çykaryber orta, ýykyp bermeg-ä biz bilen – diýip, özüne göwnüýetijilik, biraz howalanyp gylawly gepledi.

Ahmet myhmanyň gepine jogap hökmünde göwnaçyklyk bilen çalaja  ýylgyrdy. Onuň bu ýylgyrmasynyň aňyrsynda pälwan ýigidiň biraz wagtyndan öň magsanma-öwünmesinde ýaňsy-da bardy, diýmedik bolnup diýlen çakylygam. Ahmet kerkili myhman pälwanlara:

– Hany onda siz nahar-şor edinip taplanyberiň, bakaly, ilçilikdir siziň bilen bil tutuşjagam tapylar – diýip, hamala, öňden taplap goýan pälwany bar ýaly arkaýyn gürledi.

Ahmet kerkili pälwanlaryň ýanyndan gaýdansoň, nazary bilen töwerekden Akynýaz baýy gözlän mahaly, gazanlardyr öý aralygynda onuň inisi, öz gaýynlarynyň ýene birisi Hojanyň hyzmat edýän ýaşlara: «Eýdiň-beýdiň” diýip, beýemçilik edip duranyny gördi. Onuň bilen gysgaça salam-helik alşansoň, sorap Akynýaz baýyň myhman bagşylaryň ýanyndadygyny bildi.

Toýuň öňünden bolan geňeşinde Ahmediň üstüne, esasanam, iki wezipe ýüklenilipdi. Onuň ilkinjis-ä ol toýa ýakyndan-alysdan geljek, Bürgüt ýaly han-begleri, ýeneki barlydan degerli adamlary garşylap-ugradyp, öz topary bilen şolaryň hyzmatynda durmalydy, ikinjisi bolsa, toýy dabaraly jemlejek at çapyşygyny gurnaýjylaryň biri bolmakdy.

Akynýaz baý geljek mertebeli begzada myhmanlar üçin, bir sekiz ganat öýi çeträkde, beýigräk ýerde dikdirip taýynlap goýupdy. Begzadalara, ýurt içinde at-abraýy olaryňkydan kem bolmadyk Ahmediň hyzmatda durmagy Akynýaz baýyň pikiriçe toýy mertebelemeli zatlaryň biridi.

Ahmet ardynjyrap, bagşylaryň oturan öýüne gelip girende, bu ýerdäkiler ertir namazyndan soň ýaňyrak ertir çaýlaryny öňlerine alşyp, özara gümür-ýamra berlişip otyrdylar.

Öýde Akynýaz baý bilen bagşylardan başga-da ýene iki adam bar eken. Ahmet görenden ýerden örülen ýaly bolup oturan dörtgyraň daýaw Dady pälwany tanady. Onuň gapdalynda ýene-

de bir nätanyş diň goýlan ýaly bolup oturan başga-da bir daýaw pälwan bar eken.

Dady pälwan bilen ol öňden tanyşdy. Ýaňy kerkili pälwan: “Çykar pälwanyň bolsa?” diýip, gyjalatly geplände hem ol öz içinden: “Hä, Dady pälwan bolan bolsa, seniň hakyňdan çykardy welin” diýip, ony ýatlapdy. Ýöne ony toýa geler, onda-da oňa bagşylaň ýanynda duşaryn öýtmändi. Ol köne tanyşlarça Dady pälwana:

– Pälwan, gelip bagşyň arkasyna özüňi atypsyň welin, kerkili pälwanlaryň daýawlygyny görüp, haýygan-a dälsiň-dä?! – diýip, oňa degip, gepine henek gatyp gepledi.

Dady pälwan Ahmediň degişmesini öz häsiýetine mahsus giňlik bilen göwünjeň ýylgyryp kabul etdi. Soňam onuň öz hörpünde oňa jogap bermäge çalyşdy.

– Bilýäň-ä, Ahmet batyr, Görogly beg agamyzyň Harmandäliniň üstüne ýöriş edende, özüne berlen “Aşyk Aýdyň piri görüp git!” diýlen maslahaty tutman, baryp, göreşende, aýaldan ýykylyp, masgara bolanyny. Şondan bärigem biz pälwanlar şol ýalňyşymyzy sapak edinip ýörendiris, dili senaly adamlarymyzdan pata alman, orta çykýan däldiris. Mazaly Garly akga-da bu ýerde eken. Göreşe çykmankak, şonuň bir aýdym-sazyny diňläp, joşup, meseli, ak patasyny alaly, Görogly agamyzyň ýalňyşyny gaýtalamaly diýdik. Şeýdip biz öz Aşyk Aýdyňymyz bagşy agadan bir ak pata alanymyzdam soň, onsoň biziň öňümizde döw dursun – diýdi.

Dady pälwan dagy agşam toý ýere kerkili myhmanlardan has giç gelipdiler. Öý eýeleri pälwanlaryň pälwanlar bilen bolsalar, kem bolmajagyny pikir etselerem, olaryňam alysdan aryp gelenlerini pikir edip, garşydaşaryny ýanlaryna erten bolup, myhman pälwanlaň ynjalygyny bozmazlygy makul bilipdiler.

Şeýdibem, bu iki pälwan gelip, bagşylaryň oturan giňişräk öýünden çykypdylar.

– Haý, görüň-dä. Kerkili pälwanlaram-a: “Pälwanyň bolsa, çykar orta!” diýşip dyzanyşyp durlar özün-ä... Gaty gylawly görünýäler.

Şol arada Ahmedip oýunlyga salyp berýän gyjalatyna çeti gyzan, häliden bäri geplemäge ýaltanýan ýaly bolup pallabrak oturan nätanyş pälwanam gepe goşuldy. Ýaňsyly nämedir bir zady pikir edip, duýlar-duýulmaz sähelçe ýylgyrdy. Soňam:

– Soňky birki ýylda güýçlenen bolmasalar, ol hemişe toýlary bile gezýän bäş pälwanyň birkisin-ä billeşip, bizem ýykypdyk – diýip, haýsydyr bir olar bilen bil tutuşan toýuny ýatlady. Soň ýene-de öz gepini dowam etdirip, oňy has tekrarlarly göründi. Ýöne daşardan howlugybrak giren adamyň peýda bolmagy onuň agzyndaky aýtmakçy bolan gepini alanlygy belli boldy.

Bürgüdiň jigidi içerik girip, onuň toýa gelýänliginiň habaryny ýetirensoň, Akynýaz baý Ahmet bilen ony mertebeläp, garşylamak üçin daş çykdy. Ýeleden-ykdan myhmanlar gelşip ugransoňlar, Mämmethanlaryň öz şatlyk begençlerini bölüşmek üçin buýsanma bilen, hemmeleriň göwnüni görmek, hödür-kerem ýaýmak üçin tutan toýunyň şagalaň-şowhuny barha artdy.

Ak öýlänler at çapyşygynyň öňüsyrasynda Ahmet baş bolup öňe düşüp çapyljak atlary çapyksuwarlardyr töwereginiň ýaranlary bilen toparlap, atlaryň ýaryşa goýberiljek ýerine äkitdi. Atlaryň goýberiljek ýeri, obadan ýagşy uzaklykdaky “Ýassyk depe” ady bilen tanalýan, Marçakdyr Balamurgap arasynda biten, äpet bir pälwanyň ýassanan ýassygyna meňzäp duran üsti ýazgyn bir depedi. Oba bilen ara esli baram bolsa, bu ýer atlar çapyp, bir şor derini saçyşyp alsynlar diýlip, olara gerim bermek üçin, saýlanyp alnan ýerdi.

Toýuň atçapyşygyna niýetlenilip bakysy, seýsi ýeten atlar häzir, dyzanyşyp, sähel jylawy goýberdigiň guş bolup, pasyrdap uçarly görnüşip, göz guwandyryp barýardylar.

Ahmet atlaryň çapyşyga goýberiljek bellenilen ýerine gidende, atyny çapdyrmak üçin, ýeňil oglan hökmünde Donlynyň ogluny hem öz atyna artlaşdyryp alyp gitdi. Onuňam soňky döwürde bakysy ýeten atyny çapyşyga goşmak islegi  bardy. Olar ýolda birnäçe gezek ikibir, üçbir bolşup, atlaryň goýberiljek ýerine barýan atlylara duşdular. Atlylar ony tanap, gadyrly

salamlaşýardylar. Ahmedi tanaýan türkmenler ony öz iliniň ýat ýurtda hem baş çarap gezýän dogumly ogullarynyň biri hökmünde sylaýardylar, oňa daşyndan buýsanýardylar. Duşan ýerlerinde onuň bilen göwünjeň salam-aleýk alyşýardylar. Ahmet birazdanam ýolda öz köne tanyşlarynyň-da birini duşdy. Ol hem bu ýere ilerki Bedeňden owgany penalap gelen adamlaryň biridi. Ahmet hatda ýurtda mahaly öňräk bir toýda onuň bilen billeşip göreşem tutupdy. Şondan bärem olar her duşuşan ýerlerinde, "Hany ýene bir tutluşyp almarysmy?" diýşip, könäni ýatlaşyp degşerdilerem. Bu gezegem olar köne tanyşlarça gadyrly salamlaşdylar. Ol indi sakgal-murtuny ösüme goýberip, özüni bäş wagtyna düzüp goýalyp, sygnyp molla bolup ýördi. Gaty gününe kaýyl bolup, göwrümini giň tutup ýaşamaga çalyşýardy. Bu ýurtda her gezek ildeşler duşanda salam-aleýkden soň hemişe onda galan il-oba ýatlanylardy.

– Ahmet, sen bir ýurt gezer, köp bilen gabatlaşýan, köp bilýän adam, hany aýt obalardan näme habar onsoň? Heý, bize gülüp bakjak ýagdaý dörärli dälmimikän bu golaýlarda?

– Dogrusyny aýtsam, meniň-ä oňly habarym ýok soňky döwürde ol tarapdan.

– Hudaýguly ahunyň ölenin-ä eşidensiň.

– Ol öňräk dälmi näme?

– Owgana aş diýseler, "Maňlaýdan gaçyp gutulyp bolmaz" diýip, göwnemändir-dä bende. O-da gaýra ýüze geçen bolsa, häzir biz ýaly sag-aman gezer ýörerdi-dä – diýip, bedeňli gynanyp, ahmyrly gepledi. Bu gürrüň bolýan mahaly olaryň ikisem alysdan salgym atyp görünýän Pendi baýyrlaryna tarap, ol ýerde öz obalarynyň oturanyny ýatlaşyp, hyrydardan intizar nazar bilen şol tarapa gözleşdiler. At üstünden ileri tarapda Murgabyň tirsek bolup, gaýralygyna öwrülýän ýeri gamyş-toraňňylyklaryň arasyndan şähdaçyklyk bilen ýalpyldap görünýärdi. Ol häzir ähli öz mynasybetini ýigitlere güjeňleýän höwes-humarly gelinlere meňzeýärdi. Ahmet atlaryň goýberiljek ýerine gelip, at üstünden çapyşyga goýberiljek atlary tükelläp, nähiliräk tertipde goýbermeli

boljagyny özi üçin anyklap durka, henizem atdan düşmän oturan bedeňlä ýene henek atma bilen ýüzlendi.

– Aty özüm çapaýsam diýýämiň?

– Hä, näme çapman. Beterem ederin. Men örän gatyja bedeňdirin.

Bedeňli soňam atdan düşüp, jylawy yzynda oturan ýigdekçäniň eline tutduryp durşuna gürrüňi ýene öňki hörpünde dowam etdirip, jylaw tutup oturan oglana tamaly gözläp:

– Biz ikimiz indi çapmaly atymyzy çapyp bolduk öýdýän – diýip, biraz özünden göwni geçme bilen gepledi. Soňam dyzmaç atyň jylawyny erjel çekip oturan dogumlyja oglany görkezip: – Indi aty oglum çapar! – diýip, oňa tarap baş atyp, buýsanç bilen guwanyp aýtdy.

Mämmethanlar öňem-ä gysyk adamlar däldiler welin, toýlarynda olar begenen günlerinde ellerini hasam açypdylar.

Göreşiňem, at çapyşygyňam baş baýragyna goýun-geçi diýip durman, öküz goýupdylar. Onsoňam döwletliden döwlet ýokjagyna ynanýan adamlar özleriniň baş baýragy almasalar-da, Mämmethanlaryň ýeneki dabara gatnaşanlary hem sylag-serpaýsyz boş goýmajaklaryny gowy bilýärdiler. Şonuň üçinmi ýa-da köpden bäri başga ýurda aşanlar özlerini keseki hasap edip, eginleri gysyk bolup, ýazylyp ýaýrap toý edip bilmeýändikleri üçinmi nämemi, bu toýda atyny çapyşyga goşmak isleýänler hasam köp boldy. Çapyşyga goýberiljek atlar köp bolansoň, Ahmet olary iki bölege bölüp, çapyşygy iki tapgyrda gurnamaly boldy. Ol öz atyny hem ikinji tapgyrda çapyşyga goşdy. Çapyşygyň öň ýanynda çapyksuwary Nura çapyşyk mahalynda ýolda jylawy nähiliräk dolandyrmagy ýatladyp: “At çapanyňdan-a geçdik, eýeriň gaşyna bek ýapyş” diýdiräýmegin! Yza galyp, öňüňi beýlekilere baglatmanrak sürjek bol! Ata ýerliksiz gamçy çalma, bir bäsleşige girensoň, onsuzam atyň öz gyssagy özüne ýetikdir. Özi ýaly dört aýaklydan galmany, meniňki ýaly dogumyna bäs gelip bilmän ýören at onsuzam namys biler!” diýip, maslahat berijilikli sargady. Soňam jylawy erjellik bilen çekip oturan Nura

çapyşykda gazanjak baýragynam özüne bagyş edýänligini aýdyp, ony hasam höweslendirdi.

Ahmediň ikinji tapgyr atlylary ýaryşa salyp, ugrukdyranyna köp wagt geçmänkä, hol beýleden ilerki derýa tarapdan ýene bir toplum at gordurYşyp gelýän adamlar göründiler. Ahmet olaryň howlukmajrak gelişlerinden çen tutup, olaryň atlaryny çapyşyga goşmak niýeti bilen toýa gijä galyp gelenler bolup, indem olary üçünji tapgyr edip, ýaryşa goşmak üçin, Akynýaz baýyň bu ýere ugradanyny çak etdi. Emma ol atlylaryň ýamanalgyly ýaly, eňterilişip, howlugyşyp gelişlerini welin birhili görüp halamady. Üstesine-de, görse ol atlaryň üstünde at çapjak ýeňil oglanlara derek eýere guýlan ýaly bolup, daýaw-daýaw adamlar otyrdy. Özleri-de güpürdeşip, şakyrdaşyp gelýän ýarag esbaply düşnüksiz topar. Olaryň arasynda Owgan lybasyndaky düşnüksiz nätanyş adamlar hem bolup, topary hasam syrly görkezýärdi.

Ahmet "Bular kim boldugy-ka, janlarym?" diýip, böwrüni diňläp ýetişip, ýetişmänkä, atlylar habarlaryny bermezden, gelişlerine Ahmetdir onuň bedeňli ýoldaşynyň üstüne topuldylar.

Aňk-taňk bolan bedeňli bir: "Bular nädora, jora?" diýmäge ýetişdi. Atyň üstünden sen-men ýok, göni özlerini duranlaryň üstüne oklan ýat adamlar, öz göwreleriniň bady bilen Ahmetdir onuň ýoldaşyny bada ýere ýazdylar.

Bu şeýle bir garaşylmadyk duýdansyzlyk boldy welin, Ahmetdir bedeňli olara, oňly garşylyk görkezmäge hem ýetişmediler. Beýleki atlylaram ýerli-ýerden hüjüme geçensoň, Ahmetdir bedeňliniň şol ýerde şatyrdadyp, ellerini arkalaryna baglap bendilediler.

Bular Ahmedi ele salmak kararyna gelen NKWD-äniň onuň kastyna ýörite ugradan adamlarydy. Ahmet onsuzam irde-giçde NKWD-çiler bilen özüniň duşuşjagyna çen edýän-de bolsa, ýöne beýle ahmallygyny aldyryp, bendi bolup olaryň eline düşerin öýtmändi. "Wah" diýip, ýaragyny ýanyndan goýanyna hyrçyny dişläp ökündi. Emma Hanuma göwün berip, oňa juda ynanýanlygy üçin, bu oýunlaryň bir tarapynda şonuň eli bardyr

öýdüp pikirem etmedi. Gaýta bendilenilip alnyp barylýarka “Hä, Hanuma bilen çagalar näderkä?” diýip, olary bu ýere getireni üçin özüne ökünçli käýindi.

Gerek adamlaryny ele salan atlylar, şundan soň ýene-de gelişleri ýaly hem howlukmaç çykyp gelen ýerleri derýan boýundaky jeňňellige tarap çekilme bilen boldular. Günäliň oduna bigünä ýanar diýleni bolup, olar bedeňlinem bendiläp, Ahmet bilen bile äkitdiler.

* * *

Aganazary Daşkende getiren arabakeş türme diýilse, ol ýere aýagy çekmedimi nämemi, ony barmaly ýeriniň bir köçe beýlesinde düşürdi. Soňam oňa şol ýerden gaýralygyna gidýän göni zowwam ýoly goluny salgap görkezip: “Bu gün ýük alyp, ertir irden yzyna dolanmakçydygyny, gerek bolsa, özüni “Kolhoz bazary” diýen ýerden tapyp biljegini aýdyp, oňa türmäni salgy berdi:

– Şu köçäni al-da, göni gidiber, onuň baryp direýän ýeri seniň şol barjak ýeriňdir – diýibem anyklady.

Aganazar arabadan düşdi-de arabaçy bilen hoşlaşyp, içi azyk-ýenekili horjunyny egnine alyp, ýola düşdi. Arabaçy öňki salgy berşini göwnüne jaý etmedimi nämemi, soňam ýene-de onuň yzyndan:

– Göni gidiber! Ol ýerde özüň ýaly bendisiniň yzyndan gelen kändir, gerek zadyňy şolardan soraşdyrybergin! – diýibem maslahat berijilikli gygyrdy.

Aganazaryň egnindäki horjuny obada onuň mamasynyň iki agtygy Aganazardyr Allanazara niýetläp, Akjagüldür Ogulbikä tara dokamany öwredende, özem olaryň gapdalyndan “eýt-beýt” diýip, öwredip dokadan çemelje horjunlarynyň biridi. Indi Aganazar her gezek horjuny şeýdip, öz geregi üçin egnine alanda, mamasy dagyny minnetdarlyk bilen ýatlap, horjunyny hem sürgüne gaýdylanda özleri bilen alyp gaýdanyna begenýärdi.

Berdi goňşy ony ýola salanda iberjek zatlaryny – iki tegelek çörekdir iki sany çemliräk gawunam şol horjuna salyp beripdi. Aganzaryň özem kakasynyň egnindäki köýneginiň bu wagta çenli gaty kirlänini pikir edip, barsam geýdirin diýip, onuň ozalky aýap geýen ajarly köýnegini hem horjunyň bir gözüne salyp, ýanyna alypdy. Obadan kakasy bilen duşuşanda gerek bolaýjak zatlardan ýüküni tutanyna ynanyp gaýdypdy.

Bu ýer şäheriň gyrak-çeti bolup, ol Daşkendiň gaýa bolup, ýokary göterilip, üste abanýan ýaly bolup görünýän beýikden kaşaň jaýlary bu ýerde depesinden basylan ýaly ýegşerilişip kiçelişip oturan jaýlara öwrülýän ekenler. Bar bolan jaýlaram başly-baradrak gurlandanmy, olar şol bir wagtda hem bu öwrede tertipsizden, eleşan görünýär.

Dogrusy, arabakeşiň diýşi ýaly, bu ýer tapmaz ýaly ýer däl eken. Aganazar gelşine türme jaýynyň öňündäki üýşen adamlary görüp, öz gelmeli ýerine gelendigine göz ýetirdi. Eşeklimide at goşulan arabaly bu ýere birgiden adam ýygnanan eken. Olaryň topbak-topbak bolup, onda-munda garaşyp oturanlaryda bar, türme jaýynyň gapdalyndaky bir gapdaly ýörite penjireli jaýyň öňünde söm-saýak bolşup dyknyşyp duranlary-da bardy. Her nobaty ýeten şol ýörite penjire-deşigiň öňüne baryp, onuň aňyrsynda oturan agyr ýüzli adama arzyny aýdyp gepleşýär.

Ol deşik bolsa adamlaryň öňünde kä açylyp, kä ýapylybam dur. Onuň aňyrsyndan kese goýlan stol başynda oturan agyr ýüzli harbynyň gelinmegini halamaýan, olaryň habarlaryny diňlemek islemeýän ýaly bolup, seňrik ýygryp oturany görünýär.

Onuň beýdip tutulyp oturmagy aňyrdan gelenleriň bada-bat howuny basyp, bendeleriň arzyny diňledip bilmeris öýdüp, alada galyp howpurganmagyna sebäp bolýar.

Ol häzir ýeke-täk “Ýalkasa ýaz, gargasa gyş” gopduryp bilýän, tutuş türmäniň erk-ygtyýarly hökmürowan eýesine meňzeýär.

Bu ýerde kimdir birine işi ugruna bolup, garyndaşy görkezilse, ýene birlerine: “Görkezilmeýär!” diýlip, ýüzüne urlan ýaly edilip, yzyna gaýtarylýar.

Soraglaryna oňly jogap alyp bilmedik adamlaryň arasynda, belki, şundan soň bu adamyň özlerine nebsi agyrar, garaşyk eder diýen tama bilen eplikde, ýaplyk bolup, gaýtadan gelip ýalbarýanlar-da bar.

– Az wagtlygam bolsa bir görkezsediňiz?

– Bolanok...

– Oňa ony-muny getiripdim, şony bir geçirip beriň-dä onda?

– Bolanok diýdim-ä saňa... Aýryl penjiräň öňünden. Mundan soňky kim?

Bagyr ýüzli harby şeýdip biriniň habaryny telli-pelli alsa, ýene birlerini diňläsi gelmän: "Aýtdam-a saňa!" diýip, haýbat bilen onuň ýüzüni alýardy. Ýa-da ýürege düşdüň diýen hörpde penjiräniň gapysyny onuň burnunyň öňünde şarka ýapýardy.

Durandyr galyň bende onsoň ol penjire gaýtadan haçana açylarkan diýip. Aganazar nobat belläp, garaşmak üçin ýeňsä çekildi. Egninden horjuny düşürdi. Aganazar özüniň bireýýämden bäri hiç zat iýmän açlygyny ýatlap, horjundaky kakasyna niýetläp getiren nanlarynyň birinde gysganybrak biraz döwüp aldy. Ol kümşüldäp nan iýip otyrka, onuň ýanyna egni ala donly eleşan geýnüwli öz deň-duşuragyndaky bir oglan ymsynyp geldi:

– Maňa-da biraz non beriň?! – diýip, ol onuň öňünde elini serdi.

Aganazar şundan öň töwerekde aýlanyşyp ýören oglanlary görüp, olary garyndaşlarynyň halyndan habar almaga gelenleriň ýany bilen gelen oglan-uşaklardyr öýdüpdi. Görüp otursa, olaryň birnäçesi her kimiň ýanyna bir baryp, ellerini serip, ony-muny dilegçilik edip ýören çagalar eken.

Aganazar oňa öz iýip oturananyndan döwüp biraz uzatdy. Ýöne ol berlen nany duran ýerinde galt-gult etdi-de, elini serip, ýene sorady:

– Ýene biraz maňga non berin?

Ozalam getiren nanyny gysganyp iýip oturan Aganazara onuň bu bolşy ýaramady.

Ony ýanyndan kowasy geldi.

– Adyň näme seniň? – diýip, halamazlyk bilen onuň ýakasyndan ebşitläp tutarly bolup sorady.

– Ismim Ýoldaşbaý. Ýene birazajyk non beriň? – diýip, ol ýene-de öňki hörpünde parahat gürledi. Aganazar:

– Ýoldaşbaý bolsaň, onda näme diýsene, bar sen ýoldaşyň ýanyna git! – Oglan munuň ýaly gepleri eşide, eşide halys öwrenişen bolmaly. Ol muňa gahar hem etmedi, dawa-da turuzjak bolmady, gelşi ýaly hem ümsüm-kümsüm yzyna öwrüldi-de gidiberdi.

Aganazaryň oturan ýeri biraz gabal ýer bolandanmy nämemi, wagtyň eýýäm ýagşy öýläne sananlygyna seretmezden kapasdy. Hälem gelen-gideniň bagtyna golaý-goltumda suw bar eken. Bir gapdalda kran şarlap akyp durdy. Şona gelip her kim suw içýärdi, gap-gajyna guýnup alýardy. Aganazaram nan bilen biraz ýürekse edinensoň, gelip şol ýerden suw içdi, el-ýüzüni ýuwup biraz serginledi.

Ol juda haýal ýöreýän nobatyndan baryp habar alyp, entek bäri-bärde özüne gezek ýetmejegine göz ýetirensoň, sabyr saklap, ýene bir gapdala çekildi. Bu ýere gelenleriň hemmesiniňki ýaly, häzir onuňam ähli küý-köçesi öz bendisi – kakasynyň ýanyndady... Onsuzam ol onuň bilen hyýalynda ýol boýam şol duşuşa-duşuşa gelýärdi... Kakasy ony görüp:

– Ih, sen nireden çykdyň, Akgy? – diýip begenýärdi.

O-da:

– Sizi görmäge geldim, akga! – diýýärdi.

– Hümm, şeý diýsene. Ine, bizem munda otyrys şeýdip...

– Haçan goýberýäler bular Sizi, akga?!

– A onuň entek bellisi ýok...

Aganazar hemişe-de her gezek ýumşa ýarap, kakasyndan berekella alanda muňa monça bolardy.

Häzirem ol kakasy özüni görüp: “Tüweleme, senem indi ýigit çykypsyň...” diýip, özüne buýsanýan pursadyny göz öňüne getirdi.

Nobat bolsa gelenler öz bendilikde ýatan ýakynlaryna

duşmaga, olardan haýsydyr bir habar bilmäge näçe howlugýanda bolsalar, itinip juda haýal ýöreýärdi. Adam baryny lapykeç edip kejikdirýärdi.

Käte kimdir birleriniň öňünde penjiräniň iki-üç ädim gapdalyndaky gapynyň açylyp: “Gir onda sen bolsaň!” diýlip, türmäniň içine goýberilmegi, penjire öňünde sürrek bolup garaşýanlaryň, nobatyň gidişini haýal görüp, pessaý ses bilen gorkuly üzlem-seplem alyşýan aladaly gep-sözleri bularyň hemmesini häzir bilelikde alanyňda töweregiň başly-baradyrak ýagdaýyna hasam dartgynlylyk berýärdi.

Ýöne garaşmasaň alajyň näme, elden gelýän zat barmy?

Aganazar ir ertirden dert-azar bolup, näçe garaşsa-da, onuň gezegi diňe gijöýlän ýeten nobatlaryň biri boldy. Ol tama bilen penjiräň öňüne dykylyp baryp, habaryny bermekçi bolanda, arz diňleýän harby onuň ýaş oglandygyny görüp, nähilidir birhili iňkise gidenligi belli boldy. Ol öňündäki depderiň üstünden baş göterip:

– Näme tussagyň yzyndan senden başga gelere adam ýokmudy? – diýip, ony oglan görüp, nägile sorady.

Aganazara şu pursatda onuň öz arzyny diňlemän: “Bar gidiber çaga arzyna seredemzok” diýmeginden gorkdy.

– Ejem bardy, o-da hassahanada – diýip, Aganazar biraz howlugyp, ýagdaýyny düşündirmäge durdy.

Bagyr ýüz harby şundan soň gapdalyndaky uly depderi öňüne alyp, tiňkesini dikip, ondan haýsydyr bir ýazgyny gözledi. Ýöne tapylar ýerde ondan derek tapylmady. Birazdanam harby ýazgy tapyp bilmänligini mälim edip, üýtgewsiz agyr ýüzüni Aganazara tarap höwessiz öwürdi.

– Kimiň yzyndan geldim diýdiň sen? – diýip, Aganazardan kimiň yzyndan gelenini ýene bir gezek anyklady.

– Orazgeldi Muhammetgylyç bolmaly...

– Onuň bilen duşmaga rugsat ýok.

– Onda nädeýin? – Soňam – Men oňa niýetläp ony-muny getirdim, şony bir ötürip beriň-dä onda oňa? – diýip, zarynlap, ýene-de harba ýalbardy.

– Äkit, özüň iý, indi onuň geregi ýok! – Gürrüniň gutaranyny mälim edip, harby ýene-de başdansowma gümürtik gepledi. Oňa “Seniň bilen gürrüň gutardy” diýen äheňde yşarat edip, onuň yzynda nobatda durana ýüzlendi: – Indiki kim?

Kükreginden itilen ýaly bolan Aganazar muny diýseň gaty gördi. Soňra ol delmirip asmana gözledi. Ol gapdala sowlup, şol ýerde bir salym nirä gitjegini, näme etjegini bilmän, tapdan düşüp, gözüne ýaş aýlap, serim-sal halda durdy. “Ejem gutulansoň, bile gelsek, belki, kakamy şonda görkezerler” diýip, nähili-de bolsa, özüne göwünlik bermäge çalyşdy.

Aganazaryň nobatly penjiräniň öňünden aýrylanyna köp wagt geçmänkä, ol hem bu günlükçe doly petiklenildi.

Oňa töweregine seredip, galybermekden başga alaç galmady. Kakasyny görmän, onuň habaryny bilmän bolsa, onuň bu ýerden gidesi gelmedi.

Göwnüne ertire galyp, ýene bir synanyşyp görse, oňa kakasy bilen duşmaga, bolmanda ondan habar bilmäge mümkinçilik bolaýjak ýaly bolup göründi. “Gelaý, soň ol bir gezekde gelip ýene synanyşaryn” diýip, gitse bolsa soň bu ýerlerik aňsat özüniň aşyp bilmejegini hem pikir etdi. Bir ýerlerden gulagynda galan: “On gapynyň dokuzy ýapyk bolsa-da, birisi açyk bolarmyş...” diýen pähimi ýatlap, nädibem bolsa özüne göwünlik bermäge, elden gaçyp çym-pytrak bolan çyra çüýşe ýaly ynamynyň böleklerini toplap, olary ýerli-ýerinde goýup, seýiklemäge çalyşdy.

Şu ýerde galsa, belki, penjiräniň öňünde oturan harby ertir gaýtadan görüp: “Sen entegem şu ýerdemi?” diýip, özbek adamsynyň dili süýji göwnüýuka ýürek bolýanyny pikir edip, onuň özüne nebsi agyrjagyna, kakasyna duşmagyna kömek etjegine oglantaklyk bilen tama etdi.

Sürgün ýyllarynda Orazgylyjy zähmetsöýer gowy adam hökmünde tanan obadaşlary onuň aşagyndan çykmaz ýaly agyr günä etmedigini, asla etmejegini-de bilýänleri üçin, ony türmede sorag-ideglerden soň, ol uzak saklamajaklaryny hem tama edýärdiler.

Käbir adamlaryňky ýaly: “Goýberdiler, günä tapmadylar” diýip, onuňam yzyna gaýdyp geljegine ynanýardylar.

Emma wagtyň geçmegi bilen türmäniň Orazgylyjy wagty bilen goýbererli däldigi belli bolupdy.

Kakasyny juda göresi gelen Aganazar häzir ol türmede dälde, äpet aždarhaň agzynda saklanýan-da bolsa, töwekgelçilik edip, bir ýol bilen ony aždarhaň äňini ýazdyrybam bolsa, onuň bilen duşasy, özüne: “Sen nireden çykdyň, Akgym?..” diýdirip, kakasyny begenderisi gelýärdi.

Aganazar ýene-de şol arada türmä gelen adamlaryň arasynda ymsynyşyp aýlanyşyp gezýän şylha geýimli iki oglanyň hol beýleräkde öz öň göreni Ýoldaşbaý bilen üç bolup, töwereklerine garanyşyp, gözlerini çarhlaşyp, öz aralarynda bir zadyň maslahatyny edişip duranlaryny gördi. Olaryň käte öz tarapyna-da seretmedikden bolup seredip goýberýändiklerindenem ol: “Meniň garşyma bir zatlar küýlenýän bolsalar gerek” diýip, biraz düýrügip güman etdi. Şundan soň Aganazar hem hüşgärligi elden bermezlik üçin, olary ünsde saklamaga çalyşdy. Mahal-mahal töweregine göz aýlap, ýagdaýa tap salyp oturdy.

“...Özler-ä juda bir jeň isläp, çöwjäp gezýän garagol oglanlara meňzäp baranoklar. Eýsem-de bolsa, gedaýçylyk bilen gün aýlarsyň-da, güýç kaýda, kuwwat kaýda? Kepdermydar ýagdaýly oglanlar bolmaga çenli” diýip, olar barada çen-çak bilen pikir ýöretdi.

Üstesine-de, oglanlar bir-ikem däl, üç dagam bardylar. Aganazar şol oturyşyna çaknyşylsa, özüne göwni ýetýän-de bolsa, köp bilen oýnunyň deň gelmejegini hem ünji bilen pikir etdi. “Şeýle-de olar kim bolsalar-da töweregiň ýagdaýyna belet ýerli oglanlar. Men bolsa ýat. Ýat it başga ýere düşse, guýrugy ýamzynda bolmaýarmy, eýsem?” diýip, ýagdaýyň çenini alyp oturyşyna oýlandy. Şol pursat beýleräkde bir toplum bag üstünde peýda bolan iki ala garganyň aladasyz gatraw sesi oňa özüne göz çarhlaýan oglanlaryň diş gyjamasy bolup eşidildi. Ol soň olarly pikiriniň yzyna düşüp, oglanlaryň töwerekde adamlar

barka, köpçülikden çekinip, aňsat özüne erşip bilmejeklerini, ýeke-ýekeräkden üstüne hüjüm edäýen mahalynda bolsa, özüniň olardan kem oturmajagy barada, bolmasa-da bolmagy mümkin çaknyşyk barada oý öwürdi.

Birsalymdan ol oglanlar ýene-de biraz, töwerekde onda-munda görnensoňlar, dilejek dileglerini dilenip, gazanjaklaryny gazanyşyp bolana meňzäp, syp-syp, bir ýerlere ýitirim bolup gitdiler.

Howada öwüsgin beýlekem ýoklugyna görämi nämemi, öýländen soň töwerekde birhili aňkap duran dymyljak ys peýda boldy. Özbek Güni töweregindäki seýrek galan-gaçan bulut sudurlarynyň ýüzüne al reňk çaýyp-gyzardyp, şäher depesi bilen lowurdap, batar ýerine ýakynlap barýar. Mawy asmanyň gözýetim bilen çäkleşýän etekleriniň gyrasy çaňjaryp, dünýä bir ýerlerden ýetip gelýän gije alamatlarynyň assa-ýuwaşdan peýda bolup ugranlygy duýulýar.

Aganazar kakasyny görmek tamasyny ertirki gün bilen baglansoň, bu ýerde nobat ýetmän ýa-da başga bir sebäp bilen gijäni geçirmäge galan ýedi-sekiz adamyň, hamala, şolaryň biri ýaly özüçe arka tutunyp, ýoldaşly görünmek üçin, olaryň beýle ýanynda bir amatlydyr öýden ýerinde ýerleşdi. Ýanynda göteren azygyndan biraz ýürekse edinmek üçin garbanansoň, ol topary hossar tutunyp, olaryň golaýyna ýene biraz süýşüp, horjunyny ýassyk edinip, başynyň aşagynda goýdy.

Uzakly günüň dartgynly argynlygynyň Aganazaryň erkini elinden alanlygy şundan soň tiz belli boldy. Ol başyny horjuna goýandan, mysylap uklap galdy.

Aganazar düýş gördi. Düýşünde ejesi ony ynjadyp oýarmazlyk üçin, usul bilen başyny göterip, onuň aşagyna ýassyk goýmakçy bolýarmyş. Häzir ol dagy bu ýere nireden gelip ýörkän aslynda?..

Emma hakykatda welin şu wagt onuň başyny göterýän ejesi däldi-de, düýnki gedaý oglanjyk Ýoldaşbaý bilen iýmitli horjunyň kastyna çykan, onuň ýene-de iki ýoldaşydy. Ýoldaşbaý

düýn Aganazaryň ýanyndan ikinji gezek dilegi bitmän gidensoň, ýoldaşlaryna duşanda olara Aganazaryň horjunynda azyk barlygyny, ýöne bir emel ýol tapylmasa, eýesiniň ondan dilege zat bererli däldigini aýdypdy.

...Aganazar, ine, bir görse, töwerekde eje küje, ýassyk küje. Gaýtam başynyň aşagyna goýan horjun elden gidip barýar. Ol uky arasynda birbada näme-nämeleriň bolýanyna oňly düşünmesede, oglanlar ýuwaşlyk bilen başyny göterip, usul bilen ol ýerden horjuny sogrup alan mahallary, kellesiniň töwerekleriniň sermelenýänini duýsa-da, ejesi ýumşajyk zady ýassansyn diýip, öz başyny göterip, ýassyk goýjak bolýandyr öýdüpdi. Inede bir görse, horjunyny iki oglan, hersi bir gyrasyndan tutup, hallanlanladyp göterip, gaçyp barýar.

Aganazara diňe şundan soň horjunyň armanlyja elden gidip barýanlygyna aýgyt boldy. Ol atylyp ýerinden turup, horjunly ogurlanlaryň yzyndan kowdy. Barşyna-da ogrularyň üstüne özüni zyňmakçydy.

Ýöne Aganazar oglanlara ýetiberende, horjunyň yz ýanyndan, öňden barýanlary goraglap gaçyp barýan olaryň ekabyry birden gapdala çekildi-de, Aganazara ýol beren ýaly etdi-de, çakganlyk bilen gapdalyndan geçende aýagyna kakdy. Aganazar büdräp, badyna şarpyldap, ýere ýüzin ýykyldy. Haçanda ol alakjap ýerinden turanda, gaçan oglanlar eýýäm garaňka siňipdiler. Aganazaryň gury oňa elewräp, muňa elewräp, olary tapjak bolup, azara galany boldy. Oňa şundan soň: “Siz bir elime düşseňiz bolýar!” diýip, hyrçyna dişläp hym baglap galmakdan başga alaç galmady. Ogrulara duşup, olaryň ýakalaryndan çalyp tutasy geldi. Ýöne hany bu garaňkyda nireden taparsyň olary.

...Dandanyň ümüş-tamşynda Aganazar başujynda bir hysyrdy bar ýaly bolup duýlup, gözüni açanda, ol kimdir biriniň öz gapdalynda bir zat goýup, indem ökje ogurlap, gaçyp barýanyny gördi. Aganazar munuň ýaňkylar ýaly ýene-de bir ogry-jümri bolup, onuň alyp-ýolmana gelendigini pikir etdi. Janyýangynly Aganazar tiz hereket edip, iki bökende gaçyp barýanyň yzynda

kowup ýetip barşyna-da, onuň eli ýeten ýerinden çalyp tutdy. Onuň eline ilenem gaçyp barýanyň ýelpildäp howa göterilen donunyň syny boldy. Aganazar ony çeken wagty, gyssaga düşen suwluganyň guýrugyny bölüp galdyryşy ýaly, o-da donuny şol ýerde galdyryp, el bermän sypdy. Aganazar ýagydan bir gyl ýolmagam bir peýda hasaplap, dony alyp, ýaňky ýatan ýerine gelende, ol ýerden öz howjunyny, soňam ýarty nan bilen horjunda alnyp gaçylan gawunlarynyň biriniň bölegini tapdy. Iň esasy zadam öýden kakasyna niýetläp alyp gaýdan ak köýnegi horjunda bolmagydy. Horjundan bir tegelek nan bilen bir gawundan gowrak alnypdyr. Aganazar bu ýagdaýy görüp, özüniň aç, ýöne ynsaply ogrulara duşanlygyny çak etdi. “Beh, beýle-de ogrular bolýan eken-ow” diýip, geň galdy. Olja düşen dony aşagyna ýazansoň, onuň üstünde oturyp, özüne paý goýlan nandan döwüp alyp, gawun bilen tamşandy.

Aganazar ir ertir nädende kakasyny görüp biljegi barada akyly haýran halda oýlanyp otyrka, onuň ýanyna ýene symyşa köne tanşy Ýoldaşbaý geldi. Özi-de onuň şol ümsümden ýuwaşjalygy. Kimdir biriniň zadyna el gatanyna dagy asla müýn çekýäne meňzänok. Ogurlyk edenini ýatlap gaçjak, tezjegem bolanok. Hiç zat bolmadyk ýaly ümsümden parahat.

Ol gele-gelmäne-de dostlarça Aganazaryň egnine eline goýdy:

– Saňa kakaňy görmek başartmady gerek?

– Ýok.

– Diňe sen däl. Şu golaýda bolup görüp, bilip ýörüs. Galyň bende görjek, biljek bolup baý kösenýär-ä...

– Şeýle ýaly...

– Gümansyratmaň näme? Ýöne aýt indi, sen näme etsem diýýäň?

– Bir ýol bilen kakamy görjek boljak.

– Nädip?

– Äpişgede oturan harbam öýüne gidýändir-ä...

– Gidende näme? – diýip, Ýoldaşbaý onuň näme etmekçi bolýanyna birbada oňly düşünmän geň galdy.

– Ýoluny garawullap, öňünden çykyp, oňa ýene ýalbaryp görjek!

– Men şeýle bir zatdyram öýtdüm-le! – diýip, Ýoldaşbaý göwnügeçginlilik bilen aýtdy. Aganazaryň bu pikirini goldamaýanyny mälim edip: “Ol adamdan peýda görmek asla mümkin däl” diýip, beletlik bilen maslahatly gürledi. Eger şeýtse, ol harby NKWD-äniň: “Türmäň töwereginde ykmanda çagalar bar” diýip, milisiýa jaň edip tutdurýanyny, bolan ýagdaý hökmünde öz mysalynda ýatlady. “Birki aýlykda Alişir ikimezem hut şol tutdurdy. Hälem biz maşynyň üstünde gözegçilik edip barýan milisioneriň gözüne güýdüşip, bir öwrüminde maşyn badyny peseldende böküp, zordan ondan gaçyp sypdyk” diýip, ol bolan ýagdaýy ýatlady.

– Nirä äkidýär? – diýip, onuň aýdýanlaryna oňly düşünmedik Aganazar, ýöne gezip ýören adamyň nämüçin tutulyp gapylyp alnyp gidilmesine düşünmän sorady.

– Olaryň internat diýen türmesi bar, biz ýaly çagalary tutup, şoňa ertip dykýarlar – diýip, Ýoldaşbaý beletlik bilen aýtdy.

– Çagalar üçinem türme bar diýsene!? – diýip, Aganazar biraz üýşenmek bilen iňkise gidip howpurgandy.

– Bar, hut öz gözüm bilen gördüm, özi-de ol bu ýerden uzakda hem däl, öňki nanbaýyň howlusynda ýerleşýär.

Şu pursatda harby NKWD-çi oglanlaryň ikisine-de howply ýagy bolup göründi. Aganazar şoňa dagy şundan soň haraý isläp ýüzlenäýen bolanlygynda başyna belany satyp alma boljak ekenligini bilip üýşendi.

– Sen indi nirä gitmekçi bolýarsyň? – diýip, birazdan Ýoldaşbaý ýene özüne mahsus parahatlygyny saklap durşuna Aganazardan sorady.

– Bilmedim...

– Barara ýeriň ýok-da onda?

– Bäri bärdä-hä ýok...

– Ýör onda senem bize goşulaý?! Alşire özüm aýdaryn. Men aýtsam, ol seni-de topara goşmaga razy bolar – diýip, ony özlerine ylykdyrmaga çalşyp, ynamly aýdy.

Aganazar Ýoldaşbaýdan beýle gepe garaşmandygy üçinmi nämemi, birbada oňa näme diýjegini bilmedi. Bir Ýoldaşbaýyň ýüzüne dikanlap, bir ýere gözläp oýurganyp durdy.

Elbetde, oňa nädibem bolsa kakasyndan bir habar bilýänçä, şu golaýda bolmak gerekdi. Ýöne ýat ýerde, ýat ilde ol amatly ýeri hany nireden tapjak?

Aganazar Ýoldaşbaýyň teklibini ilki birhiliräk görende bolsa, soňra başga-da bir çykalgasynyň ýoklugyny ýatlap, kaýyllyk bilen horjunyny egnine atyp, onuň yzyna düşdi.

Ykmanda oglanlaryň bolýan ýeri türmeden telim wagt ýöräp gitmeli alys bir ýer hem däl eken. Olar demir ýol boýundaky agaç bassyrmadyr demir bölekleri, tagta-kömür bolup duran, taşlanan sklad jaýlarynyň bir ýanyndaky, depesi birneme çöküp, aşak ýumrulan bassyrma astynda ýerleşen ekenler. Ýoldaşbaý Aganazary yzyna düşürip gelende, onuň ýoldaşlary nämedir bir zada göwün çaglaşyp, ortada pytrap ýatan bir ýerlerden ele salan almalardan alyp, gemrişip, hezil tapyşyp otyrdylar. Olar özleriniň düýnki horjunyny ogurlan oglanynyň Ýoldaşbaýy öňüne salyp gelýänini görüp, ony alnan zatlarynyň yzyndan haklaşmaga gelýändir öýdüşip üýşenişdiler.

Hemişe kimdir biriniň ahmallygyny alyp, onuň zadyny çilensoňlar, ol özlerini tanar, biler öýdüp, oňa duşmazlyga çalşyp, görseler-de görmedik bolardylar.

Oglanlar Ýoldaşbaýyň Aganazaryň öňüne düşüp gelýänini görüp, onuň Ýoldaşbaýa duşup, ony tananyny: “Hany görkez şol ýaranlaryňy!” diýip, mejbur edenligini pikir etdiler. Olar silkinişip-silkinişip ýerlerinde gopuşyp, Aganazaryň garşysyna durmaga häzirlenişdiler. Ýoldaşbaý howlukman gepläp, ýoldaşlaryna Aganazary näme üçin yzyna düşürip gelenligini düşündirdi. Onuň gelenini ilki görende has halamadyk Alişir hem şundan soň nämäniň-nämeligine göz ýetirip arkaýynlandy. Soňam pytrap

ýatan almalardan eglip birini aldy-da, ony Aganazara uzatdy.

– Al, me alma iý, soňunam soň görüberýäs! – diýdi.

Aganazar olaryň ýanynda birki gün bolansoň, öz wezipe-borjuna tiz düşündi. Olar esasanam türmäň töwereginde hem beýleräkdäki gök bazarda dilegçilik edip, sümsünişip gezýän ekenler.

Gabady gelende ogrulyk-jümrüligem olaryň iýmit çeşmesiniň biri eken. Çagalykdan ogry-jümrüleri ýanalyp ýazgarylyp edilýän gürrüňleri gulagyna guýlandanmy nämemi, Aganazar oglanlary özlerini hiç neneňsi görmese-de, olaryň pişesine pisindi oturmady.

Ýöne indi bolsa onuň özem ogry ýarany bolmaly boldy.

Kakasyndan derek bilmek islegi ony bu gününe-de kaýyl etdi. Öz niýet edişi ýaly hem ol bir günem ahyr ir bilen amat peýläp, bagyr ýüzli harby işine gelýärkä, ýüregi bire baglap, onuň gapdalyndan çykdy.

– Daýy, gaýrat edip, kakama duşursaňyzlaň meni ? – diýip, ýol üstünde özelenip, ondan haýyş etdi.

Bagyr ýüzli harbam ony tanady.

– Sen entegem bu ýerdemi?

– Hawa, daýy, gidip bilemok, gidere-de ýerim ýok. Kömek edäýiň-dä? – diýip, ol ýene-de tama bilen ýalbardy.

Bagyr ýüzli:

– Kömek!? – diýdi-de, oňa nähili kömek edip biljegini pikir edýäne meňzäp, ädiginiň göläň ýalanan tumşugyna meňzäp duran burnuna gözläp, bir zatlary ýada salyp, bir pursat dymyp durdy. Soňam: – Sen şu golaýlarda boluber, oglan, soňra gerek bolanyňda özüm seni çagyrdaryn? – diýip, bir hyýala münenini mälim edip gümürtik gepledi.

Işler düzelip barýan ýaly görnüp, bu ýagdaý biraz-da bolsa, Aganazary tamalandyryp ekezlendirdi. Özüniň ahyr soňy kakasy bilen duşurjak gowy adama duşanlygyny ynanyp begendi.

Ýoldaşbaý bilen gelenlerden ony-muny diläp, köw-söw edip harbynyň diýşi ýaly, onuň çagyraryna garaşyp, şol töwerekde geziberdi.

Günortanyň öň ýanynda köçäni ala tozan edip, türmäniň öňüne bir maşyn gelip saklandy. Ondan iki sany milisiýa harsa çykdy-da, töwereklerine garanjaklaşyp, gözleg salşyp ugradylar. Olaryň ilki gözüne ilenem Ýoldaşbaý bilen Aganazar boldy.

Milisionerleriň duýdansyz biri eýleden, bir beýleden gabalap gelenleri üçin gaçmaga-da maý bolmady. Milisionerler Ýoldaşbaýdyr Aganazaryň gollaryndan şapyladyp tutuşyp, südenekledip ertibem sen-men ýok, olary maşyna mündürdiler. Alişir bilen beýleki ýoldaşy bolsa, Ýoldaşbaý dagyň ele düşenini görüp, gaçyp sypmaga ýetişdiler. Maşynyň üstünde öňem bir ýerlerden tutulyp, gapylan üç oglan üýşenişip oturan eken. Şeýdibem, Ýoldaşbaýyň arz diňläp oturan harby NKWD-çi hakynda “Ol ykmanda çaga görse, milisiýa habar edýär” diýeni hakykat boldy.

Maşyna münülensoň, onuň üstündäki çagalara gözegçilik etmäge galan daýaw jozzuk ýüzli milesiýa Ýoldaşbaýy tanady. Ol şol öňki gezek Alişir ikisini gaçyryp, ät galan milisioner bolup çykdy. Milisioner Ýoldaşbaýy ahyr ele salanyna mes bolup, göwnühoş ýylgyrdy.

– Ahyr ele düşdüň gerek, bezzat?

Ýoldaşbaý hem ony bada ganapdy. Ýöne näme etjegini bilmän, sesini çykarman, ýüzüni aşak salyp durdy.

Milisiýa şundan soň ol ýene-de gaçmagyň amadyny gözleýän ýaly gördümi nämemi, Aganazar ikisini has ykjam saklamak üçin, ýaňsyly gülüp, olary öz golaýyna, öňe geçirdi. “Hany indem bir gaçyp görüň siz!” diýibem könäni ýatlap, öjügip gepledi. Şol gezek ol oglanlary gaçyrany üçin ýolbaşçylaryndan teýenelije igenç alan bolmaly-da.

Milisioner soň Ýoldaşbaýyň uçguryny sogrup aldy-da, onuň balagyny topugyna düşürdi. Uçguryň bir tarapy bilen onuň goşaryny daňsa, beýleki tarapyny maşynyň öňündäki söýesine daňdy.

Maşyn ýola düşüp ugransoň, jozzuk ýüzli milisioneriň Ýoldaşbaýa hasam jyny düşenligi belli boldy. Ol indem

Ýoldaşbaýyň ýalaňaç syrtyna şapbatlap uruberli göründi. Ony uýaldyp, köseýäninden lezzet tapýan ýaly, hezil edibem ýylgyrdy.

Ýoldaşbaý beýdip, maşynyň üstünde uýat ýerlerini sereşläp durmaga utanyp:

– Balagymy çekip beriň? – diýip, haýyş etdi.

Emma milisioneriň oňa düşünesi gelmedi, gaýta göhi gelme bilen:

– Ýok, seni şeýdip, şemalladyp äkitjek. Gaçyp, tezip öň bize uzakdan somlap görkezip ýören zadyňy, goý, indi şäherem görsün! – diýip, hezil tapyp, buduna şapbatlap güldi.

Aganazar bilen Ýoldaşbaýdyr beýleki tutulan eýesiz ýetim-ýesir ykmanda çagalary milisioner şol günüň özünde ertip, mekdep-internata tabşyrdy.

* * *

Ahmediň tutulyp alnyp gidileniniň habary toý ýere tupan buludy ýaly abanyp howsalaly geldi. Habary bu birinji çapyşykda öz toparyndan ozup saýlanyp indem, iň ýyndam aty anyklamak üçin täzeden atlaryň goýberilýän ýerine aýgytly çapyşyga giden atlylar getirdiler. Olar aňyrdan gelişlerine atlaryň çapyşyga goýberilýän ýerine ýetiberenlerinde bir toplum atlynyň Ahmet bilen ýene birini güpbasdy edip basyp, ilerligine alyp barýanlaryny uzakdan görüpdiler. Gelibem atlylar olaryň Türkmenistan tarapa, jeňňele girip gidendiklerini howpurganyşyp, aljyraşyp toý ýerine habar beripdiler. Bu habar gelende Akynýaz baý mertebeli myhmanlar üçin ýörite dikilen öýde oturan adamlar bilen hezzetdir-mylakatda bolup, toý toýlap otyrdy. Akynýaz baý çakylyk bilen daş çykan mahaly ol ula ugradylan iki atlynyň gapyň beýleräginde at derledişip duranlaryny gördi. Akynýaz baý atlylaryň aljyraňňy halyny görüp, olaryň oňly habarynyň ýoklugyny aňdy. Bir gowy bolup şagalaňly dowam edip duran toýuň bulanjagyna gynandy. Ony görenden atlylaryň ikisi iki ýerden oňa habarlaryny bermäge howlugyşyp geplediler. Akynýaz baý olary diňläp:

– Siziň özüňiz gözüňiz bilen gördüňizmi olary? – diýip,

munuň nähili bolup biljegine pikir edip durşuna käbir zatlary takyklamak isläp tekrarlap sorady.

– Esli aralyk bolan-da bolsa, anyk gördük. Olaryň ikis-ä owganly bolsa gerek, owgan lybasyndadylar, ikisem seleň telpek, garma gonly, olary öz türkmenlerimizdenmikä diýdik.

– Harby orus lybaslysy ýokmudy?

– Ýok, olar-a görmedik. Ýat atlylar öz aralarynda bir zat gepleşdiler, seslerini eşitdik diýsegem biz ýalançy, hiç zat eşitmedik.

– Derýa boýa inenleri bir anykmy?

– Gaty anyk. Onsoňam olar şeýle bir çalasyn hereket etdiler welin, başga ýene bir zatlar anyklara-da mümkinçilik bolmady.

Akynýaz baý atlylary diňläp, bolmasy işiň bolanyna göz ýetirip, häzirki ýagdaýda özüniň nähili hereket etjegine aýgyt edip: «Hümm» diýip, çokgaja sakgalyny gysymlap, bir pursat oýurganyp durdy. Şol barmana-da ol içerde Bürgüdiň hem oturanyny ýatlap, Ahmedi halas etmek üçin ýurt eýesi hökmünde ilki şoňa maslahat salmalydygyny ýatlady.

Bürgüt bu habary eşidip, omaça gemrip oturyşyna ýagly dodagyny aýasy bilen çalyp, elindäki omaçany lapykeç-nägilelik bilen öň ýanynda saçak gyrasynda goýdy-da, ahmal galanyna çeti gyzyp, sowetlere gahary gelip düýrükdi.

– Ahmet dagy nädip olaryň eline düşüp ýörkän, golaýa getirmän, serip taşlamaly eken-dä baryny! – diýip, onuň ýany ýaragsyzlygyndan bihabar gaýybana Ahmede janköýerlik bilen igençli käýindi. Bürgüt Ahmediň kimdigini bilýänligi üçin, ol barada hökümetiňem soňra: “Nädip şeýle adamy aldyrdyňyz?” diýip, özünden sorajagyny gowy bilýärdi. Bu bolsa onuň eýeleýän wezipesini oňarýanlygyny Kabul tarapyndan gönüden göni güman astyna alynmagy boljakdy.

Bürgüt şundan soň toýda uzak oturman tiz atlandy. Akynýaz baý hem öz adamlarynyň birnäçesi bilen onuň gidenine köp wagt geçmänkä, Ahmedi halas etmek üçin näme edilse, onuň bir tarapynda durmak üçin, Bürgüdiň galasyna gitdi.

Galada gyssag arada derýa boýuny syryp, jeňňel içini elek-soky barlamak üçin iki topar döredildi we olaryň biri galanyň sag tarapyny, beýleki birisi bolsa şondan Balamurgaba çenli derýaň ýokary akymyny barlamaga iberildi.

Bürgüt henizem bolsa, Ahmedi alyp gidenleriň yzyndan ýetip, ony alyp galyp bolar diýen inçejik tamadady. Şonuň üçinem ol bu işiň ýolbaşçylygyny göni öz üstüne alyp bek durdy. Ýöne hany seniň ahmallygyňy alyp, gerek daşyny ele salansoňlar, sowetler seniň haçan galyp-goparyňa garaşyp durýarlarmy? Toparlar talap edilişi ýaly, jeňňeli ilik-düwme görüp-barlap çyksalar-da, Ahmetden derek tapylmady.

Hanuma Ahmet bilen şuňa meňzeş bir ýagdaýyň boljagyny çen eden-de bolsa, ýöne ony özüniň sowetiň beýle oňyn atymyna getirip berenligini pikir etmändi. Emma boljak iş eýýäm bolupdy, özi-de, gör, nähili ýerine düşen hile-al bolupdy. Hanuma indi bireýýämden bäri toýda şeýle bir ýakymsyz habara garaşyp, ýüregini bükgüldedip, ynjalyksyz oturan hem bolsa ol habary eşiden mahaly:

– Waý, gara maňlaýym, indi sensiz biz näderis? – diýip, ör-gökden gelip, Ahmedi ýat edip, iki eli bilen ýüzüni penjeläp aglady. Endamyny şagga agyr der basdy. Ol öz arzuw edip ýeten bagtyny ýatyrma özüniň hemaýatda bolmagynyň elhençligine diňe häzir ähli dolulygy bilen göz ýetirdi.

Ahmediň sowetler alyp gidenligi barada toý ýere ýeten habarynyň yzysüre bu ýerde bir-biriniň üstüni ýetirýän ýarym çaklama gürrüňleriň birnäçesi döredi. Hanuma hem entek toý ýerden gaýtmanka, toý ýerde öý içinde oturan ýerinden Ahmet hakynda il içinde eýýäm şow alyp barýan bu gürrüňleriň bir çetini daş gulakdan eşitmäge ýetişdi.

Ahmediň oka aldyrmaz, özüne kölege saldyrmaz gaýratlylydygyny bilýän adamlar:

– Ahmet aňsat ahmallygyny aldyrmaly adam-a bolmaly däl. Şol öňki Ahmet bolsa-ha, ol üç-dördüň-ä golaýyna getirmänem atyp alyp ýatmaly – diýişseler, ýene birleri:

– Wah, ýanynda ýaragy ýok eken-dä onuň – diýip, ahmyrly janygýardy.

– Haý, aňkaw adam diýerler oňa. Häzirki döwürde-de bir okuňy-ýaragyňy ýanyňdan goýarlarmy? – diýip, oňa gaýybana igenýänýärdi.

– Ýok, ol ýaragsyz bolan bolsa, onda munuň bir çöp-ä bolmaly... Äkidenlerem sowetler bolsa, olar muny bir ýol bilen hökman gurnandylar... özem ol gurnalyşyga baş goşanlar diňe ilerde bolman, Pyraryda biziň öz içimizde-de bar bolmaly... Sowetiň jansyzlarynyň işi bolmaly. Häzirki döwürde şolar-a, hasam köpeldimikän diýýän owgan ilinde.

– Ahmet hyzmat görkezen adamdyr, beýdilenini bilse, owgan döwletiniň ýolbaşçylaram muny halamaz.

– Bürgüdi göreňokmy, habar ýeten dessine dabanyna ot basylan ýaly bolup, galasyna gitdendir görseň. Ahmedi halas etmek üçin, gör, indi ol nämeler etmez. Ahmet hyzmat görkezip, Owgan döwletiniň abraýyna dokunan ogul-a, ol...

– Aý, näme etselerem, indi giç bolaýmasa, eýýäm jeňňelde gezip ýören odunçylaň biriniň aýtmagyna görä, Ahmedi äkidenler ony öldürip, derýa atyp geçenmişler-ä...

– Onuň ýalyň ahyr soňy kysmaty şoldur-da...

Hanuma Ahmediň öldürilip, derýa atylyp gidilenligi baradaky gürrüňi eşidip, bu gürrüň ugrunda bar bolaýmasyn diýip, hasam alada galdy.

Daşarda iki-üç aýal elti-ýeňňe bolşup, öýüň gapdalyndaky ojakda ýag ýakyp, toýda saçaga salynjak pişme bişirip otyrdylar. Olary ýaňyrak Hanuma daş çykyp gelende görüpdi. Häzir bu gürrüňlere agyzlary gyzyp, öz golaýlarynda Hanumanyň hem barlygyny unudyp, küregenledip gep tozadýanlaram şolardy.

Şundan soň Hanumanyň toýda oturyp mazasy bolmady, ol öz derdi bilen ikiçäk galyp, bolan-goýany giňişlikde ýene bir gezek ölçäp-dökmek üçin, aglak çagasyny bahanalap, öýüne dolananmak bilen boldy. Toý eýesi Akynýaz baýyň aýalyndan rugsat sorady. Akynýaz baýyň aýaly, adamsynyň Bürgüt bilen

bilelikde onuň gözlegine çykmaga gala gidenini aýdyp, olar ugruna çykansoň, iş bitmän galmaz diýen hörpde oňa göwünlik bermäge çalyşdy.

Hanuma çagasyny alyp, Ahmediň iki ulujasyna: «Siz entek toý sowulýança bärde boluberiň, soň Nury dagy bilen bararsyňyz!» diýip, gyssanyp öýüne gaýtdy.

Ahmetden bolsa ne şol gün derek tapyldy, ne-de şol günüň ertesi.

Hanuma şundan soň Owgandaky durmuşyň özi üçin doly gutaranlygyna göz ýetirdi. Indi "Essiň barka, etegiňi ýap" diýen akyla eýeräýmekden başga alaç galmandy.

Ýat ilde häzir ol köplere ýetdirmeýän barlyk-harajatyň eýesi bolup galan-da bolsa: "Ahmetsiz durmuşy başyma ýapaýynmy?" diýip, ähli zatdan geçip gitmegiň pikirini etdi. Şeýdibem, onuň üçin bu ýerde alasarmyk hupbatly günler başlandy. Hanuma indi näden nä boljagyny pikir edip, gijeleri ýatman geçirýärdi. Özüne halys ruhdan düşmezlik üçin mahal-mahal «Näçe gün bolsamam şagalyň şamlygynyň däl-de, ýolbarsyň awunyň başynda boldum, tabagynyň çemçesi boldum» diýip, özüne göwünlik berýärdi. Ahmetli günleri ömrüniň gowy döwri hökmünde küýsegli ýatlaýardy. Çagalar bolsa, kakasy bilen näme-nämeleriň bolanyny çalarak eşitseler-de, ýöne muňa oňly düşünip bilmeýärdiler. Şonuň üçinem olara kakalarynyň ýene-de bolup, gaýdyp gelinmeli sapara giden ýaly görünýärdi. Diňe biraz akyly ýetenräk Geldi welin biraz aklyýeteräkligini edip, töweregindäki adamlaryň keýpsiz hallaryny görüp, kakasynyň bu gezek adaty sapara gitmedigini syzýardy.

Elbetde, indi Owganda durarlyk galmandy. Mümkin boldugyndan, bu ýerden, onda-da tiz garaňy saýlamalydy. Hanuma indi Ahmediň tutulmagy-gapylmagy bilen bagly ýumagyň syry çözlenip ugralsa, onuň öz etmişiniň üstüniň açylmagynyň hem mümkinligini pikir edip howatyrlanýardy. Nazar Gurt ýalyny serhetde pelteňler ele salyp gyssasalar, oňa ähli zady aýtdyrman goýmajaklaryny bilýärdi. Hanuma eýýäm

şol günden assa-ýuwaşdan gizlin ýol şaýyny tutup ugran-da bolsa, ol ýene-de barybir bir hepde-on gün Owgandan göterilip gidibermegiň ebeteýini tapmady. Ahyr ýola düşmek kararyna gelen güni ol ugraýançalar çagalar ukularyny alsynlar diýip, Geldi bilen Jymmyny iýdirip-içirip, irgözünden ýatyrdy. Olar ýatyp, gözleriniň awusyny alýançalar özi daşaryk gidip, Ahmediň atyny eýerläp, onuň öňüne bir petde ot taşlap, ýola taýynlap geldi. Öýi aýlanyp ýola gerek derwaýys zatlary ýatlap-alyp, olary azyk ýeneki bilen horjuna salyşdyryp jemledi. Gijäniň gaýry bir mahaly, çagalary turzup, iýdirip-içirip taplansoň, Donlyň aýalyna-da düýn gep arasynda «Biziňem öýden habar alyp duraweriň!» diýenini ýatlap, ýeriň pesi bilen atlanyp, ýola düşmek bilen boldy.

Hanuma horjuny eýeriň üstüne atansoň, Geldidir Jymmyny syrtyna artlaşdyryp, guşak bilenem olar gaçyp-sypmaz ýaly daşlaryndan aýlap, özüne berkitdi.

Ukuda ýatan gundagly oguljygyny oýarmazlyk üçin, usul bilen eline alyp, ony aýratyn bir yhlas bilen ezizläp, höwes bilen kükregine ýaplady. Çagajygam şu pursatda akyl tapyp, obadan ýagşy çykylýança oýanmadam, adaty çarbaýlygyna-da tutmady. Hanuma çola köçe bilen obanyň ileri başyna çykansoň, atyň başyny Söýünala tarap öwrüp, aşaklygyna derýa boýuna sürdi.

Derýa ümsümden tereňdi. Hanumanyň özi gaçyp sypmak üçin amatly boljagyny peýläp, hut şu il ýatyp, it uklan pursadyny saýlap alypdy. Ileri tarapdan gelýän derýa şogurdysy jeňňel süňňünden süzülip basyksy eşidilýärdi. Asman ýyldyzlaryň barha sany artyp, olaryň bazary barha gyzmak bilendi. Süýnüp-sarkyp eda bilen ýokarlygyna göterilip barýan Aý, hamala, aşak etekdäki ýapgydyň depesine çykansoň, şol ýerden aşaklygyna taýarly bolup, baýyrlarynyň ýokarsynda köw salyp ýör. Edaja sergin şemal daň şemalynyň öňi bolup öwsüp, ol jeňňel içinde agyn düşnüksizden syrly şygyrdy-pyşyrdylary döreden eken. Tizräk Pyrarydan daşlaşmak üçin aty tendar sürmäge howlugyp gelýän Hanuma özleriniň häzir başga bir ýere däl-de, Söýünala barýandyklaryny pikir etmek obadan Ahmediň ýanyna – Owgana

gaýdanlaryndakysy ýaly ýene-de ýakymly boldy. Ahmede indi özüne duşjagy-duşmajagy gümana bolsa-da, Hanumanyň onuň çagalaryny dogduk mekanlaryna, ýakyn dogan-garyndaşlaryň arasyna sag-aman aşyrasy gelýärdi. Hamala, ejesiniň bu isleg niýetine nähilidir bir ene-çaga bilen bagly bilinmeýän raýdaşlyk kanuny bara meňzäp, häzir hatda aglak çaga hem obadan ýagşy saýlanýança aglamady.

Hanuma Söýünalynyň duşuna ýetmän, derýadan geçmek üçin amatlydyr öýden ýerinden at başyny ilerligine aldy we ony jeňňeliň alaň-açygrak ýerlerini aralap, derýa tarap sürdi.

Barşyna-da aňynda derýadan aňsadrak geçmek barada oý edip, ozalky Anna pälwan bilen derýadan geçenlerinde onuň: “Suwuň batly gyssanyp, şogurdap akýan ýeri, onuň özge ýerlerinden biraz ýalpagrak bolup, ol geçmek üçin amatlydyr” diýen maslahatly gepini ýatlap, derýaň has seslenibräk akýan ýerini peýläp diňirgendi.

Säher şemaly gamyş başlarydyr töwerekdäki toraňňylaryň ýokarky şahalaryny sähelçe göwünli-göwünsiz herekete getirip oýnaýan-da bolsa, gabal-gabal bolup oturan jeňňeliň içi henizem ozalagşamkysy ýaly kapasdy.

Şol arada burunjygy dykylyp dem almasy kynaldymy nämemi, birazdan bäbejigem oýanyp, hyk-çokyna başlady. Hanuma onuň öňküleri ýaly üznüksiz agy çarbaýlyga tutduryp, öz syrlaryny paş etmeginden çekindi.

Onsoň haýsydyr bir eşiden gulagyň: “Bu näme boldugy?” diýip, özleri bilen gyzyklanyp ugramagyndan çekindi. Çykalga hökmünde dessine göwsüniň birini çykaryp, ony çagajygyň agzyna berdi. Aňyrky kenara aşylýança şundan soň onuň rahatlyk tapyp ynjaljagyny tama etdi.

Eger bu garaşylmadyk çaknyşyk-harasady duýdansyz, onda-da golaýda gopmadyk bolanlygynda, olar bilniksizden sag-aman öz kenarlaryna aşsalaram aşardylar. Emma derýanyň aňyrky tarapynda kimdir biriniň: “Gaç!” diýip gygyran howsalaly sesiniň yzysüre adamlaryň pažžyldaşyp, özlerini yzly-yzyna suwa

oklanlygy eşidildi. Munuň yzysüre-de sag kenardan “Stoý, dur, atýan!” diýen hökümli sesler eşidip, yzly-yzyna birnäçe gezek tüpeň atyldy.

Hanuma tisginip gitdi. Dessine-de çagalary goraglap aladalandy.

Haýsydyr bir serhetden geçmekçi bolanlaryň serhetçilere uçranlygy belli boldy. Bu bolsa soňra bir pursat iki taraplaýyn atyşygy ýazdy. Hanuma bärden atylýan oklaryň öz golaýlaryndan atylýanyny görüp, munuň özlerine-de degäýmeginden gorkup hasam hopukdy. Bu ýerden tiz ara açmak üçin at başyny ýeňsä alyp gyssandy. Bir eli bilen bolsa indi çir-çir aglaýan bäbegiň agzyny tutup, onuň sesiniň diňdirmäge çalyşdy. Ýene birde näme ederini bilmän, çagajygyň emmesini gyssanyp onuň agzyna sokdy. Emma emmesiniň ujy agzyna has gaty sokulyp, çagajygy aplykdyrdymy nämemi, ol şundan soň raýly ýaly jaýlap elde-aýakda sakladarly bolman, has beter aglady.

Şundan soň Hanuma ozalky hiç kime duýdurmazdan derýadan geçerin diýen pikiriniň başa barmadygyna göz ýetirdi. Belki, şu çaknyşyk bolmadyk bolan bolsa, onuň maksady başa barsa-da barardy. Hanuma diňe häzir ileri bilen öňünden habarsyz, bilniksizden ýola çykanyna ökündi. Habar edilmänsoň, onuň üç çaga bilen gaýdyp gelýänini kim bilsin. Eger onuň gelýänligi ilerde bilnen bolanlygynda hut kontrrazwedçik Sarkisowyň özi onuň öňünden çykyp, derýanyň ortasynda garşylamazmydy?! Onuň iş bitiren jansyzynyň gadyryny bilmejek gümany barmy!?

Ozal-ahyr ýazgyt şeýle bolmaga çemli.

Emma indi aňyrdan atylýan oklar çaga agysynyň gelýän ýerinden çen alnyp atylýardy. Serhetçiler çaga agysyny eşidip, ony şol ýaňky özlerine baş bermän gaçanlaryň maşgalasy hasap edip, olaryň hem bolsa şol töwerekden uzakda bolmaly däldiklerini çen edýändikleri belli boldy.

Oklar indi juwlaşyp, Hanuma dagynyň bir gapdalyndan, bir depelerinden geçýärdi. Çaga wagtynda diňmese, indi ol oklaryň birden-biriniň bulara-da degjeginiň ujy iki däldi. Hanuma

bolsa indi oguljygyny diňdirjek bolup kösenme kösendi, ha ony kükregine ýaplady, ha-da aýasy bilen onuň agyzjygyny gapaklap gördi. Emma aglak çaga welin, öz agysy bilen özleriniň niredeliginiň garşy kenardakylara salgy berip goýarly däldi.

Ine, indi şeýdibem Hanumanyň öňünde dört bolup, okdan uçmalymy ýa-da mümkin bolan az pida bilen derýadan geçmelimi diýen kyn sowal peýda bolup keserdi. Burram-burram bulut bolup kalbyny tutan agyrdan-agyr küý-köçeler şundan soň näbelli bir güýç bolup, Hanumanyň kalbynda tutan bet maksadyna bat berdi.

Hanuma şu pursatda Taňrynyň özi bilen, ýüreginiň üsti bilen, gepleşenini duýsa-da, ýöne onuň anyk näme maslahat berenini welin gyssag arada aýgyt edip bilmedi.

Başga-da bir yş baram bolsa, häzir olam Hanumanyň daralyp gubar bürän kalbyny nurlandyrmady. Ene-de bolsa onuň kalby doňňara daşa öwrüldi.

Hanuma saňsar halda aty derýa salyp barşyna: “Haý, bolmady-ow!” diýip, bir nagra çeken mahaly onuň on iki süňňi lerzan alyp elendi.

Şundan soň ol çaganyň daşyna dolanan ýorgançasyny ýüzugra aýryp aldy-da, ony eliniň tersi bilen bir gapdala yrgydyp goýberdi. Soňam çagajygy bir pursat bagryna basyp saklady. Bu onuň jigerbendi bilen hemişelik hoşlaşmasy boldy.

Hanuma ogluny kükreginden bölüp aýransoň, näme edýänine hem aň edip bilmeýän ýaly, doňýüreklik bilen dogumly hereket etdi.

Çagajygy nädibem bolsa sem etmek üçin, onuň aýajyklaryny bir eli bilen jüpläp tutdy-da, juwlaşyp töwerekden geçip duran oklaryň arasy bilen suwdan geçip barşyna at üstünden ony dikbaşşak edip, eýeriň gapdalyndan suwa sallady...

Şol pursatda onuň ynsan-a däl, özüniň enedigini hem unudanlygy belli boldy.

Hanuma derýanyň aňry kenaryna golaýlaşyberende aplygyp, ses-sedasyz dem-düýtsüz oguljygyny suwdan çekip, alyp, onuň sowan tenine ahmyr bilen täzeden bagryna basdy. “Mendenem

bir ene bolarmy!?” diýip, soňundanam puşman baryny edip, içigip-içigip sessiz aglady.

Çaga agysy galansoň, serhetçileriňem bulary alyp ýatandyklaryny pikir etdilermi nämemi, karar tapyp, ok atmalaryny bes etdiler.

Bu öwrede onsuzam Ahmet alnyp gidileni bäri iki taraplaýyn atyşyklar has köpelipdi. Bürgüdiň Ahmedi derekläp, Owgan döwletiniň adyndan sowet NKWD-siniň ýolbaşçylary bilen geçiren gepleşiginiň hem netijesiz bolup, bu golaýdaky sowet-owgan gatnaşyklarynyň towuny ýagşy ýetiripdi. Hemişe ýaragynyň okuny özüniň tapmalydygy üçin ony gysganyp ulanýan pelteňler hem Bürgütden degerli buýruk alanlary bäri, oklaryny öňküler ýaly, garşydaşlaryna gysganyp atmaýardylar. Sowetiň tykyna tyk etmäge çalyşýardylar.

Ahmediň alnyp ýatylmagy, bäbegini ýitirmegi bilen durmuş Hanuma üçin diňe bir tagam-lezzetini däl, öz many-mazmunyny-da doly ýitiripdi.

Indi onuň buýsanyp söýen söwer ýary-da ýokdy, ak arzuwlara besläp ezizlän balasy-da. Hatda söýgüli ýaryna beýle içden çykmaz hyýanat edeni üçin, indi onuň Ahmediň çagalaryna eýe çykmaga-da, Söýünala dolanyp barmaga-da, ne ýüzi bardy, ne haky. Bu onuň doly paltasynyň daşa urulmasy boldy.

...Bally serhet galasyna gyssagly çagyrylyp getirilende, iki-üç ýyl mundan ozal şar-gara saçly Hanumanyň ak saçly aýal bolup, Geldidir Jymmynyň egninden gujaklap, saňsar halda perişan bolup oturanyny gördi. Bally Ahmediň çagalaryna hossar çykyp, olary alyp gitmekçi bolanda Hanuma oňa özüniň saryk börüginiň atynjasyna dolanyp, beýleräkde goş bölegine meňzäp ýatan düwünçegi görkezip:

– Şolam siziň biriňizdi, onam äkidiň-de, öz öwlüýäňizde jaýlaň! – diýip, ysgynsyz dillendi.

Şu pursatda Hanumanyň ýürek ýarasyna ýene-de bir gysym duz atylyp, ýüzi solup, hasam köneldi.

* * *

...Hanuma Sarkisowyň kabinetinde onuň stolunyň garşysynda soraga getirilýän adamlar üçin goýlan stulda başyndan geçen gabahat ýagdaýyň täsirinden çykyp bilmän, ýüzüni sallap, doňňaradaş bolup otyrdy.

Hanuma bilen bu ýerde gürleşip oturan Sarkisow “Men häzir!” diýip, ýaňyrak ony jaýda ýeke galdyryp, daş çykypdy.

Ol çykanyna mähetdel Hanuma ýene-de özüniň höwes edip, Ahmede gowşan, är-heleý bolup ýaşan Owgan durmuşynyň ýatlamasyna berildi.

NKWD-äniň toruna çolaşyp, söwer ýardan, balasyndan jyda düşüp, tüwmaýak galanyny, wagtynda bu ýagdaýy ilik-düwme seljerip, onuň öňüni almaga çalyşmanlygyny, soňra bolsa daradirelikde muňa mümkinçiligiň hem bolmanlygyny ýüregine gan öýdürip pikir etdi.

Sarkisow eli bir tagta kagyzly aňyrdan gelenden ýene-de öňki gürrüňini dowam etdirdi:

– Nazar bize ýetirdi. Owganda seniň öňki adamyň hem tapylyp, Ahmet ýok wagtyndan peýdalanyp, alyp gitjek bolup, seni süýräp, ile masgara edenini... Ilki başda operasiýa taýynlanylanda, onuň ol ýerde barlygy belli bolsa-da, biz ony hasaba almandyrys. Dogrusy, bu mesele beýle öwrüm alar öýtmedik-dä... Nazar habaryňy getirenden bizem gijrägem bolsa, bu işiň ugruna çykdyk. Oglanlaryň birki sanysyna: “Gaýdyp, Hanumaň töwereginde şol görünäýmesin” diýip, tabşyryk hem berildi.

Sarkisow göwünlik berijilikli düşünişmä meňzeş gürrüňini tamamlansoň, gapynyň ýeňsesinde duran esgeri çagyrdy-da, oňa: “Şol Owgandan getirilen haltany getir!” diýip buýurdy.

Sarkisowyň buýrugy bilen birazdan esger daşy şiredir gan ýokly haltany getirdi. Haltanyň agzy açylanda, onda bir adam kellesiniň togarlanyp ýatany göründi. Hanuma garalyp, reňkini üýtgeden kelläni onuň aňňal orak bolup duran burnundan, bitik gür gaşyndan zordan tanady.

Ol Atanepesiň kellesidi.

Hanuma ony görenden “Hih!” diýip hopugyp, dessine ýeňsä çekildi.

Sarkisow häzikri pursatda onuň bu ýere tabşyrygyň ýerine ýetirilmeginiň şaýatnamasy hökmünde getirilenligi bilen baglap, ýene-de bir zatlar diýdi. “Ýöne men guraýyn” diýip, aglap maňlaýyna uran Hanuma soňra onuň gepini eşitmedi.

Şol günüň özünde Tagtabazar NKWD-si emele gelen ýagdaýa görä Hanumany bu ýerden başga bir ýere ugratmak üçin, Mary oblast NKWD-sine teklipnama taýynlady. Bu Hanumanyň Tagtabazardaky durmuşynyň üstünden ätlemesi boldy.

* * *

31-nji barak sürgün obaçylygyndaky durmuş olaryň bu ýere getirilenine eýýäm 4-5 ýyl geçip barýanlygyna seretmezden, henizem öňküsi ýaly döwlet tarapyndan ýörite kabul edilip bellenilen kada-kanunlaryň çäginde, NKWD-äniň gözegçiliginiň astynda saklanylmagyny dowam edýärdi. Ýöne töwerekde bolýan azda-kände üýtgeşikliklerden jemläp çen tutsaň welin, bu ýerdäki durmuşyň hem edil gyşdan soň gar-buzuň aşagyndan gök salyp, ýazyň galkynyp, öz-özünden bat şüweleň tapyp, joşgun alyp ugranlygy hem duýulýardy.

Sürgünleriň tapgyr-tapgyr SSSR-iň dürli ýerlerinden bu ýere getirilmegi soňra 31-nji barakda ýeterlik işçi güýçleriniň jemlenmegine, bu jelagaýda köpçülikleýin alnyp barylýan joşgunly zähmet güýjüne öwrülipdi.

“Adam eli gyzyl gül” diýleni, sürgün adamlary sanlyja ýylda özleriniň janaýanazlykly zähmet tagallalary bilen, boş çaňap ýatan gazak tarp ýeriniň uly bir bölegini, hasylly ekin meýdanlaryna öwürmegiň hötdesinden gelipdiler.

31-nji barak obaçylygynyň ady ilki birki ýyldan “Zernasowhoz Rodina”, soňra onuň köpmilletlidigi göz öňüne tutulyp, “Internasionalnyý” diýlip, adaty kolhoz-sowhoz

atlaryna meňzedilen hem bolsa, ol henizem ähli ýerde 31-nji barak, komendant Şadmanowyň sürgünleri diýlip tanalýardy. Bu hili dartgynlylyk, esasanam, sürgünleriň saklanylýan şertleri, alyp barýan işleri bilen baglanyşylykda öňki ýagdaýynda saklanmagyny dowam etdirýärdi.

Komendant henizem, hamala, sähel edilýän talapy gowşadaýsa, adamlar öz etmeli işlerini etmekden boýun gaçyraýmaklarynyň mümkinligini pikir edýärmi nämemi, onuň aňsat ilki başda goşaryna bek dolan erk-ygtyýar jylawyny elinden goýberesi gelmeýärdi. Ähli zady şol bir hörpde saklamaga çalyşýardy. Onuň üçin hemmeler henizem gözegçilik astynda saklanylmaly sürgündi. Hatda ol indi telim wagt bäri hojalygyň özi bilen deň keşigini çekişip ýolbaşçylyk edýänliklerine, ýakyndan bäri bolsa onuň sowhoz direktory diýlip, ýörite karar bilen ýokardan bellenendigine seretmezden, Reşetnikow bilen bagly hem bir zat göwnüne ýaramasa ol: "Sürgün Reşetnikow.." diýip, onuň al petinden alyp, kimligini ýadyna salyp, ýerinde oturdardy.

Emma hakykatda welin, "Adamlar ýere çekdi, suwa çekdi..." diýleni bolup, ýat ýerde olum alşyp, düýp tutuşyp, ýagdaýa werziş bolşup, öwrenişip, ornaşyp ugrapdylar. Sürgüne getirilenleriň bu ýerdäki bir-birlerine düşünişip, agzybirlikde çekýän janaýamazlykly zähmeti her ýyl ýygyp-ýygnan, daşap-äkidip gutaryp bolmaýan ýüzläp tonna bugdaýa, onuň gapdaly bilen ekilýän, kartoşka, nohuda, çowdara-da dönüp, döwlet saçagyna önjeýli bereket-baýlyk bolup goşulýardy. Bu döwürde iki sany ýörite sygyr fermasy-da döredilip, sowhoz döwlete süýt-ýagynam münneläp tabşyrýardy.

Adamlaryň şeýle ähli ýerlerde bir-birleri bilen sözleşip, düşünişip işläp, bereket tapmaklarynyň esasy sebäpleriniň ýene birem, gelenleriň belli bir derejede dil öwrenip, bir-birleri bilen düşünişip, ýakynlaşyp ugramaklarydy.

Öňler komendantdyr başlyk köpçülige bir zady düşündirmekçi bolanlarynda dilmaçlary tazy ýaly edip ýanlarynda

saklap, yzlaryna düşürmeli bolan-da bolsalar, indi bu tagallanyň hökmanlygy aradan aýrylyberipdi.

Şeýle-de adamlaryň ýaşaýan ýerleriniň, edýän işleriniň bir bolup, ykbal birliginiň netijesinde indi halkyň diňe bir düşünişmesem däl, hüý-häsiýetleri-de bir-birlerine ýakynlaşaýan ýaly bolup görünýärdi.

Emma hökümet bu adamlary iş ýüzünde sürgünlige berip, özünden bir çete saýlap aýran-da bolsa, ýöne onuň bularam öz syýasatyndan welin çetde goýmakçy däldigi assa-ýuwaşdan barha gowy duýlup ugrapdy.

Adamlaryň sürgüne gelenlerine köp wagt geçmänkä obada mekdep açylyp, onda çagalaryň uly tutum bilen okadylyp ugralmagy sürgünleriň durmuşynda uly hadysa bolupdy. Ýogsam ýanalyp, sürgüne berlen adamlaryň beýdilip, çagalarynyň ertirki gününiň aladasynyň edilmegi kimiň ýadyna düşen zatdy.

Bu bolsa düşnüksizden tapmaça häsiýeti sowet syýasatynyň sürgün çagalaryna-da eýemsirenip, olary ertirki güne taýynlap ugramagynyň başlangyjy bolupdy. Şeýdip sürgün çagalary hem ertirki kommunizm gurjak, geljegine uly ynam bildirilýän adamlarynyň hasabyna geçirilmegi halky ertirki güne tamalandyrypdy.

Hökümetiň öz çagalaryna edýän bu aladasy sürgünleriň arasynda minnetdarlyk, giň makullama tapypdy. Oba gazet-žurnallaryň yzygider gelip ugranynyň yzysüre bir ýerlerden sim-telefon çekilip, sowhoz kontorynyň öňünde bir sütün agaç peýda bolup, onda wagtal-wagtal, syýasat şadyýanlyk edip, aýdym-saz-da berip oturan radio hem peýda bolupdy.

Seýregrägem bolsa ýerli artistler sürgün obasyna gelip, bu ýerde aýdym-saz bilen göwnühoşluk edip giderdiler. Hatda bir gezek Almatanyň il içine aýlanyp, konsert berip ýören ussat aýdymçy-bagşylary hem gelip, diňe bir orus dilinde däl, şonuň bilen birlikde gazak, tatar, ukrain aýdymlaryny hem ussatlyk bilen ýerine ýetirip, obany toýhana öwrüp, uly göwnühoşluk edip gidipdiler.

Oba oglanlary olar gidensoňam, telim günläp olaryň ýatda galan aýdym setirlerine öýkünip:

Karly kaş, Karly kaş.

Söýdüm seni, Karlygaş!

– diýşip, hoş bolşup, hiňlenişip gezipdiler.

Oba çagalary bolsa radio peýda bolany bäri, oýun oýnanlarynda hem şol radionyň töwereginde oýnaýanlaryny kem görmeýärdiler.

Sürgünleriň arasynda kinonyň gadyry welin hasam başgaçady. Her aýdan, her bir ýarym aýdan aýlanyp gelnip görkezilýän kinonyň gelmegine bolsa oba hemişe höwesdi, Aýa-Güne garaşan ýaly, onuň gelerine sabyrsyzlyk bilen garaşylýardy.

Häzirki tomus günleriniň birinde ýene-de kino gelip, obany begendirdi. Kinony bu gezegem şol şilliňden uzyn, kellesi kiçijek, içinden öl ötmeýän ýaly hortap, gyz adyna meňzeş Ýuliý atly kinoçy getirdi.

Bu gezegem günortanyň öň ýanlaryndan ol hemişeki düşýän ýeri mekdebiň gapdalynda kino görkezýän gurallary, çast salnan demir gapyrjaklary bilen şakyrdap maşyndan düşenine köp wagt geçmänkä, oba çagalary ýene onuň töweregini gallaşyp ugradylar.

Ýuliý gelşine gurallaryny jemläp, bir ýerde goýuşdyranyna mähetdel, ýene-de ilki sowhoz ýolbaşçylaryna özüniň geleninden habarly etmek üçin, hemişeki edişi ýaly, göni kontora bardy. Soňam ol iki sany ak kagyzy aldy-da, onuň ýüzüne öz getiren kinosynyň adyny oňa sygdygyndan uly harp bilen nygtap ýazdy. Ýazan ýazgylarynyň hersini adam-garanyň köpräk gelýän ýeri hasap edibem, olaryň birini dükanyň töwereginde, ýene birini kontor jaýynyň girelgesiniň gapdalyndan asdy.

Çagalar Ýuliniň bu işlerini birýüzli edenine mähetdel, ýene-de oňa nähili kino getirenligini biljek bolşup, sorag berşip ugradylar. Ýene-de ilki kinoň uruşlymy, uruşly däldigi bilen gyzyklandylar. Ýuliý bolsa, hamala, ol barada öňünden gürrüň berip, kinonyň gyzygyny çagyrmak islemeýän ýaly, gürrüňi kinonyň göni üstünden ertmän, töwereginden aýlap, onuň many-mazmunyny öňünden aýtmaga gyssanmaýardy.

– Ine, görersiňiz gowy kino, uruşly ýerem bar, oglan bilen gyzyň söýüşýän gyzykly ýerlerem – diýip, tapmaça gepläp, höwes bilen getiren kinosynyň gadyryny artdyrardy.

Çagalar barybir tä kinony görýänçäler, Ýuliniň töwereginden aýrylmazdylar.

Aslynda kinonyň habaryny ýetirmek üçin, Ýulä onuň adyny hata ýenekä ýazyp, köpe aýdyňlyk ýetirmek üçin alada etmegiň uly bir geregi-de ýokdy. Çagalar eşitdimi bes, bu eýýäm begençli hoş habar bolup, onuň tutuş oba ýaýranlygydyr. Onuň habarynyň nähili ýaýranyny asyl duýmanam galarsyň. Bir görseň, ony eýýäm derýa boýundaky sygyrýatakda işleýänlerem, ot çekip, mal bakýany ýokdur, obanyň golaýynda skladlarda işleýänlerem, at ýataga gelip gidýänlerem eşidendirler. “Kino gelipdir eşitdiňmi?.. Ha, öňküsi ýaly bir gowy kino getiren bolagaýdyr” diýşibem adamlar şol pursatdan onuň höwesine berlişip ugrardylar. Bu bolsa giçlik her gezek kino görkezilýän ýere üýşüşilip ugralanda Wolkowyň maşgalasynyň yzyna düşüp gelýän itini görenleriň onda eşitmän galan ýokdur diýýän äheňde:

– Hatda Wolkowyň item eşidipdir! – diýşip, keýpihonlyk bilen edilýän degişmä hem sebäp bolupdy.

Bu gezek kinonyň habaryny öz barak toplumlaryna Allanazar alyp geldi. Ol fermada işleýän ýerinden günortanlyk edinmäge öýlerine gelýärkä, mekdebiň gapdalynda oglanlaryň tanyş kinomehanigi Ýuliniň daşyny alyp duranlaryny görüp, olaryň ýanyna sowlupdy. Ol hem bu habary gele-gelmäne baraklarynyň öňünde ilki duşan synpdaşy Ýulka buşlady:

– Ýulka, eşitdiňmi, kino gelipdir.

– Wa, gowudygyny – diýip, Ýulka muňa diýseň begendi. Hatda onuň gyýmalyrak tatar gözleri şu pursatda bir gowy bolup buldurabam gitdi. Eşiden gepini has takyklamak isläp, soňam höwes bilen:

– Öz gözüň bilen gördüňmi? – diýip, ondan çintgäbem ýene bir gezek sorady. Allanazar Ýulkanyň muny gep ugruna soraýanyny bilse-de:

– Ýok, başga biriniň gözi bilen gördüm – diýip, onuň soragyna ýaňsylabrak jogap gaýtardy.

Hoş habary eşidip, Ýulka şundan soň galkyjaklap, guş bolup uçarly göründi. Allanazar gapylaryndan girip barýarka, ol eýýäm bu habary tizräk jorasyna ýetirmäge howlugyp: “Bianna, Bianka!” diýip, Reşetnikowlaryň gapysyny kakyp durdy.

Bu gezegem “Toý diýilse, tykyr kelle togarlanar” diýleni bolup, ak öýländen kino görkeziljek ýeriň mähellesi köpelip ugrady. Her kim irräkden baryp, kinonyň has gowy görünýän ýerinden özüne, dogan-garyndaşyna amatly ýer bellejek. Kino oba seýregräk gelýänindenmi nämemi, ol her gezek getirilende, aýak ýeterden uzakda, polewoýystanlarda iş başyndakylar ýa-da gaýragoýulmasyz başga bir işi bolup ýören adamlar bolaýmasa, adamlary aňsat duşdan geçirmezdiler.

Hemmeler, ine, şeýdip her gezek kino gelende, bir pursat, hamala, aňyrsynda syrly bir zadyň bosagasyndan ätleýän ýaly, üýtgeşik bir pursady başyndan geçirýärdiler.

Bu gün giçlik ol ýere ýetmäge howluganlaryň biri-de Bianna bilen Ýulýa boldy. Olar ejelerine özleriniň irräkden gidip, ýer tutjaklaryny bahana edip, hersi özlerine hem ejelerine niýetläp, iki oturgyç alansoňlar, Allanazaryň hem entek fermadan gaýdyp gelmedigini pikir edişip, gapylaryny kakyp, hemişekileri ýaly ondan habar almazdan, ol işden kino barsa gerek diýşip, gyssanyşyp ýola düşdüler. Onsuzam daş-töwerekde eýýäm ibirtde-zibirtlik başlanypdy.

Iki jora jammyldaşyp gepleşip, gapyny jygyldadyp çykanlarynda Allanazar öýdedi. Ol ýaňy irräkden işden gelip, ol ýere ajarlyrak geýimlerini geýip, gitme hyýal bolup durdy. Kakasy işdedi. Oguljuma bolsa ýygnak diýlip, hökman barmaly ediläýmese, kino-ýenekä barybam ýörmeýärdi. Ýöne “şow-şowa” goşulyp, birki gezek Dypbalam agasy Allanazar bilen kino barypdy.

Allanazar goňşy gyzlar uzaklaşmanka olaryň yzyndan ýetdi. Gelşine-de göterişmek üçin, olaryň hersiniň elinden bir oturgyjy kakyp aldy.

– Hä, goňşular, maňa garaşman, baryp ähli gowy ýeri bir özüňiz eýelejek bolýaňyzmy? – diýip, henek atdy.

Gyzlar onuň gepine görä:

– Eýsem, näme? – diýşip, jogap berensoňlar, ondan: “Hany Dypbaly, ýa ejeň bilen barýamy?” diýşip, ýerli-ýerden gyzyklanyşyp soradylar. Diňe Allanazar däl, olaram Dypbalyny gujaklap, ýakalap oýnamagy gowy görerdiler.

– Oňa aýtmadym. Aýdan bolsam-a “Menem” diýip, bir dyzab-a galardy. Äkitsemem öňküde özüňiz gördüňiz-ä, kino ortalap-ortalamanka ol uklap galýar. Onsoň ony öýe göterip, alyp gaýtmagam bir iş– diýdi.

Gyzlar Dypbalyň kinoda hezil edip, mysylap uklap ýatanyny göz öňüne getirdilermi nämemi, Allanazara dessine düşündiler.

Kino gelenine göwünleri alaýaz bolan ýetginjekler degişme, gep-gürrüň höweslidiler. Şol barmana-da Bianna Allanazara tarap jytdaýlyp, näz-kerişmeli gözledi-de:

– Hany seniň oturgyjyň, ýa-da ýerde oturjakmy? – diýip, igençli sorady. Allanazar oňa “Biz oglanlar kinony aýak üstünde görmegi gowy görýäs” diýesi gelse-de, şol bir wagtda hem olara degmegiň ýeri gelenligini pikir etmek bilen, gepi onuň özünden tutdy.

– Men-ä uly Bondarenkonyň usulyny ulanaýjak – diýip, ýene tapmaçaly gepledi.

Bir gezek oba kino gelende Bondarenkonyň biraz gijä galyp gelen aýalyny, öz oturan stulundan turup, ýer bermegiň ýerine, ony joňkaýdyp dyzynyň üstüne mündürip, ili geň galdyryp, goşa biten ýaly bolup oturypdy. Bu ýagdaý gyzlaryňam ýadynda bolansoň, olar, hamala: “Rybak biziň haýsymyzy öňünde oturtmagy göz öňünde tutýarka?” diýýän ýaly, bir-birleriniň ýüzlerine bakyşyp, uýalyşyp, aşak gözlediler.

Ýöne barybir bilesigeljilik ýene-de uýat çaklamadan üstün çykdy. Bianka:

– Sen onsoň kimi şeýdip, öňüňe alyp otursam diýýäň, menimi ýa Ogulgurbany diýen äheňde oýundanam bolsa, öz

adynyň tutulmagyny isläp sorady. Ýöne bu gep Ýulka-da şol pursatda “Menimi, Ýulkany?” diýen hörpde eşidildi.

– Kimiň ertirki gün meniň gelnim bolasy gelýän bolsa, şo-da oturar! – diýip, Allanazar ýene gep oýnadyp, hezil tapma bilen olaryň gürrüňine görä gepledi.

Goňşular degşip-gülşüp aňyrdan gelenlerinde, eýýäm bu ýere adam bary ýygnanypdy.

Oba çagalary her gezek kino-konsert gelende, mundan aýratyn lezzet tapma bilen mekdepdäki ýaly, olaryň hersi öz synpdaşlary bilen bileräk oturmany halaýardylar.

Olary görüp, eýýäm gelip, köpçüligiň ortaragynda jigisi, synpdaşlarynyň birnäçesi bilen oturan Ogulgurban gol bulap, “Bianka! Ýulka!” diýip, olaryň atlaryny tutup, höwes bilen öz ýanlaryna çagyrdy.

Oba kino-oýun gelende ýolbaşçylaryň mundan kino başlanmazynyň öňüsyrasynda özleriçe peýdalanmasy bardy. Reşetnikow köplenç obadaky işleriň gidişi barada halka gerek bolar diýen maglumatlaryny aýtmaga çalşardy. Halky ýeneki boljak haýyrly gowulyklar bilen tamalandyryp, has öňdümli işlemäge ruhlandyrardy, gaýragoýulmasyz, işleri adamlara ýatladardy. Şadmanowyň öňde peýda bolmagy bilen bada-bat märekede öz sürgün durmuşlaryny ýatladýanlygy üçinmi nämemi, suw sepilen ýaly agyr susluk dörärdi.

Şadmanow her gezek geplände, onuň gepi talaplydan gelen bolup, ol onuň häsiýetdir eýeleýän wezipesinden uzakda bolmazdy. Hasam ol öz gepini, oýun-kinonyň gelmegini tapa salyp, syýasata öwrüp geplärdi. Oturanlara özleriniň doly hukukly sowet raýaty bolman, sürgünler onuň soňky sortly adamlaryndandyklaryny ýörite ýatladyp: “...Gör, sowet häkimeti, nähili parhly, siz sürgün bolsaňyzam, bir wagt akylyňyza aýlanarsyňyz diýip, umumy halka eçilýän tomaşasyndan sizem çetde galdyrmaýar” diýen äheňde minnetli geplärdi.

Bu bolsa çagalara uly täsir etmese-de, ululary̆ň welin, ýene bir ýola ýarasyna duz basylmagy bolardy. Olaryň: “Bäh, bu

hökümetiň nätsegem, näçe işlesegem, bize bolan garaýşy üýtgärli däl-ow" diýşip, lapykeç bolmaklaryna sebäp bolýardy. "Tomaşaň keýpini ald-ow bu gurrumsak" diýşip, olar soňam telim gün komendantyň gepleri ýatlaryna düşüp, kejigişip gezerdiler.

Bu gün bolsa ýolbaşçylar bir ýerlerde iş üstünde bolup, bu ýerde ýokdular. Adamlara olar kino başlanmagynyň öňüsyrasynda ýene-de öňküleri ýaly bir ýerden çykaýjak ýaly bolup duýlan hem bolsa, olar bu gezek birazdanam, soňam gara salmadylar.

Onsuzam ünslüräkler eýýäm olaryň ýoklugyna göz ýetiripdiler. Her gezek tomaşa bolanda, oba ýolbaşçylary üçin golaýdaky kontordan ýörite oturgyçlar getirilerdi. Şol oturgyçlaryň häzir goýulýan ýerinde bolmazlygy ýolbaşçylaryň ýoklugyna doly şaýatlyk edýärdi.

Şonuň üçinme kino bu gün irgözinden, garaňky gatlyşyp ugrandan başlady. Kinonyň ilkinji kadrlara ýene-de ýüzugra hemmeleriň ünsüni ekrana jemledi. Aklanan mekdep diwarynyň ýüzünde kinokadrlarynyň janly hereketi başlandy. Indi hemmeleriň gözi ekranda bolsa-da, gulagy Ýulidedi.

Bu gezek kinonyň öňünden ol demireredijiler baradaky kinožurnal görkezdi. Kinožurnaly demireredijileriň gaýratly çekýän zähmetleri barada bolup, ol ýurduň agyr senagatynyň güýçli depginde ösýänligini raslap görkezmesi boldy.

Her gezek Ýulýa kino görkezende, onuň işine hemaýat etmek isleýän dowtalap adamlar köpüň arasyndan hemişe tapylardy. Kömekçiler Ýuli teswir aýdyp durka, oňa kinoapparatyň ruçkasyny aýlaşyp, kadrlaryň birsydyrgyn, teswire laýyk geçmeklerine hemaýat ederdiler.

Has-da bu işe süňkbaşy iri, goly kinoapparatyň ruçkasyna gowy ýetýän ýigdekçe oglanlar höwesekdiler. Olar şu pursatda özlerinem kinoçy hasaplap, monça bolýan bolmaly-da. Bu gezegem Ýuliniň töweregindäki hyzmata taýyn bolup direnip duranlaryň biri Walerýan Bondarenkody. Her gezek ol nobaty ýetip, kino kadrlaryny tap saklap, gezekli-gezegine Ýuliniň teswirine laýyklap geçirip durşuna "Gyzlar meni görüp, näme

diýýärkän? Şunymyz-a kino görkezmegäm başarjak” diýip pikir edýän bolmaklaryna özüçe göwün çaglap, deň-duşlarynyň oturan tarapyna göz astyndan öwrenijilikli seredibem goýberýärdi.

Bu eýýäm Walerýanyň öz deň-duş gyzlaryna beýleki ýaşytdaş ýigdekçelerden has gowy görünmäge çalşyp ugran döwrüdi.

Ol bu gezegem Bianna dagynyň oturan tarapyna seredende, olaryň arkasynda Allanazar dagynyňam bir toplum bolup duranyny gördi. Bu bolsa Walerýana olar gyzlara has ýakyn durýan ýaly bolup görnüp, ýene-de hemişe olary bileräk görende bolşy ýaly, ony gabandyrdy.

Hasam ol Reşetnikowyň bökjekläp, gün-günden görmegeýleşip barýan gyzy Biannany hemmelerden gabanýardy. Has-da ony hemişe mekdebe äbede-jüýbe bolşup, bile gatnaýan Allanazardan gabanýardy. Göwnüne olar gün-günden has ysnyşyp barýanam ýaly bolup görünýärdi.

Ýuliý bu gezek kinožurnal bilen utgaşyk şahtýorlaryň durmuşy bilen bagly kino getiripdi. Şahtýor durmuşyndan alnan kino birbada adamlary o diýen gyzykly bolmaýjak ýaly bolup duýlan hem bolsa, baş gahryman ýigit bir görmegeý gyzyň yşgyna düşüp ugransoň, kinonyň şüweleňi has artmak bilen boldy.

Kinonyň ol gahrymany başda bir keleçew, deň-duşlary bilen sykylyk atyp, kepder uçuryp ýören ýigit. Şol pursatda onuň gatnaşyk etmäge synanyşýan gyzam, bikärden il bizar edip, oňa ýüz berenok. Haçandyr bir wagt ýigide ylykjaga-da meňzänok. Kakasyny şahtada kömür basansoň, kakasynyň ýoldaşlarynyň maslahaty bilen oglan onuň ýerini tutmak üçin durmuşa boýnap, şahta işe girýär. Soňra assa-ýuwaşdan gowy işgärleriň arasynda onuňam ady agzalyp ugraýar. Hatda bir gezek onuň gazetde tarypy bilen suraty-da çykýar. Muny onuň halan gyzy hem görýär, bu bolsa onuň ýigide ylygyp ugramagyna sebäp bolýar.

Haçanda şahtýorlaryň zähmet üstünliklerini dabaralandyryp baýramçylyk gurnalan güni gyz hem şahtaçylary zähmet üstünligi bilen gutlamaga eli çemenli gelen aýal-gyzlaryň biri bolýar. Iş bitiren şahtaçylar göçgünli saz bilen garşylanan mahaly gyz hem

höwes bilen öz çemenini şahtadan çykan şol ýigide gowşurýar. Kino ýaşlaryň ýagty geljegine umyt bagladyp, ýokary joşgunly ruhubelentlik bilen tamamlanýar.

Bu kino has-da ýaş tomaşaçylaryň kalbynda ertire bolan uly ynamy, joşguny döredipdi. Bir pursadam bolsa oglanlar özlerini görmegeý gyzyň höwesine mynasyp bolan ýigitdigine, gyzlar bolsa özleriniň şol mertebeli ýigidiň magşugyna öwrülendiklerine ynanypdylar. Ony görüp, hakykatdanam hemmeleriň süňňi ýeňlän ýaly bolupdy.

Kinonyň jadysy ýene-de hemmeleriň ünsüni mylaýym ümür bolup gaplap alypdy. Hasam häzir ýaşlaryň hersi özlerini kino gahrymanlarynyň ýerinde goýup, onuň ýakymly jadysyna berlip ersip-üýtgäpdiler.

Kinodan soň ýene-de adamlaryň hersi öz barakdaşlary bilen bileräk bolşup, yzlaryna dolandylar. Allanazaryň barakdaşlary öňräkden barýardylar. Allanazar deň-duşlary Çoluk, Akmyrat, Sähetdurdudyr Kakabaý dagy bolup, Ogulgurbandyr jigisi bilen hemmelerden yzrakda bir topar bolşup gürleşip gelýärdiler.

Olar duşlaryna ýetip: “Poka-da, poka!” bolşup, öz toplumlaryna tarap sowlansoňlar, Allanazaram öz baraklaryna tarap gaýtdy.

Allanazar toparlaryna golaýlan wagty, bir garanyň öz topardan ökje ogurlap yzrak galyp barýanyny gördi. Biraz golaý baransoň, salgym Bianka öwrüldi. Onuň näme üçindir özüne garaşýanyny pikirem etmän:

– Bianka – diýip, höwesi bilen, onuň gapdalyna goşuldy. Olar bir pursat kino barada pikir alşyp, gijäniň mylaýym demine goşulyşyp, wagtal-wagtal ondan-mundan eşidilýän adam hümürdilerini, aýal-gyzlaryň ýiti gülki seslerini diňirgenişip, gürleşip gitdiler.

Haçanda Allanazar kinodaky gyzy:

– Öz-ä seniň ýaly bir dogumlydan göze gelüwli gyz eken – diýende, tizden bu tarypyň Bianna göçgün berenligi belli boldy.

Ol şu pursatda ozaldanam göwni gidip ýören ýigidiniň özüni kinodaky iň görmegeý gyza deňemegine tolgunyp begendi. Onuň özi-de şu pursatda Allanazaryň-da hut şol mertebeli şahtýor ýigitdigine ynanypdy. Ýürek gürsüldäp, telwasly urdy. Birdenem ol aýak çekip, Allanazar bilen boý deňläp, onuň ýüzüne hyrydar gözläp alansoň, birden aýaklarynyň daraklygyna göterildi-de, Allanazaryň dodagyndan ogşap alanyny-da duýman galdy. Soňam hyrra yzyna öwrüldi-de, alňasaklyk bilen öňden barýan öz toparlarynyň yzyndan ýetmäge howlukdy.

Allanazar birbada näme-nämeleriň bolup ýörenine düşünmän, şol duran ýerinde äm-säm bolup, ýene bir salym durdy. Biannanyň gyzgyn demininiň öz ýüzüne uran, dodaklarynyň göz açyp-ýumasy salymda bir-birleri bilen tapyşyp giden ýaly bolup, ýakymlydan lezzetli bir harasat bolanlygyny ýatlap uýalyp durdy.

Bianna ara açyp garaňka dulanandan bolsa, onuň gijäniň içi bilen utanyp, saçlaryny selpildedip gaçyp barşy Allanazaryň wagty bilen gözüniň öňünden gitmedi. Allanazar nirä gitjegini bilmeýän ýaly, bu bolan ýagdaýa haýran bolup, Biannanyň dodagynda galan ýakymly zenan ysyna melul bolup, ýene esli şol bir duran ýerinde aňalyp durdy.

Bu wagt jaýlaryň aňyrsyndan jyklap gözlän Aý eýýäm eselip, ep-esli ýokary göterilipdi. Ol indi Allanazaryň ýüzüne “Bäh, beýdädiňiz-ow?” diýýän manyda geňirgenme bilen, syrly seredýärdi.

* * *

Ejesiniň öýe gireniniň yzysüre aňyrdan towsaklap gelýän Bianna-da bir zatdan gaçyp sypan ýaly kürsäp içerik girdi. Tolgunmadan ýaňa häzir onuň ýüregi, “düňk-düňk” urýardy, kalby diýseň telwaslydy. Marta Naumowna ýaňy öz baraklaryna ýetip, haçanda yzyndan gelýändir öýden gyzyny öňüne salyp, içerik girizmek üçin töweregine gözlände, onuň töwereginde ýoklugyny bilip galdy. Içinden onuň joralary bilen kinonyň

gürrüňine gyzygyp, yzda güýmenenligini pikir edipdi. Ýaňyrak jaýa girip, egnine atan ýaglygyny aýryp, gapdaldaky düşek basylgy krowatyň üstüne atyp, indem kino gidende geýen ajarly köýnegini öýde geýýän könelişen egne ýakymly köýnegi bilen çalşyrynyp durdy. Ol häzir gyzynyň itden gaçan ýaly bolup, daljygyp gelşini görüp aladala galdy.

Ene gyzynyň ýürek gürsüldisini şol pursatda eşitmedigem bolsa, ýöne oňa ony bir heseriň galtanyny welin andy. Bada-bat:

– Näme boldy, gyz? – diýip, aladaly sorady.

– Hiç zat – diýip, Bianna gapyň agzynda tolgunmadan ýaňa ýüzüni gyzardyp, “haş-haş” edip durşuna düşnüksiz telwasly jogap berdi.

– Ýalan. Men görüp durun-a saňa bir zat bolanyny – diýip, Marta Naumowna jogap talaply gepledi.

– Eje jan...

– Näme, maňa täzeden at dakjakmy?

– Ýok, eje seniň adyň dünýäde iň gowy at.

– Ýeri, ýeri ýaramsaklyk etme! Näme boldy?

– Onda aýdaýyn, ýöne käýemeseň, birem kakama-da aýtmasaň!

– Hany aýt, aýtmaly däl bolsa aýtmaryn.

– Aýtsam eje, men ýaňy bilmän durkam Rybagy kinodaky gyzyň ýigidi ogşaýşy ýaly ogşaýdym-da...

– Näm-ýe?..

– Sebäbini, eje jan, özümem bilemok. Gowy görendirin-dä. Nädip şeýle bolanyny özümem duýman galdym.

– Sen bilmeseň, men bilýän. Menem seniň ýaşlaryňdakam bir gezek şu ýagdaýa düşüp görüpdim. Ejem duýup şonda maňa: «Saňa köpek ysyny alyp ugran ganjyk diýerler. Indi sen bir erkegi kükregiňe ýaplaýançaň, ol ys seni galgadyp-gonduryp, aňsat ynjalyk bermez» diýibem käýinipdi.

Ejesiniň ýüzüne göni seredip bilmän uýalyp duran Bianna onuň biraz igense-de, ejelerçe özüne dogry düşünenine begendi.

– Eje janym! – diýip, ony minnetdarlyk bilen höwesli gujaklady.

Marta Naumowna hem şu pursatdan soň gyzynyň ýerinden gozganan ýüreginiň gürsüldisini mese-mälim eşitdi. Eneli-gyzyň ýüreginiň urgusy bir pursat goşulyşyp deň urýardy.

Şol günden birki gün soň, Reşetnikow meýdandan gelip, öýde ýatan güni ýarygijeler Marta Naumowna beýleräkde süýji ukuda ýatan Biannanyň burnunyň sazlaşykly pyşyrdy-hyssyldysyny birsalym diňläp ýatansoň, adamsyna golaý süýşüp, oňa bir habarynyň barlygyny mälim edip gysmyljyrady.

– Iwan, bilýäňmi näme?

Reşetnikow uky arasynda ymyzganma bilen, oňa göwünsiz hä berdi.

– Näme?

– Biziň gyzymyz ulalypdyr. Gelinlik bolupdyr.

– Hüm-m...

– Bilýäňmi ol kimi halapdyr?

– Ýok.

– Aýdaýynmy?

– Aýt, hany aýtsaň!

– Ol Rybagy halapdyr.

– Kim ol Rybak? Orazyň oglunymy?

– Hawa.

– Bular ýaş-a entek. Onsoňam biz-ä orus, olaram ýene bir millet. Olar bir-birlerine düşünişip biljeklerkän?

– Bilmedim!

– Gyzyň dyzap duran däldir-ä bararyn diýip? Oglanlyk söýgüsidir-dä... Ämok-çomok ýumşak ýaňak... Ilkinji gar ýaly erär gider.

Rybak, umuman, erbet giýewem bolmasa gerek. Galanynam wagt görkezer.

Reşetnikow şundan soň aýalyna tarap öwrülip, ony höwes bilen gujagyna çekdi.

* * *

Dünýä indi aýlanyp-öwrülip yssydan ýüz öwrüp, güýze sanyp ugran hem bolsa, onuň süňňüniň gyzgyny henizem ýeterlikdi. Has-da günortan töwerekleri kelle sokara kölege gözläp, hersi bir ýerden çykýan oba itleri köçelerde seýrekdiler.

Wagtal-wagtal henizem asmanda tomusdaky ýaly ýaltalaç hereketli juw-ak bulutlar peýda bolşup, ak goýun sürüsi bolşup sürülenişip gezýärdiler. Ol bulutlar Günüň öňüne gabat gelen mahaly ýerdäki zatlaryň üstünde galbyr elegiň kölegesi ýaly ala kölege düşýärdi. Şol pursatda bolsa salkynlyk aralaşyp, şemal öwsüp, bulutlara lember berip, olary Garabil baýyrlarynyň üstünden aşyryp, owgan topragynyň törüni eýeläp oturan, üsti gar basyrykly garly daga çenli süreкläp, kowalap giderli görünýärdiler.

Güýzüň başlarynda Kymyş duzçynyň maşgalasyny Orazglyjyň tussag edilenliginiň "myş" habarynyň yzysüre diýen ýaly, onuň öldi habary geldi. Elbetde, maşgala ýanyp-köýse-de, munuň hakykatdygyna ynanasy gelmedi, onsoňam onuň ölenini gözi bilen gören, öz gulagy bilen eşiden adam hem bolman, "myş" habar bolany üçin durmuşyň her hili bela-beterlerini görüp ýören-de bolsa, Kymyş duzçy ykbalyň bu ýowuz oýny özi bilen oýnanyna asla birbada ynanasy gelmedi. Sebäbi ol ozal ahyrda, umuman, gezekli-gezegrägine gelýän ölümiň özüdir kempirli meselesinde hem nobatly boljagyna ynanyp, ogullarynyň dagy soňuna galaryn öýtmeýärdi.

Hökümet ogullaryny maşgalalary bilen sürgüne berip, hersini bir jelegaýdan çykaran hem bolsa, olaryň kempiri bilen özüniň gözleri ýumulmanka gaýdyp geljeklerine, hersiniň ýene-de ýykylan öýlerini dikeldişip, öz öňki orunlaryny eýelejekdiklerine, ölenlerinde özleriniň üstüne olaryň bir depik gumlarynyň ýetjegine göwün baglaýardylar. Elbetde, bu göwün aldar ham-hyýal-da bolsa, olar muňa özleriçe göwün ýüwürdip, hemişe ugrunda

bolup ýaşaýardylar. Emma Orazgylyçlardan soňra Ogulbikäniň: “Hat ýazyň!” diýip, özelenip her hatynda ýazmagy hem olardan hiç hili uç tapyp bilmedi. Anygyna ýetmek çykylyp, onuň-munuň üsti bilen boldugyndan bu habaryň anygyna ýetmek üçin edilen tagallalaram hiç hili netije bermedi.

Bu zatlar bolsa gojanyň oglunyň aýatda barlygyna bolan şübhesini barha artdyrdy.

Barybir ynanasy gelmese-de, Kymyş duzçy oglunyň barlaryň arasyndalygy baradaky pikiri bilen uzak ýekeräk galyp bilmedi.

Şol günleriň birinde düýş gördi. Düýşünde Orazgylyç ýabyň aňyrsynda ýas-ýaňy arassalan gazy pilini gapdalyna atyp, şähdaçyklyk bilen töweregi synlap otyr.

Kymyş duzçy aňynyň bir ýerinde onuň älemden gaýdanlygynyň hem habary bolansoň, onuň barlygyny görüp begendi. Ol: “Biz-ä seni, gör, nirelerde gözläp ýörüs, sen bolsa bu ýerde asyl öz ýabymyzyň aňyrsynda oturan bolsaň näme? Gel-ä öýe, hany çagalar? Biz-ä gije-gündiz size garaşyp otyrys-a!?” diýip, oňa ýüzlendi.

Orazgylyç welin şol oturan ýerinde Kymyş duzçyň soňky görendäkisi ýaly bir gowy syratly, dogumly adam bolup otyr. Atasynyň çakylygynyň bolsa, “Maňa şu ýerem hiç-neneň däl” diýýän ýaly, oňa jogap berjegem bolanok.

Kymyş duzçy bolsa ony indi ýapdan geçirip, öýüne alyp barjak, kempirini, dogan-gardaşlaryny begendirjek.

– Goçum, gel, geç öýe baraly? – diýip, goja biraz gysanybrak ýene oňa ýalbardy.

– Akga, men şu ýerde oturmaly...

– Öýe baryp, bir ejeňe görnüp gaýt! Oturyber onsoň oturmaly bolsaň!

Kymyş duzçy onuň nämüçin öýe gelmän oturmalydygyna düşünip bilmän ýene özelendi. Soňam onuň diýeniin etmän, özbaşyna bir kelle bolup oturyşyny halaman, oňa gaharam geljek boldy. “Geç jaryň saýrak-ýalpagrak ýerinde ýa-da bar aýlanyp, Gully eminiň paýapylyndan geçip gel!” diýip, goja ýene oňa

özi suwuň eteginden giribräk, dert-azar bolup, ýol salgy berdi. Orazgylyjyň bolsa, şol oturyşy, şol arkaýynlygy. Şeýle-de bolsa ahyr onuň elenip, ýalbaryp duran atasyna nebsi agyrdymy nämemi, onuň özi göwünjeklik bilen: “Akga, gel bäri geçäýiň, Siziň özüňiz eýýäm suwa giribem dursuňyz-a?” diýip, gaýtam onuň özüni öz ýanyna çagyrdy.

Kymyş duzçy soňra ogly bilen bagly biraz düşnüksizräkden bolan düýşüni özüçe ýordy. Aralykda akyp ýatan ýab-a durmuş derýasy bolmaly, Orazgylyjyňam oturan ýeri – ýabyň ol başy bolsa bakyýet bolmaly. Soň bolsa ol oglunyň indi bireýämden bäri şol ýerdedigine ynandy. Orazgylyjyň şol depejigiň üstünde beýdip, ýaňy gazy hadasyny alyp, indem dem-dynç alyp, raýyşda oturanlygyny çen etdi. Onuň ruhubelent oturyşyny görübem oglunyň o dünýäsiniň abatlygyna, gören görgülerini, çeken ezýetlerini Taňrynyň göz öňüne tutup, rehim edip, onuň jaýyny jennetden edenligine ynandy. Indi oňa aýat-gurhanyň ýetmeýänini pikir etdi.

Diňe şundan iki-üç gün soň, Kymyş duzçy märekäni ýygnap, Orazgylyjyň patasyny aldy.

Yzly-yzyna onuň üç-ýedisi, sadakalaryny berip, doga-töwirde bolup, soňam ogullarynyň özüniň soňky gününde etmeli hyzmatyny oňa özüniň etmeli bolanyna hapa bolup gezdi.

Kymyş duzça Orazgylyjyň ölümini boýun alansoň, oňa ölümiň sütemi barha ýiti duýuldy. Öňki tabyny saklap, syr bildirmezlige çalyşsa-da, bu gezekki salnan ýüküň öňkülerden has agyr bolup, onuň oňurgasany ýazdyrarlydygy duýuldy. Häli-şindi Orazgylyjyň çakylygyny ýatlap, özi üçin onuň ýanynyň kem boljagy barada oýlanyp gezdi.

Jemal mama açyk aglap-eňräp bilýänligi üçinmi nämemi, oglunyň öldi habary gelen günleri bulanyp, biline urlan ýaly bolup, telim bir gün özüni alyp bilmän, dünýäden bizar bolup, sessiz aglap ýatansoň, ýakynda ýene başyny göterip, agtyklaryna ony-muny tabşyryk berip, gara durmuşa gaýtadan dolanyp gelip ugrapdy.

Ýaranyň juda täzeligindenmi ýa-da duýdansyz bolanlygyndanmy nämemi, onuňam barybir indi öňküligi ýokdy. Şu döwürde Akmolladan Allanazardan gelen hat hoş habar bilen öýüň göwnüne teselli bolupdy. Allanazar hatynda öz maşgalalarynyň hersiniň adyny ýekeme-ýeke tutup, obadakylaryň hemmesine nygtap-nygtap salam ýollaýardy. Kiçijik jigi tapdyk, adyna Ogulbibi goýduk diýip, begenip buşlaýardy. Sygyrly bolanlary bäri gün-güzeran aladalarynyň gowulaşanlygy, özlerinden artan süýdi goňşularyň çalşyp, iýmit ol-bi berip, höwes bilen alýandyklaryny, çaga jikme-jikligi bilen ýazýardy.

Bu gezeg-ä ol hatda töweregiň çagalarynyň öz ejesine "Moloko mama" diýýänligini hem ýatlapdy.

Jemal mama Allanazar sygyr edinendikleri barada ilki ýazanda haty diňläp:

– Sygyr edinen bolsalar oňarypdyrlar, sygyr edinmäge gurplary çatýan bolsa, onda hal-ýagdaýlary hem hiç neneň däldir. Onsoňam sygyr maly Kymyşlara düşýän maldyr – diýip, ozalky agyl doly sygyrly bolan döwürlerini ýatlap, döwletli döwrany dolanyp gelýän ýaly, buýsançly pursady başdan geripdi. Şükür edipdi.

Hatdan Allanazaryň özüniň okuw ýagdaýlary barada, "Orus dili ýazuwyndan ahyr dörtlük aldym. Mugallym: "Molodes" diýdi" diýlen ýeri okalanda bolsa:

– Haý, oglan başyňa döneýin-ýeý – diýip, onuň oglantaplygyna hasam buýsanypdy.

Kymyş duzça gol doly maşgalasyny sürgüne aldyrmak ozalam ýeňil düşmedik-de bolsa, Orazgylyjyň ölümi oňa has agyr degdi. Şundan soň ol öýe sygman, zow-zow daşarygam çykýan boldy. Akyl çaşgynlyk başlanan ýaly gezip ýören ýerinde hem mahal-mahal düşnüksiz bir zatlar samrap goýbermäni hem çykardy.

Jemal mama bir gezek daňdanlar daş çykanda, onuň Orazgylyjyň öýüniň öňki duran ýerinde oturyp, Aýa sygynýan ýaly depesini gözläp samrap oturanyny gördi. "Eý, Hudaý jan,

Orazgylyç janyň ýerine meni alsaň bolmadymy? Onuň şu wagt tüýs ýaşamaly, ýaýnamaly wagty ahyryn. Bir gara, bir gara alman dynmajak bolsaň, bar-a men! Aljak bolsaň, saňa haýsy "gylyç" bolanda näme, bir gylyç alsaň bolýar-da! Al bolmasa enesini, şeýtseň bu bizi öz atan oduňdan dyndardygyň bolardy-da?"

Jemal Mama şonda onuň goltugyndan göterip, sesini çykarman, söýget berip, özi bilen öýe alyp giripdir.

Kymyş duzçy agy-ölüm gafladyna üstüni aldyran hem bolsa oturmasy kyn, başy ýasly öýde gömlüp oturan hem bolsa, ol özüniň entek öýde erkek adam hökmünde agtyk gyzlaryna dagy has gerekdigini, olaryň daşynyň penasydygyny ýatlap, özüni doly ele almaga çalyşýardy. Ilki bir hepde, on günden bäri bolsa, ol biline urlan ýaly soňra özüne bu bolşuň däl diýip, az wagtlygam bolsa gaýgy hasratdan özüni üzmäge çalyşmagyň ugruna çykyp ugrapdy. Her gün bir gezek gidip, meýdandan sygryna agşamoty getirmegini dowam etdirip başlapdy.

Soňky döwürde, häli-şindi göwünlik bermek üçin ýanyna aýlanyp durýan Begendik ussa bilen obadaky sadaka-ýenekä-de görünmäge başlapdy. Ýöne barybir göwünlik ýenekem gojanyň döwlüp, bölek-bölek bolan göwnüni seýikläp bilmeýärdi. Durmuş gojanyň başyna agyr ölüm salyp, oňa ömür-baky çekip ýörmeli tükeniksiz dert-arman beripdi. Ýöne näçe syr bermezlige çalyşsa-da, indi durmuş tokmagynyň öňünde durmak oňa agyr düşüp, barha tapdan gaçyp horlanýardy. Mahal-mahal gözüniň öňüni gije ýaly garaňky perde tutup, aňyny öçürip, gider ýoluny unutdyrardy.

Gojalyk derdiniň üstüne, söwer ogluň ölümi hem urna bolup, bu zatlaryň hemmesiniň özüniň ähli serişdesi bilen gojanyň üstüne algysy bar ýaly, çar tarapdan hüjüme geçenligi belli bolupdy. Muny bir gojanyň däl, onuň töweregi-de gowy duýýady. Ol mahal oturyp-oturyp: "Wah, janjagyzym-ow" diýýärdi.

Bir gün bolsa ol aýaly bilen öýde ýekeräk galanda: "Bela ýeke gelmez" diýen yrymdan ugur aldymy ýa-da ýakyn gelen ölümini syzdymy nämemi, tabşyryk berýän terizde gapdalynda

oturdyp, oňa sargady.

– Heleý, sen meni gowy diňle! Men indi gidenlerimiziň gelerine garaşyp bilmesem gerek!

– Göreris, enşalla!!

– Bölme gepimi? Sen welin garaşgyn. Olar aglaşyp dolanar bir gün Watana... Geldiklerem “Biz gelendiris!” diýip, öwlüýä meniň guburymyňam bir başyna baryp gaýtsynlar. Olarymy görüp, menem bir arkaýyn ýataýyn gabrymda! Menem olaryň gaýdyp gelenlerini görermikäm diýdim welin, indi oňa gurbam ýok, gaýry çäre-de.

Men halys ýetdirdim, şu durmuşdanam halys ýadadym. Indi men pellehana aşmaly. Hudaýdan her namazymyň yzyndan “Aňsat ölüm ber?” diýip diläp ýörün. Alsyn-da Alla jan indi alýan bolsa amanady.

Dogrudanam, Kymyş duzçy bir tarapy baryp geçen asyrdaky Muhammetgylyç serdardan başlanýan maşgala tuguny götermek, ony golda saklamak üçin häzire çenli elinde baryny edipdi. Bu ýolda soňuny saýman edilen töwekgelçiliklerem az bolmandy, çekilen jebir-jepalaram. Soňky ýyllar bolsa ol: “Bir sürgünlerimiň gaýdyp gelenini görsem?” diýen tama bilen ýaşaýardy. Taby pesläp ugransoň bolsa, indi ol arzuwyň elýetmezligine doly ynanypdy.

Kymyş duzçy Orazgylyjyň ölüminden soňam bu derde çydap, öýüň aladalaryna berlip ugramagy töwerekden özüne “Gatyja garrydyr, bu aňsat bu agramlyklara per bermez” diýdiren hem bolsa, barybir onuň indi weji ýokdy. Gojanyň eşegine münüp, her gün bir gezek agşam ota gidip gelmegi hem ýogsam iliň şol diýenini tassyklaýardy.

Ol her gün öýländen soň “Sygyrdyr gaty eşege bir goltuk, ýarym goltuk ot getireýin” diýip, ýüpüni, oragyny alyp, ýola düşerdi. Gelibem öz ýagdaýyna belet bolansoň, derýanyň golaýyndaky ýola golaý bir amatlyrak ýeri özüne ot ýer edinerdi. Onuň oty ýygyp üýşürmäge gaýraty çatsa-da, indi soňky döwürde ony ýüpe çykyp, göterip eşegine urmaga gurby çatmaýardy.

Şonuň üçinem ol her gezek ýygjak otuny ýygyp taýynlansoň, ýoldan geçen kimdir birini çagyryp, şoňa oňa ýüpe çykdyryp, eşegine ýükletmeli bolýardy.

Kymyş duzçy bu günem derýanyň ses ýetimligindäki, jeňňel eteginde özüniň bir amatlydyr öýden ýerinde düşledi. Eşegini daňdy, ýüpüni ot daňjak açygrak ýerine atyp, ýakynda Begendik ussa dişedip, keserini ýiteltdiren oragyny eline aldy. Öň oty çommalyp oturyp orýan-da bolsa, soňky döwürde dyzlar şakyrdaşyp, oňa çommalyp uzak oturmaga mümkinçilik bermeýärdiler. Şonuň üçinem ol indi, namaz okandakysy ýaly, ähli agramyny dyz bilen biliň bilelikde üstüne düşer ýaly edip, ot oranda özüne amat döretmäge çalyşýardy.

Oty bolsa ol ýorunja oran ýaly, ýeriň topuryny çykaryp, düýbünden halallap orardy. Obada şeýdilip orlan ýerde soňra otuň has gowy ösýänini bilýänler şeýle ýerleriň duşundan geçip barýarkalar otuň bir ýerde aýratyn bölek bolup, gowy ösenini görseler: “Şu ýeri öň Kymyş aga oran bolmaly” diýşip, onuň elini tanardylar.

Bu gezek onuň ot ormak üçin saýlan ýeri arasy şemal düşmez pesräk ýer bolup kapas eken. Kymyş duzçy birki goltuk ot orup-ormanka, howa oňly ýetmän, ýöne julk der bolaýdy. Şundan soň goja biraz howanyň açygrak ýerinden soň dolanyp gelmek üçin dem alyp, özüni ele almak üçin, oragyny oturan ýerinde galdyryp şemal degere çykdy. Şol bir wagtda bolsa ol hossar tutunyp, özüniň ot-çöpe çörňeşip ýörmegini hyýalyndaky ogullary Orazgylyçdyr Orazgeldisi bilen baglady.

«Ýeri, siz bolanlygyňyzda ataňyz indi şu zatlara çörňeşer ýörermidi? Wah, Orazgylyjjym-a meniň beýdip işe urnaşyp ýörmegimi eýýäm şol wagtam halamazdy: “Akga, Siz otursaňyzlaň, özümiz edip ýörsä diýerdi” diýip ýatlady.

Goja şemal degere çyksa-da çykdy welin, ýöne soňam başy aýlanyp, wagty bilen ol yzyna dolanyp, işini dowam edip bilmedi. Gaýta soňra gözleriniň öňi ümezläp, gije düşen ýaly bolup, dünýä garaňkyramaga başlady. Bu bolsa oňa çalaryp-çularyp, garaňky

düşüp, öýle namazy kaza bolup barýan ýaly duýulmagyna sebäp boldy. Goja hemişe namazdan soň edilen dilegleriň Allanyň dergähine ýetýänligine ynanyşy ýaly, bäş wagt namazyňam hersini kaza etmezden, öz wagtynda okamaga çalşardy. Goja namaz okamak üçin özüniň täretlidigini hem şol barmana ýüzugra ýatlady. Donuny egninden çykaryp, onuň çöwre ýüzüni namazlyk edinip öňüne ýazdy.

Ähli aňy-durky bilen Hudaýa berlip, asmana göterilip, onuň huzuryna golaýlap barýanyna ynanyp, namaz rekatlaryny mümkin bolanlaryny ýürek çaýyp, yzly-yzyna ýerine ýetirmäge durdy.

Narly gamyşçy şol gün Kymyş duzçynyň gelip, eşeginden düşen ýeriniň beýleräginde öz ýasaýan gamyş ganatlary, çykaýan gamyş düşekleri üçin jeňňelde gamyş taýynlap ýördi. Ol eýýäm bir giden ýeriň gamyşyny orup, indem olary gujak-gujak göteräýmäge taýyn edip goýupdy. Ol ýaňy Kymyş duzçynyň gelip düşenini görüpdi. Eger bir wagtkylyk bolanlygynda ol eýýäm: “Agam, salawmaleýkim!” diýip, gojanyň ýanyna ýörite baryp, onuň bilen göwün çaglaşyp salamlaşybam gaýdardy.

Ýöne ol ogly Ýagdy gojanyň oglanlarynyň sürgün bolmagyna sebäp bolanlaryň biridigini bileni bäri onuň ýanynda ýüzi ýokdy. Özünde müýn duýup, ondan indi daşrak bolanyny kem görmezdi. Emma gojanyň bu topraga özüniň köplerden has haklydygyna ynanýanlygy üçinmi nämemi, Kymyş duzçy henizem oňa bu topragyň hakyky eýesi bolup sussuny basýardy.

Kymyş duzçynyň özem, aýalam özleri-de bilmezden, hamala, bu toprak özleriniň has hakly hasap edýändiklerindenmi nämemi, başlaryny dik turup ýaşaýardylar. Haýsydyr bir duýgy bilen ata-babalarynyň gan döküp, gorap-gazanan topragynda ýaşýandyklaryny syzýardylar.

...Bir ýyla golaý mundan ozal soňky döwür has çäkden çykyp, tarhan hereket edýän Ýagdyny Atabaýewiň ýörite ugradan adamlary gelip, owgana gaçyp geçen bir adamyň yzynda galan görmegeý gelni bilen, hiç kimden heder etmezden, gündiziň güni

“Pyýazköwde” aýşy-eşretde mahaly tutup äkidipdi. Şondan bär-ä ol duzçynyň ýagdaýyna has gowy düşünýärdi. “Iliň ahy tutdy meniň oglumy” diýip, ökünçli müýn çekip gezýärdi. Oglunyň eli gelende ykbalyny ters öwren obadaşlary Gully Emindir Kymyşyň maşgalarynyň düşen günlerini özüni günäkär ahmyrly saýyp ýatlaýardy.

Narly gamyşçy ýene birsalym Kymyş duzçynyň gerek otuny orup bolansoň, onuň oty ýükledere adam gözläp, töweregine gözläp ugrajagyny, şonda özüniň baryp, ony ýükläp bermäge gerek boljagyny birazdan onuň özüni çagyryp, gol bulajagyny pikir edip garaşýardy.

Birazdan gapdaldaky ýolda elleri çeňňekli, gijara balygyň meňi gowy kakýanlygyny ýatlaşyp, derýa tarap galkyjaklaşyp barýan ýortmanja iki oglan Narly gamyşçyny görüp, oňa hormat bilen salam berdiler. Gamyşçy işinden başyny göterip, elniň tersi bilen maňlaý derini sylyp alansoň, bularyň meniklijedigine buýsanyp, göwünjeň aleýk aldy:

– Oglanlar, balyga barýaňyzmy? – diýip sorady.

Oglanlar ýerli ýerden: “Hawa-da, hawa” boluşdylar.

– Sen kimiň ogly – diýip, ol oglanlaryň tokarragyndan sorady.

– Men Hamadyň ogly, Amangeldi.

– Sen bolsa Sähetdurdyň ogly bolmaly – diýip, gamyşçynyň özi ony tanady. Soňam olardan ýaňy gapdalyndan geçenlerinde Kymyş duzça salam berenlerini eşitmänligini geňräk görüp sorady:

– Kymyş baba salam berdiňizmi ýa-da görmediňizmi?

Oglanlaryň ikisi-de, ýerli-ýerden gördükde-gördük boluşdylar. Onuň namaz okap oturanyny üçin, dogasyny çaşdyrmaly diýibem, salam bermediklerini aýtdylar.

Narly gamyşçy şundan soň ilki gojaň namaz wagty däl mahaly namaz okap oturmagyna geňirgendi, soňam ol öňürägem özüniň gyra bir goltuk gamyş çykaranda, onuň namazlygyň üstünden oturanyny ýatlap, alada galdy. “Munça wagtam bir

namaz okamak bolarmy?” diýibem iňkise gitdi. “Goja ozal bir sebäp bilen okaman, duşdan geçiren namazlarynyň kazasyny okaýan bolmasyn” diýibem pikir etdi. Ýöne ýürek welin eýýäm başga bir bolmasy işiň bolanyny syzyp ugrapdy.

Narly gamyşçy Kymyş duzçyň halyndan habar almaga baranda, onuň namazlygyň üstünde tükge düşüp, dem-düýtsüz ýatanyny gördi. Ol ahmyr bilen:

– Wah, agam, dünýäň azabyndan dyndym diýsene? – diýip, onuň sowap ugran göwresini arman-ahmyrly gujaklady. Dessinede balyga barýan oglanlary el bulap, yzlaryna çagyryp alyp, olardan oba habar iberip, gojany öýüne ýetirmegiň ugruna çykdy.

Gün gijigenligi üçin Kymyş duzçynyň yzyndan habar iberilen alysdan gelip ýetişjegi bar bolansoň, ony şol gije öz öýünde myhman aldylar. Gojanyň jansyz sowan göwresiniň aşagyna çäge düşäp, şonuň üstünde uzyn ýatyryp, soňam dogan-garyndaş, dost-ýar bolşup, halkalanyşyp onuň daşyny alşyp oturdylar.

Duzçynyň doganlarynyň oglanlary: Sähetdurdy, Mahy, Hürtek, Arnageldidir Magsut dagy häzir agalarynyň töwereginde başlaryny aşak salşyp, iki bükülişip: “Bu gidensoň, biz näderkäk?” diýşip, alada galyşyp, ses-sedasyz dymşyp oturdylar. Bularyň arasynda gojanyň bu gününde bolaýmaly, üstünde duraýmaly adamlardan düýn şähere işiniň ugruna atlanyp giden Bally bilen çölde mal yzynda gezip ýören Gullar çopan ýokdy.

Olaryňam yzyndan merhumy öýüne getirensoň, gyssagly habar iberilipdi. Indi olaryňam ýetip gelerine garaşylýardy.

Merhumyň başujynda ýaňyrak eşidip: “Ahyr bu dünýäniň azabyndan dynypsyň-ow, agam jan” diýip, aňyrdan gelen onuň kyýamatlyk dosty Begendik ussa bilen, gojaň soňky ykbaly bilen bagly kösenmelerine belli bir derejede öz oglunyň sebäp bolanlygyny ýatlap, müýn çekip gezýän Narly gamyşçy otyrdy.

Jemal mama agtyklarydyr göwün görüp, ýasa ýaranlyk etmek üçin gelen goňşy aýallar bilen öýde toplum bolşup, gojany ýat edişip, sessiz aglaşyp oturdylar.

Aýal-gyzlardan iki-ýekesi bolmasa, gojanyň soňky hyzmatynyň bir gapdalynda durmaga gelenler ertire çenli gözlerini çalmadylar.

Bu ýakynlarynyň goja eden iň soňky hyzmat-hormaty boldy.

Kymyş duzçyny şol günüň ertesi soňky ýoluna atardylar. Onuň tabydynyň öňüni, gojanyň öz isleýşi ýaly, ogullary Orazgeldidir Orazgylyja, agtyklary Aganazardyr Allanazara götermek nesip etmedi. Ony gojaň doganlarynyň ogullary – Bally bilen Sähetdurdy, Arnageldi, Magsut, Mahy dagy göterdiler. Narly gamyşçy gojanyň ömründe özüne eden ähli ýagşylyklaryny, oglunyň oňa kest edeniň biri bolanyny ahmyrly ýatlap, hapa boldy. Handepe öwlüýäsine barýança tabydy göterişip barşyna onuň gapdaly bilen sessiz aglap gitdi.

* * *

Owgandan NKWD-çiler Ahmedi emel bilen gapyl basyp, tutup getir ony bir aý gowrak Tagtabazaryň ýerli zyndanynda bendilikde saklap, sorag baryny sorap, her hili gynamalara sezewar edip keýpden çykansoňlar, sud edip, ony 30 ýyllyk türme tussaglygyna höküm etdiler. Ondanam soňra şol ýerden ony aňyrlygyna etaba atarmak niýeti bilen Çebşeklidäki wagtlaýyn saklaýyş türmesine geçirdiler. Çebşekli Sarahs, Mary, Tejen aralygyndaky boşlukda soňky döwürde ýurtda ozal bar bolan türmeler tussag edilýän adamlardan ýaňa hyryn-dykyn edilip doldurylansoň, ýer bolman goşmaça döredilen türme görnüşli saklaýyş ýerleriniň biridi. Bu ýerde diňe bir türmä höküm edilenler däl, sürgüne höküm edilenler hem soňra alys bir ýerlere atarylmak üçin, maşgalalary bilen topar-topar edip saklanylýardylar. Türkmenistandan bu wagta çenli eýýäm telim ýyldan bäri kulakçylyga çekilenleriň, basmaçy-baý ýarany hasap edilip ýanalanlaryň, ýeneki halanylmaýan gatlagyň adamlary eşelonlanyp, Sibire, Gazagystana, Özbegistana, Kawkaza, Ukraina sürgüne ýollanypdylar. Müňlerçe adamlar türmelere höküm

edilip, Workuta, Turhanskiý, Gazagystan, Özbegistan, Ýakut ýaly gaýry ýerleriň aňry başyndan çykarylypdylar. Şol döwürde sürgüne höküm ediläýänleriň, türmä höküm edilýänleriňem şeýle köplüginden ýaňa indi olary respublika içinde hem ol raýondan beýlekä sürgün etmeklik başlanypdy. Ähli ýerleriň türmeleriň, ýeneki saklawly zulum ýerleriniň tussaglardan, sürünlerden gerk-gäbe doýanlygyndanmy nämemi, bu döwür eýýäm aýry-aýry respublika içindäki ýerlerde-de Çebşekli ýaly türmeler döremäge başlapdy. Bu ýerde hem adamlar daşlary tikenek simli, ýaragly, aýratyn hak-hukukly NKWD işgärleri tarapyndana gabawda saklanylýardylar. Bendileriň sany bireýýäm 20 müňe ýeten Çebşeklä bolsa, adamlaryň ýeleden-ykdan getirilmesi henizem dowam edýärdi. Soňra NKWD-çiler öz hasap dokumentlerinde bir döwürde Çebşeklide bendileriň sanynyň 35 müň ýetenini bellärler. Sebäbi öňde entek 37-nji ýyllaram bar ahyryn. Çebşekliniň hökümi bir ýerden ýöredilýän-de bolsa, bu ýerde adamlar, esasan, sürgüne niýetlenenlerden hem türmä höküm edilenlerden ybarat bolany üçin, olary iki uly böleklere bölüp saklaýardylar. Türmäniň aşak ýüzündäki zowwam gurlan jaýlarda maşgalalylar ýaşasa, Sarahs, Mary tarapyndaky howul-hara gurlan barak jaýlarda türmä höküm edilenler köpçülikleýin saklanylýardylar. Türme ýolbaşçylarynyň işleýän, ýaşaýan ýerleri şu iki topar aralygynda aýratyn bölek bolup durdy.

Tutuş ýurtda oruslar öz aralarynda ak-gyzyl bolşup çaknyşyp ugran döwründen başlanan çekeleşikler, garma-gürmelikler henizem öňki hörpünde depgin bilen dowam edýärdi. Ýörite türme ýolbaşçylaryna we işgärlerine niýetlenip gurlan bu ortadaky jaýlar şu iki uly toplum aralygynda bolmak bilen, bassyrma baraklardan birneme beýik edilip, saýhally gurlany üçin, ondan girip çykýanlaryň derejesini nygtap, has kaşaň görünýän jaýlardan ybaratdy. Onuň gapdalynda şol hörpde gurlan, hammam jaýynyň gapdalynda, köwüşçiler, keselhana, sertaraşlar üçin niýetlenen ýene bir toplum, iki topara-da degişli ýanama jaýlar bardy. Bendilikde oturanlaryň hepdede, on günde, bellenilen nobatlary

ýetende ýuwnup-ardynmak üçin olaryň hökmany maňlaý diremeli bolýan ýeridi.

Ahmedi türmede 67-nji toplumyň jaýynda ýerleşdirdiler. Ol türme nadziratelleri bolmaly ýerine ertip, arkasyna daňlan gollaryny boşadyp, ýatmaly ýerini görkezensoň, ol töweregine salam berip, öz ýerine geçip bükülip oturdy. Bendiler jaýda bölek-bölek bolşup, gapa seredişip gözleri bilen geleniň habaryny alşyp, düýrügişip, düňreýşip otyrdylar. Şol arada tussaglaryň içinden Ýazjan kel gart-gart kellesini gazap, oturan obadaşyny tanap, tanyş çykyp: «Ahmet akga, sen nireden çykdyň?» diýip, özüniň barlygyny mälim edip, ýakynsyrap oňa tanyşlyk berdi. Soraşyp ony görenine begendi. Emma nämüçindir, her gezek täze adam getirilende göhi göterilýän topar hanynyň Ahmede başdan pisindi oturmady. Topar hany daýawdan gelen Şiramir atly haýsy milletdendigi belli bolmadyk, özüne göwni ýetýän, bendileri öz penjesinde saklaýan, daýawdan gelen döwsypat bir mahlukdy. Şiramir tarhanlyk hökmürowanlykda köp babatda türme bendisine däl-de, onuň administrasiýasynyň ýörite ygtyýarly adamlarynyň birine meňzeýärdi. Türme ýolbaşçylary hem bu toparda bir bolmasy iş bolsa, onuň sebäbini ilki şondan soraýardylar. Şonuň üçinem bu ýerde oturan bendiler iki gatly basyşa düşüp, onuň süteminden ezýet çekýärdiler. Şiramir Ýazjan kel Ahmet bilen gürleşip bolup-bolmanka, oturan ýerinden ony hökümli barmak büküp ýanyna çagyrdy.

Ýazjan kel onuň bilen bir zatlar gürleşenine mähetdel ol ýene-de dessine Ahmediň ýanyna geldi. Ahmet onuň bolşundan Şiramiriň özüni synaga salyp ugralanlygyna düşündi.

– Hanymyz bilen salamlaş bar-da, obadaş! – diýip, Ýazjan kel Ahmede haýyşly ýüzlendi.

– Gapydan gelenimde hemmeler üçin salam berdim.

– Ýok, onuň bilen aýratyn salamlaşmaly.

– Besdir şol berlen salam. Meniň her ýetene salam bergim ýok.

– Kejirlik etseň, han halamaz seni, Ahmet akga!

– Kel, hanyňa aýt, günüme goýsun, men onuň çeýnejek çöpi däldirin!

– Barsaň-a gowy bordy? – diýip, Ýazjan kel soňra boljak darkaşlykdan gorkup, bir Ahmediň, bir beýlede ýamany bilen Ahmede gözläp, düýrügip, öjügip oturan hanyň ýüzüne ýaltaklap, nätjegini bilmän, iki arada janserek bolup ýaplap durdy.

Gürrüň netijesiz gutardy. Dym-dyrslyk aralaşdy. Ýazjan kel jandurmazlyk edip: ”Seresap bol!” diýen hörpde Ahmediň ýüzüne ýene bir ýola duýduryşly seredip alada galdy.

Birsalymdan Şiramiriň talaby bilen, Ahmet aňyrsyna bakyp ýatyrka, kimdir biri gelip, ýuwaşlyk bilen onuň bir taý ädigini äkitdi, beýleräk çekilibem birki bolup, onuň içine hezil tapyşyp buşugansoňlaram, ädigi ýene-de getirip, golçuldadyp öňki duran ýerinde goýdular.

Ahmet öz kastyna çykylanyny ädigi getiren: “Meniň ölçegim däl eken” diýip, ýaňsylap ony gapdalynda goýan wagty bilip galdy.

Ahmet bu özüni masgaralaýjylykly hereketiň aňyrsynda kimiň barlygyna dessine düşündi. Ädiginiň gonjundan göterilýän şor siýdigiň porsy ysy burnuna urup, syrtyna temen sokulan ýaly, onuň bada atylyp turmagyna sebäp boldy.

Ol ädigi haraplanlaryň biri öwrülip, heniz Şiramiriň tomaşa edip oturan ýerine ýetip ýetmänkä, atylyp baryp onuň ýeňsesinden penjeläp aldy-da, ädigiň öňüne getirip:

– Ädigi al. Iç siýdigiňi! – diýip, gazap bilen oňa talap-höküm etdi. Ele düşen etmişli haraý isläp, Şiramire tarap gözläp, gorkusyna nätjegini bilmän, gamyş ýaly galdyrady. Gözlerini petredip, ýalbaryp samrady. Ädigi alyp, ilki bir owurt, soň ýene bir ýuwdum ondan içdi. Ol soňam ýerdäki siýdigiň ählisini özüne içirer öýdüp:

– Ýeke özüm siýmedim-ä! – diýip, kömek isläp, ýene hanyň armaýyp oturan tarapyna delmirip gözledi.

Elbetde, munuň Şiramiriň yrsaramak üçin edýän oýnudygyna Ahmet bada göz ýetiripdi. Ol eli ädikliň ýeňsesinden ebşitläp

tutup, gazaba geňläp durşuna şol barmana-da ony idenekledip, göni Şiramiriň öňüne süssenekledip ertdi.

– Ber ädigi eline indi galanynam ol içsin! – diýip, ony gazap edip gyssady.

Etmeli işiniň nämeligine göz ýetirensoň, kyn ýagdaýa düşen bendi etmeli hereketinden gorkup elheder alyp, raýly çaga ýaly özüni arkan, arkan zyňdy. Urnup bar güýji bilen dyzanyp, Ahmediň elinden sypmaga synanyşdy. Ýöne Ahmediň eline düşersiň-de, iýen pohuň jogabyny okaman, onuň elinden syparmyň?

Onýança Ahmet beýleki eli bilen etmişli bendiň elindäki ädigi kakyp diýen ýaly aldy-da, onuň içindäki galan siýdigi Şiramiriň ýüzüne serpip goýberdi.

Taparyň öňünde mertebesi depelenen Şiramiriň şundan soň damarlaryna ot goýberlen ýaly bolup, gidenligi belli boldy, ol dagyň bölegi ýaly silkinip ýerinden turdy. Tokmak edip göteren ýumrugyny Ahmediň depesinde somlady.

Ýöne Ahmet Şiramiriň düwlende hasam ulanan küdüň ýumrugyny görüp, dessine şol depesinden bir inse, soňra özünden tebibe zat galmajagyna düşündi. Ol ýeňsesinden penjeläp duran bendisini bada-bat Şiramiriň öňüne itekläp, sähelçe-de bolsa-da ony çörňeşdirip badyny almak oňa başartdy. Hyrs ýaly tiz hereket edip, Şiramir ýumrugyny doly ýokary göterip götermänkä, ony tutup, gazap bilen ýeňsä gaňyrdy.

Şiramir eliniň agyrsyna çydaman, daşa urlan çüý ýaly onuň öňünde eplip egreldi.

Ahmet şu pursatda Şiramiriň ýaranlary ýerli-ýerden topulyşyp köpleşip, özüne hüjüm ederlerinden howatyr edende bolsa, türme durmuşynyň öňki kada-talabynyň bu gezegem öňküsi ýaly saklandygy belli boldy.

Bu kada laýyklykda, hanlyga dalaş edýän Ahmet ýaly özüne göwni ýetýän başbermez garşydaş bilen, öz orny mertebesi üçin, türme hanynyň özüniň ýekme-ýek çaknyşygy hökmandy.

Şiramiriň gaňrylan elini sypdyrmak üçin eden tagallasynanyşyklarynyň bu dara-direde damardaky ganlaryň lasyrdap

gaýnadyp duran pursadynda nepi bolmady. Şiramir atymyny almak üçin:

– Goýber eli. Geç orta mert urşaly? – diýip, talaply syýasatlar etse-de, Ahmediň pursady elden beresi gelmedi.

Gaýta ol şundan soň Şiramiri alyp ýatmak maksady bilen, onuň goluny şeýle bir gödek zalymlyk bilen dyzanyp gaňyrdy welin, zarba çydamadyk eliniň bir ýeri "hoturt" edip ýazyp, döwlenligi belli boldy.

Şundan soň Şiramiriň ýumrugynyň ýazylyp, eliniň süňksüz ýaly egninde boş hallan atyp, onuň diýenini etmeýänligi belli boldy. Şiramir armanly ahmyr çekip, hyrçyny dişläp agyrsyyna çydap bilmän çytylyp, dyzyny ýere urdy.

Töwerekdäki aşak bakyşyp, hiç zady görmeýän-ýeşitmeýän ýaly bolşup, hiç tarapyň arkasyny almaga het edip bilmän, sessiz-üýnsüz oturanlar hem "hoturdap" süňk döwlenini görüp elheder aldylar.

Muny görüp, olaryň arasyndaky haýýaty göçen bendi pop hem telpegini çykaryp, nähilidir bir dilegli dogalar samrap, üç gezek çokundy.

Köplere bolsa bu ýere mundan alty-ýedi aý ozal, daşary ýurda dönüklikde aýyplanyp, bagty ýatyp, özüniň ozalky duşmanlarynyň arasyna bendi bolup düşen OGPU işgäri, türmede gyzyl orus diýlip tanalan Boldyrew bilen Şiramiriň şu ýerde bolan çaknyşygny ýatlatdy.

Boldyrew Baýramaly OGPU-synda işlände Şiramiriň agasynyň urup, oňurgasyny döwen adam bolup çykmagy onuň köne ýarasynyň kesmegini aýyrmak bolupdy.

Şiramiriň türmeden mata dolanyp getirilen, bary-ýogy şundan soň iki-üç gün ýaşap-ýaşamanam, jan beren agasy gözüniň öňündedi.

Ýöne syratlydan daýaw Boldyrewem öň OGPU işgäri bolup, göwün çykyp, iş gaýryp gezen adam bolansoň, çaknyşyp gidişäýende hem ondan kem oturarly däldi. Barybir agasynyň aryny almak islegi Şiramiri öz gününe goýmandy. Olar şol

günleriň birinde türme narylarynyň arasynda bir-birleri bilen ganym duşmanlarça çaknyşypdylar.

– Set-müň adamy urup-sögüp maýyp eden, türmelere basyp, il baryny paýhynlap keýpden çykan ýerinden gelme dowzahy jellat, ýene garşylygam görkezen bolýar-a bi – diýip, şol salşyp ýörşüne Şiramir wagtal-wagtal öz oduny ölçerip, namys-gaýratyny artdyryp sögünibem alýardy. Olaryň ikisi-de gaça urşup, her urýan urgularyny nagdynlap urmaga çalyşýardylar.

Güýçler deňrägem bolsa, ahmallygyny aldyran Boldyrew şol barmana ýüzüne, kellesine birnäçe güýçli urgy alansoň, bu onuň aýak üstünde durup bilmän, seňseläp ýykylmagyna sebäp boldy. Şiramiriň bolsa bu ozalky köýen aryny edermenlerçe ýerine salmasy bolupdy. Boldyrew şondan soň özüne gelmän, iki-üç gün ýatansoň, amanadyny tabşyrypdy.

Şol barmana işiň işden geçip barýanyny görüp, Ahmediň Şiramiri doly alyp ýatýança hüjümini goýmajagyny pikir edip, Ýazjan kel durup bilmän, atylyp baryp olaryň arasyna düşdi.

– Ahmet akga, beýtme! Boldy indi! – diýip, ony köşeşdirip ýalbardy. Höreläp-köşeläp pälinden gaýtarmaga çalyşdy.

Ahmet öwrülip Şiramiriň ýanyndan gaýdansoň, adamlar diňe şundan soň, ýerli-ýerden gozgalaň tapyşyp, hana kömek bermegiň ugruna çykdylar. Ony goltugyndan göterip, getirip ýerinde ýatyrdylar. Omrulan elini seýikläp, melhem etmegiň ugruna çykdylar.

Ertesi işe çykylanda, Şiramir döwlüp, saralan elini boýnundan asyp, ýaraly bolup çykdy. Özi-de aňyrdan geldi-de, hatarda Ahmediň gapdalynda durdy. Türme nadziratelleri irki barlag wagty ondan: «Eliňe näme boldy?” diýip soranlarynda ol:

– Naradan gaçyp, elimi ýyrkdyrdym – diýip, olara başdansowma jogap berdi.

Eýýäm nämäň näme bolanlygyndan belli bir derejede habarly garawullar bularyň ikisiniň hiç zat bolmadyk ýaly bile duranyny görüp: “Bolýar onda özüňiz düşünen bolsaňyz, ýöne özümiz gowy bilýäs-ä seniň nämeden ýykylanyňy” diýýän äheňde

ýaňsyly ýylgyryşyp, bu meseleden göwünjeň ýeňsä çekildiler.

Şiramirem olaryň müňkürligine jogap berýän äheňde: «Erbet düýşler görüldi-dä» diýip gernip, ukuly pallady.

– Aýdyşyňdanam beter! – diýip, Ahmet hem onuň hörpünde göwünjeň Şiramire goşulyp, agzyny giň açyp deň pallady.

Barybir şu wakadan üç-dört gün geçensoň, türme başlygy: “Iki goçuň kellesiniň bir gazanda gaýnamaz, bular barybir bir ýerde oňuşmaz” diýip, öňünden umumy tertip-düzgüniň aladasyny etdimi nämemi, Ahmedi ol bölümden başga bir bölüme geçirmäge döwtalap boldy.

Bu bölümde her on günden bendilere hammamyň hökman bolşy ýaly, her aýda bir gezek erkekleriniň tykyr edip, kelläni syrdyrmagam hökmanylykdy. Türmede saçly bolup ýörmek diňe aýallara, olaryňam saçlaryny bit-sirkä basdyrman, ýuwup-ardynyp, özüni oňarýanyna hemem üç-dört aý mundan öň tutulyp getirilen, bendiler arasynda “Batýuşka” diýlip tanalýan, Mary şäheriniň ybadathanasynyň öňki popuna ýüz-gözüni sakgal-saça basdyryp gezmäge ygtyýar berlipdi. Ahmedem soňra şu ýerde saç alýan sertaraşlaryň biri bolup işlemäge başlady. Saç-sakgal almak bolsa ömür meýdanda bolnup, ýoldaşlary bilen bir-birleriniň saç-sakgalyny alşyp ýören Ahmediň eliniň tersinden gelýän zatdy.

...Wagt geçer. Döwür-döwran aýlanar. Ýazjan keliň obasynyň toý-şagalaňynda nahardan doýup, çaýdan keýpini kökläp otyrka, öz gep-gürrüňe şüweleň berip, her sözüni nygtap-nygtap, täsirli gürlemesi bardy. Bir gün gürrüňden gürrüň çykyp, ol Çebşeklide bendi bolan döwrüni ýatlady.

Şonda Ýazjan keliň gyzykly gürrüňlerini diňläp hezil edip oturanlaryň biri, onuň bendilikdäki ýagdaýy bilen gyzyklanyp, sorag sorap gürrüňe gop berdi.

– Ýazjan akga, türmede her hili pälazanlar bardyr öz-ä. Senäm-ä olar urup-sögüp horlan bolsalar gerek? – diýip, degna degiji gep bilen onuň türme durmuşyny güman astyna alyp, oduny ölçererdi. Ol şondan:

– Hany biri pitdigini bir degrip görsün, Ahmet akgam bar. Şoňa bir aýdaýyn. Saç syrdyryp otyrka kekirdegine päkini bir goýar onuň. Sähel gaty gitse, päki düşdi edip goýbermedenem gaýtmaz...– diýip, özüniň galkan arkaly bolanyny buýsanç bilen ýatlardy.

Çebşekli türmesindäki adamlaryň arasynda başy boş aýal maşgalalar bilen durmuş gurup ýaşaşýan adamlar-da iki-ýeke bardy. Ahmediň hem bu ýerde işläp ugransoň, şeýle zenanlaryň biri synyna düşdi. Aýalyň belli bir derejede Hanuma meňzeýänligi üçinmi ýa-da ýoldaşly durmuşyň özüne ýat bolup, aýal-gyza bolan küýseginiň artyp, şorunyň depä çykanlygy üçinmi, ol görenden bu Burla üzüm atly aýala hyrydar bolupdy. Ol aýal sertaraşhananyň gapdalyndaky hassahanada işleýän aýallaryň biridi. Ahmet biraz ýagdaýy öwrenensoň, onuň özüne gabyl zenanlygyna göz ýetiripdi. Ilki gören wagty oňa «Hyrs ýaly ýigit eken» diýip göwni ýeten aýal hem Ahmet atymyna getirip, ylak atyp taryna kakyp görende, bu ýerde şeýle dogumly erkek bilen bolsa, özüne kem bolmajagyna göwün ýüwürdip gülüp-yşyp, onuň bilen deň gopupdy. Beýle adama ýoldaş bolsa özi bilen bendilikde ýören iki çagasyna hem onuň hossarlyk etjegine göwün ýüwürdipdi. Bu orta ýaşan aýalyň adamsy ozal Maryda belli diş lukmanydy. Mele derweze atly töwerege belli, gapdaly dişe seredilýän otagly howlyň eýesidi. Emma ol sowet organlarynyň adamlaryna, olaryň maşgala oramlaryna näçe ýaranyp hyzmat eden-de bolsa, daýysy Aly Haýdaryň gaçyp, Eýrana gidenligi bilnensoň, NKWD-çiler diş lukmanyň ýakasyndan ilipdiler. Daýysynyň gidermen bolýanyny wagtynda habar bermänligi üçin olar soňra "Alynyň aryny Ahmetden çykar" edip, lukmany ýanap ony "Bu ýerde geplemek islemeseň, geplejek ýeriňi taparys" diýip, tussag edip, türmä zyňypdylar. Ol diňe iki aýdan halys tapdan düşen halda, gözleri içine çöküp, horlanyp, ustyhan-yşarat bolup, öwrülip gelipdi. Gelenine köp wagt geçmänkä-de dünýäden ötüpdi. Burla üzüm hem adamsyna kömekleşip, lukmanlyk hünärini şondan

öwrenipdi. Soňabaka hünäri hasam eline alyp, ol adamsy bilen deň kabul edip ugrapdy.

Bu günki gün bolsa onda-da lukman hünärliniňem taň ýerinde tüýs maňlaýyndan diräpdi.

Burla üzümi hem, şondan soň tersçiliň maşgalasy hökmünde bäş-alty aý bolup bolmanka, bir ýerlere sürgüne atarmak niýeti bilen Çebşeklä getirilipdi.

Howlusy ýeneki emläklerem hökümete geçirilip, onuň öýüni sowet emeldarlarynyň biri eýeläpdi. Çebşekliniň wagtal-wagtal maşgalalaryň sanawyny okap, başga ýerlere sürgüne ugradylýanlygy üçin, Burla üzüm hem öň öýüňde diwar hem hemaýat edýär diýen akyla eýerip, özleriniň Kawkaza sürgün edilende gowy boljagyny pikir edýärdi. Her mümkin bolan ýagdaýda maşgalasynyň şol ýere ugradylmagyny türme naçalniginden öz häsiýetine mahsus şelaýynlyk, mylaýymlyk bilen haýyş edýärdi. Ol wagtynda-da adamsynyň kärini özi üçinem gowy peýdalanypdy. Onuň agzynda hataram altyn dişleri bardy. Şonuň üçinem Çebşeklide Burla üzüm altyn dişli hatyn hökmünde tanalýardy. Burla üzüm heleýligiňem abyny-tabyny kemsiz alan, onuň mazasyna berlip, mydama onuň bilen humarlap gezýän hyjywly näzenindi. Beýle gowulyk onsoň Ahmediň synyndan sypýarmy!? Ahmet Burla üzüm bilen är-aýal bolansoň, oňa-da maşgalalylaryň ýaşaýan böleginde, Burla üzümiň çagalary bilen bolýan otagynda ýaşamaga ygtyýar berdiler.

Emma şol döwürde bendileriň arasynda Burlany gabanyp, bularyň är-aýal bolmaklaryny halamaýanlar-da tapyldy. Has-da muny ýigriminji ýyllarda Kawkazdan Mara oglan okatmaga ugradylan dogumly mugallym Farruh halamandy. Ol döşleri gapak ýaly, gözleri ýanyp duran kyrk ýaşlaryndaky syratly kişidi. Ol Burla üzümiň Ahmede aýal boljagyny eşidip ilki: “Är isleseň, biziň birimize bar, gaz-gazlar, serçeler serçeler bilen uçýandyr görseň, senem öz sürimizden daşlaşmaly dälsiň” diýip, oňa talap bildirip azar beripdi. “Eger diýleni etmän, äre baraýsaň-da, ony seniň bilen ýaşamaz ýaly ederis” diýip, munuň soňunyň ölüşige

barjagyny aýdyp, Burla üzümi raýyndan gaýtarmaga çalşypdy. Şol gündenem ol öz ýaran töweregi bilen haýsydyr bir ýollar bilen, Ahmedi güpbasdy etmegiň hem ugruna çykyp, amat arap ugrapdy. Mundanam başga Ahmede häli-şindi onuň hyşy-wuşy gepi ýetip durardy. Şeýdibem, diýeni ýer almansoň, ol howply duşmana öwrülip ugrapdy. Adamlar hem indi bu gün bolmasa erte – ýakyn günleriň birinde bu iki goçuň "jalka-da-jalka" çakyşjaklaryna munuň ganly çaknyşyk boljagyny pikir edýärdiler. Howp gara bulut bolup abanan günleriniň birinde Burla üzüm:

– Ahmet janym, bu ganojagyň niýeti gowy däl, bolmasa wagtlaýyn ýaşanymyzda aýry ýaşaýaly, gizlin ümsüm-kümsüm duşubereli. Ol netigara aňsat biziň ýakamyzy goýbermez, saňa bir zat bolar öýdüp gorkýan. Özüm ölem, seniň başyň dik bolsun!? – diýip, howsala düşüp, aglap oňa ýalbarypdy. Ahmet:

– Aýrylyşmaly bolsak, özüm aýdaryn. Menem bir dulugyma çalynsa, soňra beýlekisini tutýanlardan-a däldirin? – diýip, garşydaşyna öz ýanyndan hym baglapdy.

Şol günleriň birinde erkekleriň hammam güni Ahmet ýaňyrak biriniň saçyny alyp bolup, indem päkisini bir tarapy diwara çüýlenen çalgy-kemer bölegine çalyp ýitiläp durdy. Ol şol barmana köpden bäri garaşyp ýören, öz kastynda gezýän Farruhyň sertaraşhana gelip girenini, özünden daşrakdaky boş oturgyja çökenini gözüniň gytagy bilen gördi. Ahmet bu wagta çenli onuň gyşyk geplerinden halys doýupdy. Indi bireýýämden bäri näme bolsa, şol bolsun edip, onuň bilen bellisini etmek üçin amatly pursat arap ýördi. Şonuň üçinem ol häzir Farruhy göreninden şol garaşan aýgytly hereket etmeli pursadyň gelenine düşündi. Ahmet Farruhyň saçyny syrmakçy bolup duran sertaraşa «Ýerimizi çalşaly" diýip, üm etdi-de, dessine Farruhyň ýeňsesinde özi peýda boldy. Barşyna-da sen-men ýok, bir eli bilen onuň saçynyň ýeňsesinden penjeläp, kelläniň hereketini öz eline aldy-da, ýalaw ýaly päkisini onuň bokurdagyna goýdy.

– Senmi şol meniň ýoguma ýanmakçy bolup ýören? – diýende, ol Ahmedi ýeňsesinde görüp, gaçaryny aldyranyna

düşündi. Syçrap ýerinden turup, Ahmediň elinden sypmaga dyrjaşdy. Emma bokurdaga goýlan päkiniň tygy eýýäm onuň tenine batyp, gan çykaryp ugrapdy. Şundan soň ol ahmallygy elden berip utulanlygyna, ýene sähel garşylyk görkezse, Ahmediň päkini çekip, damagyny garladyp çalmany hiç zatça görmejegine düşündi. Farruhy oturan ýerinde şagga sowuk der basdy. Ol ahmyrly ýuwdunyp Ahmede:

– Dur, gardaş! Gel düşünişeli! – diýip, Ahmediň päkili golundan tutup, öz hetdini tanap, mugyra gelenligini mälim edip, mümkin boldugyndan, howpuň öňünden sowulmaga çalyşdy. Onýança-da gapdaldaky sertaraşam işiň işden geçip barýanyny görüp:

– Ahmet, Ahmet! – diýip, howlukmaç gelip, onuň päkili golundan ýapyşdy. Farruhy daldady.

– Şu gezegem bir degme oňa! Ol gysmaly ýerini gysmasa, onsoň keýpiň kelläňde!? – diýip, ondan haýyş bilen töwella etdi.

Ahmet gany gaýnap, gazaba dolup durşuna elindäki päkini bokurdakdan aýryp, ony Farruhyň murtunyň üstünden saldy-da, murtuň bir bölegini hamy bilen aşak alyp düşürdi.

Daşarda bendileriň hammama giriş tertibine seredip duran türme gözegçileriniň biri bu ýagdaýy görüp ylgap gelende, Farruhyň başyny eýýäm başga biri syryp durdy. Nadziratel Farruhyň bokurdagynyň tyg batan ýerinden akýan ganly ýeri tutup, alňasan halda oturanyny görüp nämeligini bilmese-de, oňa Ahmetden bir kest ýetenini bildi. Göni öňüne baryp, gerek bolanda bendileri urup, tertibe çagyrýan gol boýy taýagynyň ujuny Ahmediň kükregine dürtdi:

– Sen, gowy bol-how! – diýip, biraz gahary ýatyşan halda oňa duýduryş berdi. Türmede goçulyk satyp ýören Farruhyň düşen ýagdaýyny eşidip, muňa adamlaryň begeneni hem öz bolmady. Birnäçeler bolsa:

– Ha, Ahmet kelte gaýdypdyr, päkini bokurdaga goýanyna görä, ony bir çekmeli eken – diýip ahmyr etdi.

Farruhyň şu wakadan soň bady alnany belli boldy. Ol

güýje masaýynsa, özüniňki ýaly güýç görjegini bildimi nämemi, murtunyň bir bölegini Ahmediň ýalaw päkisi alyp düşensoň, onuň beýleki böleginem syrdyryp, murtsuz gezdi. Türme ýolbaşçysy bu ýagdaýy bilip, Ahmedi birnäçe gün horluk çekdirilýän ýörite jaýda saklap, ony beýlekilere göz etdiler.

Ahmet türmede her ýeteniň öz üstünden höküm sürüp, sürnüp bilmejegini ýene bir gezek subut etdi.

* * *

Bendilenip Owgandan getirilip, Tagtabazardan etaba goşulyp alnyp gidilenine ýedi aý diýlende, Bally bir ýerlerden bilip, doganoglany Ahmedi derekläp, onuň halyndan habar almaga, Çebşekli türmesine geldi. Bally öň Ahmediň düşen ýagdaýyny ýatlap, onuň urlup, zulum baryna gerňelip, juda horlandygyny çatyk jan hökmünde alada berlip pikir edýärdi. Häzir bolsa ol Ahmedi görüp, onuň biraz ýarsyp, saçynyň etegine ak sepip, gojalan ýaly bolanyna seretmezden, eli-aýagynyň ýerinde bolup, tabynyňam erbet däldigini görüp, belli bir derejede kanagatlandy.

Bally türme ýolbaşçylaryndan rugsat alansoň, iki gardaş bolşup, çolarak bir ýerde gürleşip, soraşyp-ideşip oturdylar. Ahmet “Meni tapaýypsyň-ow” diýip, onuň gelenine arkalanyp minnetdar boldy. Bu ýerdäki gürrüň olaryň ikisine-de obany, öz ýakynlaryny ýatlatdy.

– Kymyş akgam aýtmaýarmydy näme, ganybiriň jany birdir! – diýip, Bally şeýle bolmaly-da diýen äheňde göwünjeň aýtdy.

– A indi ol pahyram ýok, bu sürgün belasyna duşulyp, oňa ölende oglanlarynyň bir depik gumam miýesser etmändir. Menem ýokdum – diýip, Ahmet ahmyrly ýatlady. Bally:

– Öň-ä ýagdaýy hiç neneňem däldi welin, bir tabyny saklap gezibem ýördi-le, pahyr – diýdi.

– Oglanlary, agtyklary gidensoň, näçe çytyraşsa-da, öňkülig-ä bolmady bendäniň.

– Gol doly maşgaladan dynyp oturmak aňsatmydyr, eýsem.

Yzynyň baý-kulak diýlip, her ädimde ýanalma, gyşyk gepem onuň üstesine.

Ahmet soňra Ballynyň ýüzüne minnetdarlyk bilen gözläp:

– Tüweleme, Bally senem hiç neneň däl. Şundan gidip öňräk Orazgeldi akgam dagynam görüp, hallaryndan habar alyp gelipsiň. Agama janköýerligiňi görkezipsiň. Ýagdaý edip bolsa, etmelisem şoldur-la, dogan-gardaş-a adama şuň ýaly kyn günüňiňde gerek-dä. Ol ýerlere gidip gelmek diýmek, dilde aňsat, onda-da hökümetiň ýanap, yzarlap ýören adamlaryny sorap-idäp ýörmäge baý gaýrat gerekdir-ä!? – soň ol Ballynyň agasy Orazgeldiniň maşgalasynyň yzyndan gidip gelenini onuň öz dilinden eşitmek üçin, gyzyklandy: – Ýeri, onsoň olaryň hal-ýagdaýlary nähili eken?

– Şükür Hudaýa, oňşarlyk bar eken. Işläne berilýän nan paýy adam başyna 600 grama çenli eken, çagalara onuň üçdenmi-ikidenmi bir bölegi berilýän eken. Onsoňam pişelerem ýene şu ýerdäki ýaly daýhançylyk. Kolhozlaram ekindir, ekip bilen dänesini gazagyň asyrlar boýy boş ýatan mes toprakly ýerine, gowy hasylam alnypdyr. Ekerançylygyň gapdalynda bolup bolsa, adam hor bolýarmy onsoň. Orazgeldi akgam kolhoz başlygynyň arabasyny sürýän eken. Gelnejemem kiçilerini Allanazara goýup, nan haklaryny aljak, güzerana bolsun diýip, bugdaý saraýda işläp ýören eken.

– Allanazaram ýigit çykyberendir indi?

– Çaga meniň baranma gaty begendi. “Bally akga bizi Türkmenistana äkitmäge gelipdir?” diýip begendi.

– Obany gaty göresi gelendir neressämiň.

– Eýsem, näme, yzyny – Watany küýsemeýäni ýok bendeleriň.

Rahmannazary ýatlanda Bally ýüzüni kölegelendirip, mesemälim hasratly gepledi.

– Ýöne Rahmannazar janymyza ganym gyşa aldyran ekenik.

– Näme bolupdyr oňa?

– Öz-ä daşaryk oýnamaga çykanda deň-duşlary bilen gar

iýipmi nämemi, derdiniň baş-a şol bolupdyr özün-ä. Ol ýurduň gyşy-gary bolsa bu görlen däl diýýärler. Şol günlerde aýdyşlaryna görä, barak bilen barak aralygyna hem gary gazyp içinden ötük edip, şondan sümüp ýol-ýoda ýasap barylmalymyş.

Hatda gyşyň zabunlygyndan ýaňa ýer süňk bolup doňup, wagtynda merhumyňy ýere düýnemäge-de mümkinçilik bolmaýan eken.

– Beh! – diýip, beterinden beterini eşidenine geň galyp, Ahmet aladaly:

– Onda merhumlaryny nädýäler? – diýip sorady.

– Obaň çetinde bir ýerde ýörite “mogilnik” diýlip, merhum saklaýan jaýlary barmyş. Merhumlar ýer çözülýänçä şol ýerde saklanýamyş. Rahmannazar janam men barmazdan bir aýa golaý öň, doň çözülensoň, ýere beripdirler eken. Öwlüýämiz indi iki boldy – biri gazakda, biri özümizde... Ony Gully emin aganyň gapdaljygynda jaýlanypdyrlar. Gully eminiň uly gubury, babasy bolup Rahmannazar jany gujagyna alyp ýatyr... Ikisiniňem başuçlarynda oturyp, aýat okap gaýtdym.

– Şuny gaty oňarypsyň, sen Bally. Garrylaram örän minnetdar bolandyrlar. Özüň bilýäň-ä ol iki garra biz näme etsegem azdyr. Ýyllar boýy olar bizi öz çagalary ýaly iýdirip-içirip başymyzy jemläp, haý-küş bilen daşymyzy gallap oturmadylarmy näme? Bize bir zat bolsa «waha-waha, jana-jana» diýip, gyýlyp-gynanýanam, kömege howlugýanam ýene-de ilki bolup şolar. Kymyş akgam öýde gaplaň ýaly bolup ardynyp otursa-da, köp bela-beterler gelmäge het edip bilmän, biziň töweregimizden oýtarlap, aýlanyp geçerdiler.

– Gaplaňdam-da!

Bally:

– Gelnejemiň saçagynda nany bar eken – diýip, ýene gazagystanly gürrüňine dolanyp geldi. – Gelen myhman-merdanyň öňünden geçmäge kartoşkadyr, nohut diýdi ýeneki oňşuklaram bar eken. Nahar-şor meselesinde bolsa özüň bilýäň, sähelçe zatdan bal ýaly nahar taýynlamak gelnejemiň çep elinden

gelýän zat.

– Eli süýji – diýip, Ahmet hem iýen-içenini ýatlap, Bally bilen bir hörpde göwündeş gopdy

– Ýadyňdamy, Orazgeldi akgam öýlenýänçä biziňkilerde, onda-da del myhman-meduwan gelmese, günortan çagy aňsat ýörite nahar-şor taýynlanylyp ýörülmezdi. Enelerimiz: «Ajygan bolsaňyz, alyň saçakdan eliňize bir kesmek nany!» diýerdiler. Gelnejem gelip bolsa, ýok ýerden düýp öýde garaçorba peýda bolupdy. Gazan ataryp, onuň içinde soganmy-da, galampyr, pamadurmy-da noýba, tapan zadyny salar, soňundanam gaty-guty nanlaram dograp, bir üstüne salar welin, nädersiň iýip-doýup bolmaýan nahara dönäýse. Şol günler ilki başlarda Jemal gelnejem: «Waý-ýeý, näme etjek günortan çemçe-çanagyňy ýoklap, agşam iýerler, bolar şol!» diýipdi:

– Hawa. Soň bolsa olam: «Biý-ä gowy bolar eken» diýip, gelnejemiň edenli heleýligini boýun alypdy.

– Gelnejem nä gowy görüm-görelde gören ýeriň – Mämmet hanyň gyzy-da. Aýal-gyza gerek öý işi endiklerini ejesidir gelnejelerinden öwrenen bolmaly...

Düýnki gowy günleri ýatlamak, gardaşlaryň ikisi üçinem jöwza yssyda birden sowujak şemal ösüp giden ýaly ýakymly boldy.

Bally ýene Gazagystany ýatlap, gürrüňini öňki hörpünde dowam etdi.

– Orazgeldi akgamam, gelnejemem seni alada edişip köp ýatladylar. Olar özleriniň sürgüne berlenleri üçin, seniň Ýagdyny alyp ýatjak bolanyňam eşiden ekenler. Olar şonda maňa şuny berk tabşyryp goýberdiler. “Ahmede aýt, biz üçin başyny oda sokmasyn, hiç kim bilen ýagyçylyk etmesin! Muny maňlaýa Hudaý ýazandyr. Hudaý halansoň bolsa, bendesiniň çäresi bormy? Hudaý bolsa her işiň öňünden, arkasyny soňuny görüp, hasabyny ýöredermiş. Näme etse-de, belki, uzagyndan bu-da bähbide çeker. Onsoňam Alla öz bendesine diňe onuň göterip biljek ýüküni urarmyş, göterjekdiris-de, ol bize bu ykbaly berendir. Hiç zady

adamdan görmesin!” diýdi, – diýibem şol ýerde aýdylan sargydy karzy hökmünde birin-birin oňa ýetirip oturdy.

Ahmet Ballyny diňläp oturyşyna eşidýän zatlarynyň gapdaly bilen olaryň manysyny özüçe tirip otyrdy. “Orazgeldi akgam-da... Ol maňa duşmançylykdan zelel geläýmesin diýip alada edýändir. Ol soňraky ylalaşyk üçin göre-bile edilen ýamanlygam ýuwutmaga taýyn. Ýa parhly adamlar şeýle geçirimli bolmalymyka? Aý, jan agam-a. Olar Ýagdy bol-a, Hardat bol-a, sizi, Gully emin agalary sürgüne ilden gizläbem durman: “Kymyşyň tohumyny tüketdik”, “Gully Emini ilen-çalany bilen gümgidene ýolladyk” diýşip, guşlary gaz alşyp, hil iş bitirenden bolşup gezmedilermi näme?” diýip oýlandy.

Ýagdyny ýatlamagy Ahmediň soňra-da ol barada çalarak eşiden soňky gürrüňini ýatlatdy. Ol:

– Ýogsa-da dünýäler üýtgäp ýör öýdýän. Ol Ýagdyny nädäýipdirler? – diýip, ol barada eşiden gürrüňini has takyklamak üçin Balla ýüzlendi. Bally:

– Ýagdy nä şol gören Ýagdyňdyr-da... Göterinip bilmedi, iliň begligini, onsoňam onça akyp duran baýlyk onuň nirede gören zady. Wezipede, baýlygam bela-beteri ýetik zatlar-da. Ýogsam onuň başyna ýeten adamlarynyň haýsy birisi, Taganlarmy, Gully eminlermi, Gurban baýlarmy ýa biziňkiler öň oňa duşmanmydy? Boldy-boldy özi boldy. Taganlardan dagy ata-babasynyň aryny almak üçin olara hym baglap ýören eken. Taganlaryň erkek adamlarynyň bäşisiniňem telpegini ters geýdirip, atuwa höküm etdir-dä zaluwat? Hälem Hudaý diýen ýerleri bar eken, Berdi gotur boldy, ýeneki boldy wagtynda olary halas etmegiň ugruna çykyşyp, Atabaýew, Aýtakowyny görşüp, olaryň atuw jezanyny wagtynda türme bendiligine öwürdip almak başartdy. Barybir Taganlaryň hemmesiniň maşgalasynam şondan soň ýurt içine, Türkmengala, Baýramaly diýip sürgün edildiler.

– Ýagdy tutulypmyş diýip, eşitdim, dogrusy, ynanmadym – diýip, Ahmet henizem bu habara özüniň oňly ynanmaýanyny mälim edip aýtdy. Bu gep Ballynyň kalbynda ýuwaşja ýanyp

duran oduň ölçerilip goýberilmesi boldy. Ol:

– Ynan-aý, şol dogry. Onda-da ony gündiziň güni Piýaz köwde Welmyrat baýy Owgany geçende bir sebäp bilen yzynda galan gelni Owadan maşgala Ogulgerek bilen, peşananyň içinde aýşy-eşretde mahaly gelip tutdular. Onuň edenini edip, kylanyny kylyp, bolmajysy bolup ýörenligini bir ýol bilen biri Atabaýewe ýetirip, onuň  iberen adamlaram yzyndan gelip, şol ýerden tutup äkidipdirler. Obada ondan içi ýangynly dili uzynlaryň käbir-ä: “Balagynam geýdirmän äkidipdirler” diýibem gep edýär.

– “Iliň bilen kaş bolma!? diýmänmi nä köneler. Ýeri, onsoň kim boldy onuň ýerine obaşura?

– Eşideňokmy, az wagtyndan bäri ýerine indi men bolup ýörün.

– Aý, goýa! – Ahmet muny eşidip, ilkä muňa ynanmaýan ýaly geň galdy. Yzyndanam kanagat tapma bile:

– Susagyň sapy ele geldi diýsene? – diýip begendi. Gürrüňini dowam etdiribem – Başga zadyňa bilemok. Atabaýew şuna tüýs oňaraýypdyr-da asyl– diýip, muny ýürekden makullady.

– Bir-ä onuň kastyna ymykly çykan bolmaly, ýogsam ol hele-hüle güýjüň-ä hän hezil bermeli däl. Oturyşy gaty pugtady onuň... Eli gelen wagty wezipäniň begligini sürme kemin-ä goýmady zaluwat...

Obanyňam hem ähli emellerine başarsa-başarmasa, öz ilen-çalanlaryndan goýuşdyryp çykdy. Ýeriň tabyn bilýän brigadirleriňem, suwuň tabyn bilýän mirap ýenekileriňem ýerine şolar bol-da. Hatda ol soňky döwür oňuşman dostsurap ýöreni Nurjumanam işden gyraklat-da. Ony öz Gurban hekgisi bilen çalyşdy.

Ahmet onuň iňňe-de-sapak bolup ýören dostunam gaýgyrmanyny eşidip, muňa-da “Bäh, bäh” diýip, geň galdy. “Çalyşdy diýsene?!” diýip, muny has takyklaýan hörpde, gaýtalabam sorady.

Bally:

– Hawa çalyşdy. Çalyşsa gördem-dä! – diýip, öz gepine

makullama berýän terzde: – Gazy döwri, raýon ýolbaşçylaryna iş başarýandan bolup görünmek üçin, ol hekgi hekgiligini edip, gazyçylara gaty daradam-da. Gyssap ol bendeleri ne arkaýyn iýip-içmäge, ne-de aýagyny uzadyp biraz dynç almaga goýdy. Halkam muny götermedi. Bir günem gazyçylaram ählisi üýşüp, ýabyň raýyşyna çykyp, asmana gözläp: «Alla jan, şunuň zulumyndan bir gutar bizi?» diýip, dileg, nalyş edipdirler. Taňry eşitdimi ýa-da başga bir hikmet boldumy nämemi, hekgi şol günüň ertesi gölerip, öli çykdy...

– Şu gezeg-ä Taňry il nalyşyny aýny wagtynda eşiden bolmaly.

– Ýok, ol hemişe eşidermiş. Pygamberimiz aýtmanmy näme: «Siz netijä gyssanýarsyňyz» diýip, Ýagdyňam bu düşen güni ahyr-soňy onuň Taňrysyndan tapdygy-da.

Gowy ýadyňdadyr. Ýagdynyň biziň gaplaňlar şol ýyl bagana nalogyny üzmände, onuň «Nirden tapsaňyz tapyň, heleýleriňize guzladyň!» diýip, gazap edip, üstümize sürnüşi!?

– Aý, gomasalanyp bolubilenini boldy-la...

– Bir ýamanlyk, birem ýagşylyk ýatdan çykmaz diýilmänmi näme?..

– Atan daşyňyňam şeýle-de bir gün bolmasa, ýene bir gün özüňe gaýdyp gelýäni dogry eken. Juma çaýhoryň ogly Haky Daşkentde okuw gutaryp gelip, ýakyndan bäri meniň hatdat, iş ýöredijim bolup ýör.

– Haý, zaluwad-ýeý. Ýaş wagtam dogumlyjady ol. Dogry hasabam ýöredýän eken. Bir gün ol Ýagdyň garyndaşlarynyň üstüne kükräp barypdyr-da: «Ýumurtga nalogyňyzy üzmediňiz!» diýip, olaryň üstüne kükräpdir.

Olar: "Ýumurtga bolmasa nädeli?" diýende ol:

– Heleýleriňize guzladyň! Gaplanyň heleýleri bagana guzlamaly bolanda, näme siziňkiler ýumurtga guzlaman! – diýip, olara Ýagdynyň etmişini ýatladypdyr. Men eşidip oňa näme Ahmet akgaňçylap ýeten bilen geýdirilişiberýän!? – diýip, oňa käýedim.

Ahmet Ballynyň gepiniň şu ýerinde dahylsyz zadyna özüniň dahylly edilenineini eşidip, onuň “Hä, bir uruş-gykylyk bolsa, onuň gyrasyndan meni goýmaň!” diýesi gelen-de bolsa, şol barmana onuň hökmanlygynyň göz ýetirip, Ballyň ýüzüne göz aýlap goýberip ýöne ýylgyraýdy.

– Ýagdynyň gözi ýer görmeýän mahaly bu aýdan gepi Hakberdi oglanam bolsa galan eken-dä onuň ýadynda. O-da maňa:

– Bally akga, özler-ä elleri gelende etdi edibilen ýamanlygyny ile, biz-nä elimiz gelende, wezipe-gullugymyza daýanmazça olardan kemmi? – diýip, meniň bilen ylalaşmajak boldy. Menem oňa “Olar poh iýen ekenler, şonda şolar iýdi” diýip, senem iýjekmi? – diýip käýedim. Aňyrsyny gözläp otursaň, Ýagdam, Ýagdyňkylaram indi bize ýat däl-ä. Öň olaryň ata-babasy ykbal çekip niredenem gelip düşenem bolsa, indi sen telim bir wagtdan bäri olar bilen bir obanyň adamsy bolup, onuň gün-güzeran keşigini deň çekişip, gyz alyp, gyz berşip, garylyşyp-gatylyşyp otyrsyň. Şol nikalardan dörän çagalara “balam”, “çagam” diýip, buýsanmag-a buýsanýaň diýdim – diýip, Bally, hamala, bu meselede öz mamlalygyna Ahmede tassyklatjak bolýan ýaly, oňa Ýagdyň toparynyň arkasyny alýan hökmünde öz gepini nygtady.

Ara düşen biraz dymyşlykdan soň Ahmet:

– Ha, bir endamy suwly, maňyzly-maýaly tirsildäp duran bir gowy aýalam bardy-da maňlaýgaranyň – diýip, Ýagdyň basylanyna entegem özüniň oňly ynanyp bilmeýänini aňdyrdy. Soňam: – Bäh, kimkän-aý ol Ýagdyny dagy beýdip alyp ýatyp bilen adam? – diýip, ýene biraz haýran galma bilen sorady.

– Ilçilikdir, doňzam, deňzem ýetikdir. Iliň içinde eline ýüp alyp, “Bir başyna syrtmak salyp bolmazmykan” diýip, Ýagdyň yzyna düşüp ýörenler ýokmudyr, eýsem? Birnäçeler-ä «Aşgabada zada gidip, Atabaýew ýenekiler bilen duşuşyp ýör» diýip, ony agalary Taganlaryň aryny almak üçin, Berdi Gotur hökümete gowulap ýetirendir diýse, ýeneki käbir adamlar ony biziň Hakberdiden görýärler. Müji aşygy ýaly bolup, Ýagdyň

“tarypyny” şu Moskwa bir ýerlere ýetiren bolmaly. Hat-petege bolsa ökde bi ýerbiti ýaly bolup – diýip, bu barada iliň içinde ýene-de dürli çen-çaklaryň bardygyny hem aýtdy.

– Kim edenem bolsa, biziň halkymyzyň içinden-ä ony ýazgaran bolmaz. Halk kimiň kimligini gowy tanaýar-a...

Bally gürrüň arasynda agasy Orazgylyjyň maşgalasy baradaky aýtmaga gelen gürrüňini biraz ýaýdanybrak, özleriniň oglanlyk döwürlerini ýatlap, biraz yza çekilme bilen başlady.

...Şol gün Bally bilen Ahmet iki ýigdekçe, iki deň-duş gardaş bolşup, gapynyň öňünde saç ezişip, päki çalşyp, bir-birleriniň saçlaryny alyp berermen bolşup, saçsyryşma gurnapdylar. Bally Ahmediň saçyny syryp, jeňňel saçyň içinden zamça gawunkelläni çykaransoň, syrmak gezegi Ahmede ýetipdi. Ol saçy ezip, kelläni şatyrdadyp owkalap ugransoň, bu Balla ýaramady. Ol: «Ýuwaşrak-how, goýun gyrkýarmyň ýa adamyň saçyny syrýarmyň?» diýip, ondan nägile bolupdy.

Ahmediň eli gatydy, şeýle-de ol saç syranda kelläni ezip, owkalap, ýagşy onuň eýini ýetirip syrardy.

– Çydajak bol, saç gowy ezilse, soň gowy syrylýar! – diýip, Ahmet ýene-de hereketini öňki hörpünde dowam etdirdi.

Bally çydaman atylyp ýerinden turup, Ahmet elinden sypypdy-da, öjügip, onuň üstüne topuldy. Ikisi bäsleşip süsüşýän goçlar ýaly duran ýerlerinde alşyp, garpyşyp gitdiler. Şol barmana bularyň bolşuna mal ýatagyň bozulan ýerini çybyk örüp, abatlap oturan Orazgylyjyň gözi düşüpdi. Ol inileriniň oglan urnaşmalarynyň çyna ýazyp barýanyny görüp, oturan ýerinden abaýlap gygyrdy:

– Eý, deýýus gödekler, hany bes ediň! Ýogsam baryp, häzir özüm ikiňizem çybyga gerňeýän! – diýip, talap bilen haýbat atyp, olary aralapdy.

Ahmetdir Bally bu pursady:

– Wagtynda aýrylyşmadyk bolsak, şonda Orazgylyç akgadan çybyk iýýädik – diýşip, agaly-inili ýakynlar bilen bile ýaşalan gowy günleri küýseg bilen ýatlaşdylar.

Bu pursat ýatlanan mahaly Ahmet ýene deginme bilen, gapdalynda oturan Ballynyň egnine sähelçe bilmesreplik edip, sürnenden bolup, itibem goýberdi.

– Bally bolmasa, ýene bir salşyp alaýsak nädýär? Indi bizi aralara töwerekde Orazgylyç akga-da ýok! – diýip, ýeriň giňini hödürleýän hörpde aýtdy.

Bally Ahmediň garaşylmadyk henekli gepine oňly garşylyk görkezmese-de, “Munuň şu bendi halyna-da ýadyna oýun düşýär” diýen äheňde oňa igendi.

– Alla jan kessin, sen däleý, Ahmet! Saňa Dälibaşym diýip, Kymyş akga ýöne ýere aýtmaýan eken – diýip, ony taňlady.

Soňam gepine biraz hesret gatma bilen: «Indi ölüşsegem, bizi aralajak Orazgylyç akgamyzam ýok bu dünede» diýdi.

– Ol nähili ýok? – diýip, bu habary ilki eşidýänligi üçin Ahmet ör-gökden geldi. Ahmet agasynyň, onuň maşgalasynyň başyna düşen soňky külpetlerden habarsyzdy.

– Hawa ýok – diýip, Bally sözüni ýene bir gezek takyklansoň, Ahmede ýakynda bir adamyň Syrderýa boýuna gidip, ol ýerde sürgünlikdäki aga-inisinden habar alyp gelenligini, Orazgylyçlar barada hem bu habary şonuň getirenligi Orazgylyjyň türmä basylyp, şol ýerde urlupmy ýa atylyp, öldürilenligini şondan bärem hossarsyz galan biçäre maşgalanyň ot içinde ýanyp-bişip oturanlygyny eşidilendigini gürrüň berdi.

Ahmet şu mahala çenli obada ýene-de haçanam bolsa dogan-garyndaş bolşup jemlenişip, gadyrly-gatnaşykda ýaşaljagyna göwün ýüwürdip gezýärdi. Şu anyk gürrüňden eşidenden soň welin, ol bu arzuwlaýan durmuşyň, esasy sütünleriniň biri Orazgylyç bolmasa, munuň hiç wagt öňki dokuz-dolulykly gowulygyň bolmajagyna düşündi. Ol şu pursatda awa salmak üçin eline gonduryp, häzirläp duran şuňkar guşuny uçurmanka säwlik bilen bir ýerden çawup gelen oka ony aldyran ýaly, kalby synyk halda lapykeç boldy. Ballynyň häliden bäri bir zady aýtjak bolup, onuň üstünden barmaga ýaýdanýanlygynyň sebäbine ol diňe häzir düşünip galdy. Ol şu pursatda ýüreginiň başynyň bir

zat bilen gysylan ýaly bolup, ýiti agyryp gidenini duýdy.

Bu şundan soň Ballynyň kalbynyň üstünde indi bir eýýämden bäri omzap, dert bolup, agnap ýatan agyr hasrat daşynyň Ahmediň kalbyna togarlanyp düşmesi boldy.

Şu pursatda jan-dil bolup, kalba dil bitirişip oturan iki gardaşyň aňy dumanlap, «Alla dokuz gapyny ýapsa-da, bir gapyny açyk goýarmyş» diýen akyla sygnyşyp, durmuşyň salan synaglaryndan baş alyp çykmaga, onuň çykalgasyny gözleşip oturdylar. Şu pursatda olar durmuşyň öz nebereleriniň başyndan eňteren gazabyny hasam ýiti duýdular. Göz açyp-ýumasy salymda ol görlen we häzirki görülýän külpetleri aň eleginden geçirdiler.

Ahmet Bally geleni bäri onuň gürrüňiniň birde bolmasy, ýene birde Hanumanyň üstünden hem barmagyny isleýärdi. Hanumanyň soňky ykbaly Ahmede belli däldi. Bir bilýäni onuň çagalary gujaklap aglap: “Nädeýin, ýazgyt şeýle eken-dä, mähribanlarym!”diýip aglap hoşlaşyp, olary Balla galdyryp, Tagtabazardan gürüm-jürim bolanlygydy. Ol Ahmedi bolsa ýatlasa-da, Tagtabazarda saklanylýan wagty bilýän-de bolsa, barara ýüzi bolmansoň, ony derekläp, yzyndan barmandy.

Dogrusy, gürrüň mahal-mahal Hanumanyň üstünden baraýjak-baraýjagym bolýardy. Ýöne näme üçindir her gezegem boljak boljak bolubam bolman galýardy, her gezegem ondan öwrülip ötülýärdi. Ahmet bu ýagdaýyň häsiýetinden çen tutup, Ballynyň özüne bir heleýden utulanyny gyjalatly ýatladyp, köne ýaranyň kesmegini goparmaýyn diýýänligini çen edýärdi. Ahyr häzirki gürrüň ýordumlarynyň bir ýerinde, Ahmediň özi Ballydan Hanuma barada gönüläp soramasy boldy.

– Bally, hany onsoň biziň ol keýwanydan näme habar? – diýdi.

Bally näme üçindir bu soraga bada jogap gaýtarmagy howlukmady. Ara biraz wagt salyp, nämedir bir zatlary ýatlaýan deý küýlenip-köýlenip alansoň, jogap berdi:

– Aý, ol heleýiňde oýun kän eken, Ahmet, seniň!..

Hanumaly durmuşynyň nähili bolup gutaranyna seretmezden,

Ahmediň ol barada ýaman gep eşidesi gelmeýärdi. Bally ol barada gyşyk gepe başlan wagty, asylgy duran jaňyň gyrasyna bir zat bilen kakylanda bolşy ýaly, ol öz süňňüniň hem sarsgyn alan ýaly bolup gidenini duýdy:

– Onda-da, gör, nähili – diýip, Ahmet Ballydan ol barada has köpräk bilmek üçin, onuň aýdany bilen göwünjeň ylalaşýandan boldy.

– Bu oýun ýeke bir onuňky hem bolman, ol NKWD-äniň, Sarkisiňem oýny eken – diýip, Ahmediň özem onuň bilen deň gopup, Ballynyň aýdanynyň üstüne goşdy.

– Gördüňmi seni onda-da nädip alyp ýatdylar!?

– Kim bolsa-da, şeýle gowy görlüşenden soň beýle bolar öýtmedim-dä – diýip, Ahmet ýene bir gezek utulanyny boýnuna alyp, başyny ökünçli ýaýkady.

Bally pursatdan peýdalanyp, bäsdeşlerçe ýene oňa degdi:

– Gadymyýetde-de aýdyşlaryna görä, baş bermezek ýagyny şeýdip, heleý üsti bilen alyp ýatmak bar eken-ä – diýip, bilýän rowaýatlaryndan haýsydyr birini mysal getirip, sözüni nygtamakçy boldy. Ýöne Ahmet ýüzugra onuň sözüni bölüp, aýtjak zadyna gonalga bermedi.

– Taryhyň-a bilemok welin, men-ä şol heleý oňaryp aldawa saldy.

Ahmet soňundanam sesini suslandyryp, haýsydyr başga bir hasratly pikire berlenini mälim edip gürledi:

– Dogrusy, men-ä Hanumanyň özüme kast edenine henizem doly ynanyp bilemok – diýip, öz kalbynyň halyny takyklady. – Tötänleýin ýalam bolup dur – diýdi.

Bally onuň bilen ylalaşmady:

– Töränleýin ýalam bolsa, bu ýerde tötänleýin zadyň-a ysam ýok. Ol NKWD-äniň uzaga giden planlar-niýetler bilen seniň goltugyňa salan gömülgen ýylany eken... Ol birde bolmasa, ýene birde barybir çakmal-a...

Bu gürrüň wagtyň geçmegi bilen biraz unudylan Hanuma baradaky gürrüňleriň ýene-de täzeden gaýdyp dolanyp gelmesi

boldy. Bally bu gürrüňleriň hörpünden, Hanumanyň henizem Ahmediň kalbynda sähel öwüsgin bolsa, körärli köz bolup, ýatanlygyny bildi.

Ýöne ol şeýle hyýanatdan dagy soň munuň nädip beýle bolup bilýänligine häzir Ahmede düşünmeýşi ýaly, oňa-da düşünmedi. Bally şundan soň nämedir bir zatlary ýadyna düşürip, Hanuma barada Ahmediň pikirine "hä" berýän hörpde gürledi. Ahmede tutulansoň, türmede berilýän jeza-sütemleriň gowşadylmagynda, oňa berilmeli atuw jazasynyň türme tussaglygy bilen çalşylmagynda Hanumaň örän berk durup, tagalla edendigini eşidenligini ýatlady.

Duşuşyga berlen wagtyň gutaranlygy duýdurylansoň, gardaşlar ýakymly bolan derdinişmäniň gutaranlygyny bildiler. Ahmet ýerinden turup, Ballynyň gyşygrak başa geýen şampa telpegine, onuň oba eýesidigine buýsanma bilen, bir-birege gadyrlydan sargytly sözler aýdyşyp hoşlaşdylar. Ahmet yzyna dolananda, göýä gerdeni agyr ýük ýaly, aýaklarynyň aýaklaryna çolaşarly bolup, endiräp gidenini duýdy.

Bally Ahmedi nadziratel tä öňüne salyp, diwar aňyrsyna ötýänçä, onuň yzyndan doganlarça ýürek ezip gözläp durdy.

* * *

Nanbaýyň şäher ortasyndaky soňra mekdep internata öwrülen, Daşkendiň giňiş howlularynyň birinde gurlan, iki gatly kaşaňdan haýbatly jaýy bu öwredäki belli ymaratlaryň birdi. Howluda ondan başga-da ýene-de dürli hajatlar üçin gurlan ýeke gatly jaýlaryňam birnäçesi bolup, ol ýaşaýyş üçin diýseň göwne laýyklanylyp gurnalandy. Bu jaýlar täze hökümet eline geçip, mekdep-internatyna öwrülen-de bolsa, ol henizem şäherde Nanbaýyň öýi hökmünde bilinýärdi.

Bu mekdep-internat barada öň bilýänem, hatda bir gezek oňa düşäýmeli bolanda gaçyp sypanam Ýoldaşbaýdy. Aganazar welin bu hili ýetim-ýesire eýe çykylýan ýeriň barlygyndan habarsyzdy.

Daşkende gelip, Ýoldaşbaý ýaly şäherde dileg edip, gedaýçylyk bilen synsyryp ýören deň-duşlaryna duşmadyk bolanlygynda ol entegem bu internat barada hiç zat bilmese-de bilmezdi. Ýoldaşbaý üçin bolsa bu internat (Onuň kimden eşidenligi belli däl) çagalar niýetlenen türmeden başga zat däldi.

Milisioner girisine salyp, öz tutup getiren çagalaryny internatyň direktoryna hat-petekläp tabşyransoň, yzyna öwrülip, jaýdan çykyp barýarka ýene-de Ýoldaşbaýyň närazy bolup, dotdarylyp duranyny gören mahalynda göwnühoş ýylgyryp, onuň duşunda aýak çekdi-de, oňa göwünjeň henek atdy.

– Hä-ä, gaçak, indi berin gaçaýmagyn! Ine, görersiň, bu ýer eliň serip, ygyp sadaka sorap ýörenden müň paý gowudyr. Hany birsalym ýaşa, bakaly, soň sen bu ýere getirenim üçin, meni ýatlap, minnetdaram bolarsyn! – diýdi. – Meniň bu ýere getirenim ýeke senem dälsiň – diýip, sözüni dowam edip, göwünlik berijilikli aýtdy.

Ardurja ele düşensoňlar, ine, şeýdip, Aganazar bilen Ýoldaşbaý ikisem ykmanda eýesiz çagadan internatça öwrüldi duruberdiler.

Direktor milisioner gidip, oglanlar bilen ikiçäk galansoň, olaryň hersinden ony-muny soraşdyryp, gelip-çykyş durmuş ýagdaýlary barada özi üçin käbir zatlar anyklaşdyryp oturdy.

Internat direktory depesiniň saçy düşüp ugran, saryýagyzdan gelen, öň harby bolana çalym berýän, harbylarça geýnip, özbek dilini biraz çalgyrdyrak gepleýän tatar adamsydy. Özi-de biraz şowakörrägem görünýär. Milisioneriň goýup giden kagyzyndan sanawyny okanda, ol ony gözüne ýakyn tutup, ýemşigräk burnuny oňa degribräk diýen ýaly okaýar.

Sowet hökümeti özüniň ilkinji ýyllaryndan başlap, Orta Aziýa halklaryny okuw-bilimli etmegiň ugruna ymykly çykypdy. Ol häzir ähli ýerde, köne dini okuw bilen bäsleşiklikde, gerek bolsa belli bir döwre çenli onuň hem bilimli adamlaryny peýdalanyp, öz syýasatyny halk içinde erjellik bilen ornaşdyrýardy.

Bu jelagaýda çagalary sowetlerçe okadyp, soňra öz degirmenine suw guýjak adamlary ösdürip ýetişdirmek üçin hat-sowatly mugallymlaryň ýetmeýänligi üçin, bu işlere tatar, garyndaş dilli türki halklaryň başgyrt, azarbeýjan halklarynyň hem wekilleri giňden çekilýärdi. Şeýdibem şol ýyllarda Orta Aziýada oruslar bilen bilelikde gyzyl mugallymlar dürli milletleriň wekillerinden bolupdylardy. Bu internat direktoram şol gelenlerden biri bolmaly.

Direktor täze getirilen çagalar bilen ilkinji tanyşlyk gepleşigini geçirensoň, olary öz çakylygyna gelip, eýýäm gapyda tabşyryga garaşyp duran aýal bilen, hortap uzyn adama tabşyrdy: "Hammama salyň, geýindirip soňam ertip naharlaň, ýatakhanada hersiniň ýatjak ýerlerini görkeziň, ertiriň özünde-de okuwa başladyň!" diýip buýurdy.

Nanbaýyň jaýy mekdep-internata öwrülensoň, ol telim-dokuz bölünip, ýatakhana, okuw otaglaryna, iýlip-içilýän ýörite ýere, direktordyr mugallym, hyzmatçylaryň oturýan ýerlerine öwrülen eken.

Täze getirilenler direktoryň buýruşy ýaly iýdirilip-içirilip geýindirlenden soň, olary jaýyň ikinji gatyndaky ýatym otaglaryna alyp bardylar. Ilki ýolugra topardaky ýeke gyz gapdaldaky gyzlar otagynda ýerleşdirilensoň, oglanlary bölüp, olary ikiden-ikiden gapylaryna 1-2 diýlip, san ýazylyp bellik edilen jaýlaryň birinde ýerleşdirdiler.

Aganazardyr Ýoldaşbaýyň getirilen 2-nji otagynda ýaşaýanlar esasanam orus dilinde okadylýan oglanlar bolup, olaryň arasynda özbegem bardy orusam, tatar, täjik oglanlaram. Aganazaryňam gelmegi bu sana ýene bir milletiň wekiliniň goşulmagy boldy.

Bölünişikde Aganazar bilen Ýoldaşbaýyň bu ýerdäki orus dilinde okadylýan oglanlaryň arasyndan getirilmegi olara ilki birhili tötänlik ýaly bolup görnüp: "Biz bir agyz orusça bilmeýän halymyza onuň okuwyny nähili okarkak?" diýdirip, endişä goýan-da bolsa, olar-a soňra otur diýlen ýerde oturyp, tur diýlen

ýerden turup, tabşyrylýan ýumuşlaryň ugrunda bolubermekden başga alaç galmady. Bu ýerdäki orus dilinde okaýan oglanlaryň okuw otaglarynyň aýratyn bolşy ýaly, olaryň bir-birlerinden dil öwrenmek üçin amatly boljagy göz öňüne tutulyp saklanlaryndada bileräk saklamaga çalşylýardy. Ýaşalyp-okalyp ugralansoň, Aganazardyr Ýoldaşbaý üçinem bu ýagdaýyň ümür-dumany kem-kemden syrylyp, onuň özüçe aýdyňlyk tapyp ugranlygy belli boldy.

Mekdep internatynyň hossarlygy Aganazara ene-atasyny her demde küýsedýänligine seretmezden, başga-da bir aýak ýeterde penalap baraýar ýaly ýeriň hem ýoklugy üçinmi nämemi, oňa bu ýer birhili soňra hiç neneňsi kem ýaramady. Mundan gowy ýeri indi gözläňde nireden tapjak. Öňki ýaly iýjek-işjegiňi gedaýçylyk edip gazanmaly däldi. Çorba-çolpy, kaşa ýeneki diýlibem gapdalynyň nany, süýjüli çaýy bilenem ile minnetsiz her gün wagtly-wagtynda berlip dur. Birsydyrgyn geýdirilýän geýimler hem öňki geýlen geýlenlerden artyk bolmasa, kem däl. Ýöne orus dilini öwrenmekde kynçylyklar bolup, olary kejikdirýän ýerleride, mundan gaçyp gidip bolsa, gowy bolardy diýdirýän wagtlaryda bolýardy.

Ýöne okuwy welin bular nätseňem hökmany okatjaklar, bu ýerde bir zatlar öwrediljek bolnup edilýän yhlasam öňki görlenleriň çeni däl. Üstesine-de, arassaja jaýda, arassa düşekde ýatyp turýanyň, ornuň her dürli gowy-gowy kitaplaryň, gazet-žurnallaryň arasynda bolup, elektrik çyrasynyň bol nuruna dolup oturan jaýlardan girip çykanyň nämä degenok? Bu gowulyklar asla ozal-ahyr görlen zatlarmydy?

Aganazar bir gezek internatdan kimdir biriniň dynç alyş günleriniň birinde rugsat alyp, şäher içindäki garyndaşlarynda bolup gelenini eşiden mahaly onuň hem: “Beýle etseňem bolýan eken-ow, belki, maňa-da gidip türmeden kakamy görmäge, habar almaga ygtyýar ederler?” diýip, tama etmegine sebäp boldy.

...Kakasynyň özüni gelşikli internat lybasynda, göwnühoşlukda görüp: “Gör, sen nähili ýigit çykypsyn!” diýip, buýsanjagyny göz öňüne getirip tolgundy.

Eger-de Mädemin bilen ara şu tow düşmedik bolanlygynda onuň üçin internat durmuşy entegem şol öňki hörpünde dowam ederlidi.

Muňa-da aslynda Ýoldaşbaýyň garaşylmazdan, wagtal-wagtal ýüze çykýan, onuň internatdan ozalky günemmasy bilen bagly, gedaýçylyk edip gezen döwüründen galan häsiýeti sebäp boldy. Ýoldaşbaýyň has-da garny gowy doýmadyk wagty, köne derdiniň gozgamasy bardy. Endikdir-dä ol şonda öňküsi ýaly töweregini dileg salyp elini seriberýärdi. Kimem bolsa häsiýetine görä ýuwaşlyk bilen onuň ýanyna barardy-da: “Maňga-da biraz beriň?” diýip, dilegçilik etmäni özüne kiçilik bilmeýärdi.

Aganazardyr Ýoldaşbaýyň internata getirilenine birki aý geçip geçmänkä, olaryň naharhanalarynyň käbir köne stollary täze hem has giňiş stollar bilen çalşyryldy. Şeýlelikde, Aganazar bilen Ýoldaşbaýam täze getirilen üsti giňiş stollaryň biriniň başynda oturdylan on oglanyň birisi boldular.

...Bu gezek Ýoldaşbaý öz goýazy häsiýeti bilen stol başyna ýoldaşlaryndan biraz gijigip geldi. Ol howlukman ýöräp naharhana gelip girende, özgeler şaram-şark eýýäm öňlerine berlen naharlaryny iýşip otyrdylar.

Bu täze stola hem öňki oturan ýerinde bolşy ýaly, ýene-de ekabyrsyrap Mädemin beýemçilik edýärdi. Kesilip orta goýlan nandan hemişe ilki ol her gezek özüne geregini alansoň ony: “Deň-derman bölüşiň!” diýip, beýlekilere geçirerdi. Ol internatda kakasy haýsydyr bir ýerde sowet kanunlaryny girizmek üçin basmaçylar bilen bolan çaknyşykda wepat bolan gyzyl komandiriň ýetim galan ogly hökmünde tanalyp sylanylýardy.

Internat mugallymlary tarapyndanam onuň gyzyl komandir bolup, sowetiň garşysyna çykan adamlary gaýgyrman, paýhynlan kakasy gahryman hökmünde görülýärdi. Bu bolsa şeýdibem onuň ähli zatda özgelerden ilerlenmegine, göwni çykyp, özüni has tarhan duýmagyna sebäp bolupdy.

Kakasynyň häli-şindi aýdylyp-aýdylyp rowaýata öwrülip barýan ykbaly indi onuň üçin hem galkandy, hem saýawan. Her

ýerde ol özüni kakasynyň mertebesine mynasyp alyp baryp: “Kakasynyň hakyky ogly, o-da ulalsa, şonuň ýaly sowet döwletine wepadar adam bolup ýetişer...” diýdirmäge çalyşýardy.

Mädemin oglanlaryň arasynda öz diýeni edilmän, gaňryşyna gaýdylmagyny bolsa, hemişe kakasynyň mertebesiniň äsgermezlik edilmegi hökmünde, öz hereketlerini bolsa kakasynyň mertebesini goraýan hökmünde görünmäge çalyşýardy.

Ol stol başyna geçilende hem her gezek sen-men ýok, ýene-de tarhanlyk bilen beýemçilik edip ugrady. Muny beýlekiler hakykatdanam şeýle bolaýmalymykan diýip pikir edipdiler.

Ýoldaşbaý aňyrdan gelşine özüne goýlan nan paýyny kelemli çorba bilen dessine galt-gult etdi. Soňam gultunyp, töweregindäkileriň ýüzüne ymsynyp seretdi. Mädeminiň öňünde esli bolup nan böleginiň duranyny görübem, nähili ýerinden galanyny hem duýman galdy.

Onuň gapdalyna gelibem, delegçilik edendäkisi ýaly boýnuny burup:

– Maňga-da azkine non beriň!? – diýip, şu ýere goýaýyň diýýän ýaly aýalaryny serip, onuň gapdalynda durdy.

Mädemän onuň bolşuny halaman, bada-bat ýüzüni asyp çytyldy. Halamazlyk bilen alarylyp seretdi. Onuň gahara geleni mälim bolup, nazary otlukly alakjap göz okarasyndan uçgun syçran ýaly boldy. Ýoldaşbaýyň bu hereketi oňa: “Sen nany hemmelerden köp alypsyň!” diýýän, ýaly birhili garaşylmadyk masgaralaýjylykly ýüze gelinme boldy.

Ol halamazlyk bilen:

– Bar ýok bolsan-aý! – diýip, elini salgap, Ýoldaşbaýy ýanyndan kowdy.

Ýöne Ýoldaşbaý bir ädim yzrak çekilse-de, onuň ýanyndan gitmäge howlukmady. Elini serip, ýürege düşüp durşuna dilegini ýene öňki hörpünde täzeden gaýtalady.

– Moňga özkine non beriň?!

Onuň köpüň arasynda beýdip, çöregi sen artyk alypsyň diýip, ýüzüne basyp durmasy soňra Mädeminiň hasam äjinnesini atlandyrdy.

Ol ýerinden tarsa turdy-da, Ýoldaşbaýyň egninden penjeläp alyp, ony ýeňsesine öwrüp, soňam leňňe depen ýaly edip, aýagynyň gapdaly bilen nagdynlabam depdi syrtyna.

– Bar ýok bol diýilýär saňa! – diýip, öz eden hereketinden hoş bolubam, nätdim diýýän ýaly töweregine gözläbem ýylgyrdy.

Ýoldaşbaý depginiň badyna hol beýlä entirekläp gitdi.

Dostunyň depilenini görüp, Aganazar laňňa ýerinden galanyny hem duýmanam galdy. Ol gelşine-de Mädemininiň üstüne gezelip, dostunyň arkasyny aldy:

– Näme-ow sen adamlara depin-gapyp? Gurt ýalagyň depek baýtalyna döňdüň-le sen – diýip, ondan nägili boldy.

Bu Mädemininiň ýoldaşlaryndan kimdir biriniň ilkinji gezek onuň ýüzüne gelme bilen milt edip durşudy.

Dogrusy, gyzyl komandiriň ogly hökmünde internatda özüni aýratyn hak-hukukly hasaplaýan Mädemine bu gezegem edenine däl diýen tapylar öýdülmändi. Ine, ol bolsa tapyldy duruberdi.

Mädemin töweregindäki özüni synaga salyp, jel-jelledişip seredýän gözleriň öňünde "çekindi..." diýdirmezlik üçin, ýene-de özüni öňki hörpünde merdemsi saklamaga çalyşdy.

– Men-ä şony depdim. Islesem ýene-de deperin! – diýip, Mädemin horazsyrap, Aganazaryň öňünde tekepbirlik bilen petekesini göterip, özüne göwnüýetijilikli pert gepledi.

– Isleseňem indi depäýmersin. Depseňem gaýtargyňy alarsyň – diýip, Aganazaram oňa duýdurjylykly aýtdy.

Aganazaryň Ýoldaşbaýyň arkasyny alyp aýdan bu gepi Mädemini hakykatdanam terpendirip, ör-gökden getirdi. Ol:

– Näme-ýe-ýe? – diýip, ýüzüniň ganyna gaçyryp, Aganazaryň üstüne hörmeýdi.

– Şol eşideniň!

– Sen dagy kim bolupsyň maňa garşy bolarça? – diýip, Mädemin soňam göwnüýetmezçilikli seňrigini ýygryp, Aganazaryň üstüne öçli süründi.

Bu pursatda olaryň ikisiniňem içki howurlary göterilip, kalplarynyň gahar-gazap gazanynyň gaýnagy ýetikdi. Töwerek

bolsa agyn öjükdiriji garaýyşlar, ýaňsylydan gorkuly nazarlar bolup, olary synlaýar. Indi olaryň hä diýmän, bir-birleri bilen urnaşyp gidibermekleri hem uzakda däldi. Nädibem bolsa ýagdaýyň öňüni almalydygy, onda-da tiz şeýtmelidigi duýuldy. Edil şu pursatda sapakdan gaýry wagtda hemişe diýen ýaly toparlary çopan bolup, gapdalyndan bakyp, tertip-düzgüniň ugrunda bolup gezýän terbiýeçi hem bu golaýda görünmeýärdi.

Ýoldaşbaý daşyndan goýazy biparh görünse-de, bu dartgynlyga ýene-de ilki şol duýup ara goşuldy.

Ol ýeriň gaýmagyny bozmaýyn diýýän deý aňyrdan ýuwaşja ýöräp gelşine-de Aganazara maslahat berijilikli: “Deňsiz bilen deň bolma!” diýip, onuň goltugyna girip, alada bilen bir gyra çekdi.

Bu şeýdibem internat çagalarynyň arasynda goçusyrap gezýän Mädeminiň ilkiji gezek öňünden çykylma, onuň edýänine däl diýilme boldy.

Mädemin şu pursatda özüniň mertebesinden, kakasyna bolan buýsanjyndan düýpgöter el üzüp barýan ýaly, özi üçin ömürliden kemsindiji ahwaly başdan geçirdi.

Töweregiňem gyjalatçy, gybatçy dillerem tizden Mädeminiň öňünden çykylyp boljak ekenligi baradaky gybat-gepleri şeýle bir harman edip çarşak bolup, saman sowran ýaly edip atar welin, gör, onsoň ol kölegeli gepler baryp nirelerden çykar?

Bolaýmaly çaknyşyk bolmansoň, bularyň hyňranyşmasy adaty çaga urşudyr öýdülensoň, gyrak-bujagy eşidilse-de, bu mugallymlaryňam oňly üns berilmedik ýagdaýy boldy.

Ýöne Mädemine belet oglanlar onuň bu ýagdaýy şu durşuna goýmajagyny bilýärdiler. Bu ýagdaý eýýäm Mädeminiň töwereginiň arasynda: “Eýsem-de bolsa, kimmişin ol gyzyl komandiriň dagy oglunyň garşysyna giderçe?.. Şeýdýän bolsa ol sowet hökümetini halaýan öýüň ogly bolmaly däl. Häzirem onuň kakasy türmede ýatan bolsa, ol ýöne ýere düşen däldir. Sowetiň gaňryşyna gidip ýören basmaçy ogly bolmaly...” diýen ýaly Mädemine Aganazar baradaky meçew beriji çaklama gürrüňleriň

döremegine sebäp boldy. Dogrudanam, bu gürrüňleriň döränine köp wagt geçmänkä, onuň Mädeminiň oduny ölçerenligi belli boldy.

Öýke-kine diýen zat wagtynda karar tapmasa, ol gaça agram salyp duran uly suw ýaly hemişe agmaga, böwedi böwüsmäge ýakyn bolýar.

Topar şol gezegem daşarda her günki ýatylmazyndan öň geçirilýän gezelençde aýlanyp, arassa howadan dem alyp, gezip ýördi. Bu gezek orusça okaýan toparyň terbiýeçisi bir işi çykyp gidip, topluma ýolbaşçylyk edýän Mädemindi. Öňem käte mahal-mahal terbiýeçi mugallym bir işi çykyp gitmeli bolanda, Mädemini ekabyrrak görüp, şeýdip topary oňa tabşyraýmasy bardy.

Mädemin topary biraz howlyň içinde aýlansoň, birsalym olardan esgerlerçe aýak goşup ýöremegi talap etdi. Bir perdeden gopýan sazlaşykly "tarp-tarp" aýak sesleri toparyň göwnüni göterdi. Emma haçanda hatarda Aganazaryň yz ýanyndan aýak goşup ýöräp gelýän Mädeminiň dostlarynyň biri Abdyllajanyň Aganazaryň aýak goşuşyny halamanlygy belli boldy. Ol:

– Seniň bize aýagyň goşulanok! – diýip, nägile bolup, soňam gaharyna bäs gelip bilmän nagdynlap, Aganazaryň syrtyna depdi. Aganazar depginiň badyna entirekläp baryp, öz öňünden barýan oglany süsüp gujaklady. Boldy bir güpür-tapyrlyk.

Çörňeşiklige düşüp, toparyň hatary bozuldy. Aganazar ýeňsesine gözlemese-de, özüni yzyndan depeniň Abdyllajandygyna dessine göz ýetirdi. Hatda bu işiň bir ýanynda Mädeminiň hem barlygy şol bada onuň aňyna geldi. Aganazar yzyna dolanyp, Abdylajana ýumruk döwüp topulan wagty, gapdaldan ýolbaşçylyk edip barýan Mädemin dawany aralarly bolup orta topuldy.

Emma Aganazar eýýäm bir ýumruk urup, Abdyllajanyň gaýtargysyny bermäge ýetişipdi. Mädemin dostunyň ýumruk iýip, ýüzüni tutanyny görüp hem nähili Aganazara elini aýlanyny duýman galdy.

Şundan soň Mädeminiň toparynyň beýleki oglanlaryna hem: “Kim urdy” edip, Aganazaryň üsti gyzyl ýumruk boldy. Ýoldaşbaý Aganazara kömek bermek üçin topulanda, Mädeminiň ýaranlarynyň biri, uzyn zeňňirt Safar onuň ýakasyndan aldy-da südenekledip:

– Dostuň şol garga bolsa, hemişe iýjegiň ýagly ýumruk bolar – diýip, oňa öçli gyjyndy.

Aganazary ýenjip hezil tapan oglanlar bir ýerden terbiýeçi mugallym gelip ýetişäýmedik bolsa, onuň entegem eýini ýetirmekçidiler.

Internat ýolbaşçylary Aganazardyr Mädeminiň Ýoldaşbaýyň üstünde bolan ilkinji çaknyşygy barada giç bildilermi ýa-da bilseler-de ony birden ýüze çykaýýan oglan urnaşmasy hasap etdilermi nämemi, munuň üçin şol wagt oglanlary tertibe çagyryp, abaý-syýasat edip hem durmandylar. A, haýp, eger wagtynda bu ýagdaýyň abaý syýasat bilen gowy edilip, öňi alnan bolanlygynda onda häzirki ýagdaý bolmasa-da bolmazdy. Şeýdibem, wagtynda tanapyndan çekilmedik Mädeminiň dişinde et galanlygy belli boldy.

Emma bu gezek maşgala terbiýesini jemgyýetçilik terbiýesine öwrüp, sowet syýasatyna ýugrup, geljeki kommunizm gurjy ýaşlary ösdürip ýetişdirýänlerine ynanyp, uzakdan-uzaga gidýän maksat tutup işleýän internat mugallymlaryny bu ýagdaý uly alada goýdy. Elbetde, bu ýagdaýyň habary ýokarky edaralar ýetse, onda bu, internat üçinem, onuň ýolbaşçylary üçinem abraý däldi.

Şol günüň ertesi internat direktory habary eşidenden bu çaknyşyga gatnaşanlaryň hemmesini gyssagly öz kabinetine çagyrdy. Olara: “Siz döwlet tarapyndan özüňize edilýän aladanyň gadyryny bileňizok, döwlet bolsa sizi okatmak, geýindirmek, iýdirip-içermek üçin, gör, näçe alada edip, serişdeler harç edýär... Siz mes bolýaňyz, iýeniňiz-içiňizden dürtýär... Kowlup gitseňiz-ä bilýän barara gapy tapman, iýere zat tapman, ýene-de kösenjegiňizi” diýip, ýogy-bary aýdyp, olary tertip-düzgüne

çagyryp käýindi. Jetleşigiň, internatçy adyny hapalaýanlygyny, nygtap aýdyp, öwran-öwran olaryň gulagyndan geçirdi, janykdy. Indi gaýdyp şeýle ýagdaýa bolsa, halanmajagyny bek duýduryp aýtdy. Şeýle ýagdaý ikilenç ýene gaýtalanaýsa, oňa gatnaşanlary aýap goýman, milisiýanyň öňüne salyp, göni türmä ýollajagyny bek duýdurdy.

Direktoryň kabinetinden çykylanyna köp wagt geçmänkä, okuw-sapak aralygyndaky arakesmeleriň birinde Ýoldaşbaý beýleräkde Mädeminiň birnäçe ýoldaşy bilen penjirä tarap öwrülişip, gözlerini özlerine çarhlaşyp duranlaryny görüp, olaryň özleri barada ýene-de bir zatlar peýleýändiklerini, maslahat edýändiklerini pikir edip, olaryň ýanyna geldi. Gelşine-de:

– Seniňki ýalňyş! Meniň dostum bilen näme işiň bar seniň!? – diýip, göni Abdyllajanyň ýüzüne geldi.

Hemişe Mädemine arkalanyp, onuň göwnüni görmäge çalşyp, gulagyna ýakymly gepleri aýdyp gezýän oňa arkalanýan Abdyllajana Ýoldaşbaýyň köpüň öňünden bolan bolşy ýaramady. Ol aňyrdan süýkenip gelen aty duýan gysyr baýtalça ýaly, halamazlyk bilen çytyldy. Soňam tarhanlyk bilen:

– Bar, ýok bolsan-aý! – diýip, goluny salgap, ýene onuň ýüzüni aldy.

Ýoldaşbaý barybir diýjegini diýmän, yzyna dolanmaga gyssanmady. Ol soňra Abdyllajanyň gapdalynda özüni halaman çiňňerilip duran Mädemine ýüzlendi:

– Seniň näme üçin meniň dostuma kest edesiň gelip duraý? Ol näme seniň, arpaňy ham ordumy? Başarsaň şony çakjak, ýykjak bolup dursuň-la sen? – diýip, nägile boldy.

Ýoldaşbaýyň hiç hili göçgüne berilmän, bu gepleri yzlyyzyna şol bir parahatlygyny saklap suňşuryp aýdyp durşy Mädeminiň hasam gaharyny getirdi. Ol gazap bilen ebşitläp, Ýoldaşbaýyň ýakasyndan alarly göründi. Ýöne direktoryň ýasýaňy toplap käýýäp, maslahat berip goýbereni ýadyna düşdümi ýa-da ýene-de başga bir zat sebäp boldumy nämemi, ol kynam

bolsa gazabyny ýuwutmaga çalyşdy. Ýoldaşbaýy otlukly nazar bilen dalady.

– Mus-muslap durma-da bar ýok bol! – diýip, soňam ony halamazlyk bilen ýanyndan kowdy. Barybir Ýoldaşbaýyň ol ýerden aýdasy gelen zady aýtman gaýdasy gelmedi. Ol:

– Aýagym bar diýip, ony beýdip somlabermeli bor eken-ä?

– Näme ederin öýdýäň? – diýip, Mädemin özüne göwnüýetijilik bilen onuň gepini alga almaýanyny duýduryp, hasam ýaňsyly, içýakgynç gürledi.

– Islesek, ýene deperis! – diýip, Abdyllajan hem it ýylgyryşyny edip. Mädeminiň aýdanynyň häsini berip, onuň gapdalyndan gep goşdy.

– Ýene depjegiňiz çynyňyzda onda? – diýip, Ýoldaşbaý şol parahatlygyny saklap, hiç zat bolmaýan ýaly gürledi. – Onda siziň aýaklaryňyzy döwüp, syrtyňyza sokmaly bolar – diýip, teýenelije gepi adaty gürrüň hökmünde aýtdy.

– Eliňizden gelenini gaýgyrmaň! – diýip, Mädemindir Abdyllajanyň hem ikisi iki ýerden onuň üstüne sürnüşip, ýüzüne geldiler.

Ýoldaşbaý şundan soň ýene gürlese, ýüzünden sypalmajagyna düşünme bilen geplejegem bolup durman, barşy ýaly-da ýene-de ümsüm-kümsüm yzyna dolandy.

Ýoldaşbaýyň Mädemindir Aganazaryň arasyndaky dartgynlylygy aradan aýyrmak üçin eden synanyşygy ýerine düşmän, munuň tersine olary bir-birlerine öjükdirmek ýaly bir zat bolup, bäsdeşlige hasam örç berenligi belli boldy. Olar internat mugallymlaryndan, direktoryndan çekinip, esli wagt bir-birleri bilen urnaşmasalar-da, beýleki çagalar ýaly çaknyşanlaryny uzak wagt geçmänkä unudyp düşünişip, goşulyşybam gidibermediler. Ýogsam olar bir toparda bolup, bir otagda ýatyp turup, okuwlarynam şol bir synpda okaýardylar.

Okuw meselesinde öň sürgün mekdebinde Aganazar zehinlileriň biri hasap edilen hem bolsa bu ýerde orusça oňly düşünip, sapaklary özleşdirmek oňa hezil bermeýärdi.

Orus dilini bilýänler oňly bilmeýänlerden has erjel hem rüstem görünýärdiler.

Ýoldaşlaryndan kem galmajak bolşup, Aganazardyr Ýoldaşbaýam indi dert azar bolşup, okap ýazyp, ýat tutup, dil öwrenýärdiler.

Emma Aganazar hem wagtyň geçmegi bilen dili birneme özleşdirensoň, mugallymlaryň sapak wagtynda: “Pylany sapaga has gowy özleşdiripdir” diýen ýaly aýdýan tarapyna hem zehinlilerçe ýygy-ýygydan mynasyp bolup ugrapdy. Ozal beýle tarypa synpda Zöhre atly saryýagyz gyzjagaz bilen Mädemin mynasyp bolardy. Indi olaryň gapdalynda Aganazaram peýda boldy.

Mädemin welin özüniňem kakasy ýaly gyzyl komandir bolup, soňra basmaçylary ýok etmek üçin taýynlanýanyny görkezmek üçin, goşgyny dagy komandirlerçe pert-pert, haýbatly aýtmagy başarýardy. Synpdaşlaryndan: “Komandiriň ogly-da” diýdirip, göwnüýetijilikli makullama tapýardy.

Wagtyň geçmegi bilen Aganazaryň hem Zöhre ikisinden kem oturmajagy barha gowy duýlup ugrapdy. Has-da Aganazar hasap-hesip ugurlaryndan ösgündi. Sapakda mysal-meseläni her gezek ilkinjileriň biri bolup işleýärdi. Indi ýoldaşlaram: “Meseläni haýsy usul bilen işlediň?, Netijesi sende nähili boldy?” diýip, bilmedik zatlaryny ondan sorap ugrapdylar.

Mädemin welin şundan soň bäsdeşlik edip, hamala, özi kem galyp barýan ýaly Aganazaryň adynyň gowularyň arasynda agzalmagyny diýseň halamaýardy. Ýagdaýyna tapsa, çylkasyz gyşyk gepini aýdaýasy gelip durdy. Töweregine özüniň her babatda Aganazardan artyk görkezmäge çalyşýardy.

Mädemin soňky döwürde kakasy barada hasam köp gürläp, özüniň sowet hökümeti üçin jan beren watançynyň ogludygyny nygtap, tapawutlanmak üçin at-abraýa leňňer berip mazamlanyp gezýärdi. Indi ol gürlände kakasynyň basmaçylary kowalap gyran ýerleri hökmünde öň Kokandy, Syrderýa boýlaryny, Buhara töweregini aýdýan bolsa, Aganazar bilen çaknyşaly bäri

ol sanalýan ýerleri arasyna Türkmenistany hem goşup ugrapdy. Aganazar Mädemin gyzyl komanidir kakasyna masaýnyp, türkmenistanly “basmaçylaram” gyrdyryp ugransoň, ol onuň bu gepi özüni kakdyryp, yrsarap aýdýanlygy bilse-de, ýöne barha örç alyp hakyky duşmançylyga öwrülip barýan ýagdaýa dartgynlyk bermezlik üçin, onuň aýdýanlaryny eşitmedikden, duýmadykdan bolýardy.

Mümkin boldugyndan, şeýdibem aram ýagdaýy saklamaga çalyşýardy.

Ýöne ol Mädeminden näme garaşsa-da, beýle peslige welin garaşmandy.

Bir gije hemmeler süýji ukuda ýatyrka oglanlaryň ikisi, Mädeminiň tabşyrygy bilen, erteki gün Aganazary ýaman ada goýup, masgaralamak üçin, onuň krowatynyň aýaguçdaky boşrak ýerine buşugdylar.

Aganazar süýji ukuda ýatansoň, töwerekdäki öz kastyna edilýän oýunlardan bihabar galdy. Ol diňe aýak ujuna siýlen siýdigiň çygy ýaýrap, kölçerip zeý alyp, göwresiniň aşagyna ýetiberende, bu ýakymsyzlygy syzdy. Birhili ini tikenekläp oýandy. Ine, bir görse, aşagyna düşelen düşegiň esli ýeri ýaýraw alyp kölçerip, göz-gülban bolup ýatyr. Tursynyň, maýkanyň çyg degen ýeri hem şapylap, ýanbaşa ýelmeşipdir.

Aganazar birbada munuň özüni masgaralamak üçin ýörite gurlan oýundygyndan habary bolmanlygy üçin:

– Ukuda ýatyrkam bolaýdymykan? Nädip beýdip bildimkäm? – diýip, özüne müňkür boldy. Nädip beýle bolup biljegine düşünmän uýalyp kösendi. Şol wagt internatyň howlusyndan çykyp, masgaraçylykdan üm-düzüne tutduryp, bir ýerlere gidiberesi geldi.

Çagalaň gyjalatly gykylygyny eşidip gelen terbiýeçi mugallym allaniçigsi bolup, kürsäp içerik girdi.

Oglanlar ony görüp, seslerine bat berşip, bir-birlerinden öň bolan ýagdaýy oňa buşlamaga howlugyşdylar.

– Mugallym, Nazar ýerine siýipdir! – diýip, biri ýaňsyly

gülse, ýene birleri:

– Basmaçy siýipdir!

– Basmaçylar siýek bolýarlar – diýişdiler.

– Hany, galmagaly bes ediň! – diýip, mugallym bada-bat talap bilen göçgünli sesleri kesdi. Soňra-da kimdir birini gözleýän ýaly, töweregini siňňin syndan geçirensoň, köpügörenligi edip, bu ýerde bir hyýanatly oýnuň barlygyny aňma bilen, gyrada hiç zatdan habarsyz bolandan bolup duran Mädeminiň ýüzüne çiňerilip gözledi:

– Haýsy biriňiz pohuňyzy iýdiňiz? – diýip, soňam köpçülikden gaharly sorady. Emma poh eden balagyny çekensoň, ony boýun alýarmy? Mädeminiň töweregindäki oglanlaram hiç zatdan habarsyz bolan bolşup, göhleri gelme bilen “Bilmedikde, görmedik” bolşup, ýüzlerini kese-kese sowuşdylar.

Mugallym Aganazara:

– Direktor işe gelsin, onsoň muny kimiň edenini bileris! – diýip, göwünlik berip, soňam oňa öl geýimini çalşyrtmak üçin, öz yzyna düşürip, başga bir otaga äkitdi.

Direktor işe gelensoň, ol otagdaky oglanlary ýekeme-ýeke ýanyna çagyryp, gyssap olardan öliniň soragyny sorap, ahyr günäkärleri anyklady. Iki oglanyň günäsini boýnuna goýup, olara şol hapalanan düşegi düýrledip äkitdirip, daşarda kran başynda özlerine ýuwduryp güneşe serdirdi. Hapalanan düşek uzakly gün şol serlen ýerinde bolan masharaçylygy ýatladyp, giren-çykana göz bolup ýatdy. Agşam mugallym düşegi olara jaýa getirdip, ony günäkärleriň biriniň krowadyna ýazdyryp, onuň düşeginiň ýerini Aganazaryňky bilen çalşyrtdy. Barybir Aganazar utançdan ýaňa telim gün hiç kimiň ýüzüne seredip bilmän gezdi. Ol şundan soň kemsinip, Mädeminden hasam düwüldi. Gün içinde sapakdan başga wagt Ýoldaşbaý bilen birki agyz bolaýmasa, hiç kim bilen gepleşmedi.

Birki gündenem “Meni goýberiň!?” diýip, bu ýerden baş alyp gitmek üçin haýyş edip, direktoryň ýanyna bardy. Ýöne direktor: “Biz günäkäri tapdyk, temmisinem berdik” diýip, ony

goýbermek islemedi. Emma juda utanyp, ýere girip bilmän ýören Aganazaryň indi bu jelagaýda durasy gelmeýärdi. Ol sypynsa, bir salymam bolsa özi bilen ikiçäk galmak üçin ýüregi howlap daş çykardy.

Bir gezek Ýoldaşbaý Aganazaryň töwereginde ýoklugyny görüp gözlände, ony ýaşaýyş jaýlarynyň gapdalyndaky güjüme ýaplanyp, sessiz aglap duran halda tapdy. Bu güjümiň ýany onuň soňky günlerde derdini sygynmana gelýän ýeridi.

Bu güjüm obalaryndaky gören güjümlerini ýadyna salyp, ony hemişe özüne imrindirýärdi. Ondan ýakynlyk tapýardy.

Dünýä depesinde synçy bolup aýlanyp ýören nurly Gün häzir öz şöhlelerini şol güjümiň üstünden bolluk bilen döküp, onuň ýapraklaryna altyn pul mysalyny berip ýalpylladýardy.

Ine, şundan soň Aganazar sanlyja günde häsiýeti üýtgäp, ümürläp ýören bir töwre oglana öwrüldi. Köpügören direktor näme boljagyny bilmese-de, oglanlaryň arasynda bir aýgytly darkaşyň boljagyny aňyp, olaryň ikisinem terbiýeçä berk gözegçilikde saklamagy tabşyrdy. Ýöne daşyndan görnüşi ýaly, Aganazar indi Mädeminden gaýpynmaýardy, gaýta aryny köýdürmän, onuň bilen haklaşasy gelýärdi. Ýene-de bir gezek Mädemin oglanlaryň arasynda kakasynyň gahrymançylyklaryndan bir zatlar gürrüň berip magtanyp durka, Aganazar pisindi oturmazlyk bilen, onuň gepini gönümellik bilen ýaňsylady:

– Mädemin, sen ejeňden soradyňmy, seniň kakaň ady Çapaýewmidi?

– Nime diýesiň? – diýip, Mädemin birbada onuň niräni çaňydýanyna oňly düşünmän mölterdi.

– Sen kakaňyň gahrymanlygy diýip, Çapaýewiň kinosyny gürrüňi berýäň-ä bulara!

– Ýalan aýdyp siz! – diýip, Mädemin pert gepläp, kakasynyň mertebesini goramaga çalyşdy.

Aganazar oňa öjügip durşuna içki howruna bäs gelip bilmän, hüjümini öňki hörpünde Mädeminiň has degnasyna degmek maksady bilen, ýaňsydan teýeneli dowam etdirdi:

– Sen hany öň kakam Kokant, Buhara basmaçylaryny kerçäpdir diýýärdiň-le, indi ol Türkmenistanam gyran-jyran edip ýör-le?

– Basmaçy basmaçy bolar-da, olary gören ýeriňde kerçäbermelidir-dä.

– Nä, olar saňa ýylanmy, gören ýeriňde öldüribir ýaly?

– Basmaçy bolsa, ol ýylandyr-da! Nirede görseň...

– Hümf – edip, Aganazar Mädeminiň gepini halamazlyk bilen, siňrigini ýygryp ýaňsylady.

– Basmaçy basmaçy-da bolsa, ony gören ýeriňde seniň kakaň ýaly kerçäbermel-ä däldir. Adamdyra-a olaram? Onsoňam atam aýdardy ýönelige basmaçy bolunýan däldir diýip. Olar öýüni, malyny, halyny gorap, ata çykan adamlar bolmaly. Ata çykyp, gylyç syrmak üçin bolsa, baý gaýrat gerekdir-ä... – Aganazar basmaçylar baradaky ululardan eşidip gulagynda galan gürrüňlerini ýatlap, nähili olary magtap, arkasyny alyp ugranyny hem duýman galdy.

Mädemin bilen kejeşip, onuň diýenlerini alga almaýanyny mälim edip, hötjetlik bilen ýaňsyly ýylgyryp başyny ýaýkady.

Aganazaryň gahar ugruna basmaçyny mynasyplap suňşuryp aýdýan geplerini kakasynyň gahrymançylygynyň mertebesiniň üstünden gülünmegi hasap edip duran Mädemine onuň aýdan gepini sowetiň garşysyna aýdylan gep hökmünde terse çekip, yrsaramaga mümkinçilik boldy.

Ol şundan soň bu mümkinçilikden bada-bat ezber peýdalandy.

– Sen basmaçy ogly, arkasyny alyp, olara garşy söweşlerde wepat bolanlaryň mertebesini depeleýän diýsene? Ony saňa etdirmeris! – diýip, hemleli gepine syýasat gatyp gepledi.

Düwläp Aganazaryň üstüne topularly göründi. Ýöne töweregindäki ýaranlyk edip duran ýoldaşlary köşeşdiriji gürrüňler aýdyşyp, oňa döwüşjegem bolsa, bu ýerde onda-da häzir däldigini ynandyrmaga çalşyp, ony sakladylar. “Siýek bilen deň bolma!” diýşip, Aganazara masgaraçylykly, Mädemine göwünlik beriji gepleri aýtmaga çalyşdylar.

Şol günüň özünde bu bolan ýagdaýyň internat direktoryna ýetenligi belli boldy. Ol Aganazary ýörite ýanyna çagyryp, ony "Gyzyl komandiriň" ýadygärligini depelemekde aýyplady.

– Her seniň ýala ykmanda sowet döwletiniň gyzyl komandirine dil ýetirtmeris! – diýip, ol bu çaknyşygyň anyk sebäbini biljek bolubam durman, Mädeminiň arkasyny aldy.

Aganazaryň özi-de şundan soň, basmaçylaryň arkasyny alyp, gyzyl komandiriň mertebesini kemsidip, gahar ugruna öteräk geçendigine düşündi.

Eger-de Gyzyl Goşun komandiriniň ogly hökmünde arkasy alnan Mädemin şundan soň Aganazara sürünmesini bes eden bolsa, Aganazara-da direktoryň berk tabşyrygyndan soň, öýke-kinesini ýuwudyp, gaharyny jylawlamak başardarlydy. Emma şol günüň ertesi topar arakesmede daşarda oýnap ýörkä, Mädemin garaşylmadyk halatda uç-dört ýoldaşy bilen gelip, ýene-de beýleräkde gürleşip duran Aganazary ýerli-ýerden köpleşip üstüne döküldiler.

– Basmaçy ogly, sen indi sowet komandirine dil ýetirerçe kim bolupsyň?.. Kakamy öldürip, onuň ganyna galanyňyzam bardyr!

Aganazar olar köplük bolansoň, oňly gaýtawul bermäge ýetişmedi. Ýenjildi. Töwerekden wagtynda gelip, mugallymlardan, ýenekiden aralan bolmansoň, Aganazara bu çaknyşygyň bir ýanynda internat ýolbaşçylary hem bar ýaly bolup duýuldy. Olaram gyzyl komandiriň ogly aryny alsyn diýen borly-da. Munuň şol gün, ertesem yzyny derňän bolmady.

Şundan soň Aganazar internatda gyzyl komandiriň ogly hökmünde hemmelerden ilerlenilýän Mädemin bilen urnaşsa, öz ýüzünden sypalmajagyna doly göz ýetirdi. Dosty Ýoldaşbaý bilen depegenden daşrak edip, Mädemin bilen oýnunyň deň gelmejegine göz ýetirip, ondan çekeräk bolmaga çalyşdylar.

Arkaly bolup, Aganazardan aryny alyp, öz mertebesiniň yzynda durup bilýänligini görkezen Mädeminiň bolsa şundan soň ýoldaşlarynyň arasynda abraýy ýene bir gez beýgeldi.

Degna deglip getirilen gahar, gar gatyşykly çapgyn şemal ýaly ýakymsyzdan gazaply bolýar. Başa düşen işden nädibem bolsa her kimiň özi baş alyp çykmaly. Aganazaram şondan soň başynda oý baryny kowsarladyp, nädeninde öz gününe goýuljagynyň Aganazar Mädemin bilen ylalaşygyň ýollaryny gözledigiçe tersine bolup, gaýta namys-kinesi artyp, damarlaryna haýran galaýmaly güýjüň dyňzap gelip ugranlygyny syzmaga başlady. Ahyram ýoldaşlarynyň öňünde aryny almasa, özüniň ynjamajagyna düşündi.

...Ertir daň bilen ikinji ýatakhanada süýji uklap ýatan çagalary kimdir biriniň agy gatyşykly üzlem-saplam zaryn sesi oýardy. Çyra ýakylanda oglanlar boýny tanap salnan Mädeminiň krowatynyň üstünde özi bilen näme nämeleriň bolýanyna oňly düşünmän, hopugyp, gökdalak bolup ýatanyny gördüler.

Gije Aganazar bilen Ýoldaşbaý turup, ony bilniksizden güpbasdy edip, el-aýagyny öňden taýynlap goýan ýüpleri bilen güýlüp, agzyna platensa dykyp petikläpdiler. Boýnuna syrtmak salyp, ol urnuberse, syrtmak halka barha dartylyp, bokurdagy gysyp bogar ýaly edip, ýüpüň beýleki ujynam Mädeminiň ýatan krowatynyň aýagyna berkidipdiler.

Ýöne Mädemine janhowluna agzyna gyssagarada gowşagrak dykylan dykyny dili bilen iterip-iterip, ahyr aýyrmak başardypdy. Bu onuň şondan soň kömek sorap, göz-gülban bolup gygyryp ýatyşydy.

Mädemin ölmese-dä ölmedi welin, ýöne ol şundan soň telim gün hassahanada ýatmaly boldy.

Bu ýagdaý internat süňňüne sarsgyn beren, hemmäni ör-gökden getiren diýseň garaşylmadyk ýagdaý boldy.

Internat direktory: "..Internatda gyzyl komandiriň ogluny, bir sürgüne gelen basmaçy asylly biriniň janyna kast edipdir" diýlip, waka syýasy ähmiýet berilmeginden çekinip, onuň habaryny dessine hukuk goraýjy edaralara ýetirdi.

Direktoryň bu masgaraçylygy, mümkin boldugyndan, tizräk öz başyndan, zyýan çekmezden sowasy geldi.

Organ işgärleri gelenden günäkärleri onuň öňünde dikdi. Bolaýmaly erbetligiň öňüni alandan bolmaklyga çalyşdy.

Sülçi Aganazary dikanlap synlap wagty öz öňünde dogumlyja oglanyň duranyny gördi. Onuň nazary gorky-ürküsizden okgunlydy.

Sülçüler Aganazardyr Ýoldaşbaýy sorag bilen telim gün çekelänsoňlar, Aganazaryň ähli günäni öz boýnuna almagy bilen, olaryň Ýoldaşbaýa bolan garaýşynyň biraz-da bolsa ýumşamagyna mümkinçilik boldy. Şundan soň "Iki goçuň kellesi bir gazanda gaýnamaz" diýleni ýatlanyp, Mädemindir Aganazaryň bir ýerde ýaşaýan ýerlerini üýtgetmek kararyna gelindi. Mädemini internatda galdyrdylar. Aganazar bolsa şäher milisiýasyna äkidip, ol ýerdenem Gazagystandaky terbiýelemesi kyn çagalar saklanynýan türme-internatyna iberdiler.

Ýoldaşbaý dostundan aýrylanyna gaty gynandy. Özüne gelip bilmän, telim  wagt sämäp, göwnüçökgün hapa bolup gezdi.

Ine, bir günem ol kellesine gelen pikiri direktoryň, Mädeminiň ýüzlerine gelip aýtsa, özüni hem dostunyň ýanyna Gazagystana ýollarlar diýen tama bilen direktoryň kabinetine bardy.

– Men bir syr açjak. Siz şu ýere Mädeminem getiriň? Muny siziň ikiňem bilmegiňiz gerek – diýdi. Ýene bir bolmasy zadyň bolmagyndan howatyrlanan direktor gyzyklandy. Haçanda Mädeminem gelen wagty bolsa, ol onuň gözüne seredip:

– Mädemin, seniň kakaňy basmaçylar öldüren dälmi? – diýip sorady.

– Hä, hawa...

– Bilýämiň, kimiň öldürenini şony?

– Ýok.

– Bilmeseň bilip goý, ony meniň basmaçy atam çapyp öldürdi. Sen bolsa muny Aganazardan gördüň! – diýip, öz nägileligini onuň ýüzüne basdy.

Direktor onuň oglan gepine nähili düşünjegini bilmän, egnini gysyp, biraz böwrüne diň salyp duransoň, olaryň ikisinem tertibe çagyryp, kabinetinden çykaryp goýberdi.

* * *

Bally yzyndan türmä gelip, halyndan habar alyp, agasy Orazgylyjyň bolsa sürgünde tussag edilip, soňundanam NKWD-çiler tarapyndan atylyp, onuň maşgalasynyň ýat illerde hossarsyz, agyr günde galanyny eşidensoň, Ahmediň ýüreginiň urgusy mese-mälim üýtgedi. Birnäçe günläp agasynyň kyn günde galan maşgalasy onuň gözüniň öňünden gitmedi.

Birde bugdaý üýşürip, döwek döwüp, harman atyp duran gaýratly agasy Orazgylyç onuň gözüniň öňüne gelse, ýene birde gelnejesi Amangülüň atlaz parça çolanyp, aýal-gyzlaryň gallap ugratmagynda görmegeý gelin bolup, agasynyň öýe gelşi onuň göz öňüne geldi. Birazdanam "Oglumyz boldy" diýip, gelnejesi Jemal mamanyň Aganazaryň bolanyna begenip, toý ýaýradyp, hödür-keremde, gadyr gymmatda bolup, dolup-daşyp oturyşyny, Kymyşlaryň ojagynyň toýhana öwrülişini ýatlady.

Ahmet telim bir gün aňynda: "Nädip gelnejesidir onuň çagalaryna delalat edip boljagy barada oýlanyp-ölçerip gezdi. Ilki özüniň olara nähili delaladyny ýetirip biljegini anyk bilmese-de, gark bolup barýan mähribanlaryna welin nädibem bolsa, bir ýol bilen kömek edilmese, bolmajagyna aňry ýany bilen düşünýärdi. Ýöne hany yzyň adamly, hukugyň çäkli bendi bolup ýörkäň, etjegiňi edip, gitjek ýeriňe gidip bolýarmy?

Elbetde, Orazgylyjyň maşgalasyna hossar çykara Ahmet bilen Ballydan başga-da bäş belalaryň arasynda namys düşer ýakyn garyndaş ýok hem däldi. Magsut diýdi, Arnageldi, Mahy, Gullar diýdi doganoglan ol ikisinden başga-da bäş-alty dagam bardy. Ýöne olar öýünden oňly daşlaşyp görmedik, isleseler-de bir ýere gidip-gelip, olara kömek berip, iş bitirip biljek adamlar bolman, öz gara günlerini zordan dolandyryp, et diýlen işi edip, bar diýlen ýere baryp ýören boýny boş adamlardylar. Olara ekin ek, çil çek diý ýa-da bir sürini öňüne salyp, mal bak diý.

Ahmet şeýdip birnäçe gün oýlanyp-küýlenip gezensoň, ahyr soňy bu işiň ugruna nädibem bolsa, Ballynyň ýa-da özüniň

çykmasa bolmajagyna doly düşündi. Ýöne hany bir süri millete baş bolup ýören adam Bally nädip gitsin? Ol ýolbaşçylar tarapyndanam häli-şindi soralyp, idelip dereklenilip durlan adam.

Ahmediň ýanyna-da ol Mara ýygnaga gelinmeginden peýdalanyp, ýolbaşçylaryna “Tejende bir aýak üstünden daralmaly, görünmeli ýerim bar” diýip, rugsat alyp, zordan sypynyp gelipdi.

Kyn günde dogan-gardaşyň bir-birine hemaýat etmegi bolsa ýazylmadyk kanun bolmak bilen, özüne göwni ýetýän adam üçin ol hökmanylykdy. Ahmet ahyrsoňy bu işiň ugruna özi çykmagy ýüregi düwdi.

Elbetde, Ahmet agasynyň maşgalasyna hemaýat etmegiň ugruna çykaýan ýagdaýynda türme ýolbaşçylarynyň özüniň ýüzüni sypamajaklaryny, munuň ozaldanam ýeňil bolmadyk derdiniň üstüne dert bolup goşuljygyna hem ol gowy düşünýärdi. Onda-da türme kada-talaplarynyň häzirki tow alyp, barha berkeýän döwründe.

Türme ýolbaşçylarynyň onuň Şiramir bilen urşuny, halamadyk adamsynyň bokurdagyna päki goýma ýaly öňki etmişlerini hem göz öňüne tutup: “Sen ýaman gaty gitdiň” diýip, ozalky türme bendiliginiň üstüne ýene-de bäş, on ýyl doňduryp, Workutadan çykarmaklary hem daşda däldi. Emma muňa seretmezden, töwekgeliň işini Taňry oňar etmese, başga-da bir çykalga-ýolam görnüp duranokdy. Ençeme gün edilen oý-pikirlerden soň, Ahmet ýakynlarynyň ýat ilde delmirip oturanyny bilip, hiç ýerde ynjalyp, janyna jaý tapyp bilmejegine doly göz ýetirdi. Pelegiň ýene nähili ýowuz oýny bolsa-da, ony-da göräýmekden başga alaç galmady.

Çebşekli türmesiniň barha adam sanynyň artýanlygy, oňa äkidilip getirilýänleriň ýetikligi üçin bu ýerde entek tertip-düzgüni doly talaba laýyk ýerine ýetirmäge mümkinçilik bolubam barmaýardy. Köp halatlarda onuň saklaw meselesini hem doly kada görä däl-de, ýagdaýa görä, mümkinçilige görä alnyp barylýardy. Ýürege düwseň, ondan bir ýoly bilen gaçyp gitmek ahmallygy ýogam däldi.

...Ýöne uzak ýola, onda-da şu döwürde, şahsyýetiňe güwä

geçýän hat-petegiňem ýanynda ýok mahalynda bu ýola gitmek asla mümkin däldi. Ýolda-yzda tutulyp-gapylmak ahmallygy, hereketi diýseň ölçäp-çenäp etmegi talap edýärdi. Orazgylyjyňkylara hossar çykmaň ýerine, ýolda şübheli adam hökmünde tutulyp, ýene öňe salyp, türmä gabalaýmagyň daşda däldi. Şonuň üçinem bu ýola ilki bilen-ä bir ygtybarly, özi ele düşäýen ýagdaýynda hem agasynyň maşgalasyna hossar çykyp, göz-gulak bolup biljek ýoldaş gerek. Ahmet haçanda özüne ýola ýoldaş bolup biläýjek adam hakda oýlananda, onuň ýadyna ilki gelnejesi Amangülüň dogany Ýusup düşdi. Ýusup Ahmediň obada basalaşyp ösen deň-duşudy. Ol soň diňe şonuň bile bilelikde hereket edende agasynyň maşgalasyny aždarhanyň agzyndan alyp biljegine belli bir derejede ynandy.

Ahmet şol günleriň birinde gijäniň gaýry bir mahaly turup, ozaldan türme naçalnigine niýetläp ýazan hatyny, gilzäp goýan ýerinde aldy-da, ony ertir ukudan turanda aýalynyň göräýjek ýerinde goýup, keltekçesini egnine ýelbegeý alyp, aýak ýoluna barýandan bolup, ogryn-dogryn daş çykdy. Onuň galdyran hatynyň mazmuny şeýledi:

*Graždanin naçalnik!*

*Men juda zerur alada bilen wagtlaýyn türmäni terk edip gitmeli boldum. Gitmesem bolanok. Ýöne meni gaçgak hökmünde gözlemäň, aňyrsy 20 günden özüm gaýdyp gelerin!?*

*Ahmet.*

Daşarda köpe niýetlenilip, hatar edilip gurlan hajathana toplumy bardy. Ahmet ol toplumyň ýeňsesinde, türmäniň töweregine aýlanan çitenek simleriň aşagynda bir ýerde sil suwunyň döreden, bilner-bilinmez bir hokurdan ötügini görüpdi. Ýazdaky gelen güýçli sil suwlary ony soňra hem ýene-de birneme çuňaldyp giňeldipdilerem. Şundan soň ol ötük çitenekli goraw simleriniň aşagyndan adam sähel emgense, sümläýmäge-de amatly bolupdy. Bu ötük Ahmediň öňden bilip, peýläp goýan ýeridi.

Ahmet daş çykyp, bir pursat hajathanalaryň töwereginde köwejekläp aýlanyp töweregiň imi-salalykdygyna göz ýetirensoň, şol ýerden ilerligine öwrülip, ötüge tarap hüşgärligi elden bermezlik üçin, bükdekläp ýöräp ugrady.

Ol ötükden usul bilen, geýimini sim çitenege degirmän geçensoň, ýene-de kimdir biriniň göräýmeginden ätiýaç edip, at gaýtarym ýere çenli, şol bir tabynda bagry bilen süýşenekläp gitdi. Diňe birhaýukdan yzyna gözläp, türmeden özüniň ýagşy saýlananyna göz ýetirensoň, şol ýerdenem anyrlygyna – Sarahs tarapa güýjünde baryny edip, dürdenekläp ylgap gitdi.

Badhyz degresinde ozal kän gezensoň, Ahmet Sarahsyň üsti bilen Badhyz ýerleriniň etegini syryp, Tagtabazaryň üstünden inip bolýanlygyna gowy bilýärdi. Ahmet serginlikde birneme ýol gazanmak üçin hasanaklap ýöräp, ylgap gyssanyp ýöredi. Şol barşyna-da wagtal-wagtal gysga wagtlaýyn aýak çekip, töweregini gözläp, özüniň nireden gelip çykany çen etdi. Wagtynda oba ýetmek üçin haýal-ýagallyga ýol bermeli däldigini özüne häli-şindi talaply ýatladýardy.

Ahmet Sarahs ýerleriniň etegi bilen günorta-gündogary nazarlap, ýagşy bir ýadarlyk ýöräberende onuň burnuna bir ýerlerden goýun siýdigidir çörüň ysy gelip giden ýaly boldy. Ahmet golaýda süriniň hem bar bolmagyny pikir edip, töwereginiň habaryny almak üçin, şol ýerde aýak çekdi. Bada-bat golaý bir ýerde bir süri malyň şöwür çekilip, bakylyp ýörülendigi mälim boldy. Ahmet bu öwrede maryly çopanlaryň goýun bakýanyny ýatlap, özüniň nirä ýetip, nireden gelip çykanyny anyklady.

Çölde sergezdançylyk çekip gezen döwürleri ogryn-dogryn gelip, onuň özem bu öwräniň çopan-çoluklarynyň myhmany bolup gidipdi.

Belki, häzir bu golaýda sürini aýlap ýörenem onuň şol tanyşlarynyň biridir. Emma olaryň özüni görüp begenjeklerini bilse-de, ýöne häzir myhman bolmaga wagt ýokdy. Onýança-da birazdan hol beýlede haýsydyr bir çopanyň süri yzyna düşüp, aýlanyp ýören salgymy göründi. Ýöne ol haçanda çopanyň gara

görnümliginde boş gezip ýören, gerek wagty çopana aýakgaldyr bolýan eşegi gören mahaly bolsa, onuň beýle bähbidiň duşundan geçesi gelmedi.

Ahmet eşigiň öňüni gabatlap bardy-da, soňam töweregine ýaltaklap, ýüzugra onuň agan gaňňasyny düzedip, harsa böküp, üstüne mündi. "Çopan aga, eşegiň gaýdyp gelýänçä, senem günüňi görersiň-dä" diýip, eşegiň ýüzüni Tagtabazara tarap öwürdi.

Ýüzugra gabat gelen sazagyň biriniň çygrak şahasynyň golboýusyny döwüp alyp, özüne eşektaýak edinensoň, birde onuň bilen eşegiň gerşini gazalap, ýene birde syrtyny saýgylap, ony gyssady.

Töwerekde bolsa Sarahs ýerlerini etekläp, beýleki bir tarapy bilen Guşgy, Tagtabazar ýerlerine baryp sanýan, dünýäniň çola giňligini eýemsirenip oturan Badhyz degresi gije tümlügine ymykly gark bolup, onuň içinde ýitip otyrdy.

Ahmet şu golaýda Ýeroýulan duz kölüniň barlygyny ýatlan mahaly tanyş şor-duz ysy onuň burnuna gelip giden ýaly bolup duýuldy.

Ahmet aýakgaldyr edinensoň, bu oňa ýoly öňküden has çalt hem ýeňil ýöremäge mümkinçilik berdi. Ahmet şol gije, ertesi bilenem uzakly gün ýol ýöräp, ak öýlänler diýlende Guşgynyň duşundan aşak Tagtabazar tarapa indi. Onsoň ol ýerdenem gönüläp, Söýünala çykyp bolýardy. Ahmet ýol boýy, gözden-dilden sowarak bolmak üçin, adam-gara duşaryn öýden ýerleriniň gapdalyndan aýlanyp, bilniksizden, ýeriň pessi bilen hüşgärligi elden bermän ýöremäge çalyşýardy.

Ahmet obalaryna öz pikir eden wagtyndanam biraz ir ýetdi. Gyssanyp ýöränligi bähbide çekdi. Gün ýaňyrak batyp, garaňky gatlyşyp ugrapdy. Ol özüniň Söýünalyny alkymlap gelenini görensoň, aýak çekip, baýyr üstünden obalaryny synlap, şol ýerde oturyp, ýagşy aýak ýygnalaryna garaşdy. Asman gümmeziniň astynda kem-kemden birlän-ikilän ýyldyzlar görnüşip ugransoň, ol ýerinden galkyp, baýyrdan aşak indi-de, eşegini jar boýundaky, oba mallarynyň örklenýän ýerinde gysga duşaklap otlamaga

galdyrdy. Gelibem Gully emininiň howlusynyň duşunda jaryň üstüne atylan pyýada köprüden geçip, ol ýerdenem Ýazbaýlaryň öýleriniň oturan ýerlerini peýläp, Gaplaňa tarap sowulman gündogara – obanyň Hangulular toplumynyň oturan tarapyna ýöredi.

Ýusup Ýazbaýlaryň, Köröwezler syrgynynyň ileri başyndaky tutulan öýleriň birinde ýaşaýardy. Ahmet onuň bolýan öýüne ýakyn gelensoň, gelenini mälim edip, birki gezek ardynjyrady. Ýatylan borly-da. Wagty bilen onuň ardynmasyny eşiden bolmady. Diňe birhaýukdan at tutup, Ahmediň özi ýene-de ony çagyryp dillendi.

– Ýusup, Ýusup, öýdemisiň-how?

Bir pursat öý böwrüni diňläne meňzäp, jogap bolmady. Ahmet ýaňy: “Ha, öýde ýok bolsa gerek zaluwat?” diýip, kejigerli bolup oýlanyp ugran wagty, içerden basyksy aýal sesi eşidildi.

– Akgasy, diona, daşarda biri adyňy tutduron ýaly-la!?

Ahmet sesi tanady. Ol Ýusubyň aýaly Gyşdynyň sesidi.

Ýusup ýaňyrak ymyzganypdy. Ol uky arasynda: “Gijäň içinde bu sümsünip ýören kimkän-äý?” diýip, nägile samrady soňundanam donuny egnine ýelbegeý alyp, daş çykdy.

Kimdir biriniň öýüň gapdalynda itiniň adyny beletlik bilen tutup, oňa tanyşlyk berip, mylakat edip duranyny görüp, geleniň ýüzüni garaňkyda oňly saýgarmasa-da, onuň tanyş adamdygyny welin bildi. Ahmet Ýusup peýda bolan wagty: “Ýüsip!” diýip, onuň adyny öz ozalky aýdyşy ýaly tutan mahaly Ýusup ony badabat tanady.

– Ahmet!?

– Hawa, men, jora!

Ahmet Ýusubyň öýünde barlygyna begendi.

– Sen nire, bu ýerler nire? – diýip, onuň türmedediginden habarly Ýusup Ahmediň häzir nädip bu ýerlere düşüp ýörenine düşünip bilmän geň galdy. Şol bir wagtda hem onuň türmeden gaçanyny, indem Owgana aşmak üçin ýola gerek, iýer-içermi, ýarag meselesi bilen onuň öz ýanyna ýumuş salyp gelendigini çen etdi. Elbetde, Ýusup nämä garaşsa-da, onda-da onuň beýdip

gönüläp, öz öýüne gelmegine garaşmandy.

Ýusup Ahmet bilen köne deň-duş tanyşlarça aýak üstünde hal-awhal soraşyp, gadyrly gürleşip durdy. Ahmet habaryny bermezden öň, deň-duşlarça baz arap, oňa degnip gepledi:

– Gyşdynyň sagrysyny sypap ýatyrsyňmy onsoň?

Ýusubam onuň degişme äheňini aňma bilen, oňa öz hörpünde jogap bermäge çalyşdy.

– Umuman-a, bu erbet pişe-de däl, saňa-da maslahat berýän! Häzirki wagtda ýene-de başga ýerde bolandan şu heleýleriň töweregi hiç neneňsi dälmikän diýýärin – diýip, onuň gepine görä gep gaýtarmaga çalyşdy.

Ýöne Ahmediň howlugýanlygy üçin, bu hörpdäki gürrüň duýdansyz başlanyşy ýaly-da, duýdasyzam kesildi. Ahmet: “Jora, saňa bir gürrüň bar!” diýip, ol Ýusuby ýene biraz ýeňseräk çekip, oňa ýagdaýy mälim edip, gönümel esasy meselä geçdi.

Ahmet oňa Özbegistana sürgün edilen agasy Orazgylyjyň maşgalasynyň başyna düşen iş barada gürrüň berip, agasynyň NKWD-çiler tarapyndan ýygnalyp soňam atuwa höküm edilenligini, gelnejesiniň çagalary bilen ýat ýerde hossarsyz galanlygyny aýtdy. Tizara olara hossar çykylmasa, ýagdaýyň öwerlik däldigini, özüniň hut şu mesele bilen olaryň ugruna çykmak üçin, kelläňi etegiňe salyp, türmäni wagtlaýyn terk edip gaýdanyny, ýola öz ýanyna ygtyýarly ýoldaş gözläbem şu ýere gelenini, Ýusuba gelnejesiniň keseki adam däl-de, doganydygyny ýatlatmak bilen, biri ýoldaş bolsa, maňa sen bolmaly, ejiz seniňki diýen äheňde, onuň mertebe, namys-ar duýgusyny yzarlap, habaryny berip durdy. Ýagdaýlary mümkin bolandan gysgaça onuň bilen maslahatlaşyp düşünişmäge çalyşdy.

Ýusubyň Ahmetden öz naçar dogany Amangülüň düşen ýagdaýy baradaky gürrüňini diňledigiçe, onuň içiniň howry göterilip, mese-mälim ýylpyldap maňlaýy derçigip ugrady. Dogany Amangülüň ýat ilde iki çagasy bilen, näme etjegini bilmän, delmerip, töwereginden haraý gözläp oturan biçäre perişan keşbi onuň göz öňüne geldi.

Ýusubyň jogaby nagt boldy:

– Dogan bolup durkam men gitmesem bolmaz-a, Ahmet – diýip, ol berk aýtdy.

Ýazbaýlardan ejizlerine biri eýe durmaly bolsa, şonuň ilki erkek doganlaryň ulusy özüdigine düşündi. Inileri Muhammetguly bilen Hezretguly bolsa entek bu işiň ugruna çykardan ýaşdylar. Ýusup soňra ýol şaýyny tutmak üçin, Ahmet bilen şol ýerde maslahatlaşyp, wagtlaýyn hoşlaşdy.

– Senem häzir Ahmet gidip özüňkileri görseň gör, menem gyssagly ýol şaýymyzy tutaýyn, daň atmanka meni ilerki düýejiň duşundaky mallaryň baýyrdan suwa inýän ýerinden taparsyň – diýip, ol Ahmet bilen bilniksizden obadan çykyp gitmekligi wadalaşdy...

Ahmet Bally yzyndan türmä baranda ondan özüniň eýesiz galan çagalaryna eýe çykanlygyny, inisi Öwezdurdynyň Jemal mama ogul bolup, onuň ol-bul işlerine kömek edip, olarda ýaşap ýörenligini eşidipdi. Şonuň üçinem Ahmet häzir öz öýlerine sowulman, ondan oýtarlap geçip, göni Ballynyňka bardy. Ahmediň bagtyna Ýusup ýaly Bally hem ýygnak beýleki diýip gitmän, öýünde eken.

Ahmedi görüp, Bally hem Ýusup ýaly muňa diýseň geň galdy. Türme nire, bu ýerler nire? Şeýle-de bolsa ol köpügörenligini edip, tiz özüni ele aldy. Dolanyp, öýüne girip, aýalyna myhman gelenini aýdyp, çyrany ýakdyryp çykansoň, onuň bilen arkaýynlykda hal-awhal soraşmak üçin öýe çagyrdy. Ballynyň yzyna düşüp, içerik giren wagty öý bikesi Kümüş süýnüp-sarkyp, ýatanda çykaryp gapdalyna atan börügini başyna geýip, düşegiň üstünde özüni tertibe salyp buruljyrap otyrdy. Ahmet oňa özüni tanadyp salam berdi.

– Ä-hüm, Ahmet, bu asyl senmidiň? Men gijäň içinde körüň eşegi ýaly güpürdäp ýören kimkän diýipdirin? – diýip, onuň salamyny göwünsiz aldy.

Kümüş soňam saçyndan sallan apbasy-dakuwlaryny şaňňyrdadyp, nämedir bir zatlar taýynlap, myhmanyň öňünden

geçmek üçin daşardaky ojaga ot ýakmaga çykdy.

Bally töwerekdäki dogan-garyndaşlardan biri daş-beýlekä çykanda, aýalynyň gijäň bir mahaly ot ýakýanyny görüp, töwerekden: ”Näme beýle zerurlyk çykdy, gije ot ýakyp, bir zadyň ugruna çykyp ugrapsyň?” diýip, gyzyklanaýmagynyň mümkinligini pikir edip, aýalyna Ahmediň gelenini aýdyp goýberäýmezligi tabşyrmak üçin onuň yzyndan daş çykdy. Ahmet oturyp, gözi biraz içerik öwrenişensoň, bu ýerden öz çagalaryny gözläp, içerik göz aýlady.

Ýatylmak üçin sandyk üstünden aşak düşürilen ýorgan düşekler, öýüň içini birhili selki heleýiň öýüniň içine meňzedip, bulam-bujarrak görkezýärdi. Törde ýanaşyk goýlan iki daşy demir gurşawly sandyklaryň üstünde giden ýorgan-düşekler epýesli bolup, kert baglap dur. Ahmet ýorgan düşekleriň şeýdip, münder bolup duranyny görüp, olaryň köpüsiniň öň agalary Orazgeldiniňdir Orazgylyjyň öýleriniň törüne galdyrylan düşekler bolanlygyny pikir etdi. Haçanda olar maşgalasy bilen alys ýerlere sürgün edilmeli bolan mahaly, bu goş-golamlaryň ajarlyraklaryny birbada organ işgärleriniň gözünde sowmak üçin, aňsat barlap bilinmejek ýer hökmünde olary getirip, Ballynyň öýünde gizländiklerini Ahmet Owganda Hanumadan jikme-jik bilipdi. Öň bu goşlaryň köpüsi Orazgeldidir Orazgylyjyň barjamly öýlerinde direnişip durardylar.

Ahmet öz çagalaryny içerden gözi bilen gözläp, olary Ballydyr Kümüşiň ýatan ýerleriniň töwereginden däl-de, gapyň garşysyna atylan düşekden tapdy. Olaryň ikisi bir ýyrtyk ýorganyň astynda, dünýäden bihabar süýji uklaşyp ýatyrdylar. Geldi ýüzüni diwar tarapa öwrüp ýatanlygy üçin, onuň ýüzi Ahmede görünmeýärdi. Jymmynyň çyranyň yşygyna ýorganyň ýyrtygyndan çykan oglanlaryňky ýaly tykyr edilip saçy syrylan kellesiniň bir bölegi toňkaryp görünýärdi.

Jymmynyň ýüzem oňa ýakynda bir dert geçirene meňzäp öňküsinden horlanan ýaly bolup göründi. Onuň ýüzüniň iki ýerde dagy, maňlaýynda hemem gözüniň aşak eteginde keseligine

garalybrak duran, çybykmy ýa ýeneki bir şoňa meňzeş zadyň yzyna meňzeş yzlaram bar ýaly. Ahmet bu zatlary görüp, ynjalykdan gaçyp, Kümüşiň gagalrak häsiýetiniň barlygyny gümana berlip ýatlady.

"...Ýa, bulary bu heleý mahal-mahal çybyk astyna hem alyberýärmikan?!" diýip aladaly oýlandy. Anyk bilmese-de şu gören zatlaryndanam ol bu ýerde özüniň başganyň eline galan çagalaryna ýeňil däldigini gözi bilen gördi. Çagalarynyň ahwalyna ýanyp, gyýylyp gynandy, onuň: "Meniň betbagt çagalarym" diýip, olary ýatan ýerinden turzup alyp, gujaklap bagryna basyberesi geldi. Çagalaryň eje-kakasyz boýny buruk, ýekesireýändiklerini, kemsinýändiklerini özüniň bolsa olara eýelik etmäge alaçsyzdygyny pikir edip örtendi. Ýöne munda başga-da bir olary ertip biljek ýeriniň ýoklugyny ýene-de şu ýerden amatlyrak ýeriň hem ýokdugyna oýlandy. Kümüş näçe gagal bolsa-da, töwerekde göz, dil, dogan-garyndaş bar. Eger ol gaty gidiberse, oňa haý-küş edip çagalaryň arkasyny aljagyň tapyljagyna ynandy. Özüni bu pikirlerden aňyrrakda saklamaga çalyşdy.

Çagalaryň urlup-sögülýänini görse, başga diýmese-de, Jemal mama hiç kimden gaýpynyp durmaz, hökman diýer. Ol onsuzam özünde soň öýe düşen bäşbelaly heleýleriň haýsy biriniň öýünde aýalyň çagalaryna edýän yhlasyny kemräk görse, "Sen, heleý, bu ýere diňe köpege süýkenip, öz ganjyklygyň hözirini görmäge gelen dälsiň, ýugurmalam sensiň, dogurmalam, yhlas başarnygyň bilen öýi öý etmelem sensiň. How enemiz aýtanmy näme: "Ärini çagalaryny, öýüni oňarmaýan, ýakynlary bilen süýji-gatnaşyp gadyr bilmeýän heleý meniň ummatym däldir" diýip, mysal-tymsal getirip, onuň daşyna geçerdi, öz öýüniň hakyky eýesi bolmaklyga çagyrardy. Gelnejesiniň töwerekde barlygyny ýatlamak biraz-da bolsa, Ahmediň göwnüne teselli boldy. Orta nahar gelip, iýlip-içilip otyrka, Bally Ahmediň häli-şindi biynjalyk bolup, çagalaryna tarap gözüniň gytagyny aýlap goýberýänini görüp:

– Çagalar bitlediler, onsoň saçlaram syrmaly bolduk – diýip,

ýagdaýy ýüzugra gurak mälim etdi.

Ahmet çagalarynyň gaty gününe delalat bolar diýen tama bilen Ballynyň ýanynda obadaky käbir algy-bergisini ýatlady. “Meniň bajam Esen maňkanyň bakýan sürüsinde bäş-alty sany malym-a bolmaly. Meniň adymdan aýdyp, al şolary, çorba-çolpyňa ýaradarsyň. Özi ýogam bolsa, çoluk ogly Muhammetnyýaz ýegen bardyr, o-da habarlydyr mundan” diýip, ol häli-häzire şunda başga çagalara berip biljek hemaýatym ýok diýen äheňde onuň gulagyndan geçirdi.

Bally Ahmediň gaýrat tapyp, soňuny saýman, kelläni orta goýup, agasy Orazgylyjyň maşgalasynyň ugruna çykmagyny, öz böwründe sanjy bolup duran meseläniň çözgüdiniň tapylandygyna kanagat tapma bilen begenip otyrdy. Içinden Ahmediň türmeden gaçmagyny göwnemese-de, onuň bu ýola çykanlygyny welin, iki elläp makullapdy.

Bally Ahmediň çagalarynyň ýagdaýyny görüp, endişä gidenini duýmak bilen, ony ýola gitmeden öň belli bir derejede bolsa-da, arkaýyn etmäge çalşyp:

– Ahmet, sen çagalardan nadynç bolma! Başym dik bolsa, men olary gözden salmaryn! Olaryňam men öz dözmezimdigi, hemmämiziň Muhammetgylyç serdaryň neberesi bolup, damardan onuň ganynyň akýanyny unudýan däldirin – diýip, ynamly tekrarlamaga çalyşdy.

Bally gagalrak häsiýetiniň barlygyny bilse-de, Kümüşi hiç neneňsi görmeýärdi. Ony öz halyna bap, şatysyna çydaýan aýal hasap edýärdi. Onsoňam Bally Kümüş gyşyk gürlegenräk bolsa-da, iş ýüzünde onuň öz çagalaryny iýdirip-içirende Ahmediňkilerem aýry tutmazlyga çalyşýanlygyny görýärdi. Käbir ýetim çagalar ýaly olaryň obany aýlanyp ymsynyşyp, eýesiz gezmeýändiklerini görýärdi.

Ahmet nahardan soň, töwir edip, töweregine gözläp turmakçy bolan wagty Bally ýene oňa ýüzlenip, sala-salyjykly sorady.

– Sen Jemal gelnejemi görjekmi?

– Görsem-ä gowa bordy. – Soňam ol eňegini gysymlap, bir

pursat oýlanansoň – Gowsy, men olary görünmäýin, sag oturan bolsalar bolýar. Görünsem ýene-de bir topar gerek-gerekmejek gepiň başyny agyrtmaly bolar... Özbege dagy gidenmizi eşitse, gelnejem yzymyzda: “Nätdilerkän, nä goýdularkan?” diýip, tä gelýänçäk biynjalyk borlar. Bilse-de ol: “Goý, gelni, agtyklary öýüne gelensoň, eşidip begensin” diýip, oba özüniň geleniniň bilinmegini islemedi. Ýöne ýola bir zatlar almak üçin, öz öýüne welin dararman boldy. Ol uzak ýol biraz harajatyň-da gerek boljagyny pikir edýärdi. Onuň öýden aýaly Akgülüň bezeg şaý-seplerinden käbir zatlary ätiýaçdan ýolda gereginiň degjegini pikir edip, ýanyna alasy gelýärdi. Ahmet bu gepi aýdan mahaly Kümüş ýalpa onuň ýüzüne uýatly gözledi.

– Weý, Ahmet, ol zatlar gerek bolsa, öýüňe gidip näme etjek. Men ony biri el-gol edäýmesin diýip, getirip özümde goýdum – diýip, saçynyň ujuna dakan apbasylarynyň arasyndan sandygynyň açaryny gözläp ugrady.

Ahmet Kümüşiň sandykdan çykaran düwünçegindäki şaý-seplerden birki sanysyny aldy. Ýöne ýatlap gözlän wagty olaryň arasynda Akgülüň “Akgam Mary ussalaryna oňardyp getiripdir” diýip, buýsanyp dakynan gülýakasynyň welin ýoklugyny gördi.

Bu ýagdaýdan habarsyz Bally Ahmediň ony tapman, bir hili bolanyny görüp, içini çekip düwüldi. Kümüşe tarap hyrçyny dişläp, nägile nazar ýaýlap aldy. Şeýle-de bolsa ol Ahmediň ýanynda oňa hiç zat diýmedi.

Ahmet öýden çykyp barýarka nadynç bolup, ýene bir gezek yzyna öwrülip, çagalarynyň ýatan ýerine gözledi. Bu onuň indi sizi gaýdyp görjegim, görmejegim ala gümana diýip, çagalary bilen hoşlaşmasy, öz ornunda bolup bilmeýänligi üçin olardan ötünç soramasy boldy.

Bally daş çykylansoň “Ýolda gerek bolar” diýip, Ahmede özünde baryndan pul, hemem öňden taýynlanyp goýlan azyk-suwly düwünçegi berdi. Tirkeşip il örmänkä irden ony obanyň ortasyndaky gaplaňlaryň jedel tümmegine çenli ugradyp, şol ýere ýol düýejä tarap öwrülensoň onuň bilen doganlarça gujaklaşyp,

ak ýol arzuw edip hoşlaşdy. Ahmet uzaklaşyp garaňka gatylyp gidensoň, ol hem, gidesi gelmän, jedel depäň üstünden gaçaryny aldyran ahmyrly möjek ýaly lampa aşak çökdi. Soňam esli mahal onuň giden tarapyna nadynç gözläp oturdy.

Ahmet eşegini duşap kowan ýerinden tapyp alyp, debsiläp aňyrdan howlugyp gelende, Ýusup inisi Muhammetguly bilen eýýäm belleşilen ýerde ýol şaýyny tutup gelip, oňa garaşyp durdy. Olar şundan göni Guşgy demir ýoluna tarap depip, otlynyň bir durýan ýerinde oňa aslyşyp, Mara aşmakçydylar. Muhammetgulam olar ugransoň, artlaşan ýabysyny yzyna oba galyp gaýtmalydy.

Olar Morgalanyň töwereginde ýaňy bat alyp ugran otla aslyşyp münüp barýarkalar, Ahmet münen eşegiň kişiňkidigini ýatlap, ony Muhammetgula görkezip: “Munuň bolsa çekisini gatyrak çek-de, kow Badhyz tarapa, eýesini özi tapar” diýip, oňa sargady.

* * *

“Soran Mekgäni tapar” diýleni boldy. Ýusup bilen Ahmet ýolboýy gözleg salyp, sorap-idäp bir otludan beýlekisine daklyşyp baryşlaryna bir hepde diýlende Daşkende ýetip bardylar.

Olaryň ozalky eşidip anyklamaklaryna görä, “sürgün obaçylygy” Daşkendiň ylla eteginde bolmasa-da, ondan telim bir gün ýol ýöräp ýetmeli alys bir ýerem bolmaly däldi. Ýolda olaryň bagtyna, Samarkantda bir otlydan düşüp, beýlekisine münjek bolşup garaşyp otyrkalar, olar şol ýerde öz ildeşleriniňem ýene-de ikisine gabat gelipdirler. Ine, bir görseler, ýolagçylaryň arasynda bir syrdam boýly, kyrk, kyrk bäş ýaşlaryndaky degenek adam bilen ýa gyzydyr, ýa doganydyr diýdirýän bir ýaş gelin otyr.

Duşuşyp soraşyp-ideşip otursalar, bularam olaryň özleri ýaly sürgünleriň yzyndan barýan ugurdaş adamlar bolup çykdylar. Erkek kişi Aşgabadyň etegindäki Bagyr obasyndan bolup, ol sürgün edilen agasynyň Tejene durmuşa çykan gyzynam özüne ýoldaş edinip, sürgündäkileriniň halyndan habar almaga barýanlar

bolup çykdylar.

Şeýdibem Ahmet dagy Daşkentde otludan düşenlerinde soňra sataşan ildeşleri bilen dört bolup düşdüler. Bagyrly erkek kişi öňem bir bäş-alty aýlykda bu ýere gelip, öz sürgünleriniň halyndan habar alyp giden eken.

Ýanlarynda ýolbelet bolansoň, bulara sürgünleriň ýaşaýan ýerine gidýän ýoly tapmak kyn hem bolmady.

Olar otludan soň ilki ýola çykyp, bir salym haýsydyr bir geçen maşyna daklyşmaga synanyşdylar, ýöne olaryň geýim-gejimleri ýadrak göründimi nämemi, telim maşyn gapdaldan durman geçdi. Başga ýoldan geçýänleriň köpüsi bolsa eşeklimi-de, eşegarabalylardylar.

Topar serim-sal bolup, ýene bir salym ýolda ulag gözläp duransoň, başga-da bir aýakgaldyr bolmansoň, olar geçip barýan eşegarabaly bir goja bilen gepleşip, ondan sowulýan ýerine çeni özleriniň goşlaryny äkidip bermegini haýyş etdiler.

Bular gelni gojaň ýanyna araba mündürip, goşlary hem onuň gapdalynda ýerleşdirensoňlar, gojanyň "Münseňiz ýene biriň-ikiňe ýer bolar" diýip aýdan sypaýyçylygyna hem seretmän: "Ýadasak, göreris" diýşip, arabanyň ýany bilen gapdallap, ýoly alarladyp ýöräberenlerini kem görmediler.

Haçanda yzdan, ilki allowarradan bir ýerden gyzylaryň sesi ýaly zyňňyldy bolup, barha golaýlap gelýän maşyn sesi eşidilen mahaly olar indi Daşkentden ýagşy daşlaşypdylar.

Arabanyň gapdaly bilen dogumly-dogumly ädimleşip gelýän adamlar maşyn sesini eşidip, bilesigeljilik bilen nähili ýeňselerine öwrülenlerini hem duýman galdylar. Görseler, ine, Daşkent tarapdan bir gara maşyn yzynda tozan baryny turzup, kowgy bolup, ýola sygman iki bakan çaýkanyp eňterilip gelýär.

Özi-de onuň bu bolup gelşi, öňünden çykan ähli zady, ýüzugra kakyp, gabşyryşdyryp geçirli görünýär. Arabakeş goja maşyny göreninden tanady öýdýän, söýünçli käýinjiräp, gyssanmaç arabasyny ýoldan gyrarak sowmak bilen boluberdi.

– Işbalta jalaýdyr bu. Ol zaluwat maşyny serhoş halda-

da dagam sürüberýär bi. Mundan gorkmadygyň, ýolundan sowulmadygyň imany ýokdur. Düýnküde ol maşyny serhoş sürüp, ýoldan geçip barýan sygyrlaryň ikisini dagam birden kakdyrdy. Ýene biri şeýden bolsa, sud-prokuror milisiýasy bilen sorap-ýanap, onuň başyna alaýabylyň gününi getirerdiler. Jenaýat işini gozgap çekelärdiler. Muňa bolsa sud, prokurory sygyrlaň bahasyny töletseler töledendirler başga ýüzüň üstünde burnuň baram diýmediler. Gaýta olar haram ölen mallary depme halal etdirip, onuň etini bazarda satdyryp, bir giden pulam edinipdirler diýdiler. Bu gelenini gelşi ýaly, dost-ýarlarynyň syrtyndan geçirip ýören göwni açyk, eli açyk bir jomart ýigitdir bi. Şu keleçewligi bar-da ýogsam dagy... – diýip, ol golaý gelýänçä goja şu zatlar aýdyp ýatlamaga ýetişdi.

Maşyn säginerli dälem bolsa, goja arabakeş eşek taýagyny ýokary göterip, yşarat edensoň, ol badyna duranlaryň gapdalyndan ep-esli geçip, kürtdürip saklandy.

Goja töweregi bilen ýanyna baranda Işbalta kabinadan baş çykaryp, salam berip, ilgeziklik bilen onuň habaryny alyp ýylgyrdy.

Salamyny alyp-almanam, goja oňa aladaly igendi:

– Bäh, sürýäň-ow, ükäm!?

– Sürülýän wagty sürmeli-dä, ekäm! – diýip, Işbalta hem ýesersi ýylgyryp, töweregiň ýüzüne öwrenijilikli nazar aýlap aýtdy.

– Süreňde-de çaky ýagşy!

– Süreňde dagy, bu ganat baglap uçaýjak bolýar. Munuň keýpini sen goýaý ýöne, ekäm! – diýip, Işbalta ýene hezil tapma bilen, maşynyny magtap, göçgünli gürledi.

– Uçsaň uç-da, ýöne häzirrägem bolawer!?

– Bor, ekäm!

Goja soňra gapdalyna öwrülip, oňa öz töweregindäki adamlary görkezip habaryny berdi.

– Bular Türkmenistandan!

– Görýän, seleň telpekleri aýdyp dur-a...

– Bilseň, sen barýan ýeriňe çenli bularam äkit! Garyndaşlarynyň yzyndan gelipdirler. Sürgün oba barýalar. Seniň bilenem ugurdaş bular!?

Işbalta kimi äkidýändigine doly göz ýetirmek isleýän ýaly, şundan soň töwerekdäki özüne gözleşip duran adamlary ýene bir gezek içgin synlady. Soňam ýesersi ýylgyryp: "Bulary äkidäýse-hä bolardy welin..." diýip, netijä gelip-gelmänem, öňräkde duran Ahmede ýüzlendi. Şu pursatda onuň gözleri hasam ýitelen ýaly bolup jel-jelläp gitdi.

– Puluň barmy, türkmen?

– Taparys! – diýip, Ahmet sähelçe baş atyp, ynamly aýtdy.

– Tapsaň, bizem size ýer taparys, münüň! – diýip, olam soňra başyny silkip, olara maşynyň üstüni görkezdi.

Ahmet dagy goja minnetdarlyk bildirişip, onuň bilen gadyrly hoşlaşdylar.

Işbalta jalaý ýene ugrandan maşynyň gazyny gataldyp, eňterip ugrady. Üstündäkilere onuň bortunyň gyrasyndan berk ýapyşyp, gününe maýyl bolup oturaýmadan başga alaç galmady. Barylmaly ýer salgy berlende: "Daşkentden uzakda däl" diýilse-de, onuň geçilmeli ýolam eslije-de bar eken. Olar şol gaýdyşdan Işbalataň şol sürşüne onuň sowlar ýerine ak öýlänler gelip ýetdiler.

Maşyn durandan çilim çekesi gelip, dişleri syrkyrap duran Ahmet geýiminiň çaň-tozuny hem kakyp-kakman, dessine çilimine ýapyşdy.

Samarkantda üstünden düşüp, höwes bilen satyn alan "Kazbek" çilimini çykaryp, onuň birini alyp, ýüzüni keseräk sowup, howlugybrak otlandy.

"Kazbek" şol döwürde çilimkeşleriň arasynda apalanylyp çekilýän, ýöne aňsat tapyp bolmaýan çilimdi. Ony tapýanam, çekýänem, esasan, organ işgärleri bilen özüne pylankes diýdirip bilýän belli-belli adamlar bolardy. Şonuň üçinem Ahmet bir salymam bolsa, gowy çilim çekmek üçin, üstünden düşensoň, puluny gaýgyrman, ondan bäş-dört gutusyny dagy alypdy. "Kazbegi" hezil edip soňra uzagrak çekmek üçin indem ol ony

özündenem biraz gysganybrak birden, ikiden çekip gelýärdi. Ahmet ýol kireýini bermek üçin, Işbalta tarap ýönelen mahaly, çilim tüssesini alyp, onuň gözüniň ýitelip-ýylpyldap gidenini gördi. Çilimkeşdigini bildi.

Ahmet ýol kireýini berenine mähetdel, oňa-da hödür edip, çilim uzatdy.

– Al, çekýän bolsaň!

– Gaýdýan zadyň barmy diýsene! Işbalta jalaý adyny, nä Güne ýatyp alandyr öýdýäniň? – diýip, o-da höwes bilen Ahmediň uzadan “Kazbeginden” bir dänesini alyp otlandy.

Bir pursat gysgaça hezil tapma bilen çilimleşme boldy.

Ahmet:

– Senem men ýaly ekeniň! – diýip, gutudan çilimiň ýene birki sanysyny onuň soňra çekerine almagyny isläp, göwünjeň hödürledi.

Işbalta hezil tapyp, çilim burugsadyp, ýeke-iki gepleşip durşuna: “Çilim diýibem, şuňa diýäýseň! Ýoldaş Stalinem şunda çekýärmiş” diýip, “Kazbegi” hyrydarlyk bilen göwünjeň öwdi.

Şol barmana-da Işbalta içinde çilimler togalanyşyp ýatan çilim gaba ýene-de gözügidijilikli seredip, ondan birini alarman boldy. Alybam bada-da ony gulagynyň ýeňsesine gysdyrdy. Ahmet onuň çilim gadyryny bilýän çilimkeşdigine şundan soň hasam göz ýetirdi. Ol uzadan çilim gaply elini yzyna çekmän durşuna:

– Al, gaby bilen özüňe! – diýip, onuň elini yzyna itberip, göwünjeň hödürledi.

– A, sen?

– Meni alada etme! Mende ýene bar.

Işbalta diňe şundan soň çilimi göwünjeň aldy. Soňam ol kireý üstüne ýene-de özüniň onuň çilimini-de alýanyna utanýan ýaly, gapjygyny çykaryp, “Haýsysy seniňki” diýip, pullaryny görkezip, ýas-ýaňyja alan pullaryny oňa gaýtaryp bermekçi boldy.

– Ýak, senem-ä, halypa! – diýip, Ahmet elini daldaladyp, beren pullaryny almaga garşy boldy. Gaýta ýene onuň özüne

minnetdar boldy: – Aşmaly ýerimize getireniň üçin sag bol, gardaş!

Ýöne Işbaltanyňam çyny. Onuňam bulara bergili bolup galasy gelmän, ol göwündeşlik bilen Ahmede ýüzlendi:

– Gardaş, onda yzyňa gideňizde gabatlaşsak, şonda men sizi pulsuz äkidäýerin. Soňam ol öz nesýe gürrüňini göwnüne jaý edip bilmän, baş atyp, hol beýleden görünýän şäherçäni görkezip: – Şol şäherçä baryp, “Işbalta şofýor” diýip sorasaňyz, onuň her item meni tanaýandyr. Öýümi görkezip: “Wowf” diýer – diýip, gepine henek gatyp gepledi. – Adamçylkydyr, gaýry problema çyksa-da aýdybermelidir – diýibem ýene-de sözüniň üstüne goşdy.

Getiren adamlaryny onuň jynynyň alanlygy belli boldy.

Şäherçeden gönüläp gidilende “Sürgün obasy” juda bir uzakda däl hem bolsa Ahmet dagy oba ýetýänçälär ýöräp, ýene ýagşy ýorulmaly boldular. Her depeden aşanlarynda ondan aňyrdan sürgün obasy görünäýjek ýaly bolan hem bolsa, barybir wagty bilen ýoluň yzy gelmedi. Olar ýol boýy ana ýeteris, maňa ýeteris diýşip, salgyma öwrülýän ýaly bolşup, gaýmalaşyp ýörediler.

Ahmet oba ýetseler, özlerini görüp, gelnejesidir inisi Aganazaryň juda begenjeklerini ýatlap, bu duşuşygy özüçe küýüne getirip, Aganazaryň-a begenjine: “Ahmet akga, Ýusup daýy!” diýip, öz üstlerine zyňjagyny göwnühoş göz öňüne getirdi. Ahmedem Ýusubam sürgüne gaýdanlary bäri Aganazary görmändiler, şonuň üçinem häzir olar onuň indi murty tabap gelýän ýigdekçe çykanyny gaýybana buýsanç bilenem ýatlaşyp gelýärdiler. Ahmetdir Ýusup her gezek bu tolgundyrjy pursady berlen göz öňüne getiren mahallary şol pursat olar bir salym eginlerdäki horjunyň agramyny, ýol argynlygyny hem duýmaýardylar.

Sürgün obasyna ýetilensoň, ýolda duşup, ýolbelet bolup öňe düşen bagyrly obada ilki gabat gelenden sorap, olara Orazgylyjyň öýüniň salgysyny almaga kömek edensoň, ol obanyň beýlerägindе ýaşaýan öz mähribanlaryna duşmaga howlukdy.

Orazgylyjyň öýi bu sürgün obasynda ilerki toplumda ýerleşen öýleriň biri eken.

Gelip görseler, Orazgylyjyň gapysy ýapyk dur. Özi-de ol bu golaý-goltumda açylana-da meňzemeýär. Bir ýerlerden ýel-ýagmyryň getiren ýaprakdyr, çöp-çalamlaram düşen ýerlerinde, gapy öňünde çaşyşyp ýatyrlar. Egnini gysyp oturan jaýjagaz häzir töwerekdäki jaýlaryň arasynda has ýalňyz görünýänidi.

Orazgylyjyň goňşusy Berdi aýaly bilen işde bolsa-da, onuň iki sany ýedi-sekiz ýaşly ýortmança oglanjyklary öýde eken. Ahmetdir Ýusup olardan sorap gelen ýerleriniň anygyna ýene bir gezek ýetensoňlar, gapynyň zülpe bilen oňa geýdirilýän ilgençek demriniň daşy bilen aýlanyp daňlan kendir ýüpi çözüp, öýüň içine girdiler.

Berdi dagy işden garaňkyny ýagşy düşürip, aýaly bilen öňli-soňlurak gaýdyp geldiler.

Ol Orazglyjyň ýakynlaryny görüp, indi onuň öýüniň garamaty, hamala, öz egninden düşen ýaly muňa diýseň begendi.

Gelenleri myhmanlap, gijäniň bir wagtyna çenli olar bilen derdi-hal aýdyşyp, Orazgylyjyň maşgalasynyň düşen ýagdaýyna özüçe aýdyňlyk berip oturdy. Orazgylyjyň tussag edilmegi bilen maşgalanyň agyr ugrularyň astyna düşenini, ol äkidilensoň, birazdan aýaly Amangülüň hem dert tapynyp, keselhana düşenligini, Daşkende kakasyndan yzyndan habar almaga giden onuň ogly Aganazaryňam heniz bolubam gaýdyp gelmän, ýitirim bolanlygyny, onuň soňky doglan kiçijik gyzyna bolsa, golaý goňşuçylykda ýaşaýan Orazgylyjyň dosty şyhyň aýalynyň ejesi gelýänçä seretmegi öz üstüne alandygyny, şyhyň hem Orazgylyç bilen "Gurhan" gizlemekde bile bulaşan adamdygyny, Aganazary gözläp, komendant tarapyndan edilen tagallalaryň hem barlygyna seretmezden, henizem bolubam netije bermänligini ýagdaý bilen tanyşdyryp, birin-birin gürrüň berip oturdy.

Berdiniň hesret gatyşykly janköýerlik bilen ýürekden edýän gürrüňleri häzir, gaty ýere gaçyp, çem-pytyrak bolup, her tikesi bir ýere düşen käsäniň böleklerini, nädibem bolsa, eýdip-

beýdip bir ýere ýygnap, olary ýerli-ýerinde goýup, ýelimlemek islegine berlene meňzeýärdi. Ahmetdir Ýusup Berdi bilen gijäniň bir wagtyna çenli oturyp, indiki edilmeli işleriň ýol yzyny maslahatlaşansoňlar, maşgalanyň gözlegine ertir irden kontora baryp, sürgün komendanty bilen duşmakdan başlamagy makul tapdylar.

Ahmet bilen Ýusup Berdiden salgyny alansoňlar, komendantyň her gün meýdana gitmezden öň irden kontora bir maňlaý direýänini bilip, ilki onuň bilen gepleşmek üçin, bu ýere geldiler. Komendatyň jigidi eýýäm kontor jaýynyň gapdalynda onuň münýän atyny eýerläp getirip, onuň gelerine häzir bolup, garaşyp durdy.

Komendatyň meýdana münýän pes boýlurak garynlak ýabysy bar eken. Onuň aty aňyrdan gelen başlary şampa telpeklimi-de, silkmeli ýat adamlary görüp, üýşenip, ürkerli bolup gulaklary bilen howany gaýçylap duran ýerinde üýşenip, aýak göterip ýer depjedi.

Komendantyň ýaşaýan ýeri kontordan uzak däl eken. Gele-gelmäne-de ol gapdaldan berlen salamy-da oňly alyp-alman gyzyklandy:

– Sizler Türkmenistandanmy?

– Hawa, düýn giçlik geldik.

– Düýn giçlik gelenem bolsaň, sen özbek dilini türgen bilýän ýaly-la? – diýip, ol gürläp ugrandan Ahmedi dikanlady.

– Özbekler bilenem köp ýerde bile bolnup, duz-emek bolundy-da...

Gürrüňler alşana meňzedi.

– Kimiňkä geldiňiz?

– Orazgylyç Kymyş. Muhammetgylyç.

– Hä, hüm bilýän. Orazgylyç brigadir, işeňňir adamdy özün-ä... – diýip, ol gümürtik gepledi-de, bir zatlar barada oýlanyp ýatlansoň çytylyp: – Onuň aýalam häzir hassahanada bolmaly – diýip, göwünli-göwünsiz ýatlady.

– Bizem şony eşidip geldik, komendant aga. Indi gaýrat edip,

sizem bir bize şolary tapyp, boşadyp almaga ýardam berseňiz? – diýip, Ýusup haýyşly gönümel gepledi.

Ýusup bu gepi komendanta olar öz jogapkärçiligindäki adamlara gaçyryp alyp gidiberjek ýaly duýuldymy nämemi, şundan soň ol hamala ömür eşitmedik gepini eşiden ýaly, muňa başyny silkip, ör-gökden geldi.

Çytylyp pert gepledi.

– Sürgüni boşadyp goýbermek meniň hukuk-borjuma girmeýär. Ony Daşkent çözýär – diýdi. Soňam ol Ahmet bilen Ýusubyň ýüzüne gezekli-gezegine dikanlap alansoň, betgümanlyk bilen talaplydan duýduryşly aýtdy: – Sizem ýene-de käbirleri ýaly, olary rugsatsyz gaçyryp-tezdirip äkitjek dagy bolaýmaň! Barybir otla ýetip-ýetmän gapylarsyňyz. Sürgünlere rugsatsyz şu gyşlak bilen raýon merkezimizden çykmak bolýan däldir! O-da ýaňydan bäri... – diýip, komendant gepine öz-özünden bat alyp, harbylarça kesgitlilik berdi.

Komendant soňky ýyllarda sürgünleriň yzyndan sorag salnyp gelinmeleriň artanlygyny, munuň bolsa özüni artykmaç alada goýýanlygyny nägile haldy ýatlady.Has beteri-de Orazgylyç ýaly tussag edilenleriň yzyndan gelenler bilen düşünişmek oňa kyn bolardy.

Ir ertir bolansoň, howa arassadan tereňdi. Gündogardan ýelpeýän şemal ähli zady, çaga arkasyny sypalaýan ýaly höwes bilen sypalaýardy.

Ondan-mundan ýaň alyp gelýän adam sesleridir niredir bir ýerde işläp ýören traktor sesi bilen gatylyp, töwerege özboluşly göçgün berýärdi.

Komendant Ahmetdir Ýusubyň kimligini, näme üçin öz ýanyna gelenini anyklansoň, halamazlyk bilen çytylyp, gep gutaryp-gutarmaka temegini hondanbärsilik bilen ýokary göterdi-de, gadamyny nygtap, dars-dars basyp, olaryň gapdalyndan aýlanyp, kontora jaýyna tarap geçdi. Komendantyň mundan soň olar bilen gepleşesi gelmeýäniligi düşnükli boldy. Ýusup:

– Bäh, bu ýeňsesini görkezd-öw bize! – diýip, alada galyp,

onuň bolşundan nägile boldy.

Ahmet komendantyň başa geýen Stalin papagynyň yzyndan, kätmeniň ýüzi ýaly çykyp duran ýasy kellesine ýene bir pursat seredip duransoň, syr bermezlik üçin giň göwrümlilik etmäge çalyşdy.

– Görkezse, görkezibersin bakaly... – diýip, murtunyň astyndan pirimli gümürtik gepledi. Ýusup ýene janykdy:

– Hä, näme edersiň öýdýäň?

– Häzir gidip gowusy nirede bolsa-da, gelnejemden bir habar alaly. Näme etjegimi soň aýdaryn özüm... Gije düşer-ä..?

– Ýeri, bu ýerde gije galmagyň näme geregi bar? – diýip, Ýusup Ahmediň ne hyýala münenine oňly düşünmän darykdy.

– Şeýtmek gerek, bu işiň bir ýanyny gijäniň garma-gürmeligini ýanamasak bolmaz – diýip, Ahmet kimdir biriniň üstüne dyzanýan hörpde her sözi öz dilinden kynlyk bilen çekip alýana meňzäp, bölüp-bölüp aýtdy. Ýusubyň henizem özüne düşünmedigini görübem gönüledi. – Gije muny öýünden çykaryp alyp, damagyna pyçak goýup, bir pirini kädä gabap almasak bolmaz. Gördüň-ä ol biziň bilen ýeňsesi bilen gürleşýär– diýip, Ahmet komendatyň giren gapysyna gözläp, oňa öjügip durşuna howry göterilip gepledi: – Şonça ýol söküp gelnensoň, bir başa dikmän dolanmak bolmaz – diýip, pikirini Ýusuba aýan edip, berk aýtdy.

Komendantyň jigidi türkmençä düşünýän eken. Ol Ahmet dagy gidenine mähetdel, aty iltäp başlygynyň ýanyna howlukdy.

Jigidiň getiren habarynyň komendant biraz üýşenme, oýurganma bilen diňledi. Oňa şu pursatda ýaňky daşarda gören adamlary elleri ýaragly gapydan giriberli görnüp, sag eli bilen sapançasynyň duran ýerini, ýerindemi dälmi barlap, aýlap goýberenini hem duýman galdy.

Ahmedi göz öňüne getirip: “Şol özbekçäni türgen bilýän-ä, dogrudanam, tüýsi bozuk eken. Ondan her zat çykar. Garyndaşlaryny almak üçin, şol-a näme bolsa bolşarly görünýär” diýip, ätiýaçly oýlandy. Gije gelseler, olardan ahmal galmaly

däldigini özüne ýatladyp, goranmagyň aladasyna berlip, kabinetden çykmaga howlukman, oý köwsarladyp, ölçäp-çenäp, böwrüni bükgüldedip ýene esli oturdy.

Ahmetdir Ýusup obadan çykyp barýan bir araba dakylyşansoňlar, posýologa öz pikir edişlerinden has ir ýetdiler.

Bir aý gowrak hassa ýatan Amangüli tanar ýaly bolmandyr. Horlanyp owadan köşek gözler içine çöküşip, hoňkaryp dur, hemişeki sähel egildigi ujy ýere ýetýän boldumly saçlaram indi ýok. Olam syrylypdyr. Hassahanada-da ýokanç kesel bilen kesellänligi üçin, ony çeträkde bir ýerde aýratyn saklaýan ekenler. Ol Ahmet bilen Ýusup gelende aýagyny krowatdan sallap, Orazgylyjyň yzynda ýetim-ýesir bolup galan çagalarynyň hasratyna berlip, delmirip biçäre halda töweregini gözläp otyrdy. Ine-de bir görse, Alla dilegini eşidene meňzäp, hamala, diwardan bölünip çykan ýaly bolup, birem däl, iki sany hossar onuň öňünde direnişip dur. Amangül ilki olary görende, muny düýşüdir öýdüp, gözlerine ynanmady. “Waý, siz nireden çykdyňyz?” diýse-de, ol ersik buýsanç duýgy bilen damagy dolup, soň wagty bilen başga hiç zat gepläp bilmän, aňalyp äm-säm bolup oturdy. Soňra-da: “Men Ýusup” diýip, özüni tanadan doganyny gujaklap, silkinip-silkinip aglady. Ýat illerde töweregi güler ýüzsüz galan Amangülüň bu agy, şol ýüzleri görenine özüni täzeden ynandyrmaga edýän synanyşygydy.

Indi biraz bäri bakany üçin, hossarlary yzyndan gelse, Amangüli lukmanlar bir taba geldi hasap edip, hassahanadan goýbermekçi bolubam oturan ekenler. Ýöne Amangüle sereden lukman yzyndan gelnensoň hem onuň hat-petegini oňaryp, boşatmaga gyssanmady ol: “Syrkawyň yzyndan adam sürgün obasyndan gelmeli, siz bolsa, gör, nireden gelip çykan adamlar... Onsoňam biz sürgündäki hassany her ýetene berip goýberip bilýäsmi, ýokmy... ony-da bilemok, siz gowusy muny başlykdan soraň!” diýip, telim bir gürrüňiň başyny agyrdyp, bolaýmaly zady hem boldurman, ikirjiňläp aslyşdy durdy.

Haçanda olar Amangülüň hat-peteginiň berilmegini soramak

üçin, hassahananyň baş lukmanyň aýratynrak oturýan jaýyna tarap barýarkalar, eýýäm bir şowsuzlykdan agzy bişen Ahmet: “Bu-da bir bahana tapmasa ýagşydyr... Munuň başgarak çözgüdi ýokmukan, heý?” diýip, böwrüni diňläp oýlandy.

Işbaltany ýatlap, “Her ýurduň awuny öz tazysy bilen awlanylsa” kem bolmajagyny ýatlady. Soňam ol öz kellesine gelen pikirini bölüşmek üçin Ýusuba ýüzlendi:

– Başlygyň ýanyna, meniň pikirimçe, beýdip süssenekleşip, göni barmasak, gowy bolaýjak ýaly!

– Ýeri, onda onuň ýanyna nähili barjaksyň? – diýip, Ýusup Ahmediň ne hyýala münenine birbada oňly düşünmän anyklap sorady.

– Ýolda duşan dostumyz Işbaltany tapyp, öňe salmasak bolmasa gerek. Beýle digişgen-alçak adamyň tanyş-bilşem köp bolýandyr. Onsoň şeýle adamlar ähli aladanyň üstüne tanyş depjäp tutunyp baryberýär.

– Bu dara-direlikde Işbalta şofýory sen nireden taparsyň?

– Öýi bardyr-a. Aýt-da özi “Men gerek bolsam, gelip soraň, şu posýologyň her bir item “Waf” diýip, size meniň öýümi salgy berer” diýip!

– On-a diýdi özün-ä – diýip, Ýusubam şundan soň Işbalta şofýory ýatlap, Ahmedi mamla tapdy.

Olar şol ýerdenem ir günlerini giç etmezden, Işbaltanyň gözlegine çykdylar. Aňyrdan gözleg salyp gelen mahallary, olaryň bagtyna bir sebäp bilen heniz bolubam işiniň ugruna atlanyp gidibermedik Işbalta hem öýde eken. Ol togalak kellesine dört künjekli tahýany bir ýana agarak geýip, maşynynyň töwereginde, onuň onsuna-munsuna sereden bolup köwejekläp ýördi. Ol Ahmetdir Ýusuby öz howlusynda görüp: “Hä, türkmen-aşnalar, bu asla sizmisiňiz!?” diýip, olary, hamala, öňden ýol gözläp, garaşyp oturan ýaly, güler ýüz bilen derwezäniň agzynda öňlerinden çykyp gadyrly garşylady. Dessine-de olary gapdaldaky üstüne düşek atylan sypanyň üstüne çagyrdy. Işbalta soňra eliniň ýag ýokundylaryny mata bölegine süpürip durşuna, garşydaky jaýyň

gapdalyndaky ojak başynda üç sany basdaşja gyzjagaz bilen, meýdana jüýjelerini däne çökdurmaga alyp çykan ene towuga meňzäp oturan oral aýala ýüzlendi:

– Myhmanlara çaý alyp geliberiň?

Aýal bada: “Häzir” diýse-de, ýöne pikir edilşi ýaly, çaý welin wagty bilen öňe gelibermedi. Şol barmana-da ol aýal ojakda taýynlap alan gaýnag suwuny kündüge guýup, gyzjagazlara bir zatlar diýişdirdi-de, aňyrlygyna – öýe howlukdy.

Gyzjagazlar onuň yzynda eneleri iýmit gözlemäge giden guş çagalary ýaly, boýunjyklaryny uzadyşyp, bitakat seredişip galdylar.

Haçanda myhmanlar ýas-ýaňyja ojak başyndan turup giden aýalyň tiz yzyna dolanyp gelip, ýene-de bu ýerden bir zatlar alyp dolanyp, howlugyp barýanyny görüp, nämedigini bilmeseler-de, bu öýde bir aladanyň barlygyny duýdular. Bu bolsa olaryň: “Bimahal wagt geläýipdiris öýdýän?” diýip, müýn çekmeklerine sebäp boldy.

Işbalta maşynlyk işini birýüzli edensoň, birhili düşnüksizräk iňkisli halda myhmanlarynyň ýanyna dolanyp geldi. O-da indi ondan-mundan gürleşip oturyşyna häli-şindi ýaňky aýalyň girip giden gapysyna, ýene birde gyzjagazlara tarapyna ynjalyksyz nazaryny aýlap alýardy. Aňy başga ýerdeligini seretmezden, şol bir wagtda hem ol gülüp-yşyp myhmanlaryna, syr bildermezlige, şol öňki göwnaçyk Işbalta bolup görünmäge çalyşýardy. Ol bu oňaýsyzlygy duýdurmajak bolýana meňzeýärdi.

Ahmet şol oturyşyna bu düşnüksiz galagoply ýagdaýyň sebäbini özüçe tirip, öýde bir agyr syrkawyň bar bolmagynyň mümkinligini biraz ynjalykdan gaçma bilen pikir etdi.

Birdenem garşydaky jaýyň gapysy garaşylmadyk ýagdaýda giňden gujak bolup, şarka açyldy-da, ol ýerden ýaňky jaýa giren aýal aýagy ýeňläp, begençli gygyryp daş çykdy. Ilkem bitakat oturan gyzjagazlara ýüzlenip:

– Oglan jigiňiz boldy! – diýip begenip buşlady. Gyzjagazlar begenişip, diriň-diriň böküşip, ylgaşyp baryp, ony çar tarapdan

gujakladylar. Soňam bu hoş habary olar ilki kakalaryna buşlamaga howlukdylar. Gelişlerine-de begenişip, Işbaltany gujaklap, jammyldaşdylar. Ahmet bilen Ýusubam ýerli-ýerden olaryň ellerine bölek-büçek pul berşip, höwes bilen maşgalanyň şatlygyna goşulyşdylar. Ýerli-ýerden Işbaltany mähirli gutladylar.

Dogan-garyndaşa, goňşy-golalama jigisiniň bolanyny buşlamaga howlugyp, çapyşyp giden juda begenen gyzjagazlaryň çasly sesleri indi daş-töwerekden eşidilýärdi.

Ahmet dagy ýaňy gelende, Işbaltaň hamyla aýaly üç gyzyndan soň, dördünji çagasyny dünýä inderermen bolup, burgusy tutup ýatyrdy.

Görlüp oturylsa, töwerekdäki ünjüliden düşnüksiz galagoplyk döredenem hut şu ýoluna köp garaşylan bäbejik eken. Onuň dogulmagy bilen alada-ünji sowlup, hemme zat öňki ýerine gelene döndi.

Gökdäki dilegi ýerde gowşan Işbalta şundan soň hasam gül-gül açylyp:

– Türkmen aşnalar, siziň aýagyňyz düşdi. Ogulsyz halyma oglum boldy. Siz bihal adamlar däl ekeniňiz – diýip, olaryň gelmegini öz begenji bilen baglap, duran ýerinden hödür-kereme berlip, gara gadyr boluberdi. Heniz görülmedik has alçakdan gadyrly Işbalta öwrüldi.

Gürrüň arasynda Ahmet heniz özleriniň alynmadyk habaryny beren mahaly Işbalta diňläp, olaryň özüne tutunyp gelendiklerine göz ýetirensoň, endişe edip durman:

– Nirä barmaly bolsa bararys. Kimi görmeli bolsa göreris – diýip, myhmanlary bilen göwündeş gopdy.

Ahmetdir Ýusup haçanda Işbaltany öňe salyp, baş lukmanynyň huzuryna üç bolup baranlarynda, baş lukman olary köne tanaşlary ýaly diýseň gadyrly garşylady.

– Ýeý, Işbalta şofýor, bu türkmenler asyl siziň myhmanyňyzmydy? – diýip, hoşgylawlyk bilen sorady.

– Hawa, meniň myhmanlarym! – diýip, Işbalta Ýusup bilen Ahmede ýüzugra eýemsirenip eýe çykdy.

...Ýaňy bular meň ýanyma gelýänem ýalydylar welin, bir görsemem olar eýýäm derwezeden çykyp gidip barýalar.

Işbalta lukmana näme üçin öň myhmanlarynyň ýany bilen özüniň gelip-gelmedigini düşündirip durman, galjaňlyk bilen dessine esasy meselä geçdi.

– Ekem, siz meniň türkmen aşnalarymyň naçaryny bejeripsiňiz. Olar sizden gaty minnetdar. Indem olar uzak ýola gitmeli adamlar, haýyş, şonuň dokumentini bir gowulap, oňaryp berseňiz, jora!

– Sprawka bereris...

– Siziň ony bize inwalid – diýip beriň!

– Ony komissiýa çözýär. Komissiýa-da her aýda bir bolýar. Onuň maslahatyna garaşmaly bolar. Wagt gerek.

– Wah, jora, şol wagt ýok-da bizde. Şonuň üçin siziň ýanyňyza geldim-dä men myhmanlarym bilen! Komissiýa haçan bolar?

– Ýene bir hepdeden Daşkentden komissiýa başlyklyk etmäge Şawkat lukman geler, galan agzalaram öz lukmanlarymyz onsoň.

Şawkat lukmanyň adyny eşidip, Işbaltanyň biraz çytylyp ugran ýüzi ynamly ýylgyrma bilen ýagtyldy. Ol baş lukmana täzeden:

– Ekäm, siz bir eliňizden gelýänini edip, sprawkany maňa bolmalysy ýaly taýynlap beriň! Onsoň oňa gol goýdurmak meniň bilen. Lukman Şowkat ekäni özüm gowy bilermen. Daşkende gitjek, häzir şol ýerde oňa özüm gol çekdirip gelerin.

– Beýtseňem bolýarmy? – diýip, baş lukman munuň nähili beýle bolup biljegine birbada oňly düşünmän ýaýdanjyrady.

– Boldursaň näme bolman, oňa öňki aýyň wagtyny goýarsyň welin, wessalam, şol bolar-da: “Gazançynyň haky bar, nireden gulak çykarsa” diýilmänmi, eýsem!? – diýip, baş lukman kürtdürip, ikirjiňlän mahaly ynamly gepläp, onuň gümürtik pikiriniň öňüni dolady.

Baş lukman Işbaltaň ahyrsoňy öz diýenini etmän

goýmajagyny bildi öýdýän, ol aşak bakyp, bir ýylgyryp alansoň, dez-sep berýänini bildirip: “Hany, Balta üke, bir çilim ber!” diýip, pikirini jemlemek üçin oýurganyp, pursat arap, çilim sorady. Işbalta çilimini gaby bilen ilgezik oňa uzatdy.

– Alyň şundanam bir çekip görüň!

Çilimleşikden soň baş lukman garamagyndaky lukmanlaryň birini ýanyna çagyryp: “Şol ýokanç keselden saban aýaly hassahanadan çykarmaga taýynlaň!” diýip, Amangülüň delosyny öz öňüne çekdi.

Işbalta baş lukmandan gerekli sprawkany taýyn etdirip alan mahaly, ol ýerde diňe komissiýa başlygynyň golunyň ýeriniň boş duranyny görüp, göwün çaglama bilen baş lukmandan minnetdar boldy:

– Şawket ekäni nirede bolsa-da, özüm taparyn, oňa golam goýdyryn – diýip, baş lukmana minnetdarlyk bildirip, ýola howlukdy. Ahmet jaýdan daş çykylanda, baş lukmanyňam özleri ýaly çilimkeş ekenligini ýatlap, dessine yza öwrüldi-de, Samarkantdan alan dört paçka “Kazbeginiň” açylmadyk soňky gabyny onuň stolunyň burçunda galdyryp çykdy. Şeýdibem, belet öňe salnansoň, işleriň öz-özünden ugruna bolup, şow alyp barýanlygy belli boldy. Ahmet dagy Amangüli hassahanadan çykaryp, ony Işbaltanyň maşynynda äkidip, sürgün obada öýüne-de goýansoňlar, şol ýerden Daşkende depdiler.

Işbalta bu ýere gelip, ilki Şawkat lukmany iş ýerinden tapyp, onuň ýanyna girip, sprawka gol çekdirip alansoň, myhmanlarynyň öňüne düşüp, NKWD-äniň düzediş koloniýa-lagerlerine seredýän Orta Aziýa bölüminiň ýörite bölümçesine alyp bardy. Amangülüň adyndan arza ýazdyryp, ony lukmanyň haty bilen şol ýere tabşyrdylar. Olara “Sagat bäşe gelseňiz, bellisi bolar!” diýip goýberdiler. Ahmet bilen Ýusup Işbalta gidip, ýüküni tutup gelýänçä oňa şol golaýda bir ýerde garaşdylar.

Onuň gaýdyp gelenine mähetdelem, garaşsalaram dokument tabşyran ýerleriniň golaýragynda bolmak üçin, ýene-de şol jaýlarynyň öňüne bardylar. Näden nä bolarka diýen aladaly öý-

köýe berlişip duruşlaryna işleriniň biterini dileşip, gapdalrakda çilimleşip, garaşyp durduberdiler.

Seýregrägem bolsa harby, ýarym harby adamlar ol jaýyň gapysyndan girişip, çykyşyp durdular.

Şol arada gapdaldan geçip barýanlaryň biri iki nätanşyň arasynda öz tanşy Işbaltany görüp, gapynyň öňüne ýetiberende aýak çekip, aşyrma kemeriniň ýan çekiwinden gysymlap, durşuna onuň bilen gyzyklandy. Işbalta ony tanap, biraz begenme bilen, ýylgyryp öňünden çykdy.

– Salamon Naumowiç, sizi görenime şat!

– Ýeri, şofýor, sen bu ýerlerde näme işläp ýörsüň, eýsem-de bolsa!?

– Bizem gelmeli bolduk-da, Salomon Naumowiç!

Soňam ol ýeňsesine öwrülip, oňa Ahmet bilen Ýusuby görkezip:

– Ine, bularam meniň türkmen aşnalarym! – diýdi.

Salomon Naumowiç aýnasy galyň äýneginiň aňyrsyndan nätanyşlary bir pursat ünsli seljerjilikli synlansoň, goluny berip, olar bilenem sypaýyçylyklykly salamlaşdy.

Işbalta soňra oňa myhmanlarynyň habaryny berip, bularyň sürgündäkileriniň agyr güne düşenini eşidip, şolara hossar bolup yzyndan gelendiklerini, indem şony boşadyp alyp gitmegiň ugrunda bolup, dokument jemläp ýörendiklerini, lukmanlaryň hemmesinden alynmaly sprawkalaryň alnyp, olaryň arza bilen goşulyp, NKWD-äniň arz diňleýän ýerine berlenligini ýagdaýy düşündirme bilen kömek soraýan hörpde aýdyşdyrdy.

Indem şonuň jogabyna garaşyp, özleriniň bu ýerde durandyklaryny anyklady.

Salamon Naumowiç ony diňläp, biraz böwrüne doňuz diňini salyp duransoň: “Umumy medisina komisýasynyň karary barmy?” diýip, kimiň adyndan arza berlenini ýene bir gezek sorap anyklansoň, ol yzyna öwrüldi-de:

– Onda menem bir habar alaýyn, siz garaşyberiň! – diýip, ýaňky ýetip barýan gapysyna tarap ýöneldi.

Garaşyp durkalar, Ahmet “Bu kim?” diýende, onuň ýeňsesinden gözläp duran Işbalta:

– Olam bir iş bitirýän, gerek adam şu jaýa girip-çykýan – diýip, gysgaça aýtdy.

Salomon Naumowiçiň gidenine köp wagt geçmänkä, Ýusuby hat-petek berilýän penjiräň öňüne çagyryp, oňa sprawkany alanlygyna gol çekdirip alansoňlar, bir bölek kagyzy onuň eline tutdurdylar.

Sprawka

Zähmet düzediş kolonýa-lageriniň Orta Aziýa ispolkomynyň NKWD-siniň uprawleniýesiniň wekilhanasy

Sürgün gyşlagynyň ýaşaýjysy 36 ýaşly gr. Amangül Ýazowa (sem kart 136), 5-nji sürgün obaçylygndan inwalid hökmünde boşadylýar we iki çagasy bilen hemişelik ýaşaýan ýeri Türkmenistan respublikasynyň Mary oblastynyň Tagtabazar raýonynyň Söýünaly obasyna ugradylýar.

Sprawka ....

Uprawleniýäniň naçalniginiň kömekçisi

Žurawlýow

Hasaba alyş bölüminiň müdiri

Klewakin

Şol günüň etresi Işbalta irden Daşkende gaýdanda sürgün obasyna darap, ol ýeriň komendantynyň ýanyna baryp, dokumentleri görkezip, onuň bilenem dostlarça düşünişdi. Amangüli hasapdan çykardyp, ony myhmanlary bilen wokzala bile alyp gaýtdy.

Ahmet otla garaşyp durkalar Işbaltany bir gyrarak çekip, ondan Aganazardan hem bir habar biljek bolmagyny haýyş etdi. Juda azar bolýanyna müýn çekme bilen, Işbaltanyň ugruna çyksa, ondan bir derek tapjagyna ynandy.

Onsuzam Ahmedem, Ýusubam kyn işlerini aňsat eden

ýeser ýigit Işbaltadan diýseň minnetdar boldular. Ýusub-a hatda hoşlaşanda, ony gujaklap hamsygdam. ”Nädip, gadyrdan adam, seniň bu eden ýagşylyklaň astyndan çykyp borka?” Ahmet onuň bilen hoşlaşanda “Kazbegiň” gabynda galan soňky ýeke çelimini onuň bilen bölüşip çekdi, soňam ýaňlaryna göteren horjunlaryndan alan düwünçegini höwes bilen onuň goltugyna berdi.

– Şuny al, jora, gelniň, gyzyň dakynar!

Işbalta düwünçegi açyp, onuň nämeligini görensoň, örgökden gelip, almajak boldy. Ýöne “Almasaň, razy däl” diýip, Ahmet düwünçegi gaýtadan onuň goltugyna berdi.

Düwünçekde Ahmediň obadan geregi çykar diýip, alyp gaýdan aýaly Akgül pahyryň “Atam ýasadypdyr...” diýip, buýsanyp dakynan altyn gaşly bilezikleri bardy.

Ahmet bilen Ýusup otla münenlerinden soňam, oňe düşüp, özlerini ýola salyp duran Işbalta bilen doganlarça gujaklaşyp, ýene bir gezek hoşlaşdylar.

* * *

Ahmet agasy Orazgylyjyň maşgalasynyň häli-häzire mümkin bolan bölegini, aldajy durmuş aždarhasynyň agzyndan almak özlerine başardandygyna belli bir derejede ýolda otluda olary alyp gelýärkä ynanyp ugrady.

Amangül otluda ýol boýy gol doly maşgaladan tutup galan ýeke gyzyny ýatyryp-tuzrup, iýdirip-içirip, onuň göwnüni tapmaga çalşyp, söýüp-sypap gelýärdi. Gyzjagaz Ogulhan ejesi hassahanadan çykan wagty ony ýat aýaldyr öýdüp, ýadyrgap ýanyna baryp bilmedigem bolsa, Amangül aýal börügini, ýeneki lybaslaryny geýip, birazam bolsa öňki kadyna gelip, ejelerçe oňa hoşamaýlyk edip ugransoň o-da assa-ýuwaşdan oňa ylygyp ugrapdy. Amangülüň ýüzi solgun, göwni synykdy. Söwer ýaryny, ogly Aganazary küýsäp hesret çekýärdi. “Olarsyz men oba nädip, nä ýüzüme ile baraýyn? Ondan ölüp giden bolsanam gowy bolardy” diýip kösenýärdi. Oňa diňe ogly Aganazaryň haçanam bolsa bir gün bir ýerden gara berjegi, gözleg salynsa, onuň

tapyljagyna bolan inçejik tapmasy göwnüne tesseli berýärdi.

Şu pikir bilen ol her gezek Aganazary ýatlanda, onuň tukat ýüzi açylarly görünýärdi. Şeýle-de Amangül hossarlarynyň, dogan-garyndaşlaň arasyna gowuşsa, olaryň adamsy Orazgylyjy mertebeläp, özüne elinden gelen kömeklerini gaýgyrmajaklaryna ynanýardy. Kymyş babanyň, Jemal mamanyň ojagyna bir ýetse, ol öýüň özlerini alada-söýgi bilen gurşajagyny bilýärdi. Durmuş bu pursatda kynçylyklara döz gelip, ertirki gowy güne has sabyrlylyk bilen garaşmagy talap edýärdi.

Amangülüň bu ýagdaýlar ykbal bilen indi ýuwaş-ýuwaşdan imrinip, öwrenişip ugramagy boldy.

Ýusup ýol boýy bir penjireden daşaryny, bir gyzjagazy bilen güýmenip oturan doganyna göz aýlap, bolan-goýany ýatlap, meseläniň öz çen-çak edeninden aňsat çözülmegine biraz haýran galma, kanagat tapmak bilen küýlenip gelýär.

Ýusup Ahmediň kelläni orta goýup, türmeden gaçyp-sypyp gelip, özüni bu ýola ýoldaş edinenligini, indem onuň arkasyndan özüniň il içinde: “Ýusup gidip sürgündäki aýal doganyny getiripdir...” diýdirip, mertebeli adam bolmagyna Ahmede ýürekden minnetdar bolýardy. Ahmediň ýene-de türmä barmalydygy ýadyna düşende bolsa, ol ýerde onuň ýüzünden sypalmajagyny pikir edip, munuň soňunyň nähili bolup biljegini göz öňüne getirip bilmän alada galýardy. Ahmediň bolsa “Men lebiz etdim” diýip, yzyna gaýdyp barjagy welin ikuçsuzdy.

Haçanda bir gezek Ýusup Ahmede maslahat berijilik bilen: “Belki, sen biz bilen oba gidersiň, soňam ondanam aňyrlygyna Owgana aşyp, türmeden başyňy gutararsyň, ol ýerde sen ýurt beg-töreleriniň öňünde hyzmat görkezip tanalýan adam-a!” diýende Ahmet muny göwnemändi. Ol şonda: “Meniň üçin Owgan durmuşy gutardy. Indi näme bolsamam, öz ilimiň arasynda boljak” diýip, ol şonda bada-bat Owganly meseläni gapdala aýrypdy.

Mara golaýşadygyça özüniň gaçgakdygy, yzyna gaýdyp barmalydygy, sözünde tapylmalydygy Ahmediň ýadyna barha köp düşüp ugrady.

Otly Ahmediň gaçgaklykda gezip ýöreniniň on dokuzynjy gününde ir säherler Mara gelip ýetdi. Indi Ýusup bu ýerde düşüp, dogany Amangül bilen “Mary– Guşgy” otlusyna münmelidiler. Türmä äht eden wagtynyň dolup barýanlygy üçin Ahmet mundan beýläk olara ýoldaş bolup biljek däldi.

Galyberse-de, türmede-de hat goýup äht edip gaýdansoň, onuň şu möhletde gaýdyp geljegine ynanylan bolarly. Ýoldayzda gabat gelen milisiýa işgärlerem, olaryň geýim-gejimlerini geňräk görüp, nirä barýanlaryny birki gezek soran-da bolsalar, haýsydyr biri türme gaçakçysyny sorap-idäp olardan bir zatlar anyklajak bolup durmandylar. Ahmet şundanam organlaryň öz yzynda gözleg işlerini ýaýbaňlandyrmandyklaryny çen edýärdi. Galyberse-de, onuň pikiriçe, gözlenäýende hem ol özüniň başga ýerden däl-de, ilki gaçyp, Owgana aşmakçy bolýandyr öýdülip, Tagtabazar, Guşgy töwereginden gözlenjegini çen edýärdi.

Ahmet: «Essiň barka, etegiňi ýap” edip, wagtynda, yzyna türmä dolanyp barmak üçin ýoldaşlary bilen şu ýerde hoşlaşdy.

– Ýusup jora, indi mundan aňry gelnejemi oba özüň alyp gitmeli bolarsyň! Men bolsa bu ýerde galmasam bolmaýar. Yzyma baraýyn diýip, lebiz etdim, sözümde tapylaýyn. Daşkentden berlen hatlara berk boluň, şol köp ýerde gelnejemiň arkasyny alar. Galanynam eýdip-beýdip, Bally alyp çykar. Hemem meniň ýanyňyzda bolanymy hiç kime aýtmaň! Bally bilýändir, birem özüňiz bilseňiz bor! – diýip sargaşdyrdy.

Amangül onuň galýanyny görüp, eden tagallasy üçin ondan müňde bir razy bolup, ýürekden minnetdar boldy:

– Ahmet, galýan bolsaň, onda sag-salamat bol, ýüwürjim! Biz üçin ähli eden aladalaryň, tagallalaryň üçinem köp Taňry ýalkasyn! Sen agaň ruhunyň öňünde öz inilik borjuny aňry ýany bilen ýerine ýetirdiň: Ýusup jan doganym bilen ikiňden başga men-ä häzirki mahalda ýürek edip, bu işiň ugruna çykyp biljek gaýratly kişi biziňkileň arasynda bardyram öýdemok... Iş bitirdiňiz. Bu eden ýagşylygyňyz agaň ruhuna-da, gaýynatamyň ruhuna-da aýan bolandyr. Ruhlary şat bolşup, gabyrlarynda tirseklerine galandyrlar...

Amangül öz minnetdarlyk sözleriniň soňuny biygtyýar gözüne inen gözýaşlaryna garyp soňlady. Ýöne indi onuň gözýaşlar çykgynsyz güne galyp näderini bilmän, gorky astynda ezilip oturan biçäre aýalyň gözýaşy däldi-de, gerçek hossarlarynyň barlygyna buýsanyp, arkalanyp göwni biten naçaryň gözýaşlarydy.

Ahmet ýoldaşlary bilen hoşlaşansoň, Aşgabada barýan şol otluda ýoluny dowam etdirip, ondan Çebşekliň duşunda bir ýerlerde düşüp galdy.

Gidenine on dokuz gün diýlende, Ahmet ýene türmä dolanyp baryp, özüni öňki bendiligine tabşyrdy.

* * *

Bary-ýogy on-on iki gün mundan ozal gyş aýaklap, howa maýlap, gar-buzlar eräp, dünýäni suw bilen şalpy-şarań eden tebigat, iki-üç günlükde wagtyň ýaza sanyp barýanlygyna-da seretmezden, birden süňňüini gatadyp sowap, gyşy yzyna getirerli bolup, ýene-de bir gezek dünýäň üstüne sürnüp, kükräp aldy.

Ýöne nätse-de bu gezek onuň elinden gelen zat bolmady, diňe süňňüni gataldyp, garalyp-bürelip sürnüp alany galdy.

Gaýta şundan soň howa has hem maýlap, telim bir wagtdan bäri asmandan gelip, bulutlaryň arasyndan käte bir myhman ýaly sähel ýüzüni görkezip gidýän Günüňem indi zemine bolan yhlas-höwesiniň artanlygy belli bolup, onuň ýüzi barha ýagtylmak bilendi.

Eýýäm baryp, geçen ýylyň güýzüniň ahyrlaryndan gyşyň sowugydyr gar-buzuna bürenip, telim bir aý saň-gaty bolup doňup ýatan toprak ýatyp-ýatyp kuwwatlanyp, öz “hähini” ýagşy alypdy. Onuň ýere atan dänäňi pörsüldedip, gökje gämik-ösüntgä öwrüp çykarýan döwri başlanypdy. Bu topragyň ylla şaýly gelin ýaly, dogurmagyň, ösdürip ýetişdirmegiň yşgyna düşen, yhlas-höwesi joş alýan döwrüdi.

Her ýyl şu döwür ekin ekip, tama bilen bagtyny synap görýän daýhanlaryň meýdan işleri täzeden başlanypdy.

Şol günleriň birinde başlyk Reşetnikow ekişi wagtynda geçirmegiň ugruna çykyp ýörkä adam güýçleriniň ýetik gerek boljagyny pikir edip, şäheriň däne ammarynda hem ýatyrlaýyn işleýän adamlarynyň barlygyny ýatlap, Orazgeldini Akmolla olaryň yzyndan ýollady.

Ekişiň ýaýbaňlanmagyna ähli ýerde howlugylýardy.

Başlykdan tabşyryk alan Orazgeldi ýola düşende, Gün eýýäm al asmanda bolup, wagt günortana sanyp barýardy. Orazgeldi ýolda "Kaşikow" stansiýasynda işleýän gazak aşnasy Ýolubaýy ýatlap: "Onuň Akmollalyk işi ýokmukan, gitse-hä gürrüňdeş bolardy" diýip, ony hem özüne ýoldaş edinmek niýeti bilen, arabasyny otly ýol boýuna sürdi. Orazgeldi bärden baranda hemişe ýabysyny tazy ýaly basyryp saklaýan demir ýolçy Ýolubaý atynyň basyrygyny düzedişdirip, ony ýola taýynlap, bir ýere gidermen bolup, eýerläp durdy. Ol Orazgeldini görüp, hemişekisi ýaly göwünjeň baş atyp, onuň bilen gadyrly salamlaşdy.

– Ýol bolsun, türkmen, sen görnüpsiň-le? – diýip, ondan şähdaçyklyk bilen habar sorady. Orazgeldi:

– Men-ä Akmolla barýan, gitseň senem özüm bilen alyp gidäýjekdim, ýoldaş borsuň! Hemem sen bir uly akymyň ugrunda oturan dünýä habaryny bilip bir adam, belki, eşiden-goýan hoş habaryň-beýlekiň bardyr seniň, aýtsaň diňlesek? – diýdi.

Barak adamlary ýurtda boljak-goýjak habarynyň birnäçesini indi öňünden köplenç diýen ýaly şu stansiýanyň üstünden eşidýärdiler. Öňräk bir gezek Orazgeldi Ýolubaýa duşanda ol ötegçi bir hökümet adamsyndan Moskwada sürgünleri boşatmak göz öňüne tutulyp, täze bir kanun taýynlanýanlygyny eşidenini aýdyp Orazgeldini begendiripdi. Şonuň üçinem Ýolubaý häzirem Orazgeldiniň şoňa meňzeş ýene bir gowy habara hantamadygyna düşündi. Ol:

– Eý, türkmen gardaş, gazagyň topragy aňsat entek-entekler sizi goýbermese gerek!.. – diýip, bu meselede häli-häzire şol öňki aýdan gepinden başga bilýän zadynyň ýoklugyny mälim edip, gümürtik gepledi.

Orazgeldem şundan soň: “Eger gowulyk boljagam bolsa, ol erbet habar ýaly çalasyn, tiz ýaýraýan-a bolmaly däldir, gowy habaryň aýagy hemişe agyrdyr, garaşsaň-a asylam geler ýerde gelmez, bolar ýerde bolmazam” diýip, özüne göwünlik berijilikli kaýyllyk bilen oýlandy. Soňam at besäp, şaýlanyp duran aşnasyna:

– Akmolla gidýän bolsaň-a, ýör meniň bilen gidiber! – diýip, oňa göwünjeň ýüzlendi.

– Özüm däl. Birki günlükde halymdan habar almaga obadan hatyn gelipdi. Şol gidýär. Men nä işden sypynyp bilýänmi?

Orazgeldi:

– Bolmasa ýol ugra bolsa, münsün onam barmaly ýerinde düşürip geçeýin? – diýen wagty Ýolubaý nämedir bir zady ýadyna salyp, göhi gelme bilen gözlerini ýesersi erejekledip, sözüne henek gatyp, syrly gürledi:

– Eý, alamançy türkmen. Heý saňa-da bir aýal ynanyp bolarmy? Ozalky bibimi alyp gidişiňiz ýaly, hatynymy hem alyp gidiberseň, onsoň men nädeýin? – diýip, öz gepinden hezil tapma bilen oňa degindi.

Orazgeldi häzir Ýolubaýyň kiçijik, gabaklary pökgeribräk duran gyýma gözlerini oýnakladyp, gep urşundan onuň haýsy depäni çaňydýanyna dessine düşündi.

Bu wakany öň bir gezekde bir aladasy çykyp, bile Akmolla gidende ýolda Ýolubaýyň özi oňa gürrüň beripdi.

...Oglan döwürleri olar Balhaşyň töwereginde oturýan ekenler. Şol günleriň birinde goňşulykda ýazlagda bolýan bir türkmen atlysy bir ýerden bir ýere barýarka ol ýolda pyýada barýan bir gazak gelnine duşupdyr.

Soňam onuň pyýada nebsi agyryp:

– Ýör, gelin, obaňyza golaýladaýyn! – diýip, mürehet edipdir. Gelnem birhili mürehede ýakyn eken, ol höwes bilen atlynyň atyna artlaşypdyr. Olar biraz ýöränsoňlar gelniň ýakymly zenan müşgi täsir edipmi nämemi, ol türkmen: “Bir gowuja zat eken...” diýip, ýaňky gelne göwni gidip, ony düşmeli ýerinde hem düşürmän, özi bilen aňyrlygyna alyp bidir gidipdir – diýip

gürrüň beripdir. Bu onuň häzir Orazgeldä şol gürrüňini ýatladyp: “Türkmene aňsat aýal-gyzyňy ynanaýmaly däldir” diýip, henek edip degip durşudy.

Haçanda Orazgeldi şol gezek gürrüňe gyzygyp, ol gelniň soňky ykbaly bilen gyzyklanyp: “Tapylypmy onsoň ol gelin?” diýende, Ýolubaý: “...Hä, tapyldy tapylmasyna, ýöne doganlary yzlap barsalar, ol gelin gaýdasy gelmän: “Meni ornumdan gozgamaň! Kysmatdyr-da...” diýip, başga-başga gepler tapyp, oýkanyp otyr diýýär ol namyt, kelinşek...” diýip, hezil edip gürrüň beripdi. Şonuň üçinem Ýolubaýyň bu gepi degişmede bolsa, Orazgeldä ol birhili könäni ýatlap: “Kör hasasyny bir aldyr” edýän ýaly bolup duýuldy. Şundan soň Orazgeldä bolany bolmadygy näbelli wakany ýatlap, myssa ýylgyraýmak galdy. Şondan bäri-de indi olar her duşan ýerlerinde bir-birleri bilen gadyrly salamlaşyp durýardylar.

Orazgeldi häzirem aşnasy bilen ýene biraz ondan-mundan gepleşip durup, onuň özüne ýoldaş bolmajagyna, aýalynyň bolsa başga tarapa gidýänine göz ýetirensoň, ol hem ir gününi giç etmezlik üçin, aşnasy bilen ýol üstünde hoşlaşyp ugramak bilen boldy. Atyna ugramalydygyny duýduryp, elindäki jylawy sähelçe silkeläp goýberdi. Ol demir ýol geçelgesinden aňyrlygyna geçensoň, atynyň başyny ýeňsä alyp, ony Akmolla ýoluna gönükdirdi. Töwerek çolady. Üstünde agyr ýüki bolmansoň, üstesine-de telim gün uzak ýola gitmän, bakysy ýeten at arabany agramy ýok ýaly edip, galgadyp, ýeňil çekip barýar. Günortadan gazak sährasynyň üstüni ýelpäp ösýän ýaz şemaly Güne çoýunyp, biraz ýylnanlygyna seretmezden, henizem serginden ýakymlydy.

Ýazyň keýpine goşulan ýeňil ganat garlawaçlar häzir töwerekde gaýçy guýruklary bilen howany islän ýerlerinden keýpihon kesişdirip, pelesaň urşup, uçuşyp ýördüler.

Her ýyl şeýdip garlawaçlar ýazyň buşlukçysy bolup gelip ugranlaryndan soň, köp wagt geçmänkä gazak sährasy sanlyja günde joşgun alyp, sansyz ot-çöplerdir gül-gunçalara basyrynyp ýatan ajaýyp bir gülzarlyga öwrülýärdi.

Şol günler, belki-de, ýer asmandan synlanyňda pasyrdap oturan owadan gelin bolup görünýän bolmagy-da gaty mümkin. Asyl bu günler gyz yşgyna düşen ýigide öwrülip, Günüň köwejekläp, zemin depesinden aýrylasy gelmeýär.

Orazgeldiniň her gezek şeýdip, gazak sährasynyň keşbine mähri giden mahaly, ony öz dogduk gül-gunçalaryň behişdi mekany – Pendi bilen deňärdi. Töwerekde görýän gül-gunçaly ýaşyl öwsüp oturan meýdanlaryny bolsa häzir ol ýene-de az wagtlygam bolsa Pendi degresidir öýderdi. Bir pursatlygam bolsa özüni ýat ýerde däl-de, Tagtabazaryň bir ýerinden arabasyny tykyrdadyp barýan ýaly duýdy.

Orazgeldiniň şol barmana-da giňişligini alansoň, bu ýoldan arabaly däne daşalýan döwürleri ýatlady.

Ine, bir görseň, bir giden araba hatar tutuşyp, ýoly dolduryp, öz maýdalyna tykyrdaşyp gidip barýandyr. Olaryň bolsa ne aňyrsy bardyr, ne-de bärsi, onuň öňüniň eýýäm Akmolla ýetip barýan bolmagy-da mümkin. Ýoluň iki tarapynda-da sürgün obalary ýetik bolansoň, arabalar bolsa ondan-da gelşip, mundan-da gelşip, bu ýeriň arabalylary köpelmese azalarly däldir. Hawa, şol günler Akmolla ýoly arabalara darlyk ederdi. Has-da şeýdip köplük bilen gije şöwrüni çekip ýöremegiň höziri başgaça bolardy.

Görseň, araba bary garaňkynyň içi bilen birgiden salgym bolşup, müňňüldeşip, takyrdaşyp gidip barýandyrlar. Arabalary sürüp barýanlaryň hem hemmesi bu ýere dürli ýerlerden sürgüne berlip getirilen adamlardyr. Niredendigini bilmänem galarsyň, birdenem hataryň bir ýerinden haýsydyr bir dilde, hamala, beýlekilere albaý bulaýan ýaly bolup, zowwam aýdym sesi ýokary göteriler. Bu bolsa şeýdibem az salymdan beýlekileriňem gapdalyndan göç geçirilmesi bolar. Ana, onsoň onuň göwün bentleriniň böwedini tirsikdirenligi belli bolup, oňa töwerekde ses bary goşulyp ugrar. Özi-de geň galaýmaly, aýdym haýsy dilde aýdylyp ugranlygynyň parhy ýok: goý, ol orus, nemis, türkmen, gazak, jöhit, tatar ýaly onlarça dilleriň haýsy birinde aýdylýanyna seretmezden, aýdymyň halys ýürekden syzylyp

çykýanlygy üçinmi ýa-da adamlaryň dil bilmese-de, ýürek bilen düşünişip bilýändikleri üçinmi, edil ýaz bulaklarynyň ýolsuz ýerden ýol tapyp, akar-çeşmelere öwrülşip derýa goşulyşy ýaly, mesip, barha göçgün alma bilendir. Şeýdibem, her gezek ýolda ýakymlydan ömür eşidilmedik ajaýyp bir aýdym döreýärdi. Bu aýdymlaryň joşguny näçe ýetik-de bolsa, olar ýaraly ýüreklerden göterilýändikleri üçinmi nämemi, gam-gussa ýüküniň ýetikligi mese-mälim duýulýardy.

Orazgeldi hem şeýle gijelerde ozal hiç wagt bir agzyny ýokary tutup, aýdyma gygyryp ýören bolmasa-da, haýsydyr bir göçgünliräk türkmen aýdymyna gygyryp ugranyny duýmanam galýardy. Oňa-da şeýle gijeleriň şöwrüni çekip, il hatarynda aýdyma goşulyp, telwasly ýatlamalara berlip, hasyl bolup barýan ýaly duýulýan arzuw-islege berlip, ýük çekmek diýseň ýakymlydy. Aýdymlar şeýle gijelerde diýseň goşulyşyp, telwasly ýürek sesleri bolup, gazak topragyna ýaň berýärdi.

Dünýä häzir diýseň asuda bolmak bilen, töwerek suw sepilen ýaly dym-dyrslyk. Hemişe bu ýerlerde beýle çolalyk bir-ä gar gaýly gyş aýlarynda bolardy, birem hut häzirki ýaly ýaz ekişiniň başlanmagynyň öňüsyrasynda.

Adam şeýdip her gezek ýol bilen ikiçäk galanda oňa ertirki günüň aladasy bilen ýogy-bary ýatlap, dünýäni unudyp, ümürläp, oý-hyýala berilmek mahsus bolar eken.

Orazgeldi hem öz ýanyndan biraz ýoluna gyssansa-da, arabasyny maýdalyna sürüp, onuň badyna sähelçe çaýkanjyrap, at aýaklarynyň sazlaşykly birsydyrgyn sesine meýmiräp, ýakymly oý-pikirlere berlip, howada ýüzýän ýaly bolup barýardy.

Her gezek arabany çekip barýan at bir sebäp bilen badyny gowşadan mahalynda ol elindäki jylawy sähelçe silkip alýardy-da, ony ýene öňki ýörişine salýardy.

Tukat boşluga öwrülip oturan bu meýdan Orazgeldi mundan biraz öň geçende hem üstüni ykyrdap duran gar bile basyrylyp ýatan ak meýdandy.

Otlynyň şeýdip her gezek gapdaldan geçmegi Orazgeldä

özleriniňem birnäçe ýyl mundan ozal şeýle otluda bu ýere gilişlerini ýatladyp, onda şeýle otlularyň birinde ýene-de bir gün Watana gaýdyp barmak islegini döredýärdi.

Her gezek ol şundan soň şeýdip oý-küýe berlip gitse, onsoň öň alys ýaly bolup görünýän Akmolla özüniň nähili ýetenini hem duýman galýardy.

Orazgeldi gapdalyndan uly tizlik bilen ýer godukladyp geçip barýan otlyny gözi bilen ugradyp durşuna "Bäh bu zaluwat hemişe howlukmaç-ow" diýip, otlynyň tizligi barada biraz geňirgenibräk oýlananam şoldy welim, ol hol sesýetimlik öňde kimdir biriniň demir ýoluň üstüne çykanyny gördi.

Orazgeldi ony görenden mahal-mahal otly ýol boýuny syryp, elindäki çekişjigi bilen relsleri "tyrk-tyrk" kakyp, gözden geçirip gezýän demir ýol işgäridir öýdensoň, oňa şol wagt oňly üns hem bermedi.

Ýöne demir ýol üstünde gören adama ýene biraz golaýlaşansoň welin, ol öz pikir edişi ýaly, onuň demirýolçy däldigini gördi.

Orazgeldi öňünde demirýolça derek başy bir gulagy itiň dili ýaly sallanyp duran gulakjynly, egni mese-mälim özüne uly bolýan, salparyp duran gara türme güpbüli, hiç zada üns bermän, demir ýol üstünde ters aýlanyp, töwerekden bir zatlar gözläp ýören eleşan geýimli, telbesypat del adam peýda boldy. Ol birde ýöräp, ýene birde durup, ýerden nämedir bir otludan zyňlan galyndy zady tapyp alyp durup, oňa timisgenýärdi. Nätanşyň geýim-gejiminiň gara bolşy ýaly, onuň ýüzem ýaňyrak kömür şahtasyndan çykan ýaly gap-garady. Diňe käte başyny göteren mahaly onuň gözleriniň şuglasy ýylp edip, sähelçe görnüp gidýärdi.

Orazgeldi ykmandanyň bu halyny görüp, ony töwerekdäki Karlag türmeleriniň birinden gaçyp sypan ýa-da bir sebäp bilen ondan boşadylyp, alan galaň özüňki diýlip goýberilen bendileriň biri bolmagynyň mümkinligini pikir etdi.

Töweregiň agyn Karlag türmeleridir sürgün obalary bolup durmagy bilen beýle ykmandalar häzirki döwürde bu töwerekde

öňem iki-ýeke duşulmaýan zat däldi. Orazgeldi gapdaldan geçip barýarka oňa üns bermäýin diýse-de, hamaly, süňňi bir zat duýan ýaly birden şol tarapa gaňrylyp gözläp goýberenini hem duýmanam galdy. Ykmanda arabakeşiň özi bilen gyzyklanýanyny görüp, düňreýlip muny halamady. Onuň tizräk öz duşundan ötmegini isledi.

Orazgeldä şundan soň ýaňy ol özüni dikanlan wagty göz okarasynyň içinde togalanyp alan ýaly bolup görnen, uludan ala gözler onuň göwnüne birhili tanyş ýaly bolup göründi. Ýöne ol şol wagt ol gözleri nirede, haçan görenini bada ýadyna düşürip bilmedi. “Öz-ä diýseň, diýmeseňem tanyş gözler eken” diýip, böwrüni diňirgendi.

Ykmanda parhsyz beýlesine öwrülip, ýene-de öňki gözlegini dowam etdirdi.

Bir zyňlan konserwa gabyny gören mahaly, ol galan-gaçan bir zat bardyr diýen tama bilen ykmanda ony göwünjeň ýerden göterdi. Gapyrjagyň eýlesine-beýlesine seredenini az görüp, bir barmagyny sokup, onuň içini gazalap aldy. Emma barybir oňly çopusyna iýlen zat bolmady. Ol konserwa gabyň içindäki galan-gaçanlary aýasyna kakyp, ony nas atan ýaly agzyna atansoň, ony eliniň ugruna gapdala atyp goýberdi. Yzyndanam ol gaharly:

– Haý, içigar galan... – diýip, ol birden garaşylmadyk halda türkmençe-de sögünip goýberdi.

Ykmandanyň şeýdip, birden türkmen dilinde gepläp goýbermegi Orazgeldini diýseň geň galdyrdy. Onuň: «Ýeri, bu ýerlerde türkmen näme işläp ýörkän? Ol kimkän!? Nädip bu günlere, bu ýerlere düşüp ýörkän?” diýip, bilesigeljilikli oýlanmagyna sebäp boldy. Şundan soň ol jylaw çekip, arabany nähili saklanyny hem duýman galdy.

Orazgeldi arabadan düşüp, ykmandanyň alkymyna baryp, öňünde tanyş adamyň keşmerini görende hasam geň galdy. Ine, saňa ömür ýadyňa-köýüňe düşmejek bir ahwalat. Näme üýtgese-de aşak etegi gan çalpawly ala gözler welin üýtgemändir, onuň şol durky. Şeýle-de bolsa ol öz çenine henizem juda bir ynanmanrak

ykmanda ýüzlendi.

– Ih-h... Ýagdy, bu senmi asyl!?

Emma eleşan bir bada kimdir biriniň gapdaladan çykyp, özüni nähili tanap biljegine düşünmedi. Eýsem, bu ýerlerde dagy kimkän ol özüni tanap bilen. Ol dagynyk aňyny jemläp durşuna garaşylmadyk ahwalata üstüni aldyranyny mälim edip, Orazgeldini has içgin synlap üýşendi.

Dogrusy, Ýagdy haçan nämäniň pikirini eden-de bolsa, herran-haçan Orazgeldi bilen beýdip bir gün gözde-ýüz bolaryn welin öýtmändi. Ol obada basdyryp, sürgüne ugratdyran adamlaryny hemişelik gümgidene ýollanyna ynanýardy. Ýöne gör-ä bu ykbal oýnuny...

Eýsem, Orazgeldi dur-a onuň öňünde!..

Birazdan ykmandanyň hem aňyny jemläp, käbir zatlary öz güman-dumanynyň içinden anyklap çykaryp ugranlygy belli boldy. Ol Orazgeldini tanap:

– O...O Orazgeldi akga, akga jan!.. – diýip, uly ili bilen möňňürip aglap, ony gujaklady. Gyzgyn ajy gözýaşlaryň bir gysymy onuň gözlerinden biygtyýar paýra döküldi.

Orazgeldiniň özem onuň bolşuna hapa bolup bozuldy. Şol bir wagtda hem birki ýyllykda obadan gelen hatlaryň birinde “... Ýagdy şura hem tersçil eken, onam hökümet ýygnady” diýip ýazylanlygy onuň ýadyna düşdi.

Indi görlüp-bilnip oturylsa, gör, ol nirelerden gelip çykan eken.

Orazgeldi bu garaşylmadyk ýagdaýdan soň biraz özüni ele alyp, duşanlaryna begenenligini mälim edip, Ýagda göwünlik berip durdy:

– Goý, inim, aglama! Aýak üstünde bar ekeniň, şoňa şükür et. Galan zatlaryň hemmesiniň bir alajy bolar!... – diýip, onuň halyna haýpy gelijilikli gürledi.

Bir pursat olaryň dogrusy bir-birleriniň gujagyndan aýrylaslary gelmedi, goşa biten ýaly bolşup, ýene-de ozalky gadyrly aga-inä öwrülişip durdular.

Orazgeldi soň Ýagdyny arabasynyň ýanyna getirip, suwly meşiginden onuň el-ýüzüni ýuwdurdy, suw içirdi.

Ýagdynyň içi lowlap ataş ot bolup ýanyp duran bolmaga çenli. Ol şol ody söndürjek bolýan ýaly suwly meşigi nebsewürlik bilen öwran-öwran başyna çekdi. Şu pursatda Orazgeldiniň Ýagdy baradaky il içinde edilip, gulagynda galan gepleriň ýene birisi ýadyna düşdi.

Ol şura bolup ýörkä, görmegeýden ýakymly Hanuma oýnaş bolup, hezil edip gezen günleri il içinde uly gürrüň bolupdy. "...Ol bir ýedi derýaň suwuny içen, telim äri oýkandyryp, üstüne çykaran heleýmiş. Özi-de baryp ýatan OGPU-nyň ägentimiş, OGPU ony biziň oba serhetýaka, çet bolansoň, bu ýerde bolýan ähli zatlardan habarly bolup durmak üçin, Ýagdyny çoçgara çolaşdyrmak üçin, ýörite getiren ynamly adamsymyş... Ahyram irde-giçde Ýagdynyň başyna şol ýeter..." diýişýärdiler.

Orazgeldi Ýagdyny häzir bu halyny görüp, ony hut ahyr şol aýalyň alyp ýatanlygyna ynandy.

– Hawa-da, boljak iş bolaryna tutsa, ol bir bahana tapmaly-da... – diýibem bu zatlaryň Alla eradasy bilen bolýanyny kaýyllyk bilen pikir etdi.

Orazgeldi soň Ýagdyny ýoldan sowup, arabasynyň üstüne atan otunyň üstünde ornaşykly oturdansoň, onuň gyzylym açdygyny pikir edip, naharlamagyň ugruna çykdy.

Öz ýanyna ýola alan azykly düwünçegini çözüp, ol ýerdäki Oguljumanyň bereketli elleri bilen iýlen wagty, özüne-de, töweregine-de ýetsin diýip, esli edip salan gaýnadylan kartoşkasyndan, nanyndan bölüp alyp, onuň öňünde ep-esli edip goýdy. Ýagdy öňüne goýlan zatlara işdämen topuldy.

Orazgeldi Ýagdynyň ilki beren azygyny açgözlülik bilen lak-luk atanyny görüp: "Telim günden bäri doýa garna iýlen zady ýokdur bu neressäniň..." diýip, nebsi agyrmak bilen azykly düwünçegi gaýtadan çözüp, oňa ýene-de ol ýerde özüne niýetläp goýan azygynyň bir bölegini berdi.

Ýagdy şol iýip-symyşlap oturyşyna, indi häli-şindi uludan demini alyp, ahmyrly hyrçyny dişläp, dişlerini gyjap, gyjap alýardy. Ýöne dilinden tutulaýjak ýaly ol indi geplemeýärdi. Gönüläp Orazgeldiniň ýüzüne hem gözläp bilmeýärdi. Gözlesede başyny oňly götermän, göz astyragyndan gözleýärdi.

Eli gelen döwri ertiriň barlygyny pikir etmän, ile edip bilen hyýanadyny edenini ýatlap, ökünip, müýn çekýän bolarly-da maňlaýgara.

Ýat ýerde obadaşyna duşanyna begenen Orazgeldi Ýagdynyň ugruna seredip, oňa obada soňky ýyllarda gören, il çapyp gezen hökmürowan şurasy hökmünde däl-de, ondan öňki onuň "Orazgeldi agka" diýip, özüni ýakyn saýyp, ini bolup gezen Ýagdydygyna ynanyp begenipdi.

Telim bir wagtlap türmede, ýenekide gören horluk, jebirjepalaram onuň aňyna-da belli bir derejede zeper ýetirene meňzeýär. Ol iýip-içip oturyşyna özüniň niredeligini unudyp, nämedir bir zatlardan üýşenip, iýip oturan zatlaryna dawa salýan bar ýaly kellesiniň yňyna birhili öz-özünden hamyr-samyr gepläp, kimdir birini kowýan ýaly, ýüregedüşgünç siňekden goranýan deýin elleriniň birini sähel göterip, bir tarapa salgabam goýberýär.

Ýöne arsyz wagt geçen-de bolsa, ýiten itiň haýsydyr bir inçe duýgy bilen duşanda, eýesini tanaýşy ýaly, o-da Orazgeldini welin tanapdy.

Ýagdy iýip-içip biraz taplanansoň, Orazgeldi ony özüniň bu ýerde, bu halda galdyryp gidip bilmejegini bildi. Şonuň üçinem ony häli-häzire özi bilen Akmolla alyp gidermen boldy. Orazgeldi ýolda oňa Akmolladan almaly adamlarynyň barlygyny, soňra şolar bilen onam oba alyp barmakçydygyny, soňam ony öz kolhozlaryna aldyrmak üçin başlykdan haýyş etjegini, başlygyň gepe-ýagdaýa düşünýän adamdygyny aýdyp, gürrüň berip gitdi. Içinden bolsa: "Belki, munuň bir ýerden goýberilen rugsat hatyýenekisi bardyr, şony dagy görkezse, şonda Reşetnikowa oňa obadan gonalga bermäge nepi deger" diýip, Ýagdynyň soňraky hal-ýagdaýy barada oýlandy.

Adamyň bolşuna haýran galaýmaly. Orazgeldi özüne ýamanlyk baryny eden adama duşanda dagy ondan ar almak üçin herekete edäýmeli ýaly hem bolsa, ol ýat ýerde duşandanmy nämemi, gaýta oňa duşanyna begendi. Şura bilen alagöz bolan günleriniň üstünden ätläp, ýene-de onuň öňki aga-ini bolup, neberesi bilen ysnyşykly döwürlerini ýatlap, özüniň onuň Orazgeldi agasydygyna-da ynandy. Onuň Ýagda ýene-de nähilidir bir mümkin bolan delalady edesi geldi. Şol bir wagtda hem ol Ýagdyny görüp, oba dolanyp baran ýaly, üýtgeşik bir ýakymly duýgyny başdan geçirdi.

Soňky ykbal hökmürowan şurany, gör, ne günlere salypdyr. Ýaşamak üçin bolsa bir zatlar bokurdakdan geçirmek hökman. Ýagdyny emenip, ygyp ýörmäge mujbur edenem hut şol hökmanylyk bolmaly. Horlanyp sulba bolup galan hem bolsa, entek onuň demi gelip-gidip dur. Ýagdynyň aňyna-da zelel eden zat hut şu ýetde-gütdelik, horluk bolmaly. Näme-de bolsa, ol arsyz wagtdan itiň öz eýesini tanaýşy ýaly, Orazgeldini tanady. Biraz bakylyp-bejerilip ugruna seredilse, onuň ýene-de hatara dolanyp biläýmegi juda mümkin. Orazgeldi hem häzir hut şu tamada.

Ol Ýagdyny araba yzyndaky otuň üstünde ýerleşdirensoň, oňa ýolda özleri barada – häzir özleriniň sürgün obalarynda Türkmenistandan gelenleriň uly toparynyň barlygyny, olaryňam telim maşgalasynyň öz tagtabazarlylarydygyny, obadaşlardan bolsa ol ýerde Gully Eminiň neberelerinden ençeme adamyň barlygyny, Emin aganyň bolsa üç-dört ýyllykda dünýäden gaýdanlygyny, arabasyny sürüp barşyna oňa bu zatlary gürrüň bere-bere gitdi.

Ýagdy arabaň yzyna ep-esli edilip ýüklenen otuň üstünde sakgalynyň daşyndan eňegini gysymlap, düwdek bolup oturyşyna indi Orazgeldini diňläýärdi. Onuň ýeňsesinden käte düşnüksiz ala gözlerini aýlap alýardy. Hossaryna duşup, arka tapynyp, indem halys özüni goýberip ysgyndan düşen bolmaly-da bende. Ol birsalymdan oturan ýerinde gapdala gyşaryp, şol ýerde uklap galdy. Orazgeldi hem onuň gyşarmagyny öz ýanyndan makullap,

häzir dartylan damarlary birazam bolsa gowşatmak üçin, ukynyň hiç neneňsi bolmakjagyny pikir edip, Ýagdynyň birsalymam bolsa uklamagyny isledi.

Näçe kyn görse-de, Ýagdy indi onda-da şeýdip, muňalyp, öz ozalky kast eden adamlarynyň öňüne barmaly. Onda-da hut häzirki eleşan gözgyny halynda. Ýeri aslynda, ne ýüzüňe barjak!? Heý, ol adamlaryňam bir gözüne gözläp bolarmy?..

Ýagdynyň häzir ýatan ýerinde bolan-goýany ýatlap, şeýle gaflat oý-pikirlere gark bolup ýatan bolmaga çemli.

Orazgeldi arabasyny şol öz maýdalyna tykyrdadyp, sürüp gelşine Akmolla garaňkyny ýagşy düşürip ýetdi. Haçanda ol özleriniň gelmeli ýerlerine gelendiklerinden Ýagdyny habarly etmek üçin ýeňsesine gaňrylyp sereden mahaly onuň ýatan ýerinde ýokdugyny gördi. Ýagdynyň ýolda bir ýerlerde ýuwaşlyk bilen arabadan syrylyp düşüp galanlygy belli boldy...

*Dördünji kitabyň soňy*



# DOGAN
*(nowella)*

Men ol günler deň-duşlarym bilen öz oýnamaly oýunlarymy oýnap ýetişip bilmez bir gara gündedim. Deň-duşlar bilen bäsleşilip, basdaşlyk edilip oýnalýanyndan bolsa gerek, oýunlar bolsa şonda bir-birinden hezildiler. Aşyk utmalydym. Düýn Töre meniň telim gün daşa süýkäp-ýylmap gyýpy eden gowy görýän gyzyl aşygymy utup alypdy.

Enem öýüň içinde oturan ýerinden her gün telim gezek maňa käýinip gygyrýar:

— Nirä atlandyň-uw!

Enemiň gulagy jam ýalydyr. Meniň eşegimi dikgirdedip barýanymy eýýäm eşidendir görseň.

— Eşegimi suwa ýakyp geljek.

— Heý, güýzde-däm bir eşek gün içinde iki-üç gezek suw içermi?

Dogrusy, meniň üçin eşegiň suw içip-içmezliginiň şeýlebir geregi-de ýokdy. Ýap-ýaňyja biz oglanlar bolup gumak ýolda eşek çapyşygy gepleşipdik. Eşegi suwa ýakmak, maňa ony öýden alyp çykmaga bir bahanady. Ýogsam sygyrlaryň ýatagyny arassalap, goýunlara ot-suw berýänem, enesiniň «kömek ogly» od-a men-laý... Şonda-da häli-şindi eşegimi äkidip, ony Göroglynyň Gyraty hasap edip, garadere öwrüp, çapyp ýörenimi enem halanok.

Onsoňam men öýde ýeke oglan hem däl, öýde ýene-de mendenem başga bir Babageldi diýibem alty ýaşyny dolduryp gelýän «ini» diýenem bir azar bar. Onuň-da bar işi mendirin. Bir ýere ugranyňy görse bolany, «Menem!» diýer-de, düşer yzyňa. Aýtmaýyn diýsem, hut baran ýeriňe baryp, giren ýeriňe girip, yzyňa düşüp ýören itiň bar-da. «Sen gal!» diýseňem, çyrlap tutar bir nadaralygyna. Onuň sesini eşidişip, onsoň enemdir ejemiň ikisi iki ýerden: «Hä, näme boldy, balam?!» diýşip, hamala, ony kimdir biri byçgylap, kesip duran ýaly, ylgaşlaşyp çykarlar hersi bir ýerden. Inimem ýarym-ýaş bolup aglap, arzyny aýdar-da durar:

— Meni özi bilen äkidenok — Ana, onsoň enem ugumy ýekeläp, maňa ýalbaryp ugrar:

— Oglum, sen akylly ahyryn. Jigiňdir. Onam oýnadaý özüň bilen. Uly bolsaň, jigiňem oýnatmalydyr...

— Ol oýnap bilenog-a...

— Öwretseň o-da oýnar, oglum...

Şu arada enemi köp ýalbartmaly däldigi ýadyma düşýär. Ýogsam, onuň gaharlanyp: «Hany, onda bile oýnamajak bolsaňyz, ikiňizem öýden butnamaň!» diýäýmegem mümkin. Düşünýän, enemiň diýenini etmekden başga alaç ýok.

Egninden siltäbräk çekip, öýkeli: «Ýör onda» diýýärin. Babageldiniň ýüzi gül bolup açylýar. Diýenini gögerden kişi-dä!

...Ýadymda, bizi bu gezek «ar ýoluna» ataran bir gezek enemiň ýanyna görme-görşe goňşy obadan gelen aýal – enemiň gowy görüşýän jorasy bolupdy. Men jigim bilen enemiň gapdalynda üç sany aşykda «üç-üçem» oýnap otyrdym. Enem ol aýalyň gelenine begendi: «Wa, gyz, sen nireden çykdyň?» diýip, ony gadyrly garşylady. Öz-ä, dogrudanam, hiç neneň aýal hem däl ýaly, ol gele-gelmäne bize-de guwançly seredip, eneme biz baradaky ýaraýjak sözleriň birnäçesini aýdyşdyrdy:

— Tüweleme, agtyjyklaryn-a ýaş ýigit çykypdyr. Ikisem agyn kakalarynyň çagalygy-da, keşmer berşip durlar...

Ol aýal jigimi dagy has gowy gördi öýdýän, saçyny sypanynam az görüp, soň ony gujagyna göterip hem ogşady.

Enem iki aýal — iki jora bolşup, könäni dörüşip, çaý içişip, nahar iýşip otyrkalar, enem myhman aýalyň, alty-ýedi aýlykda durmuşa çykan aýal doganymyzyň obada goňşuraklarydygyny ýatlap, olaryň hem öýleriniň sag-gurgunlygyny sorady. Doganymyz ýatlananda, onuň mähriban keşbi biziň göz öňümize geldi. Sebäbi ony menem, jigimem gowy görýärdi. Şu günlerem häli-şindem ony göresimiz gelýärdi. Doganymyz öňler öýde biz bilen bile ýaşaýarka, ol joralarynyň ýanyna oturmaga, keşde çekmäge gidende ýoldaş edinip, ýany bilen meni, soňky döwür bolsa hemişe Babageldini äkiderdi. Indi bolsa ol gaýyn öýlerinden öz öýümize gezmäge gelende, bize derek

«baldyzym» diýip, bir hüžžük saçly, ýortmança gyzy yzyna düşürip gelerdi. Umuman, uly gyzlaryň «durmuşa çykdy» diýlip, gidibermegi meniň göwnüme jaý däl. Belki, şonuň üçindir, soňra «giýew» diýilýän garyndaşam men känbir halap baramok. Onsoňam men ol giýewi näme üçin halamalymyşym?! Törüňdäki guwandyryp, begendirip, öýe gelşik berip oturan doganjygyňy alyp gider-de...

Enemiň: «A, gyz, biziň gyzam görýänsiň-dä?» diýip, beren soragyna myhman aýalyň biraz ýüzüniň üýtgemegine ilki men birbada düşünmedim. Yzysüre ol eneme bir ýakymsyz habary aýtjagyny mälim edip, boldumly ýüzüni el ugruna, hamala, ol ýerdäki pikirini bozýan ýaly edip sypalaşdyrdy:

— A gyz, aňyrdan: «Aýtmaýyn, ýüregiňi bulamaýyn» diýip gelýärdim welin, ýöne, soraňsoň, indi aýdaýaýyn. Özüm-ä gözüm bilen göremok welin, ýöne ýakyn goňşulary görenmiş. Gyzyň giýew bilen känbir mäşi bişişmeýän borly. Giýewiň hol gün onuň ýaňagyna çalaýypdyram öýdýän...

Enemiň ýüzi könelip, üýtgese-de, ol birbada «Hüm-mden...» başga söz diýmedi. Soňra onuň ýüzi: «Bazara gitsem, ony alsam, muny alsam, pulumam munça...» diýip, içinden hasap ýöredýäniň ýüzüne meňzedi. Ol diňe birhaýukdan özüne gelip, öz gepini myhman aýal obasyna dolanyp baransoň, şol ýerde ýatlasyn diýýäne meňzäp gepledi. «Ejizlerine şarpyk çalnanyny eşitseler, doganlar-a halamaz...» diýdi. Soňra pikirinde kakama baýrynyp, Babageldi ikimiziň ýüzümize: «Entek bularam bardyr» diýýän äheňde buýsanç bilen seredip goýberdi.

Enemiň aýdýan sözleriniň hemişe dogry bolşy ýaly, bu gezegem dogrudy. Bu habar maňa-da ýaramady, gowy görýän adamsynyň bir ýerlerde ynjaýanyny eşitse, adam asla öz haly bilen bolmaz eken. Şol günüň ertesem bu gürrüň telim gezek ýadyma düşüp, göwnüme degdi. Enemiň: «Türkmen ejizine zulum edilse-hä, halaýan däldir özün-ä...» diýen nägile sözleri telim gezek gulagymda ýaňlandy.

Men ahyrsoňy oýlanyp-ölçerip, özümiň ejizimiň arkadagy hossarydygymy ýatlap, çemini tapyp ar almaly diýen karara geldim. Şol günüň ertesi men Gün görnene mähetdel eşejigimi gaňňalap, bir

amaty bolanda enemiň gözüne sap atyp, öýdäkilere syr bermezden, goňşy obadaky giýewiň üstüne ýöriş etmäge taýynlandym. Gün çykyp duranam bolsa, howanyň çigregi bardy. Penjegimiň üstünden geýen güpbimiň jübüleri daşdan doly, tümmerilip durlar. Hany bir goňşy oba ýeteýin, onsoň bu daşlaryň öňünde giýew dursun! Bu daşlary men düýn ar almaga gitmegi ýüregime düwemden soň, gaýramyzdaky daşly ýola gidip, şol ýerden saýlap alypdym. Hiç kime görünmäýin diýip, ýeriň pessi bilen uly ýola çykanymam şoldy welin, ine, jigim Babageldem bir ýerden «Gyg-gyg» diýip, «dörtýüzlük» welosipediň bir tekerini öňüne salyp, sürüp-kowalap geldi. Ine, saňa gerek bolsa! Men-ä şu göräýmesin diýip, köwejekläp, öwrüm edip, şundan gaçyp barýan, bu-da öňümden çykýar! Soňam hut şol öňki pikir edişim ýaly hem boldy-da.

Tigrini gapdala taşlap: «Menem!» diýdi. «Ýok!» diýseň-ä boljak däl, çabalanyp, turuzjak bir gohy. Onsoň hiç ýere gitmejegiň bes-belli. Nädeýin, elimi uzadyp, elinden tutup, aýagymyň daraklygyna basgançak edip basdyryp, onam ýüzugra eşegiň syrtyna gondurdym. Ýogsam enem dagy duýsa, asla goýberýämi nä bu ýola meni?

Barmaly ýerine ugrugan eşek daşly ýoluň gyrasyndaky gumak ýol bilen dikgirdäp barýar. Babageldi, diýşim ýaly, eşekden ýykylmazlyk üçin geýen güpbimiň daşyndan gujaklap, eşegiň syrtynda arkama ýaplanybraga-da otyr. Ýolda men oňa bu gezek doganlarymyzyňka öňküler ýaly enemiň ugradan bir zatlaryny dadyrmaga ýa-da haýsydyr bir ýetirilmeli habary ýetirmäge däl-de, ar almaga barýanymyzy, jübimdäki daşlary görkezip düşündirdim, baranymyzda giýewleriň öýlerine atyp salaýar ýaly, oňa hem öz daşlarymyň iki sanysyny berdim. Babageldi nirä barýanymyzy bilensoň, dessine ol ýerdäki öz «duşmanyny» ýatlady: «Şolaryň çal horazlaram bardyr, men şonam urjak». Çal horaz şol Babageldi enem bilen doganlarymyzyňka gezmäge baranymyzda, onuň üstüne zyňan horaz bolmaly. Gorkuzany üçin, inim ondan öňem ahmyrlydy.

Men şondan soň inimiň hem ar almak höwesiniň özümiňkiden pes däldigine düşündim. Ýürekdeş ýoldaş bolanda adam özüni

öňküdenem güýçli duýýar eken.

Gün bolsa depede bulutlaryň arasyna girip-çykyp ýör. Biraz ýörelensoň, ýalazy meýdanyň birneme çigreginiň barlygy duýuldy. Ýöne bizi «ar almak» maksadymyz biraz ýylydýardy. Barmaly obamyz, biraz üşänimiz üçin, öňküsinden biraz daş ýaly bolup göründi. Biz ahyr günortanyň öň ýanlary az ýöräp, köp ýöräp, öz gelmeli ýerimize gelip ýetdik. Giýewleriň gapysynda eşegimizi keserdip durus. Giýew çykaýsa, daş ýagdyrjak, ýöne wagty bilen öýden çykan adam bolmady. Görsek, gapylarynda ullakan bir gulpam asylgy dur. Gör-ä nesibäni? Olaryň gapyny gulplap, bir ýere gideni belli boldy. Şol barmana biziň sesimizi eşidip, bir saryýagyzdan gelen inedördül adam goňşy öýden ýaýkanyp çykdy.

Gözüni süzgenekledip: «Bular kim boldugykan?» diýip dikanlady. Jigim ony giýewdir öýdüp, elindäki daşy atyp salmak üçin oturan ýerinden gozganjyrady. Öň gepleşişimiz ýaly, doganymyzyň göwnüne degen giýew göründigi, biz oňa ýerli-ýerden daş ýagdyrmalydyk. Ýöne jigimiň eli biraz galsa-da, onuň daşly, juda üşän ýumrugy açylmady. Onýança sary adam golaý gelip, bize ýüzlendi: «Eý, ýigitler, siz Nazar aganyň ogullarymy?» diýdi.

Ol biziň kimligimizi ýaňy doganymyzyň adyny tutup gygyranymyzdan çen eden bolmaly.

— Hawa.

— Nazar aganyň ogullary bolsaňyz, gaty gowy, hany atdan düşüň, özüňizem üşäpsiňiz, öýe girip ýylnyň, myhman bolup gidiň! Bibi ejeňiz dagam ýokdur, olar şu gün irden «togalaklar topbagy bilen» diýleni bolşup, şäherdäki gyzlary gelin edinýär, şoňa gitdiler. Toýy sowmanam gelmeseler gerek.

Men kän üns bermändirinem welin, Babageldä gaty üşän eken, görsem, onuň dodaklary sandyr-sandyr edýär. Ýaňy gelýärkä ýeňsämde bir şakyrdy bardy welin, men inim ellerindäki daşlaryny şakyrdadyp, özüni oba ýetenimizden soňky boljak söweşe taýynlaýandyr, diş gyjaýandyr öýdüpdim, onuň bolsa üşäp, dişleri şakyrdaýan eken.

Biziň Nazar traktorçynyň ogludygymyzy eşidip, hoş bolup

myhman alan adamyň ady Aky, lakamy «sary» eken. Biz oňa Aky sary diýilýänine «ar alyşdan» dolanyp gelenimizden soň eşitdik. Görüp otursam, ol kakam öz traktory bilen şu obada ýer sürende, Aky sary hem onuň ýanynda kömekçi bolup, traktor sürmäni öwrenen eken.

Aky sary jigimi eşegiň üstünden göterip alyp içersine girdi, eltibem ony ýylyjak pejiň gapdalynda oturtdy. Men ondan ýeňseräkde oturdym. Onsoň saçak ýazyldy, onuň bizi naharlajagy belli boldy. Biziň öňümize tabakda bişirilen heýgenek geldi. Aky sary ýanymyzda: «Alyň, iýiň!» diýip, bize iýdirip, özem kätebir tabaga elini uzadyp, iýenden bolup otyr. Jigimiňem iýşiniň ugry ýok, ol bir elini henizem jübüsinden çykarman otyr. Men onuň bu bolşuny gelşiksiz görüp, elini jübüsinden çykartdym. Ine, şu ýerde-de biziň syrymyz öz-özünden açyldy.

Babageldi biraz ýylan elini açan mahaly, ol ýerde meniň beren daşlarymyň biri bar eken. Men onuň häliden bäri üşän elini açyp bilmän oturanyny diňe häzir bildim.

Aky sary jigimiň aýasyndan çykan daşa seredip: «Bu näme?» diýip, atyp salaýmaga amatly daş bilen gyzyklanansoň, men oňa ar almaga gelenimizi aýtmaly boldum.

Meni diňlän Aky sary ilkibir agzyny ýokary tutup, hezil edip güldi. Ol gülen wagty gözi ýaşaryp, sary ýüzi gyzyl ýüze öwrülýän eken. Soň ol gülküsini gülüp gutarman, iç girip-daş çykyp ýören aýalyna gygyrdy:

— Aý, heleý, eý, soýdur horazlaryň birini, ogluňam çagyr, käşir köwläp gelsin, palaw atar!

Nämüçinligini bilmesem-de, men öz sözümiň Aky sara ýarangylygyny, onda özümize guwanç duýgusyny döredenligimizi bildim. Ol bizi ýylyndyryp, ululara hezzet-hormat edilişi ýaly, hezzet-hormat edip, guwanç bilen ugratdy.

Atlanyp doganymyzyň öýüniň gapysyna ýetenimizde, men ýene-de bir salym eşegi sakladym. Meniň şonda atyp salan daşym «taňk» edip, olaryň gapysyna degdi. Inim menden mergen eken, onuň atan daşy penjirä degip, ony kül-uşak etdi.

Biziň gidenimizi bilmeselerem, dolanyp yzymyza gelenimizi

welin bada-bat bildiler. Eýsem, onça egleneňsoň, syr galarmy diýsene?

Aky saryň süýji diline, tagamly palawyna meýmiräp, esli oturan bolsak näme? Gelsek, enem bilen ejem öýme-öý goňşulara baryp, bizi gözläp ýören ekenler.

Bize nirä, näme üçin gidenimizi boýun alaýmakdan başga alaç galmady.

Enem meni diňläp: «Şu sowukdamy?» diýip, sözüniň yzyny aýdyp bilmän, hamsygyp, jigimi gujaklap aglady.

Diňe birhaýukdan biz öýe girip, üstki geýimlerimizi çykarynyp, ýylyjak pejiň gapdalyna geçenimizden soň, enem ýene-de bizi eý görýän, hemişe arkamyzy alýan mähribanymyza öwrüldi. Soň bizi mähir bilen gurşap gepledi:

— Heý, bularyň şeýle aýazda digdireşip, bolup ýörüşlerini?! Otursaň-tursaň ýadyňa düşjek zatmy bu? Arsyz ýola gidip, nämemiş, Görogly bolup, ar alyp gelenmişler! Size ar alyp däl-de, üşäp, doňup gelen çagalar diýerler... Onsoň «güjümiň» daşyna üç mertebe at aýlap, ondan sary ýaýyň okuny hem geçirip, nyşan goýubam gaýtmaly ekeniňiz-dä...

Enem käýinse-de, hüňürdese-de, indi onuň gep saluwynda ýaňky aňyrdan gelen mahalymyz eşiden gahar gatyşykly alada ýok, gaýta, oňa derek, niredendir bir ýerlerden gelen garaşylmadyk buýsanç duýulýar.

Enemiň gepiniň arasynda Görogly begi ýatlamagyna, inim-ä bilemok, men-ä derrew düşündim. «Görogly» biziň öýde köp okalýan kitap. Onda Görogly gidip, ýaş wagty agladyp ýeňňesini alyp giden Arap Reýhandan ar alyp gaýdýar. Ol Bibijany atyň syrtyna alansoň, Arap Reýhanyň aşagynda ýatan güjüminiň daşyna: «Turansoň görsün» diýip, üç mertebe at aýlap, güjüme ok urup — nyşan goýup gaýdýar. Biziň ar alşymyz hem eneme şol Göroglynyň ar alşyny ýatladan borly. Ol gep arasynda buýsanyp ýylgyrybam goýberýär.

***1989 ý.***

## HASRATLY GÜNLERIŇ AGYSY

Ajaýyp türkmen ýazyjysy Agageldi Allanazarowyň «Ojak» kitabyna onuň «Sürgünler», «Düwlen» romanlary girizilipdir. Ýazyjynyň birinji «Sürgünler» romanynyň sözbaşysyny okanymdan meniň on iki süňňüm lerzana geldi. Diňe men ýa-da meniň neslim, deň-duşlarym däl, hut tutuş Türkmenistanyň zorluk bilen Russiýa patyşalygyna birikdirileni bäri ýaşap geçen ata-babalarymyz, biziň ene-mamalarymyz «Sibir», «sürgün», «kegebe», «milisiýe», «uruş» diýilse, on iki süňňi sarsmadygy ýokdur. Dogry, biziň özümiz ol ýowuz günleri, onuň getiren derdi-apatlaryny görmedik. Ýöne şol bela-beterleriň ruhy azaplaryny welin henizleren çekip, onuň ýüreklerimizde goýan besse-besse ýaralarynyň gan-iriňiniň azaryny çekme kemimiz galan däldir. Şonuň üçin, ady agzalsa, süňňümiz lerzana gelýär. Ine, bu günem ýazyjy Agageldi Allanazarowyň «Sürgünler» romanyny okanymyzdan ruhumyzyň juda ýowuzlyk bilen çaýkanandygy hak.

Bu romanyň poetikasyna göz aýlamazdan ozal, onuň türkmen edebiýatyndaky orny, ähmiýeti we gymmaty barada birki agyz gürrüň edeýin.

Birinjiden, bu romanyň romanlyk paýhasy, tema-ideýa täzeçilligi, onuň türkmen edebiýatynda ili-güni uzak-uzak illere sürgün etmek meselesini çynlakaý gozgaýan ilkinji türkmen romany bolup durýanlygyndadyr. Şonuň üçin onuň temasam, ideýa, sýužet ýordumam türkmen okyjysy üçin gaty tanyş, gyzykly bolup durýar. Ikinjiden, bu romanda esasy meseläniň ruhy agramy şeýle bir çökder bolany üçin, tutuş tema, wakalar, suratlandyrma ýaýrawy, sýužet gerimi, gahrymanlaryň durmuşy, ýaşaýşy, umyt-arzuwy, dili, dini, tutuş dünýäsi agrasdan saldamly görkezilýär. Bu bolsa isleseň, islemeseň eseri agyr, juda goýazy görkezýär. «Ojaga» çenli şeýle tärde ýazylan roman türkmen edebiýatynda ýok. Mundan başga-da, romanyň temasynyň türkmen okyjysyna juda ýakynlygynyň esasy sebäbi, ondaky wakalaryň jümmüşinden her bir okyjynyň özüniň sürgün edilen kowumlaryndan bir uç çykaýjak ýaly duýgy döredýänligindedir. Elbetde, möçberi, wakalaryň sygymy taýdan monumental, okyja, aslynda durmuşa ýakyn, dogruçyl romany döretmek aňsat iş däldir. Onuň üçin diňe bir sýužet, kompozisiýa gurmaga ökde bolmak däl, gozgalýan wakany, bu waka gatnaşýan gahrymanlaryň oý-pikirini,

durmuş, ýaşaýyş aladalaryny gowy bilmek, şolaryň baryny temanyň, meseläniň, gahrymanlaryň häsiýetiniň çarhyna boýun etmek üçin ummasyz tejribe, zehin, azap, ýazyjylyk kämilligi zerur.

Dogrusy, ilatyň belli bir bölegini baý-kulak hökmünde Orusýete, Gazagystana, Özbegistana sürgün etmek derdi diňe bir türkmen halkynyň depesinden inderilen musallat däldi. Ýöne romanda görkezilişi ýaly, bu derdi-apatlar türkmenleriň, özem olaryň ýakyn garyndaşlarynyň, dost-ýarlarynyň, goňşy-golamlarynyň eli bilen umumy akyma gapgarylanlardy. Romanda şu meseläniň aýratyn ussatlyk bilen işlenendigini bellemek zerur. Sebäbi bu meseläni öýde, hojalykda, obada, etrapda kimiň gozgandygy, şol ýowuz habaryň aňyrsynda döwletiň, hökümetiň haçan çykarylan, haýsy resminamasynyň durandygy juda anyk beýan edilýär. Bu bolsa romanyň ynandyryjylygyny güýçlendirýär hem-de ýazyjynyň şu meselelere juda jogapkärli çemeleşip, juda irginsizlik bilen, uzak döwürde maglumat toplandygynyndan habar berýär. Ýygnalan maglumatlary gahrymanlaryň durmuşy, ýaşaýşy, häsiýeti bilen sünnäläp baglanyşdyrmagy ussatlyk bilen başarandygyndan habar berýär.

Romanyň sýužet ýaýrawy hem «sürgün» meselesine onki süňňi bilen boýun egdirilmegi bolsa, ýazyjynyň çeperçilik ussatlygynyň kämilligine ýetendigini görkezýär.

Ýazyjy romanda tutuş wakalar toplumyny esasy merkez edilip alnan maşgalanyň taryhy, şu güni bilen berk sepleşdirip bilipdir.

Şulardan çen tutanyňda, aýratyn gymmaty bilen edebi dolanyşygymyza girizilen bu romanyň esasy wakasy şol galagoply wakalaryň merkezinde durýan Kymyş duzçynyň ýaýrawly maşgalasynyň taryhy – maşgalanyň garry atasy, türkmeniň şir ýürek, jöwher parasatly ogullarynyň biri bolan Muhammetgylyç serdaryň taryhy bilen başlanýar.

Muhammetgylyç serdar türkmenleriň döwletsiz, patyşasyz ýaşap, «Gün güýçliniňki, gowurga dişliniňki» diýilýän mahallary töweregine ar-namys, adalat diýip, eline gylyç alyp, ata çykan ýigitlere baş bolup, bir urugyň serdary bolup, kişiňden, begiňden, hanyňdan gep çekmän mert, merdana ýaşan adam. Ol diňe bir türkmen hanlaryna däl, taryhdan belli bolşy ýaly, Hywa hanlaryna-da, Buhara emirligine-de, Kerki begligine-de, gerek bolsa, goldaw, hemaýatlar berip, gerek

bolsa, olara dogry sözüni aýdan adamdyr. Muhammetgylyç serdaryň bu gün agyzdan agza, dilden dile geçip gelip, rowaýata öwrülen bir ýagdaýyny şu ýerde bellenilip geçilse, dogry bolar. Bu waka romandada şeýleräk beýan edilipdir:

«...Halys iliň-günüň degnasyna degip, din-şerigaty öz matlaplary üçin bozup, depgiläp ýören Buhara emirinden halys bizar bolup, «tagtyndan agdararys» diýen niýet bilen hojalar, seýitler hana garşy baş göterýärler. Emma tilki ýaly hilegär emir bir tär bilen, goşunyň zarby bilen hojalary dyza çökerýär. Köşk taryhçysy Agahi bu ýagdaý barasynda «...Şol günler Buhara darlaryndan sallanyp duranlar, meýdanlarda meýdine çaň syradyp ölüp ýatanlaram şol başbozar hojalardy...» diýip ýazypdy. Emiriň zulumyna çydamadyk hojalar şonda Muhammetgylyç serdara tutunypdyrlar. Muhammetgylyç serdar haý diýmän, Buhara emiriniň ýanyna barýar. Gürrüň uzak bolýar. Serdar arzyny aýdýar. Hojalara azar bermezligi haýyş edýär. Buhara emiri geň galýar.

– Be, serdar, sen nireden bularyň toruna çörňeşip ýörsüň – diýip, serdardan nägile bolupdyr.

– Emir hezretleri, boljak iş bolupdyr. Bularam indi özleriniň bozgaklyga goşulanlygyna gaty ökünýärler. Onsoňam, bular gurbany gitdigim Muhammet aleýhyssalam pygamberimiziň nebereleri bolup durlar. Bulary paýhynlasaňyz, pygamberimiziň ruhy: «Ol ýerde biziň hormatymyz ýokmudyka?!» diýip, nägile bolmazmy, eýsem?» («Ojak», 1-nji kitap, 14 sah.) diýip belleýär.

Dogrusyny aýdanyňda, diňe özi bir romanlyk paýhas bolup duran şu wakanyň özem Muhammetgylyç serdaryň nähili batyr, parasatly, beýik şahsyýet bolandygyndan, onuň indi örňäp barýan kowumlarynyň nähili bolmalydygyndan habar berýär. Ýazyjy romanda bu wakalara ýöne ýere ýüzlenenok. Bu wakalar romanyň leýtmotiw-maksatnamasy. Şeýle aňyrsy bolan nesil «sürgün» ýaly ýowuz apaty egninde nähili götermeli. Iliň-günüň içinde «Biz şeýle bolduk-da» diýip, naçarlap, müzzerilip ýörmelimi ýa-da bu agyr ýüki gara ner ýaly, duşmana syr bermän, mertlerçe götermelimi? diýen agyr meseläni başdan orta atýar.

Kymyş duzçy aslyna mynasyp adam. Ol öz gününi, güzeranynyň «iner ýüküni» asyllylyk bilen çekip, aýaly Jemal mama, ogullary Orazgeldi, Orazgylyç, gyzlary, gelinleri, agtyklary bilen birlikde pagta, bugdaý, bakja ekip, mal-gara bilen gydyrdanyp, ile görä bolup ýören

adam. Ol belli döwürlerde Ýeroýulanduzdan duz getirip, ony satyp, güzeranyny itekläni üçin «duzçy» lakamyny alan, emma indi halys gojalyp, tapdan düşensoň, bu kärini taşlap, ekin, mal-gara örňeşip giden. Bu sanalan adamlaram ýazyjy ýöne ýere alanok. Olaryň hersiniň öýde, obada, il-gün bilen gatnaşykda öz götermeli ýüki bar. Mysal üçin, Kymyş duzçy tutuş obada maşgalanyň howandary, islendik mesläni çözýän gahryman bolup orta çykarylypdyr. Onuň aýaly Jemal mama öý-içeri, goňşy-golam, dogan-garyndaş, agtyk, gelin-gyz bilen tutuş il-günüň arasynda döwletli maşgala mertebesini dolandyrýan gahryman hökmünde işlenilipdir.

Maşgalanyň uly ogly Orazgeldi maşgalanyň daýanjy. Ol oba adamlary bilen obadaşlyk gatnaşyklaryny sazlamakdan başga-da, maşgalanyň abraýyna, mertebesine dahylly her bir meseläni ilki bilen kabul edip, olaryň maşgala ýetirmelisini ýetirip, jogap bermelisine mertlerçe jogap berip, oba, garyndaş-dogan arasynda sazlaşygy saklaýan esasy adam.

Orazgylyç – agasynyň sag eli.

Ol maşgala getirmeli, äkitmeli ýumuşlary kemini goýman bitirýän gahryman. Gelinler, körpe çagalar, esasan, oba arasynyň ownuk-uşak wakalarynda hereket edýär. Ýöne ýazyjy olary hem gerek ýerinde belent keşp derejesinde ussatlyk bilen edebi dolanyşyga goşýar.

Kymyş duzçynyň maşgalasy Murgap derýasynyň Owganystana ýakyn obalaryndaky adaty bir maşgala. Ýöne bu maşgalanyň beýlekilerden aýratynlygy döwletliliginde. Onuňam sebäbi hut Kymyş gojadan başlap, maşgalanyň ähli agzasy toprak bilen, ekin-dikin bilen, mal-gara bilen bagry berk badaşan. Bu dessur bu maşgalada gadym, ata-babalardan dowam edip gelýär. Şonuň üçin bu maşgalanyň ekin ýerinde ekini, mal ýerinde maly, rysgal-döwlet ýerinde rysgal-döwleti bar.

Tutuş ýurtda kolhoz gurluşygy başlanynda, hasaba alyşlykda özüni oňarýan, döwletli maşgala hökmünde ilki bilen Kymyş duzçynyň döwletli maşgalasy orta çykýar. Daş-töwerek, garyp-gasar, ýekebara, ýetde-gütde, garry-gurty, hor-zarlyk ýaly gahatçylyk mahaly, garyplardan, ýeňiýoluklardan emele gelen täze hökümetiň ketdeleriniň gözüne bu ýagdaý «ilden çykma» bir ýagdaý bolup görünýär. Özi ýakymsyz-ýalta, neşebent, işýakmazlygy üçin tüwmaýak garyp bolup, öýünde öýlänlik tapylmadyk betbagtlaryň diýeni gelip,

indi hökümetem «Ýok bolsun baýlar, ýaşasyn garyplar!» diýen juda yrga ideologiýany öňe sürýärdi. Indi SSSR-iň tutuş obalarynda, etraplarynda, welaýatlatynda bolşy ýaly, Türkmenistanda-da, hut Kymyş duzçynyň obasynda-da «Süri yzyna gaýtsa, agsak-towsagy öňe düşer» diýenleri bolupdy. Şol işýakmaz, kepekden doýan biçäre adamlaryň gözüne döwletli, rysgally, barly adamlar indi ýagy bolup görünýärdi. Olar ellerinden gelse, şol döwletli, barly adamlara her dürli zulum etmekdenem gaýtjak däldiler.

Dogry, Kymyş duzçy ýaly «döwletli» diýilýän adamlarda-da üýtgeşik bir üýşüp ýatan zat ýokdy. Olaryň gün-güzerany özlerinden dolanýardy. Onuň üçin olar gijesini gündiz edip azap çekýärdiler. Şeýdip şol rysgal-döwleti ytygsatman, köýdürmän saklaýardylar. Edip bilse, şony birneme artdyrjak bolýardylar.

Zähmet çekmek, ile-güne, özüçe bara-ýoga mätäç bolman ýaşamak bu maşgalanyň zandynda bar. Onsoň olar «Bermezek Taňrydan irmezek awçy alar» diýip ýaşaýan adamlar. Emma kolhoz gurlansoň, hökümet garyp-pukaralaryň eýeçiligine geçip, obada, etrapda olar bir ýigrenji, ilden çykan adamlar bolup galyberdiler.

Munuň anyk ýagdaýyny ýazyjy şu kolhozyň başlygy, gaplaňlar tiresinden bolan Nurjumanyň ýüzüni garaňka tutup gelip, Kymyş duzçynyň uly ogly Orazgeldini gyra çeken ýagdaýynda bilip galýarys:

«Nurjuma özüniň gizlin gürrüň aýdanyny mälim edip, çöken ýerinde leňňer atyp oturyşyna, Orazgeldä tarap eglip, pessaý ses bilen näme üçin gelenini habar berermen boldy:

– Ýegen, senem şu günki ýygnakda orta daýhan diýip, kolhoza kabul etjek bolduk welin, ýöne bolmady. Kabul edýän toparyň bäşden üçüsi saňa garşy boldy» diýmesi, soň oba şurasy Ýagdynyň, kommunistleriň ýolbaşçysy Hardatyň näme diýenini jikme-jik beýan etmesinden bilip galýar.

Ol döwürde kolhoza kabul edilmezlik gös-göni «sen kulak» diýmegi aňladýardy. Munuň özi maşgalany ýanap, täze gurulýan durmuşdan doly gyraklatmagy aňladýardy. Bu ýagdaý şeýle-de bolýar. Kymyş duzçynyň maşgalasyna öz mülk ýerine ekere gowaça çigidi berlenok. Bu ýagdaýam maşgalany soňy gepli, gürrüňli hupbada goýmak bolup çykýar.

Bu gürrüňleriň aňyrsy baryp, raýonyň ýolbaşçylaryna ýetýär.

Şu ýerde ýazyjynyň oba ýolbaşçylaryny tipleşdirmekde, olaryň

häsiýetini açmakda gaty seýrek tärlerden peýdalanýandygyny aýratyn belläp geçmek gerek.

Nurjuma – kolhozyň başlygy, şu obanyň hakyky tiredeş, babadaş howandary. Emma ýazyjy ony položitel häsiýetli otrisatel gahryman derejesinde işleýär. Bu gahryman garyndaşlaryna gelip, olaryň ýüregini çişirip, olaryň baý-kulaklygyny boýnuna goýýar. Ol öz garyndaşlarynyň ýanynda hossarsyran bolsa-da, gerek ýerinde olary goldap bilmeýär. Emma oba şurasy Ýagdam, Hardadam Nurjuma garanda berk otrisatel tipler. Olar kimdir birini goldamalam bolsa, ýazgarmalam bolsa Nurjumadan rüstem. Sebäbi olaryň arkasynda OGPU, raýispolkom, partiýanyň raýon komitetiniň sekretary, beýleki ýolbaşçylar bar. Ondan başga-da, Hardadam, Ýagdam oba baýlaryny garalamakda edil bir gyzan gamçy ýaly.

Olar özleriniň öňki-soňky ýigrençlerini barly adamlaryň üstünden guýmaly bolsa, edil bir öňbaýraga goýberilen ýaly. Şonuň üçin islendik ýygnakda olaryň gepem dogry tapylýar, diňlenýärem, ahyrky netijede olaryň aýdany ýer, jaýam alýar.

Ýazyjynyň romanda orun alan gahrymanlaryndan partiýanyň raýon komitetiniň birinji sekretary Ata Hymlam türkmen edebiýatynda seýrek işlenen tip. Onuň ýekeje sözi bar. Olam Türkmenistanyň Merkezi Komitetiniň birinji sekretary Ýakow Popogyň Aşgabatda bolan ýygnakda aýdan sözleri. Ol şol aýdylandan başga durmuşyňam, däbiňem, dessuryňam bilenok, bardygyna düşünenogam. Düşünjegem, biljegem bolanok. Tutuş raýonyň hem şol sözi diýmegini, şoňa boýun egip, ony ýerine ýetirmegini isleýär. Onuň başlygy OGPU-nyň orunbasary Aman Orus, Ýagdy, Hardat ýaly gaty köp ýaranlary bar. Bu adamlara: «Bar, pylanynyň telpegini getir» diýseň, olar säginmän, onuň başyny alyp getirip berjekler.

Ine, şunuň ýaly ýagdaýda Nurjumanyň gowşaklyk etmegine akylyň ýeter ýaly däl. Ol beýleki gurply adamlary bilenokmyş diýeli. Emma Kymyş duzçynyň baý däldigini juda gowy bilýär. Onuň kolhozynyň sygyr, goýun, geçi gönezligi hem Kymyş duzçynyň maly.

Ýazyjy Nurjumanyň häsiýetinde şol döwürlerdäki ýüzüňe gülüm-gülüm edip, gerek ýerinde, owarramçylyga uran ýüzleý pikirli, «Ol eşekde ýüküm ýok, ýykylsa habarym ýok» diýýän müňlerçe ýolbaşçysumaklaryň tipik häsiýetini jemläp bilipdir.

Nurjumadan başga-da raýonyň hossary, onuň halkynyň howandary

bolmaly, raýkomyň birinji sekretary Ata Hymly, raýispolkomyň başlygy Mämmet Pola, Söýünaly oba şurasynyň başlygy, raýon OGPU-nyň başlygynyň orunbasary Aman Orus ýaly birtopar halka howandar bolmaly adamlaryň nalajedeýin keşbini ýazyjy juda gowy suratlandyrýar. Eserdäki şeýle tipleriň pikirinde halka ýagşylyk etmek, olary gerek ýerinde gorap, goldap adalatyň dabaralanmagyny gazanmak barada jinnek ýalyjagam pikir ýok. Muny romanda ýazyjy juda täsin suratlandyrýar.

Oba şurasynyň başlygy Ýagdy etrapda iň sylagly adam hökmünde Aşgabada, iň uly ýygnaklaryň birine delegat bolup gidýär. Onuň bu gidişliginde raýonyň esasy gurply adamlary barada hem möhüm meselä seredilýär. Emma Ýagdy obasyna gaýdyp gelenden soň, şol meseleler barada ýeke agyz hem gürrüň etmeýär. Onuň bar gürrüňi «ony gördüm-de, muny gördümden» aňry geçmeýär.

Şol galagoply günleriň birinde kolhozyň başlygy Nurjuma bilen oba şura başlygy Ýagdy ikisi Nurjumanyň atyny oba şurasynyň arabasyna goşup, raýona möhüm bir ýygnaga gidýärler. Ýygnakda şol döwür üçin juda möhüm hem hasratly waka bolýar. Ýygnakda olaryň kolhozyndan birnäçe adamyň kulaklaryň sanawynda ady tutulýar.

Şol döwürlerde adyň kulaklaryň sanawynda tutulmagy seniň üstüňe «sürgün» belasynyň süýşüp gelýändigini aňladýar. Emma bu kolhozyň ýolbaşçylary oba gaýdyp barýarkalar, ýolda bigünä atylýan jebri-jepaly töhmetiň däl-de, özleriniň belent abraýa eýe bolandyklary barada haý-höwesli gürrüň edýärler:

« – Nurjuma, bu meselede hökümetiň halamaýan adamlaryna ezmaýyşlyk edeniňi bilseler, bilip goýaý, senem halamazlar.

– Näme ederler öýdýäň?

Ýagdy:

– Baý guýrugy bolarsyň. Sürgün edip, çaňyňy kakyp goýbermeklerem mümkin...

– ...Jora, seni-meni dagy ile beg edip goýan kim? Elbetde, şuralar döwleti. Eger şol bolmadyk bolanda, sen kimdiň? Menem, ikimizem. Maňa dagy: «Pylankesiň alagöz guly» diýýärdiler. Aty bolman, güzeranyny eşek bilen kowalap ýören adamlardyk» («Ojak», 1-nji kitap, 252 sah.) diýýär. Nurjuma onuň bilen ylalaşýar. Ine, şondan soň bu iki «il howandary» tutuş Murgabyň boýuňdan geçýän hyşa jeňňelliginde edil bir kakabaş oglanjyklar ýaly ýolmalaşyp, ýumruklaşyp, basalaşyp

garpyşmaga başlaýarlar.

Sürgün etmek meselesinem Kymyş duzçynyň maşgalasyna kolhoz başlygy Nurjuma habar berýär. Ol gowaçalyga aýlanyp ýörkä, tötänden Kymyş duzçynyň kiçi ogly Orazgylyja gabat gelýär. Şondada: «Orazgylyç ýegen, men saňa aýtmaly däl gürrüňi aýtmaly boljak.

– Aýtsam, ýegen, düýn raýonda bolan uly ýygnakda raýon boýunça kulakçylyga çekilenleriň arasynda siziňem adyňyz agzaldy. Siziň ikiňizem bar. Özem, maşgalaňyz bilen sürgün etmeli diýlen...» («Ojak», 1-nji kitap, 259 sah.).

Bu gürrüňdeşlikde Orazgylyç birnäçem meseläni anyklaşdyrmak işleýär. Emma ol Nurjumadan belli jogap alyp bilmeýär.

Şondan soň Kymyş duzçynyň maşgalasynyň dünýäsinde eýmenç hasrat lerzany başlanýar. Ine, şu ýerde ýazyjynyň türkmen edebi dolanyşygyna öň hiç bir ýazyjy tarapyndan girizmek başartmadyk çeperçilik ussatlygy başlanýar. Ýazyjy eserde wakalary, häsiýetleri çepbe çöwürýän ýiti gapma-garşylyklardan gaça durmak bilen, häsiýetleriň, duýgularyň, wakalaryň lerzan urmasynyň, şonuň üsti bilen halka edilýän zuluma, erkinligi, Hakyň il-güne beren tebigy erkinliginiň erkana, bagtly, rysgal-döwletli ýaşamak isleginiň diýdimzorluk bilen bogulmasyna gaty berk protestini juda täsin suratlandyrmalar arkaly giňden açyp görkezýär. Şol protest Hanumanyň türkmeniň ähli edep-ýekaramyny weýran etmek bilen, çarwadan gyrkylan ýüňleri alyp gelýän Ahmet bilen, dünýä sygman ýören oba şurasy Ýagdy bilen erkin, aç-açan aýşy-aşratlar sürüp, keýpden çykmasy, Ahmediň zulumlar zamanasynda hiç bir galypa baş bermän, «göçenini ýel, gonanyny gol» bilip ýörmesini, Murgap derýasynyň hanasyna sygman, gidip-gidip däli-porhan bolmasy, bir ujy baryp, allowaralardan çykýan «Ýekedeşik» filosofiýasy, her haçan-her haçan özüniň erkana, zulumsyz, ne aç, ne dok durmuşyny güjeňläp duran Owganystanyň goňşy obalarynyň mysallarynyň üsti bilen açyp görkezýär. Bu detallaryň her biri awtor üçin şuralar hökümetiniň diýdimzorluk azaplaryna garşy juda pynhandan zabun zarba bolup duýulýar. Eýsem, şuralar döwletiniň ganym-gazabyna duçar bolan Kymyş duzçynyň biçäre maşgalasyna meňzeş maşgalalar edil şunuň ýaly «asman – yrak, ýer – gaty» döwürde arzyny kime aýtmaly, olar kim bilen söweşmeli. Çünki awtoryň Hanuma, Ahmet, çyrpynyp, owsunyp ýatan Murgap derýasy, içi gatbar-gat jaý, tutuş giden

erkanalyk mekany bolan Ýekedeşik, Owganystan mysallarynyň üsti bilen aýtmak isleýän pikiri ýaly, hasratyňy, duýgyňy, gazabyňy öz içiňde gizlemeli bolupdy.

Bu romanda öý-ojagy dolandyrmagyň, oba-goňşy, il-gün bilen gatnaşygyň esasy dessury, esasan, aýallaryň üsti bilen berlipdir. Bu meselede esasy ýük Kymyş duzçynyň aýaly Jemal mamanyň, onuň uly ogly Orazgeldiniň gelni Oguljumanyň obrazynyň üsti bilen açylýar.

Jemal eje diňe bir içerini gyşda ýyly, jöwzaly günlerde hoştap, salkyndan mylaýym saklamak bilen çäklenenok. Ol, gerek bolsa, öýüň keýwanysynyň «hökmürowanlygy» bilen gelinlerini, ogullaryny, hatda Kymyş duzçyny hem «düzedip» goýbeýär. Oňa gelni Oguljuma-da uly kömekçi. Öýi, içerini dolandyrmakda gelin gaýynenesiniň dessuryny ele ýagşy alyp, ikisi şu öýüň, içeriniň ody bilen girip, küli bilen çykyşyp, bagtly, rysgal-döwletli bolup ýaşap ýörler.

Bu aýallaryň obrazy, häsiýeti «sürgün» meselesi ara düşensoň, has çuňňur, töwerekleýin açylýar.

Jemal eje ähli derdini, howsala-hasratyny gursagynda gizläp, daşyndan «Il bilen gelen, toý-da-baýram» diýip ýaşaýar. Emma bu meselede Oguljuma gelniň raýat batyrgaýlygy juda güýçli bolup ýaňlanýar.

Gelniň agasy Owganystanda döwletli, dessurly döwranda ýaşaýan Akynyýaz baý Kymyş duzçularyň kulak hökmünde sürgün ediljegini eşidip, inileriniň biri bolan Mahmydy bularyň ýanyna ýöriteläp iberýär. Mahmyt Akynyýaz baýyň habaryny bulara elin ýetirýär.

Kaka ornunda oturan agasynyň: «Owganystana gelsinler, özüm hossar, howandar bolaryn» diýen habaryny eşiden Oguljumanyň özüniň howandarlaryndan göwni bitse-de, jigisiniň ýüzüne bakyp, başgaça gürleýär.

Ol:

– Mahmyt jan, doganym – diýip, söze başlanda, Oguljumanyň sözleri hasam göwne batnykly, mylaýym eşidildi. – Ejiziňizi ýatlap, arka durmak üçin, men diýip gelipsiňiz, begenip depäm gök diredi. Dogan bor, siz ýaly bor! Men Akynyýaz akgamdanam, Hoja doganymdanam, sendenem, Mahmyt jan, o dünýe, bu düne razydyryn. Ýöne biz gitmäli. – Soň ol şu ýerde ýüzüni sähelçe adamsyna tarap öwren ýaly etdi-de, ýene-de gepini dowam etdirdi: «Men Orazgeldiniň bolan ýerinde bolaryn, ölen ýerinde-de ölerin» («Ojak», 1-nji kitap,

175-180 sah.).

Oguljuma soň hem adamsynyň gapdalynda ner kimin durup, aglaman, zeýrenmän, başa gelenini maşgalasy bilen mertlerçe çekýär.

Türkmen edebiýatynda juda uzak mahala çekýän hasratly jebri-jepany Oguljuma gelin ýaly mertlik bilen çekip bilýän başga bir aýal obrazy ýok diýerlikdir.

Ýazyjyny bu edebi tapyndylary, çeperçilik babatda-da, täzeçilligi babatda-da, türkmen edebiýatynda juda gymmatly tapyndydyr.

Agageldi Allanazarowyň «Sürgünler» romanynda iň beýik, iň güýçli tapyndylarynyň biri watançylyk meselesindäki ajaýyp tapyndysy bolup durýar. Kymyş duzçynyň kowumlary baryp almaz gylyjy, dürdäne paýhasy bilen hanlaryň, begleriň, emirleriň arasynda sözüni geçirip, iliň-günüň derdine delalat berip ýören Muhammetgylyç serdardan bäri türkmen topragynda aga-ýana ömür sürüp ýören adamlar. Emma şura döwleti gelenine «bäş gün» bolup-bolman, olaryň gadymdan gelýän dessuryny bozup, sürgünmi, beýlek bir ýerleremi göç etjek bolup otyr, şura döwletiniň bu diýdimzorlugyna, zulumyna bäs gelip bilmän, öz ata-babalaryň gadymdan gelýän dessuryny weýran edip, öýüňi-ojagyňy, ata-baba ýurduňy, bagt, rysgal, döwlet tapan mukaddes mekanyňy taşlap, Owgan diýdi, Eýran diýdi ýa ýene bir görlähet diýip, «iki göç – bir talaň» bolup gitmelimi?!

Kymyş duzçynyň sürgün ediljek habaryny eşiden ýakynlar, ýatlar gelip-gelip, goja öz pikirlerini aýdyp, duýgudaşlygam edýärler. Owganystandaky guda-garyndaşlar derýadan aňry geçmegi teklibem edýärler. Emma goja, onuň ogullary Watany – dogduk diýary taşlap gidenlerinden, ata-babalaryň ruhy, olaryň dessura öwrülip galan yzlaryny taşlap, ýat ýurtlara gidenlerinden ölenlerini müň paý ibaly görýärler.

Ahyry diýdimzorlugyň ýowuz ýüpüniň ujy süýrenip-süýrenip gelip ýetýär. Etrap OGPU-nyň işgärleri, oba ketdeleri Ýagdynyň ýolbaşçylygynda hil bir iş bitirýän ýaly bolup, bir topar atly-arabaly bolup, Kymyş duzçynyň hataryny gabaýarlar.

Bu maşgala üçin hakyky ýowuzlyk başlanýar. Emma ynsan balasy çekip çydardan agyr bu derdi Kymyş duzçy-da, onuň ogullary, ylaýta-da aýaly Jemal eje, gelinleri Oguljuma, beýlekiler edil iner kimin ähli bela-betere döz gelip otyrlar. Ahyry aýralyk pursady jemlenýär.

« – Akga, onda biz-ä ugradyk, sag-aman oturyň!..

Kymyş duzçy öňünde dagyň bölegi ýaly bolup duran ogullarynyň hersiniň egnine bir elini goýdy:

– Hudaý sizi öz penasynda saklasyn, inerlerim! – Onuň sesi gyryljyrady: – Siziň gaýdyp geleriňize men-ä garaşyp bilmerin, menden bolsa onsoň, razy boluň! – Goja indi tutuş süňňi bilen saňňyldady hem gözýaşy paýrap, biraz kirjigip, könelip ugran köýneginiň ýakasyna dökülerli göründi. Goýberesi gelmän, ogullaryny gujaklap durşuna, hasrata berlip, samrady:

– Balalarym, meniň iner balalarym» («Ojak». 1-nji kitap, 252 sah.).

Şundan soň romanda sürgüniň ýolunda Kymyş düzçunyň ogullarynyň, gelinleriniň, beýleki türkmen maşgalalarynyň Mary, Özbegistan, Gazagystan ýollarynda gaty, mal, dürli harytlar daşalýan ýalaňgat wagonlarda gören görgüleri janly, hasratly, «it görse, gözi agarjak» derejede jebri-jepaly ýagdaýda beýan edilýär.

Dogrusy, bu ýagdaýlary ýazmagam aňsat däldir welin, okyjy bolup, ýöne okaýmagam aňsat däl.

Indi bu romanyň poetikasyna nazar aýlanymyzda-da, türkmen edebi dolanyşygynda öň bolmadyk ençeme edebi tärleriň täzeçilligine duş gelýändigimizi nygtasak, hakykata laýyk bolardy.

Bu romanda o diýen joşgunly, gylyç-gylyja degip, biri-biriniň zarbyndan ot-ýalyn çykarýan düýpli garşylygy görüp bolanok. Garşylyk bar, ýöne ol asuda garşylyk. Zulumyň garşylgyna ynsap, adamkärçilige, sabyr-kanagat goýulýan garşylyk bar. Ol garşylygyň beýle tarapynda agzyndan ot syçyrap, gözi gyzaran SSSR giýen zulum dur. Beýleki tarapynda bolsa iki elinden, ýagşylykdan, halal gazanç bilen gün-güzerany ýykma-ýykylma dolap ýaşap ýören sada türkmenler bar. Onsoň bu sada adamlar öňlerinde duran ýowuz belanyň garşysyna diňe Alladan delalat bolaýmasa, başga çäre görüp bilmejeklerine gaty gowy düşünýärler. Elbetde, olaryň ýüreginde umyt, maşgalasyna, il-gününe, ata ýurda söýgi, bu zabun diýdimzorluga juda uly garşylyk ýatyr. Emma olar – türkmenler. Türkmenler özüniň gaýgysyny, hasratyny ile-güne ýaýyp ýöreninden ölenini ýagşy görýändir. Kymyş duzçynyň maşgalasam şeýle.

Ýazyjynyň birinji täzeçillik täri sýužet – kompozisiýa gurmakdaky özboluşlyklardyr. Romanda esasy sýužet ugry erkana

ýaşap ýören türkmenleriň diýdimzorluk bilen Watandan gaýry ülkelere sürgün edilmek meselesi. Ýazyjy bu sýužet ugruny Kymyş duzçynyň maşgalasynyň üstünde juda ynandyryjy, janly, çeper tärler arkaly guraýar. Bu sýužet ugrunyň aýdyp bolmajak derejede janly, ynandyryjy gurulmagy akylyňy haýran galdyrýar. Bu ýöne ýere däl. Sebäbi, Kymyş duzçy ýazyjynyň öz garry atasy bolsa, Jemal eje onuň garry enesi... Şeýle bolansoň, ýazyjy özüniň iň ezizlerini, mähribanlaşdyryp, her bir sözüne, sözlemine mähir-muhabbet garyp, duýgularyny nagma öwrüp, ýüreginiň, bagrynyň bölejikleri bilen seýikläp beýan edipdir. Eseriň sýužet ýordumynyň şirinden ynandyryjy bolmagynyň bir esasy sebäbi şundan gelip çykýar. Ikinjiden, bu sýužet ulgamyny herekete getirýän gahrymanlaryň ählisi diýen ýaly ýazyjynyň iň ýakynlary, daş gitse obadaşlary, garyndaşlary. Şeýle bolansoň, ýazyjy bu sýužet liniýasynda hereket edýän gahrymanlara juda aýawly, käte dözmezçilik bilen seredýär. Oňa mysal edip, oba şurasynyň başlygy Ýagdyny alyp bolar. Ýagdy eserde iň bir otrisatel tip. Ol özüniň obadaşlarynyň «sürgün» belasyna ýolugmasyna juda parhsyz garaýan adam. Onuň üçin esasy zat, özüniň wezipesinden gep getirmezlik. Ol Kymyş duzçynyň maşgalasynyň sürgün edilip ugradylmagyna-da OGPU-nyň esgerleri bilen bilelikde ýolbaşçylyk edýär. Emma Ýagdynyň Aşgabatda geçirilýän uly ýygnaga gidişini, onuň bu etrapdan ösüp, uly wezipelere ýetişen adamlara bolan hormatyny, obadaşparazlygyny, ildeşparazlygyny synlanyňda, haýran galanyňy duýman galýarsyň. Bu meseläni Hanuma babatda-da aýtmak bolar.

Bir seretseň, «sosialistik realizm» ýörelgelerine görä, şeýle obrazlar esasy sýužet liniýasynyň ösmegine täsir etmeýän ýaly bolsa-da, ýazyjynyň sýužet gurmakdaky batyrgaýlygy, esasy täzeçilligi şeýle tärlere batyrgaýlyk bilen ýüz urup, şeýle tipleri romanda položitel gahryman derejesinde ulananlygyndan gelip çykýar. Ýazyjy bu obrazlary köre-körlük belen alaýanok. Ol Moskwanyň M.Gorkiý adyndaky Edebiýat institutynda L.Tolstoýyň, F.Dostoýewsiniň, M.Gorkiniň, A.Tolstoýyň, M.Şolohowyň we beýleki dünýä ýazyjylarynyň eserleri boýunça häsiýeti açmak, sýužet-kompozisiýa gurmak, garşylyk döretmek, eseriň çeperçilik bezegini ýokary derejelerde alyp barmak ýaly, çeperçilik tärleri boýunça tejribe toplap, ganat-per çykaran güýçli ýazyjy. Şonuň üçin onuň bu romanyndaky

Ýagdy, Hanuma ýaly beýleki obrazlaram ýokarda belleýşimiz ýaly, baş liniýanyň ösmegine, özgermegine gatnaşýar.

Romanyň çeper dili barada aýdanyňda, ýazyjy sadalyga ýan beripdir. Sözlemler, sözler pikiri halkylaşdyryp, okyja ýetirýär. Romanda esasy dil çeperçiligi halk hulkuna bap gelýär. Eseri okanyňda ýazyjynyň özi bilen tirkeşip, eserdäki wakalaryň bolýan ýerlerinde ýaşap ýören ýaly hoşamaý duýgy ruhuňy ýyladýar. Äheňler, ýüzlenmeler, beýanlar, gahrymanlaryň özara söhbetleri awtoryň öz äheňini berýär. Muny bir ýagdaý bilenem düşündirip bolar. Mundan on-on bäş ýyl öň belli türkmen çagalar şahyry bilen Agageldiniň hersiniň iki sany kiçijik goşgusy Ukrainanyň etraplarynyň biriniň gazetinde çap edilipdir. Ol goşguly gazetden birki sanysyny çagalar şahyryna iberipdirler. Ol şahyr özleriniň goşgularynyň uly respublikada çap edilmegine gaty begenipdir. Ol goşgulary çap edilen gazeti alyp, haýdan-haý Agageldiniň ýanyna baryp, gazeti ýumşajyk, buýsançly bulaýlap: «Agageldi, indi biz gitdik. Indi bizi hiç kim saklap bilmez» diýip, şowhunly gygyrypdyr.

Bu gürrüňi Agageldi häli-şindi oýun edip gaýtalamagy gowy görýär. Ol şol henekli sözjagazy bu romanyna hem salmagy, onuň tutuş köňül hazynasynda nämesi bolsa, bu romanyň dil dünýäsine eňterendiginden habar berýär.

Şeýle täsin tapyndylary ýazyjynyň peýzaž bermekdäki täzeçil suratkeşliginde hem görmek bolýar. Onuň peýzaž suratkeşligi örän süýji we täzeçil. Ol «Töwerek sary samana basyrynyp, köl bolup, gol dolduryp ýatyrdy. Baýyr kemerleriniň bilinde bitip, mazamlanyp ösüp oturan ýaşyl don bürenen ýandaklar häzir şol basgançaklar bilen pytraşyp, ýokary göterilip barýan başy ýaşyl kürteli gelinleri ýatladýardy» («Ojak», 1-nji kitap, 131-nji sah.) diýse, başga bir ýerde «Murgabyň arkasynda şagallar şermende bolup uwlaşýardylar» («Ojak», 1-nji kitap, 258-nji sah.) diýýär, başga bir ýerde bolsa «gündizlerine seleňläp, obanyň depesinden seredip oturan baýyrlar häzir gijäniň gara oýlugyna çolaşyp, hümmer tutuşyp, oba tarap eňip gelýän mähellä meňzeýärdi» («Ojak, 1-nji kitap, 181-nji sah.) ýaly ajaýypdan gözel peýzaž romanyň ruhuna üýtgeşik owaz, şirin şire seçeleýär.

Bir söz bilen aýdanyňda, ezber ýazyjy Agageldi Allanazarowyň «Ojak» romany wakalaryň, pikir-duýgularyň gymmatly poetik dessurlary bilen bezelen ajaýyp hazyna bolup durýar. Häzirki wagtda

şeýle ajaýyp ussatlyk, tejribe, uly zehin, ganyňy garaldýan azaplar bilen döredilen «Ojak» romany ýazyjynyň çyrpynyp ýatan belentden gözel zehininiň möçberiniň ümmülmezdiginden habar berýär. Sag bol, eziz dost! Ganymlaň diýdimzorlugy bilen adalatsyzlyk äleminde haryzar bolup, mukaddes umydy gyrlan million-millon ildeşlerimize juda mukaddes Ýadygärlik gurup bilipsiň. Höwri köp, galamyň ýiti bolsun, Agageldi!

Men bu ajaýyp romanyňy uly höwes, söýgi-buýsanç bilen guwanyplar okap-okap, seniň bu uç-gyraksyz, çyrpynyp ýatan zehiniň bilen adamzat ykbalynda haýran galdyryjy, deňi-taýy bolmadyk dünýä nusgalyk gözel eseri döredip bileniňe ýüregim bilen ynandym.

* * *

Beýik Watançylyk urşundan soňky ömrüni deňizde balykçylyk seýneriniň kapitany bolup geçiren goja Balkan bu gün öz motorlyja gaýygy bilen deňze çykýar. Oňa-da aýaly Umman mamanyň çekip çydardan agyr aýak agyrysy sebäp bolýar. Tebipler Umman ejäniň aýagyna düwlen ýagyny çalmagy maslahat berýärler. Düwleni bolsa deňizden başga nireden gözlejek?!

Goja Balkan säher bilen deňze çykýar. Motorly gaýyk ony özüniň gözelligi, bagtlylygy, syrly hasratlary bilen «Wagşyldap», çyrpynyp ýatan mawy ummana alyp çykýar.

Ine, şu ýerde-de goja Balkanyň pynhan göwündeşligi açylyp, özüniň indi telim ýyl bäri içinde lagta-lagta bolup ýatan pynhan syrlary açylýar.

Bu ýöne ýere däl. Deňiz goja Balkanyň ýeke-täk syrdaşy. Ol bütin ömründe dost diýibem, syrdaş diýibem, göwündeş diýibem, rysgal-döwletiniň hazynasy diýibem deňze düşünipdi. Onuň bu ýaşlarda deňizden başga içini ynanara kimi bar?!

Goja şu ömründe bir zada düşünipdi. Deňiz dilsiz-agyzsyz bir apat bolsa-da, seni diňlemäni başarýar. Köşeşdirmegi, köňlüňe aram bermegi, goldamagy, ruhuňy götermegi başarýar. Emma muny dostuň dosty hem başaryp baranok ahyryn.

Balkandyr-da – Bertadyr! Ol deňiz bilen başga nämäniň oý-pikirini etsin. Balkan deňze çykyp, Bertaly günlere dolanýar...

Bu giriş sözi ajaýyp türkmen ýazyjysy Agageldi Allanazarowyň

«Düwlen» atly gysgajyk, bary-ýogy kompýuter ýygymynda 150 sahypalyk sada sýužet-kompozisiýaly romany barada gidýär.

Bu romanyň esasy sýužet liniýasy deňiz obrazynyň hem-de goja Balkan, düwlen, Umman, Berta obrazlarynyň üstünde gurlupdyr.

Galkynyp duran mawy deňiz Balkany açsa, goja Balkanam müň bir syrly deňzi indi, gör, näçenji sapar açýar?! Deňiz bilen ikiçäkligiň ýatlamalar ulgamy Beýik Watançylyk urşy ýyllarynyň iň soňky, aýgytlaýjy günlerine alyp barýar.

1945-nji ýylyň aprel aýlary, Berlin şäheriniň 70 kilometrlik ýeňsesindäki kiçijik şäherjik.Tankçylar batalonynyň komandiri Balkan Çapakow sagdan-soldan sowet goşunlarynyň gaýduwsyz zarbyna weýranhana dönen öz sürenlerini – Berlin şäherini goramaga geläýmegi mümkin bolan nemes goşunlarynyň öňüni almaga goýlan ätiýaçlyk batalbony bilen kiçijik şäherde saklanýar. Ol şol ýerde hem edil kişmiş ýaljak nemes gyzy – Berta bilen tanyşýar. Onuň bu tanyşlygy ilki yssy ysnyşma, soň çyn söýgä sapyp gidýär. Uzaga çeken zabun uruş ýeňiş bilen tamam bolýar. Batalon komandiri Balkan söýgüli gyzy Bertany öz iline – obasyna alyp gaýdýar. Onuň bilen ogul-gyz öndürip, bal ýaly süýjülikde ýaşaşyp ýör.

Olaryň obasynda juwanlygyndan Balkana aşyk bolup, ony şirin janyndan eý görüp, urşuň bäş ýylynda sabyrsyzlyk bilen oňa garaşyp, gözleri ýolda alan gözel gyz Ummanam bar. Umman gyz Balkanyň frontdan bir nemes gyzyny yzyna tirkäp gelmegine otlar alyp, örtenmekden kesewä dönýär. Ýöne nätjegini bilmeýär.

Ine, bir juda yssy, jöwzaly tomus günem ol Balkanyň bir iş bilen obadan gidenini, oba adamlarynyň jöwzadan başlaryny alyp, öýli-öýüne sümlen wagtyny peýläp, ikigat Bertanyň içine-daşyna geçip, ony deňze suwa düşmäge yryp, gaýykda alyp, deňziň jümmüşine gidýär.

Ummanyň pynhan niýetine düşünmedik, sadadan mähriban Berta Umman bilen açyk deňze çykýar.

Ine, birdenem Umman ýaş, göwreli gelni deňze taşlaýar. Beýle-beýle zalymlyga garaşmadyk, göwreli gelin ilki gorksa-da, her näçe mertlik etjek bolsa-da, ahyr iş-işden geçip baransoň, Ummana ýalbarmaga durýar.

«...Berta rejäniň geň däldigini, Ummanyň duýdansyz rehimsiz duşmana öwrülendigini bilip galdy... Ol Ummanyň ümürli ýüzüne

delminip seretdi:

– Sen näme beýdýäň, Umman?! – diýip, demi-demine ýetmän durşuna agy gatyşykly ses bilen sorady.

– Eýsem, men öz hakymy elimden sen ýaly bir saýry kemçine aldyramsoň, näme etmelimişim? – diýip, Umman Bertanyň sowalyna janyýangynly jogap berdi...

– Men hiç zady bilmedim, asla bilmedim – diýip, gark bolmakdan gorkan Berta ýene-de sandyrap gepledi.

– Bilmeseň bilip goý, heleý, ikimize bir derede bile orun ýokdur – diýen wagty kükräp duran Ummanyň sesi has-da haýbatly eşidildi.

– Ýa sen başyňy alyp, şu ýerden gitmeli bolarsyň, ýa-da men seni-de, özümi-de gark edip, tolkun talady etmeli bolaryn...

Suwda durdugyça barha ysgyndan düşýän Berta indi suwa çümse, soňundan onuň depesine göterilmäge rowgatynyň bolmajagyny howp edinip, duran ýerinden ýene aglap ýalbardy.

– Isleseň men gideýin. Yzymy gözlemän gideýin, ýöne gark etme. Meniň göwrämde çaga bar...

– Sözüňde durmaly borsuň. Ýogsam, barybir men seni heläklärin.

– Ýok, men gideýin, hemişelik gideýin. Ugrat meni, ugrat, gideýin!.. («Ojak», 1-nji kitap, 550-552-nji sah.).

Bertanyň gürüm-jürüm bolmagyny, Ummanyň göwreli nemes aýalynyň deňze gark bolandygy baradaky «waý-dadyny» goja Balkanyň ulgam-ulgam ýatlamalary bilen galagoply deňziň öňünde syrlaryny açmagynam hasap etmäniňde, diňe şu romanlyk paýhasyň özem bu romany deňiz barada ýazylan iň aňrybaş romanlaryň deňine göterip bilýär. Sebäbi bu romanyň Berta liniýasyndaky şu juda ýeserlik bilen işlenen kulminasion çözgüt telim-telim edebi täzeçillik tärleriniň albaýyny bulaýar.

Şolaryň birinjisi, Ummanyň hereketi. Bu hereketde türkmen edebiýatynda türkmen gyzynyň öň hiç wagt beýle belent derejä ýetilip beýan edilmedik mertliginiň, namys-aryna, söýgüsine biçak wepalylygynyň, bu häsiýetler üçin gerek bolsa şirin janyndan geçmäge taýýarlygynyň hakykaty beýan edilipdir.

Ikinjiden, Umman janyny bölüşjek welin, mukaddes söýgüsini gaýry biri bilen bölüşjek däl. Ol hiç wagt özüniň Balkany söýýändigi barada dil ýarmasa-da, onuň söýgüsi tutuş dünýäsini gaplap alan. Ol söýgi edil agyr wulkan ýaly, pursady gelende duýdansyz partlaýar.

Berta şol partlamanyň güýjüni duýýar. «Hiçden, giç» diýişleri ýaly, Umman diňe öz gaýduwsyz mertligi bilen maksadyna ýetýär.

Üçünjiden, Bertanyň ýagdaýy hem türkmen edebi dolanyşykda heniz görülmedik obrazdyr. Ol baryp, Berlin ýaly ýerden öz näzik duýgusyna beslenip, Balkanyň yzyna düşüp, onuň iline, ýat dünýä gelýär. Öz söýen ýigidi bilen gülüp-oýnap, durmuş gurup, bagtly ýaşaýar. Emma ol günleriň birinde, ölüm bilen ýaşaýşyň aralygynda, möwjäp duran deňze gark bolup, ýok bolup gitmegiň zulmatynda, özüniňkiden müň esse güýçli söýginiň lowlap duran gazaba öwrülen nyşanyny görýär. Onuň öňünde «ölümmi, ýaşaýyş!?» diýen ýekeje sowal durýar.

Ýazyjy bu sowaly, ýöne ýere goýanok. Nemes halkynyň köpüsi, nemes milletinden bolsa-da, olar faşist däl. Ýazyjy muny Bertanyň üsti bilen subut edýär. Ol faşizmiň elhenç jebri bilen bigünä ölümiň ummanyny gören, ýöne şonda-da onda heniz dünýä inmedik balasynyň diri galjagy baradaky umyt möwç urýar. Ol ýaşaýşy saýlap, heniz dogulmadyk balasyna ömri saýlap, özüniň şirin janyndan eziz söýgüsini özündenem mertebeli saklajak türkmen gyzyna gowşurýar.

Berta soň yzynda galan mähribanlaryny görmäge, bir syýahatçy aýal bolup dolanýar. Ol Balkanyny görüp bilmese-de, yzynda galan balalarynyň deňli-derejeli, bagtly durmuşyny gözi bilen görüp, indiden soň olaryň durmuşyna päsgel bermezlik üçin, olardan razy halda, özüni tanatman, yzyna dolanýar. Ony goja Balkan has soň aňyp galýar.

Bu romanyň kompozision gurşawyndaky düwlen liniýasy hem belläp geçmäge mynasyp bolup, ol türkmen edebi dolanyşygynda henize-bu güne çenli görlüp-işlenilmedik gyzykly tapyndydyr.

Goja Balkanyň deňze ýalňyz özüniň çykmagynyň sebäpkäri, onuň garry aýalynyň derdine düwlen ýagynyň derman bolýandygy barada tebip mamanyň aýdan habarydyr. Goja Balkan aýalynyň bu haýyşyny bitirmek üçin deňze çykýar. Hazar deňzinde näme kän, düwlen kän. Emma deňze çykyp, onuň bilen iç döküşme kemini goýmadyk goja deňziň göwnüne degip, onuň düwlen balasyny ynjytmaga dözmeýär. Ýowuz uruş belasyny, aýralygyň jebri-jepalaryny ýüreginden geçirip, gury sulba bolan goja Balkan düwleni awlamaga, ony özüniň ýüreginde söýgüli ýary Bertanyň hasratly aýralygyny ýyllar boýy göterip ýörkä, heý, «bu dünýäden gidenleriň düwlene öwrülýänini» bilip durka, şu janawarlaryň biriniň deňze gark bolan Bertasydygyna çyny bilen

ynanýan goja, heý, düwleni awlamaga dözermi?!

Ol öz obadaşlarynyň motorly gaýygyna ýükläp goýberen düwleniniň her deminde, adam kimin iňleýşinde, mäleýşinde hut Bertasyny görýärdi. Ýöne gojany geň galdyran esasy aýgyt onuň gaýygyny obadan bäri yzarlap, käte mäleşip, käte aglaýan ýaly sesler edip gelýän bir topbajyk düwlen sürüsidi. Olary görüp, goja Balkan bu bigünä janawarlaryň ynsabynyň, wepalylygynyň ynsanyňkydan hem artyklygyna guwanmak bilen, öz Bertasynyň öz päkligi bilen şu janawarlara goşulanyna juda begenýär. Şonuň üçinem kenara baryp, gaýykdaky düwleni aňyrda zar-zelil bolup garaşyp duran kowumlarynyň arasyna goşup goýberýär.

Ýazyjynyň bu liniýada açjak bolýan filosofiýasy umumadamzat filosofiýasy bolup, ol türkmen ýazyjylarynyň diňe arzuw edip biljek beýik açyşydyr.

Ýazyjy «Düwlen» romanynda ýokarda görlüp geçilen edebi-çeperçilik tärler bilen birlikde, deňiz gözelliklerini açmakda-da belli iňlis ýazyjysy Ernest Hemenguýeýiň Nobel baýragyna mynasyp bolan «Goja we deňiz» romanyndan hem has ýokary ötüp, beýik ussatlygyň täze gözýetimlerine çykýar. Ernest Hemenguýeýiň «Goja we deňiz» romanynda esasy gahryman ähli janly-jandary, yns-jynsy kereminde ytygsatman saklap oturan Ýaradan bolsa, Agageldi Allanazarowyň «Düwlen» romanynda baş gahryman dünýäni aýasynda saklap oturan Ynsap, päk Söýgi!

Bu ajaýyp roman, onuň dünýä çeperçilik hazynasyna goşan täzeçillikleri barada näçe gürrüň etse bolardy. Gowy zady näçe mazamlasaňam az. Ýöne şu ýerde ýekeje hakykaty nygtap, sözümi jemläýin. Bu ajaýyp türkmen romany Nobel baýragyna mynasyp bolan «Goja we deňziň» deňinde durup biljek, hatda, ondan hem ýokarrakdaky ajaýyp romandygyny, hakykatyň hatyrasyna, aýdalyň!..

***Öwezdurdy NEPESOW,***
***Türkmenistanyň halk ýazyjysy.***
***Filologiýa ylymlarynyň doktory, professor.***

# MAZMUNY

Sekizinji bölüm....................................................................4

Dokuzynjy bölüm.................................................................149

Onunjy bölüm......................................................................295

Dogan (nowella)...................................................................502

Ö.Nepesow. Hasratly günleriň agasy..........................................509

AGAGELDI ALLANAZAROW

# OJAK

(roman)
4-nji kitap

| | |
|---|---|
| Redaktor | G. Gulbaýew |
| Dizaýn | D. Seýitgulyýew |

Ýygnamaga berildi 16.05.2008
Çap etmäge rugsat edildi 12.09.2008
Ölçegi 60x80 1/16. Ofset kagyzy
Çap listi 33.

“Hatdat” HK. Magtymguly şaýoly, 192.A